TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

ÝAZYJY OGLY ALY

# SELJUK TÜRKMENLERINIŇ TARYHY

# I

يازجي اوغلي علي

# سلجوق نامه

Orta asyr türkmen dilinden
çapa taýýarlan
**Rahmanberdi Godarow**

AŞGABAT «MIRAS» 2004

**UOK950+957.54**
**Ýa11**

**Ýa11 Ýazyjy ogly A.**
Seljuk türkmenleriniň taryhy. I j., A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 — 512 s.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**W.M. Hramow, A.R. Bekiýew, A.A. Aşyrow**

**REDAKTOR**
**R. Geldiýew,** *dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty*

*Türkmen halkynyň medeniýeti, ylmy, taryhy, edebiýaty we dili sözüň doly manysynda Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda öwrenilip başlandy. Bu kitap hem Beýik Saparmyrat Türkmenbaşa ýörite sowgat berlen golýazma esasynda çapa taýýarlandy. Germaniýanyň patyşalyk kitaphanasynda (Berlin) saklanýan bu nusga XV asyr türkmen taryhçysy Ýazyjy ogly Alynyň öz eli bilen ýazan golýazmasy hasaplanýar. Ol diňe bir musulman gündogarynyň taryhyny däl, eýsem dünýä taryhyny öwrenmeklikde hem iň bir ygtybarly çeşmeleriň biridir. Şu mahala çenli ylmy jemgyýetçilige elýeterli bolmadyk we dolulygyna hiç ýerde neşir edilmedik bu eserde Oguz handan başlap Rum Seljuk soltanlaryna çenli döwrüň taryhy we syýasy wakalary yzygiderli beýan edilýär.*

*Eser osman-türkmen soltany Myrat II soltanlyk eden döwründe (1421-1451), has takygy 1423-1436-njy ýyllar aralygynda ýazylyp, munda oguz türkmenleriniň gelip çykyşy, däp-dessurlary, medeniýeti dogrusynda gyzykly we ähtibarly maglumatlar berilýär.*

**TMMMM №001**
**TDKP №37** **2004** **KBK63.3(5)**

© Ýazyjy ogly A., 2004 ý.
© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 ý.
© Godarow R., Çapa taýýarlama, 2004 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda neşir edilýär.***

***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşa sowgat berlen golýazma esasynda taýýarlanyldy.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany

dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, «***Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyk-***

***laryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr».*** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmaz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan ilkinji kitaby. Bu kitabyň siziň ata-babalaryňyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Saparmyrat Türkmenbaşy**
**Türkmenistanyň Prezidenti**

## *BAGYŞLAÝJY WE MÄHRIBAN ALLANYŇ ADY BILEN*

Mülkleriň eýesi, beýikligi beýgelmiş we bereketi hemmä ýetmiş Allatagala sansyz alkyş we çensiz-çäksiz öwgi we minnetdarlyk bolsun. Çünki Ol müňlerçe-müňlerçe adamy pynhan ýoklukdan barlyk sährasyna getirip, her biriniň perzentleriniň ýaýylmagy üçin olara älem etraplaryndan bir yklymy menzil we mekan etdi. Adam ata alaýhyssalama How enäni jübüt edip, «We besse minhümä rijälen kesiren we nisä»[1] aýatyna laýyklykda, ikisiniň neslini ýer ýüzüne ýaýdy.

Nuh alaýhyssalam öz ogullanlaryndan Ýafesiň zürýatlaryna Türküstan (Türkmenistan) yklymyny ýer-ýurt edip berdi. Olar ol ýerde köpelip, ondan çykyp, beýleki, yklymlara hem patyşa bolup, jeň we jyhat ederler.

Pygamberimiz Muhammet Mustapa alaýhyssalama sansyz salam bolsun! Çünki ol älem halaýygyny azaşmak we gümralyk sährasyndan halas edip, nadanlyk we körlük çölünden magryfet – bilim çeşmelerine gowuşdyrdy. Şeýle-de onuň maşgalasyna we ýaranlaryna-da, sahabalaryna-da sansyz salam bolsun!

Emma mundan soň bilmek gerek, älem yklymlaryndaky halaýyklar çomry (oturymly) we çarwa bolarlar. Hususanam haýsy welaýatda çemenlikler, çaýyrlar we otlar köp bolup,

[1] Gurhanyň 4-nji süresiniň 1-nji aýaty: «We ol ikisinden köp erkekleri we aýallary ýaýratdy».

oturymlylykdan daş bolsa, ol ýerde çarwalar ýaşaýarlar. Şeýlelikde, Eýran serhetlerinde oty köp, suwy az çöllük bolan, Arap mülki ýerleşýär. Munuň ýaly ýerlere, esasanam, oty köp iýip, suwy az içýän düýe mynasypdyr. Şol sebäpli araplaryň taýpalary we tireleri çenden-çakdan köpdür. Günbatardan Hind ummanynyň kenarlaryna çenli ähli sähralarda, düzlerde, derelerde, daglarda, jeňňeldir-tokaýlarda araplar ýaşaýarlar. Deşti Gypjak, Rus, Çerkes, Başgyrt, Talas, Saýram, Ibir Sibir, Pulat, Ankara sebti, Türküstan, Uýgurystan, Naýman taýpalaryna degişli bolan sebitler we dereler Gök Yrdyş, Garagurum, Balkan, Altaý daglary, Orhan suwy, Gyrgyz welaýaty, Kimjiýut, Mongolystan we Keraýyt taýpalary ady bilen tanalýan ýaýlakdyr-gyşlak ýerler Ötün (Ötüken), Küluran (Keliran), Talat Baljyýus, Burkan Kaldun, Gögenawur, Buýyr Nawur, Karkat, Künin, Erkine, Kylyr Selike, Burkujyn Tüküm, Kalaljyn Alt, Hytaý diwaryna birleşýän Ütkuh, şularyň ählisinde tamam olaryň kabylalary we türk taýpalary we tireleri ýaşaýardylar we häzirem öňküleri ýaly ýaşaýarlar. Olar tutuş Çyn, Hind, Keşmir, Eýran, Rum, Şam we Müsür welaýatlaryny kuwwat we hökmürowanlyk bilen basyp alyp, ol ýerlere pytrap, dünýäniň köp ýurtlaryny eýelediler we golastyna geçirdiler. Döwrüň geçmegi bilen ol taýpalardan köp tireler we uruglar bölündiler. Bu zamanda tutuşlygyna türkmen atlandyrylýan Oguz kowumy ýaly, her döwürde her taýpadan dürli uruglar peýda bolup, her biri bir sebäp bilen dürli at we lakama eýe boldular. Olar (oguzlar-türkmenler) gypjak, halaç, kaňly, garlyk we olara degişli beýleki taýpalara bölünýärler. Bu döwürde mongol diýlip atlandyrylýan kowumlar jelaýyr, tatar, oýrat, merkit we beýleki taýpalara, şeýle-de her haýsynyň özbaşdak patyşasy bar bolan, mongola meňzeýän käbir taýpalar keraýyt, naýman, onkut we şular kibi kabylalara, şonuň ýaly-da gadym zamanlardan bu döwre çenli Gongurat (Goňrat), Kurlas,

Engeras, Utlujkin, Urýankuft, Keletkut we beýleki atlar bilen meşhur bolan kowumlara bölünýärler. Olaryň ählisine derlekin[1] mongollary we nirun mongollary (bular has – sap mongollardyr) diýýärler. Gürrüň we hekaýatlary Gazan han (Oňa Allanyň rehmeti bolsun!) taryhynda getirilişi ýaly mongollaryň şekilleri, dilleri we şiweleri biri-birine ýakyndyr. Emma her ýeriň tebigatyna laýyklykda her taýpanyň keşbi, häsiýeti, gylygy we şiweleri biri-birinden tapawutlanýandyr.

Rowaýatçylaryň rowaýat edişine görä, Oguz kowumy Türküstanda ýaşaýarka keşpleri mongola meňzeş bolup, dilleri hem olara ýakyn bolupdyr. Haçanda Eýrana, Ruma we Şama gelenlerinde keşpleri täjik ýüz bolup, dilleri hem akgynly we nepis bolupdyr.

Elkyssa, indi bularyň nesilleri baradaky hekaýatlary danalarynyň we ygtybarly gürrüňçileriniň uýgur haty bilen Oguznamada ýazan rowaýaty esasynda, gysga görnüşde jikme-jik (bölümme-bölüm) beýan ediler. Bu usul we röwüşde beýan etmek, ýokarda beýan edilen zatlaryň berkidilmegine peýda eder.

## ÇARWA TÜRKI KOWUMLARYŇ ATLARYNYŇ GYSGAÇA SANAWY

Ählisi Diýb[2] Takuýyň[3] dört sany oglunyň nesillerinden ýaýrandyr. Ol bolsa Abulja hanyň ogludyr. Ol ony demirgazyk-gündogar we demirgazyk-günbatar taraplara iberipdi. Gara han,

---

[1] Derlekin – bu söz häzirki zaman türkmen dilinde «düýrlenen» görnüşinde saklanyp galyp, jemlenen, toplanan, ýygnanan manylaryny berýändir.

[2] Diýb sözi Salar Babada tagt we orun manysynda berilýär. Biziň pikirimizçe diýb sözi düýp, tör manysynda.

[3] Beýleki çeşmelerde Diýb Ýawguý (Beýgu) görnüşinde gelýär. Ýawgu (Beýgu) sözi Salar Babada döwlet, halk ýolbaşçysy diýlip görkezilýär. Şundan ugur alsak, Ýawgu sözi Beýgu, ýagny beýik diýlip okalsa, dogry bolsa gerek.

Or han, Gün han[1] we Kür han dagylar Garahanyň oglunyň hudaýparaz bolup, birnäçe kowumlaryň oňa birleşendigi sebäpli iki bölek boldular. Bularyň hemmesiniň düşündirişi «Oguznamada» beýan edilendir. Oguz bilen birleşen kişiler, hudaýparaz bolup, Taňryny bir bildiler. Oguza birleşmedikler we oňa uýmadyklar kapyr hasaplanyp, atlary mogul (mongol) boldy.

Gara hanyň ogly bolan Oguzyň şahasy onuň bilen birleşen birtopar egindeşlerinden we doganoglanlaryndan ybaratdyr.

Oguz şahasynyň beýany «Oguznamada» we «Jamyg et-tawaryhda» gelýär. Onuň alty ogly bardy. Olaryň her biriniň hem dört ogly bardy. Oguz goşunynyň sag we sol goluny aşakdaky görnüşde olara berdi.

SAG GOL

*GÜN HAN*: Gaýy (Gaýa), Baýat, Alkaöýli (Agöýli), Garaöýli.

*AÝ HAN*: Ýazyr, Düger (Düker), Dodurga, Ýaparly.

*ÝYLDYZ HAN*: Owşar (Awşar), Gyryk, Begdili, Garkyn.

SOL GOL

*GÖK HAN*: Baýyndyr, Beçene, Çawdyr (Çowdur), Çepni (Çapny).

*DAG HAN*: Salyr, Eýmir, Alaýuntly[2], Üregir.

*DEŇIZ HAN*: Igdir, Bükder (Büküder), Ýiwe, Kynyk.

---

[1] Käbir çeşmelerde Közhan, Lerhan görnüşinde hem gelýär.

[2] Alaýutly – Ala atly; Gadymy türkmen dilinde ata «ýunt» hem diýipdirler. Bu söz häzir «ýylky» diýlip, az-kem üýtgän görnüşinde aýdylýar.

Oguz bilen birleşen garyndaşlary we käbir doganoglanlary şulardan ybaratdyr: *Uýgur, Gankyly,*[1] *Gypjak, Garlyk, Kalaç*[2], *Agajeri*.

* * *

Oguz bilen birleşmedik onuň kakasynyň doganlary Or han we Kür hanyň, olaryň doganlarynyň we olaryň ogullarynyň hem-de kowumlarynyň şahalary. Bu kowumlar iki bölekden ybaratdyr. Olaryň biriniň asyl we şahalary gadymylyk jähtinden jikme-jik mälim däldir. Beýlekisi bolsa jikme-jik görnüşinde mälimdir.

* * *

Bu kowumlaryň ýaşan döwrüniň gadymylygy jähtinden,
Olaryň asly we şahalary jikme-jik mälim bolmaly.

* * *

## BIRINJI ŞAHA

Bu şaha bu zamanda mongol atlandyrylýan kowumlar baradadyr. Emma aslynda olar mongol däldir. Bu sözi olaryň döwründen soňra döredendirler. Bu taýpanyň her şahasyndan köp şahalar ýaýrap, aşakdaky görnüşde her biri bir ada eýe boldular.

*Jelaýyr, Sewnit, Tatar, Merkit,*
*Kürlüt, Tulas, Tumat, Bulgajyn,*
*Kermujin, Urasut, Tamgalyk, Turgut,*

---

[1] Gankyly – kaňly.
[2] Kalaç - halaç.

*Oýrat, Bürgüt, Gury, Telenkut,*
*Kestemi, Uýanka, Gorgan, Sakaýyt.*

## IKINJI ŞAHA

Ýakyn döwürlerde mongol adyny alan kowumlar: Bu kowumlar we taýpalar örän köpdür. Ol kowumlardan atlary mälim bolanlary aşakdakylardan ybaratdyr:

*Keraýyt, Naýman, Unkut, Tenkekut, Teňkut, Bekris, Gyrgyz.*

* * *

Şahalarynyň asly Erkine Kuna (Ergenekon) giden iki kişidendigi mälim bolan kowumlaryň ady mongol boldy. Olar köpelip we önüp-ösüp, olardan köp uruglar peýda boldy. Ýüzkeşbi taýyndan olara meňzeýän beýleki kowumlara bolsa, meňzetme esasynda mongol diýýärler. Bu at bilen atlandyrylmak şolaryň döwründen başlandy. Mongollar türki taýpalardan bir kowumdyrlar. Taňrynyň enaýaty bilen dört ýüz ýyla golaý döwürde olardan köp kowumlar we tireler peýda boldy. Olar köplügi bilen galan taýpalardan zyýadadylar. Olaryň şan-şöhratlary sebäpli galan taýpalar hem olaryň ady bilen atlandyryldy. Şeýlelikde, türkileriň köpüsine häzir mongol diýerler. Ondan öňki zamanlarda tatarlar üstündiler. Şol sebäpli olaryň baryna tatar diýerdiler. Heniz hem Arapda, Hindde we Hytaýda tatar şöhraty bardyr.

Bu asyl mongollar ýuwaş-ýuwaşdan iki şaha boldular. Wallahu aglam (Alla has bilijidir).

## BIRINJI ŞAHA

Erkine Kunda bolan asyl mongollardan peýda bolan hemde her biri bir at we lakama eýe bolup, ondan çykan şahalar:

*Teküz, Urýaňkut, Urlat, Kelenkut,*
*Tunjin, Ustin, Suldus, Ilduzkin,*
*Urtaut, Kuňkatan, Goňgorat, Ikiras,*
*Ulkunut, Turu Burlas, Iljikin, Kuňkelýut.*

## IKINJI ŞAHA

Dubun Baýanyň Alanguwa atly hatynyndan äri ölenden soňra dünýä gelen perzentlerinden köpelip, bölünip, taýpalara öwrülen kowumlar aşakdakylardyr. Ýokarda aýdylan Dubun Baýan asyl mongollardan bolup, Alanguwa hatynyň kowumyndandy. Bu taýpalar hem iki şaha bolup, birine Nirun, beýlekisine bolsa Herun diýerler.

## NIRUN

Bular on alty taýpadyrlar:

*Kynkyn, Saljiýut, Taljiýut, Hertikän,*
*Jins, Nunakyn, Durban, Baris,*
*Byrlas (Barlas), Hiderkin, Juryat, Budat,*
*Duklat, Bisut, Sükät, Kynkyňýat.*

Emma Timur beg Byrlas boýundandyr: Timur ibn Taragy ibn Birkül ibn Ilişkir ibn Eýjel Bahadyr ibn Garajar Noýan ibn Sugujijin ibn Irdemsi Byrlas ibn Kajuly Bahadyr ibn Numene

Han ibn Baýsunkur Han ibn Kaýdu Kagan Çingiz atalaryna çykar. Wallahu aglam (Alla has bilijidir).

## HERUN

Bulara kaýat diýerler we iki şahadyrlar.

## KAÝAT

Ýurkin Çiňşup - çep kaýat.

## KAÝAT

Burjykyn, ýagny ala gözli kaýat. Bularyň şahalary, ata tarapdan, Çingiz hanyň atasyndan gelip çykandyrlar. Çingiz han bu nesle degişlidir. Her biri bir at we lakama eye bolan türki taýpalaryň atlarynyň her biri öz ýerinde beýan edildi. Indi her kowumyň hekaýatyny we mälim bolan kowumlaryny beýan edeliň.

# OGUZ KOWUMLARYNYŇ TARYHY WE HEKAÝATLARY

Oguz kowumlary we ýigrimi dört sany boýy Oguzyň agtyklaryndan we onuň bilen birleşen käbir doganlarydyr doganoglanlaryndan dörediler. Olardan, (ýagny dogandyr doganoglanlaryndan) uýgur, gypjak, kaňky, garlyk we kalaç (halaç) peýda boldy. Bu olaryň danalary tarapyndan beýan edilendir. Özleri hem bu pikir bilen ylalaşýandyrlar. Şu esasda hem yslam taryhçylarynda-da şeýle beýan edilendir. Şeýle-de, Beni Ysraýylyň Töwrat kitabynda hem şeýle ýazylandyr:

Nuh pygamber alaýhyssalam ýer ýüzüni günortadan-demirgazyga çenli üç bölek edipdir. Birinji bölegini garalaryň atasy bolan ogly Hama; ikinji bölegini araplaryň, parslaryň, rumylaryň, ymranylaryň atasy bolan ogly Sama; üçünji bölegini bolsa, türkileriň atasy bolan ogly Ýafese beripdir. Ýafesi gündogara iberipdir. Türkiler we mongollar hem şeýle diýýärler. Emma türkiler Ýafese Abulja han diýýärler. Ýöne Abulja hanyň Nuhuň ogludygyny ýa-da agtyklaryndandygyny anyk bilmeýärler. Emma onuň Nuhuň neslindendigini we oňa ýakyn döwürde ýaşandygyny ykrar edýärler. Tamam mongollar, türki taýpalar we çarwalar onuň neslindendir. Ony şu görnüşde beýan edýärler: Abulja han çarwa we göçüp-gonup ýörerdi. Onuň ýaýlagy örän uly we beýik daglar bolan Or dag we Kür dag sebitlerindedi. Ol sebitlerde Ynanç atly bir şäher bolup, onuň gyşlagy şol sebitlerdedi. Ýursun, Kakyýan, Garagum - oňa Garagurum hem diýýärler - Talas şäheri, Garry Saýram dagy ol ýerleriň golaýyndady. Garry Saýram gadym we örän uly şäherdir diýýärler. Ony görenler: «Bir ujundan beýleki çetine çenli bir günlük ýol bolup, kyrk gapysy bar» diýýärler. Şeýle-de: «Bu döwürde musulman türkler onda ýaşaýarlar we olar Kaýduýa degişlidir» diýýärler. Olar

Goýunçy ulusyna we onuň oglanlarynyň oturýan ýerlerine ýakyndyr.

Abulja hanyň Diýb Takuý atly bir ogly bolup, onuň adynyň manysy «Döwlet, uly, derejeli» ýaly manylary aňladyp, ol ähli kowumuň ulusy we başy diýmekdir. Abulja han ölenden soň, ony atasynyň ýerine han etdiler. Ol şan-şöhrat we patyşalyk esbaby birle atasyndan artykdy.

Diýb Takuýyň *GARA HAN, OR HAN, GÜN HAN WE KÜR HAN* atly dört ogly bardy. Ähli kowumlary we taýpalary bilen kapyrdylar. Diýb Takuý han ölenden soň Gara han atasynyň ýerine han bolup tagta çykýar. Onuň bir ogly boldy. Üç gije-gündiz enesiniň emmesini almady we süýdüni emmedi. Enesi ol sebäpden aglap, ahy-nalalar çekerdi. Onda çaga: «Eý meniň enem! Eger Taňra sygynyp, Taňryny söýüjilerden bolsaň, seniň süýdüňi emerin» diýdi. Enesi «Eger Taňra sygynyp, ony äşgär etsem, oglum bilen meni heläk ederler» diýip, kapyr ärinden we tutuş kowumdaşlaryndan gorkusyna gizlinlikde köňlünde Taňra iman getirdi we ony bir bildi. Bütin yhlasy bilen Haktagalany söýdi. Ol oglanjyk enesini emmäge başlady. Bir ýaşa ýetdi. Ol örän päk we görklüdi. Kämillik we hak ýolunyň alamatlary alnynda öwşün atýardy. Atasy onda beýle alamatlary görende: «Biziň urugymyzdan beýle keşpli we beýle syratly ogul dünýä inmändi. Bu oglan özüniň deň-duşlarynyň we egindeşleriniň arasynda olardan uly we beýik bolar we kämillik mertebelerine ýeter» diýýärdi. Oňa at goýmak babatda kowumdaşlary bilen sözleşip, maslahat ederdi. Çaga bir ýaşanda dil açyp: «Meniň adyma Oguz goýuň» diýip sözledi. Ol ýerdäkiler bu ahwala örän haýran galdylar. Onuň sözüne görä - oňa ýol görkeziji belent we gudratly Allatagalady - oňa Oguz diýip at goýdular. Ulalyp, kämillik ýaşyna ýetende, atasy Gara han öz doganlarynyň gyzlaryndan örän owadan we

sahypjemal bolan Kür hanyň gyzyny oňa alyp berdi. Oguz gizlinlikde oňa:

— Eger Taňra sygynyp, Taňryny bir bilseň we Taňryny söýüjilerden bolsaň, menem seni söýerin we saňa ýakynlyk ederin - diýdi.

Ol gyz ör-gökden gelip, nesihatyny kabul etmän:

— Atāňa diýsem, seni heläk eder - diýdi.

Oguz şonuň üçin oňa üns bermedi. Ony söýmändigini görende atasy Gün han atly bir doganynyň gyzyny-da oňa alyp berdi. Ony Oguza alyp berenlerinden soň, Oguz ol gyza-da şol sözi aýtdy. Ol gyz hem kabul etmedi we Haktagala iman getirmedi. Oguz ony hem söýmedi we oňa golaýlaşmady. Gara han Oguzyň ol gyza hem meýliniň ýokdugyny, ol iki aýalyň hiç birine hem mähir bildirmeýändigini görende Or han atly doganynyň gyzyny Oguza alyp berýär. Emma heniz öýlenmänkä, Oguz şikardan gelýärkä, eşik ýuwmaga çykan kenizler bilen oýnap ýören Or hanyň gyzyny suw gyrasynda görýär. Oguz atyny suwa ýakyp, onuň ýanyna bardy we ýuwaşlyk bilen aýtdy:

— Bilýärmiň, doganoglanlarymyň gyzlaryndan ikisini aldym. Emma olary söýmeýärin we olar bilen söhbet etmeýärin. Sebäbi olardan Gök Taňrysyna iman getirmeklerini we ony söýüjilerden bolmaklaryny soradym. Olar meniň sözümi diňlemediler we müňkir boldular. Indi seni maňa nikalap bererler. Eger Taňrynyň birligini ykrar edip, oňa iman getirseň, Ony söýüjilerden bolsaň, seni alaryn we söýerin.

Ol gyz şeýle jogap berdi:

— Men Taňryny tanamazmen we bilmezmen. Emma seniň sözüňden çykmaryn we seniň buýrugyňa tabyn bolaryn.

Oguz aýtdy:

— Meniň göwün islegim hem şeýledi. Men saňa Taňra iman getirip, ony söýüjilerden bolmagyňy buýurýaryn.



**Oguzhan ogullary bilen**
*A.Muhammedowyň çeken suraty.*

Ol aýtdy:

— Seniň sözüňi kabul etdim.

Haktagala iman getirip, ony söýüjilerden bolandan soňra, Oguz ony aldy we söýdi. Şeýlelikde, Oguz diňe onuň bilen söhbet tutup, onuň gaşyna baryp, öňki aýallarynyň ýanyna barmaýardy. Oguzyň özi bir Taňra sygynýan, hudaýhon we doga-dilegli adam bolandan soň, kapyr atasy we doganoglanlary bilen kän bir garyşmak islemezdi. Çünki olaryň bary kapyrdy. Şonuň üçin hemişe olardan aýry gezmek isleýärdi. Olardan aýry awa giderdi. Hemişe Taňry adyny süýji araby söz bilen «Alla», «Alla» diýip ýat ederdi. Onuň näme diýýändigini we ol sözüň näme manysynyň bardygyny hiç kim bilmeýärdi. Ol hemişe hoş owaz bilen «Alla» diýerdi. Ol kowum bolsa, «hiňlenmek we güýmenje üçin aýdýar» diýip pikir edýärdiler. Ol söz Oguza endik bolupdy.

Bir gün Gara han gelinlerine toý edip, olara mähribanlyk edip, olardan sorady:

— Öňdäki iki gelin soňraky gelinden has görkli we owadan. Emma näme üçindir oglum soňraky gelni bulardan gowy görýär we onuň bilen söhbet edýär, bu iki gelne bolsa üns bermeýär?

Ol iki gelin ärinden närazy bolandyklary sebäbli pursat arap, bileleşip Oguzy ýamanlap diýdiler:

— Ol bir dine girip, Gök Taňrysyna iman getirip, ony söýüjilerden bolupdyr. Bizi hem şol dine girmäge çagyrdy. Biz ony inkär edip, oňa üns bermedik. Şol sebäpli onuň köňli biziň bilen bir bolmady. Soňraky gelin Taňra iman getirip, onuň bilen ylalaşdy. Şol sebäpli ony söýdi, bizi söýmedi.

Ol wagt Oguz nökerleri we bir topar ýaranlary bilen awa gidipdi. Gara han gardaşlaryny, doganoglanlaryny, kowumyny we beglerini jemläp aýtdy:

— Oglum Oguz ýaş wagty bir bagtyýar, geljegi gowy bolup görünerdi. Ondan meniň köňlüm örän hoşdy. Eşitdim, häzir arabozar bir ýowuz iş tutmuş, biziň dinimizden dönmüş. Ony diri goýmak bolmaz.

Olar bu sözi eşidip, hemmesi Oguzy öldürmäge birleşdiler. Oguzyň aýaly bu haldan habarly bolup, goňşularyndan bir ynanyşýan aýalyny Oguzyň ýanyna iberdi. Muny eşidip, Oguz hem söweş şaýyny tutup, urşa taýýar boldy. Ähli nökerlerine we dostlaryna habar edip öz ýanyna çagyrdy. Aw meýdanynda iki goşun bir-birine duşdy. Atasy doganoglanlary we kowumdaşlary Oguzyň kastyna çykdylar. Iki tarapdan saplar tartyp söweşe başladylar. Atasy Gara hana gylyç degip, ol ýaradan öldi. Oguz öz tarapdarlary bilen garşydaşlaryna garşy ýetmiş bäş ýyla golaý söweşdi. Her ýylda birküç gezek söweş bolýardy. Goşuny we illeri talaýardylar. Ahyrynda Oguz üstün gelip, Türküstan ýurtlaryny Talas we Saýramdan tä Buhara çenli eýeledi. Oguz bilen birleşmedik bir topar doganoglanlary, garyndaşlary we kowumdaşlary gündogar taraplara gidip, ol ýerlerde ýerleşdiler. Olaryň pikirlerine görä, ähli mongollar şolaryň nesillerindendirler. Ol döwürde olaryň ählisi kapyrdylar. Döwrüň geçmegi bilen olar hem uruglary bilen hudaýparaz boldular.

Oguz ol ýurtlary özüne tabyn edip, patyşa bolandan soň, bir altyn ukly beýik öý gurdurýar. Uly toý edip kowumdaşlaryna we beglerine serpaýlar berip halatlar ýapýar. Ähli hazynasyny olara paýlaýar.

Öz kowumdaşlaryndan we doganoglanlaryndan özüne birleşen bir topar halaýyga «Uýgur» diýip lakam goýdy. Onuň manysy şol döwrüň dilinde biri-biriňe birleşmek we medet bermek diýmekdir. Tamam uýgur kowumy şolaryň neslindendirler. Olar Oguza birleşip, onuň urugyna garyşypdyrlar.

Kowumlarynyň her birine bir at goýmaklygynyň sebäbi aşakda beýan ediler.

## UÝGUR

Bir Taňra sygynandygy üçin Oguz bilen atasynyň we doganlaryň arasynda gapma-garşylyk ýüze çykyp, söweş gidýän wagtynda käbir ugurlar we garyndaşlary Oguz bilen birleşip, onuň tarapyny tutdular. Oguz bilen birleşip, oňa medet beren topara Oguz Uýgur diýip at goýdy. Onuň manysy şol döwrüň türki dili bilen «goşulyşdy, medet we ýardam berdi» diýmekdir. Olar mydama Oguz bilen bolýardylar. Oguz gaýry ýurtlary almaga gidende, olara «şol ýerlerde oturyp, men gaýdyp gelýänçäm, bu ýurtlary gorap saklaň» diýip, Derbent şäheriniň sebitlerinden yzyna gaýtarýar. Tamam uýgur kowumlary olaryň nesilleridir.

## KANKYLY (KAŇLY)

Oguz atasy, doganoglanlary we garyndaşlary bilen söweş edýärkä, Oguz bilen birleşen kowum - garyndaşlary welaýatlara çozuşlar edýärdi we çapyp talaýardy. Bu kowumlar çapawullyk eden wagtynda talap alan oljalaryny ulaglaryna ýükleýärdirler. Köp kynçylyklar görýärdiler. Bularyň içinden bir bölegi kankyly (araba) oýlap tapdylar. Talan oljalaryny şol arabalara ýüklediler. Bu sebäbli ol kowuma kankyly at berdiler. Tamam kankyly (kaňly) taýpalary olaryň nesilleridir.

## GYPJAK

Oguz Itbarak kowumy bilen söweşip, ýeňlende bir adada galýar. Äri söweşde wepat bolan bir göwreli aýal bir içi çüýrük

uly agajyň köwegine girip, ogul dogurýar. Ol ýagdaýy Oguza habar edýärler. Oguz oňa rehim edip, «Bu aýalyň äri ýokdur. Goý oglanjyk meniň oglum bolsun» diýýär. Ol oglan Oguzyň ogly derejesinde bolýar. Oguz oňa «Gypjak» at berýär. Bu söz «gyýyk» sözünden gelip çykyp türki dilde içi boş agaç diýmekdir. Tamam gypjak taýpasy ol oglanyň neslindendir. On ýedi ýyldan soňra Oguz Itbarak hanyň kowumyny ýeňip, Eýran yklymyna gelýär. Ol ýurtlary dagy tabyn edip köp ýyllardan soňra öz welaýatyna dolanýar. Itbarak kowumy ýene-de ýagy bolmak isleýär diýip habar gelýär. Oguz olaryň ýagylygyndan aman bolar ýaly gypjak urugyny Itbarak bilen Naýman welaýatynyň arasynda ýaşamaga ugradýar. Ol zamandan bäri gypjak taýpalarynyň ýaýlaklary we gyşlaklary ol sebitlerdedir. Sähra olara ýer-ýurt bolup galypdyr.

## GARLYK

Şeýle rowaýat edýärler, bir gün Oguz Gur we Garjystan welaýatyndan öz gadym ýurduna dolanýar. Ýolda bir uly daga sataşýär. Ol ýerde güýçli gar ýagýar. Birküç öýli gar ýaganlygy sebäpli olardan yza galýar. Galmaly diýip hiç hili perman ýokdy. Oguz gaharlanyp, «Kişi gar ýagdygy üçin galmak nije olar» diýdi. Soň ol birküç öýlä «garluk» at goýdy, ýagny garlykda galan. Tamam garlyk kowumy olaryň nesilleridir.

## KALAÇ (HALAÇ)

Şeýle rowaýat edýärler, Oguz Yspyhany alyp, öz ýurduna dönýär. Ýolda bir aýal ogul dogurýar. Açlyk-suwsuzlyk sebäbinden nahardyr iýmit tapylmansoň, ol aýalyň süýdi kesilýär. Aýalyň äri iýmit gözläp yza galýar. Bir şagalyň bir sülgüni tutup barýandygyny görüp, taýak atyp sülgüni alyp

gelýär. Ony bişirip aýalyna iýdirýär. Aýalynyň göwsüne süýt inip oglanjygy doýurýar. Birküç günden soňra göçüň yzyndan ýetýär. Her hili sebäp bolsa-da goşundan galmaga hiç kimiň haky ýokdy. Oguz ondan ynjap, «Gal aç» diýýär. Bu söz olara at bolup galýar.

## AGAJERI

Bu at gadym döwürde ýok eken. Oguz kowumlary bilen bir ýurda gelende, olardan bir taýpanyň ornaşmaly ýeri tokaýly ýere gabat gelýär. Şonda olary «Agajeri», ýagny «agaç äri» («tokaý begi») diýip atlandyrýarlar. Şol tokaýyň töwereklerinde ýaşaýandyklary üçin mongol taýpalary olara «Hurmyn Erkan» ýagny «tokaý kowumy» diýip at berýärler.

* * *

Oguz bilen birleşip, oňa ýardam eden türkiler ýokarda beýan edilen taýpalardyr. Bu kowumlaryň hemmesini ilki başda uýgur diýip atlandyrypdyrlar. Ondan soňra birnäçe kowum ýokarda beýan edilişi ýaly, hersi bir sebäp bilen bir ada eýe bolupdyrlar. Uýgur ady bolsa olardan galanlaryna aýdylypdyr we şu at bilen meşhur bolupdyrlar.

Oguzyň ogullaryndan ýigrimi dört boý peýda bolýar. Ajamda, Arapda, Rumda we Şamda bar bolan tamam türkmenler olaryň nesillerindendir we bu ýigrimi dört boýuň oglanlaryndandyr.

Şeýlelikde, Oguz kowumlary öz welaýatlaryndan Mawerannahr we Eýran yklymlaryna gelen wagtlarynda, ol ýerlerde köpelip, täze nesiller dünýä inýärler. Bu ýerleriň suwuna we howasyna laýyklykda, olaryň keşpleri ýuwaş-ýuwaşdan täjik şekiline öwrülýär. Emma doly - arassa täjik

bolmandyklary üçin Täjik kowumy olara «türkman», ýagny türke meňzeş diýip at berdiler. Şonuň üçin bu at tutuş oguz taýpalaryna degişli edildi we şol at bilen meşhur boldular.

Ýarysy sag gola we ýarysy sol gola bölünen Oguz oglanlaryndan ýaýran ýigrimi dört boýuň her biri şu wagtlar hem özüniň haýsy tireden we taýpadandygyny, boýunyň we aslynyň kimdigini bilýärler. Onuň beýany şeýledir.

Oguzyň alty ogly bardy. Olaryň ady: *GÜN, AÝ, ÝYLDYZ, GÖK, DAG* we *DEŇIZ*.

Olaryň taryhlarynda we «Oguznamada» gelşine görä Oguz tamam Eýran, Turan, Şam, Müsür, Rum we gaýry welaýatlary tutdy. Ondan soňra öz asyl ýurdy bolan Or dagyna we Kür dagyna dolanýar. Gelip uly mejlis we üýşmeleň edip, altyn başly, altyn ukly bir öý gurduryp, bir uly toý tutýar. Aýdyşlaryna görä şol toýda dokuz ýüz gysrak, dokuz ýüz sygyr, togsan müň erek goýun soýupdyrlar. Tamam aýallaryny, oglanlaryny, beglerini, goşunbaşylaryny we belli kişileriniň baryny çagyryp, dürli aşlar bişirdipdir. Köp süýji we gymyz getirip, saçak ýazyp, iýdirip-içirip, hemmesini hoşlap, halatlar geýdirip, serpaýlar ýapdyrypdyr. Aýratynam özi bilen ýurtlary basyp almakda köp janypkeşlik edip, gylyç oýnadan alty ogluna zyýada mähribanlyklar edipdir. Birküç günden soň bu oglanlar hemmesi bilelikde awa gidýärler. Beýewanda bir altyn ýaý we üç altyn ok tapýarlar. Ony atasynyň ýanyna getirip, «muny nähili böleşeýli» diýýärler. Oguz ony alyp ýaýy döwüp üç uly ogluna berip: «Ýaý berilen bu üç uly oglumyň nesillerinden bolan kowumlara «Bozuk» diýsinler» diýýär. Manysy bölüp üleşmek diýmekdir. Çünki ýaýy üç bölüp üleşdirdi we goşunyň sag goly bu üç oglana degişli edildi. Ol üç oky üç kiçi ogluna berip, bu üç oglunyň nesillerine «Üç ok» at berdi we «Goşunyň sol goly bu üç oglana we nesillerine degişli bolsun» diýdi hem-de «Mundan soň olaryň nesillerine

bu lakam degişli bolsunlar we olaryň her biri goşunyň haýsy ýanynda durmalydygyny bilsinler» diýip buýruk berdi.

Soňra Oguz han ýene-de:

— Ýol-ýörelgä görä, sag goluň orny ulurakdyr, ýaý bolsa patyşa hökmündedir, şonuň üçin begligi, töreligi we patyşalygy sag gola berdim. Sol gol bolsa ilçilik we nökerlik derejesinde bolsunlar - diýýär.

Tamam sag we sol gol ýurtlaryny şu esasda oglanlaryna tabşyrýar. Soň bolsa buýurýar:

— Patyşalyk tagty we meniň ýerime han bolmak ýörelgesi bozuk kowumynyňkydyr. Menden soňra diri bolsa uly oglum Gün, bolmasa ikinji oglum Aý patyşa bolsun.

Oguz wepat bolandan soň, onuň wesýetine görä Gün han patyşa bolup, ýetmiş ýyl hökümdarlyk etdi. Atasynyň Ýaňykentlu Yrkyl Hoja atly bir maslahatçysy bardy. Ol Gün hanyň hem maslahatçysy (oruntutary) we weziridi. Ol bir gün Gün hana aýtdy:

— Oguz bir uly patyşady. Ol ýer ýüzüniň bar döwletlerini tutup, köp hazynalar, mallar jemläp, ählisini size goýdy. Allatagala size dagy mähribanlyk edip, dört-dörtden bagtyýar ogullar berdi. Bu oglanlaryňyz soňra mal-mülk diýip biri-birleri bilen duşmançylyk we dawa etmesinler. Menden maslahat alsaň Oguz wesýetiniň esasynda her biriniň derejesi, ýoly, töresi, ady we lakamy aýry-aýry belli edilsin. Her biriniň nyşany we tagmasy bolsun. Olar biri-birleri bilen uruş we dawa etmez ýaly her biri öz permanlaryny, hazynalaryny, ýylkydyr dowarlaryny şol nyşanlar bilen tagmalasynlar. Şeýle etseň her biriniň oglanlary, agtyklary we boýlary zaman geçdigi-çe öz adyny we lakamyny, ýoluny we töresini bilerler. Haçan-da, öz ýol-ýörelgesini bilseler döwletleri gaýym bolup dünýäde we ahyretde ýagşy at gazanarlar.

Gün han muňa örän begenip Ýaňykentli Yrkyl Hoja onuň tertibine meşgul boldy. Sag we sol gola bölünen goşunyň her birine täze at, nyşan we tagma belli etdi. Her boýa olaryň uýguny (oňony) bolar ýaly bir janaweri mahsus etdiler. Bu sözüň gelip çykyşy «uýnukdandyr». Bu bolsa, şol döwrüň türki dilinde «gutlulyk» diýmekdir. Şeýlelikde, «uýnuk (oň) bolsun» diýmek «gutly bolsun» diýmekdir. Her boýuň uýgunyna bir janaweri bellemek bilen, şol boýa ýagşy takdyr bolsun, mübäreklik bolsun, diýen niýet bilen belläpdirler. Olar öz uýguny edinen janawerlerini ynjytmaýarlar, we etini iýmeýärler. Olar bu zamana çenli şol däbi saklap gelendirler. Ol boýlar we kowumlar şu wagta çenli Oguz döwründe belli edilen öz uýgunyny (oňanyny) bilýärler. Her haçan saçak ýazylsa, toý we üýşmeleň edilse, nahar üleşdirilende, Oguzyň belläp gidişi ýaly, her kowum özüniň derejesini, atdyr dowarlaryň etiniň özüne degişli süýegini we paýyny alýarlar, biri-biri bilen dawa etmeýärler.

Şol ýigrimi dört boýuň atlary aslynda olaryň atlarydyr. Her boý we taýpa şol at bilen meşhur bolandyr. Her biriniň özüne degişli bolan tagmalary, oňany, et süýegi aşakda ýazylar.

## ÜÇÜSI BOZUK WE ÜÇÜSI ÜÇ OK ATLANDYRYLAN OGUZYŇ ALTY PERZENDINIŇ, ATLARY WE LAKAMLARY HEM-DE OLARYŇ TAGMA WE OŇAN EDILEN JANAWERLERI, BELLI EDILEN ET SÜÝEKLERI WE ENDAMLARY

Bu Ýaňykentlu Yrkyl Hoja tarapyndan belli edilip, oguz [ili] begenip doga etdi. Bu şol esasda beýan ediler.

## HANLAR HANY

Muňa kagan (han) diýýärler. Süýegi baş we uja.

## BOZUK

Kowumlary sag goldur.

## GÜN HAN

Oguzyň iň uly ogly bolup, [onuň dört sany ogly bolupdyr].
Birinji: Gaýy (Gaýa), ýagny mäkäm.

Tagma  Guş - şahyn (ak laçyn). Süýek - sag gary, ýagyrny.

Ikinji: Baýat, ýagny döwletli we nygmatly.

Tagma  Guş - şahyn. Süýek - sag gary, ýagyrny.

Üçünji: **A**lkaöýli (Agöýli), ýagny her ýerde ýörseler ylalaşyk we ýaraşyk ederler.

Tagma  Guş - şahyn. Süýek - sag gary, ýagyrny.

Dördünji: **G**araöýli, ýagny öýleri gara.

Tagma  Guş - şahyn. Süýek - sag gary, ýagyrny.

## AÝ HAN

Oguzyň ikinji ogly bolup, onuň dört sany ogly bolupdyr.
Birinji: Ýazyr, ýagny köp welaýat şonuňkydyr.

Tagma  Guş - bürgüt. Süýek - aşykly we omaça.

Ikinji: Düger (Düker), ýagny düýrülmek (ýygnanyşmak) üçin bir ýere gelerler.

Tagma  Guş - bürgüt. Süýek - aşykly we omaça.

Üçünji: Dodurga, ýagny mülk tutmak we ýasamak.

Tagma  Guş - bürgüt. Süýek - aşykly we omaça.

Dördünji: Ýaparly.

Tagma  Guş - bürgüt. Süýek aşkly we omaça.

## ÝYLDYZ HAN

Oguzyň üçünji ogly bolup, onuň dört sany ogly bolupdyr.

Birinji: Owşar (Awşar), ýagny çalasyn we awa höwesli.

Tagma  Guş - toşwançyl. Süýek - sag omaça we gapyrga.

Ikinji: Gyryk, ýagny gutly we permana yhlas ediji.

Tagma  Guş - toşwançyl. Süýek - sag omaça we gapyrga.

Üçünji: Begdili, ýagny begleriň sözleri ezizdir.

Tagma  Guş - toşwançyl. Süýek - sag omaça we gapyrga.

Dördünji: Garkyn, ýagny uly aş beriji we doýrujy.

Tagma  Guş - toşwançyl. Süýek - sag omaça we gapyrga.

## ÜÇ OK

Kowumlary sol goldur.

## GÖK HAN

Oguzyň dördünji ogly bolup, onuň dört ogly bolupdyr.

Birinji: Baýyndyr, ýagny hemişe baý we nygmatly.

Tagma  Guş - şunkar. Süýek - sol gary, ýagyrny.

Rowaýatda bularyň guşlary ýatgyndyr hem diýýärler.

Ikinji: Beçene, ýagny eý duruşyjy (gowy gatnaşyjy).

Tagma  Guş - şunkar. Süýek - sol gary, ýagyrny.

Üçünji: Çawnydyr (Çowdur), ýagny namysly we uzaklara ady ýaýraýjy.

Tagma  Guş - şunkar. Süýek - sol gary, ýagyrny.

Dördünji: Çepni (Çarpy), ýagny nirede ýagy görse, derrew söweşer we çapar.

Tagma  Guş - şunkar. Süýek - sol gary, ýagyrny.

## DAG HAN

Oguzyň bäşinji ogly bolup, onuň dört ogly bolupdyr.

Birinji: Salyr, ýagny sal, ur sözünden bolup, nirä barsaň gylyç we çokmagyň rowan bolsun diýmekdir.

Tagma  Guş - awçy guş. Süýek - uja bilen gapyrga.

Ikinji: Eýmir ýagny sansyz öýli we baý.

Tagma  Guş - awçy guş. Süýek - uja bilen gapyrga.

Üçünji: Alaýuntlu, ýagny gysraklary ala we eý atly.

Tagma  Guş - awçy guş. Süýek - uja bilen gapyrga.

Dördünji: Üregir, ýagny hemişe gowulyk we haýyr-yhsan ediji.

Tagma  Guş - awçy guş. Süýek - uja bilen gapyrga.

## DEŇIZ HAN

Oguzyň altynjy ogly bolup, onuň dört ogly bolupdyr.

Birinji: Igdir, ýagny eý, uly we batyr diýmek.

Tagma  Guş - çakyr. Süýek - aşykly we kyç (aýak).

Ikinji: Bükder (Büküder), ýagny hemmesine pes göwünlik (hormat) bilen gulluk we hyzmat eder.

Tagma  Guş - çakyr. Süýek - aşykly we kyç (aýak).

Üçünji: Ýiwe, ýagny mertebesi hemmesinden ýokary.

Tagma  Guş - çakyr. Süýek - aşykly we kyç (aýak).

Dördünji: Kynyk, ýagny her ýerde hemmesinden eziz.

Tagma  Guş - çakyr. Süýek - aşykly we kyç (aýak).

## OGUZYŇ WESÝET EDIP, TÖRE GURDUGY, AHLAGY WE HÄSIÝETI, MÜBÄREK DILINDEN ÇYKAN HEMDE ONUŇ AÝDAN TYMSALLARY WE HIKMETLI SÖZLERI

Oguz tamam Türküstan, Eýran we Turany tabyn edip, özüniň gadymy ata ýurduna baranda ähli ogullaryny we agtyklaryny illi-ilinden, boýly-boýundan getirip, bir uly toý tutdy. Hersine altyn-kümüş, bezelen halatlar, mertebelerine görä welaýatlar berdi. Soň aýtdy:

— Eý, meniň ogullarym we jigerbentlerim, diňläň, men garradym, ahyrýete göçmekligim ýakynlaşdy. Size berjek öwütlerimi we nesihatlarymy jan gulagy bilen eşidiň we yhlas bilen diňläp, ony özüňize bagt we döwlet saýyp, onuň bilen amal ediň. Oglanlaryňyza, perzentleriňize, boýuňyza we urugyňyza dagy meniň sözümi, öwütlerimi we nesihatlarymy ýetiriň. Olaram şol nesihatlara amal edip, döwür döndügiçe, dünýä durdugyça perzentlerine we nesillerine ýetirsinler. Eger uruglaryňyz we boýlaryňyz giňelip, bu öwütler bilen amal etseler, dünýä ýurtlaryna patyşa bolup, hiç bir duşman olardan üstün bolmazlar. Dinlerini üýtgedip, azmazlar. Hemişe din we dünýäleri abat bolar. Eger meniň öwütlerime we ýörelgelerime amal etmän başlasalar, onda, gürrüňsiz, biri-birlerine uýmazlar, onsoň duşman olardan üstün bolar. Her bir boý bir yklyma düşer. Täjik we oturymly halk bilen garyşarlar. Boýly-boýuny we süýegini unudarlar.

Soň ýekelikde alty ogluna we ýigrimi dört agtygyna aýtdy:

— Biriňiz bir ok beriň.

Ok berdiler. Eline alyp, döwdi. Iki ogluna aýtdy:

— Iki ok beriň.

Iki ok berdiler. Alyp döwdi. Üçüsinden üç ok sorady, alyp, dyzyna urup döwdi. Altysynyň her birinden bir ok alyp, dyzyna

urup, döwüp bilmedi. On ikisinden on iki ok alyp, biri-birine baglap, ellerine berdi we aýtdy:

— Neneňsi güýç we kuwwatyňyz bar bolsa, görkeziň, döwüp bilermisiňiz?

Diýdiler:

— Döwülmez.

Aýtdy:

— Şu tymsal esasynda biri-biriňize uýup, meniň wesýetime görä Gün oglum han bolsun. Onuň yzyndan ogly Gaýy han bolsun. Gaýy urugyndan han barka Baýat han bolmasyn. Ol diňe öz boýuna beg bolsun. Gaýy han bolsa, Baýat sag goluň begler begi bolar. Sol gol begler begi bolsa, Baýyndyrdyr. Şu tertipde aga barka ini agalyk etmesin, ýagny uly gardaş barka kiçi gardaş beg bolmasyn. Gaýy han on iki boý sag gola we on iki boý çep gola han bolar. Emma garawulbaşy we çogdawulbaşy (goşunyň yzky böleginiň begi) Kynykdyr.

Atasyndan soňra köp zaman Gaýy hanlar hany boldy. Şol delile görä arap we ajam soltanlarynyň jenaby, taňryparaz goşunlaryň serdary, kapyrlary we müşrükleri öldüriji, beýik patyşa, soltan ogly soltan, Osman nesliniň hormatlysy, soltan ogly soltan, patyşamyz Soltan Myrat ibn Muhammet han patyşalyga has mynasyp we laýykdyr. Oguzyň beýleki hanlarynyň urugyndan, şeýle-de Çingiz hanlarynyň urugyndan, hemmesinden asly we süýegi ulydyr. Şonuň üçin türk hanlary hem, tatar hanlary hem şerigata, adata we ýörelgä görä onuň gapysyna gelip, salam bermäge we hyzmat etmäge laýykdyr. Olary Allatagala baky we ömürlik etsin! Ahyrýete çenli pygamber we onuň nesli bilen birlikde jahany tutsunlar.

Pygamber alaýhyssalam zamanyna ýakyn döwürde baýat boýundan Gorkut ata döredi. Ol Oguz kowumynyň danasydy. Näme aýtsa bolardy, gaýypdan habar bererdi. Allatagala onuň köňlüne ylham ederdi. Aýtdy:

— Ahyrzamanda ýene hanlyk Gaýa gowşar. Hiç kim ellerinden alyp bilmez.

Şol diýdigi Osman (Allatagala oňa rehim etsin!) neslidir.

Oguzyň buýrugyna görä ähli halky üçe böldüler.

Akyldarlara, bilimlilere we hasapçylara mal we dowar jem etmek, harç etmek - girdeýji we çykdaýjyny hasaplamak, kethudalyk, wezirlik we ýazyjylyk berdi.

Batyrlara serkerdeligi berdi. Çakgan kişilere kement berip, at bakmaga gönderdi. Akmak kişileriň eline taýak berip, düýe, sygyr we goýun bakmaga gönderdi.

Aýtdy:

— Haçanda bir ýüzbaşy ýa-da ellibaşy ölende, yzynda ýarar ogly galmasa, onuň bölüminden kim at tanamakda, ata timar bermekde ussat bolsa, ýanynda gow, çakmak we beýleki zatlar tapylýan bolsa, galanlary ondan gorksalar ýa-da çekinseler, eýer-esbabyny we uýan çekisini düzedip we tikin bilse, ýaý atmagy we bejermegi başarsa, ony ol topara aga etmeli. Eger müň begi ýa-da tümen begi ölse, yzynda ýarar ogly galmasa, müňlük ýa-da tümen içinde kim batyr, tejribeli, goşun ýagdaýyny bilýän, söweşlerde synalan kişi bolsa, ony müň begi ýa-da tümen begi etmeli. Elmydama göçüp-gonsunlar, oturymly bolmasynlar. Ýazyn ýazlagda geçirip, giň ýaýlag ýerlerde ýörsünler. Güýzün güýzlek, gyşyn gyşlak we kenarýaka ýerlerde ýörseler, kynçylyk görmezler. Dowarlary arryklamaz, gymyz, süýt, gatyk egsik bolmaz. Aýşy-eşret köp bolar. Ondan soň eger bäş ýüz ýyl bolsun, müň ýyl bolsun ýa-da on müň ýyl bolsun tapawudy ýok, perzentler doglup, atalary ýerine geçenlerinde menden ýadygär galan düzgünleri we ýörelgeleri saklap, ýok etmeseler, Gökden olaryň döwletine medet geler. Daýym aýşy-eşret içinde bolarlar. Haktagala olara gowulyk eder, nygmatlar berer. Älem halky olara doga eder, ömürleri uzyn bolup, döwletli we nygmatly bolarlar.



**Oguzhan Türkmen**
*B.Owganowyň çeken suraty*

«Kim syýasatda ýagşy bolsa, hökümdarlygy dowamly bolar».

Ýene-de aýtdy:

— Mundan soňra ýene-de patyşalardan we hanlardan köp ogullar dünýä gelerler. Eger olaryň ýanlaryndaky ulular, begler, pälwanlar düzgüni-ýörelgäni berk tutmasalar, hanlyk we patyşalyk işi sarsyp, ýok bolar. Şonda Oguz hany arzuw ederler, emma ol bolmaz, ony tapmazlar.

Ýene-de aýtdy:

— Tümen begleri, müň begleri we ýüz begleri owal-ahyr geler-giderler. Emma Oguzyň öwüdini tutmasalar, goşunlara ýolbaşçylyk edip bilerlermi? Öz ýurtlarynda oturyp galanlar we öwüdi diňlemedikler, uly suwa gaçyp, çykmadyk ite ýa-da gür tokaýyň içine atylan oka meňzärler. Onuň ýaly kişiler ýolbaşçylyga ýaramazlar.

Merhum Gara Osman hem daýym bu öwüdi oglanlaryna aýdyp: «Hergiz oturymly bolmaweriň. Beglik - türkmenlik we ýörüklik edenlerde bolar» diýermiş.

Oguz ýene-de aýdypdyr:

— Her kim öz öýüni düzedip bilse, on başy bolmaga ýarar. Her kim on kişini başaryp bilse, elli kişini başarar. Her kim elli kişini başarsa, ýüz begi bolmaga ýarar. Her kim ýüz kişini başarsa, müň begi bolmaga ýarar. Her kim müň kişini başarsa, tümen begi bolmaga ýarar. Her kim bir tümeni başarsa, boý başy bolmaga ýarar. Boýa han bolan il we yklym patyşalygyna ýarar.

Ýene-de aýdypdyr:

Her kim öz öýüni päk tutup bilse, mülk we yklymy hem ogrudan we ýalançydan arassalap biler.

Ýene-de aýdypdyr:

— Her bir on başy öz öýüne buýrup bilmese, ony günäli hasaplap, aýaly we oglany bilen günäkär kylmak gerek. Hem-de onuň onlugyndan bir kişini on başy etmek gerek. Ýüz

başylara-da, müň begilere-de we tümen begilere-de ýokardaky ýaly etmek gerek. Goşundan daşarda bir kişi ýeňil günä etse, tümen begi müň begä, müň begi ýüz başa, ýüz başy elli başa, elli başy on başa buýrup, ol kişini tutup getirerler. Jezasy näme bolsa bererler. Ogry-haramynyň jezasy hem şu görnüşde ýerine ýetiriler, her kişi höküm edýän ýerinde görünse, oňa ony bildirerler.

Ýene-de aýdypdyr:

— Üç bilimdaryň ylalaşan sözüni, her ýerde diýmek bolar. Bolmasa oňa ynam etmek bolmaz. Öz sözüňi we gaýry kişiniň sözüni şol bilimdarlaryň sözüne barabar et (deňeşdir). Eger muwapyk bolsa, ony sözlemek bolar, bolmasa sözlemezlik gerekdir.

Ýene-de aýdypdyr:

— Her at semizlikde gowy çapsa, orta etli we arryk bolanda-da gowy çapyp bilse, ol ata ýagşy at diýmek bolar. Emma şu üç ýagdaýyň birinde gowy çapyp bilmese, ol ata ýagşy at diýmek bolmaz.

Ýene-de aýdypdyr:

— Ýolbaşçylyk (serkerdelik) edýän we tamam esgerleri bilen awa we söweşe gidýän uly begler öz a:tlaryny belli ederler. Mydama Haktagala haýry-doga kylyp, köňüllerini Oňa baglap, ýeňiş we gowulyk dilärler. Şonda gadym Taňrynyň kuwwaty bilen çar tarapy tutup biler. Goşuna gireniňizde ýaňy dogan göle kibi ümsüm boluň, söweş edeniňizde aw üstüne eňen aç bürgüt ýaly jeňe giriň.

Ýene-de aýdypdyr:

— Är kişi hemme ýerde özüni halka görkezer ýaly güneş däldir. Hatyn kişiniň äri awa we goşuna giden bolsa, ol öýüni tertipli we tämiz saklasa, eger ilçi ýa-da gaýry myhman öýe gelse, ähli zady tertipli-düzgünli ýerine ýetirse, gowy aş bişirip, myhmanyň egsik-kemine gözegçilik etse, gürrüňsiz äriniň ýagşy adyny belende çykarar. Özüniň hem ýagşy ady il içine

ýaýrar, oturylyşyk we mejlislerde ýagşy ady tutular. Ýagşy är ýagşy hatyndan bellidir, ýagşy är ýagşy hatyn kişiden mälim bolar. Eger hatyn ýaramaz bolup, öý işlerinden gowy baş çykarmaýan bolsa, äriň ýolsuzlygy we çäresizligi (zat başarmaýanlygy) ondan mälim bolar.

Ýene-de aýdypdyr:

— Bezirgenler zerli matalar, taňsyklar we bazar ýükleri bilen gelenlerinde köňülleri kuwwatly we umytly bolar. Goşun begleri hem şonuň ýaly öz esgerlerine ok atmagy, at segretmegi we göreş tutmagy gowy öwretmelidir. Olary bu işler bilen synarlar. Şeýlelik-de batyr we arslan ýürek alp ýigitler bezirgenleriň öz köňüllerine ynanşy ýaly öz hünärlerine köňülleri ynansa, gaýduwsyz bolarlar.

Ýene-de aýdypdyr:

— Biziň urugymyzdan biri karar edilen düzgüne bir gezek terslik etse, oňa dil bilen öwüt bermeli. Ikinji gezek terslik etse, ýeterlik mukdarda gorkuzmaly we temmi bermeli. Eger üçünji gezek etse, ony daş ýere - Hotan sebitlerindäki ýaşalmaýan, awçylaryň ýylda iki gezek barýan eýesiz çöllerine ibermeli. Birnäçe wagtdan soňra ýene yzyna getirmeli. Eger asyllanyp, akyllansa gowy, bolmasa zyndana taşlamaly. Ondan soň hem, akyllanmasa ähli aga-ini ýygnanşyp, gürleşerler. Onuň maslahatyny görüp, düzgüne salarlar.

Ýene-de aýdypdyr:

— Tümen begleri, müň begleri, ýüz begleri öz goşunyny, nökerlerini we ýoldaşlaryny taýynlap, gije-gündizdigine garamazdan, her wagt hököm bolsa, ugrar ýaly häzir bolup durmalydyr.

Ýene-de aýdypdyr:

— Patyşa gije Haktagala dergähinde dogada bolmalydyr. Gowulyk we keramat dilemelidir. Gündiz halka patyşa bolmalydyr.

Ýene-de aýdypdyr:

— Soňky patyşalar öňki ýaşap geçen patyşalaryň haýyrlaryny we ýagşylyklaryny ýok etmesinler. Şonda olaryň hem eden haýyrlary jahanda baky galar.

Ýene-de aýdypdyr:

— Patyşalaryň hemdemleri, söhbetdeşleri, ýaranlary we bile oturyp-turuşýan kişileri usully, akylly, görkli, belent asylly, abraýly, päk, namysly, hoş häsiýetli, şirin sözli, dünýäni gören, yklymy gezen, durmuş synaglaryndan geçen, ajyny-süýjini dadan kişiler bolmaly.

Ýene-de aýdypdyr:

— Patyşanyň kethudasy we weziri patyşanyň baýlygyndan onuň dinine has mähribanlyk edýän we raýata adalatsyzlygy rowa görmeýän kişi bolmalydyr.

Ýene-de aýdypdyr:

— Gulluk edýän we gullukdan galan gojalary we mätäçleri göreniňizde «her kim mätäçlere kömek etmegi başarmasa, ýolbaşçylyga ýaramaz» diýişleri ýaly ryzk bermek bilen kömek ediň.

Ýene-de aýdypdyr:

— Patyşalar öýsüzleriň we ýetimleriň atasydyr. Baý ata bilen ýoksul atanyň arasynda parh bolar ýaly, patyşa olara atalaryndan hem artyk hossarlyk etmelidir.

Ýene-de aýdypdyr:

— Il-ulus, ýurt tutmak uly işdir. Patyşa mydama aňly-düşünjeleri we her işden habardar bolmalydyr. Her wagtda Haktagala doga we mynajat edip, oňa amal edende onuň elinden, dilinden, galamyndan, gadamyndan il-ulusa, mülkdir memlekete, din we dünýä ýarar ýaly zatlar peýda bolsun.

Ýene-de aýdypdyr:

— Patyşa uly işleri, diwanhana işlerini, hünärment we tejribeli kişilere tabşyrmalydyr. Işi tejribesiz kişilere tabşyrmasyn, soňra puşman eder.

Ýene-de aýdypdyr:

— Hiç kim hyýanat, ogurlyk we haramlyk etmez ýaly haýyn we günäli kişileriň çäresini görmek gerekdir. Zorluk we zulum edijiler möwç almaz ýaly zorluk we zulum gören kişileriň dadyna ýetişmelidir. Çünki aýdypdyrlar: «ogry we haramyny dep etmeýän patyşa öz eli bilen il we kerweni urýandyr». Sebäbi patyşalaryň ilden görýän peýdadyr haýyrlary haçan-da, ýowuzlary iliň üstünden dep eden wagtlarynda halala öwrülýär. Bu söze delil we subutnama şudur.

## Hekaýat

Anuşirwan Adyl kapyr halynda wepat bolupdyr. Halaýykdan biri düýşünde Anuşirwanyň hoş-horram halda bir ajap ýerde oturandygyny görüp, sorapdyr:

— Bu derejä neneň ýetdiň?

Aýtdy:

— Günäkärlere rehim-şepagat etmedim. Günäsizleri ynjytmadym.

Oguz ýene-de aýdypdyr:

— Eger kimdir biri beýleki bir kişiden haýyr we ýagşylyk görse, özüni onuň öňünde borçly duýup, oňa hormat goýup, ýagşylyk we yhsan edip başarsa, onuň hakyny ýerine ýetirse, şol adamkärçilikdir we kişilikdir (mertlikdir). Hakykatda patyşalaryň döwleti we hormaty goşun, il we ýurt bilendir. Eger goşun, il we raýat bolmasa, patyşalyk mümkin däldir. Şonuň üçin goşunyň, iliň we raýatyň gadryny bilmän, olary hoş tutup, mähremlik etmese, örän naýynsaplyk bolar.

Ýene-de aýdypdyr:

— Ýowuzlaryň gulagyn burup, temmi berip, soň ýene-de eline güýç bermek, gurdy tutup, ant içirip, goýun ynanylyşyna meňzär. Ogrulara, haramlara we şerçilere ynanmak bolmaz. Betkärligi mälim bolan kişini kowup ilden çykarmakdan ony

öldürmek ýegräkdir, ýagny ýylany ýa-da içýany öz öýüňden alyp, goňşy öýüne kowmak gowy däldir.

Ýene-de aýdypdyr:

— Patyşa gaharlanýan we gazaplanýan wagtynda gyssanmaçlyk etmeli däldir. Sebäbi dirini öldürip bolar, emma ölüni direldip bolmaz, döwügi bitin edip bolmaz, bitini syndyryp bolar.

Ýene-de aýdypdyr:

— Wepat bolan kişileriň malyny, dowaryny eýesiz ýetimlere bererler. Patyşalaryň hümmetli we döwletli elleriniň onuň kibi mala bulaşmagy laýyk däldir. Geldi-geçer dünýäde ýagşy atdan gaýry zat baky galmaz.

Ýene-de aýdypdyr:

— Ylalaşyk we ýaraşyk eden duşmanlary dargatmak bolmaz. Tersine olardan birnäçesini dost ederler, getirerler.

Ýene-de aýdypdyr:

— Adyllyk etmeýän patyşa dary ýa-da arpa ekip, bugdaý umyt edýän (isleýän) ekinçä meňzär.

Ýene-de aýdypdyr:

— Ejiz we güýçsüz bendeleri gaty ynjytmazlar we azar bermezler. Sebäbi garynjalar agzybirlik bilen gaplaňy ýa-da arslany ejizledip we güýçden gaçyryp bilerler. Köp çybyndyr süri siňekler pili ejizledip bilerler.

Ýene-de aýdypdyr:

— Nahar we tagam giç, ýagny işdä açylandan soň iýiler. Sözi we jümläni bir zerurlyk ýüze çykan wagtynda aýdarlar. Uky gaty gelen wagty, diňe şonda ýatylar. Jynsy gatnaşygy şowk we hyjuwyň möwjän wagty ederler. Şonda çaga galsa, daýaw we kuwwatly bolar. Han we begler tagam we saçak ýaýanlarynda her begiň öňündäki artan tagamy, hiç kim mahrum we ät galmaz ýaly, aýak üstünde duran nökerlerine bermeli.

Şeýlelikde, ýokarda aýdylan oýmaklar we boýlar beýan edilen resme[1] görä hemmesi Taňryny bir bilijilerdiler. Muhammet Mustapa alaýhyssalamyň pygamberligi döwründe olaryň yslam sapynda bolmagy Taňrytagalanyň islegidi. Olaryň hemmesi musulman boldular. Pygamberi görmezden iman getirdiler. Pygamber alaýhyssalam Selman Parsyny olara gönderdi. Ol baryp, olara iman we yslam sütünlerini öwretdi. Oguz we onuň nesillerinden, kowumlaryndan köp müddetler we ýyllar köp kişiler patyşalyk etdiler. Her döwürde bu ýigrimi dört boýuň hanlarynyň nesillerinden bir uly we kuwwatly patyşa ýüze çykyp, kän müddetler patyşalyk olaryň neberesinde galmyşdyr. Şonuň ýaly-da niçe wagtlar Salyr nesli şalyk we patyşalyk edendir. Ol boý ähli boýlardan güýçli we üstündi. Sebäbi Oguz içinde sag gol hanlary urugyndan hanlyk eder ýaly hiç kim tapylmandy. Onsoň begler, ulular we kethudalar gurultaý we ýygnak edip, geňeşip, töre soraşdylar we maslahat etdiler. Salyr boýynyň hany batyr we akyldardy. Şeýle-de bularyň süýegi we paýy we müçeleri hanlar hanyna degişli bolan ujadyr. Şol sebäpli aga-ini salyr taýpasynyň hanyny han saýladylar. Köp zaman türke we täjige hökümdar boldular. Bularyň döwründen soň köp wagt geçenden soň Türküstan yklymlarynda hanlyk edýän kişileriň neberesinden kynyk urugyndan Lukman han boldy. Ol batyr, dana we ukyplydy. Ýygnanşyk we maslahat etdiler, töre soraşdylar. Aýtdylar:

— Bularyň guşy çakyr bolup, guşlaryň iň uçgury we batyrydyr. Salyr sol goldan we ähli boýlardan soňra aýdylsalar-da, Oguz olary derejeläp, bulara çakyry belledi. Ene tarapdan dagy bular türk iliniň gadym patyşasy bolan Afrasyýap neslindendir. Şeýle-de garawul begi we goşunyň yzky

[1] Ýol – ýörelge.

toparynyň begi hem kynykdyr. Garawullyk we yzky topar begi bolmak uly işdir.

Aga-ini agzybirlik bilen Lukmany türk iline han etdiler. Oguzyň beýik patyşalary Eýran, Turan, Müsür, Şam, Rum, Hytaý gapysyndan tä Magryp we Pereňistan deňzi kenaryna çenli bäş ýüz ýyllap höküm etdiler.

Lukman han wepat bolandan soň ogly Seljuk han boldy. Seljuk dagy wepat bolandan soň ogly Ysraýyl han boldy.

## SELJUK NEBERESINIŇ SOLTANLARYNYŇ BEÝANY

Bular sansyz-sajaksyz leşgerdiler we çensiz-çaksyz taýpadylar. Bularyň içinde Oguzyň her boýundan, sag gol begleri: gaýy, baýat; sol gol begleri: baýyndyr, bijene (beçene), çawnydyr, şeýle-de bulara goşulşan beýleki boýlar bardy. Olaryň köp mallary, sürüleri, nygmat we şöwketleri bardy. Mydama agzybirdiler. Olar dindar we akylly kişilerdi. Beýtullaha hyzmat ederdiler. Uly alymlar bilen gatnaşyk saklardylar. Ol zamanda Türküstanda türk we mongol örän köp bolup, Türküstanyň sähralary, ýaýlak we gyşlaklary adam we mal-gara bilen doludy. Bular köplüginden we otlag ýerleriniň darlygyndan Türküstany goýup, Mawerannahra geldiler. Gyşyny Buharada we Surda (Nurda) gyşlardylar. Ýazyny bolsa saparda[1] we Samarkantda ýazlardylar. Bularyň ululאryna Seljuk ibn Lukman ibn Dakak[2] diýerdiler. Onuň dört ogly bardy. Ulusy Ysraýyl bolup, Soltan Keý Hysrowyň sekizinji arkasydy. Ähli oglanlaryndan akyllydy we ýitidi. Beýleki oglanlarynyň ady Mikaýyl, Ýunus, Musry beýgudy (ýabgudy).

[1] Asyl nusgada «saparda» diýlip berlipdir, Bu ýerde gyşlag ýerlerinden tä Samarkanda gelýänçä ýol ugra düşläp ýaýlalarda ýaýlap gezendigi göz öňünde tutulýar.

[2] Asyl nusgada «Dakak» görnüşinde berlipdir. Emma köp çeşmelerde «Dukak» we «Tukak» görnüşinde hem berilýär.



**Seljuk beg Türkmen**
*B.Owganowyň çeken suraty*

Soltan Mahmyt ibn Söbüktegin Eýlik han[1] bilen ylalaşyk etdiler. Soltan Mahmyt Jeýhun kenaryna gelip bir-biri bilen duşuşdylar we ähdi-peýman etdiler. Her biriniň ýurdy we serhedi belli edildi. Eýlik han Soltan Mahmyda aýtdy:

— Bir jemagat birnäçe ýyldan bäri sansyz leşger bilen Türküstandan biziň ýurdumyza gelip, Buharanyň we Samarkandyň otlaglaryna düşmüşler. Ýolbaşçylaryna Seljuk ibn Lukman diýerler. Onuň dört ogly bar. Her biriniň sürüsi, ýaragy we leşgeri bardyr. Olardan rahat we arkaýyn bolmak bolmaz. Şonuň üçin sen Hindistan tarapyndan bir iş düşüp, ol ýere ugrasaň, bular birle ylalaşyk edip, bulardan ýardam soramak wajypdyr.

Bu söz Soltan Mahmyda örän täsir edip, olaryň çäresine meşgul boldy. Bir söze çeper suhangöý kişini olara ilçilige gönderip, aýtdy:

— Berekella siziň aklyňyza we parasadyňyza. Näçe wagtdan bäri biziň bilen goňşuçylykda ýaşap, bizden hiç bir zat dileg we haýyş etmediňiz. Biziň hut siziň bilen dostluk etmäge meýlimiz bar. Biri-birimiziň ýardamymyza mätäçdiris. Eger siziň hemme gardaşlaryňyzyň gelmäge mümkinçiligi bolmasa, biriňizi saýlaň, bir topar bolup gelsin. Jeýhun kenarynda olar birle duşuşalyň, söhbet edeliň we ähdi-peýman baglaşalyň.

Olar bu sözi eşidip, musulmandyklary we akgöwündikleri sebäpli öz ýolbaşçylary Ysraýyly saýlap, goşun birle iberdiler. Soltan Mahmyt eşidip, derhal «häzir leşgere mätäçligimiz ýokdur. Maksadymyz özleri bilen duşuşmakdyr. Ol leşgeri onda goýup, ýaranlaryňyz bilen geliň» diýip, bulara garşy adam iberdi. Olar aýdylyşy ýaly bolup geldiler. Ysraýyl gelende Soltan Mahmyt oňa hezzet-hormat edip, öz ýanyna -

---

[1] Köp çeşmelerde Ilik ýa-da Ilek ýa-da Elek han görnüşinde gelýär. Emma aslynda Eýlik han, ýagny gowy han manysynda bolmalydyr.

tagta geçirdi. Hoş görüp, hal-ahwal soraşdylar. Soltan Mahmyt söz arasynda aýtdy:

— Bize Hindistanyň müşrüklerine garşy uruş etmäge köp goşun gerek. Eger bu ýerdäki goşuny alyp, biziň bilen Hindistana gitseňiz, Horasan ýurdy togtap galar. Siziň bilen äht edip, her wagt bir tarapdan duşman peýda bolsa ýa pitne gopsa, sizden ýardam bolar we bize leşger berersiňiz diýip umyt edýärin.

Ysraýyl jogap berdi:

— Bizde ikilik ýokdur. Herne buýursaňyz biz durarys.

Soltan Mahmyt aýtdy:

— Bir hajat düşen wagty nähili nyşan bilen bize medet ýetişer, ne gadar kişi geler?

Ysraýylyň bilinde üç oky, elinde ýaýy bardy. Ol bir ok çykaryp, Soltanyň öňünde goýdy we aýtdy:

— Muny biziň boýumyza gönderseňiz, size ýüz müň atly ýetişer.

Soltan aýtdy:

— Eger ýeterlik bolmasa?

Ýene-de bir ok çykaryp:

— Biziň Türküstandaky (Türkmenistandaky) ýaýlamyz bolan Balkan dagyna gönderseňiz, size ýüz elli müň atly ýetişer - diýdi.

Soltan aýtdy:

— Eger ol-da ýeterlik bolmasa?

Ysraýyl ýaýy öňünde goýdy we aýtdy:

— Muny Türküstana gönderseňiz, size iki ýüz müň diýseňizem, leşger ýetişer.

Bu söz Soltan Mahmydyň köňlüni howatyrlandyrdy. Mekirdir hilä başlady. Tagam we şerap getirtdi. Üç gije-gündiz bulara toý eýledi. Ysraýyla, serkerdelerine, tirebaşylaryna we adamlaryna agyr halatlar geýdirdi. Ondan soňra soltanyň buýrugyna görä bu gelen jemagatyň her birini bir beg myhman

aldy. Agyr şeraplar berdiler. Serhoş bolan wagtlarynda hemmesini gandalladylar. Soltan Mahmyt hem Ysraýyly tutup, gandallap, hut şol gije Hindistana Kälinjer galasyna gönderdi. Haçanda Ysraýyl ukudan oýananda, özüni bagly görüp, mejburlykdan Hakyň takdyryna boýun boldy.

Bu tutulan leşgerleriň hersini bir gala gönderdiler. Ysraýyl ýedi ýyl Kälinjer galasynda tussag ýatdy. Onuň leşgerinden iki türkmen gelip, «bir mümkinçilik bolsa, Ysraýyly ogurlarys» diýen niýet bilen bu galada niçe ýyl gözegçilik edip, suw daşadylar. Ahyry pursat bolup, Ysraýyly alyp çykdylar. Ýolda birden bir tokaýly we jeňňelli ýere ýetip, azaşyp, ertire çenli galdylar. Ýarym gije bu galanyň begi köp leşger bilen gelip ýetişdi. Ysraýyl muny görüp, özünden umyt üzüp, bu türkmenlere aýtdy:

— Meniň gardaşlaryma salam aýdyň. Indi olar patyşalyk talabyna düşsünler. Eger on nobat dagy ýeňilseler-de, ýene-de hereket etsinler. Mahmydyň patyşalyk asly ýokdur, hem gul ogludyr hem gulamdyr, biwepadyr we hilegärdir. Munda patyşalyk karar tapmaz. Elbetde mundan şalyk geçse gerek.

Ysraýyly tutup ýene gala eltdiler we öňküden hem beter mäkämlediler. Ahyr ol ýerde wepat boldy.

### Beýt

Ölümden kim ola ki bile nejat[1],
Çün oldy jahan menzili hadysat[2].

Kişi ger pakyr ola ýa patyşah,
Ýeri akybet ola häki syýah[3].

---

[1] Nejat - halas.
[2] Hadysat - wakalar, hadysalar.
[3] Häki syýah - gara toprak.

Hünärment olursa ýa bihünär,
Ölümden haçan gutula serbe-ser[1].

Kimsäniň öldügine olma şat,
Ki bu çarh kimsäýe bermez myrat.

Kany äli Seljuk[2]-u sasanylar,
Kany deýlemiler-u samanylar.

Dem-ä dem ajal jamyny içdiler,
Peýa-peý[3] adem[4] mülküne göçdüler.

Jahan bulary şeýle kyldy nehan[5],
Ki bilmez kimsine[6] bulardan nyşan.

Meger şol ki hoş adly-ýu dady[7] bar,
Tawaryh[8] içinde onuň ady bar.

Jahanyň çü nedigi düşündirer,
Muňa akyl aldansa güdündirer[9].

Kişi ahyretden degildir yrak,
Gerek her dem ede onuň çün ýarag.

---

[1] Serbe-ser - başdan-aýak.
[2] Äli Seljuk – Seljuk nesli, Seljuk neberesi.
[3] Peýa-peý - yzly-yzyna.
[4] Adem - ýokluk.
[5] Nehan - pynhan, gizlin.
[6] Kimsine - hiç kim.
[7] Adly-ýu dad - adyllyk, adalatlylyk.
[8] Tawaryh - taryhlar.
[9] Güdünmek – büdremek, çolaşmak.

Çü mejmug[1] halka baka[2] ondadyr,
Kamu[3] etdigine jeza ondadyr.

Duruş ki ola jennetde janyň mukym,
Ne gam jisim olursa yzam[4] remim[5].

Nete kim rowan salatyny[6] Rum,
Ki älemde wazg etdiler[7] hoş rusum[8].

Gaza-ýu jyhäd idi olara kär,
Onuň çün kylarlar jahanda karar.

Halaf[9] oldy olara soltan Myrat,
Dahy artyk eder olardan jyhäd.

Dogalar kylar jümle ruhanylar,
Ki daýym tuta döwür osmanylar.

Ysraýylyň ogly Gutlumyş[10] keşbini özgerdip, bu galanyň daşynda ýörerdi. Atasynyň wepaty habaryny eşidip, Hindistandan çöl ýoly bilen Sistana geldi. Ol ýerden Buhara gelip, doganoglanlaryna we daýylaryna habar berdi. Bular hut patyşalyk talabynda pursat isläp, gozgalaň etmäge bahana

---

[1] Mejmug - ähli.
[2] Baka - bakylyk.
[3] Kamu - hemme.
[4] Yzam - süňk.
[5] Remim - çüýrän.
[6] Salatyn - soltanlar.
[7] Wazg etdiler - goýdular.
[8] Rusum - resimler.
[9] Halaf - mirasdar, ýerine geçen.
[10] Gutlumyş – bu at beýleki çeşmelerde Gutulmyş görnüşinde berilýär. Bu at gutly – bagtly diýen sözünden emele gelendir.

gözleýärdiler. Bu habary eşidip, Soltan Mahmyda «Bize bu ýer dar bolýar we dowarlarymyza ýeterlik däl. Bize Jeýhuny geçip, Nusaý bilen Bawerdiň arasynda ýer tutmaga rugsat bersin» diýip, adam iberdi.

Tusuň häkimi Arslan Jazyp Soltana aýtdy:

— Olaryň Horasana geçmegine ýol bermegiňiz dogry däldir. Çünki olaryň sürüleri, goşuny we ýaraglary bar. Birden bir erbetlik ederler.

Soltan üns bermedi. Dessur berdi. Olar geçdiler. Emma Soltan dirikä hiç hili hereket etmediler. Soltan wepat bolandan soň, dört ýüz on sekizinji ýylyň içinde ululary Çagry beg Abu Süleýman Dawut we Abu Talyp Togrul beg Muhammet bolan Mikaýylyň dört ogly[1] baş galdyryp, leşger çekdiler. Nişapuryň häkimine ol ýerde ýurt tutan Ibn Mugtazyň sürüsini talap edip, habar iberdiler. Ol häkim Soltan Mahmydyň ogly Soltan Mesguda hat gönderip, seljuklaryň baş göterenligini habar berdi. Soltan Mahmyt Jürjandady. Leşgeri Mazendaran saparyndan gaty gowşap, ýaraglary ýagmyrdan poslapdy, atlary gök ot iýmändi. Şeýle-de özüniň hem barmaga mejaly ýokdy. Onsoň goşun begini ygtyýar edip, belläp, köp goşun bilen olaryň garşysyna gönderdi. Bu leşgerler çalt bardylar. Seljuklar heniz gapyldylar, ýaraglary ýokdy. Leşgerler bulary talamaga başladylar. Seljuklar gaýrat edip, olary yzyna serpikdirdiler. Aralarynda köp söweş-jeň boldy. Ahyry Mesgudyň leşgeri syndy. Ryswa bolup, gaçdylar. Seljuklar ýüz gezek ýüz müň dinarlyk gymmatbaha zatlaryny, ýaraglaryny we dowarlaryny aldylar. Tötänden Soltan Mesguda dagy Hindistan tarapdan bir iş peýda bolup, seljuklar bilen söweş kylarlyk ýagdaýy galmady. Mejburlykdan bular bilen ýaraşyk edip, Hindistana gitdi.

---

[1] Bu ýerde «Mikaýylyň dört ogly baş galdyryp, leşger çekdiler» diýse-de, diňe iki uly oglunyň, ýagny Çagry beg Abu Süleýman Dawudyň hem-de Abu Talyp Togrul beg Muhammediň adyny tutýar, beýleki iki kiçi oglunyň adyny tutmaýar.

Günbe-günden seljuklaryň döwleti zyýada bolup, kuwwat tutdy. Patyşalyk alamaty bularyň ahwallarynda peýda bolýardy. Ykbal şöhlesi bularyň alnynda lowurdaýardy.

Soltan Mesgut Hindistandan dolanyp, Gazna geldi. Seljuklaryň dabarasy we hereketi oňa baryp ýetdi. Onsoň Horasanyň emirine «Baryp, seljuklar bilen garpyşyp, olary pytrat» diýip, habar iberdi. Horasan begi «Men we meniň buýrugym olary ýok ederden ejiz, olar ondan kuwwatlydyr» diýip, jogap berdi.

Soltan aýtdy:

— Meniň bir möhüm işim bar. Munuň kibi bahana etme. Elbetde bararsyň.

Onsoň Horasan emiri çäresiz bolup, leşger jem edip, bardy. Ol hem ýeňlişe sezewar boldy. Seljuklar tamam gaýratlandylar we beýgeldiler. Türkmenleriň sag we sol gol boýlary mallaryndan bir toparyny Türküstanda, bir toparyny Mawerannahrda goýup, tejribeli goşuny bilen Horasana ugradylar. Togrul beg Nişapura gelip, Soltan Mesgudyň tagtynda oturdy we halaýyga asudalygy jar etdirdi.

## BEÝIK SOLTAN ABUTALYP TOGRUL BEGIŇ BEÝANY

Abutalyp Muhammet ibn Mikaýyl ibn Seljuk dört ýüz ýigrimi dördünji ýylda soltanlyk tagtyna geçip, patyşalygyň öwgüli dessuryn öňe tutup, jahandarlyk däbini we resimlerini ýerine ýetirip başlady. Wezir, maslahatçy, hajyp we kätip tutundy. Wezirleri: Abulkasym Güýäni, Ahmet Dehistany, Amydyl Melik Abu Nasyr Kender. Hajyby – Abdyrahman Agajy. Ýigrimi alty ýyl patyşalyk etdi.

Allatagala bir guluna ebedilik bagtyýarlygy bermek islese, oňa dünýäde we ahyretde haýyrly we gowy ýerleri bagyş eder, şerigat işlerini ýokary götermäge hyjuwly kylar, haýyr-yhsan-



**Muhammet Togrul beg Türkmen**
*A.Muhammedowyň çeken suraty*

lar we ýagşy işler etmäge meşgullandyrar. Şunuň ýaly ýagdaýy seljuk neberesiniň soltanlaryna hem miýesser edipdi. Yslam şäherlerinde näçe uly şäher bar bolsa, hemmesinde bularyň haýyr-yhsanlary, ymaratlary we medreseleri bardy.

Soltan Togrul beg Hemedana geldi. Welilerden üç pir bardy. Olar Hemedanyň ýanynda Hyzyr atly bir dagjagaz bardy, olar şonda oturýardylar. Olara Baba Tahyr, Baba Jagfar, Şyh Hymşa diýerdiler. Soltan bulary eşidip, leşgeri goýup, pyýadalap wezir Abu Nasyr bilen olaryň ýanyna geldi we ellerini öpdi.

Baba Tahyr az-kem perişan ýagdaýdady. Soltana aýtdy:

— Eý, türk (türkmen), bu Allatagala halkyny näme edersiň?

Soltan aýtdy:

— Sen näme diýseň şeýle ederin.

Baba Tahyr aýtdy:

— Allatagala näme diýse, şeýle et, ýagny «hakykatdan-da Allatagala adyllygy we yhsany emr edýändir».[1]

Soltan aglady we aýtdy:

— Enşa Alla, şeýle ederin.

Baba Tahyr niçe ýyllardan bäri täret kylyp, elinde göterip ýören kündügini çykaryp, Soltanyň eline berip, aýtdy:

— Älemiň patyşalygyny şunuň kibi eliňde goýduk.

Patyşa dagy ony mydama goltugynda göterip, jeň bolsa ony eline alardy. Allatagala oňa üstünlik bererdi.

Soltan Mesgut Togrul begiň soltanlygynyň berkarar bolandygyny we günbe-günden kuwwatynyň berkeýändigini eşidip, sürüp, Gazna geldi. Leşger toplap, tamam ýaraglanyp, Horasana geldi. Ol wagtda Togrul beg Tusda bolup, gardaşy bilen bir ýerde däldi. Mesgut gije çozup, gardaşy bilen

[1] Gurhanyň 16-njy sürsiniň 90-njy aýaty.

birleşdirmezlik isledi. Agşam boldy. Soltan Mesgut örän ýörgür pile, goşunlar bolsa atlara atlanyp, Tusa garşy ugradylar. Aralyk ýigrimi bäş parsaň[1] ýoldy. Şol gije Tusa ýetmegi niýet etdiler. Ýolda pil üstünde uklady. Hiç kimiň ony oýarmaga we pilini gyssamaga bogny ysmady. Ertesi Togrul bege habar ýetişip, gardaşy Çagry bege birleşdi. Soltan Mesgut eşidip, örän melul boldy we gaharyny pilbanlardan çykardy. Ol yza dönüp, söweşe taýýarlanyp başlady.

Saragt bilen Merwiň arasynda bir sähra bardy. Olar şol ýerde seljuklar bilen garpyşdylar. Seljuklar ol ýerlerde näçe suw bar bolsa, özleri bilen alyp, guýulary gömdüler. Soltan Mesgudyň leşgeri we dowarlary suwsuzlykdan hallary harap bolup, örän gowşadylar we ahyry yza gaçdylar. Soltan Mesgut özüniň ýalňyz galandygyny görüp, ol hem deňinden at geçirmeýän ýüwrük pile münüp, gaçdy. Hazyna, esbap we gymmatbaha zatlar garaz näme bar bolsa, baryny taşlap gaçdylar. Hemmesini taladylar. Bir bölek türkmen Soltan Mesgudy kowalady. Mesgut gaharlanyp, pilden düşüp, ata münüp, olara hemle urdy. Bir atla bir gürzi urup, ol kişini we atyny parçalady. Galany yza döndüler. Her bölek leşger gelse, bu urguny görüp, yzyna dönerdi. Muny bir kişi görüp, gorkup Mesguda aýtdy:

— Eý, Hudawent, urgusy şeýle güýçli bolan kişiniň gaçmagyna neneňsi düşünmeli?

Mesgut aýtdy:

— Hünär budur ki gördüň, emma döwlet ýokdur. Elden ne geler.

Seljuklar mundan soň tamam kuwwat tapyp, şöwket tutdular. Horasanda näçe pytran leşger bar bolsa, hemmesi jemlendiler. Bu wakalar ýüreklere täsir etdi. Patyşalyk berkarar we jahan tabyn boldy.

---

[1] Parsaň - alty km. barabar bolan uzynlyk ölçegi.



**Soltan Togrul beg türkmeniň Nişapura girmegi**
*B.Owganowyň çeken suraty*

Soň Çagry beg, Togrul beg, kakalarynyň doganlary bolan Beýgu (Ýabgu) Kelan atlandyrylýan Musa ibn Seljuk, doganoglanlary, goşun begleri hemmesi ýygnanyşdylar. Agzybirlik bilen äht etdiler. Togrul beg Oguz han ýaly edip, gardaşynyň eline bir ok berip, aýtdy:

— Muny syndyr.

Ol kynçylyksyz döwdi. Ýene-de berip, aýtdy:

— Ikisini bilelikde döw.

Ony dagy döwdi. Üç ok berdi. Kynçylyk bilen döwdi. Dört ok berdi. Jan edip, döwüp bilmedi.

Togrul beg aýtdy:

— Bizem şol oklara meňzeşdiris. Her ýerde ýalňyz bolsak, döwerler. Bir ýerde bolup, agzybir bolsak, hiç kim bize üstün bolmaz. Eger aramyzda agzalalyk bolsa, jahan eýelenmez, duşman üstün bolup, soltanlyk elimizden gider.

Soň ylalaşyp, akyl we parasat ýüzünden halypa emiril-möminin el-Kaýym Bemrilla hat ýazyp: «Biz Seljuk neberesinden bolan bendeleriňiz bolup, mydama pygamberimiziň dergähiniň bendeleri we halypa hezretiniň döwletini isleýän bir taýpadyrys. Hemişe gazawat we din söweşlerine meşguldyk. Käbeýi Mugazzama zyýarat ederdik. Biziň bir ýolbaşçy doganoglan agamyz bardy. Adyna Ysraýyl ibn Seljuk diýerdiler. Ýemineddöwle Mahmyt ibn Söbüktegin ony günäsiz tutup, Hindistana Kälinjer galasyna goýberdi. Ýedi ýyl onda tussag ýatyp, ol ýerde wepat boldy. Bize degişli köp sanly adamlarymyzy we ýakynlarymyzy tutup, dürli galalara gönderdi. Mahmyt öldi. Mesgut onuň ýerine geçip, oýun güýmenja we şagalaňa meşgul boldy. Müňkir we şerigata laýyk däl işleri ýerine ýetirip başlady. Döwlet işleri, halkyň asudalygy togtap galdy. Onsoň Horasanyň begzadalary we meşhurlary jem bolup, bizden «Musulmanlaryň asudalygy perişan bolmaz ýaly halka hemaýat edip, ýurduň gözegçiligini



**Muhammet Togrul beg. Türkmen soltanlyk kutbasy**

*A.Muhammedowyň çeken suraty*

ele alyň» diýip, haýyş etdiler. Onsoň Mesgudyň leşgeri bizin galamyza garşy hereket etdiler. Jenaby Hakyň ýardamy bilen we hezreti pygamberiň mugjyzasy[1] bilen ýeňiş bize bakyp, Mesgut ýeňildi. Tugy synyp, gaçmaga ýüz goýdy. Täji-tagtyny, mülk-döwletini bize goýdy. Bu nygmat üçin Allatagala dergähine şükür we sena kylyp, raýata adyllyk we ynsap görkezip, geçen soltanlaryň däbine görä emiril-möminin hezretlerinden rugsat alyp, haýry nesihatlaryny eşideris» diýdiler we ony ynamdary Abu Yshak birle iberdiler. Ol wagtda wezir Abdylmelikdi. Bu haty iberip, welaýatlary we ýurtlary bölüp, bu ýolbaşçylaryň her birisi bir tarapy özlerine degişli etdiler. Uly gardaşy Çagry beg öýüni köşk edinip, Horasanyň köpüsini özüne degişli etdi. Musa Beýgu Heraý (Hyrat), Sistan we ol töwereklerden näçe basyp alyp bilse, özüne degişli edindi. Çagry begiň uly ogly Kawurt (Gurt) Kerman sebitlerini tutdy. Soltan Togrul beg Yrak taraplaryna ugrady. Reýi basyp alyp, ony paýtagt edindi. Enebir gardaşy Ybraýym ibn Ynaly[*] Ebher we Zengan sebitlerine we Azerbaýjana gönderdi. Doganoglanynyň ogly Gutlumyşy Gürgene we Damagana gönderdi. Gardaşy Çagry begiň ogly Alp Arslan Muhammedi öz ýanynda egindeş we söhbetdeş edip saklady. Mydama onuň bilen maslahatlaşardy, gürrüňleşerdi.

Soltan Togrul begiň haty emiril-möminin halypa el-Kaýym Bemrilla hezretlerine ýetişdi. Halypa örän hormat bilen okap, örän şat boldy. Gelen kişä uly hormat bilen halat-serpaýlar edip, ogly Hibetylla ibn Muhammet el-Mamuny soltana ilçilige iberdi. Ony agyr halatlar we hoş-salamnamalar bilen ýola salyp, Togrul soltany Bagdada çagyrmagy sargap, «Sen ony höweslendir, goý gelip Bagdady görsün hem biri-birimiz bilen duşuşaly. Duşuşyk pursaty hyýal ýalydyr. Onda duşuşmaga

---

[1] Mugjyza – gudrat, keramat. Bu söz gös-göni terjime edilende «özgeleriň ejiz gelen işi» diýen manyny berýär.

[*] Golýazmada Ynal we Ýynal görnüşde iki hili ýazylyşyna duş gelinýär.

mümkinçilik barka, tagalla edip görmek gerek» diýdi. Soň dört ýüz otuz ýedinji hijri ýylynda Bagdadyň münberlerinde Togrul begiň adyna hutba okamagy buýurdy. Onuň adyny zikgede nagyş etdiler hem-de Soltan Rukneddöwle Abu Talyp Togrul beg Muhammet ibn Mikaýyl Ýemineddöwle lakamyny berdiler. Hutbada onuň adyndan soňra Azudeddöwle Deýleminiň agtygy Soltaneddöwle Melik Rahymyň adyny aýdardylar.

Hibetylla Soltanyň gaşyna ýetişip, örän tagzym we hormat edip, hyzmatyna baryp, halypanyň sargydyny aýtdy. Emma soltan töwerekdäki ýurtlary we sebitleri basyp almaga meşgul bolup, Bagdada barmaga eli degmeýärdi. Tamam üç ýyl Hibetylla Soltanyň ýanynda boldy. Ahyry pursat bolup, Soltan Bagdat tarapa ýüzlendi. Halypa ýollarda dürli myhman kabul edişlikler gurapdy. Melik Rahym dagy Soltany garşylap, Nehriwana geldi. Melik Rahym Soltana päsgelçilikler döredýärdi. Şonuň üçin Soltan ony tutup, Reýe gönderdi. Bu iş halka örän hoş gelip, dogalar we senalar etdiler.

Bagdada gelip, dogry halypanyň köşgüne ýüzlenip, dergähine ýetişip, hyzmat we tagzym däp-dessurlaryny ýerine ýetirdi. Soň ýene dönüp, öz menziline geldi. Halypa onuň yzyndan agyr sowgatlar gönderdi we ýene çagyryp, hoş myhmandarlyklar etdi. Älem welaýatyny Soltana karar edip, Yragyň, Kuhystanyň we beýleki ýurtlaryň hakyky we rugsatly patyşasy boldy.

Togrul beg bir näçe wagt halypa gaşynda hemsöhbet boldy. Soň halypanyň rugsady bilen ýene ýurduna rowana boldy. Bagdat ýurdunyň goşunbaşysy bolan Besasyr halypa garşy baş göterip ýöriş edip, ony ele salmak isledi. Halypa çaltlyk bilen Soltana habar iberip, ony ýene Bagdada çagyrdy. Soltan tizlik bilen dönüp, Bagdada ýüzlendi. Ony eşiden Besasyr we beýleki baş göterenleriň hemmesi Şama gaçyp gitdiler. Ybraýym ibn Ynal dagy Soltanyň garşysyna çykyp, ýurt almak niýeti bilen

Hemedan tarapa ugrady. Soltan yza dönüp, onuň yzyndan ýetip, ony tutup öldürdi. Besasyr Soltanyň yza dönendigini eşidip, ýene-de Bagdada geldi. Mosulyň patyşasy Garawaş ibn Mukallat onuň birle birleşip, halypany haremhanada gabap, ahyry ýesir etdiler hem-de parasatly, kämil, dana kişi bolan we dürli kämillikler bilen bezelen emirler emirini gynap öldürdiler. Halypany onda tussag edip, Meharyş atly bir araba tabşyrdylar. Bagdatda bir ýyl müsürlileriň adyna hutba okadylar. Besasyryň duşmanlygy külli musulmanlaryň köňlünde mäkäm ornaşdy. Bagdadyň häkimi bolan Itegin Süleýmany gaçyp, Halwana geldi. Halwanda oňa halypadan bir hat gowuşdy. Halypa Itegine bu haty Soltana eltmegi tabşyrypdyr. Hatda «Alla! Alla! Musulmanlara ýardam ber we medet et. Çünki lagnaty duşman üstün bolup, kapyrlyk şygaryn äşgär edip, musulmanlyk alamatlaryny aradan aýyrdylar» diýlip ýazylypdyr. Itegin muny Soltana ýetirdi. Soltan perişan bolup, Besasyra gaty gaharlanyp, weziri Abdylmelige aýtdy:

— Tiz Itegine jogap ýaz. Hut özi ýollara gözegçilik etsin we gorasyn. Biz ýetişeris. Muny köňlüne teselli bolar ýaly halypa-da ýetirsin.

Amydyl Melik dana kätiplerden bolan Safy Abul Alaýyny çagyryp, Iteginden gelen haty görkezip, aýtdy:

— Bu hata, halypa gowşanda onuň göwnüni ynjaldar ýaly bir gysgaça jogap ýaz.

Abul Ala ol haty alyp, yzyna «Olaryň ýanyna dolan, biz olaryň tarapynda bolmadyk goşun bilen bararys. Olary ol ýerden hor-zelil edip, çykararys. Olar peslerdendir»[1] diýen mazmundaky aýaty ýazdy.

Amydyl Melik bu jogaby Soltana arz etdi. Jogap Soltanyň göwnüne ýaransoň, öz geýýän donlaryny we özüniň gatyrlaryndan birini Abul Ala peşgeş etdi. Haty Itegine

---

[1] Gurhanyň 27-nji aýatynyň 37-nji süresi.

gönderip, Soltan dagy köplüginden ýerleri titredýän we tozanyndan gökleri gubarlandyrýan leşger bilen Yraga ugrady. Ol ýere baryp, Allanyň ýardamy bilen Besasyry tutup, Bagdadyň derwezesinden asdyrdy. Şeýle-de näçe mukdarda baş göteren kişi bar bolsa, hemmesini syýasat etdi. Dört ýüz elli birinji[1] ýylda Soltan halypanyň yzyndan adam iberip, ony halypalyk edýän ýerine ýetirdi. Bagdada ýakyn gelende, Soltan özüniň ähli goşuny bilen ony garşylap, tagzym bilen köşgüne getirdiler. Köşgüň gapysyna gelenlerinde Soltan atdan düşüp, halypanyň atynyň öňünden hormat üçin ýöredi. Halypa köp-köp dogalar we senalar edip, aýtdy:

— Eý, Rukneddin, atyňa mün.

Mundan soňra onuň lakamy Rukneddöwleden Rukneddine öwrüldi. Halypanyň paýtagtynda ornaşyp, birniçe gün aýş-u söhbet etdiler. Bir gün Soltan weziri Amydyl Meliki çagyryp aýtdy:

— Baryp, halypa bizden salam aýt. Hem-de oňa «käte-käte halypa hezretlerini görmäge Bagdada barmaly bolýarys. Emma leşgerimiz köp, Bagdadyň sebitlerinden bir tarapyň salgydyny biziň leşgerlerimiziň harjy üçin bellesin» diýip aýt.

Amydyl Melik aýtdy:

— Halypa bu haýyşyňyzy kabul etmese gerek. Bu welaýatlaryň birnäçesiniň salgydyny sizden özi üçin dilär. Emma patyşanyň sözi sözdür. Men gideýin.

Turup, halypanyň köşgüne tarap ugrady. Ýolda halypanyň weziriniň gelýändigini gördi. Ol aýtdy:

— Halypa meni Soltanyň ýanyna gönderdi. Birniçe habarym bardyr.

Amydyl Melik näme üçin gelýändigini bilip, onuň bilen yzyna dönüp, Soltanyň ýanyna girdi. Aýtdy:

---

[1] Hijri hasabyndaky 451-nji ýyl milady ýylynyň 1059-1060-njy ýyllaryna gabat gelýär.

— Halypanyň weziri gelýär. Özem anyk şol mesele bilen gelýär. Eger şeýle diýse, «Bizem şonuň pikirindedik. Amyt bilen ony maslahat edýärdik» diý.

Ondan soň halypanyň weziri girip, salam berdi we aýtdy:

— Halypa hezretleri Soltandan Bagdat sebitleriniň aýan edilmegini isleýär.

Soltan hem Amydyl Melike aýdan sözüni aýtdy. Wezir gideninden soňra Amydyl Melik Bagdadyň depderlerini we kanunlaryny jemledi. Soň soltanlyga degişli ýerlerini ýazyp, halypa-da bir mukdar artdyryp, çäkleri belledi. Ondan soňra Soltan Azerbaýjana we Töwrize ugrady. Amydyl Meliki halypanyň uýasy Seýýidin Nisäni gelinlik edip, Töwrize getirmek üçin Bagdatda galdyrdy. Amydyl Melik muny halypa arz etdi. Halypa boýun towlady. Amydyl Melik halypanyň wezir-wekilleriniň we emeldarlarynyň pulharajatlaryny saklap, olara päsgelçilik döredýärdi. Ahyr olar närahatlanyp, agzybirlik bilen halypa uýasyny bermekligiň gerekdigini aýtdylar. Halypa ahyry razy boldy. Ondan soňra halypa Bagdadyň kazylar kazysyny ol ýere baryp nika gyýmak üçin Seýýidin Nisä we Amydyl Melik bilen bilelikde Töwrize gönderdi. Patma ez-Zähra (Allatagala ondan razy bolsun!) üçin dört ýüz dirhem kümüş we bir altyn dinar galyňyň berlendiginiň hatyryna onuň galyňyna-da şu bahany berdiler. Töwrize ýetişdiler. Ähli Töwriz halky garşylap, seçgiler seçdiler, senalar aýtdylar. Kazylar kazysy nika gyýyp, «Şol günde adamlar ýygnanyşdylar we şol gün unudylmajak gün boldy»[1] aýatyny okadylar. Soltan aýtdy:

— Gowusy köşgümize baryň, toý we meýlisi ol ýerde tutarys.

Töwrizden Reýe ugradylar. Ýollar örän yssydy. Şeýlelikde, ýolda Soltan ýarawsyzlyga duçar boldy. Bu wagt howanyň

---

[1] Gurhanyň 11-nji aýatynyň 103-nji süresi.

gyzan wagtydy. Reý şäheriniň daşynda bir hoş howaly ýer bardy. Gelip, ol ýerde düşlediler. Soltanyň burnundan gan gelip başlady. Näçe em etseler-de çäre bolmady. Dört ýüz elli bäşinji ýylyň remezan aýynda wepat bolup, bu dünýäden o dünýä göç etdi. Aýalyny ýene Bagdada ugratdylar.

**Beýt**

Jahanyň budur resmi-ýu adaty,
Ki keý[1] besledigini tutar gaty.

Kime berse jamy meýi hoşguwar[2],
Ýene kylar ony oňa zähri mar.

Niçe ýüksege gider olsa kişi,
Gaty düşmek olar serenjam[3] işi.

Kimsinäýe[4] kylmaz jahan jawydan[5],
Ne mir-u[6] geda-ýu ne pir-u juwan.

Köňül berme bu eşret, abada sen,
Ynanma bu deh ruze[7] binýada sen.

Ki sili belaýa budur rahgüzer[8],
Kyl ýeser esasyna munuň eser.

---

[1] Ki keý - kim haçan.
[2] Hoşguwar - tagamly, şirin.
[3] Serenjam - ahyr.
[4] Kimsinäýe - hiç kime.
[5] Jawydan - bakylyk.
[6] Mir - emir.
[7] Deh ruze - on günlük.
[8] Rahgüzer - geçelge.

Jahan bir deňizdir nähäň[1] ile pür,
Giru[2] hem ola munça gymmatly dür.

Weli akyl olan tutar sahylyn[3],
Bagyşlar näheňine dür hasylyn.

Jahan çün saraýy surur[4] olmady,
Onuň çün saby[5] dogjak gülmedi.

Bu halk uýkudadyr oýanar degül,
Bu uýkudan asla usanar degül[6].

Meger ol ki Hak ony bidar[7] ede,
Ki dünýäde ukba[8] üçin kär[9] ede.

Nete, kim, şahynşa Myrada Hudaý,
Olupdyr niçe haýyr işe rahnemaý[10].

Huda-ýa dahy ýegräk[11] et halyny,
Rafyk[12] eýle towfyka[13] ahwalyny.

---

[1] Näheň - akula, kit, läheň.
[2] Giru - ýene, ýene-de.
[3] Sahyl - kenar.
[4] Saraýy surur - şatlyk öýi.
[5] Saby - çaga.
[6] Usanar degül - oýanarly däl.
[7] Bidar - oýa.
[8] Ukba - o dünýä.
[9] Kär - iş.
[10] Rahnemaý - ýol görkeziji, ýolbelet.
[11] Ýeg - gowy.
[12] Rafyk - ýoldaş.
[13] Towfyk - ýardam, üstünlik.

# BELENT SOLTAN, AZUDEDDÖWLE, ABUŞUJAG ALP ARSLAN MUHAMMET IBN DAWUT IBN MIKAÝYL IBN SELJUGYŇ BEÝANY

Dört ýüz elli bäşinji hijri ýylynyň zülhijje (gurban) aýynda Alp Arslan Muhammet ibn Abu Süleýman merhum soltan Togrul begiň oguljygy Süleýmany[1] ýanyna aldy. Çünki Süleýman kiçijikdi. Ol tagta geçip, Yragyň we Horasanyň patyşasy boldy. Ol doganoglan agasy Togrul begden soňra on iki ýyl patyşa boldy. Ol Togrul begiň zamanynda atasy Çagry beg wepat bolandan soň iki ýyllap Horasanyň patyşasy bolupdy. Müddet ömri otuz dört ýyldy. Nyzamylmülk Hasan ibn Aly ibn Yshak weziridi. Hajyplary Hajyp Ýegrek we Abdyrahman Agajydy. Möhürinde «Binasrylla[2]» ýazgysy bardy. Örän haýbatly, syýasatly, dindar we hökmürowan patyşady. Mydama duşmanlara üstün gelip, köp ýerleri basyp alardy. Örän gowy ok atardy. Atan oky asla hata bolmazdy. Uzyn boýludy. Sakgaly örän uzyndy. Başyna bir uzyn täç geýerdi. «Sakgalynyň ujy bilen täjiniň depesine çenli iki arşyn» diýip aýdýardylar. Ilçiler we ýat begler gelip görenlerinde, haýbatyndan gorkup titrärdiler. Onuň döwründe ýurt örän asuda ýagdaýda bolupdyr. Togrul beg ölenden soňra wezir Abdyl Meligi tutup, Nyzamylmülk öňdenem özüniň hyzmatynda bolansoň, wezirligi oňa berdi. Soltanlygyndan bir ýyl soňra Nusaý şäherinde Amydyl Meliki öldürmäge emr etdi. Bu barada Nyzamylmülk yhlas edip, ony öldürmäge razy etdi. Haçanda jellat Amydyl Meliki öldürmäge getirende, ol jellatdan möhlet diläp, täret aldy we iki rekat namaz okady. Soň jellada ýalbaryp, aýtdy:

---

[1] Beýleki taryhy çeşmelerde Togrul begiň ogly ýok diýlip, berilýär.

[2] Allatagalanyň ýardamy bilen.



**Alp Arslan Türkmen**
*A.Muhammedowyň çeken suraty*

— Sen patyşanyň permanyny ýerine ýetirýärsiň. Senden bir haýyşym bar, bir habarym bar, ony patyşa hezretine we ýene bir habarymy Hoja Nyzamylmülke ýetir. Patyşa hezretlerine: «Neneňsi bagt we sagadatym bar bolsa, siziň gapyňyzda açyldy, neneňsi döwlet we yzzat gören bolsam, siziň hyzmatyňyzda ýetişdim. Näçe wagtlap doganoglan agaň Togrul beg maňa uly derejeler berip, dünýä ululygyny bagyş etdi, ähli ýurtlary meniň ygtyýarymda goýdy. Hudaýa şükür, indi sen maňa ahyret ululygyn bagyşlap, şehit kyldyň. Seniň sebäbiň bilen hüýr we jenan miýesser boldy. Allatagala siziň aslyňyzdan we nesliňizden hoşnut bolsun. Men sizden hoşaldyryn. Dünýä we ahyreti siziň bilen tapdym» diýip aýt. Emma Nyzamylmülke «Erbetlik, betgat we ýaramaz düzgün galdyrdyň. Senden öň jahanda wezir öldürilmeýärdi. Bu düzgün seniň we nesilleriň başyna-da geläýmesin diýip gorkýaryn» diýip aýt.

Ondan soňra jellat ony şehit kylyp, bu habarlary Soltana we wezire ýetirdi. Bu söz olara örän täsir etdi.

Soltan Alp Arslan jahangir patyşady. Ähli äleme ýöriş kylyp, köpüsini basyp alypdy. Parsy basyp aldy. Şebankarany[1] talap, köp halk gyrdy we syýasat görkezdi. Ondan soňra Ruma ýöriş etdi. Rum şasy Armanýus alty ýüz müň kişi bilen yslam paýtagtyna garşy ýörişe başlady. Soltan hem on iki gez ýüz müň kişi bilen garşysyna ugrady we Allatagalanyň ýardamy bilen ol goşuny ýeňdi.

Armanýus bir rumly guluň ýesiri boldy. Ony soltanyň ýanyna getiripdiler. Soltan Bagdatda bu goşunyň ýarag-şaýyny görýärkä, leşgeri özüne görkezmekligini emr etdi. Goşuny görkezdiler. Ýazyjylar durup, atlaryny ýazýardylar. Goşuny görkezip duran emir Sagdeddöwledi. Goşunyň arasyndan bir

---

[1] Şebankara - Pars welaýatynda bir oba.

hor rumly gul hem geçdi. Kätip munuň adyny ýazmady. Sagdeddöwle aýtdy:

— Kyn görme ýaz. Rum şasyny şol tutar.

Tötänden şeýle hem boldy, rum leşgeri gaçyp başlanda Armanýusy tanaýan ol gul söweşe seredýärkä birden gözi oňa düşdi. Tutup getirdi. Soltan ol gula gymmatly serpaýlar etdi. Armanýusy üç-dört gün tussag edip, ondan soňra gulagyndan halka geçirip, aman berdi. Her günde müň fuluriýe rumy[1] paç bermeli etdi. Ol Armanýusa hormat goýýardy. Armanýus hem mydama bu salgydy Soltana ibererdi.

Soltan ondan soň birnäçe wagt basyp alyş we jahangirlik höwesinde ýördi. Ahyr ömründe Mawerannahry basyp almaga we han bilen söweşmäge ýöriş etdi. Çünki Soltanyň enesi bu hanlaryň urugyndan bolup, «ol ýurtlarda meniň hem mirasym bardyr» diýerdi. Dört ýüz altmyş bäşinji hijri ýylynda Jeýhundan geçdi. Nerzem suwunyň kenarynda bir kiçi gala bardy. Leşgerden bir-iki bölek baryp, ol galany basyp aldylar. Galanyň begine Ýusup Nerzemi diýerdiler. Ony tutup, Soltanyň ýanyna getirdiler. Soltan ondan ýagdaýlary sorady. Ol dogrusyny söýlemeýärdi. Soltan gazap edip, her ýol bilen sorasa-da çäre bolmady. Dogrusyny aýtmady. Şonuň üçin Soltan gaharlanyp, ony öldürmäge höküm etdi. Ýusup Nerzemi özünden umyt üzüp, öldürjeklerini bileninden son ädiginiň içinden pyçak çykaryp, Soltana hemle urdy. Soltanyň elinde bir ok gezelip durdy. Dört ýanynda janpenalar we ýaragly adamlar Ýusuby tutmak üçin topuldylar. Soltan gaharlanyp gygyryp, olary saklady we öz okuna ynam etdi. Atanda ok hata geçdi. Ýusup gelip, Soltany ýaralady. Bagdadyň şihnesi Sagdeddöwle Soltanyň öňünde uguralla gezip ýördi, ol özüni Soltanyň üstüne oklady. Sagdeddöwle-de ýaralandy. Emma Sagdeddöwläniň ýarasy agyr däldi. Şonuň üçin çalt wagtda aýaga galdy.

[1] Fuluriýe rumy - rumy pul birligi.

Soltanyň öňünde iki müň adam üýşüp durdy. Hiç kim Ýusuby tutmaga gaýrat tapmady. Hemme doňup galypdy. Ýusup eli pyçakly gaçyp barýardy. Jamyg Nisabur atly perraçlaryň birisi eline çadyr taýagyny alyp, yzyndan ýetip, depesinden urup, beýnisini pytratdy. Soltanam ol ýaradan şehit boldy. Halaýykdan nagra we perýat gopup, zary we efgany peleklere ýetişdi. Ony ýas dessurlaryny ýerine ýetirip, Merwde jaýladylar.

Hekaýat edişlerine görä Soltan Mälik şa zamanynda Bagdatda halypanyň gullaryndan bir gul Jamyg Nisaburynyň ogluny bir waka sebäpli söweş arasynda urup öldüripdir. Jamyg Nisabury ýetişýänçä gul gaçýar. Jamyg arslan kibi nagra dartyp, ajdarha kimin dem çekip yzyndan kowalapdyr. Gul gaçyp, halypanyň haremhanasyna giripdir. Jamyg haremhananyň gapysyna gelip, perýat eýledi. Halypa rugsat bermedi. Ondan gaýdyp, Soltanyň ýanyna geldi. Soltan seýrana atlanypdy. Ol atynyň uýanyna ýapyşyp aýtdy:

— Eý, Soltan Mälik şa, senem meniň oglumy öldüren guly, seniň ataňy öldüren adamy edişim ýaly et.

Soltan:

— Görsem ederin.

Onsoň Emir Hajyp Kumajy onuň yzyndan gönderdi. Emir ol guly halypanyň haremhanasyndan güýç bile çykartdy. Halypa:

— On müň fulury bereýin meniň namysym synmasyn.

Çäre bolmady. Getirip, ar aldy.

Soltan Alp Arslan bu waka bolup, wepat bolan çagy ähli Horasany, Yragy we onuň töwereklerini halys özüniňki edipdi. On ogly bardy. Arasynda Mälik şany tagt mirasdary edip, patyşalygy oňa goýdy.

Hakk-a[1] ne gadar ki geldi soltan,
Seljuklar-u ýa äli Sasan.

Çün geldi zuhura[2] äli Osman,
Kamusynyň[3] ady oldy pynhan.

Ýa Reb bu zuhury daýym eýle,
Madam[4] ki döwr ede bu döwran.

Sersebz[5] ola bag ile gülüstan,
Şol şahy ki serwidir huraman.

Dünýä çemeninde gaýym eýle,
Maksady zamany myrady ynsan.

## SOLTAN MUGYZEDDÜNÝÄ WEDDIN MÄLIK ŞA IBN MUHAMMET KASYMYŇ BEÝANY

Emiril-möminin Soltan Mälik şanyň owadan keşbi we kuwwatly çigni bardy. Semizlige maýyldy. Tegelek sakgallydy we ak meňizlidi. Bir gözi gyýtagrakdy. Emma aýp hasaplar ýaly derejede däldi. At üstünde ýarag oýnamakda örän çalasyndy. Dört ýüz kyrk bäşinji hijri ýylynyň jumadyl owwal (dört tirkeşikleriň üçünji) aýynda dünýä inipdi. Müddet ömri otuz sekiz ýyl bolup, ýigrimi ýyl patyşalyk etdi. Weziri Nyzamylmülk bolup, Kumaç bolsa hajybydy.

Soltan Mälik şa bagtyýar, durmuşy gowy, esbaby şaý Allatagalanyň ýardamy bilen ýardamlanan bir patyşady.

[1] Hakk-a - eý Hudaý.
[2] Zuhur - ýüze çykma, bar bolma.
[3] Kamusy - hemmesi.
[4] Madam - şol wagta çenli, hemişe.
[5] Sersebz - başy ýaşyl.

Atalary jahangirlik edip, älemi basyp aldylar. Bu bolsa hökmürowanlyk edip, patyşalygyň lezzetini gördi. Olar soltanlygyň dikmesini dikdiler, bu iýmişini iýdi. Onuň zamany döwletiň ýigitligi eýýamydyr, patyşalygyň bahar döwrüdir. Älem tabyn bolup, baýdagy ýeňişli pasyrdaýardy. Raýat hoşnut bolup, ýurt abadandy. Niçe wagt älem meýdanynda myrat topuny oýnady, hökmürowanlyk atyny segretdi.

Alp Arslan bilen bolan wakadan soň özi Horasandan Yraga geldi. Doganoglany Kawurt hem «patyşalyk meniňkidir» diýip, dawa edip, sansyz leşger bilen Kermandan Yraga tarap ugrady. Soltan Mälik şa goşun bilen muny garşylap Gürjüstanda garpyşdylar. Üç gije-gündizläp aralarynda söweş boldy. Ahyry Kawurt leşgerinden bir kişi Mälik şanyň goşunynyň öňünde meýdana gelip durdy. Mälik şanyň goşunyndan hem bir kişi orta gelip, onuň bilen söweşe çykdy. Mälik şanyň esgeri garşydaşyny gylyç bilen şeýle bir urdy welin, bilinden iki böldi. Bilinden ýokarsy ýere gaçyp, aşagyny aty alyp gidip, Kawurdyň leşgeriniň arasyna bardy. Kawurt bu urgyny görüp aýtdy:

— Indi bu ýerde durmak wagty däldir.

Yza dönüp gaçdylar. Hazynasyny, jüpbehanasyny we ähli goş-golamyny taladylar. Ahyrynda özini dagy tutup, ýesir etdiler. Ol ýerden ýeňiş we üstünlik bilen Hemedana geldiler. Ýolda Soltanyň leşgeri «şeýle ýeňiş gazandyk. Aýlygymyzy artdyrmak gerek» diýip, näz we boýnyýogynlyk etmäge başladylar. Olar jem bolup, wezir Nyzamylmülküň ýanyna gelip, kesgin aýtdylar:

— Eger biziň hakymyzy köpeltmeseňiz döwlet we sagadat Kawurdyňkydyr.

Nyzamylmülk bu sözi eşidip, aýtdy:

— Sabyr ediň. Bu gije Soltan bilen sözleşip, islegleriňizi ýerine ýetireris.

Ol gije Soltan bilen maslahat edip, Kawurda zäher berdiler we onuň iki oglunyň gözlerine mil çekdiler. Ertesi ýene leşger Nyzamylmülküň ýanyna gelip, jogap islediler. Nyzamylmülk aýtdy:

— Gije Soltana bu barada hiç aýtmaga mümkinçilik bolmady. Çünki doganoglany tussaglykda melul bolup, öz ýüzügindäki awyny içip ölüpdir. Soltan bu sebäpden gaty aljyraňňydy.

Leşger ony eşidip, dymyp, seslerini çykarmadylar we dagaşdylar. Ondan soňra dört ýüz ýetmiş birinji ýylda Soltan Mälik şa Horasanda goşun jemläp, ýurdunyň etraplaryna gözegçilik edip ýördi. Rum Fasylýusy (şasy) Armanýus baş göterip, paç göndermedi. Gardaşynyň ogly Soltan Süleýmanşany segsen müň türkmen öýi bilen Rum söweşine gönderip, özi goşundan söweşe we maslahata ýarar kişilere ýolbaşçy bolup, Samarkanda ýöriş edip, ony gabady.

## SOLTAN SÜLEÝMANŞANYŇ RUMDAKY PATYŞALYGYNYŇ BEÝANY

Mälik şa Soltan Süleýmanşany Rum söweşine ugradyp, Türküstandan gelen ýüz ýigrimi müň türkmen öýüni oňa goşun edip berdi. Ony Ruma gönderdiler. Rum patyşalygyna bellenip, Ruma geleninde ol ýerdäki söweşe we ýörişe gelen oguz begleri we gullary Malatyýada garşylap, hormat we däp-dessur bilen getirdiler. Konýada tagta çykardylar. Rum şasy gorkup, tabyn boldy we Stambuldan Rum we Pereňi parçalaryndan, eşiklerinden, aýakgaplaryndan, altyn-kümüş zynatlaryndan, gap-gaçlardan, maňsyklardan we ýüz müň fulury gönderip, salam ýollady, gelişini mübärekledi. Ähli şäher begleri, rum we türk begleri salam ýollap, peşgeşler getirdiler. Rum oňa we onuň nesline karar tapdy. Bir niçe müddet Rumda patyşa bolup, wepat boldy. Ýerine ogly Soltan Mahmyt patyşa boldy.

Ol hem ölenden soň ogly Soltan Mesgut patyşa boldy. Ondan soň ogly Gylyç Arslan patyşa boldy. Oňa-da ajal erişdi.

## SOLTAN GYÝASEDDIN KEÝHYSROWYŇ SOLTANLYGYNYŇ BEÝANY

«Biz adamy iň ýagşy görnüşde ýaratdyk. Soňra onuň tersine pesleriň pesi edýäris»[1] aýatyna görä ýiti hazan ýeli Soltan Gylyç Arslanyň dirilik bagynyň şahalarynyň ýapraklarynyň üstünden öwüsdi. Durmuş geýimçisi onuň ýigitlik hüllesini garrylyk we gojalyk donuna öwürdi. Gowşaklyk onuň ten şäherine ýol saldy. Ok kibi dogry kamatyny ýaý kibi bükdi. Bu dünýäden o dünýä göç etmeli wagty ýetende çagalyk döwründen kämillik hetdine ýetýänçä öz ýanynda we nazarynda terbiýelenen, atasynyň hyzmatynda beýleki on bir gardaşyndan has tapawutlanan, kiçi ogly Soltan Gyýaseddin Keýhysrowy ýanyna çagyryp aýtdy:

— Eý, meniň söwer oglum, Hudaýa şükür, sen döwletiň göreji, soltanlygyň kuwwaty, ýurduň ýardamçysysyň. Jahandarlyk lowurdysy, şalyk alamatlary seniň ýüzüňde, bagtyýarlyk nyşanlary seniň oturyş-turuşlaryňda görünýändir. Çünki men parasatlylyk çyragynyň nury bilen we danalyk daňdanynyň röwşenligi bilen seredip, gardaşlaryňdan seniň patyşalyga has ýegräk we mynasypdygyňy görýärin.

### Beýt

Ýok serire[2] senden özge beh[3] neşin[4],
Memleket[1], sen şahy kylmyşdyr gözin[2].

---

[1] Gurhanyň 95-nji süresiniň 4-5-nji aýatlary.
[2] Serir - tagt.
[3] Beh - gowy, oňat.
[4] Neşin - oturmak, oturýan.

Şol sebäpli döwletiň ýagşylyk we ýamanlyk uýanyny we ýurduň gowulyk we erbetlikleriniň seniň parasat eliňe we bagtyýar goluňa tabşyrdym. Mülki saňa, janymy ryzwana berdim. Meniň öwüdim we wesýetim soltanlyk kadalarynyň esaslandyrylyşynda Lukmanyň wesýetinden gaýry däldir. Anyk bil, biwepa tutdurgysyz dünýä hiç kime karar tutmady. Munda gülmekligiň we aglamaklygyň misili şu düýrülip-dagylýan bulut kibidir, käte düýrüler, kä dagylar.

Bilerem eşitmiş ola sen sen,
Ahwaly muluk mä takaddum[3].

Şalar idi müeýýidi[4] muzaffar[5],
Begler idi müşerrif-u mükerrem[6].

Dara-ýu Sekender-u[7] Peridun,
Keýhysrow, Tur-u Irej-u Jem[8].

Tahmures-u Diwbend-u Zahhak,
Güdrez-u jahanguşaýy[9] Neýrem[10].

---

[1] Memleket - ýurt.
[2] Gözin - saýlanan.
[3] Muluk mä takaddum - geçen şalar.
[4] Müeýýid - kuwwatly.
[5] Muzaffar - ýeňiji.
[6] Müşerrif-u mükerrem - sylag-hormatly.
[7] Sekender - Isgender.
[8] Jem - Jemşit.
[9] Jahanguşa - jahany basyp alyjy.
[10] Neýrem - Nariman.

Kamusy[1] adem[2] ýerine gitdi,
Içdi kamu möwt[3] jamyny hem.

Gahar awusyna ne yssy tirýek[4].
Ýara urjak ajala ne melhem.

Eger durmuş gülünden bir sahypdiliň burnuna käte bir rahatlyk şemalyny ýetirse, soňundan müň biçärelik we harlyk hassalygyny berer. Ýüz müň horluk we zarlyk gubary bilen onuň durmuş gözüni gapar.

**Beýt**

Dehr[5] içinde kimsine bir gülgüzar ermedi,
Kim, zaman çöwre onuň bagryna ýüz har[6] urmady!

Şana[7] kibi şahsyň olmaýynça köňli şah-şah[8],
Bir nigäriň zülpi ujuna elin ergürmedi[9].

Dünýä bil baglamaýanlar we azadalar gözüne bu dünýä bir sähra we beýawan içinde haraba bolup, dört diwary galan, ýykyk kerwensaraýa meňzär. Akyldarlar munda ýaşaýyş we rahatlyk jaýyny gurmazlar. Onuň salgymynyň aldawyna, owurt şerabyna aldanmaz. Onuň bagtyny we betbagtlygyny düýş kibi görüp, oňa aldanmaz. Zynhar, onuň ýalan amanyna aldanma,

---

[1] Kamu - hemme.
[2] Adem - ýokluk.
[3] Möwt - ajal.
[4] Tirýek - zähere garşy ulanylýan derman.
[5] Dehr - dünýä, älem.
[6] Har - tiken.
[7] Şana - darak.
[8] Şah-şah - şaha-şaha.
[9] Ergürmedi - degirmedi.

ertiriň gamyny iýýänlerden bol. Könlüňi har dünýä baglama sen.

### Beýt

Berme dil[1] dünýäýe ki ol bir biwepadyr, pür jepa,
Jamy onuň bir şerap olar şeraby bisapa.

Noşy zowkuna höwes kylma ki soňy nişedir[2],
Içme hamryn[3] kim sudag[4] eder saňa ender kafa[5].

Bu wesýetleri halk huzurynda diýdi. Soň hylwat saraýynda beýleki ogullaryny ýanyna getirtdi. Begleri we emeldarlary çagyrdy. Hemmesi onuň işigine geldiler. Patyşanyň ejiz we horlanandygyny görüp, gamgyn we melul bolup, pikire çümüp, ellerini ýüzlerine tutup oturdylar. Soltan işiginiň adamdan doludygyny görüp, aýtdy:

— Beýikleriň beýigi, bereketi hemmä ýetmiş Allatagala maňa dürli yzzatlary berip, köp ogullar, sansyz mallar, hetsiz ýurtlar berdi. Haýsy tarapa ugrasam Hakyň enaýaty bilen, Resulyň gudraty bilen pelek gözi görmedik üstünlikler gazandym. Allatagala meni özgelerden saýlap, şeýle bir mähribanlyklar eýledi welin häzire çenli jahan adalatymyz bilen abadandyr. Şeýle-de siziň ýaly hakykatçyl we wepadar begleriň, nökerleriň we gullaryň gylyjy bilen ýigitlik döwründen şu güne çenli rahatlyk halatlaryn we lybaslaryn bile geýdik. Lezzetli jamlary bile içdik. Hökmürowanlyk meýdanynda şasuwarlyk topuny gyrgy kimin urduk. Mülküň

[1] Dil - ýürek, köňül.
[2] Nişedir - hiç zatdyr.
[3] Hamryn - arak, şerap.
[4] Sudag - kelle agyry.
[5] Ender kafa - soňundan.

eýesiz, jahanyň soltansyz, şäheriň häkimsiz bolmaýandygy anykdyr. Älem başlangyjyndan adam oglunyň nesliniň soňuna çenli bu kyssa karar edilendir.

**Beýt**

Çü birsi gider-u birisi geler,
Biri jan berer biri ýerin alar.

Beýle wazg[1] etmiş ezelden Rahnema[2],
Ki olmyýa halky jahan bi kethuda.

Magrypda we maşrykda bu pikir dogry gelmişdir. Biliň, perzendi dilbendim, Menuçehr, Peridun derejeli oglum Keýhysrow täleýi bagtly, mynasyp keşplidir. Patyşa laýyk edep ylymlary, şaha laýyk mähribanlyklar bilen bezelendir. Beýleki gardaşlaryndan ýaşy kiçem bolsa buýsanç hüllesi bilen ýokarydyr we beýikdir. Akylynyň köplügi, adyly birle gardaşlaryndan we garyndaşlaryndan artykdyr. Bagtyýarlyk eserleri, hökmürowanlyk nurlary ýüzünde şöhle saçýandyr we lowurdaýandyr. Bu aýdylan sözler delile, subutnama mätäç däldir. Çünki aýyň gijäni ýagtylandyrýandygyny aýtmagyň ne hajaty bar. Men patyşalygy oňa berdim. Raýatyň we welaýatyň hökümdarlygyny öz diriligimde oňa tabşyrdym. Ol tagt mirasdary, täç we möhür eýesi boldy. Halypalaryň şasy, päkleriň soltany halypa Abu Bekr Syddygyň kapyrlyk binýadyny weýran ediji Omar ibn Hattaba eden ähdi ýaly äht etdim. Ol hem şol şertleri özüne wajyp we lazym bilip, boýnuna alsyn we hereket etsin. Erte dogruçyllyk birle terbiýelilik we bilimlilik zülaly birle päk bolup, döwlet

---

[1] Wazg - görnüş.
[2] Rahnema - ýolbelet, bu ýerde: Hudaý manysynda.

hasyllaryny mülk we millet tarapdarlarynyň derdine ýaradar umydym bar. Siz bolsa men mundan göç edip, siz bilen hoşlaşýançam ýygnanşyp, oňa tabynlyk görkeziň. Onuň nep we zererede, haýyr we şerde, işe bellemekde we çykarmakda, äht baglamakda we çözmekdäki hökümlerine we buýruklaryna tabyn boluň. Ýerli gaýa we berk daş kibi onuň höwes we islegini ýerine ýetirmekde berk duruň. Onuň işiginde tabynlyk guşagyny gizlin we äşgär zatlarda dogruçyllyk we päk niýet bilen guşanyň.

Bu gyzyldan gymmat wesýetleri şol ýerdäkileriň sadap gulaklaryna ýetende ählisi aglaşdylar. Ybrat damjalary gözlerinden ýüzlerine dökülip, çoh hesret we gam birle ah edip, jogap bermediler. Ahyry agzybirlik bilen aýtdylar:

— Döwrüň şasynyň päk jisminde peýda bolan dürli keseller döwlet duşmanlarynyň jisimleriniň paýy we ýurda garşy söweşijileriň ruhlarynyň paýy bolsun. Soltanyň nazarynda kämil başyň belentligi we golastyndakylara mähremligi kararlanandyr we şekillenendir. Çünki biziň dädelerimiz we ata-babalarymyz Beýik Soltan Mälik şanyň hökümi birle siziň ataňyz Soltan Süleýman şa Gazy bagtyýarlyk jylawy we hökmürowanlyk saýawanynyň kölegesinde Rum ýurtlaryny basyp almaga saýlanypdy. Onuň asman deýin şan-şöhratly täleýi we bereketleri zamana ýüzünde ýyldyzlar şasy kibi at saldylar. Bagtyýarlyk atlaryny isleglerine görä çapdyrdylar. Ýurtlaryň, ýaýlaglaryň, gyşlaglaryň, maldyr dowarlaryň eýesi boldular. Söweşler edip, gazylyk sogabyna we şehitlik mertebelerine ýetdiler. Uly kapyr patyşalar birle söweşip, üstün we ýeňiji boldular. Kesgin gylyçlaryň we hanjarlaryň tyglary birle, ok ýaraglary birle ýer ýüzüni duşmanlaryň ganyndan lälezar kibi etdiler.

Gazylar[1] atynyň aýagy tozuny görüp,
Çohdan mesihler[2] ýüki harbar[3] kyldylar.

Çohdan kelise[4] we salbyň[5] ýerine hem,
Mährab-u münber-u der-u[6] diwar kyldylar.

Biz hem «biziň atamyz bir ymmatyň başynda eken. Biz hem onuň yzynda dogry ýola düşüjidiris»[7] hökümi birle şol ýoly eýerip, «Erkin oglan ata-babalaryna eýerýär» sözi esasynda biziň ulumyz we kiçimiz patyşanyň permanyny asmandan inen owaz kibi özümize hökmany we wajyp bileýliň. Döwletiniň garşydaşlaryna garşylyk kylyp, tarapdarlaryna tarapdarlyk edip, elden geldigiçe duruşalyň - diýip, berk antlar içdiler. Ant içenlerinden soňra begler we ulular hoşbagt we bagtyýarlyk birle Keýhysrowy tagta oturtdylar. Üç gezek Oguz däbine öýkünip, hyzmat däp-dessurlaryny berjaý etdiler. Etrap ýolbaşçylary, türk we rum begleri gulluk bilini baglaýyp, sagdan we soldan turdular. Derhem we dinar getirip, seçgi seçdiler. Ýagşy ysly şerbetler we gymyzlar içildi. Anbar we müşk tüsseleri altyn gaplarda tütedildi. Hazynalardan agyr sowgatlar, halatlar, nagt altyn pullar, şerapdanlar, at ýataklardan araby we türki atlar beglere, begzadalara, ýazyjylara, şahyrlara, bagşy-sazandalara we hyzmatkärlere berildi. Ol gün çensiz-çaksyz engam we serpaýlar paýlandy. Has-u aamyň köňli Soltan dostlugyna we söýgüsine karar tapdy. Hemme hoş köňül birle onuň permanyna tabyn boldular.

---

[1] Gazylar - din ugrunda söweşýän kişiler.
[2] Mesihler - hristianlar.
[3] Harbar - eşek ýüki, eşege ýük urmak.
[4] Kelise - hristian ybadathanasy.
[5] Salb - haç.
[6] Der - gapy, işik.
[7] Gurhanyň 43-nji süresiniň 22-nji aýaty.

On güne çenli şadyýanlyk mejlisi we bagtyýarlyk eşreti dowam etdi. Iýdiler içdiler. Oturylyşyk we söhbet bezeglerinden hiç zat kem bolmady. Ondan soňra ýurt aladasyna, raýat gözegçiligine adyllyk we adalatlylyk işlerine meşgul boldular.

## GYLYÇ ARSLANYŇ PERZENTLERINIŇ RUKNEDDIN SÜLEÝMANŞANYŇ HYZMATYNA JEMLENIŞMEGI WE ONY SOLTAN GYÝASEDDINIŇ KASTYNA ÖJÜKDIRMEKLERINIŇ BEÝANY. ÝÜREGE DÜŞGÜNÇ WE UZAKLYK HOWPUNDAN GAÇYP, GYSGA GÖRNÜŞDE HER BIRINIŇ KÄBIR MERTEBELERINIŇ WE DEREJELERINIŇ BEÝAN EDILIŞI

Ýurduň Soltan Gyýaseddine tabşyrylandygy gardaşlarynyň gulagyna ýetende her biriniň kalbynda göripçilik döredi. Olaryň her biri köp goşun, mal we dowara eýedi. Her biri bir welaýata patyşady. Tokat we onuň töwerekleri Rukneddine degişlidi. Danyşment ili we sebitleri Nasyreddin Börkiýarygyň[1] elindedi. Abulystan Mugyseddin Togrul şanyň elindedi. Kaýsaryýe Nureddin Soltanşanyň elindedi. Siwas we Aksaraý Kutbeddin Mälik şanyň elindedi. Malatyýýa Mugyzeddin Kaýsarşanyň elindedi. Erakliýa Sanjarşanyň elindedi. Nekide Arslanşanyň elindedi. Emasyýa Nyzameddin Argunşanyň elindedi. Enkuriýe Muhyýeddin Mesgutşanyň elindedi. Burugly Gyýaseddin Keýhysrowyň elindedi. Şol azda-kände beýan edilen welaýatlaryň hasyllaryndan we söwda girdeýjilerinden atalarynyň soltanlyk diwanyna hiç zat gelmezdi. Tersine, olar ony basyp alyşlara sarp ederdiler. Olar her ýyl bir gezek atalarynyň hyzmatyna gelip, hyzmat şertlerini

[1] Bu at köp ýerlerde «Berkiýaryk» görnüşinde berilýär. Emma «Börkiýaryk» görnüşi has dogry bolsa gerek. «Börk», baş gap, telpek manysyny berip, häzirki wagtda «Börük» görnüşinde saklanyp galypdyr.

berjaý edip, arzuwlaryny hasyl etmek we maksatlaryna ýetmek bilen ýerli-ýerine giderdiler. Älem alymlary we jahan bilimdarlary olaryň ýanlaryna barsalar eziz we hormatly saýylyp, engam we jomartlyklaryny görüp, matlaplaryna we maksatlaryna aňsatlyk bilen ýetip, yzlaryna dolanardylar. Olaryň eýýamynda ylymda baýdagy al asmanda pasyrdap, şygyr nyrhy ýokary derejededi. Özleri hem ylym, suhangöýlikde, hatdatlykda we kämillikde ussat bolup, dürli ylymlardan baş çykarýardylar. Koýlu Hysar we Nekisaryň begi Nasyreddin Börkiýaryk «Hüýrzat we perizat» kyssasyny parsy dilinde goşgy görnüşinde ýazypdyr. Ol ajaýyp, şirin döredilen merjen dürlerini, sagdyn tebigaty we kämil garaýşy bilen bezäpdir we zynatlapdyr. Onuň kitabynyň başky setirlenden çeperçiligine we suhangöýligine delil hökmünde bir bölejik beýan ediler.

## ALLATAGALANYŇ BIRLIGINIŇ YKRARY BARADA[1]

Belent Alla, Mukaddes Taňry,
Tegelek üçegi-asmany ýaratdy.

Hezretiň çapary iki reňki çapar,
Rumly we zeňňi dürli şekilli.

Taýsyz sungatçy nardyň şekili bilen,
Ýedi yklymyň keşbini nard etdi.

Toprak ýürekde lagldyr dür känini,
Pelekleriň penjirelerinden döküýär.

[1] Şu ýerde we eseriň dowamynda pars dilinde ýazylan şygyrlaryň türkmen dilinde sözme-söz terjimesi berildi.

Gulaga çar göwher[1] ýetiriji,
Bu köne we tegelek tasyň heňi.

Gudratyny ýer ýüzüne ýazan,
Pelekleriň täsirli nagşynyň belgisini.

Bu tegelek şekilli mawy gümmezde,
Nurdan iki tegelek peýda etdi.

Gyssanmaçlykda hyýal ýaly çalt geçýär,
Geçip barýan ýyl, aý, edil ýapdaky suw ýaly.

Nagt puldur harydy dört element gürrüň,
Aňy boşlar olar barada köp gürleýär.

Eý, Hudaýym, Sen bizi ýaratdyň,
Olary ýaratdyň, saýlantgy etdiň.

Käte ejiz biz kerem et, perýadymyza ýetiş,
Seň lutpuň hemmelere ýetýär, bes.

## PYGAMBER ALAÝHYSSALAMYŇ WASPY[2]

Bizden Serweriň ruhuna salam bolsun,
Ol ähli barlykdan gowudy-artykdy.

«Löwläk» paýtagtynyň hojaýyny,
Durky pelekleriň ýaradylmagyna sebäp boldy.

---

[1] Bu ýerde dört element (suw, howa, ot, toprak) baradaky düşünje göz öňünde tutulýar.
[2] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.

Pygamberdi, äşgär dini beýan edijidi,
Heniz Adam ata suw bilen toprakdaka.

Iki älemiň çenli-çyrasy boldy,
Şu düşünje-de Adam onuň sebäbindendir.

Onuň mübärek durky barlygyň maksady,
Arşy aýak astyna alandyr.

Binowa ýetimdir, emma jahany bagyşlar,
Aýagynyň astynda asman tep-tekiz boldy.

## ÖZÜNIŇ DURMUŞ BEÝANY[1]

Ýokluk sährasyndan takdyr nagyşçysy,
Meni ýaradylan tagtasynyň ýüzünde çekdi.

Çarhyň şekilini ylym bilen gözledim,
Meger maňa gizlinligi mälim bolar.

Köp syrlar maňa açyldy,
Şu «ýedi enelerdir» «dört atadan».

Ýylyň we aýyň ýanynda bu al-ýaşyl gülşen,
Meniň ömrümden ýetmiş gezek humar oýnady.

Ýüregi bezeýän hünärler,
Ilähi nurlardan hasyl bolýar.

Ýagşydan-erbedi, sagdan-çepi tanadym,
Ýüregim şygyrdan ýaňa galkdy.

[1] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.

Hünäriň üstünden perwaz etdim,
Şygyrdan, kyssadan söz başladym.

Men ilkibaşdan bir ýara köňül berdim,
Şähriýaryň saçagynda oturdym.

Göz açdym, älem işini gördüm,
Gözelleriň zülpi deýin bulaşyk.

Umyt ýakasynyň hersi iki elde,
Adamlary serhoş edýän meý ýaly tutupdyr.

Gördüm, älem işi baş-aýaksyz,
Terligim gidip, ornumda gurap galdym.

Taňrynyň mährem şemaly seslendi,
Her bir zatda nirde bolar, lowurdamak.

Patyşadan ýokary bol eger ýük isleseň,
Bu bossanda tikinsiz gül isleseň.

Özümi ejizlik mekanynda gördüm,
Isa deýin «ýakynlyk» şerbetim içdim.

Ýagşy niýetliler ýaly bendelik ýüzünden,
Şükürinde dilim şygyr goşýan boldy.

Aýdýardym: «Ýa, Rep, bir mährem ber,
Ýaraly ýüregim bar, melhem ber».

Bu bendä bu şatlyk tagtyny berdiň,
Ýok bolmak düzgüninden özüň sakla.

Şehit Möwlana Şehabeddini köňüldeşi we syrdaşy hasaplap, danalygy we köp hikmetleri çintgäp-çintgäp ondan öwrenipdir. Ol köp haýyrlyklar we adyllyklar bilen bezelipdi. Okuwynyň başynda Möwlana Şehabeddin «Pertownama» atly kitabyny onuň mübärek adyna bagyşlap ýazypdyr. Ol kitap çekişme görnüşde ýazylypdyr. Şonuň üçin ol dürli alamatlary we yşaratlary aňlatmakda ussat bolupdyr. Aňy nadanlyk howpundan halas bolupdyr. Abu Aly Ibn Sinanyň ruhy gözgidijilik etjek derejede dürli ylymlardan habarly bolupdyr.

Soltan Gyýaseddin Keýhysrow dürli bilimler birle patyşalyk çemeninde misli serwi huraman boldy. Onuň mährem häsiýeti, açyk göwünliligi, pikirlenmezden çalt we gowy gürläp bilmegi demirgazyk şemalynyň nermi-näzikliginden, aby zülal suwunyň akgynlylygyndan, ýyldyrymyň lowurdaklygyndan we hyýal guşundan öňe giderdi.

**Beýt**

Eýýam perdesinde ne esrar[1] galdy kim,
Gün beýigi röwşen etmedi kalby münewweri[2].

Älemde ab-u häk[3] teräkibini[4] onuň,
Hyjalatle mähw[5] eýledi tyny[6] mutahhary[7].

---

[1] Esrar - syrlar.
[2] Münewwer - nurly, nurlanan.
[3] Ab-u häk - suw we toprak.
[4] Teräkib - garym-gatym, düzüm.
[5] Mähw - ýok.
[6] Tyn - palçyk, laý.
[7] Mutahhar - päk, arassa.

Köp wagtlarda ýazan mesnewilerini we goşgy hünjülerini göwün almazy birle dilip, aby zülal kibi düzüpdir.

Soltan ýat ýerlerde gezip, topalaňlardan parahat halas bolansoň, miras düşen ýurduna dolanyp, tagt üstünde oturdy. Ondan soň Soltanyň mejburlykdan ýat ýerlere gidenligi sebäpli gadym watanyndan göçüp Şam diýarynda mesgen tutan alym, jahanyň serweri Şyh Mejdeddin Yshagy getirmek üçin bir hat iberdi. Ol hatda ýat ýerlerde başdan geçirenlerini, gaýgy-gamlaryny, täze ýagdaýlaryny beýan etdi. Ol hat öz ýerinde beýan ediler.

Eger bu şazadalaryň her biriniň gowy sypatlary we ýagşy häsiýetleri barada söz aýtjak bolsak, onda kitabymyz uzalyp, aýtjak bolýan maksatlarymyzdan daşlaşarys. Olaryň batyrlyklaryny, gaýduwsyzlyklaryny, pälwanlyklaryny beýan etsek, onda olar jan alyjy ar gylyjy birle Rum sebitlerini kapyrlaryň hapysalyklaryndan arassalap, her ýyl bir etrapy basyp alyp, ýüz müň belki ondanam köpräk kapyr ýesir alyp, yslam diýaryna getirip, musulman ederdiler. Bu ýeňişleriniň çawuny külli älemiň adamlarynyň gulagyna ýetirerdiler. Bu gardaşlarynyň köňlünde göripçilik yz goýup, ýurt üstünde dawa baş goýdular. Hemmesi uly gardaşy Rukneddin Süleýmanşa hyzmatynda jemlenşip, Soltan bolan gardaşlary hakynda gep-gybat edip başladylar. Aýtdylar:

— Soltanlyk düzgüniniň öňden gelýän däbinden çykdylar. Ýurdy dolandyrmak ýörelgesinden döndüler. Bize uly gardaşymyz bolan saňa äht edip, seniň bilen birleşmek wajypdyr. Saňa nähili derejede yhlaslylyk etmek mümkin bolsa ederis. Atamyzyň hata işini haka dönderip, bu ar işi namysymyzyň aýnasynyň ýüzünden süpürip, sap ederis.

### Beýt

Gadym haky üçin ki owwalyýetinde onuň,
Ýok idi halky jahan-u jahanyň asary[1].

Olymazuz[2] bu kelamyna atanyň, razy,
Ne ýerde saklaýlyň biz mununňle ary.

Bu görnüşli biderek, bihuda we ýalan-ýaşryk gürrüňler edip, ähdi-peýman hakynda gürrüň edýärdiler. Ahyry Soltan bolan gardaşyny tagtyndan aýyrmaga we özlerini isleg awlarynyň duzagyna düşürmäge başladylar. Eger Soltanda bir hata iş peýda bolsa, olar begenerdiler. Özlerini ol hata işden päk hasaplardylar.

Soltan Rukneddin Süleýmanşa akylly, parasatly we danady. Döwrüň topalaňçylaryny harlyk kemendi bilen özüniň tabynlyk halkasyna çekerdi. Ol duýgy kitaplarynyň röwşenliginden ýaňa geljek ýylky boljak garaýyşlary we agzalalyklary bu ýyl bilerdi. Ol biraz pikirlenip, jogap berdi:

— Atamyza älemiň ýeke-täk Hudaýy baýlyklary we döwletleri ynanandyr. Rum we türk emirleri tabyn bolup, ýanyna gelip, buýruklaryna we yşaratlaryna intizar bolardylar. Her näme diýse, buýursa pelek oňa boýun sunup, çarh oňa tabyn bolýardy. Bize hem onuň hökümlerini ýerine ýetirip, jan we köňül, hormat we sylag bilen onuň bellän adamyny garşylap, gulluk halkasyny gulaga geçirip, tabynlyk lybasyny çignimize geýmek wajypdyr. Şeýle etsek buýsanç bilen kaýsar[3] we Şapur täjinden, hirkul[4] we fagfur[5] kulahyndan[1] öz

---

[1] Asar - eserleri, yzlary.
[2] Olymazuz - bolmarys.
[3] Kaýsar - Rum şalarynyň tituly.
[4] Hirkul - Rum şalarynyň tituly.
[5] Fagfur - Hytaý şalarynyň tituly.

kulahymyzy artyk we ýokary ederis. Öweý ogullardan bolmarys. Her ýürekden, her diwandan kowulan we ýekerilen bolmarys. Atamyzyň döwrüniň özgeren wagty, biziň bilen hoşlaşyp aýrylyşýan wagty onuň hökümine garşy çykmak bilen özümizi beýle bimar etmeklik aňa sygmaýandyr we akyldan daş görünýändir. Soltan Gyýaseddin ýaşda, bizden kiçi bolsa-da, danalykda we akyllylykda «Ynsana bilmeýän zadyny öwretdi» aýatyna görä bizden has akylly we ylymlydyr. Mugallymy oňa hanlyk we patyşalyk edeplerini öwredendir. Kuwwatyn herekete, sözün amala getirjegi anykdyr.

Gardaşlary bu nesihatlary eşidenden soň aňlaryndaky islegleri, göwünlerindäki gowga binýatlary ýok boldy. Hersi näumyt yzyna dönüp, illi-iline gitdiler. Bu wagtda Soltan Gylyç Arslan panydan bakyýete göç etdi diýip habar ýaýrady. Soltan Gyýaseddin özygtyýarlylyk bilen tagt-u bagt we ykbal üstünde oturdy. Ähli nökerler, hyzmatkärler we begzadalar onuň emrine we permanyna tabyn boldular. Şeýle-de ýurduň gyrak-uçlarynda duran türk begleri ýene hyzmata Soltanyň huzuryna geldiler. Gelip, saglyk-amanlyk we mübäreklemek şertlerini ýerine ýetirip, ýasy şatlyga öwürdiler. Täze äht we peýman edip, täze permanlar alyp gaýtdylar. Matlaplaryny we maksatlaryny hasyl etmek bilen ýurtlaryna bardylar.

## SOLTAN RUKNEDDINIŇ KAKASYNYŇ ÖLÜMINI EŞITMEGINIŇ WE MÜLKI DOGANYNYŇ ELINDEN ZORLAP ALMAGA TAGALLA EDIŞINIŇ WE ONUŇ SOLTANLYK TAGTYNDA OTURYŞYNYŇ BEÝANY

Rukneddin Süleýmanşa atasynyň wepat bolandygy baradaky habary eşidende köp aýralyk we hasrat gözýaşlaryny dökdi. Ýas we matam şertlerini ýerine ýetirdi. Emma «Nirede

---

[1] Kulah - telpek, baş gap, tuwulga.

bolsaňyz hem ölüm sizi tapar»[1] aýatyna laýyklykda, hemmäniň başynda ölümiň bardygy ýadyna düşüp, aýralyk közüni gözýaşlarynyň üsti bilen öçürip, göwnüne teselli berdi. «Beýleki doganlarym bu ýitgini we betbagtçylygy ganymat we pursat bilip, her biri özbaşdaklygy ygtyýar kylaýmasyn. Eger gardaşlarym özbaşdaklyga hyýal edäýseler ýurt betbagtçylyga uçrap, topalaňlar, kynçylyklar we urha-urlyklar peýda bolar» diýen gorky bilen, goşuny ýygnamazyndan öň özüni tukatlykdan çykardy, soňra tizden-tiz öz goşunlaryna, serdarlaryna, nökerlerine we esgerlerine adamlar gönderip, olary ýanyna çagyrdy hem-de: «Her kim ýarag we ýöriş taýýarlygyn göreninden soňra şa nökerleriniň yzyndan çaltlyk we gyssanmaçlyk bilen ýöräp, ýolda bize goşulsynlar» diýip, buýruk berdi. Aksaraý sebitlerine ýetende çensiz-çaksyz goşun, käbir gardaşlary, begler we häkimler ýetişdiler. Çünki öňürti olaryň hemmesine gowy wadalar berip, göwünlerini awlapdy. Her biriniň isleglerine we haýyşlaryna laýyk hökümler we kararlar edipdi. Olar doly isleg we höwes bilen onuň mededine we ýardamyna ynam guşagyny guşandylar. Onuň hoşbagt jylawy hyzmatynda paýtagt bolan Konýa bardylar. Konýanyň halky olary dep etmek üçin söweş we uruşa meşgul boldular. Her gün altmyş müň ok atyjy Rukneddiniň goşuny bilen daňdandan agşama çenli jeň kylardylar. Rukneddiniň Konýanyň baglarynyň we bossanlarynyň golaýyna barmaga mümkinçiligi ýokdy. Şeýlelikde, dört aý geçdi. Konýanyň şäher ýigitleri ýygnanşyp, maslahat edip, aýtdylar:

— Soltan Gyýaseddiniň namys aýnasy synmaz ýaly neneňsi gaýratymyz bar bolsa ederis. Tenimizde janymyz barka onuň bilen eden ähti peýmanymyzdan dönmeris. Soltan Rukneddiniň bu ýerde soltan bolmagy mümkin däldir.

---

[1] Gurhanyň 4-nji süresiniň 78-yji aýaty.

Emma patyşalaryň maslahatyna girip, sözlerini diňledip bilýän serdarlar we begzadalar şäherden daşary Soltan Rukneddiniň hyzmatyna adam iberip, hat ýazyp aýtdylar:

— Ikiňizem biziň patyşazadalarymyzsyňyz. Siziň namysyňyzyň goragynyň maslahaty biz hyzmatkärler üçin mümkin boldugyndan wajyp we lazymdyr. Eger Rukneddin atasy diri wagtynda gardaşynyň soltanlygy üçin eden ähdinde durýan bolsa uruşdan we gabawdan elini çekip, goşuny Konýadan çeksin. Biz Soltana nal baha,[1] ýagny bu saparda harç bolan çykdaýjysy üçin şu görnüşde töleg töläliň.

Pul: bäş ýüz altyn.

Ystanbul atlasy: her reňkden üç ýüz donluk.

Zerbap: iki ýüz donluk.

Ýüpek parça: her görnüşinden üç müň arşyn.

Keteni: her görnüşinden on müň arşyn.

At: üç ýüz baş.

Düýe: üç ýüz baş.

Gatyr: iki ýüz baş.

Sygyr: iki müň baş.

Goýun: on müň baş.

Tertip edip, hazynaňa, at ýatagyňa we aşhanaňyza göndereliň. Eger dünýä maksady üçin gardaşynyň göwnüne degmekden, maksady soltanlykda bolsa Gyýaseddin Keýhysrowa, ogullaryna, hazynalaryna, tabynlaryna, toparlaryna we nökerlerine hiç hili zyýan ýetirmejekdigiň barada ant iç. Goý Gyýaseddin maly we esbaby, perzentleri we özüne degişlileri bilen Konýadan çykyp, nirä islese şol ýere gitsin. Biz dagy üç müň pyýadany onuň bagtyýar jylawynyň hyzmatynda, öz isleýän ýurduna ýetýänçä goraýjy we ýolbelet

[1] Haçanda, patyşa bir ýerden geçeninde «Öz atynyň nalynyň» bahasy üçin şol ýeriň häkiminden ýa-da halkyndan alýan salgydy.

edip göndereliň. Ondan soňra biz gapylary açarys. Sen mübäreklik bilen tagta geç.

Bu pikiri Rukneddin kabul etdi. Şol zaman berk iman hem-de emirleriň tutanýerliligi we begzadalaryň şaýatlygy birle äht ýazmaga perman kyldy. Ýanynda duran döwletleriň we yklymlaryň eýeleriniň güwäliginde äht ýazyldy. Şäher serdarlarynyň her biriniň adyna tabynlyk tölegi, goragy we derejeleriniň hökümi ýazylyp berildi. Ähtnama we hökümler şäher halkyna ýetirildi. Olar ýygnanşyp, Soltan Gyýaseddiniň hyzmatyna baryp, hyzmat we tabynlyk ýerini öpüp, doga we sena kylyp, aýtdylar:

— Soltanyň hormatly durky hilegär durmuşyň hadysalaryndan goralsyn. Oňa dürli şady-horramlyklar ýar bolsun. Soltanyň beýik aňyna Allatagala medet bersin. Gabaw müddeti örän uzaga çekdi. Ýarag we azyk az galdy. Rukneddiniň gowgasyny we ýeňişini soltanlygymyzdan we ýurdumyzdan aýryp bilmedik. Şonuň üçin onuň ýanyna adam gönderip, Siz babatda gepleşik kyldyk. Yhlas we tagalla edip, «Gyýaseddiniň soltanlygy hakynda kasam ýat edipdiňiz, Haktagalany we pygamberleri sözüňize kepil tutupdyňyz. Eger ol imana garşy dursaňyz ähli imandan bolmarsyňyz» diýdik. Emma ol hiç bir babatda razylyk bermedi. Onuň soltanlyk söwdasynyň gowgasyny köňlünden çykaryp bilmeýändigini görüp, hiç bir jähtden bu hala çäre we derman tapmadyk. Ahyry «maksadyň soltanlyk bolsa, gardaşlaryňyz we emeldarlaryňyz hiç bir babatda Soltan Gyýaseddine, perzentlerine, degişli adamlaryna, ulusyna-kiçisine, mal we hazynasyna asla azar bermesin. Gyýaseddin haýsy ýeri maslahat görse göwnüniň islän ýerine gitsin. Biz oňa barjak ýerine ýetýänçä üç müň esgeri ýolbelet we goragçy hökmünde hyzmatyna goşup iberýäris. Gyýaseddin sag-salamat barjak ýerine baryp, bize habar geleninden soň gala derwezeleri açylar. Siz şuňa razy bolsaňyz kasam edip, ähtnama ýazyp

gönderiň» diýdik. Soltan Rukneddin dagy bu pikiri dogry saýyp, bize - gullaryňa ähtnama we permanlar gönderdi. Eger sizden ejazat bolsa, bu ähdi kabul edeliň. Patyşanyň häzirlikçe täleý ýyldyzy öçügsilenen hem bolsa, birnäçe wagtdan ýene-de bagtyýarlyk derejesinde lowurdar. Eger muňa razy bolmasaňyz gaýtadan uruş we söweşe baş göterip, hanymanymyzy, ähl we öwladymyzy patyşanyň ýolunda gurban ederis.

Soltan jogap berdi:

— Bu söweşilen dört aýyň içinde siziň maňa bolan yhlasyňyz we wepadarlygyňyz mälim boldy. Siz meniň üçin köp azap we ejir çekdiňiz. Maňa mährem bolup, eden ähdi-peýmanyňyzda hiç hili keltelik etmediňiz. Indi size azar bolman giderin. Ýene bir adam goýberip, gardaşym bilen ikilenç ähdi-peýman baglaşyň. Ol siziň bilen öňki baglaşan ähdi-peýmanyny azajyk hem bozmajakdygyna berk ant içsin. Şeýle-de meniň çykyp gitmegime ýol bersin.

Ýene iki kişi gönderdiler. Baryp gardaşy ikilenç berk ähdi-peýman edip, ony bozmajakdygyna ant içdi. Soltan Rukneddin ol gelen iki kişä öz tarapyndanam iki kişi goşup, Soltan Gyýaseddiniň hyzmatyna şähere gönderdi. Ähtnamany getirip, Soltan Gyýaseddine berdiler. Soltan Gyýaseddin haty okap, hatyrjem bolup, şäher halkyna ýüzlendi:

— Maňa siziň ýaýçylaryňyz gerekmez. Men öz nökerim we jemagatym bilen göç kylyp, ýurtdan çykaryn. Haktagala türkgellik kylyp, mejburlykdan watandan aýralygy ygtyýar etdim. Siziň hemmäňizi Taňra tabşyrdym. Men gidenimden soňra gardaşymyň hyzmatyna baryp, ony hormat we dabara bilen tagta geçiriň.

Olar bilen hoşlaşyp, bala-çagalary we degişli adamlary bilen göç etdi. Aýralyk odunyň közünden ählisiniň jigeri kebap bolup, gözýaşy hunab bolup, ýüzi üzre dökülýärdi.

# SOLTAN GYÝASEDDINIŇ WATANDAN AÝRA DÜŞMEGI WE BU SAPARDA ONUŇ BAŞYNDAN GEÇIREN WAKALARYNYŇ GYSGAÇA BEÝANY

Garaňky gatlyşyp, ýyldyzlar ýaldyrady. Ýaldyrawuk we lowurdawuk ýyldyzlar asmanyň mawy çemenliginde peýda boldy. Soltan özüniň adamlary bilen şäherden çykyp, Ystanbula tarap, Akşäher ýoluny öňe tutup, ugradylar. Geň we täsin hadysalardan şeýle bir ýagdaý onuň başyna düşdi. Ýagny gyssanmaçlykdan we haly perişanlygyndan ogullary Yzzeddin Keýkowus we Alaeddin Keýkubat özüniň hyzmatyndan aýra düşdüler. Soltan ugran wagtynda gyssanmaçlykdan olar barada alada etmegi unudypdy. Şäherden çykyp, Ladyk atly bir oba ýetdi. Ol obanyň raýatlary nadandyklary we akmakdyklary sebäpli onuň nökerlerine, ýakynlaryna we gullaryna äsgermezçilik edip, gowga we söweş kyldylar. Käbirlerini ýaraladylar. Köp zatlaryny talap aldylar. Soltan bu ýagdaýy görenden soň ol ýoldan dönüp, Larynda ýoluna düşdi. Gardaşyna kine bilen bir hat ýazyp iberdi. Hatda şeýle ýazdy:

— Soltan özüniň yzzaty we soltanlygy üçin bizi ýat, gussaly we harlyk ýoluna göndermäge razy boldy. Emma bir atanyň ogullary bolup, bir obanyň halaýygy bize ýagny, kiçi gardaşyna munça biedeplik we harlyk kylanlarynda ol, muňa neneňsi razy bolup bilerkä?!

Soltan Rukneddin şähere girip, tagtda oturdy. Şol hal Soltan Gyýaseddiniň çaparlary gelip, haty berdiler. Haty okap, örän gazaba münüp, gaharlanyp, namys ody köredi we gaýrat deňzi möwç urdy. Emma maslahatdan ötri olary çagyryp, aýtdy:

— Meniň ýurdumyň halaýygy garşydaşlara siziň edişiňiz ýaly eder. Eger «Pygamberiň borjunda diňe (habar) ýetirmek

bar»[1] aýatynyň hökmünde bolmasaňyzdy, onda sizi öldürip, etleriňizi guşlaryň we haýwanlaryň iýmiti we itleriň lukmasy etdirerdim.

Soň üm we yşarat bilen «Bulary bir öýde ýerleşdirip, hyzmat kylyp, serpaýlaň. Men bolsa bu hadysanyň çäresini we bolup geçen betbagtçylygyň öweziniň dolunmagynyň alajyna meşgul bolaýyn» diýip, buýurdy. Ondan soňra şähere jar çekdirip «Gardaşymyň adamlaryny ynjydyp, olaryň hakyndan çykan adamlaryň hemmesi meniň gapyma gelsinler. Her kim şolardan alnan gul, at we dondan bir nyşan getirse, getiren zadynyň öwezine iki barabar zat berjek. Bir oba, pul we halat berjek» diýip, aýtdyrdy. Welaýata habar düşdi. Ol işi eden ähli raýatlar onuň gapysyna gelip, her biri gul, at, don, peýkam, gylyç we şuňa meňzeş alan zatlaryny getirdiler. Her biri öz islegini arz ederdi. Soltan olaryň arzyny güler ýüz bilen diňläp, her birine süýji sözler bilen şatlandyryjy we rahatlandyryjy umytlar berdi. Her topary özüne degişli şäher häkimleriniň birine berip, «saklaň» diýip tabşyryp, «parahatlyk wagtynda olaryň maslahatyny ederis, oňa çenli ýagşy we hoş saklaň» diýip, höküm etdi. Soňra: «Yzzeddin Keýkowusy we Alaeddin Keýkubady tapyň we getiriň» diýdi. Ýanyna getirdiler. Olary ýanyna alyp, ýüzlerinden öpdi. Ikisini iki ýanyna alyp, dildarlyk etdi, hal-ýagdaý sorady we aýtdy:

— Eger meniň ýanymda bolsaňyz, sizi janymdan eziz söýüp, mümkin boldugyndan hoş tutaryn. Hazynamda bar bolan zatlar, matalar, atýatakdaky görkli atlar, şeýle-de göwnüňiz näme dilese, siziňkidir. Eger ataňyzyň söýgüsi üstün bolup, aýralygyna sabyr etmeseňiz bagtyýarlyk we salamatlyk bilen göndererin, ýoluňyz açykdyr.

Ol ikisine öňürti Soltanyň adamlary:

---

[1] Gurhanyň 5-nji süresiniň 99-njy aýaty.

— Eger Soltan munuň kibi söz sözlese «soltan biz-gullaryna neneňsi mähribanlyk we hoşamaýlyk etse şol bize ýarar. Emma atamyzyň aýralygyna sabyr ederis diýiň» - diýip öwredipdiler.

Olar şeýle jogap berdiler. Gözleriniň ýaşlary güler ýüzleri üzre rowan boldy. Soltan olaryň aglamagyna örän gyýylyp, olary atalarynyň hyzmatyna göndermegi niýetine düwüp, nepis gymmatly sylaglar, patyşahana halatlar, bezelen guşaklar, kümüş çaýylan ajaýyp täçler, altyn we göwher bilen bezelen eýerli we gotazly atlar, sansyz-sajaksyz pul we lybaslar berdi.

Ondan soňra Soltanyň güler ýüz görkezmegine aldanyp, gowulyk we mähribanlyk umydy bilen öz günälerini boýun alan ol günäkerleri ýanyna getirtdi. Ikilenç şazadalaryň ýanynda olardan sorady. Tükel hemmesi öz günälerini ikilenç boýun aldylar. Soltan jellatlara buýrandan soň, hemmesini şäher küňrelerinden çüýlediler. «Her kim seljuklara munuň ýaly gödeklik we biedeplik etse, onuň jezasy budur» diýdi. Ladyk obasyny oda berdiler. Soňra şazadalary atasy hyzmatyna ýola saldy. Beglerden we ýakynlaryndan birnäçesini ugratmaklyk düzgünini berjaý etmek üçin ermeni galalarynyň sebtine çenli bile gönderdi. Ol ýere bardylar. Görseler Soltan Gyýaseddin onda ogullaryna we degişli adamlaryna garaşyp duran eken. Baryp, mübärek elini öpdüler. Ötünç soradylar. Soltan olaryň ötünçlerini diňläp, sylaglap, ugradýanlary yzyna dönderdi. Soltan öz perzentleri we tabynlary bilen ol döwürde Leýfun atly şanyň golastynda bolan ermeni diýaryna girmegi buýurdy.

## SOLTAN GYÝASEDDINIŇ ERMENISTANA GIRMEGINIŇ BEÝANY

Leýfuna Soltan Gyýaseddiniň mübärek gadamyndan habar ýetenden suwsan teşne kibi we baýram aýyna garaşýan agzy

bekli kişi kimin tagzym we hormat bilen garşylamaga çykdy. Nazary Soltanyň bagtyýar saýawanyna düşenden atyndan düşüp, baryp Soltanyň elini öpdi. Hormat we göwnüpeslik bilen Soltana doga we sena kyldy. Hyjuw we şadyýanlygyndan ýaňa Soltanyň hormatly kalbyny neneňsi sözler bilen awlajagyny bilmeýärdi. Bir aýlap Soltany özüniň ilinde myhmanlady we serpaýlady. Her gün özüniň gezelenç edýän we dynç alýan ýerlerinde dürli-dürli zyýapatlar kylyp, saçak ýazyp, şeraplar dökerdi welin, diňe bir ähli jemagatyna däl, il-halkyna dagy ýeterdi we artardy. Soltanyň göwün ynjysyny azaltmak üçin dürli-dürli oýunlar, geň-taň we nepis zatlary getirip görkezerdi. Her hepdede köp jahan lybaslaryny we pereňistan matalaryny oňa peşgeş kylardy. Şeýlelikde, myhmanparazlykda, hormatda, hyzmatda kemini goýmady. Soltan göç edip ugranda, öz iliniň serhedi Derbende çenli hyzmatynda bile bardy. Ol ýerde-de uly myhmandarlyk edip, köp peşgeşler berdi. Ertesi Soltan Leýfuna aýratyn halat geýdirip, eýer-esbaply aýratyn at mündürip, iline dolanmaga rugsat berdi. Leýfun halady geýip, Soltanyň elin öpdi we hoşlaşyp, öz iline gaýtdy.

## SOLTANYŇ EBELISTAN SEBITINE GELMEGINIŇ BEÝANY

Soltan ermeni sebitlerinden geçip, mübärek uýanyny Ebelistan tarapa öwürdi. Ebelistanyň patyşasy Mugyseddin Togrulşa ibn Gylyç Arslan birküç gün hyzmatynda gardaşlyk hakyny ýerine ýetirdi. Patyşazadalara laýyk we muwapyk sylaglar we hyzmatlar etdi. Şäheriň kazysyny, alymlaryny çagyryp, olaryň ýanynda «Bagtyýar soltan bolan Gylyç Arslanyň maňa mülk edip beren Ebelistan ýurduny beýik soltan, gardaşym Gyýaseddin Keýhysrow ibn Gylyç Arslana mülklüge berdim. Şu günden başlap, meniň, öwladymyň we

garyndaşlarymyň Ebelistana, oňa degişli bolan şäherçelerine we obalaryna dahylymyz we eýeçiligimiz bolmaz» diýip, ykrar etdi. Begler we begzadalaryň huzurynda mülknama ýazylyp, möhürlendi. Her günki adaty boýunça myhmanlyk we meýlis edip, ulular we begleriň ýanynda mülknamany öpüp, Soltanyň öňünde goýdy. Soltan alyp okady. Onuň husny ahlagyna, mähribanlygyna, mähremlik we jomartlygyna doga we sena edip:

— Munuň ýaly adamkärçilik kimde bar?! - diýip, namany öpüp, maňlaýyna degrip aýtdy:

— Bu peşgeşi kabul kyldyk we ýene saňa bagyşladyk.

Adamlar haýran galdylar. Ondan soňra aýş-u eşrete başlap, meýlisi soňladylar. Birküç günden soňra Soltan Malatyýa ugramagy ýüregine düwdi. Bu pikiri gardaşy eşidenden soňra oňa ýüz müň altyn, otuz baş saýlantgy at, otuz gatyr, elli düýe, ýigrimi sany gul, on gyrnak we oňa laýyk hülleler tertip etdi. Olary öz hazynadary bilen Soltanyň emeldarlarynyň we kethudalarynyň huzuruna gönderdi. Muny Soltana beýan edenlerinde ony kabul etmedi. Mugyseddiniň hajyplary we ynamdarlary «kabul ediň» diýip, ýalbardylar. Soltan olaryň sözleri bilen kabul etdi. Soňra Melik Mugyseddini ýanyna çagyrdy. Ol gün Soltanyň ordasynda aýşy-eşret we söhbete meşgul boldular. Ertesi Soltan Melik Mugyseddine gymmatly halatlar, zer bilen tikilen jüpbeler, patyşalyk guşak, şalyk tuwulga berip, özi bagtyýarlyk bilen Malatyýa tarapa ugrady. Mugyseddin hoşlaşyp, öz menziline dolanmaga rugsat diläp, yza döndi.

## SOLTANYŇ MALATYÝA SEBTINE ÝETMEGINIŇ BEÝANY

Soltanyň gelýändigi hakynda Mugyzeddin Kaýsarşa habar edenlerinde gonaklyk ýaragyn taýýar kylyp, ähli tabynlary we

ýaranlary birle ony garşylamaga çykdy. Soltany daşdan görenden atdan düşüp baryp, Soltanyň elini öpdi. Görüşdiler. Ýene atyna mündi. Soltanyň öz mülkünden çykarylandygyna örän gynanç bildirip, ýokary derejede yzzat-hormat kyldy. Hazynalarynyň kiltlerini Soltanyň hazynadarlarynyň eline berdiler. Olara ähli işlerde we maksatlarda doly ygtyýarlyk berdiler. Her gün her dürli hyzmat, eşret we zyýapat ederdiler. Bir gije keýpi-sapa we oturyşlyk wagtynda ol Soltanyň öňüne baryp, edep bilen dyzyna çöküp, Soltana arz etdi:

— Eger Soltany älem rugsat berse Melik Adyl bolan gaýyn atamyň ýanyna gidip, onda ornaşaýyn. Bu mülki bolsa Soltana we tabynlaryna berip, ony öz tabynlygymdan boşadaýyn. Soltan mübäreklik bilen bu ýerde ýaşap, betbagtlyk eýýamy geçip, bagtyýarlyk berkararlyga öwrülýänçä munda mekan tutsun.

Soltan ol teklibe ýylgyryp, aýtdy:

— Melik Adyl bir akylly we kämil patyşadyr. Şonuň üçin Mugyzeddin bilen garyndaş bolandyr. Häzirki wagtda gowusy men onuň ýanyna baraýyn we äşgärlikde şu ýagdaýym dogrusynda onuň bilen maslahat edeýin. Göreýin näme diýýär. Sen öz ýeriňde gal. Gardaşyň bilen munuň ýaly mylaýymlyk we hoşgylawlyk etmek seniň görkli ahlagyňa adat we endikdir. Meni Taňrytagala tabşyryp, Haktagalanyň gaýyp perdesinden nämeleriň ýüze çykjakdygyna şu ýerden seret.

Soltan birnäçe wagtdan soňra Halap şäherine ugramagy niýet etdi. Melik Mugyzeddin öz hareminden bahasy elli müň altyn bolan bir gülbendi çykaryp, Soltanyň hazynadalarlaryna berdi. Ondan gaýry nagt pul, matalar, at, gatyr we gullar berdi. Soltany üç günläp öz serhedine çenli ugradyp, hyzmatlar etdi. Ondan soňra Soltan oňa halat serpaý berip, öz watanyna gönderdi. Özi Şam diýaryna ýöneldi.

## SOLTANYŇ ŞAM HÄKIMINIŇ ÝANYNA BARMAGYNYŇ BEÝANY

Şam meliklerine: «Asmanyň daň-säher şasy birden olaryň ýurtlaryna şöhle saçdy» diýen habar ýetenden olara garşy köp iýer-içer ýaly zatlar we ýükler gönderdiler. Ertesi ähli goşuny we halaýygy bilen garşylamaga çykyp, onuň huzuryna ugradylar. Iki tarapyň adamlary biri-birine golaýlaşyp duşuşdylar. Şamlylar atdan inip, ýer öpüp, arap patyşalarynyň adaty bolan köp dürli hezzet-hormatlary ýerine ýetirdiler. Jübi-jübi derhem we dinar seçip, arap jarçylary «Hoş geldiňiz!» diýşip:

«Soltany älem öz öýüne we mekanyna hoş geldi. Mülki-maldan we hyzmatkärlerden her näme bar bolsa, Soltanyň aýak tozuna seçgi edeliň. Soltanyň mübärek hatyry biziň diýarymyzda gaýgy-gama batman, şady-horram bolsun. Tä öz döwletine we soltanlyk tagtyna barmagynyň pursaty bolýança şu ýerde ýaşasyn. Soltan mübärek hatyryny hoş tutup, çar daglaryna, bossanlyklara we dynç alyş ýerlerine eýe bolan bu bagtyýar yklymda aýş-u eşrete meşgul bolsun. Her wagt kalbynda meýdana gitmek, top oýnamak ýa-da aw awlamak we şikar etmek meýli dörese, biz, gullaryna buýursyn. Biz onuň bagtyýar jylawynyň hyzmatynda bile baryp, tä ýurduna dolanýança, hormata mynasyp bolalyň. Çünki dünýäniň ahwaly bir kararda durmaz. «Elbetde, her bir agyrlyk-muşakgat bilen bile bir ýeňillik hem bardyr»[1] diýen hüküme görä, her kynçylygyň yzyndan ýeňillik bolýandyr» diýip, ýaň salýardylar.

Soltana her gün bir melik myhmandarlyk we zyýapat ederdiler. Her bir melik ýokary derejede hyzmat kylyp, dürli-dürli araby atlar, lybaslar, pul we matalar peşgeş bererdiler. Bu

---

[1] Gurhanyň 94-nji süresiniň 6-njy aýaty.

görnüşde birnäçe wagt geçdi. Soltanyň köňlünde Amyt ýurduna sapar etmek meýli döredi. Şam melikleriniň hersi ýene-de arap atlaryndan, gündogar gullaryndan, Müsür we Iskenderiýa parçalaryndan, altyndan-puldan tertip edip, Soltan hyzmatyna gönderdiler. Birküç gün ugradyş hormaty üçin bile gitdiler. Ondan soňra Soltan her birine halatlar berip, olary yzyna gönderdi.

## SOLTANYŇ AMYT ÜLKESINE GELŞINIŇ BEÝANY
## (Allatagala ony abadan etsin!)

Soltanyň Amyt sebitlerine ýetenini ilkibaşda onuň gyz gardaşyny alyp, soňra bolsa halypa Nasyreddinullanyň gyzlaryndan birini alan giýewsi Melik Salyha habar edenlerinde ähli ogullaryny hyzmatkärleri we nökerleri bilen Soltany garşylamaga ugratdy. Onuň buýrugy boýunça köşgi dürli parçalar, ýaraglar we altyn-kümüş gap-gaçlar birle bezediler we doldurdylar. Otaglarda aý ýüzli gullar, öýlerde hüýr ýaly kenizler häzirläp goýdular. Özi dagy iki günden soňra öz begzadalary bilen Soltany garşylamaga ugrady. Nazary Soltanyň bagtyýar saýawanyna düşende, atdan düşmek isledi. Emma Soltan hajyplaryna «Ýortuň, baryň, Melige atdan düşmäge pursat bermäň» diýip, höküm etdi. Buýrugy ýerine ýetirdiler. Has ýakynlaşdylar. Ýene atdan düşmek isledi. Soltan ony atdan düşmäge goýmady. At üstünden elini öpüp, görüşdi. Ondan soňra içginlik bilen hal-ahwal soraşdylar. Şäher derwezesine ýakynlaşýança Soltana dildarlyk we hoşamaýlyklar etdi. Soňra atdan düşüp, şähere çenli pyýada ýöredi. Çawuşlar we jarçylar belent ses bilen «Hoş geldiňiz!» diýip gygyrýardylar. Amyt halky doga we sena edýärdiler. Soltan köşk gapysyna geleninde Melik Salyhyň ogullarynyň

her biri bir tabak altyn göterip, onuň üstünden seçdiler. Parçalar we halylar düşediler. Soltan özi üçin bezelen tagta geçip oturdy. Ýazylgy duran saçaklardan tagamlar iýildi. Işdäňi açyjy gülaby şerbetler içildi. Melik Salyh galalarynyň we hazynalarynyň açarlaryny Soltanyň öňüne getirip:

— Eý adamlar, şaýat boluň! Men galalarymy, şäherlerimi, mallarymy, adamlarymy, hazynalarymy, düýelerimi, atlarymy, baýlyklarymy, parçalarymy, düşeklerimi we altyn-kümüşlerimiň ählisini şu Soltana bagyşladym - diýdi.

Soltana onuň beýle sahawaty örän hoş gelip, begendi. Mähremlik bilen:

— Allatagala saňa berimleriňem ýagşysyny bersin, ýurduňy hilegärlerden dep etsin, bela-beterlerden gorasyn. Sowgatlaryňy hormat bilen kabul etdik we yzyna gaýdyp berdik. Allatagala seniň ömrüňi uzaltsyn, bereketiňi artdyrsyn, hümmetiňi kem etmesin. Gadyr-gymmatyň artsyn, hormatyň egsilmesin. Ýurduň we halaýygyň abat bolsun, hiç haçan ýeňlişe sezewar bolma, mülküňe guwan - diýdi.

Ondan soň birneme gürrüňleşdiler we söhbetleşdiler. Saçak geldi. Örän tagamly naharlar çekildi. Gap-gaçlar, tabaklar ol tagamlaryň hoşlugyndan örän bezemen bolup, hoşboý ysly tagamlaryň lezzeti iýenleriň işdälerini açýardy. Tagam iýilip, hyzmatyndakylar öýli-öýüne gitdiler. Soltan aýal doganyny görmäge içeri girdi. Uýasy Soltanyň özgeren keşbini görüp, ýurdundan aýrylanlygy üçin aglap, Soltanyň aýagyna ýykyldy. Bir zamandan soň köşeşdiler. Uýasy aýtdy:

— Şahy jahan (älem şasy) ýurdundan aýrylanyna melul bolmasyn. Hergiz Gün örtülmeden we Aý tutulmadan, ýyldyzlar süýnmekden boş bolmaz. Biziň ähli bar bolan altyn-kümüşlerimiz, sürülerimiz, ulaglarymyz we ähli zatlarymyz Soltanyň başyna seçgi bolsun. Soltan şu ýerde ýaşap, Allatagalanyň sungunyň geň-taň syrlarynyň takdyr perdesinden

açylyşyna çenli şu ýerde garaşsyn. Allatagala bu haldan owwalky hala bir ýagdaýdan beýleki bir ýagdaýa getirer.

Uýasy bilen bir zaman ol görnüşde gepleşdiler. Soň Soltan turup, öz otagyna gitdi. Öý hyzmatçylary gelip, ýer öpüp, doga we sena kyldylar. Melik Salyhyň häzirlän türki, rusy we çerkesi görkli we owadan kenizlerini Soltana arz etdiler. Soltan nazary kabul bilen seredip, hylwatynda ol zenanlar birle dynç aldy, olar birle gujaklaşyp we oýnaşyp biraz olar bilen eglenişip, wagtyny hoş geçirdi. Ondan soň taýýar edilen bezm we içgi otagyna ugrady. Süýji şire-şerbetler içip, saz diňlemäge meşgul boldy. Göwnüňi göteriji we rahatlandyryjy sazlar we aýdymlar bilen gussa we gamyny dep etdi. Bu gijäniň göwün açyjy mejlisini şeýle ýagdaýda daňa ýetirdiler.

Ol ýerde köp wagtlap ýaşady. Soňra Ahlat şäherine ugramagy niýet etdi. Melik Salyh sylag-hormat şertlerini ýerine ýetirip, köp pullar, parçalar, gullar we araby atlar berip ugratdy. Bir menzil ugratmaklyk dessury bilen hyzmatynda ýöredi. Ertesi Soltan Ahlata ugrap, Melik Salyh Amyda dolandy.

## SOLTANYŇ AHLAT ÜLKESINE GELŞINIŇ BEÝANY

Melik Bulban Soltanyň mübärek gadamynyň Ahlata aýak basandygynyň habaryny eşidende bäş günlük ýola, ogullaryny, garyndaşlaryny, tabynlaryny we ýaranlaryny köp azyklar, nygmatlar we içgiler bilen garşylamaga öňünden gönderdi. Her menzilde iýgi-içgiler, myhmandarlyklar taýýarladylar we tertiplediler. Bir günden soňra özi hem ýakynlary we garyndaşlary bilen garşylamaga ugrady. Golaýlaşyp, nazary Soltanyň mübärek saýawanyna düşende, derrew gul dek atdan düşüp, pyýada ýöredi. Öňe baryp, hyzmat ýerini öpdi. Hormat, mähribanlyk we gamhorluk şertlerini ýerine ýetirdi. Soltanyň

ýanyna baryp, onuň elini öpdi. Soň Bulban Soltanyň yşaraty bilen atyna münüp, aýtdy:

— Bäh, bäh, döwlet güneşi biz kemine guluň üstüne nägehan şöhle saçdy. Bäh, bäh, bagt ýyldyzy gizlin perdesinden jemalyny görkezdi. Hudaýa şükür, Soltany älem bize bereket getirdi.

Her araýa ki ere namyň, haşara dek bireýp[1]-u şek,
Buýy döwlet ere häki rehgüzeriňden[2] şah-a.

Huby Tapuň[3] bezminden döwletli destiň badadan,
Päki samgyň saz-u çeşmiň ruýy täzäňden şah-a.

Ýoldaşyň bagt-u sagadat kanda kylsaň azm-u rezm[4],
Tä ebet ykbal olsun ýary garyňdan[5] şah-a.

Soltanyň jylawy hyzmatynda ýoldaş bolup ýörediler. Şähere golaýlaşanlarynda atyndan düşüp, köşgüň gapysyna çenli Soltanyň jylawun tutup, onuň öňünden pyýada ýöredi. Soltan hernäçe garşylyk görkezse-de, atyna münmedi. Soltan köşk işiginde atdan düşende gymmatly kemhalar, atlaslar we rumy zerbaplary onuň aýak astyna düşediler. Köp derhem we dinar getirip, Soltanyň üstüne seçdiler. Soltan içeri girip, tagta geçdi. Tagzym şertleri ýerine ýetirilenden soň Bulban bir uly zyýapat we gonaklyk etdi. Şeýle bir bezm edip, şeýle bir aýş-u

---

[1] Bireýp – şeksiz, gürrüňsiz.
[2] Rehguzer – ýol geçme, ötegçi, ýoldan ötme.
[3] Tapuň – dergäh, gapy.
[4] Azm-u rezm – ýöriş we uruş.
[5] Ýary gar – gowak ýoldaşy. Bu ýerde Abu Bekr bilen Muhammet pygamberiň wakasy göz öňünde tutulýar. Muhammet pygamber Mekgeden Medinä göçende duşmanlardan gaçyp birnäçe wagtlap gowakda oturýar. Şonda oňa Abu Bekr hemra bolupdyr.

eşret we horramlyk etdi welin, wasp edijileriň waspyndan zyýada boldy.

Bir müddet Soltan onda ýaşady. Bulban her gün bir dürli hyzmat edip, dürli hormatlar bilen hiç zadyny egsik etmedi. Ahyry Bulban galalarynyň açarlaryny, hazynalaryny, Soltanyň hyzmatyna getirip:

«Şahy jahan bu ýönekeýje zatlary öz ýakynlaryna we tabynlaryna üleşdirsin. Bu kemine guly hem başardygyndan Size yhlas we tarapdarlyk işlerini eder ýaly bir derejä bellesin. Meniň aýdanlaryma Allatagala şaýatdyr - diýip, haýyş etdi. Soltan jogap berdi:

— Meligiň (Bulbanyň) sahylyk we jomartlyk meýdany hiç kimiň hyýalyna gelmejek derejede giňdir. Haktagalanyň keremi birle bagt derýalary maksadymyzyň Erem bagynda akyp, Meligiň eden işleriniň öwezini doldurar.

Bir müddet onda ýaşandan soňra Janyýata ugramagy niýet etdi. Melik şol müddetde taýýarlan gözel zatlary bilen birlikde otuz müň altyn pul, bezelen eýeri we uýany bilen, on baş araby at, on baş türki at, on baş iki örküçli düýe, bäş adam gul, bäş sany keniz Soltana gönderdi. Bir-iki gün Soltanyň hyzmatynda bile gitdi. Soň Soltandan rugsat alyp, öz mesgenine dolandy.

## SOLTANYŇ JANYÝAT TARAPYNA UGRAMAGY WE ONDAKY HADYSALARYŇ BEÝANY

Janyýat melikine Soltanyň mübärek gadamyndan habar eşidilende ony tagzym bilen garşylady. Hormat däplerini ýerine ýetirmek bilen Soltanyň bagtyýar saýawanyna gadam goýdy. Ygtyýarynda bar bolan ähli zatlary Soltanyň hyzmatyna bagyşlap, aýtdy:

— Soltandan towakgam budur. Soltan Janyýat mülküniň bar hasyllaryny özüne we tabynlaryna sarp etsin.

Soltan onuň jomartlygyna we adamkärçiligine köp şükürler we aperinler kyldy. Birnäçe wagt ol ýerde ýaşandan soň, Stambula gitmegi ýüregine düwdi. Janyýat meligi gämiler häzir edip, ussat gämiçilere we deňizçilere ýarag we azyk bilen gämileri doldurmagy buýurdy. Soltan «Ol aýtdy: «Gämä münüň! Onuň ýöreýşi hem durşy hem Allanyň ady bilendir» aýatyny okap, tabynlary we ýaranlary birle gämä mündüler. Melik dagy hemra bolup, bile girdi. Soltan onuň bilen birküç käse nahar iýip, geýip ýören jüpbe we sowudyny, guşak we nowruzy börügini oňa bagyşlady. Yzyna dolanmaga rugsat berdi. Melik Soltanyň elin öpüp, gämiden çykyp, öz mesgenine gaýtdy. Gämiçiler ýelkenlerini galdyryp, Stambula ugradylar. Birnäçe wagtdan soň Stambul bogazyna geldiler. Takdyr birle ol gije ýagmyr ýagyp, gaty ýel gopdy. Güýçli ýel ösüp, Soltanyň gämilerini ýel alyp gaçyp, Magryp diýarynyň kenaryna oklady. Haçanda daňdan özlerini Magryp diýarynyň kenarynda görenlerinde bialaç, gaýgyly we girýan bolup deňizden kenara çykdylar. Soltan gämiçilere sylag we engam berip, yza dönderdi. Özi bolsa tabynlary bilen ol sebitlerde aýlanyp ýörerdi. Ol tä emiril möminin Abdyl Mömininiň (Allatagala ondan razy bolsun!) ýanyna gelýänçä alaçsyz ol ýerlerdäki zalym patyşalar bilen wagtyny geçirmeli bolupdy. Emiril- möminin Soltany gowy garşylap, öz hormatyna mahsus derejesinde derejeledi, hormat goýdy. Emma Soltan Magryp araplarynyň ýowuz ahlagyndan ynjardy welin, çäresiz sabyr eýlärdi. Birnäçe müddet ol ýerde ýaşap, Stambula gitmäge rugsat diledi. Emiril-möminin Soltana örän hezzet hormatlar edip, gämiler we köp serpaýlar berip ugratdy.

## SOLTANYŇ MAGRYP TARAPYNDAN STAMBULA GELMEGINIŇ BEÝANY

Ol döwrüň Fasylýusy[1] Soltanyň gelmegini özüne dereje we mertebe bilip, ullakan sarpalar bilen sylag-hormatlary soňky çägine çenli ýokary göterdi we aýtdy:

— Patyşahy yslam bu ýurdy öz emeldarlaryna tabşyrsyn. Adyllyk we birlik sapasy bilen herne bar bolan hazynany we baýlyklary özünki bilip, sarp etsin.

Soltan oňa aperin kylyp:

— Munuň kibi birnäçe ýurt hem seniň kibi beýik mertebeli Fasylýusa azdyr - diýdi.

Fasylýus her gün yzygiderli uly mejlisler we gonaklyklar ederdi. Soltany öz tagtyna geçirip, söhbetler we mähribanlyklar ederdi. Soltan ýanynda bolmasa, azajyk zat hem iýip-içmezdi. Birnäçe wagt ol ýerde ýaşandan soň bir geň-taň waka bolup, ol waka sebäpli bu ülker kimin topar ýedigen ýaly boldy.

Fasylýusyň ýanynda batyrlyk we gaýduwsyzlyk bilen Pereňistan we Rum şäherlerinde meşhur, tanymal bolan bir pereňli bardy. Ol her ýyl on müň altyn hak alardy. Eger diwan begleri onuň hakyny bermegi azajyk gijikdirseler Fasylýusa uly igençler aýdyp, biedeplik we bihaýalyk görkezerdi. Utanman, näme gerek bolsa, sözlärdi.

## SOLTANYŇ RUM MEÝDANYNDA PEREŇLI BILEN SÖWEŞMEGINIŇ WE SOLTANYŇ ONY ÝEŇMEGINIŇ BEÝANY

Bir gün ol pereňli haky babatda diwanda kätipler bilen çekeleşip, dawa we goh-galmagal edip, olardan şikaýat edip,

[1] Fasylýus - şa, patyşa, hökümdar.

Fasylýusyň ýanyna geldi. Fasylýus hernäçe pereňçe «Bu gün Soltan bu ýerdedir, sabyr et, ertir seniň razylygyň üçin çäre görüler» diýsede pereňli sözüni gutarman, gödeklik we edepsizligini bes etmezdi. Onuň bihaýalygy hetden aşdy. Soltan gaharlanyp Fasylýusdan sorady:

— Bu beg kişi ne diýer?

Fasylýus jogap berdi:

— Diwan işgärleri munuň hakyny bermekde gijikdiripdirler. Şoňa gaharlanýar.

Soltan aýtdy:

— Fasylýusyň gullary özleriniň derejelerinden we mertebelerinden ýokary bihaýalyk edýärler eken.

Pereňli Soltana kemsidiji sözleri aýtdy. Soltan gaty gaharlanyp, elýaglygyny eline towlap, pereňliniň gulagynyň düýbüne bir ýumruk urdy welin, pereňliniň essi gidip, oturan kürsüsinden ýykyldy. Pereňliler we rumlular oňa tarapgöýlük we gowga edip, Soltana hemle kylyp, heläk etmäge synanyşdylar. Fasylýus ýakynlaryna we hyzmatkärlerine buýurdy welin, olar ýaňkylary gabap, sakladylar. Ähli rumly we pereňlileri köşkden sürüp çykardylar. Fasylýus Soltan bilen ýekelikde oturyp, dürli mähir-muhabbetler bilen onuň göwnüni awlamaga meşgul boldy. Soltanyň ar-namysdan ýaňa gazaby köşeşmedi. Gözleriniň ýaşy ýüzleri üzre akýardy. Dertli jigerinden sowuk ah çekip, öz halyna haýran bolup, Fasylýusa aýtdy:

— Patyşa mälimdir, biz Gylyç Arslanyň ogly Melik şanyň neslidiris. Jahan ýurtlaryny meniň ata-babalarym we doganlarym gylyjynyň zory bilen basyp alandygyny maşrykdan magryba çenli älem halky bilýändir. Mydama seniň ata-babalaryň altyn we kümüş gaplar, ýükler, hyraç we paç olaryň hazynasyna gönderýärdiler. Hut seniň özüňem meniň hazynama paç-hyraç iberipdiň. Indi görüp dursuň, takdyry asmany meni seniň ýanyňa taşlady. Munuň ýaly

kemsidilmegimi bir pereňli üçin munuň ýaly ar-namysa galmagymy rowa görermiň?! Gardaşlarymyň her biri bir yklymyň soltany we patyşasydyrlar. Bu habary eşidip, muňa namys edip, goşun çekip gelerler. Seniň şäherleriňi we galalaryňy alyp, harap ederler.

Fasylýus bir mylaýym, parasatly we ýagşy häsiýetli kişidi. Soltanyň gazabynyň ýokary derejededigini bilip, jogap bermäge gyssanmady. Bir zaman ümsüm oturdylar. Ondan soň Fasylýus süýji we şirin dil bilen söze başlap, Soltandan ötünç diledi we mübärek hatyryna hoş geljek söz sözledi:

— Soltan maňa, meniň goşunyma, ilime we ýurduma näme höküm kylsa rowandyr - diýip, antlar içdi.

Soltan aýtdy:

— Men herne diýsem Fasylýus ondan çykmasa diňe şol wagt bu söz maňa dogry görüner.

Fasylýus sözüni berkidip, ýene kasam ýat edip aýtdy:

— Bes etdim, lal boldum, hiç ýüz bilen seniň sözüňden çykmaryn.

Soltan diýdi:

— Meniň göwnümden turjak bolsaň, ýarag, jüpbe we ärlere we söweş meýdanyna mynasyp bir at getirmegi buýur. Ol pereňlini dagy aty we dony birle getirsinler. Maňa onuň bilen meýdana girmäge we biri-birimiz bilen güýç synanyşmaga perman ber. Eger men ýeňiş gazansam Fasylýus biedepligi üçin oňa temmi bersin. Eger pereňli meni ýyksa, ýurtdan aýra düşmek we sergezdançylyk belasyndan halas bolar ýaly meni öldürsin.

Fasylýus aýtdy:

— Meniň muňa rugsat bermegimden Alla saklasyn. Hudaý gorasyn, Soltana pereňliden zyýan ýetse, meniň adym patyşalaryň ýanynda akmaklyk we nadanlyk bilen ýatlanyp «Munuň kibi beýik, uly patyşany bir pereňli esgeriniň garşysyna çykarypdyr» diýerler. Ondan soň bu ýerde seniň

gardaşlaryň gorkusyndan neneňsi arkaýyn ýaşap bilerin. Kerem eýle, bu hyýaly kelläňden çykar.

Soltan örän gaharlydy. Namys odundan ýanyp barýardy. Ähli imanyny ýat edip, ant içip aýtdy:

— Eger Fasylýus bu wakada bahana etse, saklansa men özümi heläk ederin.

Fasylýus Soltanyň haýyşyny soňky çäkde görüp, jüpbeçibaşyny we baş seýisi häzir edip, Soltan islänini saýlap alar ýaly jüpbehanadan bir-iki-üç jüpbe we patyşa laýyk ýaraglar we atýatakdan gowy we daýaw at getirmeklerini buýurdy. Getirdiler. Halan jüpbesini geýip, ýaraglary dakynyp, ata mündi. Pereňlä dagy «Atyňa münüp, ne mukdar ýaragyň bar bolsa getirip, herne hünäriň we gaýratyň bolsa, görkez» diýip, habar etdiler. Pereňli hem jüpbesini geýip, ýaragyny düzedip, atynyň golaňyny berk çekdi. Pereňlileriň däp-dessuryna görä özüni hem ata we eýere berkitdi we söweş üçin meýdana azm etdi. Meýdana girip, jöwlan urup, lap urup, köp bihuda sözleri sözläp, söweşe çagyrdy. Ol diýaryň halaýygy uly-kiçi, etrapyň bezirgenleri, alymlary, garamaýagy, mömini, gaýry dinlisi, şeýle-de türk we rum adamlary ol meýdanda jemlenşip, iki tarap boldular. Bir bölegi Soltana tarapdarlyk edip, bir topary pereňlä tarapdar boldular. Gowga we jenjel şäherden çykyp, düze ýetdi. Tebl we deprek owazyndan pelek gulagy tutulardy. Surnaý we kernaý owazy ýyldyzdan aşardy. Jahanyň dürli etraplaryndan gelen dürli şäherleriň musulman we gaýry dinli täjirleri Soltanyň nökerleriniň we hyzmatkärleriniň tarapynda durdular. Möminleriň «Allahu ekber» diýen doga-senalary beýik arşa ýetýärdi. Al-asmandan her pursat Jebraýyl perişdäniň «Allatagala saňa beýik ýeňiş berdi»[1] diýen sedasy Soltanyň mübärek gulagyna ýetýärdi. Soltan demirden ýasalan dag ýaly bolup, Fasylýus bilen

---

[1] Gurhanyň 48-nji süresiniň 3-nji aýaty.

birlikde ortada durdy. Bir zaman süýr depä çykan güneş kibi her tarapa seýran kylyp, heder etdiriji şir kimin şan we şöwket bilen esgerleriň öňünde jöwlan kylardy. Şol döwrüň pälwanlarynyň däplerine görä, öz tarapyna edip, birküç beýt aýtdy:

**Beýt**[1]

Men pelegiň ýüzünde, gün ýaly meşhurdyryn,
Ata-babalarymyň ähli bilim-derejeleri (mendedir).

Jahan maňa karar edilip, döwürler (ony) ykrar edendir,
Çünki, men ýeňşiň maýasy we özenidirin.

Pelek bürgütleriniň ganat-peri döküler,
Haçan-da tiri-peýkamym görende.

Eý, şahym, tygymdaky şugla bir göwherdir,
Nur saçýan pelek galkanymda gupbadyr.

Garşymda duşmanyň leşgeri neneňsi durup biler?!
Dembe-dem ykbal goşunlary gelip durka.

Owwal pereňli Soltana hemle kyldy. Soltan galkan bilen gorandy. Ýene-de hüjüm etdi. Ýene-de yzyna serpikdirdi. Pereňli her gezek Soltana hüjüm edende onuň kapyr tarapdarlary joşgun, hyjuw, gowga we galmagal bilen heşelle kakardylar. Üçünji gezekde Soltan pereňlä hemle edip, çokmak (tokmak, serdesse) bilen bir urguda ony atdan ýykdy. Ol şeýle bir süýnüp, ah çekdi welin, ol näletleneniň iňňildisi Sijjin

---

[1] Pars dilinden sözme-söz terjimesi berildi.

dowzahynyň ýaranlarynyň we harlaryň harlarynyň ýaşaýan ýerlerine bardy.

### Beýt

Ol zaman ykbal-u horramlykdan okydy pelek:
«Käfirin[1] ölsün eliňle gürziňe eý şähriýar».

Soltanyň çokmagynyň zarbyndan pereňliniň aty gaçmaga ýüz goýdy. Pereňli özüni ata mäkäm baglanlygy sebäpli bihuş bolup, atdan asylgy galdy. Ol ýerdäki musulmanlaryň, Fasylýusyň, begleriň, emeldarlaryň we jahan täjirleriniň «Aperin» diýen sesleri al-asmandan geçdi. Pereňliler näumyt boldular. Adamlar: «Bular gowga ederler» diýip pikir etdiler. Fasylýus goşuna olary dep etmäge yşarat etdi. Hemaýat etmäge guşaklaryny berk baglan käbir adamlary pitne deňziniň möwji ýatyşar ýaly öldürtdi. Soltany bagtyýarlyk we şadyýanlyk bilen öz öýüne eltdiler. Köp mal we tükeniksiz nygmatlar, çapuw atlar, saklatuny[2] parçalar, rumy parçalar, dakýanusy pul doly gapjyklar, gypjaky gullar, kenizler, patyşa laýyk altyn-kümüş içgi gaplaryny Soltana peşgeş etdi. Ähli emeldarlaryna aýratyn serpaý etdi. Ol gije daňa çenli aýş-u eşrete meşgul bolup, aýdym-saz diňlediler. Soltan emeldarlary bilen öz mesgenine baryp dynç alanynda Fasylýus hazynadaryna ata-babalaryndan galan altyn-kümüş bulgurlary, garylan içgileri, başga-da bar bolan hoşboý we lezzetli şeraplary, ýyldyz sypat nogullary Soltanyň şeraphanasyna eltmegi buýurdy. Ol gün onda eşret edip, jamy jana noş etdiler. Fasylýus bolsa mümkin bolan mähribanlygy we mylaýymlygy başaryp bildigiçe ýerine ýetirdi. Serhoşlugyň ahyrynda aýtdy:

---

[1] Käfirin - kapyrlar.
[2] Saklatun - ýüňden ýa-da ýüpekden edilen gyzyl ýa-da mawy reňkli nepis parça.

— Yslam şasynyň mähir we muhabbeti jan we köňlüme şeýle bir yz goýmuşdyr welin, aýrylyşmaga köňlüm hiç sabyr etmez. Patyşanyň mübärek zatynyň berýän maslahatyny öz maslahatlarymdan we isleglerimden artyk we ýokary görüp, ýerine ýetirerin. Pereňlileriň duşmançylyk, göripçilik we pitneçilik alawy öçýänçä birazyrak rum patyşalarynyň ulultaryndan biri bolan, ýagşy ahlak, mährem gatnaşyk bilen äleme meşhur bolan Mufyrzumyň ýanyna gidip bagtyýar jylawyňyzy oňa garşy öwürmegiňizi dogry hasaplaýaryn. Menem mümkin bolan zatlary aly jenap tarapyna ibererin. Ol hem tagzym şertlerini ýerine ýetirer. Şahy jahan bir müddet ol ýerde ýaşap, hoşluk we horramlyk bilen ruzgär geçirsin. Belki ondan soňra Haktagala bir haýyr gapysyny açar.

Bu sözler Soltanyň mübärek gulaklaryna ildi. Taýýarlanyp, birküç günden soňra nökerleri we begleri, çagalary we aýallary bilen Erem bagy kibi horram we asuda, sagat we salamat ugrady. Gämi içinde gülgün badany aýlamak bilen keç pelegiň jebrini unudýardy.

Haçan-da ol ýerlere gelip, gämini kenara baglap, leňňer salanlarynda Mufyrzum garşylap olary dürli hormat sylaglar bilen köşge getirdi. Oturylyşyk we meýlis düzedip, aýş-u eşrete başladylar. Soltan ol adada görnüşde ornaşdy. Ylym we edep öwrenmekden azat ýören ogullary Yzzeddin we Alaeddin deňizde we düzde aw etmek bilen wagtyny geçirýärdiler.

Indi Rukneddin Süleýmanşanyň patyşalygynyň beýanyny başlamaga wagt boldy.

## SOLTAN RUKNEDDIN SÜLEÝMANŞANYŇ PATYŞALYK DÖWRÜNIŇ WE KÄBIR SAHYLYK DEREJELERINIŇ BEÝANY

Soltan Rukneddin Süleýmanşa şeýle bir patyşa bolup, döwlet bagynda, serkerdelik kölünde diňe bir Soltan Gylyç

Arslanyň ogullaryndan däl-de belki Seljuk urugyndan hem onuň kibi serwi bitmändir. Bagtyýarlyk gündogaryndan onuň kibi güneş dogmandyr. Ýüzi zöhre ýyldyzynyň ýüzi ýaly sagadatly, ýaldyrawuk we ýaz ýagşy ýaly dür seçýän bolupdyr. Engamlary ula-kiçä ýetýärdi. Her wagt diwan ýagdaýlaryny, hazynanyň girdeýji-çykdaýjysyny gözden geçirip durmaklaryny buýrardy. Hasapçylara, ussat kişilere, hatdat kätiplere we ýazyjylara mydama terbiýet we ýardam edip, haýsy biri öz ugrunda ussat bolsa, oňa dereje we mertebe bererdi. Ol babatda takyklygy we dykgatlylygy wajyp görerdi. Patyşalyk we hökmürowanlygyň gerekli sypatlaryndan bir nokatjyk hem ahmal kylmazdy. Onuň lybashanasyndan ýa hazynasyndan bir kişä engam ýa serpaý berilse ol kişi birnäçe wagt pakyrlyk we binowalyk duzagyndan azat bolardy. Mundan öňem onuň umumy hikmet ylymlarynda, hatdatlykda, suhangöýlikde ökde we taýsyzdygyny beýan edipdik. Ol şygyr düzmekde taýsyzdy. Aralarynda duşmançylyk bar bolan gardaşy Kutbeddin Mälik şa hakynda aýdan şygryndan iki beýt getiriler.

**Beýt**[1]

Eý, Kutb, pelek deý senden el çekmerin,
Tä nokadyňy töwerege çekýänçäm.

Tenimiň derisi gulagymyň üstüne çekilsin,
Eger saçyňy kelleçanagyňdan goparmasam.

Haçan-da Soltan Gyýaseddin Keýhysrow Konýa gapysyndan daşary çykyp gidende Konýanyň ygtybarly adamlary we han-begleri Rukneddin Süleýmanşany garşylap,

---

[1] Pars dilinden sözme-söz terjime edildi.

Soltan Gyýaseddine ýardam edip, eden boýnyýogynlyklary üçin ötünçler dilediler. Gurbanlar we seçgiler seçdiler. Soltan dagy geçirimliliginiň kereminden we mähribanlygyndan olaryň uzurlaryny kabul edip, günälerini geçdi. Bagtyýarlyk ýyldyzy günbe-günden artýan döwleti bilen şähere girip, gadymy soltanlyk tagtyna gadam goýup oturdy. Jomartlyk şöhraty we sahawatynyň çawy äleme ýaň saldy.

## Beýt

Deňlendiler bolup horramy emn[1] wahş-u taýr[2],
Aram boldy adly[3] kenarynda yns-u jan[4].

Gerdun miýan[5] tygdan açdy kemend-u bent,
Eýýam zehden[6] etdi hala kerden[7] keman.

Gaýgydan oldy gan saçy kibi dil sütem,
Gülmekden adly dagy gül kibi dahan[8].

Onuň sahylygy şeýle derejededi, ýagny bir gezek Alaşäheriň patyşasy Leşgeri bäş ýyllyk hyraç gönderipdi. Eltenlerinde ilçileriň gözüniň alnynda elindäki göwher hasanyň ujy bilen olary ula-kiçä paýlady. Alymlar, bilimdarlar, şahyrlar we hünärmentler älem diýaryndan onuň köşgüne ýüz tutdular. Her biri öz hünärini we bilimini onuň arzyna ýetirenlerinde her birine sansyz yhsan, soňsuz engamlar, lybaslar, azyklar we

[1] Emn - asuda, parahat, aman.
[2] Wahş-u taýr - ýabany haýwanlar we guşlar.
[3] Adl - adyllylyk.
[4] Jan (n) – jynlar.
[5] Gerdun miýan - çarhy pelek.
[6] Zeh - kiriş.
[7] Hala kerden - boşatmak.
[8] Dahan - agyz.

sylag-serpaýlar bererdi. Her biriniň şygryny we eserini özüniň ylmynyň we biliminiň derňewi bilen barlag we synag ederdi. Dogryny nädogrydan tämiz ederdi. Goşgularyň kapiýalary we manylary çekeleşiginde doly barlag geçirerdi. Sadry ymam, melikil kelam zülbeýanyn, kawyýyl ulum, jamygyl fazaýyl Zahyreddin Farýaby - oňa Allatagalanyň rehmedi bolsun - ony wasp edip, öz sözüni täze redifli kasyda birle beýige çykarypdyr. Onuň beýany budur:

**Beýt**[1]

Serhoş zülpüni mejlisde perişan eder,
Jan eger janyny bermese bahyllyk eder.

Akyllar perişan ýaşamakdan gaçyp bilmez,
Onuň zülpüni perişan edýän mejlisinde.

Ady bossan däl, emma sowsana anbar saçýar,
Perişan bolsa, güle anbar seçýär.

Onuň gan içiji jadyly nerkesi tekepbirliginden,
Aşyga tarap ýüz puşman bilen bir nazar salýar.

Onuň älemi eýeleýji yşky ýürek älemini aldy,
Hiç kim bilmeýär ol älemde neneňsi weýrançylyk edýär.

Eý, nigar-a seniň husnuňdan jahanda,
Her kim Hudaýyň sungunyň beýanyny etmek isleýär.

Meniň didäm ýaz ýagyşy, ýüzüň gülüstan,
Gülüstany ýaz ýagşynyň damjasy ter-täze edýär.

---

[1] Pars dilinden sözme-söz terjime edildi.

Köňül topuny yşk meýdanyna oklaýan,
Megerem ol topy seniň zülpüň çöwgen[1] eder.

Soltanyň adalatly synyndan ýapyşaryn,
Eger seň daş ýürek kalbyň meň bilen gowşak äht etse.

Hak saýasy, älem soltany Süleýmanşa din sütünidir,
Pelek oňa ikinji Iskender diýýär.

Onuň diwanynda kaýsar ululykdan dem urýar,
Onuň dergähinde fagfur gapyçy bolýar.

Mährem häsiýetinden medet tapsa çagalyk,
Şol bada ähli jismanylary ruhany edýär.

Döw, peri her pursat sap gurýar, mülküň tagtynyň üstünde,
Din we dünýä sütüni süleýmanlyk eder.

Täleýi şuglasyndan eýwany behişt bagy boldy,
Eger onuň gapyçysy perişdelik dawasyny etse ýerliklidir.

Onuň jany köwserde, gabyr oňa ökünç edýär,
Onuň ady tagzym namasynda görünýär.

Bidereklikdir eger biri onuň naýzasyny we gürzüsini,
Rüstemiň naýzasyna we Narymanyň gürzüsine meňzetse.

---

[1] Çöwgen – at üstünde oýnalýan hokkeýe meňzeş oýun. Çöwgen – şol oýnuň ujy egri taýagy.

Ol berklikde Musa kimin boldy,
Häzir onuň naýzasy duşmanlaryň gözüne ýylan bolup
görünýändigi mümkin.

Patyşa eger seniň kinäňden asmanda mekan tutsa,
Müşteri Bahlam bolar Zöhre keýwanlyk eder.

Seniň belent pikiriň hemişe din mülküni terbiýelär,
Kämil ýeňişden we Allanyň üstünliginden.

Ýer ýüzüniň ýaşaýjylarynyň ählisi saňa tabyn,
Seniň mehriň ýürekde janly ruh ýaly orun tutýar.

Seniň gylyjyň gan döküji bulut ýaly,
Onuň siliniň möwji her wagt seniň duşmanyň
ýurdunda tupan turuzýar.

Eger gün seniň gapyňda tutulyk wagty maňlaýyny goýsa,
Seniň dergähiň topragy onuň maňlaýyny nurana eder.

Şeýtan duşmany bolan häsiýetiň eger seniň
bilen garşy bolsa,
Onda bul garşylyk hökman şeýtan waswasyndandyr.

Seniň isleg okuň ýeňiş kemanyndan sypyp gitse,
Seniň duşmanlaryň bedenindäki tüýler peýkam bolar.

Kämil akylyň bolmagy bilen nadanlyk nogsan tapar,
Gurşap alyjy adyllygyň galyndysy zulumy pany etmek üçin.

Haýbatyň näumytlygyny ýeňip geçmek üçin jahanda gal,
Şonda dinu-döwlet seniň bagtyň bilen goralar.

Bu kasyda üçin Zahyreddine bäş sany gözel gul, bäş sany hubsurat keniz, iki müň altyn, bäş baş iki örküçli düýe, üç baş görkli at, elli zerbap kemha, atlas, keteni, ýüpek parça we sakyrlat serpaý etmegi buýurdy. Bu kasydanyň çeperçiligini we şirinligini öwüp, oňa bir hat ýazdy. Haty okandan derrew saklanmazdan Soltan hezretiniň ýanyna gelmeklik tabşyryldy. Sylaglar, peşgeşler we hat Zahyreddine ýetenden pakyrlyk we üflis harlygyndan gurplulyk bagyna gowuşdy. Aýtdy:

— Bu şanyň we şazadanyň waspyndan gaýrylara diýilýän her öwgi we taryp ýalan we haýp işdir.

Soltanyň tarypynyň we jomartylygynyň gülüstanynyň dürli-dürli baglary üzre bilbil beýanyny heňe getirip aýtdy:

**Beýt**[1]

Ötdi bu ömür hasap bilen näme edeýin,
Ahyr munça ýyllap näme iş etdim.

Çensiz adalatlylygy, kemal syýasaty ýokary derejededi. Yýas atly we öwgüli häsiýetli bir guly bardy. Ol ýagşylyk we şasuwarlyk sypaty bilen jahanda meşhur bolup, ýakyn egindeşlerinden artykdy. Haçanda elini ýaý tutaryna ýetirende aşyklarynyň we tarapdarlarynyň kalbyna müň peýkam sanjylardy. Atyna münüp, jöwlan kylanda niçe köňüller we gözler yzynda haýran bolup, aňkaryp galardy. Soltanyň köňlüniň bir çeti belki jümle jan we dili ol aý ýüze maýyldy we aşykdy. Şol sebäpli döwlet emeldarlaryndan, şanyň ýakynlaryndan artyk enaýat we üns berilmegi bilen olardan artykdy. Birniçe gezek serhoşluk we mes wagtynda onuň yşky we aşyklygy babatda beýtler okady.

---

[1] Pars dilinden türkmen diline sözme-söz terjime edildi.

**Beýt**

Kapyr beçjäniň ki küfri[1] uş dinimdir,
Hem dindir özüme hem jahan binimdir[2].

Kimse guluna munçalyk gul olamy?!
Kem bendeýä bende olmak aýynymdyr[3].

Emma Soltan Yýasa diňe seretmek bilen oňşuk edýärdi. Şeýtany nebsini şöhwetparazlykdan saklap, takwalyk we dindarlyk ýoluny ygtyýar edipdi. Ol wagtlar meşhur soltanlaryň we şalaryň ilçileri geler wagtlarynda gonaklyk we bezm kylynardy. Ilçileri maýyl ediş hormaty üçin birküç bulgur şerap içerdi. Mejlis ahyra ýetende döwlethanasyna girerdi. Gijeden bir bölek geçinçä şerigatyň ygtyýar berýän ruhy-nebsany lezzetlerine meşgul bolardy. Ondan soňra gusul we täret alyp, daňdana çenli doga we dileg birle Hudaýtagala parz we nefiller bilen tagat kylardy. Üç aý agyz beklemegi, duşenbe we penşenbede agyz beklemegi adat edinipdi. Onuň päkligi sebäbinden goşunyň we raýatyň onuň dindarlygyna we takwalygyna bolan ynamy şeýle bir mäkämdi welin, haçanda bir hamyla aýal dogurjak wagtynda ejir çekende Soltanyň dyz donuny eltip, üstüne oklardylar. Şol zaman dogrup, ejirden halas bolardy. Ol zamanyň pirleri we ýaşamyş gojalary onuň adat we ahlagyny Soltan Sanjara deňeýärdiler. Adyllygyny we adalatlylygyny oňa meňzederdiler. Ol mydama güýçlüni we ejizi barabar görerdi. Emir we gedaý barabar bolardy. Şerigatyň emri esasynda höküm edip, hiç kime meýil we tarapdarlyk etmezdi.

---

[1] Küfr - kapyrlyk.
[2] Bin - göz, dide, görmek.
[3] Aýyn - däp, dessur.

Taňryryň takdyrý bilen göwnüne jahangirlik söwdasy düşdi. Ol Gürjüstana garşy söweş etmegi karar etdi. Onuň sebäbi şeýledi. Soltan Gylyç Arslan zamanynda Gürjüstan we Abhaz ýurduna höküm edýän gürji melikesi Tamara hatyn tebigatyň jylawyny eline alyp, her ýerde bir owadan, kaddy kamatly, çapyksuwar, şirin sözli, görkli we gözel şazada ýigit bar diýip eşitse, ýanyna çagyryp, jan-u dil birle ony söýerdi. Mümkin bolan her hili usul bilen ony ele getirip, maksadyny hasyl etmäge tagalla ederdi. Bu iş üçin illere we welaýatlara gönderen habarçylary Rum ýurtlarynyň eýesi bolan Soltan Gylyç Arslanyň on iki ogly barada «Her biri patyşalyk burjunda (ýyldyzlar toplumynda) bir aýdyr we her biri bir ýurtda patyşa. Soltanlyk, döwletýarlygy we tabyn edijilik bagtyýarlyklary soňky belentlikde bolup, ymmatlaryň kämilidir. Raýata mährem we tükeniksiz yhsany bardyr» diýip, habar iberdiler. Bu hekaýatyň şirinligi işdäsini açyp, daşdan we içden aşyk-u şeýda we höwesdar boldy.

### Nazm

Bu sözden köňlüne gam üstüne gam,
Erip zülpi kibi oldy işi derhem[1].

Ýer onuň eşki[2] jezagyndan[3] ter oldy,
Jahan köňlüne gözünden dar oldy.

Sabyrsyzlygyndan we bikararlygyndan haýsy şähriýar üçin ygtyýar gurrasyny oklajagyny bilmeýärdi. Bu söwda sährasynda haýran-serasyma we aşyk-şeýda bolmuşdy. Ahyry dürli hileler we pitneler bilen sypatlanan enekesini çagyrmak

---

[1] Derhem - bulam-bužar, garym-gatym.
[2] Eşk - gözýaş.
[3] Jezag - ahy-zar, nala

kararyna geldi. Şeýle bir mekir garrydy welin, onuň mekirligi jahan içinde müň dessan bolmuşdy.

**Beýt**

Döw pyglyndan onuň ürkerdi,
Ger garyşdyrdy söze telbis[1].

Mekir-u hiýelile[2] dürli owsunda,
Kylmyş ykrar gullugyna Iblis.

Çagyrdy we bu syry oňa aýan etdi. Enekesi aýtdy:

— Bu işiň çäresi örän ýeňil we asandyr. Herne diýsem berip, herne çäre kylsam ony ýerine ýetirmeli bolarsyň.

Aýtdy:

— Näme etmek gerek?

Enekesi aýtdy:

— Hünärine ussat, ökde, akylda dana, ýitilikde daňdana ogşaýan, suratkeşlikde Çyn nakgaşlaryndan aňly, surat çekmekde Many we Azur sungatynyň ýardamçysy bolan bir nakgaş häzir et. Biz onuň bilen Rum ýurtlaryna baryp, ol şazadalaryň suratlaryny kagyz ýüzüne ýazyp, nagyş edeli. Olaryň ahlak keşplerini açyp, beýan edeli. Maksatlaryňy ýerine ýetirip, dolanyp gelerin.

Bu häsiýetli bir nakgaşy häzir edip, ýol ýaragyny görüp, Ruma gönderdiler. Geldiler. Ähli Rum ýurtlaryny gezdiler. Tamam şazadalaryň suratlaryny çekdiler. Ahyry Gürjüstana dolanyp bardylar. Tamara bu suratlary görüp, Soltan Rukneddiniň suratyna aşyk we mejnun bolup aýtdy:

---

[1] Telbis - aldaw, hile.
[2] Hiýelile - hileler bilen.

— Bütin älemde mundan gaýry hiç kim meniň jübtüm bolmaga mynasyp däldir. Bu surat eýesinden özge hiç kim maňa gerekmez.

Derhal kätipi ýanyna çagyryp, bir nama ýazmagy buýurdy. Namada: «Allatagala seniň şanyňy beýgeltsin, soltanlygyňy belent etsin. Patyşanyň jahan bezeýji akyly habarsyz däldir. Beýikligi beýgelmiş, bereketi hemmä ýetmiş Allatagala bu kenizine bir abadan ýurt, giň we ýaýrow welaýat, goşun we raýaty bagyş kylmyşdyr. Köp genç we hazynalar ata-babalardan miras galdyrmyşdyr. Emma meniň asyl we nesebime, ýurduma laýyk ony duşmanlaryň hüjüminden gorap we saklap biljek bir halalym ýokdur. Belki Hudaýtagala maňa onuň sulbundan tagt mirasdary, döwletiň esasy, Dawudy hanadanynyň adyny direldiji bir ogul berer. Ykbal habarçysyndan «Şalaryň şasy Rukneddin Süleýmanşa öwgüli sypaty, patyşa laýyk halal ýol görkezijiligi bilen, patyşa garaýyşlary bilen bezelendir» diýip eşidildi. Bu artykmaçlyklary bilen onuň kibi Soltan Süleýman, meniň kibi Bylkysa jübütlenmegi laýykdyr we mynasypdyr. Eger razylyk berseň, bu ýakynlyk we birleşik akt we nika bilen berkidilsin we Soltanyň bagtyýar saýawanynyň kölegesi bagrymyň parasy bolan bu ýurda düşsün. Şonda Süleýman dek bagtyýar täleýi bilen, Dawudy nesilşalygynyň garşydaşlaryny azaldar, müňkir bahyllary hary-zelil goýar, haramlary urar we olary ýeňlen we tabyn hala salar» diýlip ýazylypdyr.

Ilçiler serpaýlar we sowgatlar bilen Soltanyň hyzmatyna gelip, haty we sowgatlaryny berip, tagzym etdiler. Isleg we maksatlaryny beýan etdiler. Soltan Gylyç Arslan nahar iýlip, diwan gutarandan soň otagyna girip, melik Rukneddini häzir kylyp, bu wakanyň kyssasyny gürrüň berdi. Atasyndan bu hekaýaty eşidenden, ar we namys ody alawlap, sögünç dilini uzatdy we aýtdy:

— Patyşa näme üçin munuň kibi peslige we harlyga rugsat berip, gül kibi ogluny geldi-geçer dünýä maly üçin soltanlyk dergähinden daşlaşdyrýar. Bir zynakär we kapyr hilesi bilen yslam öýünden küpür we pyssy-pujurlygyň tagtyna gönderýär. Eger patyşa buýursa Taňrynyň ýardamy we mededi, Soltanyň döwletiniň goldawy bilen ol tarapa ýöriş edeýin. «Allatagala olardan köp oljalar Size wada berdi»[1] hökümi birle Abhaz ýurduny ele almaga goşun çekip, ol diýaryň topragyny ýele berip, ol butparazy we tabynlaryny «günäkärleri dowzaha süren ýaly» zynjyra düzüp, bent edip getireýin. Ybadathanalarynyň we sejdegähleriniň ýerine metjitler we medreseler bina edeýin. Jaň we ýaň ýerine Muhammet alaýhyssalamyň pygamberliginiň we Hudaýyň birliginiň şaýady bolan azany ol ýerden eşidiler ýaly edeýin.

Soltan Gylyç Arslana oglunyň hümmeti we mertebesi hoş gelip, «Aperin» diýip, ötünç diledi. Onuň beýany munuň yzyndan beýan ediler.

[1] Gurhanyň 48-nji süresiniň 20-nji aýaty.

## SOLTAN RUKNEDDIN SÜLEÝMANŞANYŇ GÜRJÜSTAN GAZAWATYNA ÝÖRIŞINIŇ WE ONUŇ ISLEGINIŇ TERSINE OL ÝERDEN DOLANYŞYNYŇ BEÝANY WE MELIK FAHREDDIN BÄHRAMŞANYŇ KÄBIR GOWY HÄSIÝETLERINIŇ BEÝANY

Beýikligi beýgelmiş Allatagalanyň takdyry birle ol pikir Soltan Rukneddiniň kalbynda ornaşypdy. Atasynyň döwri geçip, öz şalyk zamanynda türk we rumdan köp goşun jem edip, ol tarapa ugrady. Ugramazyndan öň gardaşlaryna, golaý-goltumyna we etrap häkimlerine çaparlar we habarçylar gönderip, «adamlar söweş enjamlary birle ýaraglansynlar we goşun ýygnanýan we toplanýan ýere gelsinler» diýip buýurdy. Wabylystanyň häkimi bolan gardaşy Mugyseddin Togrulşa ähllisinden öň agajeri türki taýpasy bilen permana tabyn bolup, Soltanyň hyzmatyna geldi. Melik Mengujek Gazy neslinden bolan Soltanyň giýewsi Arzynjanyň patyşasy Fahreddin Bähramşa salyr we baýyndyr goşuny birle geldi. Ol ýagşy gylykly, beýik hümmetli, sahy we jomart, din we diýanatly adamdy. Şol ýyllarda söz ussady Hoja Ymam Nyzamy Genjewi «Mahzan ul esrar» (Syrlar hazynasy) atly kitabyny oňa bagyşlap, gizlin dür kibi şygyr görnüşinde ýazyp, Fahreddin Bähramşa sowgat edip iberipdir. Fahreddin Bähramşa hem oňa bäş müň altyn, bäş eýerli-uýanly at, bäş ýükçi gatyr, agyr we gymmatbaha halatlar, gyzyl we göwher bezegler bilen bezelen lybaslary sowgat etdi. Ol engamlary bolsa onuň bilen söhbet edişmäge mynasyp hasaplan emeldarlarynyň birinden iberdi. Fahreddin ol kitaby öwüp «oňa genji-hazynalary berseňem azdyr. Çünki meniň adym merjen kibi düzülen bu kitap bilen jahanda ömürlik we baky galar» diýip aýtdy. Bu tutdurygsyz älemde we ýalançy zamanda mydama ýatlanylmak we adyň diri durmagy üçin alymlaryň we

şahyrlaryň öwgi we döwgüsinde uly orun bardyr. Söz soltany, galam işlediji bendeleriň eýesi deňizleriň guwwasy, arap we ajam hekimleriniň ýolbaşçylarynyň ynamdary, Firdöwsi Tusy «Şanamany» ýazdy. Eger-de ol renç we zähmetden bir genji-hazyna almadyk hem bolsa, zamana ýazgysynda ondan nepisräk basyrylgy dür görünmez. Şol kitabyň üsti bilen Soltan Mahmyda bolan öwgüler şahyr babatda eden kelteligi üçin älem halkynyň dillerinde gargyşa öwrüldi. Bu söz ýer ýüzünde gürrüň we tymsal bolup galdy.

### Beýt[1]

Ýagşy işi kesp eden patyşalar.
Gitdiler, olardan şondan başga zat galmady.

Nowşirwanyň şeýle bir köp genji bolsa-da,
Onuň yzynda ýagşy adyndan başga zat galmady.

Hemme onuň hak sözüni, ýagşy işlerini ykrar etdiler. Doga we sena bilen, beýik hümmetini ýyldyzlaryň üstüne we pelekleriň çür depesine ýetirdiler.

Ýene söz başyna geleliň. Çün Soltan Rukneddin her tarapdan goşun çagyryp, ýarag-esbabyny şaýlap, Arzynjana ýetişdi. Melik Fahreddin Bährамşa uly gonaklyk we zyýapat edip, dil bilen aýdardan zyýada mynasyp hyzmatlary ýerine ýetirdi. Soňra Soltanyň bagtyýar jylawynyň hyzmatynda Arzuruma garşy ugradylar. Onsoň Arzurumuň häkimi Melik Alaeddine öwüt-nesihatlar bilen bir perman hem iberdi. Soltanyň mübärek gulagyna «permana tabyn bolman, dürli bahanalar tapýar» diýip, eşitdirdiler. Ol jähtden gahar gubary

---

[1] Pars dilinden sözme-söz terjime edildi.

Soltanyň köňlünde ornaşyp, ony boşadyp, ol ýurdy oba galalary, şäher kentleri bilen ondan gazap bilen alyp, Mugyseddin Togrulşa berdi. Ol ýerden tutuş topary we sansyz esgeri bilen Abhaz welaýatyna we Gürji iline rowan boldy. Azgyn kapyrlar Soltanyň esgerleriniň hüjüminden habardar bolup, urşa taýýarlandylar. Tamam Gürjüstan kapyrlary garynja we çekirtge kimin uly-kiçi jem bolup, Soltanyň garşysyna söweşe başladylar. Iki goşunyň arasynda şeýle bir söweş boldy welin, söweş meýdanynda her ýerde ölüler üýşüp ýatyrdy. Gazap we betbagtlyk ýelleri kapyr leşgerine tarap öwsüp, uly ýeňiş we olja yslam goşunyna gaýyp perdesinden ýüzüni görkezerdi. Betbagtçylyk olara ýüzüni öwrüp, kapyrlar «yzlaryna öwrülip gaçýarlar»[1] diýen hüküme görä, gaçmaga golaýlaşypdylar. Emma «Allanyň emri-eradasy takdyry-ezeli boldy»[2] hökümi olaryň jylawun tutup, takdyry-ezelden täleýleri göterilip, şeýle bir waka ýüze çykdy. Ýagny şa saýawançysynyň atynyň aýagy, syçan kürümine gidip, ýykyldy. Saýawan ýere gaçdy. Söweşde arslan kibi arlap, taplanan gylyçlar we ýiti naýzalar bilen müşrükleri perýada salyp ýören begleriň we batyrlaryň nazarlaryna saýawan görünmänden soň saklanmaga başladylar. Olar «duşman mekirlik bilen goşunyň merkezine zeper ýetirdi ýa Soltana bir betbagtçylyk ýetdi» diýip pikir etdiler. Şeýlelikde, olaryň topary galagopluga düşüp, zarba urýan zarba urulana, öldüriji öldürilene öwrüldi. Derrew goşunyň batyrlary saýawany galdyrdylar. Çawuşlar «Bu galat, galat. Yzyňyza dolanyň, dolanyň» diýip, ýaň salýardylar. Goşun eşitmän gaçmaga ýüz urdular. Soltan goşun begleriniň adyny tutup çagyrsa-da peýda etmedi. Kyýamat güni dek, jan-jana, baş-başa boldular.

---

[1] Gurhanyň 33-nji süresiniň 38-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 17-nji süresiniň 46-njy aýaty.

Arzynjanyň häkimi Fahreddin Bähramşany we birküç uly begleri atdan agdaryp, ýesir tutdular. Soltan Melik Mugyseddin bir bölek ýakynlary we goşun begleri bilen gaçyp, Arzuruma geldiler. Birküç gün onda «goşun ardymdan ýetişsin» diýip, ornaşdylar. Dynç alanlaryndan soňra Konýa geldiler. «Ýene dolanmak üçin goşun jemlensin» diýip buýurdy. Goşun taýýarlanyp ýörkä Soltan bir kesele duçar boldy. Hiç kim derdine derman tapyp bilmedi. Bir müddet düşekde ýatyp, panydan bakyýa göç edip, Allatagala dergähine gowuşdy. Onuň adyllygy ruzgär sahypasynda we eýýam ýazgylarynda baky we ebedi galdy.

**Beýt**

Munuň kibidir käri gerdany sipehr[1],
Gähi kin[2] eder kişiýe gäh mähr.

Birine kylar tagt çarhy belent,
Erermiz wujudyna[3] derd-u gezend[4].

Zamana ki zähraba[5] eýlederdi çeň[6],
Ne duýsun dili şir-u çermi[7] peleň.

Zamana öňünde kim oýnar seri,
Ki düşmez başyndan ýere owsary.

---

[1] Gerdany sipehr - çarhy pelek.
[2] Kin - kineler, duşmançylyk.
[3] Wujudyna - barlygyna.
[4] Gezend - bela, betbagtçylyk, zyýan.
[5] Zähraba - zäher suwy, zäher, zäherli madda.
[6] Çeň - penje, çeňňek.
[7] Çerm - deri, ten.

Serenjamy[1] dünýä heman[2] häkdir[3],
Suwy zäher olar sanma tirýekdir[4].

## SOLTAN RUKNEDDIN SÜLEÝMANŞANYŇ OGLY YZZEDDIN GYLYÇ ARSLANYŇ PATYŞALYK DÖWRÜNIŇ BEÝANY

Soltan Rukneddin Süleýmanşa behişte ulaşyp, näzenin ruhy bilen ahyrky we çür depedäki behiştlere görk we bezeg berdi. Şondan soň Tokatdan Soltanyň hyzmatyna gelip, syrlaryna, maslahatlaryna gatnaşyp, uly derejelere we mertebelere eýe bolan döwlet begleri we ululary Nuh Alp, Aýdyň Alp, Gündiz Alp, Mende beg, Tüz beg, Bedreddin Mahmyt beg, Şahabeddin Lulu, Şemseddin Kürt dagy Soltanyň ogly Yzzeddin Gylyç Arslany patyşalyk tagtyna göterdiler. Ýogsa ol çagalykdan kämillik ýaşyna ýetmändi. Emma bagtyýarlyk eserleri, hökmürowanlyk nurlary onuň röwşen alnyndan ýaldyrap, şöhle saçýardy. Keramat we sagadat delilleri onuň oturyp-turşundan görnüp durdy. Ýokarda agzalan döwlet emirleriniň her biri yhlas, tarapdarlyk, dostluk we iýen duzuny halallamaklyk ýüzünden döwleti dolandyrmak, ähli halaýygyň zerurlyklarynyň aladasyny etmek işlerine girişdiler. Mülkdarlyk dessury we kanunlary bilen ähli türk boýlarynyň ýolbaşçylaryna engam we yhsan kylyp, hoş tutdular. Yslam soltanlary we şalary, ermeni tekurlary (şalary), rum Fasylýusy ol keremli neberä hemişelik tagzym we hormat edýärdiler. Hazynalaryna hyraç we paç gönderýärdiler. Hiç hili ýagdaý ol neberä zeper we gowşaklyk ýetirip bilmezdi. Tersine gün-

[1] Serenjam - ahyry.
[2] Heman - şol, hut şol.
[3] Häkdir - toprak.
[4] Tirýek - awa garşy ulanylýan derman.

günden zyýada bolýardy, beýgelýärdi we ösýärdi. Bu şazadanyň döwründe suwunyň we howasynyň gowulygy bilen beýleki galalardan we ýerlerden artykmaçlygy bilen meşhur bolan Isparta galasyny we welaýatyny basyp aldylar. Her wagt her wagt bir goşun jemläp, bir şäher basyp alyp, haç we hram (kelise) ýerine metjit we münber salardylar. Külli hümmetlerini raýatyň asudalygy, aramlygy we duşmanlaryň düýp teýkary bilen ýok edilmegi üçin sarp edýärdiler.

## SOLTAN GYÝASEDDIN KEÝHYSROWYŇ GÖZLEGINDE EMIRLER EMIRI MUZAFFAREDDIN MAHMYT IBN ÝAGYBASANYŇ ZEKERÝA HAJYBY IBERMEGINIŇ BEÝANY

Muzaffareddin Mahmyt, Zahyreddin Ili, Senaneddin Ýusup üçüsi Ýagybasan begiň ogullarydy. Bular öňden bäri Gyýaseddin Keýhysrowyň tarapdarlary bolup, hyzmatyndadylar. Soltan Gyýaseddiniň wepa we muhabbetini köňüllerine nagyş edipdiler. Bu üç gardaş «üç ok» beglerinden bolup, üç okdaky begleriň begleridir. Üç okdaky türk begleri we Rum begleri olara tabyn bolup, hökümlerine boýun bolýardylar. Bu sebäplere görä gaýry etraplaryň begleri hem Soltan Gyýaseddiniň soltanlygyna maýyl bolup, bu begler olar bilen ähti wepa baglaşdylar. Her birinden bu babatda ähtnamalar aldylar.

Hajyp Zekerýa örän akylly, kämil, aňly we tejribeli adam bolup, öň Soltanyň gapysynda hajyplyk wezipesinde işläpdi. Rumda sözlenýän parsy, türki dillerinden gaýry bäş dil bilýärdi. Bu bilýän dilleriniň her birinde hem gürrüň etse, halk «asyl we nesebi boýunça şu taýpanyň adamydyr» diýip, güman edýärdiler. Ony Gyýaseddiniň ýanyna ugratdylar. Ähtnamalary we hatlary hiç kim bilmez ýaly bir çopan taýagyny köwüp,

içine saldylar. Zekerýa hristian ruhanysynyň donuny geýdirdiler. Oňa «Eger bu uly iş seniň eliň bilen amala aşsa, Haktagala saňa medetkär bolup, Soltan ýene mirasdar tagtyna çyksa, beglerden we begzadalardan näme isleg-dilegiň bolsa, gaýgyrmarys» diýip wadalar berdiler. Ol hem bu babatda olardan subutnamalar alyp, Allatagaladan ýardam diläp, Soltanyň huzuryna ugrady.

Soltan Gyýaseddin birnäçe müddet öýüni, bala-çagasyny adada goýup, Elaman iline barypdy. Elaman begi oňa köp nygmatlar we baýlyklar beripdi. Ondan dönüp, ýene ada gelipdi. Zekerýa ol ada ýetip, Soltanyň köşgüni sorady. Görkezdiler. Ol özüniň gelenini Soltana ýetirer ýaly bir adam gabat gelmezmikä diýen umyt bilen köşgüň daş-töwereginde aýlanyp ýördi. Ol gün agşama çenli aýlandy. Syr ynanyp boljak bir kişi hem gabat gelmedi. Näumytlyk we gorky bilen ol ýerden daşlaşdy. Ol gije bir harabaçylygyň içinde ýatdy. Ertesi ýene-de ol ýere gelip, «Soltana habar ýetirip bolmazmyka» diýip garaşyp durdy. Şol wagtda şazadalar Yzzeddiniň we Alaeddiniň öz nökerleri we gullary bilen seýrana ugrandyklaryny gördi. Hiç zat sözlemedi. Bardylar. Seýran edip, dürli güller, reýhanlar, elwan agaçlar we serwiler bilen bezelen, bulaklar akyp duran bir hoş menzil çemenlikde düşläp, meýlise başladylar. Çagalaryň we oglanlaryň adaty boýunça suwda degirmenjikler düzmäge başladylar. Olar «eger pelek degirmeni biziň islegimiz boýunça aýlanmaýan, şadyýanlyk we hökmürowanlyk suwlary gaýrylaryň arygyndan akýan bolsa-da, şu ýagşy palyň hökümi bilen ol iş ýüzüne geçsin, oýnumyz çyna ýazsyn» diýýärdiler.

## Ferd

Oýundan rast düşdi [gör] eý niçe pal,
Çün ahtar[1] döndi ol pal oldy derhal[2].

«Size surat-şekil berip, suratyňyzy gözel edendir»[3] diýen höküme görä, Allatagala barlyk kärhanasynda Melik Yzzeddin Keýkowus ýaly, hiç bir görklüni ýaratmandy. Hajyp Zekerýa Melik Yzzeddin Keýkowusyň ýanyna bardy we çekinmän ýaňagyndan öpdi. Şazada ol gödeklikden örän gaharlandy. Dessine atlandy. Nökerleri dagy gyssanmaçlykdan ýaňa Zekerýany tanaman, şazadanyň yzy bilen gitdiler. Derrew baryp, «bir ruhany şunuň ýaly biedeplik etdi» diýip, bu wakany ýuwaşlyk bilen arz etdiler. Soltan ony getirtdi. Içeri girdi. Ondan sowal etmezden, Mufyrzuma ony öldürmegi buýurdy. Zekerýa hajyp gorkudan derrew ruhany eşigini ýokary galdyrdy. Ýüzi we hajyplyk nyşany göründi. Soltan derrew ony tanady we Muferzumyň öldürmeginden halas etdi. Hal-ahwal soramagy soňa goýdy. Parsça hyzmatkärleriň birine aýtdy:

— Ony biriňiz öýňüze eltiň. Haçanda, otagda ýeke galanymda getirersiňiz.

Otagda ýeke galanynda Zekerýany çagyrdy. Zekerýa gelip, ýer öpüp, doga we sena kyldy. Soltan aýtdy:

— Gardaşym nähili?!

Jogap berdi:

— Beýiklik öwjünde we ösüşde pelek onuň islegine görä aýlanýar. Gürjüstan ýurduny we jahan welaýatyny tabyn etdi.

Bu gürrüňler wagtynda Zekerýa ýylgyrdy. Soltan ýagdaýlary giňişleýin aýtmagyny buýrup, sorady:

---

[1] Ahtar - ýyldyz, täleý.
[2] Derhal - derrew, şol wagt.
[3] Gurhanyň 64-nji süresiniň 3-nji aýaty we 40-njy süresiniň 64-nji aýaty.

— Gülmegiň manysy nedir?

Zekerýa aýtdy:

— Rugsat bolsa ýanjagazyňa baraýyn we ýagdaýlary bolşy ýaly aýdaýyn.

Soltanyň yşaraty boýunça ýakynrak baryp, ýagdaýlary owalyndan ahyryna çenli beýan etdi. Soň:

— Ýagybasanyň ogullary Muzaffareddin Mahmyt, Zahyreddin we Bedreddin we beýleki üç ok türki begleri saňa doga we sena kylýarlar. Isa dek Soltan döwletiniň diriliginden dem urýarlar. Ýurduň beýleki begleri we serkerdeleri dagy olar bilen ähdi-peýman edip, ant içdiler. Bu taýakda her biriniň haty we ähtnamasy bar - diýip, taýagy açyp, hatlary Soltanyň öňünde goýdy.

Soltan ähtnamalary görüp, ýüregi gardaşy jebrinden ýaraly bolsa-da mähremlikden göwni ezilip, gözlerinden ýaş rowana boldy. Onuň ölümine gynanyp, arman kyldy. Soň Melik Muferzumy çagyryp, ol wakany oňa gürrüň berdi. Üç günläp ýas we matam şertlerini berjaý etdi. Dördünji gün Muferzuma aýtdy:

— Mirasdüşer ýurduma dolanjak.

Ol jogap berdi:

— Eger patyşanyň ýörişi takyk bolsa, hazynalardan we baýlyklardan näme bar bolsa, Soltanyňkydyr, alsyn, sarp etsin. Men-gul dagy taýýarlanyp, Soltanyň bagtyýar jylawynyň hyzmatynda bile gideýin.

Muferzum mundan öň gyzyny Soltana berip, ogluny Soltanyň hyzmatynda goýupdy. Soltan Muferzumyň ähli ýakynlaryna hoş wadalar berip, mümkinçiligine görä her birine täze engam we serpaýlar bagyşlady. Soň gämilere münüp, ugradylar. Yznyga ýetenlerinde Fasylýus Soltana geçmäge päsgel berip, aýtdy:

— Biz Soltan Rukneddiniň ogly bilen berk kasam edip, ant içişdik, ähdi-peýman baglaşdyk. Hiç zat bilen ony syndyrmaga çäre ýokdur.

Birküç günläp bu gepleşikler dowam etdi. Ahyry şeýle karara geldiler. Ýagny, seljukylaryň rum welaýatyndan alan Hunas, Ladyk we beýleki şäherlerdir galalaryny tä Konýa sebtine çenli Fasylýusyň emeldarlaryna bermeli. Soltan iki ogluny Zekerýa hajyp bilen Yznykda Fasylýusyň ýanynda goýup, özi geçip gitmeli. Konýa baryp, tagtynda oturyp, ol galalary Fasylýusyň ynamdarlaryna berenden soň Fasylýus Soltanyň ogullaryny we Zekerýa hajyby gaýtaryp bermeli edildi. Bu karar bilen Soltan ugrady. Üç ok etraplaryna ýetdi.

Mundan birküç gün geçenden soň hajyp Zekerýa Fasylýusyň ýanyna baryp aýtdy:

— Şazadalaryň näzik häsiýetli bolýandygy Fasylýusa mälimdir. Olar mydama bir ýerde oturmakdan melul bolarlar. Belki beýle bolsa köňüllerinde sussypeslik peýda bolar.

Fasylýus «şazadalar mundan soň her günde iki gezek daňdan we öýlän seýrana çyksynlar. Yznygyň töwereklerinde gezelenç we keşt etsinler» diýip, rugsat berdi we öz adamlaryndan birnäçe kişini olaryň hyzmatynda goýdy. Hajyp Zekerýa Fasylýusyň adamlaryna berim we engam kylyp, ajaýyp hileler, tymsallar we hekaýatlar bilen gözüni-başyny aýlap, mülkdür ýer wada edip, olary özlerine dönderdi. Şeýlelik-de olar gadym ýurtlaryndan we Fasylýus hyzmatyndan ýüz öwürdiler. Fasylýusyň ýaranlaryndan biri bolan, hyzmata bellenenleriň ýolbaşçysy bir gün hajyp Zekerýanyň ýanyna ýeke wagty geldi we aýtdy:

— Neçün bu şazadalary bu duzakdan halas etmez sen. Bular bu pyrak we aýralyk bendiliginde haçana çenli gezerler?!

Zekerýa jogap berdi:

— Haý, bu sözi diňe bir dile däl, eýsem köňle-de getirmek bolmaz. Soltan Fasylýus bilen ähdi-peýman edendir. Soltan ogullaryny Ladyk, Hunas we beýleki galalaryň berilmegi üçin girew goýandyr. Oňa neneňsi garşy çykyp bolar.

Ol rumly jogap berdi:

— Bu tüýsli sözlän sözleriň dag we sähradan ösen bir ýeldir. Bu bir bahanadyr we akyllar bazarynda onuň bahasy nedir?! Fasylýus tarapyndan şazadalara hyzmatçy we wekil edilen bu topar hemmesi meniň ýakynlarym we syrdaşlarymdyr. Men olary süýji sözler bilen tarapymyza çekerin we bu gürrüňi olaryň gulagyna guýaryn. Şeýle edeliň, şazadalaryň hyzmatynda saglyk we sagadat bilen Soltanyň huzuryna baralyň. Ol ýurtdan Fasylýusyň emeldarlaryna berilmäge äht edilen galalary we şäherleri berdirmäliň. Bu iki hyzmatyň üsti bilen biz ol ýerde abraý gazanarys.

Zekerýa «bu rumly mekir we hile bilen özüni söze goşup, pikiriniň nämedigini bilip, Fasylýusa mälim etjek bolýandyr» diýip oýlandy. Şonuň üçin bu söze üns bermeýärdi we razy bolmaýardy. Rumly Injil we haç häzir edip, «bu aýdan sözümi yhlas we ynam bilen aýtdym. Munda hile we ýalanym ýokdur» diýip, antlar içdi. Zekerýa aýtdy:

— Eger seniň ýaranlaryň we paryndaşlaryň hemmesi gelip, ýygnanşyp, Injilden we haçdan ant içseler, şonda ynanaryn.

Rumly olaryň her birini ýekelikde çagyryp, barlagdan geçirip, her biriniň köňlüne görä söz açyp, haýsysyny ylalaşyga laýyk görse hataryna goşardy. Şeýlelikde, hemmesiniň razylygyny alyp, gaçmaga häzir boldular. Bir gün ikindi wagtynda şazadalar awa ugradylar. Dürli sapalar we reýhanlar, aw we şikarlar bilen bezelen bir aw meýdanyna baryp, at segredip, awa meşgul boldular. Birden tokaýdan bir gyýakly ýekegapan çykdy. Hemmesi birleşip oňa hüjüm etdiler.

Ýekegapan öz janyny halas etmek üçin yslam welaýatlaryna tarap gaçdy. Aýtdylar:

— Bu gowy pal we alamat bolup, ýagşy başlangyja delildir.

**Beýt**

Dini ki mümiddi[1] kämimizdir[2],
Bu gün pelek uş[3] gulamymyzdyr.

Menşury[4] memäligiň[5] Hudadan,
Biziňdir içinde namymyzdyr[6].

Soň tokaý bilen ýekegapany kowmak bahanasy bilen gähi at segredip, gähi ýortduryp gitdiler. Ertire çenli at sürdüler. Garaňky zulmat nurly eşigini geýip, daň atan wagtynda yslam sebitlerine ýetdiler. Ilki bilen azan sesini eşitdiler.

Soltan heniz ol ýerlerde üç ok halkynyň göwnüni awlamaga meşguldy. Konýa entäk barmandy. Zekerýa hajyp Soltana hat ýazyp, bir adam ugratdy. Hatda: «zynhar galalary bermesinler. Biz gutulyp geldik. Duşmanyň myrat çüýşesi owrandy. Şazadalar bagt we salamatlyk bilen yslam diýaryna geldiler» diýip ýazdy. Soltan bu habary eşidip, örän şatlanyp, şadymanlyk telpegini hökmürowanlyk pelegine atdy, begenjinden depesi göge ýetdi we aýtdy:

---

[1] Mümid - medet.
[2] Käm - isleg, maksat.
[3] Uş - şu.
[4] Menşur - perman.
[5] Memälik - ýurt.
[6] Nam - at, ism.

— Hudaýa şükür, ykbal delilleri we bagtyýarlyk alamaty peýda boldy. Bagt ýar we döwlet zyýat bolup, pikir we aladalarymyz ýerine düşdi.

**Beýt**

Kime kim bagt musagyd[1] ola-ýu döwlet ýar,
Ebedüd dehr[2] muzaffar[3] olup, asan[4] ola kär.

Bugýaýy[5] ruhy kuds[6] ola-ýu ylhamy Hudaý,
Herne kim hatyr safyndan[7] onuň kylsa güzer.

Wafky[8] takdyr düşe kyldygy her endişe[9],
Mahzy[10] ykbal ola herne ki kylursa şumar[11].

Soltan begenjinden üç ok etraplarynyň gerek-ýaragyny düzetdi. Begleriň we serdarlaryň her birine mähribanlyk we hormat edip, barynyň isleglerini ýerini ýetirip, Konýa ugrady.

---

[1] Musagyd - ýardam, kömek.
[2] Ebedüd dehr - ebedi, baky dünýä
[3] Muzaffar - ýeňiji.
[4] Asan - aňsat.
[5] Bugýaýy - maksat, isleg, matlap.
[6] Kuds - päk.
[7] Saf - sap, päk, arassa.
[8] Wafk - üstünlik.
[9] Endişe - pikir.
[10] Mahz - halys, çyn, goşundysyz.
[11] Şumar - hasap.

## SOLTAN GYÝASEDDIN KEÝHYSROW IBN GYLYÇ ARSLANYŇ KONÝANY GABAMAGYNYŇ BEÝANY

Konýa halky Soltanyň gelenini eşidip, Soltan Rukneddine wepadar bolup, ogly Yzzeddin Gylyç Arslanyň hyzmatynda söweş guşagyny berk baglap, jeň ýaragyny häzirlediler. Soň Gyýaseddine:

— Biz Soltan Rukneddin bilen oglunyň ýurda şalygy üçin äht we ant içip, ähdi peýman etdik. Ol ähdi bozup bilmeris - diýip, habar iberdiler.

Şeýtany tekepbirlik Soltanyň gahar otlaryny ýakdy. Ol örän gazaba münüp, Konýanyň baglaryny zerer paltalary we soňsuz gaharlary bilen kesmekligi buýurdy. Baglaryň içindäki köşki-eýwanlary jepa külüňleri bilen harap etdiler. Bu iş Konýanyň halkyna täsir etmedi. Ýöne Soltan Gylyç Arslan olara aýtdy:

— Men doganoglanymyň ähli tabynlarymy we ýaranlarymy belli-külli köki-damary bilen sogurmaga atlanandygyny bilýärin. Eger eli erişse (ýetse), sizi diri goýmaz. Siziň hanymanyňyz, ähl we aýalyňyz haýry üçin peýdasyz ýere söweşip wagty ýitirmezligiňiz gerek. Haýsy iş siziň ýagdaýyňyz üçin gowy we aňsat bolsa, şony ediň. Eger meniň janyma aman berse-de uly nygmatdyr.

Olar Soltanyň maslahatyna görä, Soltan Gyýaseddine: «Gardaşyň, merhum Soltan Rukneddin siz Konýadakaňyz siziň gabawyňyza meşgul bolup, dürli usullar bilen gönderen habarlarymyzy kabul etmeýärkä, seniň mübärek barlygyň üçin niçe ýyllardan bäri ata-babadan galan we öz gazanan baýlygymyz sarp boldy. Ahyrynda sen sag-aman gardaşyňdan halas bolup, mal we esbap, ýaranlaryň we öwlatlaryň bilen ýat ýerlere ugradyň. Indem mübäreklik bilen gaýdyp geldiň. Haýyr

getiriji adalatyňdan, husn ahlagyňdan beýle zatlary oýlamaýardyk. Ol öňki zaryň we nalyşyň nire, häzirki jebir we sütemiň nire? - diýip, habar gönderdiler.

Soltan aýtdy:

— Ol wagtda meniň täleýim tersdi. Herne iş kylsam zyýan we zelelden özge hiç zat hasyl bolmazdy. Sizde gadymy soltanata hormat, hyzmatdarlyk we tarapdarlyk peýda bolsa-da, betbagtçylyklardan ýigrenç gubary maňa we meniň köşgüme ornaşmaz ýaly jan edip, ony kowmadyňyz. Bu jepanyň ol wepa nähili mynasybeti bar. Adatdakylaryň tersine edilýän bu gazap, şondandyr.

Konýanyň emeldarlary jogap gönderdiler:

— Biz mydama bu döwletiň wepadarlygynda we siz şazadalaryň namysy ugrunda yhlasymyzy gaýgyrman gezdik. Bu döwletiň bagtyýar saýasynda hemişe asuda we aman bolup, hiç zyýan we zähmet bize ýetmeýärdi. Biri-birimize atalyk, gardaşlyk we ogullyk sözi bilen ýüzlenerdik. Häzir hakykatdanam elimizi erbetlik etegine urup, başymyzy edepsizlik ýakasyndan çykardyk. Soltany älem öz gardaşynyň ogluna bizden has mähremdir. Eger tagty we şäheri bermekde haýsydyr bir päsgelçilik ýüze çykaýanda-da, biziň maksadymyz ikiňiziň ýagşylygyňyz we üstünligiňizden gaýry zat däldir. Bu gullar sizden gardaşyňyz Rukneddiniň siziň ogullaryňyza eden ýagşylygyny, siziň hem onuň ogluna etmegiňizi towakga we haýyş edýärler. Ol size bihormatlyk eden halaýygy jeza we temmi gylyjy birle köki bilen ýok etdi. Şeýle-de sizden we döwlet emeldarlaryndan şazada üçin bu ýurduň bir etrapyny bermegiňizi we onuň girdeýjilerini gerekli harçlary üçin sarp etmäge ygtyýar bermegiňizi haýyş edýäris. Çünki patyşanyň mähri raýatyna rehim etmegindedir. Eger bu sözler karar edilse, eliňizi öpmek hormatyna mynasyp bolar

ýaly şazadany huzuryňyza elteliň. Siz dagy bagtyýarlyk bilen şähere girip, tagta çykyň.

Soltanyň bu habara pisindi oturyp, kabul etdi. Tokat welaýatyny atasy Rukneddiniň dolandyryşy ýaly, oňa karar edip, perman ýazdy. Emirler we emeldarlar üçin hem işleri bellenip, permanlar ýazyldy. Habary getiren kişileriň ýanyna birnäçe adamy goşup, şähere gönderdi. Konýanyň emeldarlary we begzadalary bu ähtleri we permanlary görüp, şazadany alyp, Soltanyň ýanyna eltdiler. Soltana gardaşynyň oglunyň gelendigini habar edenlerinde öz ogullaryny garşylamaga gönderdi. Baryp, hezzet-hormat dessurlaryny ýerine ýetirdiler. Şazadalar dönüp Soltanyň ýanyna geldiler. Soltan Rukneddiniň ogly Soltan Gyýaseddiniň ýanyna gelip, hyzmat ýerini öpdi we el gowşuryp dik durmaga rugsat diledi. Soltan garşy çykyp, öz ýanyna çagyryp gujaklap, öpdi. Yşarat edenden soňra ýanynda dyza çöküp oturdy. Soltan dilhoşluklar berip, göwnüni awlady. Geregiçe sözleşip we mahribanlyk kylyp, gorky we aladany köňlünden çykardy. Patyşa laýyk serpaýlar, halat, lagl düwmeli nowruzy börük, göwher bilen bezelen guşak, altyn saply gylyç, bezelen eýer we uýanly gowy at berdi. Soňra «ýurduň möhümlikleri ýerine ýetirilip, etraplarda asudalyk emele gelýänçä birnäçe gün Gäwüle galasynda mekan tutup, ondan soňra şadyman we bagtyýar Tokat sebtine ugrap, ol Horram diýarda  mesgen tut» diýip, hököm etdi.

# SOLTAN GYÝASEDDIN KEÝHYSROW IBN GYLYÇ ARSLANYŇ KONÝA ŞÄHERINE GIRMEGININ̆ WE SOLTANLYK TAGTYNA OTURMAGYNYŇ BEÝANY

Sähergäh hysrow geçerdi çü hab[1],
Ýer öpdi gapysy öňünde aftap[2].

Şahyň gapysyndan bulurdy[3] huruş,
Sanydyň[4] ki efläk[5] ýyrtardy guş[6].

Sedaýy futuhyle[7] gurruşy kus[8],
Zafarle[9] etdiler şa işigin bus[10].

Betäýidi[11] hurşydy[12] çetri syýah[13],
Ki dehre[14] onuň saýasydy penah.

Jahandar bolup, ferri Kirdikär[15],
Dürri soltanatdan çün boldy suwar.

---

[1] Hab - 1. uky. 2. düýş.
[2] Aftap - gün.
[3] Bulmak – tapmak.
[4] Sanydyň - hasapladyn, pikir etdiň.
[5] Efläk - pelekler.
[6] Guş - gulak.
[7] Futuhyle - ýeňişi bilen.
[8] Gurruşy kus - tebl sesi.
[9] Zafarle- ýeňiş, üstünlik bilen.
[10] Bus - öpmek.
[11] Betäýid - karary, ýardamy, tassyklamagy bilen.
[12] Hurşyd - gün.
[13] Çetri syýah - gara saýawan.
[14] Dehr - dünýä, älem.
[15] Ferri kirdikär - Hudaýyň ýagşy alamaty, Taňry nury.

Çawuşlaryň owazy, sazandalaryň sazy, surnaýlaryň gulgulasy zemin-u asmany zenzelä getirip, düzgün we tertip birle Konýa şäherine girdi. Onda bir sagat ýaşamak beýleki müň şäherlerde bolmakdan haýyrlydyr.

Zülaly[1] reşkidi[2] selsäl[3]-u tesnim[4],
Gözellikde eýlemiş Firdöwse[5] takdym[6].

Howasy misli Ruhul kudsdyr[7] päk,
Urar bady säher çeşmine pür häk[8].

Görüban rowzaýy minu[9] mysalyn,
Hyjalatdan Erem unutdy halyn.

Sawady[10] Müsür ba tagzym-u tebjil[11],
Onuň topragy reşkinden öler Nil.

Doly huban[12] nerkes çeşm-u gül ruh[13],
Ki ne ferhar[14] görmüşdi ne halluh[15].

---

[1] Zulal - arassa, arassa suw, päk.
[2] Reşk - göribilmezçilik, bahyllyk.
[3] Selsäl - arassa we dury bulak.
[4] Tesnim - depe, belentlik, tümmek.
[5] Firdöws - jennet, iň ýokary jennet.
[6] Takdym - gadam, hereket.
[7] Ruhul kuds - Jebraýyl perişde.
[8] Häk - toprak.
[9] Rowzaýy minu - jennet bagy.
[10] Sawad - şäher, şäher etekleri.
[11] Ba tagzym-u tebjil - tagzym we hormat bilen.
[12] Huban - gowular, gözeller.
[13] Ruh - ýüz, keşp.
[14] Ferhar - bezeg.
[15] Halluh - bezeg, bilezik.

Şeker leb şahydany[1] pitne engiz[2],
Bezülp-u hal[3] dilbend-u dilawiz[4].

Oguz boýlarynyň ähli goşunlary häzir bolup, olar mawy deňiz kibi joşgundady, ýagyş damjalary kimin soňsuzdy.

## Beýtler

Sypahy[5] tozy onuň baglamyş rehi[6] deberan[7],
Şehaby[8] sawlaty[9] zarbynda jany diýu «Rejim.»

Mahabat ile kaza gördi haly şergy kawy[10],
Şejagat[11] ile gadar kyldy käri şirki sakym[12].

Bagtyýarlygy, döwlet ylalaşygy we şatlyk-şagalaňy bilen şähere girip, beýik atalarynyň tagtyna oturdy. Asman-zemin bu beýtleri saýrap başlady:

---

[1] Şahydan - gözeller, söýgüliler.
[2] Pitne engiz - pitneçi, topalaň turuzýan.
[3] Bezülp-u hal - zülpi we halyna.
[4] Dilawiz - 1. söýgüli, eziz 2. hoşboý ysly.
[5] Sypah - goşun.
[6] Rehi - ýol.
[7] Deberan - ýyldyz, Aldeberan ýyldyzy.
[8] Şehab - ýiti ýyldyz, ýyldyz şöhlesi, meteorit.
[9] Sawlat - eýmendiriji görnüşli, dabaralylyk, beýiklik.
[10] Şergy kawy - berk düzgün.
[11] Şejagat - batyrlyk, gaýduwsyzlyk.
[12] Sakym - kesel, ýarawsyz, nädogry, ýalan.

Seriri[1] şahy şimdi kylar serefrazy[2],
Ki saýa saldy seririne hysrowy gazy.

Dürli şady-horramlyklar uly-kiçiniň göwnüni galkyndyryp, din we döwlet işleri bolmalysy ýaly düzgüne mündi we kämil syýasaty bilen nyzamlaşdy, berkedi. «Eý Dawut, biz seni öz nebsiňe eýermän adamlaryň arasynda adalatly höküm eder ýaly ýere halypa edip ugratdyk»[3] aýatynyň hökümi birle ýurduň uýanyny gudratly goluna alyp, eýelik etdi. Jahany adyl we adalatlylyk bilen abadan kyldy.

**Beýtler**

Çün ejlal[4] täjin goýdy başyna,
Olup täji döwlet başy ile aşna.

Ne weýran ki bar idi hep[5] kyldy şeýn[6],
Dili gam keşan[7] gamdan oldy emin[8].

Hazynalaryň gulplaryny aýryp, beglere we nökerlere paýlady. Muferzumyň tabynlaryna we ýaranlarynyň her birine derejelerine laýyk serpaýlar we şalara laýyk yhsanlar berip, göwünlerini hoşlady. Ähli köňüller oňa tabyn bolup, diller ony öwmäge girişdiler. Döwrüň kellekeserleri boýun we tabyn boldular. Muferzumy uly derejä we mertebä ýetirdi. Özi bilen

---

[1] Serir - tagt.
[2] Serefraz - başy belentlik, buýsanç.
[3] Gurhanyň 38-nji süresiniň 26-njy aýaty.
[4] Ejlal - beýiklik.
[5] Hep - hemme.
[6] Şeýn - ýetmezçilik.
[7] Dili gam keşan - gam çeken ýürek.
[8] Emin - aman, aman-esen.

bile ýat ýerlerde aýraçylyk çeken ýakynlaryna we ýaranlaryna aýratyn minnetdarlyklar kyldy. Derejeler we mertebeleler bagyşlady. Malatyýa sebitlerini Melik Yzzeddin Keýkowusa, Danyşment ilini Melik Alaeddin Keýkubada berdi. Öz derejeleri bilen älem halkynyň dillerinde ýaňlanan etraplaryň meliklerine we patyşalaryna namalar, ilçiler we sowgatlar gönderdi. Döwletiniň we bagtynyň beýige göterilenliginden habardar etdi. Soltanyň ýat ýurtlara giden döwründe Rumdan Şam diýaryna göçen Şyh Mejdeddin Yshagy şu mesnewi beýtlerini düzüp, çagyrdy. Haty şu aşakdaky ýazgy bilen möhürledi.

**«ALLATAGALA ÄHLI GAPYLARY AÇYJYDYR, HAKYKATYŇ DOSTUDYR»**

***Keýhysrow Gylyç Arslan***

**Beýt[1]**

Egindeşleriň hormatlysy, älemiň ýeke-tägi,
Yslamyň beýigi, din hormatlysy.

Eziz we mynasyp ýoldaş,
Ol perişdäň jany bolmaly.

Tä kyýamata çenli baky dur,
Hormat we mertebesi artsyn.

Apat eli onuň durkundan sarp edilen,
Pitne gözi onuň zatyndan gabalan.

---

[1] Pars dilinden sözme-söz terjimesi berildi.

Eý, weli häsiýetli, pygabmer ýörelgeli,
Eger aýtsam şu müddetiň içinde.

Çarhy pelegiň elinden näme görendigimi,
Galamyň ujundaky çyzyk gan boýar.

Belent mertebelileň mejlisi gördi,
Zamananyň neneňsi haram (karam) edenini.

Patyşalygy bizden zulum bilen aldy,
Bir gödegiň bendine-eline tabşyrdy.

Men bir jeset, köňül gussa bulaşan,
Jahanda pytrap giden.

Käte Şamda, käte "Ermende,
Käte jaýym belentde, käte pesde.

Käte läheň ýaly deňizde,
Käte peleň ýaly sährada.

Kä Stambul jaýym, kätede goşun,
Käte Magryp, käte Berber mesgenim.

Köp wagtdyr işim ötünçden doly,
Kesgir gylyç, at üsti, pereň urşy.

Söweşler gördi, uruşlar etdi,
Zarbalar berdi, zarbalar gördi.

Käte-käte naharym betbagtlyk, gam,
Dostlaryň yzynda gam-gussasy.

Dostlarym nar ýaly köwlendi,
Men ýaly jahanda pytrady.

Ýene-de Hakyň lutpy jemalyn görkezdi,
Çarhyň gerdişi hem wepa buýurdy.

Dogry düýşler görýärdim,
Onuň nyşanyn düýşde görýärdim.

Alaman tarapa ýöriş etdim,
Amytda aman-esen ýaşadym.

Duşmanyň ölüm we mülküň gowşan habary,
Diň, eý, begen mülküň köplügine.

Daş-töweregiň ulularynyň atlary,
Hormatlylaryň saýlantgysynyň ady bilen.

Aýtdy: «Biz barymyz seniň wagyzçylaryň»,
Seniň yhlasçylaryňdyrys.

Ähli belli nyşanlary aýtdym,
Göz ýoluňda garaşyp galdy.

Her demimde ylham ýolundan,
Aýtdy: «Gyssanmaç, hereketli gadam».

Kyssa gysga, ony kesdim,
Meniň görenimi sen görme.

Bergalu tarapa myrat-islegim bilen geldim,
Mülki şemaldaky per ýaly görnüşde tapdym.

Birnäçe pes ar almaga azm etdi,
Zulum we jepa atyn eýerledi.

Halk gussada, zeperlerini,
Hiç kim görmedi, ýüzi zeperli nyşanly.

Hudaý ýar, arkadaýanç we goraýjy,
Kiçeldi käte uly ýara boldy.

Ahyry biziň bagtymyz ýeňiji boldy,
Tutuş ýurt oňa degişli boldy.

Ýurt maňa we saňa tabyn,
Jahanda biziň adymyz we siziň islegiňiz.

Ýagşylyk küýseýänler biziň ynamly bilimimizden,
Ähli dostlarymyz ýanymyzda.

Wagtydyr bu ýerden jaý gözle,
Eger başyň gülde bolsa, şu ýerde bol.

Enşa Allahu tagala we bu meniň hatymdyr, bize belent Alla doly suratda ýardamçydyr we ol iň gowy wekildir.

Ony ýene-de ýurda dolanmaga çagyryp, mübärek huzuryna adam iberdi. Bu habar Mejdeddine ýetende, ol şady-horram bolup, begenip, Soltanyň mübärek didaryna gowuşmak üçin çaltlyk bilen Ruma ugrady. Patyşanyň mübärek didaryny görüp, kalby joşup, göwni açyldy. Gurhan okamak we dogalar aýtmak bilen Soltanyň doga-senasyny zyýada etdi. Soltan hem

onuň mübärek gadamyny bagtyýar ykbaly saýyp, bagt ýyldyzy bilen mähribanlyk edip, ýokary derejeli hezzet-hormatlar etdi. Her gün biri-biri bilen oturşyp, söhbet etdiler, dem-dynç aldylar.

Soltan, Melik Yzzeddini Şyh Mejdeddiniň hemralygynda Malatyýa sebitine gönderdi. Şeýlelikde, Şyhyň haýyrly gürrüňdeşliginden we hemralygyndan özüni iki jahanyň bagtyýarlyk esbaplary bilen bezedi.

Soltan Melik Alaeddin Keýkubady birnäçe akyldarlar, han-begler we päk kişiler bilen bilelikde Tokat sebtine gönderdi. Ondan soň özi döwlet işlerine gözegçilik etmäge we ýurdy adalatly dolandyrmaga meşgul boldy.

Onuň döwründe şerigat we hakykat düzgünleri ýokary derejelere çenli ösdi. Her gün salamlyk sypasynda döwlet tagtynyň üstünde oturyp, kazylary we müftileri huzurynda häzir edip, zulum görenleriň şikaýatlaryny, dawalaryny diňlärdi we duşmançylygy ýok ederdi. Onuň zamanyndan soltan Alaeddiniň zamanynyň ahyryna çenli Rum patyşalarynyň adaty şeýledi. Ýagny, her sogap güni we ýaş güni günleri agyz bekläp, arz diňleýän otaga baryp, tä ikindi bolýança oturyp, arz diňläp, zulum görenlere adyllyk ederdiler. Şerigat hadysalary ýüze çykanda, ony kaza tabşyrardy. Diwan we däp-dessur gatnaşyklaryny diwan begleri we kätipler ýerine ýetirerdi. Soltanyň özi ýylda bir gezek şerigat meselesi boýunça arz soralýan jaýa gelerdi. Eger Soltanyň üstünden arz edýän bir dawagär bar bolsa, Soltan ol adam bilen barabarlykda kazynyň öňünde durardy. Kazy ol hadysany şerigat düzgünine laýyk edip, herne buýursa, ýerine ýetirilerdi. Şeýle ýagdaýda, şerigat düzgününiň bozulmazlygy üçin Soltana hiç hili hormat we derejelilik edilmezdi, adaty adam hökmünde garalardy. Dawa çözülip, Soltan köşgüne geleninden soň, kada we adata görä, kaza adalatly kazylyk edendigi üçin, gymmatly

sowgatlar, halat, ýükçi gatyr ibererdiler. Bu ýagdaý Soltan Alaeddiniň döwrüniň ahyryna çenli dowam etdi.

Ýene-de soltan Gyýaseddiniň hekaýatyna dolanalyň. Soltan Gyýaseddin Konýa gelen wagtynda hiç kimiň halamadyk bir işini etdi. Ol hem Kazy Termedini öldürmegidi. Kazy Termedi bolsa, ol döwrüň ulusynyň we kiçisiniň köňlünde ýer edipdi, bütin halaýyk onuň dindarlygyna, takwalygyna we hudaýhonlygyna hormat goýýardy we ynanýardy. Ony Ymam Fakyh Abul Leýs Samarkanda meňzederdiler. Onuň öldürilmegine bolsa, birtopar görip we duşman kişiler sebäp bolupdy. Olar soltanyň huzuryna gelip, «Konýa halkynyň şäheri bermän, garşylyk görkezmegine Kazy Termedi sebäp boldy. Çünki, kazy «Soltan Gyýaseddin kapyrlara dostluk edip, kapyr diýarynda şerigatyň tersine hereket edendigi üçin, oňa soltanlyk düşmez» - diýip, pata beripdi» - diýip, arz etdiler. Soltan ol sebäpden gaharlanyp, ony öldürmäge höküm etdi. Ol nähak ganyň şumlugyndan, üç ýyllap Konýa baglarynda we bossanlarynda miwe bolman, ekerançylyk-da oňmandy. Hasyllary her ýyl biwagt gelen sowukdan ýa-da doludan harap bolardy. Ahyry soltana duşmanlaryň kaza eden töhmeti mälim bolup, olara jeza we temmi bermeklerini buýurdy. Ol eden işinden puşman we perişan bolup, kazynyň yzynda galan perzentlerinden köp-köp ötünçler sorady. Mümkin boldugyndan ýer we mülk we wezipeler berip, olary razy etdi. Şeýlelikde, olaryň çeken jebirleriniň we betbagtçylyklarynyň öwezi gaýtarylyp berildi.

## SOLTAN GYÝASEDDIN KEÝHYSROWYŇ ANTALYÝA ÝÖRÜŞINIŇ BEÝANY

Bir gün Soltan adatdakylary ýaly soltanlyk tagtynda oturyp, mazlumlara adyllyk edip, zalymlardan ar alyp otyrdy.

Birden bir bölek bezirgenler gaşyna gelip, ýakalaryny ýyrtyp, perýat we pygan çekip, dad-u bidat diýip gygyrşyp, arz etdiler:

— Eý, ýedi ülkäniň şasy, eý belent täleýli patyşa, biz bezirgenler Horasan we Yrak etraplaryndan bolarys. Biz halal gazanç talabynda bütin dünýäni aýlanyp, maşgalamyzyň ryzky üçin köp muşakgatlar çekip, yssy we sowuk diýmän, azap görüp, daglary-düzleri we deňizleri söküp ýörüs. Biziň maşgalalarymyz we çagalarymyz bolsa, biziň bu sergezdançylykda gezip ýörenligimiz sebäpli: «Bir ata-ogul ýüzüni görsek ýa-da olardan hat we habar eşidip, göwünlerimize teselli bersek» - diýen umyt bilen haýsydyr bir habara garaşyp, gözleri mydama ýola garaýar. Biz bir gezek Müsür diýaryna barypdyk. Asylly söwda edip, köp baýlyklara we nygmatlara eýe bolupdyk. Ondan Iskenderiýä baryp, bir müddet onda durup, pereň matalaryndan we magryp parçalaryndan satyn alyp, ýük baglap, gämä mündük. Biz Antalyýa şäherine ýetenimizde pereň hökümdarlary tarapyndan goýlan Antalyýa häkimleri bizi tutdular. Günäsiz-zatsyz bizi tussag edip, bary-ýogumyzy zulum bilen elimizden aldylar. Hernäçe pakyrlyk we binowalyk bilen ýalbardyk, peýda etmedi. Ahyry üstümizden gülüp, masgaralap, şeýle diýdiler:

— Musulmanlaryň soltany adyl patyşadyr. Ol adyllyk we beýiklik bilen Konýada soltan tagtynda oturyp. adyllyk we adalatlyk saçagyny mazlumlara ýardam etmek üçin bezäpdir. Onuň dergähine baryp, dat ediň. Belki ol goşun çekip gelip, siziň zadyňyzy alyp, hak eýesine gowşurar.

Soltan bu sözi olardan eşidende, olaryň ejir çekişlerine we masgaralanyşlaryna ýüregi awap, kalbynda ar we gazap ody şöhle saçdy.

## Beýt[1]

Hudaýdan-Ýaradandan ant içdi,
Ýagty gündizlerinden we mawy agşamlaryndan.

Ol ant içip, aýtdy:

— Siziň baýlygyňyzyň hemmesini tapyp, size gaýtaryp berýänçäm, oturmaryn we hiç kişini diňlemerin. Eger baýlygyňyzdan bir zat ýok bolan bolsa, hazynadan ýerine goýaryn. Men ýat ýurtda entemekligiň we sergezdançylygyň ajysyn datdym. Zalymlaryň betbagtlyk getiriji oky meniň janyma sanjylypdy.

## Beýt

Men bilerem sizlin[2] misgin kişiler halyny,
Gurbat içre ol başymdan zira[3] kulahym bardy.

— Gowusy gama batyp, köňlüňizi melul etmäň - diýdi. Ondan soňra myhman kabul edýänlere:

— Bulary bir ýagşy öýde ornaşdyryp, mähribanlyk we hormat bilen hyzmat ediň. Oňa çenli men Antalyýa ýöriş ederin - diýip, höküm etdi.

Ertesi gezelençden gaýdyp gelip, köşgünde düşüp, saçak ýazylyp, iýip-içenden soň, köşgündäki kätiplerine höküm etdi:

— Ýurduň etraplaryndaky diňe bir türki we kürt goşunlary däl, eýsem, bar bolan gaýry taýpalar hem doly uruş ýarag esbaplary bilen örän çalt we basym hyzmatyma nökerlige gelsinler - diýip ýazyň.

---

[1] Pars dilinden sözme-söz terjimesi berildi.
[2] Sizlin - siz ýaly.
[3] Zira - çünki.

Hatlar ýazylyp, taýýar bolandan soň, çaparlaryň ellerine berip, daşdaky we ýakyndaky beglerdir häkimlere ugratdylar. Sähel müddet içinde dürli taýpalardan sansyz goşun Soltanyň gapysynda ýygnandylar.

**Beýt**[1]

Köp goşun soltanyň öňünde ýygnandy,
Dagdan-daga ýer ýüzüni [dolduryp] ugrady.

Ähli sag gol we sol gol goşunlary, gaýy, baýat, baýyndyr, salyr, şonuň ýaly-da ähli ýigrimi dört boýuň goşunlary, olardan gaýry kürt, arap we beýleki taýpalardan gelen goşunlar bilen dag we düz dolupdy. Dört ýerde goşun bazary gurlup, her bir bazar ýeri, bir uly şäher kibi, näme isleseler tapylardy.

Soltan döwlet ýarlygy we bagty barlygy bilen Haktagalanyň pazl we enaýatyna bil baglap, Taňry dergähinden ýardam diläp, uly goşun bilen kapyrlar diýaryna ýöneldi. Birküç menzilden soňra, ol sebitlere ýetdiler. Soltanyň haýbatyndan we gazabyndan gorkusyna ol ülkeler we diýarlar sarsyp başlady. Ol ýurduň halkynyň başyna kynçylyk we külpet düşdi.

Bu uly goşun söweş we jeň wagtynda aždarha dek naýzalary bilen dinsiz kapyrlaryň kelleçanaklaryny pytradýardylar. Olaryň otly oklary netijesinde uly şäherler we giň sähralar duşmanyň gözüne garynjanyň gözünden ýa-da ýylanyň hininden dar görünýärdi. Antalyýa şäheriniň daş-töwereginde düşlediler. Soltanyň buýrugy bilen Antalyýa şäherine garşy on sany manjanyk[2] gurdular.

---

[1] Pars dilinden sözme-söz terjimesi berildi.
[2] Manjanyk - daş we ş.m. zatlary uzaga atýan harby ýarag.

### Beýt

Delirana[1] on manjanyky betab[2],
Ol arada kim uçmazdy ukab[3].

Erişdirdi gerdunle tä asman,
Be permany[4] şahynşahy kamran[5].

Näheň kibi içerden we daşardan biri-biriniň üstüne hüjüm etdiler. Iki aýlap yzyny üzmän daňdandan agşama çenli söweş etdiler. Emma şäherdäkilerde we daşyndakylarda hiç hili gowşaklyk görünmedi.

Bir gün Soltan:

— Goşunyň batyrlary we pälwanlary soltan söweşini kylyp, naýza we gürzi ýerine ýaý okuny ulanyp, ok ýagdyryp, hiç bir pereňlä galanyň üstünden goşuna seretmäge mümkinçilik bermesinler. Beýleki pälwanlar bolsa topar-topar bolup, agzybirlik bilen merdiwanlar taýýarlap, olary diwarlara goýup, mertlik bilen jan gaýgyrman topulyp, yhlaslary üçin soltandan engam we yhsan alar ýaly Soltanyň synagyndan geçsinler, mertlik görkezsinler - diýdi.

Çawuşlar bu permany ähli esgerleriň gulaklaryna ýetirdi. Ähli emirler, türki we kürt esgerleri muny eşidip, Soltanyň permanyna garynja deý bil baglap, çekirtge we ary kibi garjaşyp, joşa geldiler. Merdiwanlar öňden taýýardy. Şol sagat galanyň töwerek-daşyndan, ujy pelege ýetýän merdiwanlary

---

[1] Delirana – batyrgaý, merdana.
[2] Betab - batbörek.
[3] Ukab - bürgüt.
[4] Be perman – permany bilen.
[5] Kamran – hökmürowan.

diwarlara söýediler. Batyrgaýlyk bilen gala diwarynyň üstüne çykan ilkinji kişi Konýa esgerlerinden, salyr boýundan bolan Husameddin lakamly Ýoluk Arslan atly bir kişidi. Ol gylyjy, çokaýy we eşigi bilen diwaryň üstüne çykyp, peleň kibi segräp, özüni pereňlileriň arasyna oklady. Pereňlilerden birküç sanysyny jahenneme gönderdi. Onuň yzyndan beýleki batyrlar we pälwanlar her tarapdan çykyp, şähere girdiler. Pereňlileriň diri galanlary gylyç zarbyny görenlerinden soň ýyldyz ýagtysyndan gaçýan şeýtanlar kibi çar tarapa gaçyp başladylar.

### Beýt[1]

Ýüzüni saraldyp, bökdi mawy tygdan gorkusyna,
Bahar güýesiniň bady-hazandan gorkuşy ýaly.

Soltan goşunlarynyň galanlary hem bu ýagdaýy görüp, her ýerden-her ýerden hersi bir polatdan dag ýaly bolup, kementler atyp, diwara çykdylar, ýoldaşlaryny hem ýokary çekip çykardylar. Soltanyň sanjagyny ýokary çykaryp, galanyň depesinde dikdiler. Galanyň içine giren goşunlar gürzi, tokmak, çokmak we hanjar birle melgunlary gahar edip, öldürdiler. Gapylary açdylar. Goşunyň galanlary hem gala girdiler. Gabaw wagtynda şäher halky sögünç we hapa sözler aýdýardylar. Soltanyň buýrugyna görä ol gün gyrgyn eýlediler. Gan aryklary düze we deňize garşy akdy. Niçe müddet ýaşyl deňiz gyzyl düşek düşenen ýaly boldy. Ondan soňra Soltan goşuna gylyçlaryny gynlaryna salyp, adam öldürmezlige, talaňçylyk etmekden, olja we ýesir almakdan özge zat etmezlige höküm etdi. Bäş gün talaňçylyk edip, olja alyp, ýesir tutmak bilen meşgul boldular. Altynjy gün goşunlara ol işlerden el çekmäge

---

[1] Pars dilinden sözme-söz terjimesi berildi.

höküm edildi. Antalyýanyň ýolbaşçylygyny Mubaryzeddin Ärtoguş bege tabşyrdy. Ol Soltanyň ýakyn adamlaryndan bolup, ýat ýerlerde sergezdançylyk çeken wagtynda-da Soltanyň hyzmatynda bolupdy. Ol şonuň bilen birlikde parasatda, batyrgaýlykda, ýitilikde, işlere gözegçilik etmekde we serhetleri goramakda ökde we meşhurdy. Soltan öz nökerleri we goşuny bilen şähere girip, ony belläp, şu günden başlap, goşun esgerlerinden hiç kimiň şäheriň gylyçdan we talaňdan gutulan jemagatyna el degirmezligine höküm etdi. Soň bolsa, ýerzeminlere, çukurlara girip, daglara we gowaklara sümlüp, derelerde gizlenip, diri galan adamlara: «Gorkmaň we üýşenmän şähere geliň, her kim öýli-öýünde we mesgeninde ýaşabersinler. Söweş we talaň doly kesildi» - diýip, jar çekdiler. Bu sözi eşidip, şäher halkynyň barysy öýli-öýüne geldiler. Ondan soňra Soltan birnäçe wagt ol ýerde ýaşady. Gabaw we söweş wagtynda diwarlaryň deşilen, manjanyk daşlarynyň netijesinde galanyň ýykylan ýerleri bejerildi. Ammarlara azyklar ýygyldy. Jüpbehanalarda jüpbeler we ýaraglar jemlendi. Ybadathanalary metjitlere öwrüp, kazy, hutbaçy, ymam we azançylar goýup, münber we mährap ýasadylar. Goragçylar, şäher düzgünine seredijiler, nebit atyjylar, zembirekçiler we topçular goýdular. Azdan-köpden hiç zady egsik etmediler. Hemme zady taýýar etdiler. Ondan soňra Soltan bagtyýarlyk bilen jylawuny Rum soltanlarynyň merkezi şäheri, täji tagtynyň ýerleşýän ýeri bolan Konýa tarap öwürdi. Kenardan bir menzil geçenden soň, emeldarlara we beglere Derbendiň agzynda durup, oljanyň bäşden bir bölek almaklary buýruldy. Şa aýratyn atlara mündürilip, iýmek-içmekleri şa aşhanasyndan berilýän, bu söweş saparynda patyşanyň hyzmatynda ýören, öňki kapyrlar tarapyndan zulum gören bezirgenleri çagyrdy. Soltan aýtdy:

— Özüňiziň matalaryňyzyň we parçalaryňyzyň sanyny we hilini bir kagyza ýazyp, diwana getiriň. Bäşden bir salgytdan ýygnalan zatlary size bererler. Eger şonda siziň ýitiren zatlaryňyzyň hemmesi jemlenmese, onda Ärtoguş bege höküm iberip, onuň ýanyndaky oljalardan berip, galan-gaçan egsikleriňiziiň bolsa, hazynadan üstüni doldurarys. Siziň zatlaryňyzdan azu-köp hiç zat ýitmedik ýaly ederis. Çünki, yslam dünýäsine juwanlyk we terlik getiren, Haktagalanyň enaýaty bilen abraý gazandyran bu mübärek ýeňşe siz sebäp bolupdyňyz.

Soň Soltanyň özi bagtyýarlyk we şan-şöhrat bilen Muhammet dinine kuwwat berip, sag-salamat, sansyz oljalar bilen ýurduna ugrady.

**Beýt**

Rowan oldy bagt-u sagadatle Şah,
Furuzandy[1] çetri şah misli mah.

Huraman[2] tutuban rehi tagtyny[3],
Göge ergirip, owsary bagtyny.

Ulular-u erbaby nam-u nyşan,
Çü döwlet bedergähi şahy jahan.

Kemer baglamyş her biri misli kuh,
Ki gylyçlary kuha salar şikuh[4].

---

[1] Furuzan - ýaldyraýan, şöhle saçýan.
[2] Huraman - şadyýan.
[3] Rehm tagtyny – tagtyrowanlygy.
[4] Şikuh - gorky.

Konýa sebtine ýetip, ýeňiş we üstünlik buşluklary etraplardaky häkimleriň we halaýygyň gulaklaryna ýetip, şadyýanlyk kyldylar.

**Beýt**

Bu resme kylar ulular işi çü el bere kär,
Ki şahlar gylyjyndan galar bu resme asar.

— diýşip, şadyýanlyk bilen doga we sena meşgul boldular.

Bezirgenler öz parçalaryndan ellerine düşenini göterip, egsiklerini arz etdiler. Hazynadarlar gymmatyna we bahasyna laýyklykda başga zatlar berip, olaryň ýitgileriniň öwezini doldular we her birine bir gymmatbahaly halatlar berip, maksatlaryna ýetirip, hormat bilen ýola saldylar. Soň bolsa: «Rum ýurtlarynyň ählisinde kimde-kim söwdagärlik edip, ýurt sökýän bolsa, paçdan, hyraçdan we beýleki salgytlardan azat bolsun» diýip, höküm etdi. Bezirgenler jany-dilden doga we sena kylyp, watanlaryna ugradylar. Patyşanyň adalat we merhemet ýaňyny bütin äleme ýaýdylar.

Haktagala olara rehmet etsin we beýik işleriň eýesi, söweşijileriň we gazawatçylaryň jenaby, kapyrlary we müşrikleri ýok ediji, Taňrynyň ýerdäki saýasy, patyşamyz Soltan Myrat ibn Muhammet ibn Baýezit hany hemişe duşmanlaryndan üstün etsin. Zamana zalymlaryny we günäkär kapyrlary permany bilen har-u zelil etsin.

## SOLTAN GYÝASEDDINIŇ ANTALYÝA ÝEŇŞINDEN DOLANYP GELMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Antalyýa söweşinden dolanyp geldi. Pereňlileriň eline geçenine birnäçe wagt bolan ol ýerler ýene-de eýelendi.

Ol ýurduň sähralary we jeňňellikleri göçüp-gonup ýören igdir öýlerinden, kürtlerden we araplardan doldy. Ornaşmaklary üçin olara gyşlak ýerler berildi. Zamana zalymlary Soltanyň permanyna boýun we tabyn boldular. Kimde-kim onuň permanyna azajyk garşy gidip, tabynlykdan boýun towlasa, derrew gazap we gahar bilen temmi we jeza bererdi. Olar tabyn bolup, huzuryna gelerdiler we beýik döwletiniň penasynda zamananyň betbagtçylyklaryndan gutulardy. Jümle halaýyk onuň dergähine gelip, onuň enaýat nazaryny özlerine bagt bilerdiler we aýdardylar.

**Beýt**

Tu an[1] şähriýary ki hengamy kin[2],
Barabar kylar sen gögi ba zemin[3].

Eger gahryň erse zülala, zülal -
Ola ataş şeýifteýi[4] bimejal.

Eger lutfuň erişer ise esir[5] -
Ody suw oluban dola abgir[6].

Jahandan öwtad[7] ur rastyn[8]
Saňa ýaraşar patyşahy negin[9].

---

[1] Tu an – sen ol.
[2] Kin – kine, duşmançylyk.
[3] Ba zemin – ýer bilen.
[4] Şeýifte – aşyk.
[5] Esir - küre.
[6] Abgir – howuz, howdan.
[7] Öwtad - çüý, myh.
[8] Rastyn – dogry, göni..
[9] Negin – ýüzük, möhür.

Döwletiň ösüşi kämil we ýokary derejelere ýetdi we berkleşdi. Hiç kim ol döwletiň berk baglanan düwüni çözüler, patyşanyň emrleri ýerine ýetirilmän galar diýip, göwnüne-de getirmeýärdi. Bir geň waka ýüze çykyp, «Eger bir iş gutarsa, onuň nogsany ýakynlaşdygydyr. Eger bir iş gutardy diýilse, onuň ýok bolmagyna garaş» diýen syryň pynhanlygy ýüze çykyp, aýanlyk höküminiň sahypasynda göze ildi. Şeýlelikde, Soltan Rum ülkesindäki Alaşäher häkiminiň üstüne ýörişe ugrady. Bu ýörişiň asyl sebäbi şeýledi. Ýagny, Soltan ýat ýurtlarda sergezdançylyk çekip ýörkä oňa watana dolanmaga Alaşäheriň häkimi Leşgeri päsgel beripdi. Haçanda ýurduna dolanyp, tagta geçeninde paç göndermekde, permanlary ýerine ýetirmekde hyzmat we salama gelmekde bu gün, erte diýip, perwaýsyzlyk edip, başlady. Bir gün Soltan döwlet emeldarlaryny we ýurt ululary häzir edip, köşgünde olar bilen söhbetdeşlik gurady. Şonda ol şeýle diýdi:

— Leşgeriniň iline baryp, mirasdüşer ýurdumyza gelýän wagtymyzda, ol bize päsgel berdi. Haktagalanyň enaýaty bilen maksadymyza ýetip, tagta geçenimizde onuň günädir hatalaryny bagyşladyk. Indi bolsa, ýene-de tabynlykdan el çekip, topalaň we pitne etmäge pursat araýar. Eger bu ýagdaýyň çäresi görülmese, onuň has-da gödekleşip, biziň ony ýok etmäge kuwwatymyzyň ýetmezligi mümkin. Şeýle bolsa, galan kapyr begleri dagy paç tölemän tabynlyk ýolundan çykyp, pitnä we topalaňa başlarlar. Akylly danalar: «Işi har görmezlik gerek. Aždarha bolandan soň puşman iýmez ýaly garynjany ýylan sanmak gerekdir» - diýipdirler. Mynasyp pursat boldugy ony ýok etmäge hiç hili haýal-ýagallyk etmeli däldir.

Sag gol begler begi, gaýydan Aşut beg, sol gol begler begi, baýyndyrdan Ybraýym beg we beýleki döwlet emeldarlary birleşip:

— Patyşanyň göwher saçýan sözlerinden we dür seçýän dillerinden biz gullaryň gulagyna ne söz eşidilse, Isgenderiň hökümi dek ýerine ýetiriler. Hiç kime ol sözi inkär etmek mümkin däldir - diýdiler.

### Beýt[1]

Seniň permanyň älem abadançylygynda karar edilen,
Akyllaryň we pikirleriň garşy bolmagyna garamazdan.

Olar ýene-de:

— Emma, älemiň ilkinji gününden başlap, patyşanyň baky durmuş döwleti döwrüne çenli her bir sowalyň jogaby hem bolandyr. Eger patyşa rugsat berse, gullaryňyz bolan biz bu babatda dogrudyr we jaýdardyr öýden pikirlerimizi aýdalyň - diýdiler.

Soltan aýtdy:

— Aýtmak gerek.

Aýtdylar:

— Patyşa bilýändir, äht we peýmany bozmaklygyň ahyry ýazgarylmak we soňy şumluk bolýandyr. Anty syndyrmagyň soňy bolsa, ýurt haraplygyna we döwlet perişanlygyna sebäp bolýandyr. Eger onuň goşuny tabynlyk şertlerini ýerine ýetirmese ilçiler we çaparlar gönderip, tabşyryklar bermek gerekdir. Olar şonda-da gulluk şertlerini ýerine ýetirmäge haýal-ýagallyk etse, temmisini bermek gerek. Eger şonda gorkup, ötünç sorap, günäsiniň ötülmegini dilese,

---

[1] Pars dilinden sözme-söz terjimesi berildi.

bagyşlamaly.Çünki, entek aç-açan garşy çykan däldir. Şonuň üçin günäsini ötmek gerek. Soň ýene-de garşylyk görkezse ýa-da pitne turuzsa, ol keseliň emini «iň soňky derman» bilen emläp, biz gullaryňyz siziň bagtyýar jylawuňyzyň hyzmatynda, ol ýeriň jeňine ugralyň. Ol diýary ýer bilen ýegsan edip, ýesirlik we betbagtlyk towkysyny Rum we Pereň terstäleýleriniň boýnuna dakalyň. Patyşamyzyň biraz müddet mübäreklik bilen sabyr edip, biz gullaryna möhlet bermegi gerek. Göreliň, ilçilere näme jogap bererler.

Soltan aýtdy:

— Şekim ýok, mähremlik we mähribanlyk etmek patyşalyk däbidir we onuň berkliginiň sütünidir. Emma ol azypdyr, oňa süýji sözüň peýda etmez. Men onuň akmaklygyndan we samsyklygyndan habarlydyryn. Beýle etmegiň hiç peýdasy ýokdur.

**Beýt**

Şeýle bolmady, demagynda[1] hemakat[2] temkin[3],
Ki gula kabyly[4] aslah[5] ony magjun[6]-u fusun[7].

Soň derrew soltanyň hökümine görä hatlar we permanlar ýazylyp, olar ýurduň ählisine sag we sol gol beglerine, gaýry türki we kürt esgerlerine» iberildi. Hatdyr permanlarda: «Hemmeler ýarag-esbaplaryny taýýar edip, jahanyň penasy bolan Soltanyň dergähine gelmeli we beýleki esgerler bilen

---

[1] Demag – beýni, aň.
[2] Hemakat – samsyklyk.
[3] Temkin – mekan tutmak, ornaşmak..
[4] Kabyl – laýyk, mynasyp.
[5] Aslah – düzediş, dogrulama.
[6] Magjun – garym-gatym.
[7] Fusun - hile, mekir.

birlikde «Eý, pygamber, siz kapyrlara we mynapyklara – ikiýüzlilere garşy göreşiň we olara berk daraň» hökümine laýyklyda, Allatagala dininiň ýeňşi we yslam baýdaklarynyň belentde parlamagy üçin söweşe gitmäge häzir bolmaly»[1] diýlip ýazylypdy.

Bu emre görä emirler, goşunbaşylar, gaýy, baýat, salyr, baýyndyr we saýry boýlaryň alplary we batyrlary her tarapdan doly ýarag-esbap bilen patyşanyň dergähine ugrap, Konýada Ruzbeh sährasynda häzir boldular.

Humaýun[2] pal-u ferruh[3] ruzle pal,
Ýöridi tarapy sähraýa tutup rah[4].

Huruşy[5] kus-u[6] naýy ruýdan häk,
Örü turdy ýerinden misli efläk[7].

Çeriçiler alam balaýa[8] çekmiş,
Erenler raht[9] hem sähraýa çekmiş.

Balasynja urundy şahsuwaran,
Rekabynda pyýada täçdaran.

---

[1] Gurhanyň 66-njy süresiniň 9-njy aýaty, 9-njy süresiniň 73-nji aýaty.
[2] Humaýun – mübärek.
[3] Ferruh – mübärek, bagtly.
[4] Rah – ýol.
[5] Huruş – gykylyk, gowga.
[6] Kus – deprek.
[7] Efläk – pelekler.
[8] Bala – ýokary, beýik.
[9] Raht – goş-golam.

Kemer bagly-ýu gaşlary güşada[1],
Başynda efseri[2] şahy nehada.

Zylaly[3] çetri meýmuny[4] şah üzre,
Ki misli ebr[5] düşmüş mah[6] üzre.

Jahandan kylyban bet çeşmi mehjur[7],
Yrakdan çawuşan[8] diýrlerdi «şöwdur».

Zemini bary ahen[9] eýlemiş ham[10],
Howa ile duwar[11] olmuşdy hem dem.

Kemer şemşirlerden zernigary[12] -
Guşanyp, kyldy san zerrin hysary[13].

Goşun şeýle bir köpdi welin, ýer üstünde bolýan hereketiň haýbatyndan howada uçýan bürgütleriň we laçynlaryň perleri dökülýärdi. Şeýle hümmet we dabara bilen ýola düşdüler. Rumuň uly şäherlerinden bolan Alaşäher sebitlerine ýetenlerinde söz öwredilen jansyzlar we habarçylar ýeňijiniň hereketlerini we kuwwatly goşunyň gelýändigini Alaşäheriň

---

[1] Guşada – açyk.
[2] Efser – täç.
[3] Zylal – saýa.
[4] Meýmun – mübärek.
[5] Ebr – bulut.
[6] Mah – aý.
[7] Mehjur – terk etme, daşlaşdyrma.
[8] Çawuşan – gygyrşyp.
[9] Bary ahen – egilme, bükülme.
[10] Ham – egilme, bükülme.
[11] Duwar – aýlanma, pyrlanma.
[12] Zernigar – zer bilen bezelen.
[13] Hysar – gala, berkitme.

häkimi Leşgeriniň gulaklaryna ýetirdiler. Şol sebäpli sabyr-kararlary galman, gorkup, kapyrlar toparlaryna, il we ýurt häkimlerine we ululy-kiçili adalardaky hökümdarlara perýatnamalar we haýyşnamalar iberdiler. Şeýlelikde, Rumdan, Pereňden, Bolgardan, Enkerusdan we Almandan şeýle bir köp goşun ýygnanyp, doly ýarag-esbaby bilen yslam leşgeriniň garşysyna ýöneldiler. Beýleki tarapdan Soltanyň goşunlary - türk we türkmen alplary we batyrlary mawy deňiz kibi garjaşyp çadyrlar düzdüler. Yşyklaryň şöhlelerinden, gylyçlaryň we çakmaklaryň ýalpyldysyndan gözler gamaşardy. Atlaryň kişňemeginden we gykylyklaryň köplüginden Myrryh ýyldyzynyň zähresi ýarylýardy we deňizler bolsa, çeşme bolýardy.

**Beýt**

Çü deprendi ýerinden ahenin kuh[1],
Zemine erdi san zilzäli enbuh[2].

Iki leşger biri-birine hanjar -
Çekibän, kalb-u sap-sap durdy ýekser.

Tiriň gürzü-çaka-çaky şemşir,
Ýarardy magzy[3] pil-u zähreýi şir.

Garýuwy[4] kus bermiş murdaýa guş[5],
Dymagy zindeýi[1] terk eýlemiş huş.

---

[1] Ahenin kuh – demir dag.
[2] Zilzäli enbuh – köp zenzeleler, köp ýer titremeleri.
[3] Magz – beýni.
[4] Garýuw – gykylyk.
[5] Murdaýa guş – ölä gulak.

Anlar tygy bark efşan[2] çekerdi,
Hüzebran[3] su besu dendan çekerdi.

Senan[4] ýüreklere ser tiz kylmyş,
Jahany ruzy rustahiz[5] kylmyş.

Sögüwler[6] baş üzre bişe[7] kylmyş,
Hezimet[8] hem mafarry[9] endişe kylmyş.

Ne gutulardy onda şirden gur[10],
Ne şir olardy şemşirden dur[11].

Ererdi şeýle dyrg[12] altyna[13] per tir,
Ki ziri perdeýi gül bady şebgir[14].

Ukaby[15] eý niçe ganly hedeňiň[16],
Beratyn perde ýazmyşdy peleňiň.

---

[1] Dymagy zindeýi – diriniň beýnisi.
[2] Efşan – öwşün, ýaldyrama.
[3] Hüzebran - batyrlar.
[4] Senan – naýza.
[5] Ruzy rustahiz – kyýamat güni.
[6] Sögüw – naýza.
[7] Bişe – tokaý, jeňňel.
[8] Hezimet – gaçma, ýeňilme.
[9] Mafarry – gaçmak.
[10] Gur – gulan.
[11] Dur – daş, uzak.
[12] Dyrg – jöwşen, sowut.
[13] Altyna – astynda.
[14] Bady şebgir – gije ýeli.
[15] Ukap – bürgüt.
[16] Hedeň – ok, peýkam.

Olar merge çeňinden seraser[1],
Semada[2] min zemin[3] jeýbini[4] ýyrtar.

Hamaýyllar kylyban her kişi zir,
Kimi şemşir-u kimi zahmy[5] şemşir.

Soltan süýr depä çykan güneş kibi ýalpyldaýardy. Çünki lagly Badahşan sowudyny geýipdi we başynda ýyldyz gupbasy kibi yşyk saçýan gupbany-tuwulgany başyna geýipdi. Uly çokmak elinde, gaty ýaý golunda, almazdan edilen hindi gylyjy bilindedi. Ýyldyrym ýaly owadan we häsiýetli çapgyr ata münüpdi.

**Beýt[6]**

Ýyldyrym hereketli, ýel uçuşly at,
Mübärek zag gözli, käkilik häsiýetli.

Çalt towusýandy, aýak göteren wagty,
Ýel ondan agyr gelýärdi.

Ýola düşende menzil keserdi,
Ýel ýaly tizliginden pelegi görmezdi.

Şeýle ata münüp, ortada durardy. Ol söweşde naýzadyr ok jeňi we çokmak söweşi örän köp boldy. Soltan örän gaýrata

---

[1] Seraser – başdan-aýak, tutuş.
[2] Sema – asman.
[3] Min zemin – ýerden.
[4] Jeýb – 1) ýaka; 2) gursak, kükrek.
[5] Zahm – ýara, zarba.
[6] Pars dilinden sözme-söz terjimesi berildi.

galyp, biline guşanan ar gylyjjyny gynyndan çykardy. Bir hemle-hüjüm bilen söweş sapyny böwsüp, «silli buludyny düzden we dereden rowan eýledi. Hem-de şol bulut deýin kapyrlary öldürip, gyryp, nejis maslyklaryny topraga garýardy welin, şeýtan toparlary onuň öňünden dyr-pytrak bolup gaçýardy. Söweş bilen duşmanyň merkezine ýetdi. Seretse, tekur Leşgeri dur. Gylyjjyny ondan gabanyp, aždarha dek owsun atyjy naýzasyny eline aldy welin, duşmanyň gözi zümerret kibi peträp, çykara geldi. Soltan oňa garşylaşmagy buýurdy we Leşgerä garşy hemle urup, uly zarp bilen birinji zarbada oňa kyýamat ýüzüni görkezdi we at üstünden göterip, ýere oklady. Soltanyň nökerleri we janpenalary atdan düşüp, öldürmek islediler. Emma Soltan olara rugsat bermedi we ony ýene atyna mündürip, goýbermeklerini hököm etdi. Häkim leşgerine tekuryň-häkimiň betbagtçylyga uçrany mälim bolanyndan soň, olar näumyt bolup we ýitgiler çekip, gaçmaga ýüz goýdular. Soltanyň leşgerleri talaň we çapawullyga meşgul boldular. Takdyry ýazgyt bilen Soltanyň janpenalary we ýaragly nökerleri ony ýeke goýup, talaňa meşguldylar. Birden bir pereňli Soltana garşyma-garşy geldi. Soltan ony özüniň ýeňiji goşunyndandyr öýdüp, üns bermedi we goranmak üçin ýaragyny häzirlemedi. Ol pereň Soltanyň gapdalyndan geçip, soňra at başyny oňa garşy gönderip, bir ýarag zarbasy bilen onuň näzik ruhuny arşy aglaýa gowuşdyrdy. Onuň ýarag-esbabyny ýygnap, bir bölek gaçyp barýan Rum kapyrlaryna garyşyp gitdi we Leşgeriniň hyzmatyna bardy. Leşgeri ol geýimi görüp, tanady we sorady:

— Muny nireden getirdiň?

Jogap berdi:

— Munuň eýesini öldürdim we bu geýimleri ondan sypyrdym, soň bir bölek rumlylar bilen seniň hyzmatyňa geldim.

Leşgeri aýtdy:

— Häzir ol ölini baryp, tanap, maňa getirip bilermiň?

Aýtdy:

— Getirerin.

Goşunyndan birküç batyry onuň bilen goşup iberdi. Baryp, Soltanyň päk jesedini göterip, Leşgeriniň ýanyna getirdiler. Görenden derrew tanady we aglady. Ýas we matam baglap, ganly ýaşlar gözlerinden rowan boldy. Soň bolsa, derhal pereňliniň derisini soýmaklaryny buýurdy.

Beglere we goşun serdarlaryna Soltanyň şehit bolandygy, hökmürowan baýdagynyň we ykbal saýawanynyň ýykylandygy we musulmanlyk arzuw-umytlarynyň kesilendigi mälim bolanda haýran we serasyma[1] bolup galdylar. Olaryň älemi görýän gözlerine röwşen gündiz gije we garaňky göründi. Ählisi gitmegi ganymat saýyp, yza çekilmäge we gaçmaga ýüz goýdular. Leşgeriniň goşunyna ýene-de şadyýanlyk we bagt gülüp bakdy we gaçyp barýan yslam goşunlarynyň ardyna düşdüler. Köp halaýyk ol derbentlerde we derelerde kimi ölüp, kimi gark bolup, kimsi batga batyp, heläk boldy. Çaşnygir Aýbe we şolar ýaly beýleki bir bölek begleriň ellerini baglap ýesir edip, Leşgeriniň ýanyna eltdiler. Aýbe Soltanyň mübärek jesedini göreninde perýat edip, aglady we ýüzüni Soltanyň aýaklaryna sürtdi. Leşgeriniň buýrugy boýunça Aýbäniň elini çözüp, oňa teselli berdiler. Soň Alaşäheriň töwereklerinden birküç sany musulman adam getirdip, Soltanyň jesedini müşk we gülap bilen tämizläp we arassalap, musulmanlar gabrystanynda amanat depn etdirdi. Bu wakalar we hadysalar gutarandan soň Konýa eltip, ata-babalarynyň gümmezhanasynda goýup, jennete tabşyrdylar.

---

[1] Serasyma – başy aýlanan, aňkaryp galan, haýran galan

**Beýt**

Bu resme durar çarhy näpaýdar[1],
Ki bilmez çeri[2] ne nedir şähriýar.

Erip[3] pir-u ýigit diýmez, heb[4] biçer[5],
Girer gana, gany suw kibi içer.

## SOLTAN YZZEDDIN KEÝKOWUS IBN KEÝHYSROWYŇ PATYŞALYGYNYŇ WE ONUŇ DÖWLETINIŇ EÝÝAMYNDAKY ÝÜZE ÇYKAN ÝEŇIŞLERIŇ BEÝANY

Soltan Gyýaseddiniň ömri din ugrundaky söweş ýolunda şehitlik bilen tamam boldy. Söweşdir jihat ýolundan dolanyş meýdanyna – Taňrynyň huzuryna ýönelip «Olar syddyklar we şehitler»[6] diýen aýata laýyklykda şehitler hataryna goşuldy. Şeýlelikde, ýurt gelini, döwlet öýüniň kadalaryna we soltanlyk köşgüniň berkligine «Alla üçin tagzym we Taňrynyň bendelerine mähribanlyk etmek» düşünjesi-parasaty bilen gözegçilik edýän hökümi zynatly ýanýoldaşdan jyda düşen döwlet işleri, düzgünleri togtap galdy. Onsoň döwlet emeldarlary we ýurt bossanyny goraýjylar maslahatlaşmak üçin gurultaý geçirdiler. Sag we sol gol begleri gaýy, baýat,

---

[1] Çarhy näpaýdar – geldi-geçer pelek.
[2] Çeri – goşun, nöker.
[3] Ermek – ýetmek, barmak.
[4] Heb – hemme.
[5] Biçer – keser.
[6] Gurhanyň 57-nji süresiniň 19-njy aýaty.

baýyndyr we salyr ululary ýygnanyşyp we jemlenişip, üç şazadanyň - Yzzeddin Keýkowusyň, Alaeddin Keýkubadyň we Jelaleddin Keýferidunyň, haýsam bolsa birini şa saýlamak hakynda geňeşdiler. Birden ýagşylyk ýyldyzy dogup, hakykat gaýyp perdesinden ýüzüni görkezdi. Ýagny, sahylykda Hatam bilen deňleşýän, ýagşy ahlagy bilen daş-töweregini bahar şemaly kibi tämizleýän Margaş häkimi Nasreddin Melik Hasan ibn Ybraýym aýtdy:

— Yzzeddin Keýkowus Soltanyň uly ogludyr hem-de akylly, kämil we batyrdyr. Şeýle-de Oguz düzgünlerinde aga barka, inä ýolbaşçylyk degmez. Patyşalyk Soltan Yzzeddine laýykdyr.

Ähli emeldarlar, begler we ulular ol söze «aperin» diýip, agzybirlik bilen Konýadan Kaýsaryýa ugradylar. Serkerdelerden birini bolsa Melik Yzzeddiniň huzuryna Malatyýa gönderdiler we «Tiz ýetiş, gyssan» diýip, tabşyrdylar. Çapar Malatyýa ýetip, serdarlaryna we ulularyna ýas ýagdaýy we Soltanyň şehit bolanyny beýan etdiler. Hemmeler agzybirlik bilen onuň ýanyna bardylar we ýagdaýy beýan etdiler. Aglap, ýas we matam şertlerini ýerine ýetirdiler. Üç günden soňra begler we ulular döwlet nobatynyň ýetenligi we soltanlyk derejesine saýlananlygy bilen ony mübäreklediler. Ondan göçüp, bäş günde Kaýsaryýa ýetdiler. Ol ýerdäki begler we serdarlar öňünden çykyp garşyladylar. Ol ýerden şan-şöhrat we dabara bilen şähere girdiler we Melik Yzzeddini soltanlyk tagtynda oturtdylar. Üstünden derhem we dinarlar seçdiler. Üç gün geçeninden soňra, Soltan beglere ýas donuny çykarmagy emr edip, her birine mertebesine laýyk halatlar we serpaýlar bagyşlady. Uly-kiçi Soltanyň elini öpmek hormatyna mynasyp boldular. Her biri derejelerine laýyklykda täze permanlar aldy. Her kimiň haýyşlaryna görä, emläk we baýlyklar berlip, her biriniň mertebesine laýyklykda aý ýüzli gullar we gyrnaklar, on

müň altyn dirhem salnan gapjyklar, araby we türki atlar tertip edilip, peşgeş berildi. Ýas şady-horramlyga öwrülip, aýş-u eşrete meşgul boldular. Olar paýtagta – Konýa ugrarys diýen pikirdediler. Birden: «Melik Alaeddin Tokatdan leşger çekip, bu ýere ugrapdyr» diýen habar ýetdi. Hemmesi haýran bolşup, bu ýagdaýyň çäresiniň gamyny iýmäge başladylar.

## GYÝASEDDIN KEÝHYSROWYŇ WEPAT BOLANYNYŇ HABARYNYŇ ALAEDDINE ÝETMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Gyýaseddin Keýhysrowyň wepat bolandygy baradaky habar Alaeddin Keýkubada ýetende, ol Tokatdady. Üç gün matam tutup, ýas şertlerini ýerine ýetirdi. Soňra aralarynda berk ähdi-peýmanlary bolan Arzurum şasy we doganoglany Mugyseddin Togrulşaha, Ermenistan şasy Leýfuna çaparlar gönderdi. Zahyreddin Ili Perwanany dagy ýagşy wadalar bilen öz tarapyna çekdi. Çar tarapa yzyny üzmän namalar we ilçiler gönderdi. Rum goşunlarynyň barlygy – durky Oguz we türk taýpalarynyň barlygyndandy. Çünki, her haçan duşman goşunlary pytradylanda, yklymlar eýelenilende, bary Oguz taýpalarynyň kömegi bilen edilýärdi. Şol sebäpli ol mümkin boldugyndan köp türkileri özüne dönderdi. Köp goşun jem edip, ýarag esbabyny şaýlap, Kaýsaryýa ugrady.

Gardaşyny gabamaga tagalla edip, uzak wagtlar söweşler we uruşlar etdi. Iki tarapdan köp tanymal begler, nökerler we halaýyklar heläk boldy. Hiç haýsysyna üstünlik ýüzüni görkezmeýärdi. Şäher we gala halkynda ejizlik we sussypeslik peýda boldy. Soltanyň mübärek durkunda hem melullyk we hassalyk peýda bolupdy. Bu gabaw Soltan we ýurt üçin agyr boldy.

Soltanyň Zahyreddin Ili Perwana öndenem tükeniksiz enaýaty bolup, olaryň arasynda köp ähdi-peýmanlary bardy. Häzir bolsa, onuň tersine ondan wepa ýerine jepa görýärdi. Şonuň üçin ol öz zehini bilen bu iki beýti ýazyp, Perwana gönderdi.

### Rubagy

Şemem ki bu dem ýandy we tükendi tenim,
Hiç olmady bir gije handan dahanym.

Perwana ki ýary garym[1] olmyşdy meniň,
Razy ki urarlar boýnumy düşe bedenim.

Gabawyň soňy görünmeýärdi. Ýeňiji we ýeňlen belli bolmaýardy. Malatyýada hyzmatynda ýören begleri - Mubaryzeddin Çawul begi, Çaşnygiri, şa athanasynyň emiri Zeýneddin Beşarany we mejlisiň emiri Mubaryzeddin Bähramşany ýanyna çagyryp, bular bilen maslahat etdi we aýtdy:

— Bu iş gaty uzaga çekdi. Köp halk heläk boldy. Meniň pikirime görä gije garaňkylykda şäheriň derwezesini açyp, tizlik bilen gaçyp, özümizi Konýa şäherine oklalyň. Ol uly şähere arkalanyp, onuň üç sebitiniň begleriniň we goşunlarynyň ýardamy bilen myradymyzy hasyl edeliň.

Olar aýtdylar:

— Patyşanyň pikiri rastdyr. Emma mekir we hile görkezmäge golaý bolan bu işe ynam etmek bolmaz. Konýa ýetmänkäk duşmanyň we garşydaşymyzyň goşuny ýolda bize

---

[1] Ýary gar – 1) gowak hemrasy; Abu Bekr. Abu Bekr Muhammet pygamber (s.a..w.) Mekgeden Medinä göç edende, Abu Bekr onuň bilen bir gowakda oňa hemra bolýar. Bu aňlatma şondan gelip çykýar.

duçar bolar. Mülk elden gidip, heläk bolarys. Eger patyşa birazrak sabyr-takat görkezse, «Sabyr ilki başda ajy bolsa-da, ahyry baldanam süýjüdir» diýlişi ýaly soňy gowy bolar diýen umydymyz bar.

Kaýsaryýýanyň häkimi, şehit bolan soltanyň hyzmatynda paýhas we parasat bilen ynama giren Jelaleddin Kaýsar muny eşidip, onuň gitmegine garşy boldy.

Güni, edil gije saçyna darak uran ýaly[1],
Küpür harpyny zamana urdular.

Ol Soltanyň hyzmatyna gelip, köşkde ýeke galyp aýtdy:

— Guluň bolan men: «jahan şasynyň köňlüne nälaýyk pikirler gelipdir» diýip, eşitdim. Soltan bu ýagdaýdan asla melul bolmasyn we şunuň ýaly binowalyk getirjek pikiri aňyna we diline getirmesin. Guluň kellesine bir pikir geldi. Şol pikire görä amal etsek, bu düwün çözülip, matlabymyzyň perisi perdeden ýüzüni görkezer diýip umyt edýärin.

Soltan aýtdy:

— Pikiriňi arz et. Eşideýin.

Jelaleddin aýtdy:

— Soltan öz haremhanasyna girip, hatynlaryň bezeglerinden ermeniler ýanynda degerli hasaplanylýan bir gymmatly zat getirsin. Men ony alyp, maksadymyza ýetmegi ýeňilleşdirmek üçin bu gije daşary çykaraýyn. Belki myradymyz hasyl bolar.

Soltan onuň aýdyşyna görä haremhanasyna girip, gyz gardaşyndan bir gymmatbaha öýme alyp çykdy. Onuň gymmaty on iki müň altyndy. Ony getirip, Jelaleddin Kaýsara berdi.

[1] Pars dilinden sözme-söz terjimesi berildi.

Ol gije bir guly bilen garaňkyda şäherden daşary çykdy. Gala begine «Men ýene gelinçäm gapydan gitme. Meniň sesimi eşidenlerinde gapyny açsynlar» diýip tabşyrdy. Gitdi. Jelaleddin Leýfun şanyň goşunyna garşy rowana boldy. Birden sakçy we garawullara sataşdy. Ýazgyda görä ol gije sakçylyk nobaty Leýfunyň nökerleriniňkidi. Leýfunyň nökerleri Kaýsary sesinden tanadylar. Çünki hemişe Kaýsaryýadan Sise we Tarsusa baryş-geliş edip, aralarynda dostluk gatnaşyklary bardy. Aýtdy:

— Tekura - patyşa meniň gelendigimiň habaryny ýetiriň.

Ýetirdiler. Bu habar tekuryň gulagyna ýetende, öňler mydama Kaýsaryň ýanyna gelip-gidip ýören, ýakynlaryndan birini onuň ýanyna iberip, aýtdy:

— Bar, bu ýagdaýy anyklap gel.

Gelip gördi. Baryp:

— Hakykatdan hem Emir Jelaleddin gelipdir - diýdi. Tekur ony garşylap, hezzet-hormat edip, dostluk-doganlyk şertlerini ýerine ýetirdi. Soňra alyp, çadyryna girdi. Jelaleddin oňa aýtdy:

— Şa bilen bir uly iş barada sözüm bar. Eger ýeke galsa, arz etjek.

Tekur yşarat etdi. Ähli nökerler daşary çykdylar. Jelaleddin aýtdy:

— Seljuklaryň ýurdundan hiç bir döwlete şanyň-tekuryň şäriklik etmejekdigi mälimdir. Şonuň üçin tekuryň bu ýerde azap çekmeginiň ne hajaty bar. Eger Melik Mugyseddin gardaşynyň mülküni almak isleýän hem bolsa, soltanlyk tagty Alaeddin Keýkubadyňkydyr. Çünki, ol atasynyň tagtyny talap edýändir. Şeýle bolsa, bu sene-mene we dawalardan tekura arada näme peýda bar? Saňa bolan dostlugym sebäbinden şeýle maslahat bermäge geldim. Ýagny, özüňi bu peýdasyz heläkçilikden gutar we baryp, öz ýurduňy gora. Onuň hojaýynçylygyna meşgul bol.

Soň bolsa göwherler bilen bezelen öýmäni onuň öňünde goýup, aýtdy:

— Tekur muny nal bahasy üçin kabul etsin. Gymmaty on iki müň müsür altynydyr.

Soň ýene-de aýtdy:

— Tekur ertir goşuny bilen göçüp gitse, menem hyzmatyňda bolaryn. Çünki, ýurt Soltan Yzzeddin Keýkowusa degişli bolsa, Ermenistana - tekuryň galalaryna on iki müň baş mal, dowarlaryna bolsa ot-iým gönderer. Soltan özüniň soltanlyk döwründe tekuryň mülküne we galalaryna zyýan ýetirilmezligine äht eder. Tekur öz ähdi-peýmanyna wepa kylyp dursa, gün-günden aramyzda dostluk berkär.

Tekur bu habary eşidip, ol göwherli öýmäni görüp, Jelaleddiniň makul nesihatyny kabul etdi we aýtdy:

— Meniň eminim dagy Soltanyň hyzmatyna baryp, Soltan hem onuň öňünde ant içse, diňe şol ýagdaýda köňlüm ynjalar.

Jelaleddin aýtdy:

— Owwal tekur äht edip, ant içip, nama ýazyp, öz adamsy bilen Soltan gaşyna ibersin.

Tekur garşy bolman, «Soltany älem Yzzeddin özüniň patyşalyk edýän wagtynda meniň galalaryma, şäherlerime zyýan ýetirmese, onuň ýeňiji goşuny basyp alyş ýoly bilen meniň ýurduma girmeseler, Emir Jelaleddiniň aýdan sözlerine wepaly bolaryn we bu barada ähtnama ýazyp, bu ýerden öz mülküme ugraryn» diýip, ant içdi.

Jelaleddin tekuryň adamsy bilen şähere girdi. Soltanyň ýanyna baryp, oňa maksadynyň hasyl bolandygyny buşlady we tekuryň adamyny getirip, elini öpdürdi. Gürrüňdeşlik baradaky ähtnamany görkezdi. Soltan ol habardan örän şadyman bolup, öz eli bilen tekuryň islegine laýyklykda ähtnama ýazdy. Tekuryň adamyna halat geýdirdi. Agşam düşende ony galadan

goýberdiler. Tekur ähtnamany okady. Çapar hem Soltanyň dilden aýdan habarlaryny aýtdy.

Tekur öz goşun serdarlaryna:

— Bu gije gowga we galmagal etmän, göçüp gideliň. Gün dogmanka Döwli sebitlerinden aşmalydyrys - diýip, buýruk berdi.

Olar düýelerine we gatyrlaryna ýüklerini ýükläp we atlaryny eýerläp, ähli goşuny birle ýola düşdüler. Daňdana çenli Döwli sebtinden geçip, Ermeni welaýatlaryna ýetdiler.

Ertesi Melik Mugyseddine we Melik Alaeddin Keýkubada tekuryň goşunlarynyň çadyrlaryny boş goýup gidendigini habar berdiler. Olaryň ikisem geň galyp, pikir deňzine gark boldular. Biri-birlerinden gorky we wehm etdiler. Melik Alaeddin «Ol jemagat meniň gardaşym bilen söhbetleşip, dil düwşüpdirler we hile bilen meni gardaşym elinde ýesir etmek isleýärler» diýip, göwnüne getirdi. Melik Mugyseddin bolsa «Gardaşlarym Arzurum üçin maňa kast edýärler. Meni şonuň üçin hile we mekir bilen ýesir etmek üçin bu ýere getiripdirler» diýip pikirlendi. Ol dagy şol gije garaňkyda göç etdi. Melik Alaeddin Keýkubat Melik Mugyseddiniň goşunynyň duran ýeriniň boşdugyny görüp we öz jemagatynyň dagy dargap, her ýere gidendiklerini bilende haýran galdy. Şäherdäkiler dagy olaryň dargandyklaryny görüp, şady-horram bolup, biri-birlerine buşladylar. Surnaýlaryň we kernaýlaryň owazlary dag we sähralara ýaň saldy. Melik Alaeddiniň goşunlarynyň azalandygyny gören batyrlar we arslan ýürekler gapyny açyp, şäherden daşary çykdylar. Köp halaýygy ýaraladylar we tutdular. Käbirlerini heläk etdiler. Melik Alaeddin ol haly görüp, at başyny dönderip, Enguryýa tarap ugrady. Enguryýa galasyna baryp, galany eýeledi. Ol şäheriň berkligine we mäkämligine penalandy.

Soltan Yzzeddin şat bolup, Kaýsaryýadan çykyp, şatlyk telpegini göge zyňyp gapdy. Baýdak göterilýän we duşman ýok edilýän meýdanynda şadyýanlyk çowgany (çöwgeni) bilen şatlyk topuny oýnady. Daşarda orda gurup, oturdy. Ähli sag we sol gol begleri, gaýy, baýat, baýyndyr we salyr ululary we alplary hyzmatyna geldiler. Ählisine agyr sowgat-serpaýlar we halatlar berip, merhemetlikler we mähribanlyklar etdi. Perwanalyk derejesini Emir Jelaleddin Kaýsara, diwanhana we hasaphana işlerini Hoja Bedreddin Horasana berdi. Ol hatdatlykda, suhangöýlikde, gürrüň we beýan etmekde, hasaplamakda meşhur bolup, Rum ýurdunda onuň taýy ýokdy. Ýazuw we kätipligi Hoja Fahreddin Aly Töwrizä tabşyrdy. Ol hem hatdatlykda we suhangöýlikde pany jahan içinde taýy ýokdy. Diwan we wezirlikde meşhur bolan on iki sany işleriň her birini bir ussada berdi. şäherleriň her birini bir bege berdi. Negidäni - Zeýneddin Beşara, Malatyýany - Husameddin Ýusuba, Abulystany - Mubaryzeddin Çawly bege berdi.

Zahyreddin Ili Perwana Melik Alaeddiniň hyzmatyndan aýrylyp, Negidä bardy. Negide şäheriniň begzadalaryna we halaýygyna mal we nygmatlar berip, hezzet-hormatlar kylmak bilen olary özüne boýun etdi. Olaryň köňüllerini dinarlar we serpaýlar bagyşlamak bilen permanyna tabyn we özüne dost etdi. Ymamlary we alymlary jem edip, hezzetledi. Ähli ymamlardyr, danalaryň we bilen raýatyň öňünde durup, olara ýüzlendi:

— Eger Soltan Yzzeddiniň goşuny şäheri gabamaga gelip, baglara zyýan ýetirse, emläkleri harap etse, biz ýeňsek ýa-da ýeňilsek parhy ýok, meniň baglarym we emlägim siziň mülküňiz bolsun.

Bu hile we erteki bilen bir müddet onda ýaşady. Emma Negidäniň ogry-jümrüleri we başbozarlary onuň tabynlaryna örän ezýet berýärdiler. Ol: «Heniz şäheri gabamaga hiç kim

gelmänkä, bu ezýet berijiler topary munuň kibi gödeklik edýärler. Eger bu gün ýa erte gabaw bolaýsa, onda ýagdaý neneňsi bolarka?» diýip, pikir etdi. Soňra ondan göçüp, Luwluwa galasynda penalandy. Onda dagy durman Sis ýolundan Şam diýaryna ugrady. Ýolda Halabyň golaýynda Talbaşar atly bir ýere ýetende hassa bolup, birküç günden soňra wepat boldy. Ony ol ýerde jaýladylar.

Ondan soňra Zeýneddin Beşara Negide şäherine ugrady. Negidäniň halaýygyna we begzadalaryna haýyr-yhsanlar edip, mähribanlyklar kyldy. Ermeni tekury Leýfuna adamlar iberip, söweşleriň we dawalaryň tamamlanandygyny, soltanlygyň bolsa Soltan Yzzeddin Keýkowusda karar tutandygyny beýan etdiler. Leýfun tekur onuň jogabyna köp-köp sowgatlar, serpaýlar, halatlar bilen birlikde çapuw atlar, altyn-kümüş gap-gaçlar, küýzeler, sakyrlatlar iberdi.

Soltan Kaýsaryýa we onuň töweregindäki ýerleriň möhüm işlerini tamamlandan soň ýurdy asuda ýagdaýa saldy. Soňra Aksaraý tarapa ugrady. Aksaraýyň ululary we han-begleri onuň bagtyýar saýawanyny garşylap, köp seçgi seçdiler we şady-horram boldular. Hemme onuň hyzmatyna häzir boldular. Ol döwürde türkileriň köp bölegi ol ýerlerde ýaşaýardylar. Hemmesi onuň permanyna tabyn boldular. Soltan birküç gün onda bolup, dynç aldy. Ondan soň paýtagty bolan Konýa tarap ýola düşdi. Konýanyň hojalary, ygtybarlylary we begzadalary şäheri bezediler we zynat bagladylar. Arabalar üstünde köşkler gurdular we sazandalar, sazlar we şadyýanlyklar bilen Soltany garşyladylar. Şan-şöhrat we dabara bilen Soltany şähere saldylar we tagtynda oturtdylar. Şahwar göwherler seçdiler. Ol nygmatyň şükranasyna Hak ýolunda köp gurbanlar pida etdiler. Gelenliginiň haky üçin ýüz müň pul, bäş müň gyzyl altyn, ýüz jübüt zerbap kemha, ýüz elli jübüt atlas, otuz baş at, ýigrimi baş gatyr, elli baş iki örküçli düýe getirdiler. Hemmesi hoşluk

bilen kabul edildi. Ondan soňra Soltan olardan gaýtadan kasam etmeklerini sorady. Soltanyň islegine görä ant içdiler. Soltanyň buýrugyna görä olaryň hersiniň mülk we emlägini täzeden perman üsti bilen ykrar etdiler. Tussaglary zyndandan azat etdiler. Ululara we ynamdarlara halat we serpaýlar geýdirdiler. Dürli näzi-nygmatlar iýdiler. Hoş kakuwly şerbetler, gymyz we şeraplar içdiler. Tutuş bir hepdeläp iýgi-içgi we aýş-u eşret sapasynda wagt geçirdiler. Şalara laýyk bezm edip, aýdymlar diňlediler. Ondan soňra Soltan döwlet işlerine başlady. Ýurduň etraplaryna hatlar we permanlar iberip, maksatlarynyň we isleglериniň amala aşandygyndan habar berdi. Üç ok we Gürji etraplarynyň türkileriniň beglerini Soltanlyk dergähine çagyrdy we olary dagy isleg-meýillerine ýetendigi bilen guwandyrdy. Hemmesi çaltlyk bilen Soltanyň huzuryna ugradylar. Gelip ýetişenlerinde hersi derejelerine we mertebelerine laýyklykda Soltanyň huzuryna gowşup, mähribanlyklara duçar boldular. Derejeleri we beglikleri barada täzeden permanlar berildi. Ýurt düzgün-nyzama girip, Soltan adyllyk we adalatlylyk bilen ýurt soramaga meşgul boldy.

## SOLTAN YZZEDDIN KEÝKOWUSYŇ AHLAK BEÝIKLIGINIŇ, ÝAGŞY HÜÝ-HÄSIETINIŇ BEÝANY

«Maňa özümden soň hiç kim üçin miýesser bolmajak bir mülki-döwleti bagyş et»[1] manysy Soltan Yzzeddin Keýkowusyň eýýamynyň we döwrüniň nesibi bolupdy. Soltan Yzzeddin Keýkowus şekili we hulky taýdan örän görkli we özüne çekiji bolupdyr. Sahylyk we jomartlykda eli ýagyş damjalary kibi bihasap zat bagyş ederdi. Danalygy Zöhre ýyldyzy kibi, garaňky gijede şöhle saçýardy. Hatdatlykda,

---

[1] Gurhanyň 38-nji süresiniň 35-nji aýaty.

çeper sözde we suhangöýlikde taýsyzdy. Batyrlykda we alplykda Rüstem dek gaýduwsyzdy we jahangirdi. Onuň ahlagyny wasp etmekde arap we ajam ýurtlarynyň taryhçylary jan ederdiler.

### Beýt[1]

Biribar Taňry Eflatuny pikir-aň üçin,
Seni Taňry halkyň abadanlygy üçin,

Ýaratdy ykbaldan keşbiňi, ondan soň,
Oňa inderdi Bähmeniň we Şapuryň janyny.

Şeýle, käsäniň özi beýan eder,
Ol «üzüm» – şerap galybyndan aýrylandan soň.

Mukaddes älemiň darakçylary seniň goşunyň çaňyndan,
Hüýrüň ýüzüne gözellik atyryny çalar.

Köp sowgatlar bermegi özüne parz hasaplap, şahyrlara sowgat-serpaý bermäge uly hümmet bilen emr edip, özüni ol babatda pes saýýardy. Şemseddin Tabs meýlis gününde Soltana öwgi şygryny düzdi. Onuň şygrynyň örän çeperliginden, şirinliginden we näzikliginden Soltan haýran galdy. Ol şygryň serpaýy hem-de suhangöýligi üçin Rum ýurdunyň goşun diwanhanasynyň emirligi derejesini oňa bagyşlady. Alymlary söýüjiliginden ýaňa şanyň dergähi bilimdarlar, hünärmentler bilen bezelendi. Onuň döwleti eýýamynda gazalhonlar we özüne çekiji bagşy-sazandalar örän hormatlady we sylaglady.

---

[1] Pars dilinden sözme-söz terjimesi berildi.

Ol döwürde ejzaýy turabyň[1] zarby,
Şeýledi ki raks[2] urardy zerreýi[3] howada.

Syny Musanyň jübüsi dek päkdi. Päklikde Isanyň demi kibi, takwalyk we dindarlyk peleginde lowurdaýardy. Batyrlyk lybasyny halypa Nasyrlidinullanyň hyzmatyndan geýipdi. Mürewwet jamyny «Aýdyň :»Eger Allany söýseňiz, maňa eýeriň. Şonda Alla sizi söýer»[4] şeraphanasyndan içipdi. Bar güýjüni ülkedir diýarlary basyp almaga, duşmanlarydyr näkesleri ýok etmäge, ýurdy giňeltmäge we täze welaýatlary eýelemäge sarp edipdi. Olar öz ýerinde beýan ediler.

Onuň diwanyndan bir kimsäniň adyna mülk ýa baýlyk karar edilen bolsa, ebedi özgerdilmeýärdi we üýtgedilmeýärdi. Oguldan-ogla, nesilden-nesle galardy. Onuň mübärek zamanynda gytlyk bela we gaýgy-gam ýokdy. Asuda we parahatçylykdy, arzançylykdy. Jahan etraplarynda rahatlyk höküm sürýärdi.

Onuň adyllyk syýasatynyň ýaňy Fasylýus Leşgeriniň gulagyna ýetende, şem ýaly, gorky odundan eremäge başlady. Akyl we dana kişilerini häzir etdirdi. Bu babatda olar birle maslahat edip, aýtdy:

— Bize Soltan Yzzeddin bilen aragatnaşyk gapysyny açmak üçin näme etmek gerek? Eden günämiziň ötünjini neneňsi görnüşde diläliň?

Käbirleri aýtdylar:

— Fasylýus nijeme ganhorlary öldürip, özüni ol günälerden päk etdi. Emma gowusy häzir şeýtmek gerek. Çaşnygir Aýbe bu ýerde hyzmatyňdadyr. Oňa engam we yhsan

---

[1] Ejzaýy turab – toprak bölekleri.
[2] Raks – tans, oýun.
[3] Zerre – azajyk, kiçijik.
[4] Gurhanyň 3-nji süresiniň 31-nji aýaty.

edip, mähribanlyklar kylyp, goýber. Soltany begendirjek sowgat-serpaýlar berip, dostluk esaslaryny berklendirjek, meýillendirjek we göwnünden turjak degerli zatlary taýýarlap, Seýfeddiniň hemralygynda huzuryňdakylardan birini Soltanyň dergähine gönder. Seýfeddin duşmanlyk gubaryny aýyrmaga ýardam eder. Çünki, ol Soltan köşgüniň ýaranlaryndan we ol neberäniň terbiýeleýjilerindendir. Bu babatda ol köp tagalla eder, Soltany razy eder. Eger ötünjimizi kabul etmese, ondan soňra söweş üçin adamlary jemlemäge meşgullanmak gerek. Eger bu serişdeler bilen bu maslahatymyz ýol alsa, has gowy.

Bu pikir Fasylýusa we onuň döwlet emeldarlaryna dogry göründi. Onsoň jahan kätipleriniň hasaplaryndan we ýazaryndan zyýada, hemmäni haýran galdyrjak derejedäki gymmatly köp sowgat-serpaýlar, gymmatbaha dürler, içi altyndan doly agyr gapçyklar, altyn-kümüş gap-gaçlar, sakyrlatlar[1], zerlenen pereňi matalar, elwan-elwan reňkli kemhalar[2] we atlaslar tertiplediler. Onsoň Suhangöýlikde we şirin dillilikde Rum ýurtlarynda meşhur bolan bir ilçini Seýfeddin bilen hemralykda Soltan gaşyna ugratdy. Olar Seýfeddiniň köňlüni geregiçe awlap, göwnüni hoş etdiler. Onuň göwni sap bolup, götergilenip, ol maslahaty ýerine ýetirmäge häzir bolup, ilçiler bilen bilelikde Soltanyň hyzmatyna ugrady.

Yslam ýurtlarynyň sebitlerine ýetenlerinde Seýfeddin ilçilerden öňürti, gyssanmaçlyk bilen Soltanyň dergähine bardy. Soltanyň elini öpüp, Rum ilçileriniň gelýändigini habar berip, olaryň niýetlerini gysgaça beýan etdi. Hem-de Soltanyň köňlüne gonan gubarlary näziklik we mähribanlyk eli bilen süpürip, durlady. Soltan gahar-gubarlaryndan göwnüni sap

---

[1] Sakyrlat – 1) zerlernen ýüpek parçanyň bir görnüşi bolup, ol esasan Bagdatda dokalypdyr we örän meşhur bolupdyr; 2) gyzyl ýz-da mawy reňkli nepis mata.

[2] Kemha – nagyşlanan al-elwan reňkli parça.

edip, atasynyň heläkçiligini kaza we takdyrdan gördi. Ertesi ähli emirleri we goşunlary häzir etdi, Soltanyň buýrugyna görä hajyplar ol ilçileri däp-dessura laýyklykda, Soltanyň tagtynyň öňüne getirdiler. Olar tagzym edip, ýer öpdüler. Namalaryny we dil sözlerini beýan etdiler. Getiren sowgatdyr-salamlaryny Soltana berdiler. Soltan bezm we meýlis gurduryp, ilçileri oňa çagyrdylar. Olar bilen güler ýüz we şirin söz bilen sözleşdiler. Dürli yhsanlar we şalara laýyk mähribanlyklar etdi. Ertesi salamlyk sypasynda, hylwatda olary we öz han-beglerini häzir edip, mülk we döwlet işleri barada söhbetleşdiler. Ilçiler Soltanyň öňünde Rum şasy Fasylýusyň görkezmesine laýyklykda ant içdiler. Fasylýus üçin beýik soltandyr-şalara laýyk bolan sowgatlar we atlar taýýarladylar. Ýene-de Emir Seýfeddin Çaşnygir Aýbäni ilçilige bellediler. Hem-de yzyna dolanyp, işleri geregiçe ýerine ýetirip, Soltanyň we döwlet emeldarlarynyň tabşyrygyna laýyklykda Fasylýusyň öňünde ant içmegi, şehit bolan Soltanyň päk jesedini paýtagt Konýa getirmegi, ata-babalarynyň ýanynda jaýlamagy buýurdy.

Emir Seýfeddin Aýbe sowgatdyr-serpaýlary we halatlary alyp, Rum ilçileri bilen ýola düşdi. Öz ýurtlaryna ýetenlerinde öňürti Fasylýusa bir kişi gönderip, işleriň maksada laýyk bolandygyny we Emir Seýfeddiniň ýene-de ilçiler bilen bile özüniň hem ilçi bolup gelendigini habar berdiler. Ýakynlaşanlarynda Fasylýus olary garşylap, tagzym we hormat şertlerini ýerine ýetirdi. Hezzet-hormatdan kemini goýmady. Ertesi bir hoş mejlis taýýarlap, saz-söhbet, aýş-u eşret we şadyýanlyklar gurnap, gowy myhmandarlyklar kyldylar. Musulman we Rum däpleri esasynda aşlar, gowurmalar, kebaplar bişirdildi. Hoş tagamly şeraplary altyn-kümüş gap-gaçlar, badalar we göwher bilen bezelen bulgurlar bilen derýa kibi akdyrdylar. Maksadyna ýetendikleri, Soltanyň tagta çykandygy we onuň kuwwaty üçin saz-söhbetler gurup,

şadyýanlyklar etdiler. Soňra Soltanyň huzurynda ýazylyp, onuň ant içen ähtnamasyna laýyklykda, Fasylýus hem kasam ýat edip, Injil we Hristosdan ant içdi. Emir Seýfeddine öňki beren sowgatlaryny az görüp, ýene-de engam we yhsan edip, baýlyklar we göwherler bilen onuň göwnüni awlady.

Şehit bolan soltanyň tabytyny alyp giden karylara we pukaralara «ol jaýlanýança» diýip sadaka üçin ýigrimi müň altyn berdi. Onuň mübärek tabytyny äkitmäge ýurdunyň serhedine çenli ugratmak üçin, esgerlerini goşup ugratdy. Emir Seýfeddin Aýbe ilçiler bilen ýene-de yzyna döndi. Soltanyň dergähine baryp, karar edilen ýagdaýy beýan etdi. Iki tarap hem şatlyk we şadyýanlyk bilen rahatlandylar. Şehit soltanyň mübärek jesedini Konýa eltip, ata-babalary ýanynda jaýladylar. Soltan ertesi zyýarata bardy we Fasylýusyň beren altynynyň üstüne otuz müň altyn paýlap, onuň bir bölegini karylara, talyplara, pukaralara, medreselere, hanakalara, derwüşhanalara bagyşlady. Galan bölegini bolsa, ýurduň etrap we şäherlerine ugradyp, ol ýerlerdäki garyp-gasarlara, takwalara, dindarlara iberdi. Bir müjewür belläp, her anna güni guburynyň gyzyl mahmal örtügini täzelemegi buýurdy.

Haýyr-yhsan bilen Fasylýusyň ilçileriniň göwnünlerini hoşlap, watanlaryna gönderip, özi adalatlylyk bilen patyşalyk işine meşgul boldy.

## SOLTAN YZZEDDIN KEÝKOWUSYŇ ENGURIÝA TARAPA ÝÖRIŞINIŇ WE DOGANY MELIK ALAEDDIN KEÝKUBADY GABAMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Yzzeddin Keýkowus birnäçe wagt soltanlyk eýwanynda hökmürowanlyk edip oturdy, ýurduň dolandyryş işlerini ýerine ýetirdi. Bagty we tagty, jahan bezeýji täleýiniň öwüşgini bilen bezeldi. Ýurt we ilaty bagtyýar saýasy astynda

rahatlykda ýaşady. Adyllyk nurlarynyň şöhleleri astynda asuda we parahatçylykda boldular. Beýik dergähi şalar, soltanlar we ilçiler bilen hyryn-dykyndy. Sag we sol gol beglerini gaýy, baýat, baýyndyr we salyr serdarlaryny ýanyna çagyryp, Soltanlyk köşgünde we belent dergähinde maslahat geçirdi. Bu söhbetdeşlik we geňeş wagtynda mübärek dilinden bu sözler beýana geldi:

— Gardaşym berk we mäkäm bolan Enguryýa galasynda otursa we penalansa, bize doly rahatlyk ýokdur. Ol pitne özenini ýok etmekligi parz we gerekli iş diýip hasaplamak gerek. Tä ol tarapdan bize parahatlyk şemaly ösýänçä, hiç bir möhüm işe baş goşmak bolmaz.

Hemmesi agzybirlik bilen ol pikiri dogry hasaplap, tassykladylar we «Soltanyň her bir buýran zady bize hem parasatdyr hem maslahatdyr» diýip, aperin kyldylar.

Soňra aýtdylar:

Pikriniň sahypasyndadyr mahfuz[1],
Jümle nagyş sahyfhaýy ezel[2].

Zehininiň sap nury katynda,
Dideýi aftapa[3] düşdi sebel[4].

Hut zaman elestu[5] diýdi kamu[6],
Hasmyňyň[7] «lä»[8] sözi «beliýe»[1] bedel[2].

---

[1] Mahfuz – goragly, saklangy.
[2] Sahyfaýy ezel – ezeli sahypalar.
[3] Aftap – gün, güneş.
[4] Sebel – ýagyş damjasy, ýagyşdaky entek ýere düşmedik ýagyş damjasy.
[5] Elestu – eýsem men seniň Hudaýyň dälmi.
[6] Kamu – hemme, ähli.
[7] Hasm – duşman, garşydaş.
[8] Lä – ýok, däl.

— Bu gullugy, ýagny patyşanyň buýrugyny ýerine ýetirmäge, tabynlyk kemerini jan bilen bile baglarys. Göz-görejimizi permanyň üçin intizar kylyp, yhlas bilen aýak üstünde durarys - diýdiler.

Soň namalary we permanlary beglere, meliklere, boý beglerine, tarapdarlaryna we üç ok beglerine ýollap, ýarag-esbaplary bilen Soltan dergähine gelmeklerini tabşyrdylar. Azajyk müddet içinde sag we sol gol, türki, rumy, araby, kürt we ermeni goşunlaryndan sansyz esger Konýa şäheriniň sährasynda jem boldular. Soltan ýaraglardan harby we gabaw serişdelerinden, ýakyjy we ýykyjy gurallaryndan üpjün bolup, bagtyýarlyk täleýi birle Enguryýa sebitlerine rowana boldy.

Melik Alaeddine Soltan Yzzeddin Keýkowusyň ýörişe ugrandygy baradaky habar gelip ýeteninden, ol galany we diwarlary berkitmäge, goşun gamyny iýmäge, şäher halkynyň göwünlerini götermäge olar bilen täzeden ähdi-peýman etmäge meşgul boldy. Ol bu babatda örän köp tagallalar etdi.

Soltan Enguryýa ýeteninden ilkinji gün goşunlar saplar we hatarlar ýasadylar. Olar şeýle bir tertip we haýbat bilen durdular welin ony görüp, gözlüleriň göreçleri gamaşdy. Şäheriň daş-töweregini gabadylar. Emir Mubaryzeddin Jandar Isa gardaşlary bilen şäherden daşary çykdy. Sebäbi Siwasda oglanlyk döwründe mekdepde okaýarkalar, Mubaryzeddin Jandar Isa beg bilen Nejmeddin Jandar Bähramşanyň arasyna duşmanlyk düşüpdi. Şondan bäri mydama biri-birleri bilen duşmandylar. Mubaryzeddin Isa meýdanda gaty ses bilen gygyryp, Nejmeddini söweşe çagyrdy. Bähramşa Soltan Yzzeddinden rugsat diläp, meýdana ugrady. Iki duşman biri-

---

[1] Beli – hawa.

[2] Bedel – çalyşma, özgertme.

birine ýetip, durmazdan şir-u peleň dek naýzaly jeň etdiler. Owsunjy mar ýaly naýzalaryny Musanyň aždarhasy kibi edip, biri-biriniň jany kasdynda sançdylar. Pyrgunyň jadygöýleri kimin sandyrap, Nemrudyň ody kibi uçgun syçradyp, yzyny üzmän biri-birlerine duşmançylykly hüjümler etdiler.

Hiç hili ýeňiji we ýeňlen belli bolanokdy. Ikisiniň hem naýzalary para-para we döwüm-ýenjim bolup, hiç birine zyýan ýetirip, bilmediler. Alaçsyz ellerini eýer gaşyna urup, gürzüler çykardylar. Agyr çokmaklar bilen demirçileriň çekiç uruşlary ýaly biri-biriniň eşiklerine we jüpbelerine urdular. Ýene-de ejizi ýa-da batyry, ýeňijisi ýa-da ýeňleni belli bolmady.

Halaýyk «Gylyçlary gynyndan çekip, söweşi we duşmançylygy çözerler» diýip pikir etdiler. Melik Alaeddin şäher gapysyndady. Onuň buýrugyna görä Emir Mubaryzeddin Isany çagyrdylar. Çawuşlaryň sesi gulagyna ýetenden, ol yzyna dolanyp, Melik Alaeddiniň ýanyna, şähere bardy. Nejmeddin Bähramşa Soltan Yzzeddiniň huzuryna bardy. Soltan onuň berk gadamyna we batyrgaýlygyna aperin kyldy. Söweşde duşmanynyň hüjümlerini we urgularyny ökdelik bilen yzyna serpikdirendigine guwandy. Aýratyn halat we nygmatlar berdi. Mertebesini we derejesini zyýada etdi. Bu görnüşde bu baharyň başyndan indiki bahara çenli söweş we jeň dowam etdi. Manjanyklar atylsa-da, şäher berk gala öwrülipdi. Soltan şäheriň barabarynda bir medrese bina etmeklerini buýurdy. «Eger şäher eýelenip, ýeňiş miýesser bolsa, onda ol medresä köp wakflar edip, talyplara we din alymlaryna gerek boljak ähli zatlary bilen bererin, eger şäheri eýelemek miýesser bolmadyk ýagdaýynda bolsa, ýaşaýyş jaý gurdugyňyz bolar» - diýdi.

Enguryýa eýelenenden soň, ähdi-peýmanyna wepaly bolup, ol medresä köp emläkler wakf etdi. Haçanda soltanlyk nobaty Soltan Alaeddine ýetende ol medresäni ýykmagy we

wakflarynyň ýatyrylmagyna höküm etdi. Emma, heniz hem onuň binýady bardyr.

Ýene öňki söze dolanalyň. Her beg bir öý saldyrdy. Kimiň güýji bolman, çadyr gurmaga dagy mümkinçiligi ýok bolsa, ýer astynda özleri üçin bir öý, ýagny ýerküme gazdylar. Atlaryna we dowarlaryna ýer düzetdiler. Ol gyşy bu görnüşde geçirdiler.

Gün özüniň orta nokadyna gelip, bahar bazary rowaç bolup, çemen sahnasy göwher satýan külbä öwrülip, howa joşa gelip, bag gelinleri jilwe kylyp, säher şemaly näzik perdesin ýyrtyp, guşlar agaç münberleriniň üstünde hutba okamaklyga başlap, bilbiller agaç köşkleriniň penjirelerinden «Bes, gijä girýän wagtlarynda hem, ertire çykýan wagtlaryňyzda hem, agşamda hem, Allany päkläň[1]« owazy bilen saýrap ugranda, şäher ýaşaýjylarynda we gabawdakylarda gowşaklyk, tolgunma peýda bolup, azyk zerurlygy hetden aşdy. Olar biri-birine «Biziň işimiz bu biçärelikde hetden aşdy. Soltan medresäni gardaşynyň erbet pikirlerini ýok etmek we şäheri alyp, goşunlara mundan gitmäge ýol bermezlik üçin saldyrýar. Biziň bu kynçylyga çydam etmegimiziň asla geregi ýok. Mürewwet we diýanat eýesi bolan Melik Alaeddin biziň bu çekýän jebri-jepalarymyza rehim etse gerek. Geliň agzybirlik bilen hyzmatyna baralyň» diýşip, maslahat etdiler. Olar jem bolup, Meligiň huzuryna bardylar we aýtdylar:

— Melik bilýändir, biz gullaryňyz bir ýyldyr şähriýaryň tarapdarlygy üçin gabaw kynçylyklaryny çekýäris. Hiç bir ýerden ýardam we kömek görmeýäris. Garaşmaklyk hetden aşdy. Eger şäheri razylyk bilen Soltana tabşyrmasaňyz, biz şeýle bir gowşandyrys welin, şübhesiz olar şäheri gahar-gazap ody bilen basyp alarlar. Eger olar gylyç bilen basyp alsalar, güýçlimize we ejizimize, ulymyza-kiçimize, hiç birimize

---

[1] Gurhanyň 30-njy süresiniň 17-nji aýaty.

rehim-şepagat etmezler. Eger biz şol erbetçilikden halas bolmak üçin şäheri tabşyrsak, onda günämizi ýuwdugymyz bolar.

Melik Alaeddin aýtdy:

Siz batyrlar hak aýdýarsyňyz. Bu babatda men siziň ähliňiziň öňünde utançly we şermisardyryn. Eger gardaşym bilen äht we şert edilse, ol hem biziň janymyza aman berjekdigi, siziň dagy emlägiňize degmän, azar bermejekdigi hakynda kasam ýat edip, ähtnama gönderse, onda şäheri tabşyrmakdan ýagşy maslahat ýokdur.

Şäher ululary Melikden bu rugsady alyp, şatlyk bilen daşary çykdylar. Jemlenşip, bir suhangöý we şirin dilli çapary Emir Seýfeddin Aýbe Çaşnygiriň hyzmatyna gönderdiler we aman dilediler. Emir Seýfeddin bu hekaýaty eşidip, tiz çapar bilen bilelikde Soltanyň huzuryna baryp, ahwaly arz etdi. Çapar öz habaryny we ilçiligini beýan edip, şäher halkynyň Melik Alaeddin babatda rehim-şepagat soraýandyklaryny aýan etdi. Soltanyň mübärek ýüzünde şatlyk alamatlary peýda boldy. Şady-horramlykdan döwlet beglerini, ýagny sag gol begler begi Husameddin Çopan begi, sol gol begler begi Gyzyl begi çagyrdy. Bu iki beg ýurduň beýik we derejeli emeldarlaryndandylar. Olaryň köp tarapdarlary, tabynlary, hyzmatkärleri we baýlyklary bardy. Her biri ýagşy ahlaklar bilen bütin äleme meşhurdylar. Gapylary alymlaryň we danalaryň küýsegidi. Jahandaky zulum görenleriň penasydy. Bular güýç-kuwwatlaryny kapyrlary ýok etmäge sarp eden beglerdi. Soltan olara çaparyň getiren habaryny aýtdy. Hemmesi muny eşidip, şady-horram boldular we Soltana ant içmek babatda öwüt-ündew etdiler. Soltan hiç bir ikiliksiz Melik Alaeddine, döwlet emeldarlaryna, türkine-täjigine, ulusyna-kiçisine zyýan ýetirmejekdigi, Meligi azat edip, ynamy bolan galalarynyň birine iberip, geýimden, düşekden, iýgi-

içgiden, aýal-gyzlardan hiç bir zady kem etmän, gerek-ýaragyny berjekdigi, şäher begzadalaryna dagy garşylyk görkezendikleri sebäpli igenç we sütem etmejekdigi barada ant içdi. Bu barada kasam edip, ähtnamalary ýazandan soňra öz eli bilen gol çekip, çapara berdi. Çapar şähere baryp, bu ýagdaýy beýan etdi. Şäheriň han-begleri Soltanyň baýdaklaryny we sanjaklaryny dilediler. Emir Seýfeddin Çaşnygir Aýbäni çagyrdylar. Emir Seýfeddin dagy Soltanyň hökümi bilen jüpbeli we geýimli biraz goşun bilen jahan şasy Soltanyň baýdaklaryny alyp, şähere girdiler. Baýdaklary şan-şöhrat we dabara bilen galanynyň depesinde dikdiler. Şäher halkynyň ulusyna-kiçisine hoşamaýlyklar berip, hoş wadalar bilen göwünlerini awladylar. Melik Alaeddini köşgünden şäher begzadalarynyň biriniň öýüne geçirip, ýanynda janpenalar we wekiller goýdular.

Ondan soňra Emir Seýfeddin şäheriň han-beglerini we ygtybarlylaryny Soltanyň huzuryna eltip, tagzym etdirip, elini öpdürdi. Olar günälerini ötmeklerini dilediler. Olaryň her biri mertebesine we derejesine görä hormata eýe boldular. Şäher halky aladadan we gorkudan aman boldular. Olar Soltandan Emir Seýfeddini sorap: «Şähere gelip, biziň bilen şanyň geliş dabarysyny taýýarlaşsyn» diýip, haýyş etdiler.

Ertesi daň şapagy maşrykdan dogup, garaňky älemi nuranalyga öwrende şäheriň emeldarlary Seýfeddin bilen Soltanyň dergähine geldiler. Olar: «Soltanyň bagtyýar jylawy şähere gadam goýsun» diýip ýüzlendiler. Soltan ýagşy täleý, mübäreklik we dabara bilen şähere girdi.

## Beýt

Dagwat[1] ol gadar kyldylar oňa halk, kim,
Kyldy galtan[2] afytaby[3] ol dogaýy müstejap[4].

Soltan ýeňiş we üstünlik bilen soltanlyk tagtyna geçip oturdy. Enguryýa halky doga we senadan soňra köp derhem we dina getirip, seçip mynasyp hyzmatlary ýerine ýetirdiler. Altyn we pully haltajyklar, araby we türki atlar, gatyrlar, aý ýüzli, serwi boýly, kümüş endam gullar we hyzmatkärler arz etdiler. Olary hoşluk bilen kabul edip, olaryň kabulhanasyna gelip, her birine göwün derejesine laýyk nepis sowgatlar we derejeler berdi. Her biriniň adyna buýrukdyr perman ýazyldy. Soltan üç gün bezm edip, her birini sowgatdyr-serpaýlar bilen bagtyýar etdi. Soňra Soltan Melik Alaeddini Malatyýa eltip, ol ýerdäki Menşar atly bir galada tussag etmekligi Seýfeddin Aýbä tabşyrdy. Soltana ol ýerde iýmek-içmekden, geýmekden, mal-mülk we derejelerden gerek-ýaragyny häzir etdiler. Soňra ol ýeriň beglerinden we serdarlaryndan Meligi ol ýere sag-salamat eltendikleri barada deliller alyp, Soltanyň dergähine dolandylar.

Soltan Enguryýanyň gerek-ýarak işlerini düzedenden soň, paýtagty Konýa dolandy. Şatlyk saçagyny giňden açdy. Çözüş we baglaýyş işleriniň hökümin berkitdi. Her gün awdan, top oýnamakdan we gezelençden gaýdyp gelende, halaýyk üçin saçaklar ýazdyrardy. Aýş bagynda bagtyýarlyk şerabyny juwanlyk arygy üstünde akdyrardy. Alymlary we danalary sahylygy, adyllygy, kämil yhsany bilen hoş tutup, beýigi-pesi

[1] Dagwat – çakylyk.
[2] Galtan – togalanma.
[3] Afytab – gün, güneş.
[4] Müstejap – kabul.

mähribanlygy bilen şatlandyrardy. Arap we ajam we ähli ymmatlar Soltanyň doga we senasyna jan-u dilden meşgul bolup, bu görnüşde öwgi aýdardylar.

**Nazm**

Kulahy kuşeýi hylmyň[1] nefäz ýolundan,
Ser pelekden eltdi kulahy jebbary[2].

Zehi-zehi[3] ki bu sabyt gadamlygyle[4] zemin,
Ýetirdi hökümiň oňa töhmet sebüksary[5].

Ezelden ermişmiş ziri sakfy[6] hümmetiňe,
Çar unsury[7] dagyle çar diwary.

Sen olasyň sen ki ebet reňň-u buýy döwletiňiň,
Çemen bereň rezi[8] şod[9] saba beattary[10].

Jahan kulahy serweri ýere sala, ger sen -
Diýseň ki «Eýlemezem heft çarha[11] serdary».

---

[1] Hylm – mylaýymlyk.
[2] Kulahy jebbary – jebir telpegini.
[3] Zehi-zehi – beh-beh, berekella.
[4] Sabyt gadam – berk durma.
[5] Söbüksar – peslik, harlyk.
[6] Ziri sarf – üçegiň aşagy.
[7] Çar unsur – dört element.
[8] Bereň rezi – reňkleýji.
[9] Şod – boldy.
[10] Beattary – atyr satyjy, atyrlaýjy.
[11] Heft çarha – ýedi pelege.

## ANTALYÝADAKY ÝAŞAÝJYLARYŇ BAŞ GÖTERMEGI WE OL ÝERIŇ GAÝTADAN DÖWLET EMELDARLARY TARAPYNDAN BASYLYP ALYNMAGY

Birnäçe wagtdan soňra waswaslyk hyýallary we gümralyk pikirleri Antalyýa kapyrlarynyň beýnisine ornaşyp, nadanlykdan we gümralykdan topalaňa baş goşup, ähd-u peýman çüýşesini pitne daşy bilen pytratdylar. Soltanlyk döwletiniň eden ýagşylyklaryny unudyp, biri-birlerine aýtdylar:

— Mydama biziň milletimize garşy durup, haçymyzdan ýüzüni sowýan bir taýpa tabyn bolup, olaryň kemsitmelerini çekip ýörmek ar-namysdyr we gaýratsyzlykdan nyşandyr. Geliň, agzybirlik bilen ýarag dakynyp, bu ýerdäki musulmanlaryň we olaryň häkiminiň üstüne hüjüm edip, baryny gahar-gazap tygy bilen heläk edeliň. Baýlyklaryny, hazynalaryny we dowarlaryny alyp, paýlaşalyň. Bagtyýarlyk bilen garaşsyzlyk meýdanynda jöwlan uralyň. Eger kazaýy asmandan musulmanlara erbetlik ýetirenimizde Soltan üns bermese, ol bizin islegimizdir. Eger musulmanlar biziň kasdymyza gelýärler diýen habar gelse, onda biz olardan öň şäheri Pereňe satyp, tabşyralyň. Geliň köňlümizi şuňa baglalyň, ýagny ýa jan bereliň ýa-da jan alalyň.

Bular bu gürrüňler bilen ylalaşyp, ýarag dakynyp, garaňky gijede her bir topar şäher häkimlerinden biriniň öýüne bardylar we ulusyn-kiçisin, garrysyn-ýaşyn, baryny öldürip, şehit etdiler. Ertire çenli ähli musulmanlary gyryp, ganlaryny deňze akdyrdylar. Mal we esbaplaryny talap, maşgala we aýallaryny ýesir etdiler we öz aralarynda üleşip paýlaşdylar. Şehitleriň ruhlary jennete wasyl bolup, ol ýerde mekan tutdular.

Üç gün geçenden soň, bu wakanyň habary Soltana ýetdi. Soltanyň mübärek ruhlarynda we bereketli daşky keşplerinde

özgermeler döräp, örän gazaplandy. Gapysynda duran begleri we ululary çagyryp, aýtdy:

— Kapyrlaryň diýarynyň serhedinde we deňiz kenarynda ýerleşen Antalyýa kibi mäkäm şäher elden gitdi. Eger derrew onuň çäresini görmesek, galan kenarýaka galalardaky adamlar dagy bu habary eşidip, pitne we gozgalaňa başlarlar. Şeýlelik bilen hem ýurtda sarsgyn we tolgunma peýda bolar. Ol wagt onuň çäresini görmek kyn bolup, döwlet ösüşi togtap galar.

Emirler we ulular aýtdylar:

— Soltan herne buýursa bu gullaryňyz ony eder. Jan gaýgyrmazlyk we tabynlyk şertlerini ahmal etmeris.

Derrew esgerleriň we emirleriň gelmegi üçin hatlar we hökümler ýazylyp, çaparlaryň ellerine berlip, «çapgyr ulaglar we çapgyr atlar bilen tiz hemme ýere ýetiriň» diýlip, emr edildi. Rum ülkesiniň ähli ýerlerindäki sag gol we sol gol beglerine habar ýetdi. Sähel müddet içinde gaýy, baýat, baýyndyr, salyr we gaýry boýlardan köp goşun Konýanyň sähra we düzüne gelip, düşlediler. Soltanyň diwanbegleri hem gabaw serişdelerini tertipläp boldular. Goşunlar jem bolup, tamam işler bir ýüzli bolanyndan soň, soltanlyk çadyryny we ýöriş esbaplaryny Antalyýany gaýtaryp almak niýetinde ýagşy pallar atyp, Ruzbeh sährasynda dikdiler. Soltan ertesi bagt guşy we bagtyýar täleýi birle ýörişe ugrady. Antalyýa rumlylaryna Soltanyň jahany alyjy tuglarynyň ýetip gelýändigi barada habar berenlerinde olara ahy-nala we ejizlik ýüz berip, eden işlerine puşman edip, haýran galyşyp, «Azaby gören wagtlarynda, olar içlerinden nedamat-ah çekdiler»[1] şeýtan toparlarynyň ahwalynyň sypaty boldy. Ejizler bu pitnäniň esasy sebäbini we ýüze çykyşyny güýçlüleriň tekepbirliginiň we ulumsylygynyň üstüne ýükleýärdiler. Olar ony inkär edip, akmaklaryň we

[1] Gurhanyň 34-nji süresiniň 33-nji aýaty.

zatsyzlaryň nadan pikirleriniň üstüne ýükleýärdiler. Şeýlelikde, aralaryndaky agzalalyk uzaga çekip, bu ýagdaýyň çykalgysyzlygyndan we biçäreliginden ellerini Pereň melikleriniň etegine uzatdylar we olardan ýardam dilediler. Olar hem birküç gämä adam ýüklä p, olara kömek we ýardam bermek üçin iberdiler. Ol pasyk kapyrlar özleriniň mededine we ýardamyna gelýän adamlary deňiz ýüzünde görenlerinde, şadymanlyk nagrasyny urup gygyryşdylar, şatlyk sazyny çaldylar. Pereňliler Antalyýa gelenlerinde rumlylar olary uly hezzet-hormat bilen şähere girizdiler. Olaryň gelmeginden göwünleri dokunyp, arkaly ýaly boldular. Ol betbagtlar söweş taýýarlygyna meşgul bolup, şäher içinde daş we ot atýan gurallary häzirlediler.

Şahynşahyň çadyrynyň saýasy ol diýara düşende, onuň buýrugyna görä goşunlar derrew ýaýrap, şäheri orta alyp, gabadylar. Ok ýagdyryp, ol butparazlara galadan we diwardan daşary barmaklaryny görkezip bilmäge-de mümkinçilik bermediler. Yz ýanyndan jüpbehana, söweş we gabaw serişdeleri, garym gazyjylar we pyýadalar hem gelip ýetdi. Şol gije Soltanyň buýrugyna görä, goşun merdiwanlar ýasap, manjanyklary işe taýýarladylar. Gala içindäki melgunlaryň daş atmakdan gaýry çäreleri ýokdy. Çünki, ýagdyrylýan okdan gorkularyna diwaryň üstünde ýöremäge we goranmaga ýürekleri edenokdy we zähreleri ýarylýardy. Garşylyk uzaga çekdi. Soltan örän gahar-gazaba münüp, «Her beg bir gezekde on adam çykyp biljek aýaklary giň bir merdiwan ýasasynlar. Goşunyň batyrlary we alplary diwaryň üstüne çykyp, bu duşmançylyk özenini ar gylyjy bilen çapyp taşlasynlar» - diýip, höküm etdi. Permany ýerine ýetirmäge girişip, şol görnüşde merdiwanlar düzetdiler. Soň merdiwanlary diwaryň düýbüne eltjek, merdiwandan ýokary diwaryň üstüne çykjak, ok atyp, ok bilen kapyrlara diwaryň üstüne çykmaga mümkinçilik

döretmejek adamlary aýry-aýry bellediler we takykladylar. Bu zatlaryň hemmesini tertipleşdirenlerinden soň ertesi tutuş goşun ýaraglanyp, ýeňiş baýdagy we saýawany herekete geldi. Surnaýdyr-kernaýlaryň sesleri pesleriň, kapyrlaryň ýüreklerine gorky salýardy. Perişdeler äleminiň baştutanlary gaty ses we joşgun bilen çygyryşyp, şeýle diýýärdiler.

**Beýt**

Kyýamat oldy gylyjyňdan ol belady Pereň[1],
Musybet erdi[2] çokmagyňdan uş[3] belady Pereň.

Bu sözler jahan şasynyň mübärek gulaklaryna eşidilerdi. Älem soltany goşunyň batyrlaryny we alplaryny ýanyna çagyryp, hemmesine hoşamaýlyklar berip, her biriniň ýetjek maksat-derejeleri barada, ýagşy wadalar berdi. Şeýlelikde, olaryň ählisi jan-u dil bilen söweşip, melgun kapyrlaryň ganlaryndan derýalar akdyrdylar.

**Beýt**

Tir-u tygyň nühbetinden[4] ýa Rep ol günmüdi kim,
Yztyrabydy[5] pelekde hem zeminde yztyrar[6].

«Ol günde asman titräp-çaýkanar we daglar hem (gozganyp) ýola düşer»[7] gününiň ýagdaýy emele geldi.

---

[1] Belady Pereň – Pereň ýurdy.
[2] Musybet erdi – betbagtlyk geldi.
[3] Uş – şu.
[4] Nühbet – gahar-gazap, talaň, olja.
[5] Yztybarlydy – howsaladady, sandyraýardy.
[6] Yztyrar – tolgunma, howsala düşme.
[7] Gurhanyň 52-nji süresiniň 9-10-njy aýatlary.

Merdiwanlary diwara söýemäge bellenilen adamlar derrew merdiwanlary diwara söýäp, batyrlar we alplar dagy agyr gürziler we sowutlar alyp, agzybirlik bilen güneş kibi gylyçlar çekip, derrew ýyldyrym kibi diwara çykdylar. Tüpeň we okdan gorkusyna sandyraşýan pereň melgunlarynyň betbagt başlaryny çokmak we gylyç bilen ýenjip, togalaýardylar. Böküp, aşaga inip, gapy saklaýan pereňlileri gahar tygy bilen heläk edip, nejis jesetlerini ýere ýazdylar. Gapylary açdylar. Goşunyň galanlary hem şähere döküldiler. Sansyz-sajaksyz ganlar döküp, kapyrlaryň ulusyna-kiçisine rehim şepagat etmediler. Mallaryny talap, aýallaryny ýesir etdiler. Ertesi Soltan ýalkym saçýan gün kibi, Rahş deý atyna atlanyp, Hatamy elini açyp, Keýkowus kemerini biline baglap, kulahy Kuýanyny başyna urup, kemany Çaçyny[1] goluna aldy. Duşmana heder etdirýän şunuň ýaly şan-şöhrat bilen şähere girdi we döwlet tagtynda oturdy. Soltan «batyrlar kapyrlary gyryp, janlaryny dowzaha ibermekden saklansynlar, hiç kim hiç hili betbagtlyk hekaýatyny döretmesin» diýip, öz mähir-muhabbeti bilen buýurdy. Söweş şuglasy öçüp, ýurt deňzi sarsgyndan-tupandan köşeşdi we «Eý, Ýer, suwuňy ýuwutgyl, eý, asman, özüňi tutgul (ýagny ýagyşy bes et) diýildi. Suw çekildi, perman ýerine ýetirildi»[2] emri amala aşdy. Soltanlyk isleginiň gämisi maksada ýetmek jadysynyň[3] üstünde karar tutanda Soltan şatlyk şagalaň geçirmegi buýurdy. Parasatly emeldarlaryny we serkerdelerini, akylly serdarlaryny, batyrlary we alplary çagyrdyp, sansyz mähribanlyklar birle begendirdi we göwünlerini al asmana göterdi. Söweşi bir hepdeläp bezme öwürdi. Şadymanlyk getirýän pul gapjyklaryny olaryň üstüne

---

[1] Kemany Çaçy - Çaçy (Şaşy, Çäçi) Daşkent şäheriniň gadymy ady bolup, ol ýerde iň gowy kemanlar ýasapdyrlar.
[2] Gurhanyň 11-nji süresiniň 44-nji aýaty.
[3] Judy-Nuh pygamberiň gämisiniň tupan köşeşenden soň baryp duran dagy.

seçdi. Köp altyn we pullar berdi. Ondan soňra Antalyýanyň hazynalaryna we öýlerine nazar aýlap, azdan-känden gerekli zatlaryny görüp, zerur bolan zatlary aldy. Ýogy bar edip, azy köp eýledi. Ähli ýetmezlerini görüp, gala diňleriniň we diwarlarynyň bejerilmeli ýerlerini abadanlaşdyrdy. Şäher ýolbaşçylygyny ýene-de Mubaryzeddin Ärtoguş bege berip, bu işi ýerine ýetirmegi hem-de pytran ilaty öýli-öýüne çagyryp getirmeklerini buýurdy. Soltan haýyn bolup ölenleriniň ýerlerini, suwlaryny, esbaplaryny we baýlyklaryny öz haýryna geçirip, ýokary mejlis diwanhanasynda ýazdyrdy. Käbirlerini hususy mülküne goşmagy buýurdy. Bu işleri tamamlap, hökmürowanlyk we bagtyýarlyk bilen Konýa ugrady. Ol ýere baryp, döwlet tagtyna oturandan soň, ýurt etraplaryna ýeňiş hatlaryny ugratdy. Her bir patyşa mertebesine we derejesine laýyklykda ol oljadan sowgat we serpaýlar berdi. Beglere degişli permanlary we kararlary olaryň islegine laýyklykda ýazdyrdy. Her birine patyşa laýyk sowgatdyr-halatlar berip, illi-iline we öýli-öýüne gitmäge rugsat berdi. Her biri öz nökerleri we boýlary birle menzillerine bardylar. Soltan ol gyş öz köşgünde lezzet we rahatlyk bilen ýaşap, aýşy-eşrete meşgul bolup, halky adalatly dolandyrmaga meşgul boldy.

## SOLTANYŇ SINOP TARAPYNA ÝÖRIŞINIŇ WE ONUŇ BASYLYP ALNYŞYNYŇ BEÝANY

Baharyň hoşboý ysly bulut nikaby ýüzünden açylanda, tebigat halyçylary we sungat bezegçileri dürli-dürli halylary we al-elwan çadyrlary dag we sähralaryň ýüzlerine düşediler.

Saba ki sebzle[1] zin etdi bagy dünýäýi,
Ter-u täze kylyp murgzary ukbaýy[2].

Nesimi bad ki häki direlder ygjazy[3],
Eltdi[4] aby ruhy[5] mugjyzaty Isaýy.

Goşunlar jem bolşup, şanyň dergähine gelýän wagtlary gelip ýetdi. Hemmesi döwlet we ykbal kibi Soltan dergähine ýöneldiler. Her tarapdan nepis sowgatlar we serpaýlar birle Soltanyň gullugyna gelip, Soltanyň her aýdan buýruklaryny jany dilden ýerine ýetirip, onuň gullugyna häzirdiklerini bildirip, tabyn bolup, hyzmaty huzuryna geldiler. Soltan öz ýaranlary, sag we sol gol begleri bilen hepdede bir gün meýdana çykyp, top we çowgan (çöwgen) oýnardy. Naýza, çokmak we beýleki ýaraglar bilen türgenleşerdiler. Bu ýagdaýda Soltanyň köňlüne Siwas ülkesine ugramak hyýaly düşdi. Älemi bezeýän uýanyny o tarapa öwürdi. Endik bolan adatyna eýerip, şol ýere baryp, ula-kiçä engam we yhsan etdi. Çäksiz adalatlylygy we adyllygy bilen mülk we döwlete bezeg we görnüş berýärdi. Bir gün Soltan meýlise bezeg berip, jamy Keýhysrowy noş ederdi. Täleý öwrümleriniň hadysalaryny unudyp, badaýy gülgün bilen şerap süzüp, söhbet edýärdiler. Şol wagtda Sinop etrapynyň goragçylaryndan bir çapar gelip, Soltana bir möhürli hat berdi. Namada «Janyýetiniň tekury Girelkisiň hyýanaty aýan boldy. Ol öz hetdinden aşyp, Soltanyň ýurduna çozup, serhetden aşyp, Sinoby taladylar» diýlip ýazylypdyr. Soltan namany okap, ol habary eşidende,

[1] Sebz – al-ýaşyl.
[2] Murgzary ukba – kyýamat çemenzarlygy.
[3] Ygjaz – ejizlik, gowşaklyk, ejiz, gowşak.
[4] Eltdi – äkitdi,
[5] Aby ruh – ýüzüň suwy, abraý.

mübärek hatyry gazaba düşse-de, söhbetdeşleriniň aýşy-eşreti bozulmasyn, sapaly doganlaryň mejlisi dargamasyn diýip, ony daşyna çykarmady. Ertesi seýrana çykan wagtlarynda pikire çümüp, gezim edýärdi. Begler we ulular onuň mübärek ýüzüniň özgerendigini görýärdiler. Emma näme ýagdaýyň bolandygyny soramaga bogunlary ysmaýardy. Soltan seýrandan dönüp, köşgünde düşledi. Saçaklar ýazdyryp, tagamlar iýdiler. Soň hylwathanasyna girip, begleri çagyrtdy we ýagdaýy olara beýan etdi.

Ählisi gazap sährasyna we gahar deňzine çümdüler we aýtdylar:

— Bu kapyr betkär hemişe bu Soltana paç we hyraç berip gelýärdi. Indi bolsa munuň ýaly bihaýalyk edip, hetden aşyp, ýurdumyza hantama bolup, öz mertebe we derejesini unudypdyr. Eger jahan şasyndan perman bolsa, döwlet bendeleri we ýurt ýaranlary bolup, ol kapyryň üstüne bararys. Hudaý halasa taplangy hanjar bilen ol betbagtyň ganyny ýere dökeris. Gahar-gazap bilen ol ýurduň ekinlerini ýeňiji esgerlerimiziň atlaryna paýlap, iým edip bereris. Onuň bihaýa amallarynyň emeldarlarynyň jezasyny berip, bagtyny ýatyryp, gününi batyrarys.

Soltan Sinoby we onuň ýagdaýlaryny hut öz gözleri bilen gören bir topar adamdan hal-ýagdaýy sorady. Olar:

— Sinoby söweş bilen almak bolmaz. Ony birnäçe wagt gabaw ýagdaýynda saklamaly. Onuň halky azyk azlygyndan kyn ýagdaýa düşüp, kösenerler. Deňiz we gury ýerden hiç hili kömek gelmez. Ol şäheri şu görnüşde basyp almak mümkinçiligi bar. Gowusy siz bu ýyl leşger gönderiň. Olar onuň ilini ursunlar. Aýallaryny ýesir etsinler. Ol sebitleri belli-külli harap etsinler. Çünki, sebitleri harap bolup, deňizden dagy zat gelmese, ol wagt ony almak ýeňil bolar - diýip, jogap berdiler.

Hemmesi bu pikiri goldadylar. Ertesi ähli goşun we serişdeler bilen Sinop ýoluna düşdüler. Öňürti Girelkisiň, welaýatyň we Sinobyň ýagdaýlaryny geregiçe bilip, çaltlyk bilen gelip, habar berer ýaly jansyzlary ugratdylar. Jansyzlar dolanyp gelip:

— Tekur Girelkis bäş ýüz atly bilen bizden bihabar ol diýarda awa meşgul bolup ýör. Her gün çeşmelikde bir ýürekdeşi bilen meý içip, wagtyny keýpi-sapada geçirýär. Bu tarapdan hiç hili gaýgy-aladasy ýok - diýdiler.

Serdarlar bu habary eşidip, Myrryh kibi sandyrap, Zöhre kibi ýaldyrap, begenç telpeklerini göge atyp tutdular. Soň atlaryny segredip, ýola düşdüler.

Şikärgähde bir çeşmäniň başynda aýşy-eşrete meşgul bolup otyrka, Girelkise sataşdylar. Ony şol keýpi-sapa we meýlis ýerinde batyrlyk we gaýduwsyzlyk bilen birküç gezek gaýtawul berendigine garamazdan, jan ýakasyndan ebşitläp tutdular. Ahyry harlyk zynjyryny arzuw-umyt boýnuna urup, ýeňiji esgerleriň çadyryna getirdiler. Goşunynyň bir toparyny öldürip, galanlaryny jüpbehanada tussag edip, garawullar goýdular.

Soň tizden älem Soltanynyň hyzmatyna ugratdylar hem-de «Soltanyň matlaby we islegi miýesser boldy. Kynçylyksyz we zähmetsiz döwlet duşmany ýesir we har-u zelil boldy» diýip, buşladylar. Soltan bu habardan hoşhal bolup, çapara mal, mülk, sowgat-serpaýlar berip, deňiz kimin baý kyldy. Ol ýeňşiň buşluk ýaňyny göklere ýetirdiler. Tamam ählisi şagalaň edip, uly bezm etdiler. Ol habaryň eşidilmegi bilen saz-söhbeti we gülgün şeraplary noş etdiler. Soň Soltan «Ol betbagty ätiýaçlyk we janypkeşlik bilen gorasynlar. Meniň mübärek çadyrym dagy olaryň yzyndan barar. Begleriň hem islegleri we meýilleri ýerine ýetiriler» diýip, emr etdi.

Soltan üçünji gün Sinoba tarap rowana boldy. Şady-horram we hoşbagtlyk bilen ol sebitlere baryp ýetdi. Ähli esgerler ýaraglary bilen Soltany garşyladylar. Soltana ýakynlaşanlarynda atdan düşüp, uzakdan hyzmat ýerini öpdüler. Begler we serdarlar älem şasynyň göwher elini öpdüler. Soltan her birine aýry-aýry mähribanlyklar edip, hal-ýagdaýlaryny sorady. Soň mübärek çadyrynda ornaşmaklaryna höküm etdi. Soltanyň buýrugyna görä Girelkisi eli-aýagy bagly hyzmata häzir etdiler. Soltanyň huzuryna gelende haýyş we harlyk ýerini öpdi. Örän mähirli we geçirimli bolan Soltan oňa rehim edip, aýtdy:

— Göwnüňi gama batyrma. Bu wakanyň ýüze çykany üçin gaýgy etme. Çünki, häzir sag-salamat sen. Mümkin islegiňe hem ýetersiň.

Girelkisi bir pursat Soltan huzurynda otyrdy. Soňra Soltanyň görkezmesine görä tussaghana otagyna bardy.

Ertesi Soltan «ähli goşun uruş geýimlerini geýip, atlanyp, galanyň gury-ýer tarapyny gabasynlar» diýip, höküm etdi. Girelkise:

— Biziň bagtyýar çadyrymyz bu sebitlere aýak basdy. Maksadymyz hasyl bolýança yza dolanmarys. Şonuň üçin öz ynamdar adamlaryňdan birini şäher halkyna wagyz etmek üçin göndermegiň gerek - diýip, habar gönderdi.

Tekur Girelkisi tussag edilen beglerinden birini saýlady. Soltanyň hökümi bilen ony zynjyryndan boşatdylar we tekuryň ýanyna eltdiler. Tekur ony şäher içindäki ulularyň we serdarlaryň ýanyna iberip, aýtdy:

— Şäheri Soltanyň gullaryna tabşyrsynlar.

Çapar şähere ýetende, ol nadanlar dillerini uzadyp, samraşyp aýtdylar:

— Eger Girelkisi tussag bolanam bolsa, onuň uly ogullary bardyr. Olaryň her biri şalyk edepleri bilen bezelip, Janyýet we

Trabzonda durandyrlar. Olardan birini patyşa ederis. Bu ýurdy türke we musulmana bermeris.

Çapar dolanyp gelip, eşiden sözlerini aýtdy. Soltan ýene-de şähere baryp, öwüt we nesihat etsinler diýip buýurdy. Bardylar, nesihat etdiler. Peýda etmedi. Çapar näumyt bolup, yzyna döndi. Soltan ol haldan gaty gazaba münüp, gaharlandy we:

— Girelkisi agyr bent bilen şäheriň ýanyna eltiň we gazap bilen jeza beriň hem-de: «Ýa şäheri beriň ýa-da Girelkisi heläk ederis diýiň» diýip buýruk berdi.

Jellatlar bu hüküme görä oňa jeza berdiler. Ol ahy-perýat edip, gygyrýardy. Şäher halky dagy diwaryň üstünden seredýärdiler. Girelkisi olara:

— Eý dinsizler, şäheri kim üçin saklaýarsyňyz. Çünki, meni öldürerler, sizi bolsa gahar gylyjy bilen gyryp, ýesir ederler. Bu garşylygyň size we maňa näme peýdasy bar - diýip, gygyrdy.

Ol gün şu görnüşde geçdi. Agşam düşdi. Ertesi Soltan Girelkisi ýene-de şol ýere eltsinler we başaşak asyp goýup, jeza bersinler diýip, höküm etdi. Eltdiler. Şeýle bir sykdylar we sakladylar welin, bihuş boldy. Şäher halky patyşalarynyň jebir-jepasynyň hetden geçendigini we garşylygyň peýda etmejekdigini görenlerinde gala diwarlarynyň üstünden gygyrşyp aýtdylar:

— Tekuryň adamy ýene-de şähere gelsin, biziň aýtjak sözümiz bar.

Çapar şähere baranda, uly-kiçi jem bolup, onuň ýanyna ýygnanşyp:

— Eger Soltan tekury öldürmejekdigine, salamatlyk bilen öz welaýatyna gitmäge rugsat berjekdigine bize dagy aman berip, janymyza we malymyza kast etmejekdigine ant içse, nirä diýse gidip, şäheri tabşyrarys - diýdiler.

Çapar yzyna dönüp, ýagdaýy beýan etdi. Tekur Soltanyň ýakynlaryndan birini ýanyna çagyryp:

— Şäher halky şeýle habar iberipdir - diýip ýagdaýy mälim etdi.

Bu habar Soltanyň gulagyna ýetende, begleri häzir edip, ýagdaýy aýtdy. Hemmesi şatlandylar. Soltan tekury çagyryp, onuň ýanynda:

— Eger şäheri bize tabşyrsalar, bizden tekur Girelkisiň janyna we tenine zelel we zyýan ýetmez. Azdan-köpden şäherdäkileriň emlägine hem zyýan ýetirmeris. Mümkinçilikleri bar bolanlara her ýerde ýaşamaga rugsat berýän. Tekur maňa tabyn bolup, paç töläp, ýylda mal we baýlykdan hazynama goýberse, her ýylda haýyş edilen mukdarynda goşun berse, men oňa Janyýet ýurdunyň Sinopdan başga-da Trabzon we Laz welaýatlaryny hem oňa degişli ederin. Mydama enaýat nazarymy ondan gaýgyrmaryn. Eger bu aýdanlarymyň tersine hereket etseler, şäheri tabşyrmakda haýallyk we äwmezlik etseler, Haktagala halasa, Taňrynyň enaýaty bilen şäheri gahar-gazap bilen basyp alaryn we tekury heläk ederin. Bu şäher we welaýat halkyny ulusyny-kiçisini baryny ýesir ederin - diýip, kasam etdi.

Çaparlar ähtnamalary şähere eltdiler. Şäher halkynyň köňülleri rahatlyk tapyp, asudalandy. Soňra jahan şasynyň sanjagyny islediler (soradylar). Soltanyň we tekuryň hersiniň adamlaryndan birnäçe beg Soltanyň sanjagyny beýik we dabara bilen 611-nji ýylyň jumadyl owwal (4-tirkeşikleriň üçünji aýy) aýynyň 26-syna ruh güni şähere eltdiler we galanyň depesinde dikdiler. Ol gije daňdana çenli şadyýanlyk etdiler. Soltan daşarda meýlis gurduryp, tekury mejlise çagyrdy. Oturyp aýşy eşrete meşgul boldular. Daňdana çenli iýip içdiler. Ertesi esgerler Soltanyň permany bilen atlandylar we şäheriň garşysynda saplar çekip durdular Şäheriň han-begleri gije

sanjak bilen giren begler bilen daşary çykdylar we Soltanyň öňünde ýer öpdüler. Tekuryň Soltanyň öňünde dik durandygyny gördüler. Şäheriň açarlaryny tekuryň ýanynda Soltanyň gollaryna berdiler. Soltan olaryň bir toparyna hoşamaýlyklar berip, halat geýdirdi. Şähere bardylar. Seçgiler häzir edip, taýýarlap goýdular. Soltanyň münejjimi onuň täleýi esasynda girmeli wagtyny kesgitleýärdi. Soltanyň täleýi bagtyýarlyk derejesine ýetende hökmürowanlyk jylawyny şähere garşy dönderip, dabara we şan-şöhrat bilen şähere girdi. Ýeňiş we üstünlik tagtynda oturdy. Bezm gurlup, şäher halky onuň üstüne derhem we dinar seçdiler. Soltan tekury tagzym jähti üçin biraz aýak üste duruzdy. Ondan soňra emirlerinden birine tekura beglerden ýokarda ýer görkez diýip yşarat etdi. Ol hormat bilen oturdy. Näzi-nygmatlary iýip-içmäge meşgul boldular. Gijäni gündize ulaşdyrdylar. Ertesi Soltan seýrana çykdy. Seýrandan dolanyp, tekury häzir etdirip, ondan ähdi-peýman sorady. Tekur dagy Soltanyň diwanynda ýazylan ýazgy esasynda kasam ýat edip, äht etdi. Hatda: «Ýeňiji Soltan Yzzeddin Keýkowus ibn Keýhysrow Girelkise, ýagny meniň janyma aman berip, Sinopdan gaýry Janyýet ýurdunyn we şol sebitleri maňa we meniň öwlatlaryma bermeli. Men hem her ýyl 10 000 fulury, bäş ýüz baş at, iki müň baş sygyr, 10 000 goýun, elli ýük dürli sowgat-serpaýlar we içgiler Soltanyň hazynasyna, aşhanasyna, atýatagyna we hususy şeraphanasyna bermelidirin. Soralan wagtynda mümkin boldugyça goşuny hem gaýgyrmaly däldirin» diýip ýazlypdy. Bu söze iki tarapyň ygtybarlylary we ululary şaýat boldular. Ähtnama tamam bolup, hazynada goýuldy. Soltan tekura bir nepis sowgat berip, lybashanasyndan zer bilen tikilen soltanlara laýyk halat we belent nowruz telpek getirtdi we geýdirdi. Athanadan eýeri we uýany göwher bilen bezelen gowy at getirdip berdi. Birküç sany ýaranlaryna dagy bu görnüşli sowgat we serpaýlar berdi.

Athanadan ýükçi we çapuw atlaryny, ýük gatyrlaryny we gaýry zatlary bagyşlady. Soltan tekur Girelkise atlanmaga buýruk berdi.

Tekur akylly we mekir kişidi. Soltan aýagyny üzeňňä goýup, atyna münen, Surnaýlar we kernaýlar çalnan, jarçylaryň «çekiliň, sowulyň» diýen owazlary ýaňlanan badyna, tekur Soltanyň atynyň jylawyny jylawdaryň elinden alyp, pyýadalap, Soltanyň atynyň öňünde ýorgalady. Bir zaman ýöränden soň Soltanyň buýrugyna görä jylawy jylawdara gaýdyp berip, atyna mündi. Soltan bilen uýan deňleşip, sözleşip gitdiler. Soltan bir sagat kenar ýakalarynda seýran etdi. Ondan soňra mübärek uýanyny şäher tarapa öwürdi. Tagam isledi. Saçak ýazylyp, nowruz deý jahany joşdurýan meýlis guraldy. Tekur bilen aýşy-eşret edip, iýip-içdiler. Ähli gaýgylary unutdylar. Tekura şerap täsir eden wagty, hormat edip dürli dilnowazlyklar etdi. Özüne degişli adamlardan we şäher han-beglerinden kimi islese özi bilen alyp gitmäge rugsat berdi. Ertesi tekura sag-salamat päsgelçiliksiz we jeňsiz öz welaýatlaryna gitmäge dessur berdi. Soň bular üçin gämiler taýýarladylar. Gämiler Janyýet we Trabzon tarapyna rowan boldy. Soňra Soltan buýurdy:

— Her şäherden bir derejeli baýy göçürip, Sinoba ibermeli. Eger öz watanynda emläk we ýeriniň bardygyny bahana etseler, olary döwlet üçin alyp, bahasyny bersinler.

Soltanyň hökümi esasynda akyl we baýlyk bilen meşhur bolan birtopar adamlary, tabynlary bilen bilelikde Sinoba iberdiler. Naýyplar dürli welaýatlardan Sinop kapyrlaryň eline geçende gaçan malsyz, ýersiz, suwsyz raýat bar bolsa, ýene gadym watanyna gönderdiler. Jübüt öküz, tohum berip, ekerançylyga meşgullandyrdylar. Hramlary metjide öwürdiler. Kazy, hutbaçy, münber, azançy, wagyzçylar bellediler. Ynamdar şäher häkimini, goragçylary saýladylar. Sütündäki we

diwarlardaky ýykyklary, bejerdiler. Goşun beglerinden birini goşunbaşylyga bellediler. Ol ýeriň goragy üçin biraz goşun goýdular. Iliň-şäheriň gerek ýaraglaryny düzetdiler. Ondan soňra bagtyýarlyk we salamatlyk birle Siwasa ugrady. Ondan soň, söweş kynçylyklaryny çeken beglere we ululara halat-serpaýlar berip, dürli haýyr-yhsanlar etdi. Öýleri, maşgala we aýallary üçin kemha parçalar we ýagşy sowgatlar berdi. Soň şanyň dessuryna görä olaryň her biri şady-horram bolup, öz öýlerine gidip, watanynda ornaşdylar.

## SOLTANYŇ ŞYH REBBANY MEJDEDDIN YSHAGY BAGDADA HALYPANYŇ GAŞYNA SINOPDAKY ÝEŇŞINI HABAR BERMEK ÜÇIN IBERENINIŇ BEÝANY

Ol wagtlarda ýeňiji Soltan Yzzeddin Keýkowusyň mübärek gulagyna: «Melik Eşrep halypanyň adyna niýetläp, howada uçup barýan bir durnany keman bilen atyp, ýere düşürdi. Kaza we takdyr ol oky oňa tokundyrdy-degirdi. Onsoň ol adyl şaýatlaryň hemralygynda bir hat ýazyp, ol hata duzlanan durnany we başga-da birküç sany sowgatlary goşup, bir ilçi bilen halyp hezretlerine garşy ugratdy. Halypa dagy oňa enaýat nazaryny öwrüp, eýer-uýanly at we gatyr sowgat etdi, lakamlaryny hem zyýada edip artdyrdy» diýen habary ýetirdiler. Onsoň Sinop eýelenip, yslam şygary kapyrlar diýarynda peýda bolyp, älemleriň eýesi Hudaýtagalanyň mukaddes we päk adyna aýdylýan öwgüleriň, Muhammet pygamberiň päk ruhuna aýdylýan salawatlaryň, emiril mömininе aýdylýan dogalaryň zyýadalanandygy ýakyndaky we daşdaky halaýyklaryň gulagyna ýetende, Soltan älemiň şyhy we dünýäniň akyldary Mejdeddin Yshagy sansyz sowgat-serpaýlar, göwherler, hytaý we rumy zerbaplary, rus ketenileri,

aýal-gyzlaryň elinden çykan sakyrlatlary, gullar, hyzmatkärler, igdiş we arap atlar, gatyrlar, iki örküçli düýeler, altyn kümüş gap-gaçlar bilen bile ol mübärek ýeňşiň habaryny halypa ýetirmek üçin ugratdy. Şyh Mejdeddin halypanyň köşgüne ýetdi. Halypa ony örän oňat garşylap: «Hoş geldiň, eý söýgüli ilçi! Goýbereni gowy görenimiz üçin, bu ilçiniňem ýüzi ne enaýy» diýip, başga-da birnäçe hoşamaý sözler aýtdy. Halypanyň Mejdeddine aýdan bu ajaýyp sözlerini halypanyň aýratyn ýazgylar kitabyna ýazdylar. Dolanmaga rugsat alan wagtynda halypa oňa päk we tämiz donuny we sahawatly sellesini päkize durkundan çykaryp berdi. Soltanlyk dessuryny we pitwalyk hatyny ýazdy. Soltanyň özüne aýratyn telpek, sowut, gamçy berip, ýany bilen bäş ýükçi gaňňaly güýçli gatyr, eýer we uýany göwher bilen bezelen, zerli atlas bilen ýapynja atylan bäş sany arap aty, on baş Hijaz ýelmaýasy, dürli nepis zatlar, dürli hindi we şam parçalary, türki müşk-anbarlar we beýleki zatlar sowgat edip gönderdi. Geçen döwürlerde hiç bir patyşa halypa tarapyndan onuň kibi hormat we derejä ýetmändi.

Soltan ol sowgatlara we berlen ünslere örän begenip, şadyýanlyklar kyldy. Şyh Soltanyň gaşyna gelende älem şady-horramlykdan mawy deňiz kibi möwç urýardy. Ýurt asuda we ýollar aman bolup, pitne ukuda galyp, döwlet oýanypdy. Döwlet abadanlaşyp, bagt guşy perwaz urup, şerigat kuwwatlanypdy. Zulum we erbetlik ýok bolupdy. Etraplaryň ululary we han-begleri Soltanyň permanyna tabyn bolup, tabşyryklaryny ýerine ýetirýärdiler. Tutuş ülke we diýar asudalykda durmuş geçirýärdi.

## ÝEŇIJI SOLTAN YZZEDDIN KEÝKOWUSYŇ TARSUSA TARAP EDEN ÝÖRIŞININ BEÝANY

Soltan Taňrynyň enaýaty we ýardamy bilen Sinopda ýeňiş gazandy. Ondan dolanyp, gyşy soltanlyk tagtynda geçirdi. Ýurdy adalatly we sahawatly dolandyryp, gyşdan ýaza çykdy. Süleýman dek beýik «bezegi» üstünde ýaplanyp, elleri küýzeli we bulgurly peri ýüzli gullar arassa şeraplar aýlaýardy. Döw sypat gazaply we haýbatly serdarlar, ýasawullar we gapyçylar köşgüniň işiginde hyzmata taýýar durýardylar. Etrap serdarlary salamlyk şa sypasynda sap çekip, gulluk we hyzmat üçin gol gowşuryp durardylar. Häkimler, ulular, beýikler, tanymal adamlar, arap we ajam suhangöýleri edep bilen dyza çöküp, ýyly otaglarda aýşy-eşrete meşgul bolup, sazçylaryň saz-söhbetini diňleýärdiler. Kernaý-surnaýlaryň owazlaryny pelege ýetirerdiler. Gije-gündiz bu görnüşde bolup, wagtyny keýpi-sapada geçirerdiler. Şahyrlara we söhbetdeşlerine sansyz sowgatlar berýärdi. Elwan lybaslardyr we parçalardan Soltanyň hyzmatyndakylar bahar çemeniniň gülleri kibi reňbe-reň öwüsýärdiler.

Bahar boldy. Soltan Kaýsaryýa ýöriş etdi. Dergähindäki ýakyn we uly beglerine etrap beglerine hemmäňiz nökerleriňiz we esgerleriňiz bilen Ýaňybazar çemenligine ýygnanmaly, begler dergähe gelip, Soltanyň elini öpmek hormatyna mynasyp bolmaly we neneňsi buýruk berilse, şony ýerine ýetirmäge taýyn bolmaly diýip, hököm etdi. Hököme görä, hemme goşunbaşylar, batyrlar doly ýarag-esbaplary bilen Ýaňybazar düzlügine ýygnandylar. Begler dürli nygmatlar we peşgeşler bilen Soltanyň hyzmatyna bardylar we elini öpmek bagtyna eýe boldular. Seýranda we meýdanda iýip-içip, Soltanyň enaýat nazaryna eýe boldular.

Bu wagtda Sis etrapynyň salgytçylary Sis tekury Leýfundan arz edip, onuň dergähine geldi. Hazyna ýazyjylary muny hezreti Soltana arz etdiler. Soltan bu habary eşidip, örän gazaba münüp, namys damary herekete geldi. Köp begleri häzir edip, bu wakany olara aýtdy. Onda begler aýtdylar:

— Ol betbagt biedebi köteklâp, temmisini bermek gerek. Emma bu möwsümiň yssylygy sebäpli, onuň iline barmak kyn. Çünki, biziň goşunlarymyz türki kowumlar, ýaýlak ýerlerde ýaşamagy öwrenipdirler. Soltan merhemet edip, güýz paslynyň ahyryna çenli sabyr etse, hem atlar semräp, nygmatlar köpeler hem-de ol wagtda günüň yssylygy peseler. Şol wagt Taňrynyň bereketi we ýardamy hem-de Soltanyň bagtyýar döwleti bilen ýola düşeris. Tutuş goşun bilen baryp, oňa bolmalysy ýaly temmi bereris, gaýry başbozarlara-da ybrat bolar.

### Kytga

Kenary bag kamu[1] pür hazaýyny[2] Dara,
Fezaýy rag[3] kamu pür defaýyny[4] Karun.

Gubar ýerine saçdy ryýah[5] müşkü-anbar,
Iýmiş ýerine zeberjetle lagl berdi gusn[6].

Güýz pasly gelip ýetdi. Ýeňiji esgerler herekete geldiler. Kösi dere ýolundan Kökerine geldiler. «Soltan köp goşun bilen Siwas welaýatynyň kasdyna gelýär» diýip, bu habar tekura

---

[1] Kamu – hemme, ähli.
[2] Hazaýyn – hazynalar.
[3] Fezaýy rag – sähra giňişligi, çemenzarlyk.
[4] Defaýyn – gömlüp goýlan hazynalar.
[5] Ryýah – ýeller, şemallar.
[6] Gusn – agaç şahalary.

ýetende, ol simap kimin sandyrap, gamyş kimin galdyrap, jigeriniň howry ot kibi ýanyp başlady. Soltana kem hyzmat bolup, tabynlyk etmändigine perişan we puşman boldy. Özüni eýýäm Soltanyň bagtyýar gylyjyndan ölen, söweş tygy bilen paralanan hasaplap, bu ýagdaýyň öňüni mekir we hile bilen almaga-da we geňeş kylmaga-da mejaly galmady. Bialaç her tarapdan goşun jem edip, söweşe we jeňe häzir boldy. Bu wakanyň beýany öz ýerinde getiriler.

Soltan saýawany ýeňiji esgerleri bilen Jenjin galasyna ýetdi. Leýfunyň ondan mäkämräk galasy ýokdy. Soltan: «Ilkinji ýeňişli hüjümimi şol galadan başlaýyn. Çünki Taňrynyň ýardamy bilen ol gala elime geçse, galan galalar tiz boýun bolar» diýip, pikir ýöretdi. Şol pikir esasynda Soltanyň buýrugyna görä şähere garşy birnäçe manjanykdyr top[1] eltdiler. Üç gije-gündiz yzyny üzmän atyp, doly kibi galanyň içini daş bilen doldurdylar. Şäher halky örän ejizläp, nala we pygan çekip: «El aman, el aman, patyşahy jahan» diýip gygyryşdylar. Olar «Eger üç güne çenli tekur Leýfundan medet ýetişmese, hiç hili bahanasyz galany tabşyrarys» diýip, üç gün möhlet dilediler. Soltan olaryň haýyşyny kanagatlandyrdy.

Gala halkynyň çapary tekuryň ýanyna baryp, ýagdaýlary beýan etdi. Tekur:

— Men öz işimden perişan bolup oturyn. Siziň ýagdaýyňyza bir alaç edere mejalym ýok. Eliňizden geldigiçe özüňiz bir çykalga tapyň - diýip, jogap berdi.

Çapar gala dolanyp, tekuryň sözüni halaýyga ýetirdi. Şäher halky Soltanyň hyzmatyna adam gönderip: «Galany şu şert bilen, ýagny Soltan biziň janymyza aman berip, goşunynyň

---

[1] Golýazmada hem «top» diýlip berlipdir. Hakykatdan hem daşlary top deýin atyp goýberýän gurallara ilkibaşda türkmenleriň «top» diýip at beren bolmagy ahmal.

biziň emläklerimize, çaga-çugalarymyza zyýan ýetirmejekdigi barada ant içse, şäheri tabşyrarys» diýip, habar berdiler.

Soltan olaryň haýyşyny kabul edip, şol şerte laýyklykda, ähdi-peýman etdi. Onsoň Soltanyň buýrugyna görä, şoňa laýyklykda, olara ähtnama ýazyp berdiler.

Galanyň ululary Soltanyň huzuryna geldiler. Jahan penakäriniň sanjagyny gala eltdiler. Diwan begleri we emirleri dagy galanyň depesine çykdylar. Olaryň öýlerini, ýaraglaryny we azyklaryny görüp, egsigini ýetirdiler. Şäher häkimini we goraýjylaryny bellediler. Ol işleri bir ýüzli edenden soňra, Soltan Känçin galasyna ýöneldi. Ol galanyň ýaşaýjylary hem garşylyk görkezip, söweşe meşgul boldular. Soltan: «Manjanyklar we toplar gurup, gala ýaşaýjylaryna uly ýitgi we zyýan ýetiriň diýip, emr etdi. Manjanyklar gurup, merdiwanlar düzetdiler. Soltanyň hökümine görä bir gezekde on sany ýaragly esger çykyp biler ýaly uly merdiwanlar ýasadylar. Şeýle bir ok atdylar welin, kapyrlar galadan seredip hem bilmeýärdiler. Batyrlar we alplar bir hüjümde merdiwanlar bilen diwara çykyp, galanyň içine indiler. Kapyrlary şeýle bir gyrdylar welin gan sil kibi akdy. Ondan soňra galanyň gapysyny açdylar we galan ýeňiji esgerler dagy içeri girdiler. Esgerler şäher halkyny talap, ýesir etmäge we gyrmaga meşgul boldular. Işler bir ýüzli bolandan soň diwan begleri gala baryp, ýarag we galla ambarlaryny görüp, hasaba aldylar. Şäher häkimini we goraýjy esgerlerini bellediler.

Ondan soňra Leýfun melgun bilen söweşmäge rowana boldular. Ol dagy ýarag-esbabyny taýýarlap, gorky we howp bilen söweşe çykdy.

Şol pursatda aňtawçylaryň begi bolan Emir Mejlis üç müň batyr we alp atlyny ýaraglandyryp getiripdi. Daň atmazdan öň öz ýakynlaryndan bir-iki adam bilen kapyrlaryň goşunynyň ýagdaýyny we sanyny bileýin diýip, duşman esgeleriniň

golaýyna bardy. Tötänden kapyrlar olary görüp, orta alyp, ok we gylyç bilen atlaryny öldürdiler. Olar pyýada galyp, bir köprüni pena edindiler. Ok, gylyç we çokmak bilen kapyrlaryň hüjümini yza serpikdirýärdiler.

Gün dogdy. Aňtawçy goşunyň begleri Emir Mejlisiň hyzmatyna ýöneldiler. Emma ony öz mekanyndan tapmadylar. Wakany mälim anyklanlaryndan soňra, tekuryň goşunyna tarap ugradylar. Emir Mejlisiň saýlantgy leşgerlerinden ýüz sany batyry saýladylar. Emir Mejlis olary müň söweşijä barabar tutardy. Olara öýler, obalar, şäherçeler, mülkler we hasylly ýerler beripdi. Mydama olara gowy göz bilen garap, hoş görerdi. Bu atlylar bir dagyň üstüne çykyp, kapyr leşgerlerine tarap nazar aýladylar. Birden bir kişiniň köpriniň üstüne çykandygyny kapyrlaryň hem onuň töweregini gurşap alandygyny we onuň halynyň hardygyny gördüler. Hemmesi hüjüm edip, olaryň üstüne at saldylar. Ol ýere üýşen kapyrlar dyr-pytrak boldular. Käbirlerini gylyçdan geçirdiler. At başyny çekip, Emir Mejlisi ata mündürdiler.

Esgerleriniň arasyna baranynda, ol töwereklerdäki düzgün-nyzamly sap çekip duran goşunlary görüp, Soltanyň huzuryna baryp aýtdy:

— Bu bende Ermeni leşgeriniň güýç-kuwwatyndan we hal-ýagdaýyndan habarly bolup geldi. Eger älem soltany dessur berse, şu ýerdäki sap tartyp duran goşunlar bilen söweşe ugralyň.

Soltanyň buýrugyna görä jarçylar gaty ses bilen «Atlaryňyza atlanyň, atlanyň» diýip, jar çekdiler. Bu ses goşunyň gulagyna ýetende, bary ýyldyrym kibi çakyp, deňiz kimin joşa geldiler. Takdyr we ýazgyt kibi söweşe ugradylar. Her topar demirden dag, otdan deňiz kibi Meljeme sährasynda sap çekdiler. Duşmana garşy uruşjak sag we çep ganat we merkezi topary taýýarladylar.

Tekur Leýfun hem ýygnan goşunlaryny atlysy-pyýadasy bilen Soltanyň esgerleriniň garşysyna getirdi. Ol ähli goşunlarynyň arkadaýanjy hasaplanýan baron Fasyl, baron Uşin we baron Kend Satbol atly beglerini we batyrlaryny öňe getirip, olara hoşamaýlyklar edip, öwütler berdi. Iki tarapdan gylyçlar çekilip, naýzalar we çokmaklar bilen hüjüm edilip, gan daglarda we derelerde sil suwy kibi akdy. Bir-birlerini gaýgyrman çapdylar. Emir Mejlis ilkinji hemlede garşydaşlaryň arasynda batyrlygy bilen şöhrat gazanan Kend Satbol atly pälwany naýzasy bilen ýere ýazdy. Onuň buýrugyna görä Kend Satbolyň elini we boýnuny baglap, çeke-çeke Soltan huzuryna eltdiler. Ol ony şol esgere tabşyryp: «Bu kişini meniň atdan agdarandygymy aýdyň» - diýip tabşyrdy. Baron Uşinu we Nuşini hem şu görnüşde atdan agdardylar. Ol ikisini hem iki esgere tabşyryp, Soltanyň huzuryna gönderdiler.

Soltan ol üç esgeri dagy agyr halatlar bilen sylaglady. Olaryň atlaryny we lakamlaryny beýgeltdi. Ol gün daň atandan garaňky gatlyşýança ýeňiji esgerler kapyr goşunyny gyrdylar. Ahyry ýeňiş eli ol betbagtlaryň ýakasyndan tutdy, betbagtlyk täleýi olaryň arzuw we umyt etegine ýapyşdy. Mejbur bolup, gaçmaga ýüz goýdular. «Goý, älemleriň eýesi – Alla hamdysena bolsun! Zalym kowumyň dowamlary kesildi».[1]

Emir Mejlisiň ýardamynda bolan üç [müň] atly bilen duşmanlaryň işi görlüp, söweş soňlanmaga başlady. Galan esgerleriň uruş etmäge zerurlygy bolmady. Emir Mejlis «Möminlere jeňde Allanyň özi kifaýa – ýardam kyldy»[2] aýatyny okap, ýeňiji goşun bilen üstünlikli, ýeňişli we abraýly yzyna dolandy. Duşmany şeýle bir gyrdylar welin, birnäçe ýerde olaryň başlaryndan we jesetlerinden näçe ýerde depeler

---

[1] Gurhanyň 6-njy süresiniň 45-nji aýaty.

[2] Gurhanyň 33-nji süresiniň 25-nji aýaty.

döredi. Soltan Emir Mejlise aperin diýip, egnindäki eşiklerini mübärek bedeninden çykaryp, oňa geýdirdi. Onuň mertebesini we derejesini zyýada kylyp, begler arasynda has-da hormatlady we sylady. Ýagny ol entek barka, ol döwürde Emir Mejlisiň derejesi begler begilikden artykdy.

Ol gije goşun uruş we söweş ýadawlygyndan soň dynç aldylar. Ertesi bütin goşun Leýfun tekury gözläp, daglara we tokaýlara pytradylar. Saga-sola at segredip, kimi görseler ýa öldürýärdiler ýa-da ýesir edýärdiler. Bu görnüşde bir hepdeläp ermeni welaýatynda at segretdiler. Goşun sekizinji gün ermeni welaýatlaryndan alan sansyz oljalary, hazynalary, ýesirleri, atlary, gatyrlary, pullary, altynlary, dürli parçadyr lybaslary bilen dolanyp geldiler. Leýfun tekuryň bolsa, galalaryndan bir berk we mäkäm galasyna penalanyp oturandygy mälim boldy. Soltan leşgeri üstün, duşman leşgeri asgyn bolup, esgerlere we nökerlere, beýiklere we peslere, ululara we kiçilere köp gazanç nesip edip, sansyz nygmatlara miýesser boldular.

Begler we ulular, emeldarlar we begzadalar Soltanyň huzuryna gelip, arz etdiler:

— Indi kenarýaka ýerlerde ýagyşlar ýagyp, siller gelip, çalpawlyklar we batgalyklar bolmanka, goşunlarymyz öz ýurdumyza dolanmalydyr. Bagtyýar Soltanymyz hem tagtyna dolansyn. Leýfun dagy ol ýerden çykyp, ilçiler gönderer. Harlyk we zarlyk bilen ýalbarar. Öz döwletini diri saklajak bolup, patyşany razy etmek üçin mümkin bolan ähli talabyňyzy ýerine ýetirer.

Bu pikir esasynda Soltan bagtyýarlyk we şan-şöhrat hem-de sansyz oljalar bilen öz ýurduna dolandy. Şeýle bir olja we gazanç ele salnypdy welin, onuň hetdi-hasaby ýokdy. Kaýsaryýada bir owadan ermeni guluny elli manada, bir baş sygyry iki manada, bäş goýny bir manada alyp bolýardy.

Soltan goşun beglerine iýgi-içgi berip, myhmanlanyndan soňra, agyr halatlar bagyşlady. Eýelik edýän obalaryny we mülklerini artdyrdy. Her biriniň islegine we myradyna laýyklykda hökümler we kararlar çykaryp, hemmesine öz ýurduna dolanmaga rugsat berdi. Soň «ilki bahara çenli her biriňiz öz menziliňizde dynç alyp, bahar güli gizlin perdesinden gülüp bakanda hemmäňiz ülker kibi soltanlaryň güneşiniň dergähine ýygnanyň we Soltanyň buýruklaryna taýýar bolup duruň» - diýip buýruk berdi.

Bu buýruk esasynda hemmesi dargap gitdiler. Soltan öz adamlary we ýakynlary bilen aýşy-eşrete, aw awlamaga we top oýnamaga meşgul bolup, Kaýsaryýada ornaşdy.

## LEÝFUNYŇ ILÇILERINIŇ ÝALBARYP WE ÖTÜNÇ SORAP GELMEGINIŇ WE SALGYDYNY ARTDYRMAGYNYŇ BEÝANY

Ýeňiji Soltan (Ýatan ýeri ýagty bolsun) Sis söweşinden dolanyp geleninden soň, Leýfun ol galadan çykyp, diri galan begleri bilen betbagtçylygyň çäresini tapmak we ýitginiň öwezini dolmak barada maslahat etdi. Olaryň ählisi ýalbarmakdan we bil bükmekden gaýry çäre tapmadylar. Onsoň köp peşgeşler, eý atlar, ýükçi gatyrlar altyn-kümüşler, sakyrlatlar, teňňelerden doly gapjyklar, algyrdyr laçynlar we başga zatlar tertip edip, olary begzadalarynyň arasyndaky akylly we parasatly kişiler bilen Soltanyň hyzmatyna ugratdy. Ýazyp iberen hatynyň manysy we aýdan sözüniň mazmuny şeýledir.

## Beýt

Ger pes ede sen guluňy binýat gider,
Wer[1] gopara sen nahal-u öwtat[2] gider.

Men gulam-u patyşasynyň ady gider,
Topraga byrakma[3] gerçe azad-u gider.

— Arabozarlar jahan şasyna bu betbagt gul barada ters gürrüň berip, şol sebäpli älem şasynyň bu bagty ýatan gul baradaky pikiri özgerendir. Onuň üçin hut öz jezamy we temmimi çekdim. Beglerim aýak astynda depelendi. Ýurdum harap boldy. Indi bolsa, Merhemetli Soltandan towakga edýän. Allatagala haky üçin rehim-şepagat edip, bu biçäräniň günäsini öt. Hakykatdanam, eger älem soltany Sis welaýatyny bu bendesinden alsa, ony bir gaýry guluna tabşyrar. Bu kemine guly şol guly hasaplasyn. Men mundan soň, yhlas gulakhalkasyny gulluk gulagyma dakaýyn. Tabynlyk ýapynjasyn çignimde götereýin. Pajy dagy öňkä görä iki esse edip bereýin. Her ýylda äht edilen zatlardan başga, bäş ýüz sany jüpbeli we ýaragly esger bereýin. Başga-da mümkin bolan her hili tabşyryklaryňy ýerine ýetireýin - diýip, uly beglerden birküç sanysyny özüne arkadaýanç tutundy. Olar agzybirlik bilen onuň bu islegi barada tagalla baryny edip, Soltanyň göwnündäki gazap gubaryny syryp aýyrdylar. Şeýlelikde, her ýylda ýigrimi müň fulury paç, sowgat we serpaýlar Soltan hazynasyna laýyk bolan her hili zatlar, geçen ýylky bermedik pajyny bermek, mundan soňra hyzmat we gulluk etmekde sähelçe-de ahmal etmezlik barada äht etdiler. Soltan bu

[1] Wer – we eger, eger.
[2] Öwtap – çüýler, sütünler.
[3] Byrakma – zyňma, oklama.

ähtnama esasynda Sis ýurduny ýene-de oňa degişli edýändigi barada ant içdi. Soň şol wagtlar döwetdary bolan Sahyp Zyýaeddin Gara Arslany jogap we paç alyp getirmek üçin Leýfun tekuryň gaşyna gönderdi. Onuň bilen ol ýurda degişli permanlary, halatlary we çapuw atlary hem ugratdylar.

Leýfuna Sahyp Zyýaeddiniň gelýändigi baradaky habar ýetende, öňünden köp sowgatlar iberdi. Ertesi özi dagy adamlary bilen garşylap, ony hormat bilen getirip, öz köşgünde ornaşdyrdy. Uly myhmandarlyk edip, hyzmatynda kemis-kümüs zat goýmady. Ýokary derejede hezzet-hormatlar etdi. Soltanyň hökümini we ýurduna degişli permanlary ýanyndaky begleriň we uly-kiçileriň ýanynda okady. Tekur Leýfun peslik we harlyk bilen elini ýere goýup, doga we sena kyldy. Seçgiler seçilip, sazlar çalyndy. Uly gonaklyk edip, uly kiçini myhmançylyga çagyrdy. Ol gün tagam iýilip, bulgurdyr käseler noş edildi. Ertesi Sahyp Zyýaeddin permanyň nusgasyny ýazyp, tekura berdi. Ol şol esasda ant içdi we ähtnama ýazyldy. Alty aýlyk paç üçin on müň fuluryny sowgatlardyr serpaýlar we salamlar bilen Soltanyň hazynasyna iberdi. Emir Zyýaeddin Kaýsaryýada Soltanyň huzuryna baryp, paçlary we sowgatlary hazyna tabşyryp, tekuryň ähtnamasyny oňa berdi. Soltan tekuryň ilçilerine sansyz yhsanlar edip, tussaglykda oturan beglerini azat etdi. Hersine derejesine görä sowgat we serpaý, at we don berip, merhemet etdi. Ýurduň etraplaryna «şu günden beýläk iki tarapyň arasyndaky uruş we söweş ýatyrylyp, parahatlyk gazanyldy. Iki tarapdan ýolagçylar we bezirgenler gorkusyz gelip-gider ýaly we her kişi öz islegine görä adyllyk saýasynda gezer ýaly ýollary we derbentleri açyp, asuda saklasynlar» - diýip, hatlar we permanlar ýollap, ilçileri hoş köňül bilen ýola saldy. Özi ýakynlary we egindeşleri bilen Antalyýa gyşlagyna rowana boldy. Ol ýere baryp, şatlyk we bagtyýarlyk bilen deňiz we gury ýer şikaryna we aýşy-eşrete

meşgul boldy. Ol gyşy şady-horramlyk we hökmürowanlyk bilen geçirdi.

Gyş günleriniň ahyrlap, baharyň gelendigi barada kasydalar we şygyrlar ýazdy. Çemeniň kafury[1] lybasy ýaşyl we zernigär halatyny egnine aldy, depeler gülzarlyga öwrüldi. Her hili guşlar we bilbiller agaç münberlerinde bahar hutbasyny okamaga başladylar. Onsoň Soltan ýene-de Kaýsaryýa garşy ýola düşdi. Däp bolan adata görä begler we ulular sansyz sowgat-serpaýlar bilen bendelik dergähine ugrap, ýeňiş öýi bolan Kaýsaryýada Soltanyň elini öpmek hormatyna mynasyp boldular. Bendelik hyzmatynda seýran edip, meýlisinde häzir bolardylar. Her pursat patyşa laýyk mähribanlyklar görüp, derejelenerdiler. Soltanyň mähir-muhabbetiniň saýasy älem halkynyň üstüne ýaýylyp, pitneler ýatyp, arap we ajamyň bar işleri düzgünleşipdi.

Allatagala has dogrusyny bilijidir.

## ÝEŇIJI SOLTAN YZZEDDIN KEÝKOWUSYŇ ARZYNJANYŇ PATYŞASY MELIK FAHREDDIN BÄHRAMŞA IBN DAWUT ŞANYŇ GYZYNA ÖÝLENMEGINIŇ BEÝANY

Soltan ähli işlerinde we hereketlerinde Hudaýtagalanyň emrlerini we halka haýyr getiren Muhammet pygamberiň şerigat hökümlerini doly ýerine ýetirmekde yhlas görkezýärdi. Ol hereketleri patyşalygynyň dowam etmeginiň sebäbi hasaplaýardy. Allatagalanyň hoşnutlygyny pygamberiň şerigatynyň nuruna eýermeklikde görýärdi. Ol bir gün: «Siz üçin nika düşýän aýallara ikiden, üçden, dörtden öýleniberiň»[2]

---

[1] Kafur - hoşboý ysly ak reňkli ösümlik.

[2] Gurhanyň 4-nji süresiniň 3-nji aýaty.

diýen hüküme görä, bir päk ene-atanyň sadap elinde terbiýelenen we iki tarapyň, ýagny ene we atanyň keramaty bilen sypatlanan, garaňkyda şöhle saçýan göwher deý, bir päk we tämiz zyba bilen özüniň päk köşgüni we sahabatly haremhanasyny nurlandyrmak we bezemek isledi. Bu barada döwlet emeldarlary we ýurt emirleri bilen maslahat etdi. Hemmesi pikir deňzinde guwwas bolup, endişe gämisi bilen ýer şarynyň çar tarapyna seýr etdiler. Ahyry kämillik, tämizlik, dürli ylymlar, aslynyň beýikligi, asyllylyk we jomartlyk bilen bezelen Arzynjan patyşasy Melik Fahreddiniň öýünden başgasynda gözleri eglenmedi. Çünki, ol deňiz düri hem ata-babalary we päk gelip çykyşy boýunça Soltan Gylyç Arslana baryp direýärdi, ol bolsa Seljuk neslindendi. Hemmesi uzak oýdan we maslahatdan soňra ony ygtyýar etdiler we agzybirlik bilen Soltana arz etdiler. Soltan olaryň saýlan öýlerine şatlanyp, gymmatbaha sowgatlar we dürli nepis serpaýlar hazynadan çykardyp, tertip etdirdi. Akyllylaryň we ululary arasyndan birini bu adaglama işine belläp, tertiplenen gymmatbaha sowgatlary onuň bilen iberdi. Melik Fahreddin: «Melikäni diläp, soltanlaryň soltanyndan ilçi gelýär» diýen habary eşidende, şatlanyp, garşylamaklaryny buýurdy. Ony uly hezzet-hormat bilen getirip, döwlet köşgünde ornaşdyrdy. Hormat-sylag etmekde tagalla baryny edip, hiç egsik-kemini goýmady. Ertesi uly-kiçisini häzir etdi. Ilçi Soltanyň namasyny öpüp, patyşa berdi. Melik hem öpüp, başy üstünde goýdy we ör turup, okamaga başlady. Okap bolanyndan soň ilçä aýtdy:

— Dilden hem habaryňyz bar bolsa, aýdyň!

Ilçi dil bilen aýdylanlary hem oňa ýetirip, haýyşlaryny has-da açyklady. Sowgatlary durşy bilen Meligiň hazynasyna tabşyrdylar. Melik köpçüligiň içinde gaty ses bilen şeýle diýdi:

— Beýikligi beýgelmiş Haktagalanyň özüniň tükeniksiz mähribanlyk we keramat hazynasyndan men kibi gula bagyşlan

munuň ýaly sowgadynyň şükranasyny neneňsi dil bilen beýan edip bilerin?! Eger, meniň maşgalamyň onuň humaýun haremhanasynda ýerleşmegine, Soltany älemden perman bolsa, onda ol meniň üçin hem durmuş buýsanjymyň özeni, hem-de maşgalamyzyň we nesillerimiziň guwanjynyň esasy bolardy. Şoňa görä munuň kibi mähriban we gullaryna rehimdar bir patyşa beýle sowgat buýran bolsa, gözüm üstüne. Örän gowy. Emma, bir aý möhlet berse, käbir taýýar edilmedik toý esbaplaryny häzirlesek gowy bolar. Ondan soňra «ähli möhüm zatlar taýýar edildi, kimi ygtyýar eden bolsaňyz iberiberiň» - diýip, adam göndereris.

Soňra ilçini dürli sowgat we serpaýlar bilen sylaglap, uly hezzet-hormatlar bilen beýgeltdi. Hökümi berjaý edenine sansyz şükürler aýdyp, göwher seçýän sözler bilen ilçini bir menzil ýola çenli ugratdy. Yzyna dolanyp gelip, toý esbaplaryny tertiplemäge meşgul boldy. Her tarapdan ökde we ussat senetçiler we zergärler getirdip, olary üç aýlap işletdi. Göwher bilen bezelen täçler, bilezikler we nepis ýüzükler, göwherler bilen bezelen gymmatbahaly eşikler, gap-gaçlar, käseler, legen we kündükler, altyn-kümüş merdiwanlar we gülýakalar, Çyn we Hotan sowgatlar, aý ýüzli kenizler, görkli gulamlar, gerdenbentli atlar, ýel aýak tulparlar, gatyrlar, sansyz pul we parçalar taýýar etdirdi. Soň jahanyň ulularyndan, beýiklerinden we atly kazylaryndan biri bolan ymamlar başy Kazy Şerefeddini toý esbaplaryny tertipleşdirmek we nika dessuryny berjaý etdirmek üçin olar bilen bile ugratdy. Olar Siwasa ýetenlerinde mejlis emiri Mubaryzeddin Bährамşa ony serpaýlap dürli hezzet-hormatlar edip, onuň bilen bile Soltanyň huzuryna ugrady. [Ekerdur şäherine ýetenlerinde öňürdip] Soltanyň hyzmatyna baryp, ýagdaýy arz etdi. Soltan döwlet emeldarlaryny - Emir Seýfeddin Çaşnygir Aýbäni, Zeýneddin Beşarany, Bahaeddin Gutlujany, Mubaryzeddin Çawly begi we

şäheriň beýleki han-beglerini olary garşylamak üçin ugratdy. Olar gelýänleri hormat bilen şähere getirdiler. Dürli aşlar we nygmatlar bilen bezelen saçaklar ýazdylar. Tagam iýilenden soňra dargaşdylar. Ertesi Soltan hemmeleri çagyryp, dergähiny we eýwanyny ulular we begler bilen bezedi. Türki, gazwini, deýlemi we rumy serkerdeler, toparbaşylar, çawuşlar we durbaşlar[1] ellerine naýzadyr degenekler we çokmaklar alyp iki tarapda durdular. Soltan kyýany telpegini başyna goýup, hökmürowan tagtynyň üstünde oturdy. Hajyplar we wekiller Kazy Şerefeddini uly hormat we dereje bilen şa dergähine çagyrdylar. Soltanyň huzuryna geleninde Soltan oňa atly soltanlaryň we täçli şalaryň onuň kibi alyma edip biläýjek mynasyp we laýyk hormatlarynyň baryny etdi. Soltan hormat we sylag düzgünlerini ýerine ýetirenden soň Melik Fahreddin barada sorady. Kazy Şerefeddin süýji we şirin sözler bilen Melik Fahreddiniň tabynlygyny, tarapdarlygyny, ýakynlygyny we yhlasyny beýan etdi. Saçaklar ýazylyp, miweler iýildi. Kazy Şerefeddini uly hormat we sylag bilen otagyna eltdiler. Ertesi Soltan Kazyny we bu möhüm iş üçin öňden şäherlerden gelip, ýygnanan ymamlary, alymlary we kazylary kabulhanasyna çagyrdyp getirtdi. Öň Soltanyň buýrugyna görä Antalyýada birnäçe gezek müň mysgallyk, bäş ýüz mysgallyk, iki ýüz mysgallyk, elli mysgallyk altyn teňňeleri şeker galyplarynyň içinde taýýarlapdylar. Her galypdaky altynyň agramy üstüne san bilen belgilenipdi. Şol altynlary altyn-kümüş tabaklaryň içine salyp, mejlisde oturan alymlaryň, baýdak göterijileriň, harby adamlaryň mertebelerine garap öňlerinde goýdular. Köşgüň howuz we howuzçalaryny suw

[1] Durbaş - pars dilindäki «Daşda duruň, daşlaşyň» sözünden bolup, şanyň öňünden ýöreýän esgerleriň serkerdesi diýmekdir. «Durbaş» diýlip, iki şahly naýza-da aýdylypdyr. Çünki, öňki döwürlerde iki şahly naýzany adamlar görende gaçyp, ýol berer ýaly şanyň öň ýanyndan göterip ýöräpdirler.

ýerine şerbet bilen doldurdylar. Eýwanyň şa sypasy döwlet emeldarlary, ýurt ululary, din ymamlary we yslam kazylary bilen bezeldi we doldy. Iki tarapyň wekilleri we tanymallary häzir boldular. Zamanaň müftisi, asyryň ymamy, patyşalar galamy bu nikany gyýmaklyk ynanylan kazy we uly alym Sadreddin Ruhawy möminleriň emiri Mamun halypanyň hutbasyny okady. Ol Allatagala we Allatagalanyň pygamberi mustapa öwgülidir we haýyr Allatagalanyň kitabyna amal etmekdir. Allatagala aýdypdyr: «Öz araňyzdaky dul-sallahlaryň hem-de gul-gyrnaklaryň ýagşylaryny öýlendiriň. Eger olar kemmagal bolsalar, Alla olary öz pazly-keremi bilen baý-döwletli eder»[1] diýip, bu hutbany ahyryna çenli okady. Nika gyýmaklyk birýüzli bolup, düzgünleşip, ýüz müň fulury mehr[2] berlip, nika gyýmaklyk, gowuşmak we ýakynlyk berkleşdirildi. Onsoň çawuşlar we jarçylar «gutly we mübärek bolsun» owazyny al-asmana we pelekleriň depesine ýetirdiler. Altyn-kümüş we göwherler seçdiler. Köşk, eýwan we howlynyň içi seçilýän zatlardan ýaňa gül seçýän bahar kibi bezeldi. Aýratyn saçaklar ýazylyp hemmeler çagyryldy. Hemme el uzadyp, tagam iýdiler. Däne, ýumurtganyň sarysy, aş, unaş, gatykly aş, kebaplar, gowurmalar, halwalar, börekler ýaly dürli tagamlar orta çekilip, her kişi islän tagamlaryny iýdiler. Oturanlardyr turanlaryň her biri bu naharlardan geregini edindiler. Oguz däbine görä ysly şerbetler, gymyzlar içildi. Ondan soňra töwir edildi. Kazy Şerefeddin öz mekanyna gitdi. Soltan onuň yzyndan altyn, pul, sowgatlar, köp kemhalar, at, gatyr, gul we hyzmatkär gönderdi. Kazy Şerefeddin dagy adata görä Soltanyň atynyň üzeňňisini öpdi we tagzym üçin baş goýup, doga we sena etdi.

---

[1] Gurhanyň 24-nji süresiniň 32-nji aýaty.

[2] Mehr - galyň ýa-da nika gyýylýan wagty öýlenýän tarapyndan gyza berilýän pul ýa-da haýsydyr bir zat.

Ertesi Soltan hazynadarlara myhmanlar alyp gider ýaly degerli we laýyk parçalary we esbaplary taýýarlamak barada buýruk berdi. Şol hököm esasynda köp esbaplar we serişdeler taýýarladylar. Soltan Emir Mejlis Mubaryzeddin Bähramşany ol möhüm işe belledi. Çawuşlar we ustaduddarlar[1] altyn-kümüş serişdeleri, reňkli we nepis, gymmatbaha kemhalary, düýe we gatyr kerwenlerini, gerdenbentli we jylawly çapuw atlary, zerli atlas örtügli we altyn gupbaly kejebäni, owadan we päkize hyzmatkärleri eltip, Emir Mejlise tabşyrdylar. Arzynjan ülkesine Melikäniň hyzmatyna baryp, ony alyp gelmäge gitmek üçin ululary̆ň we begleriň hatynlaryny bellediler. Işler bir ýüzli edilenden soň Emir Mejlis we Kazy Şerefeddin hem-de ajaýyp we mynasyp geýimler bilen bezelen aýallar ýola düşdüler. Arzynjan sebtine ýetenlerinde Kazy Şerefeddin öňürti gidip, Meligiň hyzmatyna bardy. Soltandan gören dürli haýyr-yhsanlary barada aýdyp berdi. Emir Mejlis bilen bilelikde uly mertebelileriň, goşunyň we hatynlaryň gelýändigini beýan etdi. Melik mertebelerine we derejelerine laýyklykda, her kişi üçin aýratyn sowgat we dereje öý we otag taýynlatdy. Köp pullar we näzi-nygmatlar bilen kenizlerini, hyzmatkärlerini, han-beglerini we hatynlaryny olary garşylamak üçin ugratdy. Emir Mejlis, şähere ýakynlaşyp, bir menzil ýol galanynda uly dabara we şöwket, tug we sanjak bilen özüniň hususy we şäher bagşy-sazandalaryny öňden iberdi. Iki topar biri-birlerine ýetenlerinde iki tarapyň goşunlary hem sap çekip, şatlyk tuglaryny ýaýyp, biri-biri bilen görüşdiler. Emir Mejlisiň nazary Meligiň sanjagyna düşende atyndan düşdi. Melik Fahreddin dagy Emir Mejlisi göreninde atyndan düşdi we guça-guça görüşdiler. Mähirli görüşenlerinden soňra ýene-de atlaryna mündüler.

[1] Ustaduddar - öý wekili, köşgüň girdeji-çykdajylaryna gözegçilik edýän adam.

Emir Mejlis Soltanyň salamyny Melige ýetirdi. Kemini goýman hal-ýagdaý soraşdy. Melik dagy baş goýup aýtdy:

— Men älem şasynyň bendesi we hyzmatkäridirin. Mundan beýlägem Soltan dergähine laýyk we mynasyp boljak şunuň ýaly hyzmatlary we gulluklary bu bende ýene-de ýerine ýetirip biler diýip umyt edýärin.

Şu görnüşde dürli zatlar barada söhbetleşdiler. Şähere ýetenlerinde Melik Emir Mejlisi we Soltanyň beglerini öz öýünde ornaşdyrdy. Patyşalara laýyk saçak we supra ýaýdy. Iýilip-içilip, saçak ýygnalyp, doga okalandan soňra, bezm we eşret serişdelerini getirip, erkekden-aýaldan her dürli sazanda-bagşylar geldiler. Bezmiň keşbi ýüz ýaprakly gülüň ýüzi dek güldi we lowurdady. Pelek ähliniň ýaşaýjylarynyň gulaklary olaryň näzik we batly sesli sazlarynyň we hoş owaz bagşylarynyň ýaňyndan doldy. Şatlandyryjy meýli bulgurlary gezekme-gezek aýladylar. Dustgany[1] däbine görä doly käseler içmäge başladylar. Mejlis ol gün şu görnüş bilen ahyrlandy. Ertesi Emir Mejlis Soltanyň gönderen esbaplaryny, baýlyklaryny we hazynalaryny topy we ýazgysy bilen Soltanyň ynamdarlarynyň we hazynadarlarynyň üsti bilen Melik hyzmatyna gönderdi. Melik Soltanyň beýik hümmetine we kämil sahawatyna doga we sena edip, hazynadarlary we bukjadarlary dürli haýyr-yhsanlar bilen hoş tutdy. Iki günüň içinde ähli esbaplar taýýarlandy we tertiplendi. Melik Emir Mejlis we iki tarapyň begleri we ululary aýşy-eşret, bagtyýarlyk we şadyýanlyk bilen gün geçirýärdiler. Kümüş endamly we gulakhalkaly sahylaryň «Noş-a noş»[2] sesleri al-asmana ýeterdi. Ol aýşy-eşretdäki bagşy-sazandalaryň owazlarynyň hoşlugyndan Zöhräniň Zöhresi hem (zähresi) eräp

---

[1] Dustgany - dostuň saglygyna ýa-da bir ýagdaýa uçran dostuňy ýatlap içilýän bada. Haýsydyr bir arzuw ýa-da söýgi bilen gapdalyndakynyň eline berilýän bada.
[2] «Noş»- iç diýmegi aňladýar.

suw bolýardy. Toý esbaplarynyň gerek-ýaraklary taýýarlanyp bolanyndan soň, Melik üç ýüz sany ýokary, orta we pesräk halatlary, üç ýüz müň soltany puly, eýeri we uýany göwher bilen bezelen atlary Emir Mejlise gönderdi. Ugradyş wagty golaýlaşanda olary beglere, ululara, goşunlara we hyzmatkärlere paýlap berdi. Agşama ýakyn esbaplar, baýlyklar, hazynalar we toý şaýly uly kejebe bilen şäherden daşary çykdylar. Daň bilen göç surnaýyn urup, horramlyk we şadymanlyk bilen Soltanyň huzuryna garşy ugradylar. Ýetmeli menzili ýetenlerinde, Emir Mejlis öňden gidip, Soltanyň huzuryna bardy. Ýagdaýlary arz etdi.

Soltanyň buýrugyna görä, bezegler bilen şäheri bezediler. Soltanlyk köşgüniň öýlerini dürli bezegler bilen bezediler. Altyn mejmereleriň[1] içinde buhurlar[2] goýdular. Bezm we eşret esbabyn taýýar kyldylar. Bu ýerdäki ulularyň we begleriň aýallary kejebäni garşylamaga ugradylar. Gijeden bir bölek geçende iki tarapyň hatynlary we gelinleri behişdiň hüýrleri kibi göwher bilen bezelen altyn bileziklere we ýüpek lybaslara gark bolup, kejebe hyzmatynda şähere geldiler. Bagtyýar haremhana we gerdege girdiler we Melikäni gerdek tagtynda oturtdylar. Şeýle bir şatlyk buhuryny göwher mejmeleriň içinde tütetdiler welin, gökdäki ýyldyzlary we pesdäki günäkärleri tabynlyk halkasyna bagladylar. Şeýle bir mumlar we şemler köpdi welin, Soltan döwletiniň tarapdarlary şadyýanlykdan we rahatlykdan ýaňa näzirgediler. Gijäniň dörtden üç bölegi geçende, Emir Mejlis bezm saçagyny düýrüp, bezmi soňlady. Şa gülüstan otagly, gelin kalply gerdegine girdi. Päklik we tämizlik içinde her biri zamanyň Asyýasy[3] we döwrüň

[1] Mejmere - hoşboý ysly otlar tütedilýän gap.
[2] Buhur - hoşboý ysly tütedilýän ösümlik.
[3] Asyýa - (Isiýe) - Pyrgunyň aýaly. Yslam rowaýatlaryna görä, ol takwa, dindar we akgöwünli bir aýal bolupdyr.

Meryemi bolan Zöhräni kemsindirýän, hüýr ýüzli, peri didarly hatynlar aý kibi bolup, bulut örtükli-nikaply bolan hüjrelerine girdiler. Soltanlaryň güneşi hatynlaryň aýy bilen aýagyny tagt üstüne goýdy. Nikap buludyny goragly we owadan gül ýüzünden açdy. Gözellik jahanynyň kyblasyndan posa sowgadyn görüp, dodaklaryndan öpdi. Elini zülpi-kemendine we halkaýy müşkbaryna urdy. Begimiň enekeleri edep dyzyna çöküp, Soltanyň ädiklerini aýagyndan çekdiler. Nägehany genji mynasybyny ädikleriniň içinde tapyp, baky ömrüň zahyralaryna[1] erişdiler. Şa soltanlyk täjini başyndan, kemeri kiýanysyny bilinden alyp, ýokarky derejede goýdy. Söýünip, çykarynyp düşege girip, ol serwi çemeni gül harmany kibi gujagyna çekdi. Şerigat rugsadyna we tebigat pitwasyna laýyklykda, almaz gudraty bilen ol lagly keramaty deşdi.

**Ebýat**

Lyhafy hysrowy[2] idi ten üzre,
Kümüş towkydy eller, gerden üzre.

Alam[3] dikdi tezowwuk[4] şährine şah,
Göterdi dürji[5] dürden möhri dergäh.

Akyky nabe[6] akytdy lääli,
We ýa hut lagldan simap haly.

---

[1] Zahyra - ätiýaçlyk üçin goýulýan zat, yzyňda galdyrylýan zat.
[2] Lyhafy hysrowy – patyşalyk ýorgany, örtügi.
[3] Alam – baýdak, sanjak.
[4] Tezowwuk – zowky-sapa, joşgun.
[5] Dürj – dürdür göwher salynýan kiçijik gap, dürgap.
[6] Nabe – sap, arassa.

Nigaryn tä säher hufta[1] setandy[2],
Lebinden patyşa posa setandy.

Gähi şirin dodagyny emerdi,
Gähi gollar hamaýyl[3] ki kemerdi.

Daň tilki guýruk bolanda, Soltan ol Uzranyň gujagyndan Wamyk kibi turup, hammama ugrady. Soň bezm we şatlyk, aýşy-eşret serişdelerini geregi kibi tertipläp we bezäp, şadymanlyk dessurlaryndan bir azajyk hem ahmal etmezliklerini buýurdy. Soltan hammamdan soňra köşge gelip, şatlyk we horramlyk bilen tagtyna çykdy. Soltanyň buýrugyna görä gapyçylar perdäni ýokary göterip, beglere köşge girmäge dessur berdi. Arzynjan beglerini hezzet-hormat bilen mejlise çagyrdylar. Oturdylar. Nahar iýlenden soňra aýşy-eşret serişdelerini bada, şerap garylan şerbetleri bolsa, bezelen käselere, bulgurlara we jamlara guýup, noş etdiler. Sazanda-bagşylar şatlyk sazlary bilen saz-söhbet etmäge başladylar. Päk Ruh – Jebraýyl perişde her pursat ol behişt bezegli mejlise gelip: «Elbetde kapyr kimseler»[4] aýatyny okaýardy. Ondan soňra ýene-de bir saçak ýazdylar. Gowurma, palawlar, towuk, gögerçin, käkilik we şurag kebaplary, nardänik aşlar we elwan nygmatlar iýip, uly-kiçi ählisi doýdular. Hyzmatkärler naharlary göterdiler. Saçak ýygnanandan soň şatlyk bulgurlary aýlanyp we gezdirilip başlady. Meý bürgüdi mejlisdäkileriň aňy üzre perwaz etdi. Şatlyk we horramlyk «ruh suwunyň», ýagny şerabyň üsti bilen has-da özüne çekdi. Soltan her sagat sansyz mähremligi bilen mejlis ählini ünsden düşürmeýärdi we

---

[1] Hufta – 1) ýatmak, uklamak; 2) ýapyşmak.
[2] Setandy – aldy, alýardy.
[3] Hamaýyl – dolap alma, bilinden eliňi dolap alma.
[4] Gurhanyň 68-nji süresiniň 51-nji aýaty.

göwünlerini awlaýardy. Sag we sol gol begleriniň, Arzynjan begleriniň saglygyna doly badalar içip, köňüllerini göterýärdi. Şu görnüşde bir hepde yzyny üzmän, şerap içmek bilen meşgul boldular. Ondan soňra Soltan bäş ýüz halat, ýedi ýüz müň pul, ýüz baş at, ýüz baş gatyr, dürli-dürli kemhalar, parçalar, gullar we hyzmatkärleri, hazynadarlar, şa atlarynyň baş emiri we Emir Mejlis dagy bilen Kazy Şerefeddine ugratdy. Kazy Şerefeddin Arzynjan begleriniň her birine mertebelerine görä pul, halat, at we gatyr üleşdirdi. Begler halady geýip, Soltanyň huzuryna bardylar we elini öpdüler. Ol güni şady-horramlyk we aýşy-eşret bilen geçirdiler. Ertesi Soltan seýrana çykdy. Hemme begler we harby adamlar Soltanyň hyzmatynda häzir boldular. Arzynjan begleri meýdanda atlaryndan düşüp, pyýada boldular we hoşlaşyk üçin el öpdüler. Soň mähri bilen minnetdar edýän, penalananlaryň diliniň senasy we eýýamyň şasy Meligiň huzuryna ugradylar. Soltan endik eden adaty boýunça döwlet ýolbaşçylary we begleri bilen top we çowgan (çöwgen) oýnady. Jahan döwranyny guma garýan, jepakär ruzgärini şadyýanlyk we horramlyk bilen geçirdi. Älem halkyna adyllyk edip, parasat we sahylyk ýoluny tutardy.

## ÝEŇIJI SOLTAN YZZEDDIN KEÝKOWUSYŇ ŞAM WELAÝATYNA ÝÖRIŞINIŇ BEÝANY

Halabyň hökümdary Salaheddiniň ogly Melik Tahyr hak rehmetine gowuşanda ogly Melik Eziz heniz çagady. Döwlet emirleri zerurlykdan oňa kasam edip, atasynyň ýerine saýladylar. Onuň enesi ýurt akyldary we döwlet ýolbaşçysy boldy. Bu habar Soltan Yzzeddiniň gulagyna ýetende, öň doganoglanlarynyň we olaryň emeldarlarynyň golastynda bolan Halap ýurduna ýöriş etmek kararyna geldi. Ýurduň beglerini we ulularyny - sag goly we sol goly, Mejdeddin Isa

begi, emirler emiri Seýfeddin Aýbäni, Zeýneddin Beşarany we Mubaryzeddin Çawlyny ýanyna çagyryp aýtdy:

— Biziň pikirimiz we garaýşymyz şeýle. Häzirki wagtda Melik Tahyryň ýurdunda gowşaklyk we perişanlyk peýda boldy. Ol ýurda akyllylar we parasatlylar ýanynda hiç bir agramy bolmadyk bir çaga we pürenjekli aýal eýelik edýär. Eger olar goranyş çärelerini edip, goşun jemlemänkä, uly goşun bilen Şam welaýatyna hüjüm etsek, Allatagalanyň ýardamy bilen biziň döwletimiziň sanjagy ol ýurduň derejesi üstünde pasyrdar. Ýurdumyzyň meýdany giňär we artar. Seljuk neberesiniň ady we namysy zyýada bolar.

Begler aýtdy:

— Patyşalaryň tebigaty ýyldyrym deý, ýurtlary basyp almak bilen häsiýetlenýändir. Hiç kim güneşiň şöhlesine, gözeller zülpüniň müşk saçyşyna garşy bolup we päsgel berip bilmez. Emma patyşa sözümizi diňlemek niýeti bilen bize maslahat aýtmak derejesini berdi. Şeýlelikde, Haktagala Melik Tahyr ogluna ýaş we çaga wagtynda atasynyň ýurduny berip, ony ezizledi. Emma onuň ata-babalary mydama bu neberä yhlasly gulluk edip, tarapdar bolup, dem urardylar. Mydama esgerlere kömek üçin ýükler we baýlyklar ibererdiler. Garşydaşlaryny dep we ýok etmek üçin bu döwletden we Soltandan ýardam sorardylar. Häzir şeýle habarlar eşidilýär, ýagny etrap melikleri we patyşalary olara teselli bermek we derdini paýlaşmak üçin ilçiler iberýärler. Mydama jahandaky ejizleriň we zulum çekenleriň penakäri bolup gelen bu hezrete garaňda olar «Atalaryň dostlugy ogullary ýakynlaşdyrýar» diýen nakyly has berk ýerine ýetirdiler. Eger ol ýurduň ekinlerini ormak we döwletini weýran etmek üçin gazap oragy bilen gahar paltasy belende göterilse, uly soltanlar, döwrüň melikleri, ulular, akyllylar, alymlar ýanynda bu iş oňlanylmaz. Gowusy, «Ýetimiň malyna golaýlaşmaň, diňe ýagşy ýol bilen

ýakynlaşyň»[1] diýen aýata we öňden gelýän kanuna we däbe görä, bu hezret sowgatlardyr halatlar, baýdakdyr we ol ýurda degişli permanlary ibersin. Işler Ilähi emre laýyk bolar ýaly edilsin. Ýagşy häsiýetiň beýleki patyşalaryň işlerine görelde bolar ýaly, olaryň göwnüni awlap, teselli bermekde geregiçe hoşamaýlyklar edilsin. Çünki ol ýurda garşy goşuny herekete getirsek, Melik Adylyň gyzy bolan enesi elini gaýry patyşalaryň etegine uzadar. Olardan ýardam üçin goşun sorar. Olar hem namys üçin, öz diýarynyň goragy üçin, goňşulary üçin alada edip, Soltanyň uýanyny ol ýetimiň ýurdundan dönderjek bolup, ilki şepagatlyk bilen ara düşerler. Eger hoşamaý gürrüňleri ýol alyp, kabul edilse, «Sag-aman baryň!» diýip, dolanarlar. Eger şahy jahan olaryň sözlerine üns bermese, bialaç [bizi] olar işi dep etmek üçin garşymyza çykarlar. Eger ýeňlip, ýitgi çekse, olar ownuk meliklerdir, olary ýeňmekden näme buýsanç bar? Eger, Alla görkezmesin, bize zarba ursalar, onda ol namysyň yzy durmuşyň ýüzünde baky galar. Göripler we duşmanlar bize üstün we eýe bolar. Bu pikiriň peýdasy zyýana, zyýany bolsa peýda öwrüler.

Soltan döwlet sütünlerinden bu pikiri we nesihaty eşidende, bir sagat pikir edenden soň, olara bakyp aýtdy:

— Şeki ýok, etraplardaky we goňşuçylykdaky meliklere hoş nazar aýlamaklyk ululary we beýikleriň mertligi üçin lazym we wajyp zatdyr. Olara hormat goýmaklyk parz we hökmany şertlerdendir. Emma bir atly patyşa kuwwat we gudrat ýaragyn dakynyp, jahangirlik atyna münüp, aýagyny ýurt basyp alyş üzeňňisine bassa we ýöriş uýanyny bir ýurda garşy öwrüp, «patyşalaryň arasynda garyndaşlyk ýok» nakylyna görä raýata gözegçilik etse we sahawaty gorasa, ýurtlar oňa tabyn bolar.

---

[1] Gurhanyň 6-njy süresiniň 152-nji aýaty.

Soň ýene:

— Şuny biliň, eger şalar teselli we göwünlik bermek üçin ilçi ugradýan bolsalar, olar gowşak bolup, gowy kişi görünjek bolýandyr. Oňa ýalan mürewwet diýerler - diýdi.

Soň sag gol we sol gol beglerine we goşunlaryna goşun jemlemek üçin hatlar ugratdy. Az wagtda köp goşun üýşüp geldi. Taýýarlanylan manjanyk, jüpbehana, söweş esbaplary we gabaw serişdeleri jikme-jik hasaba alnyp arz edildi.

Soltan aýtdy:

— Pursaty elden bermek bolmaz. Onuň kibi welaýaty munuň ýaly wagtda elden gidermek akyldan daşdyr.

Döwlet emirleri we ýurt serdarlary patyşanyň ol ýurda azm etmek meýliniň bardygyny anyk görenlerinde, dillerini Soltanyň waspynda bilbilgöýä kylyp, doga we sena etdiler we aýtdylar:

— Biz - gullar, jahan şasynyň ýagty kalbyna gaýyp hazynadan gelýän syrdan habarymyz ýokdur. Ýer ýüzüniň soltanynyň berk pikirini we öňden görüjiligini iň ýokary pelek bilen hem barabar edip, göz öňüne getirmek bolmaz. Eger bu gullar hyzmatkärlik adatyna görä, ýagşylyk niýeti bilen birküç keleme aýdan bolsalar, patyşa örän jomartlyk we rehimdarlyk bilen olaryň günäsini ötsün. Çünki ýöriş etmäge karar edildi. Bu gullar çydamlylyk görkezip, janlaryny pida ederler. Yhlas we jan gaýgyrmazlyk ýolundan bir garyş hem çykmazlar, hiç zady ahmal etmezler we gaýgyrmazlar.

Soltanyň buýrugyna görä Margaş begi Nusrateddine «Soltan köp goşun we esger bilen ol sebitlere barýar. Öňki goşunlaryny we esgerlerini ýaraglandyryp, başga-da azyklary bilen atly we pyýada goşun çagyrsyn. Gabaw serişdelerini, manjanyklar we beýleki jüpbehana ýaraglaryny taýýarlap, häzir bolup dursun» diýip, bir nama ýazdylar. Şu görnüşdäki bir haty Malatyýa we Siwas beglerine hem ýazdylar. Ýene bir haty

bolsa, türkmenleriň atlydan we pyýadadan ýygnalýan adaty meşhur goşunlaryny alyp gelýän üç ok beglerine ýazdy. Şular bilen birlikde, etraplara we sebitlere, sag gol we sol gol beglerine hatlar ýazylyp iberildi.

Ähli goşun uly haýbat bilen Ebelistan sährasyna ugradylar. Ýurduň ülkelerinden çensiz-çaksyz esgerler jemlendi. Soltanyň özi hem bagtyýar saýawany bilen Ebelistan tarapa ugrady. Ol ýere ýetende, umumy uly bezm etmeklerini buýrup, sag gol we sol gol beglerini, ululary we serdarlary, ähli harbylary ýanyna çagyryp iýdirip-içirdi. Her birine her dürli hoşamaýlyklar etdi. Şam şäherlerinden her şäheri bir bege berdim etdi. Olary yhlaslylyga we tarapdarlyga wagyz-ündew etdi. Hemmesi bendelik ýerini öpüp, başlaryny ýere goýdular we hezreti Soltanyň döwletiniň zyýada bolmagy üçin jan-u dilden doga etdiler we aýtdylar:

— Mümkin bolan her bir zady ýerine ýetireris. Jahanyň penakäriniň hemme isleg-arzuwlary Hudaýyň ýardamy bilen aňsat miýesser bolar - diýip umyt edýäris.

Ertesi Soltan seýrana çykdy. Seýrandan dolanyp, nahar iýlip, saçak ýygnalandan soň, hemmesini çagyryp, haýsy ýoldan girmek gerek, ol işleri neneňsi ýerine ýetirmek gerek diýip, olar bilen maslahat etdi.

Ol tarapyň ýerlerini we ýollaryny gowy bilýän bir topar aýtdy:

— Bu tarapda Merzban, Ragban we Talbaşyr ýolundan gowy ýol ýokdur. Ondan Halaba çenli ýoluň esasy bölegi düzdür.

Soltan ol ýoly halady.

## Beýt[1]

Şeýle diýdi, bize mundan başga ýol ýok,
Älemde kelte ýoldan gowusy ýok.

Şeýlelikde, ol tarapa ugramaklyk karar edildi. Emir Aryz[2] Soltanyň hökümi bilen begleriň we serwerleriň ylalaşygy boýunça goşunyň sag golun we sol golun, topun, garawulyn we yzky toparyn belli edip ýazdy. Ony Soltanyň huzuryna getirdiler. Ol begendi we oňlady. Bu işler gutarandan soň, döwlet, sagadat we köp goşun bilen Merzban galasyna ugradylar. Ol ýere ýetip düşlediler. Manjanyklary gurdular. Nagymçylar nagym gazmaga başlap, ýaýçylar ok ýagdyrdylar. Hemmesi yhlas bilen söweşip, şäheri gabadylar. Üç günde gala tabyn bolup, ele salyndy. Soltanyň tuglaryny we sanjaklaryny galanyň üstüne çykardylar. Orunbasar emeldarlar (naýyplar) we kätipler gala girip, ol ýerdäki azyklary, jüpbehanalary we beýleki ýarag esbaplaryny ýazyp aldylar. Saklaw goşunyny şäher häkimini we goraýjylaryny bellediler. Bu işler tamamlandan soňra Soltan bezm gurmaklaryna buýruk berdi. Olar täze ýeňiş üçin aýşy-eşrete başladylar. Bu wagtda Margaş meligi Emir Nusrateddin köp we düzgün-nyzamly goşun bilen Soltanyň huzuryna geldi. Soltan örän begendi we onuň göwnüni awlap, taryplady.

Ondan Ragban galasyna ýöriş etdiler. Galadakylar Soltanyň baýdagynyň lowurdysyndan örän gorkup, ýüreklerine howp we howsala düşdi. Soltanyň buýrugy bilen manjanyklar gurlup, söweşe başladylar. Şeýle bir söweş etdiler welin, Ragban şäheriniň ilatynyň pygany asmana ýetip, janlaryndan

---

[1] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.
[2] Emir Aryz - goşunyň ähli zatlaryny, adam sanlaryny hasaba alýan adam.

gorkusyna aman dilediler. Soltanyň permany bilen aman berdiler. Ähtnamany ýazyp, olara berdiler. Permany okap galanyň ululary we han-begleri galadan çykyp, Soltanyň elini öpmek hormatyna mynasyp boldular. Halatlar geýdiler. Soltanyň sanjagyny gala eltip, diňiň üstünde dikdiler we mübäreklik nagrasyny çaldylar. Soltan ol galanyň hem gerek-ýarak zatlaryny düzedip, şäher häkimligini Emir Nusrateddiniň giýewsine tabşyrdy.

Ondan Talbaşyr galasyna ýöriş etdi. Ol galanyň begi garşylyk görkezmek we olary dep etmek üçin Soltanyň garşysyna çykdy. Soltanyň buýrugyna görä «Soltan jeňine» başladylar. Yzyny üzmän, on günläp gabadylar. Hiç peýda etmedi. Pursat saýyn şäherdäkiler söweşini, lap urmaklaryny we ýaňramalaryny artdyrýardy. Içden-daşdan köp halaýyk gyrylýardy. Soltan bu babatda melul bolup, örän gazaba mündi we buýurdy:

— Jüpbehanadan her esgeriň eline bir palta beriň, daňdandan agşama çenli baglaryny we agaçlaryny çapsynlar.

Esgerler agaçlary paltalap başladylar. Galadakylar agaçlarynyň we bossanlarynyň kesilýändigini görüp, üýşüp, begleriniň ýanyna baryp aýtdylar:

— Biziň pulumyzyň we ýaşaýşymyzyň esasy özeni baglardyr, bakjalarymyzdyr. Rum esgerleri biziň agaçlarymyzy gahar paltasy bilen çapýarlar. Mundan soň maşgalamyzyň ryzky nireden tapylar? Ýagdaý şu hetde ýetdi, eger biz maşgala we perzentlerimiziň aman galmagy üçin galany Soltana tabşyrsak, ylalaşarmysyňyz?!

Begleri aýtdy:

— Maňa biraz pursat, wagt beriň! Men Soltanyň huzuryna adam iberip, ýagdaýy beýan edeýin.

Soň Soltanyň hyzmatyna bir çapar gönderip aýtdy:

— Bu guluň tabynlarynyň durmuş iýmitleri bu galadandy. Soltan bu galany menden alsa, onda bu guluň we tabynlarynyň durmuş güzeranlary ne ýerden bolar? Eger soltanlyk döwletiniň berkliginiň jähti üçin bu ülkede bu gula beýik diwandan bir mülk we emläk belleseler, bu galany bolsa, şoňa derek alsalar, şeýle-de, galadakylara ýeňiji esgerlerden zyýan ýetmese, galany tabynlyk we isleg bilen Soltan gullaryna tabşyralyň.

Bu sözi Soltanyň mübärek gulagyna ýetirenlerinde, şadyman we horram boldy. Hinu welaýatyny oňa mülk we emläk edip berdi. Perman we ähtnama ýazyldy. Gala çaparlary we Soltan ilçileri ähtnama alyp, gala bardylar. Soltanyň olar barada eden mähribanlyklaryny beýan etdiler. Hemmesi rahat we aman bolup, begleri bilen şäherden daşary çykdylar we Soltanyň elini öpmek hormatyna mynasyp boldular. Soltanyň sanjagyny dabara bilen gala eltdiler.

Juma güni hutbany Soltanyň adyna okadylar. Soltan ol ýeriň begligini we goşun başlygyny Emir Nusrateddiniň gardaşyna berdi. Esgerler goragçylar we gözegçiler berdiler.

Malatyýa we Ebelistanyň häkimlerine «Ýarag we azyk üçin iki ýüz araba taýýarlap iberiň, haýal-ýagallyk etmäň» diýlip, perman iberildi. Bu işlerden şähriýaryň köňli rahatlananda, mübärek gulaklaryna «Hezretden bölünip gaýdyp, bu taraplara gelen Zahyreddin Ili Perwana bu ýerde azap çekip, Hak rehmetine gowşupdyr we şu ýerde depn edilipdir» diýip, habar etirdiler. Soltanyň buýrugyna görä, onuň mazaryny gözläp tapdylar. Könlüni ynjaldar ýaly süňklerini gabyrdan çykaryp, odun ýygyp, üstüne goýup otladylar we külüni ýele sowurdylar.

## MELIK EZIZIŇ EJESINIŇ SOLTAN YZZEDDINIŇ ŞAM ÝURDUNA ÝÖRIŞ EDENINI EŞITMEGINIŇ WE ONY DEP ETMÄGE GIRIŞMEGINIŇ BEÝANY

Şam melikleri we häkimleri hemişe gapyl bolman, ähli zatlardan habardar bolýardylar. Mydama älem etraplaryna jansyzlar we habarçylar göndererdiler. Aýratyn hem Rum ýurtlarynda jansyzlary köpdi. Rum welaýatynyň han-beglerini we ynamdarlaryny mal we baýlyk bilen özlerine tarapdar edýärdiler. Olar her ilde, welaýatda we Soltan köşgünde ýüze çykan her bir işi derrew ýazyp, olara iberýärdiler. Soltanyň baýdagy goşun bilen Kaýsaryýyadan Şam ýurduna ýöriş edip, Ebelistan sährasynda düşläp, uly bezm gurup, aýşy-eşret geçirenlerinde, ol ýerde jansyzlar hem bardy. Olar Melikä we onuň orunbasary, ýurdy dolandyrýan Jemaleddin Luwluwa Soltan barada jikme-jik habar berdiler. Olar ol habardan haýran we perişan bolup, olary neneňsi dep edip biljekdiklerini bilmediler. Çünki beýle hadysalar ýüze çykanda, onuň pikirine görä hereket etjek bir serkerdesi we häkimi ýokdy. Şonuň üçin ilkibaşda alaçsyz ýagdaýda galdylar. Ahyry aýtdylar:

— Melikäniň garyndaşy bolan Melik Eşrepden bu uly wakany dep etmegiň çäresini soramaly. Bu babatda ondan ýardam dilemek gerek. Ol näme diýse, şeýle etmek gerek.

Onsoň danalar, akyldarlar we suhangöýler gitmeli ilçileri bellediler. Olar bilen her dürli sowgat-serpaýlar ugradyp, «Rum Soltany ýyldyzlara barabar goşun bilen biziň welaýatymyza girdi. Eger bu ýurt olara miýesser etse, bilýänsiňiz, size dagy aman bermez. Şonuň üçin mundan öň Melik Tahyr tarapyndan Melik Eşrebiň päkize köňlüne ornaşan gazap gubaryny rehmet we şepagat suwy bilen aýryp tämizlemek hem-de bu ýurt serhedinden Rum Soltanyny ýok etmäge çäre tapmak gerek».

Ilçiler Melik Eşrep huzuryna baryp, bu sözleri arz etdiler.

Melik Eşrep bilen Soltanyň arasynda ylalaşyk, dostluk we berk söýgi we yhlas bolmagyna garamazdan, ilçileriň bu sözleri oňa makul göründi. Aýratyn nökerlerinden we esgerlerinden, täze nökerlerden, arap we gypjak we kürt halaýygyndan köp goşun jemläp, Halaba geldi. Gyz dogany Melikäniň ýanyna gelip aýtdy:

— Patyşalar we hanlar emläkdir we hazynany şunuň kibi gün üçin jemleýärler. ***«Ak puly, gara gün üçin saklarlar»***[1] diýenleri. Eger ýüz ýyllyk baýlygy we hazynany bir weýran ýerjagazy saklamak üçin sarp edip, ol ýeriň duşmanyň eline düşmegine ýol bermeýän bolsalar, döwleti jan berip, satyn almak gerekdir. Hazyna ýitgisine seretmeli däl.

Melike gardaşynyň pikiri bilen näçe ýyllardan bäri Şam ulularynyň we melikleriniň näçe tagallalar bilen ýygnan hazynasyny çykaryp, nöker tutup, goşun ýygnady. Olaryň ýarag esbaplaryny tertiplemäge meşgul boldy. Şol arada bolsa Soltan döwletiniň urganyny üzüp, ýaraly jigerindäki dömen başynyň uly ýarasyna bir melhem peýda etdi. Ol şeýledi: Gözläp, Soltanyň ähli begleriniň, ulularynyň we serkerdeleriniň atlaryny we derejelerini bilýän, öňden olar bilen tanyş bir kişini Rumdan tapyp getirdiler. Soradylar. Ählisiniň atlaryny we derejelerini birme-bir beýan etdi. Oňa köp baýlyk berdiler we «maksadymyz miýesser bolup, Rum esgerleri bu ýurtdan çykyp gitseler, ol berlen baýlygyň üstüne ýene-de zat bereris» diýip, berk ant içdiler. Soň ähli beglere: «Begleriň öz ähdi-peýmanlaryny yhlas bilen ýerine ýetirendiklerine «Aperin!» aýdýarys. Bizem ýörişe başladyk. Siz Soltanyň bu wakadan habardar bolup, yzyna dönüp gitmezligi üçin, mümkin bolan ähli ýol bilen ony bu wakadan bihabar galdyrmaga çalşyň. Eger

---

[1] Golýazmada sözme-söz şeýle berlipdir: «Ak akjany gara gün üçin» diýişerler.

Soltan yzyna dönse, ählimiziň eden tagallalarymyz biderek bolar. Begleriň her birine müsüri altynlar, çapuw atlary, her dürli nepis parçalar bir kişi bilen iberildi» - diýlip, ýalan jogap hatlary ýazyldy. Soň bu aýdylan zatlary hem ol kişä berip, oňa aýtdylar:

— Sen öňürti Soltanyň goşunyna bar. Gizlinlik bilen özüňi tanyşlaryňdan biriniň çadyryna okla. Bu sözleri howsala bilen habar ber. Wepadarlyk we tarapdarlyk görkezen bolup, «Men Şam goşunynyň içindedim. Bu ýerdäki begleriň hatlary Şama bardy. Şamdan olaryň her biri üçin köp mal esbap we nepis zatlar getirýärdiler. Pylan ýerde durup, her birine öz wagtynda getirip bermek üçin pursat araýarlar. Eger meniň sözümiň dogrudygyny bilmek isleseňiz, meniň aýdan ýerime baryň, bu aýdan zatlarymy görersiňiz» diýip aýt.

Ol şahs olaryň pirimi bilen özüni hilegärlik toruna çolap, Soltanyň has gullaryndan biriniň ýanyna bardy. Ýagdaýy oňa mälim etdi. Ol gul derrew Soltanyň huzuryna baryp, bu wakany arz etdi. Soltan özüniň ynanýan birküç ynamdaryny ol adam bilen bile şol diýlen ýere gönderdi. Ol adamyň aýdan ýüklerini we hazynalaryny aýdyşy ýaly tapdylar we Soltanyň huzuryna getirdiler. Hatlary bolsa bir möhürli gabyň içinden tapdylar. Soltan bu hatlary okap, melul boldy we gazaba mündi. Günäsiz ýazyksyz gadym beglerine şübhelenip başlady. Soltanyň buýrugyna görä habar getiren adamy hiç kim ol ýagdaýy bilmez ýaly tussag etdiler.

Soltan ertesi Emir Mejlis Mubaryzeddin Bähramşaha dört müň esger bilen garawula gitmegi, Emir Seýfeddin Aýbä hem dört müň esger bilen «eger kömek we ýardam zerur bolsa, medet berersiň» diýip, onuň yzyndan gitmegi buýurdy. Soltanyň özi hem ýarag şaýy kämil dört müň atly bilen olaryň yzyndan ugrady. Galan goşunlara-da «yzymyzdan gelsinler» diýip buýurdy. Emir Mejlis Şam goşunyna ýakyn ýetende,

Siwasyň toparbaşylaryndan ýaşy ýetmişe ýeten, niçe söweşler, urgy-çapgylar gören, jeňlerde zarp urup, zar iýip, baş togalap, ýaralar gören Mahmyt Alp atly bir batyra «Bir depä çykyp, Şam goşunynyň garasyny görüp, hal-ýagdaýyny çaklap gel!» diýip buýurdy.

Mahmyt Alp bir depä çykyp, Şam goşunynyň sanyny we ýagdaýyny anyklap, gözi bilen çaklap, Emir Mejlisiň ýanyna gelip aýtdy:

— Bu dört müň kişi bilen Şam goşunynyň garşysyna barmak akyl we parasatdan däldir. Eger Çaşnygir bege we goşunyň tüpüne «çalt hereket edip, bize birleşiň» diýlip, habar edilse jaýdar bolar.

Emir Mejlis «takdyr we hökmi ezeli öz emrini ýöredip, ulumsylyk ýeli ýeňijiniň we ýeňleniň tekepbirlik edýän aňyndan çyksyn» diýip, pikir edip, köpi gören garrynyň sözüne üns bermedi. Käýinç dilini uzatdy. Onuň buýrugyna görä tutuş goşun atlarynyň çekilerini mäkäm çekdiler we söweşe meýil etdiler. Mahmyt Alp perýat we pygan bilen gygyrdy:

— Eý, hojaýyn, gyssanmaklyk we howlukmaklyk wagty däldir. Uruş we söweş oýun däldir, Çaşnygir bege we Soltana tizräk habar etmek gerek. Olar hem bize goşulandan soň, duşman bilen söweşeliň.

Emir Mejlis bu garrynyň sözüne bakman, sowuk jogaplar berdi. Şeýlelikde, ilkinji hüjümde duşman goşunyny yza çekilmäge mejbur edip, Çaşnygir bege adam gönderip, «Şam goşuny gaçdy» diýip, habar beren bolsa-da, çäresiz ýeňşiň suratyny jebir we muşakgata öwrülen halda gördi.

Hudaýyň emri we takdyry asmany bilen Melik Eşrebiň beglerinden bir beg esgerlerden birini ýesir tutup, Melik Eşrebiň ýanyna eltdi. Ondan «ilkinji urguda munuň ýaly batyrlyk we alplyk görkezen bu bahadyrlar goşunynyň

arasynda Soltan hem barmy ýa-da ýokmy?» diýip soradylar. Jogap berdi:

— Soltan daşdadyr. Bu dört müň atly garawuldyr. Serkerdeleri Emir Mejlisdir. Dört müň atly bilen Çaşnygir dagy bularyň yzyndan gelýändir.

Bu habar Melik Eşrebiň gulagyna ýetende, perýat edip gygyrdy:

— Eý, musulmanlar, ýardam beriň! Munuň ýaly az mukdarly we ýardamçylary uzakda bolan goşundan gaçmaň! Namys we gaýrat bilen dönüp, hüjüm ediň! Haktagalanyň ýardamy bilen bulara gaýtawul berip bileris. «Olary Allatagalanyň idini--rugsady bilen ýeňdiler» permanyny al asman diwanyndan biziň adymyza ýazarlar. Ol goşunyň yzyndan gelýän ýardamçylary bu ýagdaýy görüp, söweşe mejaly galman, göwni çökgün we peýdasyz yzyna dönerler. Eger, Alla görkezmesin, haýal-ýagallyk we sussupeslik etseňiz Rum goşunynyň gahar-gazabyna giriftar bolarsyňyz. Ol wagt siziň uly-kiçiňiziň, beýik-pesiňiziň - hiç kimiň diri galmajagy anykdyr.

Melik Adylyň we Melik Tahyryň nökerleri we gullary bu habary eşidip, öwrülip ýene-de söweşe ýüz urdular. Iki goşun ýel we toz kibi biri-biri bilen garpyşdylar. Iki tarapdan köp goşun heläk boldy. Emir Mejlis bir esgeri Çaşnygir bege garşy «duşman goşuny üstün çykdy, tiz ýetişiň» diýip ugratdy.

Çaşnygir jogap berdi:

— Şu wagta çenli lap urup «duşmanlar ýeňildi we gaçdy» diýip, habar gönderýärdi. Indi kömek isleýärmi? Biz baryp, ýeňiş miýesser bolsa, işi we söweşi eden biz, ýeňiş gazanan ol bolar. Ýeňiş onuň adyna gidip, «Emir Mejlis Şam goşunyny syndyrdy» diýerler.

Şeýle diýip, oňa öňden hem edip ýören bahyllygyndan we göripliginden ýaňa kömege barmady. Şeýlelikde, ýer ýüzüniň

halkynyň rahatlyk we dynç alýan munuň ýaly näzenin ýurduny elden berip, ýer ýüzüniň alymlarynyň we raýatlarynyň Seljuk soltanlarynyň sowgat we serpaýlaryndan gazanjak sansyz haýyr-yhsanlaryny ýoga çykardy. Öňe bir gadam basmady, gaýta özüni yza çekdi. Soltana-da bu ýagdaýy mälim etmedi. Kazaýy asmany we ýazgyt takdyry hökümini ýöredip, duşman üstün çykdy. Köp goşun ýok edilip, köp begler bilen bilelikde Emir Mejlisi hem tussag etdiler. Emir Mejlisi Melik Eşrebiň ýanyna eltenlerinde, ony garşylap, guça-guça görüşdi. Tebipler getirdip, oturdyp, onuň ýaralaryny daňdyrdy. Halat we serpaý geýdirdi. Sahawatly patyşalaryň ýagşy ahlaklarynda endik bolup galan hoşamaýlyklary edip, göwünlikler berdi we aýtdy:

— Başyňyz salamatdyr. Haktagala şükür etmek uly keramatdyr.

Ertesi Melik Eşrep Emir Mejlisi we beýleki tussag bolan begleri Halaba ugratdy. Emir Mejlisi we begleri gala eltdiler. Galan ownuk esgerleri şäherde tussag etdiler. Emma hormat-sylaglaryny we azyk-suwlugyny kem etmeýärdiler.

Melik Eşrep Melikä:

— Emir Mejlis we beýleki Rum beglerine hormat-sylagda we iýgi-içgide kemlik bolmasyn - diýip, habar ýollady.

Melike hem gardaşynyň yşaraty we hökümi bilen Emir Mejlise we bile tussaglykda oturan beglere hormat-sylag edip, iýgi-içgisini kem etmedi.

Garawul, ýagny öňdäki goşunyň ýeňilen habary Soltana ýetende gaty gaharlanyp, gazap ody Jehim dowzahy ýaly alawlady.

Emir Çaşnygire buýurdy:

— Ähli begler we goşun bu gije daň atýança ýatman, ýaraglaryny çözmesinler we atlaryndan düşmesinler. Daňdan näme maslahat bolsa, şol boýunça hereket ediler.

Ertesi Melik Eşrep arap goşunlaryndan iki müň atla «Öňe gidip, Soltanyň ýöriş ýa-da yza çekiliş niýetlerinden habar bilip gel» diýip buýurdy. Bular gelip, Soltanyň bargähiniň gurulgy durandygyny, emma goşunyň ýaraglanyp, sap çekip durandygyny, Soltanyň baýdagynyň nowbahar agaçlary ýaly ýele pasyrdaýandygyny gördüler. Atlaryň kişňemesi, adamlaryň sesleri, gürrüňleri we ýaňy asmanyň mawy gümmezine ýetýärdi. Araplar bu ýagdaýy görüp, yzrak çekildiler.

Soltan gaharyndan ýaňa gazap bilen beglere aýtdy:

— Eý, kapyr nygmatlar! Eger bir beg betbagtlyga duçar bolan hem bolsa, entek goşunyň köpüsi, Soltan we bagtyýar saýawan bardyr. Näme gördüňiz, näme üçin ugradyňyz?!

Begler Soltandan bu zäherli käýinji eşidip, joşan sil kibi hemle edip, araplara tarap akdylar. Araplary gylyçdan geçirip, ýer ýüzüni olaryň ganlaryndan lälezar etdiler. Araplaryň gylyçdan gutulanlary gaçmaga ýüz urdular.

Baryp, ýagdaýy Melik Eşrebiň huzurynda beýan etdiler. Ol dagy saplar düzedip, goşunyna hoşamaýlyklar edip, ruhlaryny göterdi we duran ýerinde gaýym berkleşdi we aýtdy:

— Öňe gitmek gowy däldir. Eger gelseler, başardygymyzdan berk duralyň. Eger dolansalar, onda has gowy.

Seljuklar Soltanyň buýrugyna görä çadyrlary we bargähi galdyryp, öňde dikdiler. Ýene arap goşunynyň garawullary göründi. Bular dagy öňküleri ýaly hemle kylyp, olary çapawulladylar. Olar yza dönüp gaçdylar. Baryp, Melik Eşrebe «Bu gün Soltan çadyrlaryny iki gezek söküp, iki gezek dikdirdi» diýip, habar berdiler. Aýtdy:

— Meger, Soltan uruş we söweşe meýil edip, begleri oňa garşy bolýan bolsa gerek.

Agşam düşdi. Soltan goşuny we bargähi goýup, özi birazrak yza gidip, ol ýerde ornaşdy. Goşun we begler daňdana çenli ol ýerde ýaragly durup, bargähi goraýardylar.

Ertesi Soltan ol ýerden Ebelistana ugrady. Melik Eşrebe Soltanyň dolanandygy mälim bolanda, ol hem dönüp, Halaba gaýtdy. Soltanyň Ebelistana barandygy takyk bolanda, goşunyny ýygyp, Talbaşyr, Ragban we Merzban galalaryna bardy. Ol ýerdäki Soltanyň bellän şäher häkimini we esgerlerini gabawa saldy. Soň olary her hili wadalar we haýbatlar bilen gorkuzyp, hoş wadalar we datly sözler bilen galalardan çykardy hem-de özi täze goragçylar goýdy. Bu işleri bir ýüzli edenden soň, Soltanyň bellän häkimlerini we goragçylaryny sylag-hormat bilen Ruma gönderdi. Özi dönüp, Halaba bardy. Ol ýerde Emir Mejlise we tussagdaky beýleki beglere-de halatdyr serpaýlar, at we don berip, hezzet-hormat bilen Soltanyň hyzmatyna ýollady. Özi Dymşyk tarapa ýola rowana boldy.

Soltan Ebelistana baryp, birküç gün ol ýerde ornaşdy. Nusrateddiniň gardaşy we giýewsi Ragban we Talbaşyr galalaryny Melik Eşrebe berip, Soltanyň hyzmatyna geldi. Soltan şol öňki aýdylan hatlaryň jogabyndan gaty gaharlydy. Garawul goşunyň ýeňlen wakasyndan soň örän melul bolup, her pursat beglere käýinýärdi, gazap bilen sözleýärdi.

«Galalary goramaga bellenilen goşun galalary tabşyryp geldiler» diýen habary eşidende, belli-külli özgerip, gazap ody alawlady. Onuň gazaply buýrugyna görä Nusrateddiniň giýewisin we gardaşyny derrew dar agajyndan asdylar. Begleriň ulusyndan-kiçisinden hiç biriniň bir söz aýtmaga bogny ysmaýardy.

Ertesi höküm etdi:

— Ähli begler we serdarlar bargähe gelsin!

Bu ýitginiň we zyýanyň öwezini dolmak we çäresini tapmak üçin maslahat bolar. Soltanyň hyzmatyndaky aýratyn esgerlere, ýigitlere we gullara gizlinlik bilen aýtdylar:

— Ýarag şaýyňyz tutulgy bolsun. Begleriň hemmesi bargähe girenlerinde, çar-töwerege halka aýlap duruň. Hiç bir jandara içeri girmäge we daşary çykmaga ýol bermäň. Özüňiz hem içerden näme perman berilse, derrew ony ýerine ýetirmäge taýýar duruň.

Begleriň hemmesi bargähe girenlerinde aýratyn esgerler daşarda ýaraglary bilen halka ýasap durdular. Käbiri naýza tutup, käbirleriniň elinde ýalaw gylyçlar, käbirleriniň billerinde çokmak permana häzir bolup, halka ýasap durdular. Soltan ol jogapnamalary kätipden alyp, her biriniň hatyny öňli-öňüne oklady. Okanlaryndan soňra ol bigünä biçäreleriň her biri ol waka haýran we serasyma galdylar. «"Eý, päk Perwerdigär, bu uly töhmet»[1] aýatyny okadylar. Ol haty inkär edip, ýer-gök götermez antlar içdiler. Ol töhmetiň şermisarlygyndan şahyrlara bu beýtleri düzdürip okadylar. Terjimesi budur:

## Kytga

Hakyň haky ki şahynşah misli jany üçin,
Ki tagty dilde oňa bardyr hemişe mekan.

Gulakdan galp ilçi, garawul gözden,
We zir guşdan etdi, wekil baby zyban.

Resul üçin ki semasaýa parky[2] üzre onuň,
Ki najy[3] goýdy Iläh-u güwädir Gurhan.

---

[1] Gurhanyň 24-nji süresiniň 16-njy aýaty.
[2] Parky – depesi, başy.
[3] Najy – halas ediji.

Aly şujagaty, Syddyk rastlygy haky,
Omar mahabaty-ýu şermi suraty Osman.

Berezmi[1] Rüstemi Dessan, bebezmi Keýhysrow,
Bejudy[2] Hatam Taýy-ýu adly Nowşirwan.

Dowam döwletiň üçin ki müstedam[3] olsun,
Mydam nygmatyň üçin heni[4]-ýu jawydan.

— Biz gullaryň bu sözlerden habarymyz ýokdur. Gijede-gündizde hiç bir wagt bu pikir biziň göwnümize-de gelmändi. Bu wakada we töhmetde biz Ýusup Syddykdan mazlumrak we «ony iýdi» diýlip, töhmet edilen gurtdan beterräkdiris (päkdiris). Şahy jahan kezzaplaryň sözüne üns bermesin. Bahyllaryň we töhmetçileriň sözi bilen biz biçärelere ölüm buýurmasyn. Niçe ýyllyk ata-babadan gelýän bende we bendezadalar hukugynyň, berk delilini we aýdyňlygyny jebir we temmä öwürmesin. Bu zulumyň zyýany Soltan döwletiniň beýleki gullarynyň göwünlerine hem bimarlyk getirip, bu kasasyň adalat eli patyşanyň bezegli etegine we açyk ýakasyna ýapyşaýmasyn.

Ol misginler her näçe zary-efgan kylyp, ýalbarsalar-da netije bermedi. Soltanyň buýrugyna görä ählisiniň ellerini we aýaklaryny baglap, bir öýüň içine dykdylar. Onuň daşyna köp odun üýşürip otladylar. Şeýle bir ot ýandy welin, Nemrudyň ody kibi ýalynlary al-asmana ýetdi. Ol biçäre günäsiz begler ol öýüň içinde gyzyl ot bolup, ýanmaga başladylar. Haýsysy

[1] Rezm – söweş; berezmi - söweş üçin, söweşiň hormatyna..
[2] Bejudy – sahawaty üçin.
[3] Müstedam – dowamly.
[4] Heni – tagamly, lezzetli.

bagyndan boşap, öýüň deşiginden ýa sümelgesinden gaçyp, daşary çyksalar, zalymlar jan alyjy [jellat] kibi syryklar bilen ite-ite ot içine taşlardylar. Hemmesi ýanyp, tütünleri al-asmana ýetdi. Ol syýasatyň odundan jigerler kebap we gözler pürab[1] boldy. Hiç kime şepagat etmäge mejal tapylmady. Soltanyň gahar-gazaby ol syýasat bilen ýerine ýetirildi. Ol gije älemi gaýypdan ol ýaman pyglyň we erbet işiň ýerliksizdigi mälim boldy, ýagny düýşünde oňa köp melamat etdiler. Soltan ol düýşden örän gorkdy we howsala birle oýanyp, eden işine perişan we puşman bolup aýdýardy:

— Ol begler meniň tarapymda we hyzmatymda gün geçirip, her möhüm söweşlerde we jeňlerde jan bilen söweşerdiler. Örän akmaklygymdan we nadanlygymdan olary heläk edip, elden giderdim.

**Beýt[2]**

Jam elden gitdi we bulgur döwüldi,
Lebiňi dişlemekden we eliňi owkalamakdan
näme peýda bar?

Soň galan beglere:

— Näme üçin ol wagt maňa nesihat edip, gazabym oduny haýyş we şepagat sili bilen söndürmediňiz? - diýip jibrindi.

Olar ötünçler diläp, ol ýagdaýy takdyr we kazaýy asmany bilen düşündirdiler. Ol gorky we wehimden Soltan inçekesel bilen keselläp, horlanyp ugrady. Etraplardan ökde tebipler getirdiler. Hemmesi ol kesele em edip bilmediler. Aýtdylar:

---

[1] Pürap – gan ýaşdan doly.
[2] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.

— Siwasyň suwy Soltanyň mübärek durkuna we bu kesele muwapyk däldir.

Ýaran şähere baryp, onda öý düzetdiler. Malatyýadan Fyrat suwy Soltanyň şeraphanasyna her gün elden-ele geçip gelerdi. Emma peýda bolmady. Ol päsgel bilen pany jahandan belli-külli ýüz öwrüp, dirilikden umydy üzüldi. Ol näumytlyk wagtynda köňül gözgüsinden dürri şahwar kibi bu iki beýdi düzdi we aby zülal kibi lowurdatdy.

**Beýt**

Biz jahany ki terk edip gitdik,
Renjini dilde berk edip gitdik.

Şimdiden[1] giru nobat erdi size,
Nete kim owwal ermişdi bize.

Buýrugyna görä bu goşgyny Siwasda öz mübärek döwründe bina edilen aramgähiniň gapysynda oýup, ýazgy etdiler.

Ondan son doga okaý-okaý, jahandan göç edip, jennete göterildi. Bu dünýäni terk edip, ol dünýäni ygtyýar etdi. Haktagala onuň ýagşylyklaryny kabul edip, erbet işlerini ýok eder diýip umyt edilýär. Çünki dünýäni apatdan aman edipdi. Sahawatly häsiýeti azar bermekden azat bolup, hiç kim onuň şirin agzyndan ajy söz eşitmändi. «Allatagala günäleri ýalkaýjy, aýplary örtüjidir».

Ondan soňra ony Soltan Alaeddin tagta geçenden soň, Siwasda özüniň bina etdiren türbetinde depn edip, jennete

[1] Giru – indi, ýene.

tabşyrdylar. Garaňky göri onuň mübärek göwresi bilen nurlandyrdylar we atyrlandyrdylar.

Kamu nik-u bet[1] häk[2] üçin dogmuşyz,
Degül ol ki efläk[3] üçin dogmuşyz.

Eger tagt buldug-u ger täj-u genç,
Niçe-niçe ýeldik çekip derd-u renç.

Serenjam[4] ahyrda toprag-u hyşt[5] -
Nete ki owwal onuň le bolduk sereşt[6].

Eger saly[7] sed[8] ola ger şast-u penç[9] -
Bir oldy çün äkeldi dert ile renç.

## DÖWLET EMIRLERINIŇ WE ÝURT EMELDARLARYNYŇ HÖKMÜROWANLYK WE SOLTANLYK UÝANYNY PARASATLY ELE TABŞYRMAK ÜÇIN ŞAZADALARDAN BIR MELIGI YGTYÝAR ETMEK BARADAKY EDEN MASLAHATLARYNYŇ BEÝANY

Soltan Yzzeddin bu dünýäden ötenden soň, begler we ulular - Emir Seýfeddin Aýbe Çaşnygir, Şerefeddin Muhammet

---

[1] Kamu nik-u bet – ähli gowular we erbetler.
[2] Häk – toprak.
[3] Efläk – pelekler, asmanlar.
[4] Serenjam – ahyrsoňy, ahyry.
[5] Hyşt – kerpiç.
[6] Sereşt – häsiýet, boluş.
[7] Sal – ýyl.
[8] Sed  (set) – ýüz.
[9] Şast-u penç – altmyş bäş.

Perwana, Emir Mubaryzeddin Çawly, Mubaryzeddin Bähramşa, Emir Mejlis, Zeýneddin Beşara we Emir Ahyr dagy Soltanyň ölümini gizlediler we Sahyp Mejdeddin Abu Bekr, kätipleriň şasy Nureddin Hamza ibn el Müeýýit et Tugraýy Nyzameddin Ahmet we Sahyp Şemseddin Yspyhany bilen maslahat etdiler. Bulardan soňky dört şahs has meşhur alymlardy. Sahyp Mejdeddin Abu Bekr jahan alymlarynyň gaýmagydy, döwrüniň akyldarlarynyň daýanjydy. Eger geçen wezirlere pany äleme dolanmak miýesser edenliginde Asyf[1] onuň dogry garaýýyşlaryndan utanyp, utanç perdesi bilen ýüzüne nikap çekip, haýran galardy. Parasat eýesi Ysmaýyl onuň parasat aýasyndan ogşardy. Nazmy (şygry) dilrubalar zülpi we dendany kibi müşk ysly, düzüm-düzüm we näzik, kyssasy taýsyz hüýr we Ülker ýyldyzy ýaly ýeke, zer çaýylan owadan haty Gandahar gözelleriniň zülpi kibi müşki-anbar we düzüm-düzüm. Dür seçýän sözlerinden beýan edilýän her bir many, onuň nepisligi jahanyň alymlaryny we döwrüň akyldarlaryny haýrana goýýardy. Çeper beýtlerinden emele gelýän her bir nepislik öňki-soňky şahyrlarda görübilmezçilik döredýärdi. Ýazan meşhur dubeýtlerinden biri budur.

### Beýt[2]

Älemiň bendinde kime azatlyk ýeter,
Äkitdiler, şatlygyň näme ady bar.

But seniň bilen göterildi, sen goýduň –
Wepa ýörelgesi we adalatlyk kadasyny.

---

[1] Asyf - Süleýman pygamberiň weziri. Ol örän akyldar we parasatly wezir bolupdyr.
[2] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.

Kätipleriň şasy Nureddin Hamza ibn el Müeýýit et Tugraýy hatdatlykda, çalt ýazmakda, ýokary hilli, akgynly sözlem düzmekde, kämil ýazmakda, çeperçilikde, goşgy düzmekde, kyssa ýazmakda soňky çäge ýetipdi. Ylmy beýanatlaryň inçeliklerine, manylardan dogry baş çykarmakda ussat bolupdy. Namalar ýazmakda, gürlemekde we beýan etmekde dokuzynjy pelekden hem aşypdy. Älem kätipleri, adam oglunyň suhangöýleri we jahan alymlary onuň namalyrynyň akgynlygyny we şirinliligini ykrar edipdiler. Onuň waspynda şeýle aýdýardylar.

### Beýt[1]

Eý, kätipleriň üstünde seniň derejäň şadyr,
Pelek kätibi berdi bu söze güwälik.

Maslahatçy galamyň togtan däldir,
Betbagtlyk çapary entek sözüniň çeperçiligini gören däldir.

Onuň näzik tebigatyndan emele gelen, Eflatunda makullama we görübilmezçilik döredýän, çarhyň mawy parçaly bossanynyň gülzaryna sapak berýän birki beýdini ýazýarys. Gop, täzelik döredýänler we zehin eýeleri üçin onuň tebigatyny we zehinini aňmaga delil bolsun. Terjimesi budur.

### Rubagy

Gül dürji zümerredin ki açmyş bu gün,
Zerrin tabak lagl ile saçmyş bu gün,

---

[1] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.

Ger şahy ryýahyn[1] degüldir güli surh[2],
Sed[3] bergle[4] ruh ne ýüzden açmyş bu gün.

Beýikleriň serdary, alymlaryň we ulularyň hökümdary, şirin we akgynly söz ýazyjylaryň hökümdary Nyzameddin Ahmet Mahmyt weziriň ogludy. Söz hökümdarlarynyň Soltany Firdöwsi Tusydan soňra ondan ökderäk söz düzýän ýokdy diýlip ykrar edilýärdi. Nermi-näzik tebigatyndan we göni zehininden şygra geçirilen sap arassa luwluw kibi sowal-jogaply rubagysyny, onuň nepis tebigatyna delil bolar ýaly getirýäris.

**Beýt[5]**

Aýtdym: «Seniň zülpüň gamyny indi çekip biljek däl,
Seniň müşgüňden mundan artyk jiger iýip biljek däl».

Aýtdy: «Meniň lebdir gözümiň gamyny hem iýme,
Ahyr, hemme badamdyr şeker iýip bilmeýärä».

Sahyp Şemseddin Yspyhany ol döwürde Soltan hezretiniň has kätibi, söhbetdeşi, göwündeşi, hylwat we şatlyk mejlisiniň syrdaşydy. Hormat we sahawat nazary bilen bakylyp, Soltanyň golaýynda derejelenipdi. Onuň Soltana golaýlaşmak mertebesiniň we derejeleriniň zyýada bolmagyna bir waka has-da sebäp bolupdy. Bir wagt Soltan Yzzeddin Kaýsaryýadan Aksaraýa ugranda, Sünnetlu düşelgesindäki Surahan

[1] Ryýahyn – reýhanlar.
[2] Surh – gyzyl, gyrmyzy.
[3] Sed  (set) – ýüz.
[4] Berg – ýaprak.
[5] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.

mähellesine ýetdi. Ol obada şady-horramlyk mejlisini gurup, şatlyk bulgurlary aýlanyp başlady. Soltan synamak üçin söhbetdeşlerine:

— Her biriňiz oýlanmazdan, iki beýt şygyr düzüň! Bu iki ýeriň adyny bolsa şol iki beýtde getiriň, ýagny bu iki düşelgäniň öwgüli adyny goşguda eşidip, şadyýanlygymyz zyýada bolar ýaly şirin şygyr düzüň - diýdi.

Şonda Sahyp Şemseddin bu iki beýdi pikirlenmezden, bir zarbada düzdi.

## Rubagy[1]

Olsun bege bu gije seniňle eý jan,
Bir hal ki lutfy şerhine olmaýa emkan.
Ýüz-ýüze-ýu leb-lebe oryban urýan,
Sünnetlule hasse dola Surahan.

Soltan «Aperin!» diýip, serpaý buýurdy. Onuň ajaýyp şirin we oýlanmazdan, çalt düzüp bilşini öwüp, mertebesini özüne ýakynlaşdyrmak arkaly zyýada etdi. Kätipliginiň üstüne aşhana ýazgylaryny alyp barýan müşreflik derejesini hem berdi. Şol günden ömrüniň ahyryna çenli gün-günden beýik mertebelere we derejelere eýe boldy.

Şeýlelikde, bu serkerdeler we alymlar maslahat etdiler. Gurultaý gurup, sag gol we sol gol begleri üýşüp: «Ýurt tagtyna we soltanlyk täjine kimi saýlamaly, şa Kowus ýerine seljukylardan haýsysyny raýat eýesi etmeli» diýşip geňeşdiler. Bir topary Arzurumyň patyşasy Togrulşanyň ogly adyl we raýaty söýüji Melik Mugyseddine meýil etdiler. Bir topary Koýly galasynda tussaglykda oturan Soltanyň gardaşy,

[1] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.

Keýhysrowyň ogly Keýferiduny saýlamaga meýil etdiler. Emir Mubaryzeddin Bähramşa, Emir Mejlis we Emir Seýfeddin Aýbe dagy bir tarap boldular. Olar begler-begidiler. Berim we yhsan bilen ähli begleri we boý daşlaryny özlerine ýürekdeş edipdiler. Her gün aşhanalarynda ýüz baş goýun harç edilýärdi. Ylaýta-da Emir Seýfeddin Aýbe has meşhurdy. Onuň mejlis we saçagynyň gap-gaçlarynyň hemmesi göwher bilen bezelen we altyn-kümüşdi. Uly çykdajyly iýgi-içgileri we berimleri sarp ederdi. Onuň ýönekeý şahyrlara we zyýaratçylara berýän engamy müň altyndan az bolmazdy. Onuň geň-täsin hekaýatlaryndan biri budur. Bir wagt gyş gazaply gelip, doňaklyk we sowuk bolupdyr. Agyzdan çykýan howa çykan badyna murtda we sakgalda doňupdyr. Bir gün ol saçak ýazdyranda saçagyň üstünde käkilik kebabynyň ýokdugyny görüp, saçak emirini çagyryp, örän gaharlanypdyr. Saçak emir jogap beripdir:

— Awçylar gardan we sowukdan gorkup, awa çykmadylar.

Buýurdy:

— Şäher awçylaryndan käkilik gözle, gyssan, saçagy käkiliksiz goýma. Bolmasa seni ýaman ederin.

Saçak emir we aşhana müşrefi Melikil Umara gorkusyndan her käkiligi şäher awçylaryndan elli-altmyş pula alyp, saçagy bezäpdirler.

Şeýlelikde, Emir Mubaryzeddin Bähramşa, Emir Mejlis, Emir Seýfeddin Aýbe we birnäçe begler aýtdylar:

— Täç we tagta Soltanyň ortanjy gardaşy Melik Alaeddinden başga hiç bir laýyk adam ýokdur. Patyşalyk nurlary we beýiklik alamatlary onuň ýüzünde lowurdaýar. Patyşalyga ondan laýyk adam tapylmaz.

Sahyp Mejdeddin we Şerefeddin Muhammet Perwana dagy aýtdylar:

— Biz Tokat şäherinde onuň hyzmatynda bolduk. Ol ulumsy, tekepbir we bahyldyr.

Mubaryzeddin Bähramşa, Emir Mejlis we begler-begi Şerefeddin Aýbe Çaşnygir olaryň pikirlerine üns bermediler we gardaşlarynyň delillerini hasaba alman inkär edip aýtdylar:

— Alaeddin Keýkubatdan gowusyny tapyp bolmaz.

Boýun sunýan ýa-da ylalaşmaýan beýleki begler hem ahyry oňa tarapdar bolup, Melik Alaeddiniň soltan bolmagyna razy boldular we biri-birleri bilen ähdi-peýman baglaşdylar. Hemmeler agzybirlik bilen ylalaşanlaryndan soň begler-begi Seýfeddin Aýbe aýtdy:

— Men meligi Enguryýadan Malatyýa tarapa äkidýärkäm, men tarapdan onuň mübärek göwnüne kine gubary ornaşypdy. Rugsat beriň, özüm baryp, ondan aman diläýin we ýolda yhlas bilen hyzmat edip, köňlüne gireýin[1].

Hemmesi aýtdylar:

— Dogry we ajaýyp pikir.

Soň ol soltanyň ýüzügini we elýaglygyny nyşan üçin alyp, birküç ýükçi we tiz ýorga atdyr-gatyrlary saýlap aldy. Soltanyň aýratyn adamlaryndan doly ynamlary we sylaglary bar bolan birküç adam bilen Malatyýa tarapa Soltanyň ikinji gezekki tussaglykda ýaşaýan ýeri bolan Güzerpirt galasyna ýöneldiler. Ikindin şäherden çykyp, gije daňdana çenli ýörediler. Gün dogan wagty Güzerpirt galasyna ýetişdiler. Melik Alaeddin namazyny okapdy. Häzir bolsa, namazlygynyň üstünde endik eden dogalaryny okap otyrdy. Seretse, depäniň üstünde bir bölek atly, atlaryny ýortduryp, çaltlyk bilen gelýärdiler.

Soltan gije düýş görüpdi, ýagny bir ruhany keşpli, nazarkerde we nurana garry gelip, Soltanyň aýagyndan demiri-gandaly aýyrýar. Onuň buýrugyna görä bir eýerli we uýanly

---

[1] Bu ýerde gürrüň öň ony tussag edilýän şäherine alyp gidendigi barada aýdýar.

uly gatyr getirdiler. Ol elini Soltanyň goltugyna urup, ony gatyra mündürýär. Soň Soltana göwünlikler we hoşamaýlyklar berip, aýdýar:

— Hemişe Omar Muhammet Sehrwerdiniň hümmet we muhabbeti şähriýar Alaeddin Keýkubat bilendir.

Soltan ol düýşi görüp, nurly kalbynda onuň ýorgudyny kylan hem bolsa, ol atlylary görende gorky we howp ýüregine howsala salyp:

— Bular gyssanmaçlyk bilen meniň ömür tanapymy kesmek üçin gelýärler. Gije gören düýşüm şeýtany we ters ýorgutly bolmaly! – diýip, ömründen umyt üzüp, dirilik bilen hoşlaşyp, aglamaga başlady we bu beýtleri okady.

Älem meni ki hazyn[1]-u girýan boldy[2],
Her şady donundan teni urýan[3] boldy.

Her şamy melalat[4] meni gamgyn gördi,
Her subhy beşaşat[5] meni girýan boldy.

Soňra:

— Wa hasrat-a wa-derd-a - diýip, galanyň häkimine aýtdy:

— Şol gelen adamlary bir pursat galanyň derwezesinde egle. Täzeden täret kylyp, ömrüm we diriligim bilen hoşlaşmak üçin iki rekagat namaz okaýyn we Perwerdigärden ýalkamagy üçin uzurlar diläýin. Ondan soň olara rugsat beriň. Girsinler we işlerini bitirsinler.

---

[1] Hazyn – gaýgyly, gussaly.
[2] Boldy (buldy) - tapdy, tanady, gördi manylarynda gelýär.
[3] Urýan – ýalaňaç, çyplak.
[4] Melalat – 1) bizar bolma; 2) gam-gussa.
[5] Beşaşat – güler şüzli, ter, täze.

Kütwal-şäher häkimi derwezä gelip, Çaşnygiri göreninde sorady:

— Begler-begi ne habar üçin geldi. Ol jogap berdi:

**Beýt**

Ol wada ki takdyr diýdi erdi wepaýa,
Ol iş ki eýýam dilärdi ileri geldi.

— Meligiň betbagtçylygy we jebirleri tamamlanyp, döwlet we şatlyk patasyna öwrüldi. Galan ýagdaýlary oturan wagtymyzda beýan ederis - diýip, Soltanyň ýüzügini we elýaglygyny häkime görkezdi.

Häkim dagy gelip, gapyny açdy we begler-begine bir sany guly bilen gala girmäge rugsat berdi. Begler-begi gala girip, gylyjyn çözüp, häkime tabşyrdy. Ikisi bile Soltanyň ýanyna bardylar. Ilki häkim içeri girip, Soltana teselli we göwünlik berdi. Begler-begi Seýfeddiniň girmegi üçin rugsat diledi. Rugsat berdi. Içeri girdi. Nazary Soltanyň mübärek keşbine düşende kiçilik ýüzüni harlyk ýerine goýdy. Gözlerinden ýaş rowan edip, goltugyndan kepenin çykardy. Ony boýnuna dolap, häkime beren gylyjyny alyp, Soltanyň öňünde goýdy we aýtdy:

— Patyşa bu bende babatda her näme höküm buýursa ýerliklidir.

**Beýt**

Ger kanygsyň oňa ki ganymy döke sen,
Olsun halal tapyňa tähir kylmagyl.

Melik örän gorkup, jany bokurdagyna gelipdi. Bu sözleri eşidip, biraz umytlandy. Emir Seýfeddine mähribanlyk edip,

ötünjini kabul etdi. Gowy wadalar berdi. Emir Seýfeddin aýtdy:

— Eger patyşa bu sözi çyny bilen diýip, bize enaýat etjek bolsa, bu barada ant içip, mübärek hat ýazyp bersin.

Melik onuň haýyşyna görä ant içip, ähtnamany we aman beriş hatyny öz eli bilen ýazdy. Emir Seýfeddin onuň bilenem teselli tapman, gylyjy gynyndan çykardy we Soltanyň öňünde goýup aýtdy:

— Ant içilip mübärek hat ýazylanam bolsa, muny has-da berkitmek üçin Soltan Taňry kitabyndan hem ant içmegi kyn görmesin.

Melik ýene-de elini gylyja urup, «begler-begi Seýfeddine ajal ýetişýänçä menden, meniň tabynlarymdan we toparymdan begler-beginiň janyna, tenine, malyna we dowaryna asla we hiç weç bilen zyýan we zelel ýetmez. Mydama aman we salamatlyk saýasynda bolup, oňa hiç bir nähak iş edilmez. Aýdanlaryma Alla şaýat bolsun» - diýip, ant içdi. Begler-begi ol äht bilen umytlanyp, göwni ynjaldy. Soltana doga we sena kylyp aýtdy:

— Soltany älemiň we adam oglullarynyň şasynyň ömri uzap, emrleri hökümli bolup, köp ýyllap dowam etsin. Gardaşyňyzyň ruhy toprak ülkesinden pelekleriň ýokarsyna ýönelip, Adn jennetine göç etdi. Howzy köwser we Selsebiliň goňşuçylygynda mekan tutdy. Ýurt-da we soltanlyga bendelik we hyzmatkärligi gowuşdyryp, asman dergähinden we melekleriň bargähinden «Sen bu gün biziň dergähimizde mertebeli, ynançly kişisiň»[1] aýatyna laýyklykda, tagty, möhüri we patyşalygy bagt we sagadat bilen soltany älem hyzmatyna ygtyýar etmeklik döwlet emeldarlaryny we soltanlygyň ululary tarapyndan maňa ynanyldy. Hemmeler bagtyýarlygy bilen

[1] Gurhanyň 12-nji süresiniň 54-nji aýaty.

älemi bezeýän, täleýi şatlyk saçýan älemiň ýeke-täk şasyna muştakdyr. Haýyş we doga bilen hezreti Züljelaldan jemaly mübärek we täleýi bagtyýar bolan ýer ýüzüniň şasyny - seni dileýärler we arza kylýarlar.

**Beýt**

Wejhiniň[1] arzuwsyla eý nowbahar çeşm[2],
Ýol üzre hetden aşdy çoh intizar çeşm.

Patyşanyň başymyzy belende göterýän kereminden we bendelere mähremlik edýän kämilliginden «tizräk mübärek aýagyn üzeňňä goýup, ata münmegini, bile gidip bagtyýarlyk, döwlet we soltanlyk tagtyna zynat we bezeg bermegini, gitmekde çaltlyk we tizlik görkezmegini towakga edýäris.

Soltan parasat we çen bilen munuň şeýledigini takyklap, ynam peýda bolanyndan soň dogalar okap, şükranasy üçin iki rekagat namaz okady. Soň Aýyň bulutdan, gylyjyň gyndan çykyşy kibi zyndanhanadan eýwana, daşky öýlere garşy ugrady. Emir Mejlisiň Ogulbeg atly at emiri ýyldyrym deý, güýçli we tiz ýöreýän, düýşünde gören şekilindäki bir gatyry onuň öňüne getirdi. Emir Seýfeddin «münüň» diýip, elini şähriýaryň goltugyna urup galdyrdy we pazly Ilähi bilen oňa mündürdi. Soltany älem gatyra münüp, ýola düşdi. Çalt sürüp, ýollar aşyp we menziller söküp, säher wagtynda şäheriň derwezesine ýetdiler.

Emir Mejlis gije tä daňdana çenli atyna münüp, galanyň içinde gezim edýärdi. Soltanyň sagdygy barada habarlar berip, halkyň göwnüni awlaýardy. Hiç kimiň Soltan Yzzeddiniň

[1] Wejh – ýüz, ýüz keşp.
[2] Çeşm – göz, göreç.

wepat bolandygyndan we Soltan Alaeddini getirendiklerinden habary ýokdy. Emir Mejlis ol gije elli sany nökerini ýaraglandyryp, «at emiri Ogulbeg gelip çagyrsa, maňa habar ediň» diýip, şäher derwezesiniň ýanynda goýupdy. Ogulbeg derwezä gelip çagyrdy. Emir Mejlise habary etirdiler. Öýünden çykyp, ylgaý-ylgaý geldi we derwezäni açdy. Emir Mejlis Soltany görenden ýer öpüp, soň aýagyny öpdi. Emir Mejlis we Çaşnygir Soltanyň hyzmatynda onuň gardaşynyň tabydynyň ýanyna bardylar. Tabydyň gapagyny açdylar. Soltan gardaşynyň ýüzün gördi. Zyýaratdan dolananlaryndan soň bagtyýar täleý we Taňrynyň joşan ykbaly bilen soltanlyk tagtyna oturtdylar. Kazy we ymamlardan, uludyr-kiçilerden Soltanyň dergähine häzir etdiler. Bu ýagdaý her kime mälim edilmändi. Soltan tagt üstünde ornaşandan soň ýaraglylar we janpenalar ýerli-ýerine bardylar. Emir Seýfeddin Soltanyň huzuryndan daşary dälize çykdy we aýtdy:

— Ymamlara we ululara mälim bolsun, Soltan Yzzeddin Keýkowus Hak rehmetine gowuşdy. Gardaşy beýik Soltan Alaeddin Keýkubat bagt paýlaýjy nury bilen jahany nurlandyrdy we bezedi.

Ondan soňra onuň görkezmesine görä köşgüň perdesini galdyrdylar. Ähli ymamlar, begler we ulular içeri girip, hyzmat ýerin öpüp, doga we sena kyldylar. Emir Mejlis her biriniň elinden tutup, Soltanyň hyzmatyna eltip salamlaşdyrdy. Bu möhüm iş birýüzli bolandan soň köşk metjidine baryp, Soltan Allaeddiniň adyna kazynyň aýdanlaryny gaýpalap aýtmak bilen berk ant içdiler. Merhum soltany ýola ugratmak wagty gelip ýetdi. Soltan ýas däbi bilen ak atlas geýdi. Begler başlaryna gyşyk (ýapyrylyp duran) börükler geýip, geýimleriniň üstünden ak ýapynjalar çekdiler. Üç güni ýas dessuryna görä agy, gynanç we matam bilen ötürdiler. Dördülenji gün Soltan ýas lybasyny şadyýanlyga we bulgura öwürdi. Begler we

ululara mertebelerine we derejelerine görä köp gymmatbaha halatlar berip, derejeleriniň we mertebeleriniň permanyny täzeden berdi. Her etrapa we şähere teselli we göwünlik bermek üçin habarçylar iberdiler. Teselli bermek kadalaryny ýerine ýetirenlerinden soňra olaryň göwünlerinde we aňlarynda Keýkubada tarapdar bolmaklyk pikirleri mäkäm ornaşdyryldy, ony berk äht we iman bilen mäkämleşdirdiler. Şatlyk sazlary çalnyp, zynatlar baglanyp, şäherleri bezediler. Täzebagt Soltanyň ýurt tagty üstünde ornaşandygynyň hatyrasyna şatlyk käseleri we rahatlyk bulgurlary elden-ele geçdi. Ondan soň ýurduň çar tarapyndan beglerdir naýyplar sowgatlar we serpaýlar bilen Siwas ülkesine ugradylar. Olar Soltanyň elini öpüp, hyzmatlar ýerine ýetirip, isleglerini we hajatlaryny arz edýärdiler. Isleglerine ýetip, hoşal bolýardylar. Soltan ol ýerleriň möhüm işlerini ýerine ýetirenden soň bagtyýar baýdagyny Konýa tarap öwrüp, ol welaýatlaryň we üç ok etraplarynyň hem möhüm işleriniň jähti üçin Konýa bardy.

## BEÝIK SOLTAN ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ SIWASDAN KONÝA UGRAMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan iş kanunlaryny ýiti aňy we dogry pikiri bilen mäkämländen soň bagtyýar täleýi, zyýada döwleti, ata-babalarynyň bagtyýarlygy we sansyz goşun bilen Soltanlyk tagtynyň ýerleşýän ýeri, beýiklik nahalynyň mekany, ykbal zülalynyň çeşmesi, şähriýarlyk güneşiniň dogýan ýeri we täçdarlyk kuýaşyna mynasyp bolunýan ýeri bolan Konýa ugrady.

**Beýtler**

Çü Siwas ondan olup bährement[1],
Heman azma atf[2] etdi raýy belent.

Kylyp göç ber göç tä tagtgäh,
Güneş kibi burrakdy[3] çetri syýah.

Sypahy zafar pür ýemin-u ýesar[4],
Sagadat özüne olup, pişkar[5].

Semendi semenden[6] kylyp lagly seň,
Sypahy tozundan howa misli zeň.

Ýüzündedi dünýä, gözi misli nur,
Sütem hufta[7] bagtydy-ýu mendbur.[8]

Emir Mejlis öňden gidenlere ýükler we gysgaça tabşyryklar beripdi. Saz we bezm, elwan we dürli-dürli tagamlar öňünden tertipläp we taýýarlap goýupdylar.

Soltan gelip düşländen soň bir pursat dynç aldy. Emir Mejlis rugsat sorady we dürli tagamlar we dürli miweler bilen hoş maza bolan sapaly doganlar bilen zynata gelen, asmanyň eşretli behişt mejlisi kibi sap, lagly şeraplar bilen elwan öwüsýän, dürli-dürli nogullar bilen bezelen saçaklar ýazyp, bir

---

[1] Bährement – peýdalanan, haýyrlanan.
[2] Atf – öwürme, sowma.
[3] Burrak – lowurdawuk.
[4] Sypahy zafar pür ýemin-u ýesar – sag-solunda ýeňiji leşger doly.
[5] Pişkar – hazmatkär, nöker.
[6] Semendi semen – semiz dor at.
[7] Hufta – ýatan, uklan, ukyda.
[8] Mendbur – betbagt, ýeňlen, döwlen.

mejlis gurady. Sazanda-bagşylar bilbil kibi ruh beriji aýdymlary bilen aýdyma başladylar. Jamy şerap içmäge, saz-söhbet diňlemäge meşgul boldular. Guşluk wagtyndan agşama çenli iç-ä-iç bilen doly dustgany[1] içdiler.

**Beýt**

Çü şeb anbaryn zülpüne berdi tab[2],
Pelek donuna müşkden seçdi ab[3].

Kanadily[4] zerden durup ahtaran,
Bezendi kamu gupba-ýy asman.

Soltan ýatyş otagyna we döwlethanasyna girip, mübärek barlygy (durky) bilen dynç alyş düşegini bezedi.

Säher çün lebi subh[5] pür handady[6],
Ferehle[7] dili älem akendedi[8].

Kuwaýy[9] hury şark[10] giti furuz[11],
Şebi arzuwy kamu kyldy ruz[12].

---

[1] Dustgany – dostuň saglygy üçin şerap içmek.
[2] Tab – tow, örüm.
[3] Ab – suw, çyg.
[4] Kanadil – çyralar, şemler.
[5] Subh – daň, daňdan, ertir.
[6] Handa – gülüp duran, gülýän.
[7] Fereh – şatlyk, şagalaň.
[8] Akende – garyşan, bulaşan.
[9] Kuwwa – kuwwat, güýç.
[10] Nury şark – gündogar nury, gün.
[11] Giti furuz – älemi lowurdadýan.
[12] Ruz – gündiz, gündizlik.

Soltan Emir Mejlisi çagyrdyp, huzuryna häzir etdirdi. Agyr serpaýlar geýdirip, Siwas tarapa dolanmaga, ol ýerleriň serhet araçäklerine, möhüm işlerine gözegçilik etmäge, Şam ýurduna çapar ibermäge, etraplardan habarlar almaga höküm berdi. Ondan soňra özi bagtyýar täleýiniň ýarlygy astynda öz boýy, nökerleri, gullary, tabynlary we ýaranlary bilen Kaýsaryýa tarapa rowan boldy.

**Beýt**

Betäýidi[1] Perwerdigäri jahan,
Jahan şasy nowbagtle[2] buldy[3] jan.

Zuhur[4] etdi çün nagraýy kernaý,
Şahynşa rekap üstüne goýdy paý.

Onuň kibi piruzlyk[5] täzedi,
Ki piruza çarh onda owazady.

Ýer üzre çeri[6] sap-sap oldy rowan,
Zamyny zafar[7] oluban asman.

Kaýsaryýanyň häkimi Emir Seýfeddin Abu Bekr şäheriň we welaýatyň ähli han-beglerine we ulularyna «bezegli köşgi rowanlar, elwan bezeg nygmatlary bilen zynatlanan arabalar

---

[1] Betäýid – tassyklamagy bilen.
[2] Nowbagt – täze bagt.
[3] Buldy – tapdy.
[4] Zuhur – ýüze çykma, peýda bolma.
[5] Piruzlyk – üstünlik, ýeňiş.
[6] Çeri – goşun, nöker.
[7] Zamyny zafar – ýeňşe zamun, ýeňşe girew.

we kejebeler, ussat-sazandalar, deprekçiler we bagşylar bilen Çabuk menziline garşy baryň» - diýip, habar edipdi.

Ulularyň we han-begleriň gözleri Soltanyň mübärek sanjagyna we saýawanyna düşende, hemmesi atdan düşüp, baş urup, Soltanyň elini öpmek hormatyna mynasyp boldular. Soltanyň mähribanlyklaryna we üns bermelerine mynasyp boldular. Soň Soltanyň hyzmatynda atlaryna münüp ugradylar. Halaýyk magşar güni kibi şäherden çykyp seredýärdiler. Bu ýurduň «Ýusubynyň» jemalyny görüp, aňk bolýardylar. Bu şekil we haýbat bilen Kaýsaryýa ülkesine girdi we ata-babalarynyň tagtynda oturdy. Derhem we dinar, şahwap luwluwlar ýagyş damjalary kibi seçildi. Seýfeddin Abu Bekr subaşy[1] baýramçylyk we zyýapat barada hetden we mümkinçilikden artyk hyzmat etdi. Niçe wagtlardan bäri kesp eden, ýygnan baýlygyny hyzmat we peşgeş görnüşinde Soltana arz etdi. Dürli-dürli sazanda-bagşylar we hokgabazlar häzir etdirip, dürli aýdymlar we sazlar bilen pelek beýnisini tatar müşküniň hoşboý ysy we beýikli-pesli sazlaryň owazy bilen doldurdy.

Soltan birküç gün dynç alyp we ornaşyp, raýatyň hal-ýagdaýy, arzy üçin Kaýsaryýada mekan tutdy. Soňra beýik ykbal we Taňrynyň mähremligine penalanmak bilen ýagşylaryň we misginleriň rahatlanýan ýeri, baýlaryň we pakyrlaryň mesgeni bolan ýeňiş öýi Aksaraýa tarap, melikler toparynyň tolkunynyň we perişdeler goşunlarynyň joşgunynyň arasy bilen rowan boldy.

---

[1] Subaşy (sübaşy) - goşunbaşy, şäher häkimi. Su (sü) - goşun.

Möwkebi[1] soltanle Firdöwsi aglady[2] zemin,
Möwkebi gerdinden olmuş idi hem gerdun[3] esir[4].

Möwkebiniň tul-u arzyndan[5] kemandy munkatyg[6],
Bahry umk[7] möwkebinden münhezim[8] saffy[9] zamyr[10].

Perwana kerwensaraýyna (mähellesine) ýetenlerinde gaýgyda hem, şatlykda hem Soltanyň tarapdarlary we älemi bezeýji täleýiniň muştaklary bolan Aksaraýyň ilaty aýralyk çeken aşyk kibi wysala ýa-da abu zülal isleýän suwsuz teşne kibi Soltanyň beýik bargähine tarap ugradylar. Garşylap, ýer öpüp, Soltanyň elini öpmek hormatyna mynasyp boldular. Soltan hyzmatynda arzuwlaryna ýetmek bilen, hyzmat etmek hormatyna mynasyp boldular. Soň tagtyrowanlar, bezegler, sazçylar, oýunçylar dürli-dürli sapalar bilen şähere tarap ugradylar. Mynasyp hyzmatlar edip, jan we köňül bilen dirhem, dinar we jöwherleri biri-birine garyşdyryp, atynyň we belent tagtyrowanynyň astyna seçdiler. Soltan birküç gün ol ýerde dynç alyp, ondan soň paýtagt Konýa ugrady.

[1] Möwkep – Soltan awa, şikara, söweşe we ş.m. ýere gidende ýany bilen alyp gidýän nökerleri, wezir-wekiller topary.
[2] Firdöwsi agla – iň ýokarky behişt, jennet.
[3] Gerdun – pelek, asman.
[4] Esir – ot küresi.
[5] Tul we arz – boýy we ini.
[6] Munkatyg – kesilen, üzülen, ýolnan.
[7] Bahry umk – çuň deňiz.
[8] Müntezim – ýeňlen, gaçan.
[9] Saff – sap, hatar.
[10] Zamyr – iç, kalp, göwün.

# BEÝIK SOLTAN ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ PAÝTAGT KONÝA BARMAGYNYŇ WE ONUŇ SOLTANLYK TAGTYNDA ORNAŞMAGYNYŇ BEÝANY

Bady sabanyň çapary şahy jahanyň baýdagynyň gyrasynyň hoşboý ysly öwüsginini Aksaraý mekanyndan paýtagt Konýanyň ilatynyň, han-begleriniň we ulularynyň burnuna ýetirdi. Hemmesi soltany älemiň bagtly ediji duşuşygynyň ýörişine gitmäge höwesli boldular. Kesp edip gazananlaryny we gadym asyrlardan bäri ýygnanlaryny şährıýar üçin seçgi etdiler. Arabalar, kejebeler üstünde gurlan köşk-tagtyrowanlary dürli zerli ýüpek parçalar we hülleler bilen bezäp, owadan lybaslar we jöwherler bilen gözel görnüşe saldylar. Bäş ýüz köşk düzetdiler. Iki ýüzi tagtyrowan, üç ýüzi göçmeýän köşkdi. Hemmesini ajaýyp ýaraglary we owadan zatlary bilen jennetiň hüýrleri kibi gäwmişlere goşup, rowana boldular. Şatlyk sazlarynyň owazy Aýýuka[1] ýetip, dag we düz Yspyhan we Hijaz hiňlenmesi bilen doldy. Şeýle görnüşde Ubruk menziline garşy ýörediler. Älem şasynyň atyny görmek bilen gözlerini röwşen kylanlarynda atlaryndan düşüp, ýer öpüp, Soltanyň elini öpmek hormatyna mynasyp boldular. Patyşanyň gadamynyň şükranasy üçin gurbanlar etdiler, dinar, derhem we luwluwlar getirip seçdiler, peşgeşler çekdiler. Hyzmatlar edip, hanymanyny, dili-janyny Soltan söýgüsi üçin seçdiler we: «Bizden gaýgy-gamy aýrana – Allatagala hamdy-sena bolsun»[2] aýatyny okadylar.

Husameddin subaşy (goşunbaşy) we beýleki ulular, begler şahy jahanyň elini öpmek hormatyna mynasyp bolup, ömürlik

---

[1] Aýýuk - Akmaýanyň ýolunyň sag tarapynda ýerleşýän gyzylymtyl we röwşen ýyldyz. Kapella.

[2] Gurhanyň 35-nji süresiniň 34-nji aýaty.

bagta eýe boldular. Mähribanlyk we mähremlik görüp ýardamlandylar. Şahynşanyň saçak we bezminde horramlyk we şadymanlykdan örän haýyrlanyp, kämillik paýyny gazandylar. Soň ol ýerden iki menzillikde bagtyýar Soltan hökmürowanlyk we şadymanlyk bilen Ruzbeh sährasynda düşledi.

### Beýt

Sähergähde bu dagy pöwrize reň,
Ýüzüne urup saýkal[1]-u saldy zeň.

Ýelgilendi ruhsaraýy aftap[2],
Beferri[3] ruhy hysorwy kämiýab.

Jahangiriň bargähiniň mübärek saýawanynyň güneşi gözýetimden dogdy. Bürünç naýlaryň owazy, hindi jaňynyň ýaňy we senj[4] sedasy asman-zemini lerzana getirdi. Howanyň ýaramlylygynyň üstüne şahy jahanyň bagtyýar adamlarynyň ulaglarynyň tozundan müşk we anbar ysy garyldy. Konýa ýigitlerinden müň sany güýçli, sarç atly, ýaragly, kuwwatly, peleň penje, näheň syratly ýigitler Soltanyň janpenalarynyň daş ýanynda uzakdan halka gurup durdular.

### Beýt[5]

Jeňňeliň şirleri we söweş pälwanlarydy,
Iş başaryp bilýän merdanlar, döwrüň sahylarydy.

---

[1] Saýkal – ýaldyrama, lowurdama.
[2] Aftap – gün, güneş.
[3] Ferr – şöhle, nur.
[4] Senj (sanj) – çeň; 46 kirişli gadymy saz guraly bolup, barmaklar bilen çalynýar.
[5] Pars dilinden sözme-söz terjimesi berildi.

Çarh bu ýigitleriň ýeňşiniň gorkusyndan aýlanýardy, Kuhy Kap olaryň agzybirligi (birleşen) wagtynda der ýerine gan derlärdi. Bular mübärek saýawana ýer öpüp, tagzym etdiler we öňe düşüp gitdiler. Uly begler dagy bir garyş ýanynda sap çekip, öňünden ýöreýärdiler. Deprekçiler we baýdakçylar älemi tabyn etdirijiniň sanjagy bilen ýyldyrym kibi, nöker we esgerler mawy deňiz kibi joşup barýardylar. Hemişe döwlet duşmanlarynyň ganyny dökmäge häzir we yhlasly bolan ellerinde we gollarynda Dymyşky we Çaçy ýaýlar, altyn ýyldyzly galkanlar, hanjarlar bolan elli sany aýratyn nökerler we janpenalar atlanyp barýardy. Şeýle-de zerli atlaz bukjalar bilen içi doly nepis halatlary, dürli-dürli zerbap parçalary altmyş sany lybasçy gatyr kerwenleri bilen alyp barýardy. Mübärek saýawanyň belent bürgüdi soltanlaryň güneşiniň üstüne döwlet saýasyn salyp, jahan şasy lowurdawuk kuýaş kibi, älemi gezýän, pelegi aýlanýan, ýyldyz çüýli dor atynyň üstünde gidip barýardy.

**Beýt**

Sanydyň ol semend genji Rowandy[1],
Ýa genji ziri towk zerinde nehandy.

Her biri bäs we haýbat içinde Müňkür didar we Nekir kerdar bolan ýolbaşçylary türk, kürt, gazwini, deýlemi, rusy we rumy bolan bäş ýüz bölek topar Soltan hyzmatynda ýörerdiler.

Myrryň didar, zerrin kemer, gylyçlaryny jöwza peleginiň gerdenbendi kimin eginlerinden asan, ýüz ýigrimi aýratyn

[1] Rowan - Anuşirwan Adyl.

janpena Soltanyň sagyndan we solundan dabara we düzgün bilen ýöräp barýardylar.

Şähere ýakyn baranlarynda ähli begler we ulular patyşa hyzmatynda atdan düşüp, pyýada boldular. Emir Çaşnygir dagy eteklerini guşagyna gysdyryp, Keýkubady telpek başyna geýip, Soltanyň jahany tabyn ediji uýanynyň öňünde ýöredi. Bagt ýyldyzy doguş derejesine ýetenden mübärek pal bilen mübärek sagatda «Rahatlyk bilen sag-aman giriň»[1] aýatyny okap, şähere girdi. Jennetiň päk nikaply yns-u jynsy ony görmäge başlaryny behişt gözenekleri kibi penjirelerinden çykaryp, ähli arşdakylar ýalbaryp, ellerini «Ony eý görülýän wepaly kişi etgin»[2] dogasy üçin galdyryp, pelek döwleti söýgüsine we permany tabynlygyna bendelik kemerini baglap, gözlerini we gulaklaryny jahan penakäriniň emrlerine tabyn bolmak üçin açdylar.

Soltan «Perwerdigärim meni bir mübärek menzile düşürgin. Seniň Özüň iň ýagşy menzile düşürijisiň»[3] aýatyny mübärek dilinde saýradyp, aýagyny täçdarlyk tagtyna goýdy. Soňra «Bize beren wadasyna rast bolan Allaga hamdy-sena bolsun!»[4] we «Perwerdigärim maňa patyşalyk berdiň»[5] aýatlaryny okap, soltanlyk şükrüni «Perwerdigärim, meni Seniň maňa we ata-eneme eden nygmatyňa şükür etmäge sebäpkär etgin»[6] aýatynyň sözleri bilen ýerine ýetirmegi zerur bildi. Içde akyl, gözde nur, jöwherde bolsa, gymmat kibi şalyk tagtynyň dil we janynda ornaşdy. Sansyz-sajaksyz altyn-kümüş we göwher seçgiler, rehmet medetleri we Perwerdigär

---

[1] Gurhanyň 15-nji süresiniň 46-njy aýaty.
[2] Gurhanyň 19-njy süresiniň 6-njy aýaty.
[3] Gurhanyň 23-nji süresiniň 29-njy aýaty.
[4] Gurhanyň 39-njy süresiniň 74-nji aýaty.
[5] Gurhanyň 12-nji süresiniň 101-nji aýaty.
[6] Gurhanyň 27-nji süresiniň 19-njy aýaty.

merhemetleri üçin seçildi. Bagt dili çäksiz hoşallykdan bu beýti düzüp okady.

Leb zikge adyle pür handady,
Dil münber ezkarle[1] zindedi[2].

Bolup rownaky din ähli Hijaz,
Zemin asman üzredi serferaz[3].

Hem oldy fiten[4] mestlikden harap,
Ki bidatlygyn unutdyrdy hap.

Hem ant içdiler onda çetrile kah,
Ki biz görmedik beýle ferhunda[5] şah.

Zafar[6] nagşyl olup, munakgaş[7] negin,
Kylar tagty şahy şah-a aperin.

Ondan soňra bir saçak ýazdylar welin, eger onuň beýanyny we hekaýatyny Hijaz ilatynyň gahatçylygynyň ýanynda beýan eden bolsalardy, «Olary açlykdan gutaryp, tagam berdi»[8] aýaty olaryň şanynda inmezdi. Eger Isa alaýhyssalamyň howarylaryna[9] ol tagamyň barlygy (taýýarlanyşy) belli bolan bolsady, asmandan saçak inderilmegini haýyş etmezdiler. Çyny

---

[1] Ezkär – diri.
[2] Zinde – diri.
[3] Serefraz – başy, belent.
[4] Fiten – pitneler.
[5] Ferhunda – şat, şadyýan.
[6] Zafar – ýeňiş.
[7] Munakgaş – nagyşlanan, bezelen.
[8] Gurhanyň 106-njy aýatyň 4-nji süresi.
[9] Howary - apostol.

we altyn tabaklar we gap-gaçlar içinde elwan däne, nygmatlaryny zagpyrany naharlar, gowurlan tokga etler, her dürli ösümliklerden edilen naharlar, sopular ähliniň ahlagy kibi lezzetli we hoşboý ysly halwalar, ýahnalar, kebaplar, gowurmalar, towuk, gögerçin, käkilik we bildirçin (bedene) kebaplary goýlup, ula we kiçä, sag we sol gola Oguz resmi boýunça başdan-başa ýazyp, tertipleşdirildi we bezeldi. Oguzyň däbine görä käse-käse gymyz, lezzetli we hoşboý ysly şerbetler içildi.

Munuň we oglanlarynyň zamanyna çenli şu aşakda getiriljek beýtler tertibinde töre soralardy. Sag gol begler begiligi gaýy we baýat begine, sol gol begler begiligi baýyndyr we çawnydyr begine berilerdi. Galan beglikler dagy bu ýigrimi dört boýuň begleriniň ogullaryna berlip bolýança, gaýra berilmezdi. Şu tertip boýunça.

**Nazm**

Hanlar atasy Oguz han söýledi,
Beýle töre-ýol-u erkan eýledi.

Uşbu resmile wesýet kyldy ol,
Tä ola oglanlaryna töre-ýol.

Diýdi: «Gaýy çünki soňra han ola,
Saga[1] begler beg Baýat ondan ola.

Törämiz begler begi hem sol gola,
Şeýle gerekdir ki Baýyndyr ola.

[1] Saga – sag gola.

Töre-ýu ýol-u agyrlamak dahy,
Uşbu tertip üzre ola eý ahy[1].

Kim, Gaýy otura, ondan soň Baýat,
Soňra halka olken[2], uly basebat[3].

Pes otura Ýazyr-u ondan Düker,
Pes Dodurga ile Ýaparly meger.

Owşar-u Gyzyk-u soňra Begdili,
Sag goluň iň soňy Garkyndyr belli.

Sol goluň başynda Baýyndyr gerek,
Ondan alçak kiçi gardaş Biçenek.

Pes Çawnydyr otura Çebni baýyk,
Dahy Salyr otura Eýmir ile.

Pes Alaýundly-ýu Üregir baýyk,
Igdir-u Bügdüz-u Ýywa-ýu Kynyk.

Uşbu tertip üzre oturmak gerek,
Öňlerinde müçeler durmak gerek.

Gymyz-u kymranda bu tertiple,
Aga-ýu ini arasynda içile.

Mansab-u beglik dahy bu resmle,
Urug, soýuna görä berile.

---

[1] Ahy – dogan.
[2] Olken – ol eken, oldur.
[3] Basebat – berk.

Uşbu soýlardan kamuýa bereler,
Artar ise aýrugy hoş göreler».

Saçak göterilenden soňra şalara laýyk bezm gurup, altyn we kümüş gap-gaçlar, göwher bilen bezelen tabaklar we badyýalar garylan içgiler goýlup, bezelip, şatlyk bulgurlary elden-ele geçdi. Ussat bagşy-sazandalar nepis heňleri we aýdymlary aşyklaryň gaýgy-gam lybaslaryny şatlyk ýurduna göç etdirip, gamy şatlyga öwürýän ýaş hoş owaz şägirtleri bilen çeňe äheň, naýa[1] nowa, bagşa heň etdirip, sopular hataryny çarha getirdiler. Rahatlyk şady-horramlygyndan söhbetdeşler, egindeşler çeper, şirin, ýomak we degişmeden doly sözler bilen sözlemäge başladylar. Dürli miwe suwlary, armyt, şekeri badam, funduk, pisse we dürli nogullar iýerdiler. Käte dostluk bulgurlaryny götererdiler.

## Beýt

Ol badadan ki bagy dil içinde gorkudam,
Jan akyl göwherini kylar başyna nisar.

Ol arguwany tebessüm-u ol zagfyrany fereh[2],
Ol müşki täze gune-ýu ol udy pür buhar.

Şeker ýerine talhdyr-u jismi lutfy jam,
Hem ham ömür pugta-ýu hem ab reňi nap.

[1] Çeň, naý - saz gurallary.
[2] Fereh – şatlyk.

Altyn eşikli ak we gyzyl börükli kümüş but sakylar. Bu sakylaryň gül ýüzleriniň we şeker lebleriniň horramlygyna aşyklar aşykdy we lebleri teşnedi. Gandahar zybalary we Halah[1] gözelleri olaryň durkuna göriplik ederdi.

**Beýt**

Sakylardy niçe diýem ki olaryň her biri,
San ki gülgün gumry damy muganbarda[2] tutar.

Hublardy ki berin zahyt-höşk är görse,
Bahry yşga özün ata rowany berde[3] tutar.

Zöhre sagyrlaryna baksa urar raks[4] hubap[5],
Göre çün her biri leb köşeýi sagyrda tutar.

Leblerinden mislin nakyl kylan posalary,
Posany san nemek-u pisse-ýu şekerde tutar.

Soltan bagtyýarlyk gündogaryndan dogan güneş kibi nurana tagt üstünde hökmürowanlyk bilen otyrdy. Her pursat söhbetdeşlerinden birine hoşamaýlyklar we göwündeşlikler edip durardy. Sözleri bilen dürli hormatlary ula-kiçä paýlaýardy. Günäsiniň haýranlyk nikabyny bezm ähliniň ýüzünden giderdi.

Begler we Konýanyň serdarlary şasypanyň öňünden bargäh eýwanyna bardylar. Hyzmat ýerinde durup, her biri öz güýç we

---

[1] Halah – ýer ady.
[2] Muganbar – atyrly, müşkli.
[3] Berde – gul, bende.
[4] Raks – tans, oýun.
[5] Hubap – köpürjik, köpük.

kuwwatyna laýyklykda dürli peşgeşler, içi zatlar bilen doly sandyklar, jöwher, altyn-kümüş, matalar bilen bile aý ýüzli gullar, el degmedik we owadan boý gyzlar, igdiş we araby atlar, gatyrlar arz etdiler. Ählisi kabul edilip, hezretden «merhemet we sag boluň» sözlerine mynasyp boldular.

Şerap bahary eşret bagynda egindeşleriň gülli ýeňlerini (röwşen ellerini) herekete getirdi. Çeçek kibi göwünleriň syrlaryny äşgär edip, dargamaga başladylar. Ýykylyp-sürşüp gidýärdiler. Agşam düşüp, kümüş çyralar asman gupbasyndan peýda boldy. Soltan şatlyk ornundan we eşret mejlisinden rahatlyk we dynç alýan otagyna gitdi.

Ertesi begler we ulular bagt ýyldyzlary ýaly işdeşlik (agzybirlik) çüňkünde jemlenişdiler. Dälizde görkezmä garaşyp oturýardylar.

Soltan Reşideddin weziri we begler begi Seýfeddin Aýbe Çaşnygiri, Seýfeddin Abu Bekr naýyby we Jelaleddin Kaýsar Perwanany huzuryna çagyrdy we buýurdy:

— Üç ok etraplaryna, türk beglerine namalar we hökümler ýazyp, şähriýaryň Konýa şäherine gelip, bagtyýarlyk tagtynda ornaşandygyny yglan ediň. Olara Soltan hyzmatyna çalt geliň diýip, hoşamaýlyklar ediň.

Soňra Soltan dergähiniň we diwanynyň kätiplerini häzir etdiler. Her bege mertebesine we derejesine laýyk perman ýazyldy we jahany eýeleýjiniň goly goýuldy. Onsoň olary çaparlaryň eline berip, çaltlyk bilen ugratdylar.

### Beýt

Ululary her leşger-u keşweriň,
Ne ýerde ki ola namy nam aweriň[1].

[1] Nam awer – atly, batyr, tanymal.

Kylyp hyzmat şahy giti penah[1],
Kamu oldular azymy bargäh.

Gaýy we baýyndyr boýundan, sag we sol goluň begler begi bolan gadymy uly begler begi Husameddin Çopanbeg, begler begi Seýfeddin Gyzyl beg sowgatdyr serpaýlar we tükeniksiz nygmatlar bilen geldiler. Derhem, dinar, ýigit we hyzmatkärler getirdiler. Galan üç [ok] begleri dagy oglan we halaýyk hem-de adatlary boýunça azyk goýunlar, at we düýe arz etdiler. Kabul jaýyna gelip, öwgi we guwanç sözlerine mynasyp boldular. Her birisi mähir we muhabet hormatyna eýe bolup, bezimde, oturlyşykda, awda-meýdanda kesp we gürrüňdeşlik derejelerini we mertebelerini tapardylar. Köňül myrady we asuda göwünleri bilen özlerine degişli hökümleri we permanlary ýeňledip, uly derejeler we beýik mertebeler birle dolanyp, işlerine gitdiler. Soltan galan begleri, ululary, haslary we ýakynlary bilen adyllyk, hökümdarlyk, eşret we şadymanlyk bilen meşgullanyp başlady.

## BEÝIK SOLTAN ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ KÄBIR BILIMLERINIŇ WE JOMART AHLAGYNYŇ BEÝANY

Merhum, ýalkanan, şehit Soltan Keýkubat ibn Keýhysrow ibn Gylyç Arslanyň Seljuklar neberesiniň röwşen çyrasy bolandygy taryhçylara bellidir. Oguz hanlaryndan we Oguz neslinden yslam sanjaklaryny we tuglaryny onuň kibi beýgeldiji soltan gelmedi. Onuň kibi ýurt eýesi bolan, dinperwer, adalatly, şeýtany ýakyjy, jahana höküm süren we bina gurduran soltan Türküstandan ajam yklymlaryna we

[1] Giti penah – älemiň penakäri, jahanyň arkadaýanjy.

Ruma çenli ýerlerde ýokdy. Beýiklik burçunda we ululyk ösüşinde ol şeýle bir derejä ýetip, şäherleriň häkimi döwrüniň zalymlary, mömindir, zünnardarlar Hijaz diýaryndan Gürjüstan we Abhaz sebitlerine çenli, rus welaýatyndan Tarsus sebitlerine çenli, Antalyýadan uzak Antakyýa çenli, Sagdak we Gypjak sähralaryndan Şam we Yrak sebitlerine çenli, Rum, Pereň, Ermen welaýatynyň başyndan Medaýyn we Ýemen welaýatynyň ahyryna çenli, hemmesi onuň permanyna tabyn we boýun bolupdy. Köp yklymlarda zikge onuň adyna kakylyp, hutba onuň adyny bezeýärdi. Hökümini lazym bilip, ýerine ýetirerdiler. Rumda we Şamda, Ermeni we Diýarbekirde Oguz jynsyndan niçe türki we kürt begleri bar bolsa, hiç haýsy höküminden çykyp bilmeýärdi. Onuň gapysyndan we köşgünden çykýan hökümleri ýerine ýetirmegi özleriniň salamat we asudalygynyň özeni bilip, onuň goşunyna goşulardylar. Ýylda mal, ýük, sowgatlar onuň gapysyna getirip, hazyna ýa-da ýataklaryna tabşyrardylar. Eger bir kişi garşylyk görkezip, gozgalaň etse, derrew onuň jezasyny, mynasyp temmisini bererdi. Ol galan tarapdarlaryna-da sapak we ybrat bolar ýaly geregiçe temmi bererdi.

### Beýt

Eý niçe gürbüzi[1] ki zebun eýlemişdi,
Arslanlary zelil-u ne dun eýlemişdi.

Ermen tekurlaryn-u kamu Rum beglerin,
Permanyna mutygy duýun[2] eýlemişdi.

---

[1] Gürbüz – hilegär, mekir.
[2] Duýun – bergili, borçly.

Perişde sypat päk we päkize bir ary görki bardy. Hazynasynyň baýlyklaryna we pullaryna özi hem barlag-gözleg edip açyklardy. Girdejilerini we çykdaýjyny sorardy. Öz gol astynda saklap, doly hasaplap, «(Gysgançlyk bilen) eliňizi boýnuňyzda baglamaň (isrip etmek bilen) ony bütinleý ýazyp hem goýbermäň»[1] aýat esasynda gerek ýerine harç ederdi.

Goşuny Oguzyň ýigrimi dört boýunyň sanyna laýyklykda, iki ýüz kyrk müň adam bolan ýigrimi dört tümendi, ýagny her bir boýdan bir tümen düzedipdi. Öz boýy hem dört tümendi. Rumuň, Ermeniň we Diýarbekiriň goşunlary jem olsa, bäş ýüz müň adam töweregi jem bolardy. Öz boýundan gaýry ýigrimi dört sany hanlar we melikler bardy. Kimi öz boýundan - seljuklaryň kynyk urugyndandy, kimi galan Oguz beglerindendi. Gullaryndan dagy begler bardy. Diwanynda hem ýigrimi dört kätip bardy. On ikisi diwan we wezirlik kätipleri bolup, ýurduň baýlyklaryny belläp, höküm we diwan işlerini ýazýardylar. Beýleki on ikisi diwany arz kätipleri bolup, goşun, olaryň aýlyk-haklaryny, serişdelerini ýazýardylar. Bulardan gaýry hyraç kätipleri we at ýatak, aşhana, jüpbehana, legenhana, ulaghana, şikarhana, ambar, lybashana ýaly kärhana ýazyjylary bardy. Emma bularyň ählisiniň ýagdaýyny özi dagy barlag ederdi. Her biriniň hünärini we akylyny synap görerdi. Haýsysy hatdatlykda, suhangöýlikde, söz düzmekde we beýan etmekde ussat bolsa, terbiýe we mähribanlyk edip, hakyny we beýleki gerek zatlaryny zyýada ederdi. Emirlerden we esgerlerden dagy haýsysynyň goşun babatda bilimi, akyly we parasaty zyýada bolsa, ony hoş tutardy. Her kim duşman goşunyny ýeňse, köp mal, atlar we halatlar bererdi. Adat we töre-ýörelge şeýledi,

[1] Gurhanyň 17-nji süresiniň 29-njy aýaty.

ýagny her alp är duşmany bassa ýa-da batyrlyk edip, duşman we pälwan agdarsa, atynyň boýnuna altyn gotaz dakardylar. Batyr we alp ärler gotazlary bilen belli bolýardylar. Her kim awda ok bilen gaplaň ýyksa, bilegine gaplaň guýrugyny asardylar. Her kim bir atanda ok bilen guş ursa, atyjynyň - mergendigi mälim bolar ýaly surguç (?) götererdi. Endigine görä her haçan ölen bir begiň, serkerdäniň ogluny atasynyň ýerine goýmak isleseler, meýdanda at segredeşini, naýza, gylyç we çokmak oýnuny görüp, kanagatlanýança atasynyň wezipesini we hakyny bermezdi. Aýdardy:

— Bu Rum we Ermen yklymynyň wezipeleri we haklary gazylaryň hakydyr. Hakyny çagalaryna bermesek, kyýamat gününde yslam hakynda keltelik etdik diýip, bermeli bolarys.

Her kişiniň atasy haýsy mertebede we haýsy derejede bolsa, haçanda ogly atasy mertebesine ýarasa, gaýry kişä bermezdi. Şeýlelikde, kätipler hatdatlykda, suhangöýlikde, hasap we beýan etmekde ussat bolardy. Harby adamlar dagy hepdede iki gün meýdana çykyp, ok atarlardy we ýarag oýnarlardy. Tälim edip we gaýtalap ol babatda ussat bolardylar. Soltanyň tälim beriji hanlary hem bar eken. Olar Soltanyň ýanyndaky harby ýigitlere, aýratyn adamlaryna we gullara ok atmak we beýleki ýaraglary işletmek babatda tälim bererdiler. Etraplardan gelen ilçilere, seýitlere we alymlara şeýle bir baýlyk, nygmatlar, altyn, kümüş, halatlar, elwan parçalar bererdi welin, baý bolup giderdiler. Emma baýlyk sarp eden emeldarlary, naýyplary we kätipleri, eger şol baýlyga hyýanat eden bolsa, örän gaty gürleşip, talap edip, hasaplap, ol barada haýallyk edip, pursat bermezdi, ýok edip, tarapdarlyk etmegi rowa görmezdi. Haýsydyr bir boýuň esgerleriniň birinden adyllyga, şerigata, däp-dessura, amanata we söwdanyň ösüşine zyýan we nogsan ýetirýän sähelçejik günä peýda bolsa, oňa berk jeza buýrardy. Käte günäsini dagy öterdi. Şeýlelikde,

Soltandan gorkusyna bütin ýurduň naýyplary, kätipleri, subaşylary dogrulygy we hakykatçyllygy özlerine pişe edinip, gaty ynamly işleýärdiler. Her wagt-her wagt mähribanlyk şemalyny hünärmentler, alymlar, ýagşylar üstüne öwüsdirip, adyl we adalatlylyk zarbasyndan ýaňa jebir we zulum älemiň çäginden gaçardy, belli-külli ýok bolýardy. Hökümlik süren döwründe ylmyň baýdagy arşdan aşyp, hanapy milleti we sünni şerigaty dokuzynjy pelekden geçip, ýurduň etraplary şadyýanlyk meýdançasy we Erem bagy kibi şatlyk baglaryna öwrülipdi. Başdan-aýak hozuň içi kibi başdan başa dolup, şineläpdi. Özi hem ylym, amal we ýagşylyk bilen bezelendi. Takwalyk peleginiň merkezi we dindarlyk asmanynyň güni, uly emir we döwrüniň ýeke-tägi Jelaleddin Garataýy şeýle rowaýat edýär:

— On sekiz ýyl Soltan Alaeddine hyzmat etdim. Soltanyň gijäniň üç böleginden artyk düşeginde ukuda ýa-da rahat ýatanyny görmedim. Tersine, gijelerine Gurhan okaýandygyny, dogalar sanaýandygyny, namazlar okaýandygyny görerdim. Bu zatlary Adn jennetinde derejelenmegiň özeni hasaplaýardy. Aglamak we gama gark bolmak bilen Haktagala şeýle bir nalyşlar we misginlikler görkezerdi welin, şeýle zarynlaýanyny daglar eşitse, gara daşlaryndan nalalar we tütünler peýda bolardy. Eger ýurt etraplarynda we ýollarynda halkyň emlägine we janyna kast edýän haramy ýa-da ýol urýan barlygyny eşitse, örän melul bolup, gaýga batardy. Derrew olaryň çäresine hereket edip, türkileriň boý başlaryna, harbylaryna, tejribeli we köp söweşleri başdan geçiren kişilerine emr ederdi. Olar baryp dürli hileler we sungatlar bilen kimini gyryp, kimini tutup, getirip heläk ederdiler. Beglere we subaşylara «haýsyňyzyň iliňizde, boýuňyzda we welaýatyňyzda haramy ýa-da erbet kişi ýüze çyksa, tutup getirmeseňiz, ony sizden görüp, berk jeza we azap bererin» diýip, kanun çykaryp, emr edipdi. Şonuň ýaly-da

haramylary we hyýrsyzlary tapdyryp, heläk etmeýänçä rahatlanmazdy. Iýmekden-içmekden lezzet bilmezdi. Ezilenleriň dadyna ýetişip, zalymlary heläk etmeýänçä ynjalmazdy. «Patyşalyk höküm we adalatlylyk etmekdir. Iýmek-içmek hojaýynlara we bezirgenlere dagy miýesser bolýar» diýerdi. Ähli ýurtlarda her wepat bolanyň terekesini we mirasyny doly bolmalysy ýaly paýlaýardylar. Esasan Ymam Agzam Abu Hanapyýa Kufynyň mezhebini özüne ugur kylyp, uly-kiçi işleri ýerine ýetirmekde ony özüne wajyp kylypdy. Emma ertir namazyny uly ymam Şapygy mezhebine görä ir kylardy. Namaz, Gurhan, doga-dilegleri okap, eýeleriň eýesi Taňrydan hajatlaryny diländen soňra, «Men siziň doga-dilegleriňizi kabul eder men»[1] esasynda salamlyk şasypasyna çykyp oturardy. Soltan guşluk wagtyna çenli müftiniň we kazynyň ýanynda özi höküm edip, mazlumlaryň dadyny alyp bererdi. Şerigat we diwany işleri özi görerdi. Şerigat işi şerigatçylaryň maslahaty bilen çözülerdi. Diwan işlerine özi jogap berýärdi. Ondan soň saçak ýazylardy. Bir uly saçagy öz öňünde, iki tarapynda iki gola niýetlenip, saçaklar we desterhanlar ýazylardy. Alymlar, seýitler, müfti, kazy we uly şazadalar özi bilen bile iýerlerdi. Galan begler we ulular iki golda mertebelerine görä saçakda oturardylar. Aýratyn süýeklerdir etlerden we gowurmalardan Oguz hanyň resmine görä her hanyň, begiň özüne degişli süýegini goýardylar. Galan aşlary dänikler, ýumurtgalar, nardänik, çally aşlar we beýlekileri saçak emirleri getirip, orta dökerdi, hemmeler doýardy, oturanda-turanda hiç kim ondan mahrum galmazdy. Nahar iýlip turanlaryndan soňra çawuşlar doga we alkyş aýdyp giderdiler. Özi hylwathanasyna we haremhanasyna girip, wezirler, diwan eýeleri we ýazyjylar bolsa baýlyklary gözden

---

[1] Gurhanyň 40-njy süresiniň 60-njy aýaty.

geçirmäge we bellemäge hökümlere, diwanhana işlerine we hasap işlerine meşgul bolardylar. Soň olar dagy giderdiler. Ikindin ýene gelerdiler. Şu beýan edilen görnüşde düzgün-tertip bilen işli-işine meşgul bolardylar. Ähli işler şeýle bir tertip-düzgüne giripdi welin, birine berlen birküç dürli maslahat biri-biriniň işine dawa getirtmezdi. Ol sebäpden musulmanlaryň ýagşy işleri gün-günden öserdi, togtap galmazdy. Her maslahat aýdyldygy şol gün ýa ertesi biterdi. Iş, maslahat bolmaýan wagtlarynda käte bir gezek awa giderdiler. Ýylda iki gezek uly aw ederdiler. Uly awda on bäş gün mukdary töwerekleri aýlanardylar. Janawerleri kowalap, aw ýerine getirenlerinden soňra öz adamlary, oglanlary we begleri bilen baryp, halka içine girip, Oguzyň däbine görä ilki özi atardy. Ondan soňra oglanlary, soň uly hanlar, melikler we begler begiler atardy. Ondan soňra aşaky beglere we nökerbaşylara rugsat bolardy. Ondan soňra diri galan jandarlary azat edip, halkany açyp, olary goýbererdiler. Hepdede iki gün meýdana çykyp, top we çowgan oýnuny oýnardylar. Ok atmak, ýarag ulanmak maşklaryny ederdiler. Bezm we şerap söhbetini dagy iş we maslahat bolmasa käte bir gezek ederdiler. Akyllylara, söhbetdeşlerine, nedimlerine, şahyrlara sowgat, serpaý we halatlar berýärdiler. Emirleriň, serkerdeleriň, alp ýigitleriň hormatyna doly bulgurlar göterip, olara halat-serpaýlar we engamlar ederdiler. Hoşamaýlyklar edip, göwünlerini göge götererdi. Emma mydama bezm we şeraba meşgul bolmazdy. Aýdardy:

— Bizi Taňry tagalanyň ýagşy işleriniň ýerine ýetirilişini gözegçilik etmäge we çopanlyk etmäge goýdular. Çopan serhoş bolup, ýatsa goýny gurt alar. Onuň mejlisinde ýerliksiz suwjuk degişmelere we gülkülere orun ýokdy. Hiç kime aýby bilen kemsidip, üstünden gülünýän söz aýdylmazdy. Tersine, gadym patyşalaryň taryhlary we hekaýatlary, gowy we öwgüli

hereketleri aýdylardy. Saz-söhbet wagtynda kasydalar, gazallar okap, naýlar urulyp, sazlar çalynyp ýaryşlar edilse, şygryň manysy, inçeligi, çeperçiligi, ölçegi dogrusynda çekeleşikler bolardy. Derejeleri, sazlaşygy, görnüşleri barasynda sözlenerdi, biderek, manysyz sözler sözlenmezdi. Ähli söhbetdeşleri alymlar, şahyrlar we şirin zyban suhangöý kişilerdi. Özi hem dürli ukyplar we derejeler bilen bezelendi. Şygyr hem ýazardy. Şerap söhbetinde düzen şirin, akgynly we çeper dubeýtleriniň meşhurlaryndan birini beýan edeliň. Özi türki asylly we Oguz soltanlaryndan bolsa-da ol döwürler türki şygyr ýokdy[1]. Ajam yklymyndan gelipdiler. Köp wagtlar parsça sözlenerdi, parsça aýdylardy.

### Rubagy[2]

Sersag wagtym akylyň üstünden garaýan,
Mes-serhoş bolsam akyl menden pynhandyr.
Meý iç serhoşlygyň we sersaglygyň arasy –
Wagtydyr, asylky durmuş şoldur.

Eger söhbetdeşleriniň we meýlisdeşleriniň birinden öz bolmaly mertebesinden artyk söz ýa-da hereket ýüze çyksa, ony aýratyn ýörite mejlise getirtmezdi we käýinç bilen ýüzlenerdi. Gadym soltanlaryň hekaýatlaryny hormat we tagzym bilen diline getirerdi. Geçen yslam patyşalaryndan Ýemineddöwle Soltan Mahmyt ibn Söbüktegine we Emir Şemsil Magaly Kabus ibn Wüşimgire örän hormat goýýardy we eýerýärdi. Olaryň ahlak we biliminden tymsal edip, olara öýkünerdi. Nahardan soň olaryň ruhuna doga ederdi. Ertir

[1] Awtor ýalňyşýar.
[2] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.

namazyndan soňra hoş owaz we ajaýyp karylar Gurhany hatm edip, doga okardylar. Göç boljak bolsa, nagaralar, surnaýlar, kernaýlar, tüýdükler we beýleki saz gurallary çalynardy. Haýbatyndan daglar lerzana gelýärdi. Gije-gündiz bäş gezek «sanjary» çalynardy. Täretsiz görkezme we perman ýazmazdy. Mydama «Kimýaýi sagadat», kitabynyň we Nyzamylmülküň «Siýeri Muluk» atly kitabyny okaýardy. Oguz töresini, «Oguznama» we beýleki taryhlary gowy bilerdi. Goşun we düzgün babatdaky diwany hökümleri oguz töresi bilen ýa-da Oguz töresine kybapdaş edip höküm ederdi. Rum, Ermen, Rus, Engerus, Gürjüstan we beýleki ýerler paç berip, tabyn, bende we hyzmatkär bolupdylar.

Begler begi merhum Husameddin Çopan beg goşuny bilen Karudan sährasyna baryp, gypjagy basyp, Sagdagy ýeňip, rusdan hyraç alanlaryndan soňra mongollar döwrüne çenli kapyrlar pitne etmediler.

Soltan Alaeddin mongollar döwründe özi goşun bilen Soltanyň[1] garşysyna geldi. Kapyrlaryň ýagy bolandygy sebäpli Üç tarapyna ugrady. Tatarlaryň gelendigini eşidip, özi yzyna döndi. Üçi Husameddiniň oglanlaryna, gaýydan Ärtogrula, Günder alpa, Gök alpa tabşyrdy.

Elkyssa ýene-de onuň ahlak sypatlaryna dolanalyň.

Onuň aýratyn adamlaryndan we hyzmatyndakylardan hiç kim onuň mübärek agzyndan we dilinden sögünç we ýaramaz zat eşitmedi. Onuň zaty we pygly doly päkdi. Nardy we küşti örän ussat oýnardy, taýsyzdy. Sungatlarda ýaýçylyk, nejjarlyk, nakgaşlyk, şekil çekmeklik, hatdatlyk, eýer ýasamaklyk we pyçak ýasamak işlerini gowy bilýärdi, tanaýardy. Bu zatlara ökde we ussatdy. Jöwherleri dagy gowy bilýärdi. Halypalardan oňa nama ýazanlarynda «Soltany agzam we kasymy

[1] Bu ýerde soltan diýlip, Çingiz han göz öňünde tutulýan bolaýmasa.

mugazzam» (beýik Soltan we belent paýlaýjy) lakamy bilen ýüzlenerdiler. Hijaz we Medine soltanlaryna we Bagdat halypalaryna örän yzzat edip, ne hökümler we sözler aýtsa, kabul ederdi. Halypalar öýünden höküm we hat gelse, geregi kibi hormat bilen okardy we öpüp, maňlaýyna degrip, «diňleýän we gulak asýan» diýerdi. Eger kätibe ýa-da ýazyja okatsa, okaýança hormat edip, ör turardy. Ýene «diňleýän we gulak asýan» diýip oturardy. Hormatly adamlara we seýitlere örän hormat-sylag ederdi. Alym seýit gelse, tagtyndan düşüp garşylardy. Görşüp we gujaklap mähremlikler görkezerdi. Töre geçirerdi. Ýurduň ähli girdeýjilerinden we söweşdäki oljadan alynýan bäşden bir bölek salgytdan seýitlere haklar bellärdi. Engamlar, bellenilen haklar we berimler ýurduň etraplaryndaky pukara alymlara we akyldarlara dagy ýetýärdi. Hiç kim mahrum galmazdy. Ähli raýatyň we goşunyň ýagdaýlary gözegçilik astynda bolup, ünsden düşmeýärdi. Ýurtdaky ähli metjitleriň, medreseleriň we hanakalaryň wakfynyň girdeýjileri diwanynda hasaplanyp, ýekeje zat hem ýok edilmeýärdi, ýerli-ýerine we mähellesine sarp edilýärdi. Şonuň üçin onuň eý ady äleme ýaýylyp, dillerde ýaňlanýardy. Pitneler ody we zalymlar şeri dep bolupdy. Zehini, parasaty, ylymlary we jomartlygy jahanyň sahawatydy we manysydy. Planetalaryň-saýýaralaryň diwan kätibi onuň kämil sypatyna, bezegli tebigatyna, düşünjesiniň köplügine we älemi dolandyrýan ýagşy häsiýetine bu sözler bilen sena okaýardy.

## Şygyr

Eý rumhyňyň[1] nahaly nasr-u ferri Ilähi[2],
Tygyňadyr müsellem[3] yklym, mah-u mahy[4].

Ger nisbet etmeýidi çetriň suwadyna[5] şeb,
Mähw[6] eýlär idi raýyň şebden bu güni syýahy.

Sähergäh açardy deri[7] bargäh,
Geler idi etrapdan dadhah.

Berilerdi çün dad her bamdat,
Bu göz baby tedbir[8] ederdi güşat[9].

Durarlardy garşy keran tä keran[10],
Ulular-u her şir-i ner pälwan.

Kamu tagt öňünde jahan dideler,
Oturmyşlar-u şahda dideler.

Pes aramyş üstünde tutup karar,
Ki ondandy ramyşy ruzgär[11].

---

[1] Rumh – naýza.
[2] Nasr-u ferri Ilähi – Ilähi ýeňiş we goldaw.
[3] Müsellem – tabyn, boýun.
[4] Mah-u mahy – aý we balyk.
[5] Suwad – gara, gara peňk.
[6] Mähw – ýok etme.
[7] Der – gapy.
[8] Baby tedbir – çäre gapysy, alaç gapysy.
[9] Güşat – açma, açyk goýma.
[10] Keran – kenar, gyra, çet, ýaka.
[11] Ramyşy ruzgär – durmuş asudalygy.

Kamu ruz[1]-ruzy[2] kylardy rowan,
Ki birimiz galmazdy bi aş-u nan.

Gijelerde bezmi semag[3]-u şerap,
Haryfy kamu mest-u duşman harap.

Şunuň kibi bezmi bezärdi tamam,
Ki bulurdy[4] Zöhre hyzmatynda käm.

Sarahy[5] gözünden rowan idi hun,
Ruhy sagyryň[6] horram-u laglgun.

Besaty[7] meý-ýu hezreti patyşah,
Semagy hoş-u şadyýy gussa gäh.

Lykaýy[8] şahynşah giti furuz[9],
Şebi tiräni[10] ederdi kerdary[11] ruz.

Gähi top oýny-ýu gähi şikar,
Sürerdi surur ile hoş ruzgär.

---

[1] Ruz – gün, gündiz.
[2] Ruzy – iýmit, gündelik sarp edilýän zat, rysk.
[3] Semag – diňleme, zikir aýtma.
[4] Bulurdy – tapardy, gazanardy.
[5] Sarahy – jam, şerap gaby.
[6] Ruhy sagyr – bulguryň ýüzi.
[7] Besat – ýazylan, gerlen, saçak.
[8] Lyka – ýüz, keşp.
[9] Giti furuz – älemi ýakýan, älemi lowurdadýan.
[10] Şebi tire - garaňky gije.
[11] Kerdar – iş, amal.

## ŞYHLARYŇ ŞYHY, ŞEHABYL MILLE WEDDIN, HÄDIÝIL MURSALYN OMAR IBN MUHAMMET ES SEHRWERDINIŇ HALYPA TARAPYNDAN SOLTAN ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ ÝANYNA ILÇI BOLUP GELMEGINIŇ BEÝANY

Döwlet ýyldyzy doglup, ajaýyp bagtynyň peýda bolmagy, beýik Soltan Yzzeddin Keýkubada Allatagalanyň ýardamy bilen boldy. Onuň beýik tagtda ornaşandygy patyşalyk işleriniň berkleşip, dogry ýola düşüp, Taňrynyn ryzalygynyň mynasybeti bilen kararlaşandygy ýurt möhümlikleriniň tertibi parz we sünnet kanuny esasynda halkyň peýdasyna şerigat esasynda, şalaryň düzgüni we kadasy esasynda soltanlyga oturandygy barada Halypa en-Nasyreddinyllanyň ýanynda arz etdiler:

— Rum, Diýarbekr we Ermeni soltanlygy onuň mübärek barlygyna karar edilendir. Muhammet pygamberiň päk şerigaty ähli ýurtda adyllygy we bereketi bilen ornaşypdyr. Tutuş diýar we yklymlar ýaramazlaryň we şerçileriň şerinden boş we asuda bolupdyr. Ol tagt mirasdary bolmaga we goldanylmaga mynasyp we laýykdyr.

Onsoň hezreti halypa Rum, Ermen we Diýarbekriň soltanlygy we hökümeti permanyny, patyşalyk serpaýyny, gylyç we ýüzügi Şehabyl Mille Welhak Weddin Abu Abdylla Omar ibn Muhammet es Sehrwerdiden iberdi.

Soltana «Şyh Rebany es Sehrwerdiniň mübärek gadamy Aksaraý ülkesine ýetişdi» - diýip, mälim edenlerinde begleri köp pullar, sowgat-serpaýlar we azyk-iýmitler bilen garşylamaga ugratdy. Olar Zynjyrly menziline ýetenlerinde Soltan «Konýanyň kazylary, ymamlary, şyhlary, sopulary, han-begleri tamam ony garşylamaga çyksynlar. Hormat we tagzym şertlerinden ýekeje zady hem kem etmäň» - diýip buýurdy. Özi

hem eger geçmiş patyşalar direlip, ýene bu dünýä gaýdyp gelmek mümkinçiligi bolan bolsady, onuň ýönekeý esgerine laýyk boljak derejedäki bir bezegli goşun we dabara bilen şyhy garşylamaga ugrady.

Soltanyň nazary şyhyň mübärek jemalyna düşende aýtdy:

— Bu keşp galadan we zyndandan çykan gijäm düýşüme girip, gandaly aýagymdan aýryp, elimden tutup, gatyra mündürip, «Islegiň hasyl, maksadyň miýesser boldy. Zyndan tagta öwrüldi. Ýurt hökümiňe tabyn we boýun boldy. Hemişe Omar Muhammet Sehrwerdiniň hümmeti we dogasy hyzmatyňdadyr» diýen adamyň keşbidir.

Uzakdan garamaklyk gujaklaşmaga, göz bilen görmek görüşmäge öwrülende Şyh ýene-de şol düýşdäki sözleri gaýtalap, «Hemişe Omar Muhammet Sehrwerdiniň göwni we hümmet soltany yslam tarapyndadyr» diýdi. Soltanyň gursagynda örän ýokary rahatlykdan şatlyk nurlary buldurap, şatlygyndan ýaňa hökmürowanlygynyň ýüz ýaprakly güli iki esse artdy. Tamam şowk we hyjuw bilen salamlaşanlaryndan soňra şyhyň mübärek elini öpdi. Dostluk ynamy bilen hyzmaty zyýada kyldy. Şyhyň gadamynda tagzym we hormat bilen çäksiz kämillige we ölçegsiz beýiklige ýetdi. Bu hormatyň üstüne ymam hyzmatyndan iberilen şyhyň duşuşygy keramatyny özüne ganymat we teperrik görüp, özüni gadyrlanan we derejelenen bildi. Iki jahanyň bagtyýarlygyň özeni, bakylyk dileglerine ýetmegiň esasy bolan ol üstünligiň şükranasyna Ybraýym Edhem kibi, Isa Merýem ýolun tutup, näzenin janynyň kejebesi beýiklik bargähinde peýda bolup, bu tekepbir toprak mekanyndan ýüz öwürmek bilen «Iman getirenler üçin kalplary Allanyň zikrine we inderlen Hak-Gurhana maýyl (wagty) gelmedimi?»[1] diýen ýol-ýörelgede

[1] Gurhanyň 57-nji süresiniň 16-njy aýaty.

bolmaklygy diledi. Emma köňül haly her pursat şyhyň kimýa sypat göwün sadabyndan onuň syr gulagyna «Bu dünýä ahyret üçin haramdyr, ahyret dünýäparazlar üçin haramdyr we Taňry aşygy üçin ikisem haramdyr» diýip, nesihat we temmi berýärdi. Şyh nury Rebbany nazary bilen Soltanyň hatyrynda ornaşan syrlary görýärdi. Içki kämillik sapasyndan daşarda her birine bir şypa beriji jogap häzir edip, sus talabyna teselli berýärdi we «Biziň her birimiz üçin mälim bir orun bardyr»[1] aýatyny tefsir edýärdi.

### Beýt[2]

Jahanda hiç ýardam gören däldir,
Her merdiň işi, her işiň merdi.

Adalatlylyk görkezmäge, dinperwer kadalaryna eýermäge we haýyr işler etmäge ündew edýärdi.

Şähere ýetip, Şyhy döwlet sütünleri we ýurt serdarlary we begleri mübärek menziline - myhmanhana eltenlerinde Soltan ulumsylyk we tekepbirlik lybasyndan belli-külli boşap, mübärek barlygy saplanypdy. Ertesi Şyhy soltanlyk köşgüne çagyrdylar. Baryp halypanyň eden halatlaryny Soltana geýdirdi. Bagdatda sarap, gönderen sellesini başyna geýdi. Halypalaryň öňden gelýän däbine görä kim Soltan bolsa, hemme halkyň öňünde arkasyna «Gorkuň» diýip, edep gamçysyny urupdyrlar. Edep üçin Soltanyň mübärek arkasyna tokundyrdylar. Şyh üç gezek «adyllyk ede sen, şerigatdan çykmyýa sen» diýip, tagtyna oturmaga dessur berdi. Soň düzgünleriň doly tamam bolmagy üçin atlanmagyny soradylar.

---

[1] Gurhanyň 37-nji süresiniň 164-nji aýaty.
[2] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.

Halypalar öýünden Soltana iberilen göwher bilen bezelen eýer, uýanly we altyn nally gatyry öňüne getirdiler. Soltan Şyhyň öňünde ymamyň gönderen atynyň toýnagyny öpdi. Halypalar öýünden iberilen doly seçgi tabaklaryndan seçgi seçdiler. Soňra Soltan Şyhyň söhbetinde saýawan, sanjak we surnaýçylar bilen seýrana gitdi. Bütin halk Soltany ol şekilde gördüler. Seýrandan dolanyp, soltanlyk köşgünde düşlediler. Dürli tagamlar, aşlar, sökülmeler-kebaplar, gowurlan etler, ak we zagpyran däneler, halwalar, börekler, şeker-şerbetler bilen saçak bezediler. Bir esasy saçak, iki gola iki saçak ýazyp hatarlanyşdylar. Her bir gadam ýerde bir boýuň tabagy içinde päk ak miweler, käseleriň içinde lezzetli we hoşboý ysly şerbetler, sowuk suwlar goýuldy. Aý ýüzli gözel saky oglanlar bezelen käseler we bulgurlar bilen suw we şerbetler içirýärdiler. Nahar iýlip gutarandan soň aýratyn gullar dep, naý bilen aýdym-saza başladylar. Şyhyň ýany bilen gelen ynamdar müritleri joşup  zikir etmäge başladylar. Ol gün zowk we joşgun ýagdaýynda emele gelýän bir duýgy oturanlara täsir etdi. Soltana, galan beglere, Emir Jelaleddin Garataýa täsir edip, gaýçy kesen ýaly etdi. Başga-da birnäçe begler yhlas hyrkasyny geýdiler.

Şyh Soltan köşgünden Hudaýyň nurlarynyň şöhle saçýan we Taňry şöhlesiniň nur saçýan ýeri bolan mübärek menziline ugranda, Soltan köp pullar we dürli parçalar onuň yzyndan ugratdy.

Şyh Konýada bolan döwründe Soltan birnäçe gezek onuň ýanyna zyýarata baryp, bagtyýarlyk diledi. Rumuň ähli ulusy-kiçisi, aýratynam Konýanyň ilaty, han-begleri, pirleri we ýigitleri Şyha yhlas getirip, köpüsi teperrik hyrkasyny geýdiler. Her kim dilegi mukdarynda Şyhyň mübärek hümmetinden nesiplendiler (peýdalandylar). Sünnet tarykasynda şerigat ýoluna baryp, hakykata erişdiler. Şu güne çenli heniz ol

sagadatyň ýagmyry bu diýarda bakydyr. Bu diýaryň halky onuň müridi, Erdebil şyhlarynyň muştagydyr.

Şyhyň gaýtmaly wagty ýetip geldi. Soltan Rum we Ermeni nasarylarynyň hyrajyndan ýüz müň pul, bäş müň Soltan zikgesi bilen zikgelenen altyn, gaňňaly gatyrlar, igdiş we arap atlary, rumy gullar, nepis lybaslar bilen doly sandyklary Emir Jelaleddin Garataýy we Nejmeddin Abul Kasym Tusy birle Şyha sowgat üçin gönderdi. Ertesi hoşlaşyk üçin üýşüp, Zynjyrly menziline çenli gidip, Şyha bolan dostlugyny görkezdi. Şyh hyzmatyndan medet hemem belentlik, uzurlar dileýärdi. Şyh päklik bilen dileýän mededini kabul etmek bilen älemdäkileriň rahat, şadyýan we aman-esen bolan onuň döwleti eýýamyna uly zatlar goýdy.

Bu hoşlaşykdan soňra ygtyýarsyz aýrylyşdylar. Uly begleri we has myhmandarlary «Şäherlerde, ýollarda hezzet-hormat, sylag-sarpa we tagzym şertlerinden ýekejesini hem kem etmäň» diýip, Malatyýa çenli bile ugratdy. Her ýerde, her ýerde sowgat-serpaýlar häzir edip, sylaglaýardylar.

Şol günlerde Şyh Rebbany, Gurhan süreleri deňziniň guwwasy, hakykatlary biliji, inçelikleriň uly açyjysy Nejm Daýe ady bilen belli bolan Nejmilmille Weddin er-Razynyň sopuçylygyň ähli ýörelgeleri barada, bazarlar we şalar hakynda (onuň bir sahypasynda owadan haty bilen ýazylyşyna görä, ony şähriýary eýýamyň adyna ýazypdy) bolan «Mirsadyl Ybad» atly kitabyny okap görýär. Nejm Daýe Şyh Bagdatdan gelýärkä Malatyýada onuň hyzmatyna ýetişýär we kitaby Şyhyň mübärek okamasy hormatyna miýesser edýär. Şyh «Aperin!» diýip, ýazyjynyň we kitabyň hyzmatyny taryp edip, Soltana jöwher we zer bilen bezelen bir çeper nama ýazýar. Ol Soltan hyzmatyna baranda, ony dürli hormat-sylag bilen kabul edip, kitap göwnüne ýarap, ol kitabyň harpynyň sanyça baýlyk berdi.

Soltan onuň mährem şägirdi, bilimli zikrçisi bolup, köşgünden halypalaryň mekanyna dolanmaga rugsat berdi.

Soltan Şyhdan aýrylandan soňra Kaýsaryýa ugrady. Şyh halypalar öýi Bagdatda, ymam hyzmatyna ýeteninde Soltanyň dürli mähribanlyklaryny ýagşy ygtykadyny hezreti halypa beýan edip, gaýtalap-gaýtalap aýdýardy. Hezreti ymamyň[1] Soltan baradaky enaýat kömegi her zaman artýardy. Her ýyl halypa Soltana mähribanlyklar edip, derejesini we mertebesini artdyrýar. Mukaddes ymamyň bereketli ünsünden Soltanyň döwleti, ýurdy we soltanlyk işleri, düzgüne münüp, iki esse ösüş gazanýardy. Döwletli güneşi sagadat maşrygyndan dogup, ýaldyraýardy. Ýurtlary eýeläp, duşmanlary ýeňmekde we üstün çykmakda köp wagtlar we uzyn müddetler aladalanýardy. Onuň kyssasy we hekaýaty mundan soň beýan ediler.

## BEÝIK SOLTAN ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ JAHANY EÝELEMEKLIGE BAŞLAÝŞYNYŇ WE KALUÝURUS GALASYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Beýik Taňrynyň haýry sahawatyndan we belent Allatagalanyň enaýatyndan günsaýyn Soltanyň sagadat baýdagy we döwleti tugy myrady beýikligine we ykbalyň çür depesine çenli göterilip parlaýardy. Raýatyň beýiklerine we peslerine adyllygyny we merhemetini gaýgyrmaýardy. Şol mähribanlygy we sahawatly ahlagy sebäpli ekinlerde we dowarlarda bereket peýda bolardy. Oýa bagtynyň gözegçilik etmeginden ýurduň ilaty asudalyk we rahatlyk içinde ýatyp turýardylar. Pitneçiler we şerçiler Soltanyň ot saçyjy syýasatyndan gorkusyna ýerli-ýerinden çykman gizlenipdiler. Ähli raýatlaryň we hünärmentleriň aluw-satuw bazarlary

---

[1] Ymam - bu ýerde gürrüň halypa hakynda barýar.

rowaçlanyp ösýärdi. Akyldarlaryň we dana takwalaryň köňül syrlarynda, tümlük gümanlaryna derek sapa hasyl boldy. Bezm, eşret, şatlyk we şadymanlyk şöhlesi soňky ösüş derejelerine ýetdi. Bagşylar we sazandalar onuň şatlyk artdyryjy we gaýgyny ýok ediji mejlisinde yzyny üzmän sazlar çalyp, aýdym aýdýardy. Şonuň netijesinde olaryň ussatlygy kämilleşýärdi, täze öňe gidişlikler gazanýardylar.

**Beýt**

Meger bir gün ol hezreti şähriýar,
Oturmyşdy hyzmatda halky diýar.

Ulolardy, pür daneş[1] rezm juý[2],
Kamu köýde doludy güft-u güý[3].

Hadiwi[4] zaman şähriýary zemin,
Penahy mühän[5] patyşahy mehin[6].

Diýdi «Ahyr bu dünýäni ol Kerdigär[7] —
Hut etmezdi bazy[8] üçin äşkär».

Soltan:

— Löwläk[1] tagtynyň soltany, mübärek barlygy pelekleriň döredilmeginiň sebäbi, barlygyň we jandarlaryň saýlantgysy

---

[1] Pür daneş – bilimli, bilimden doly.
[2] Rezm juý - söweş gözleýän, söweşjeň.
[3] Güft-u güý – söz-gürrüň.
[4] Hadiw – hojaýyn, patyşa.
[5] Mühän – pesler, harlar.
[6] Mehin – pesler, gallaçlar.
[7] Kerdigär – Biribar.
[8] Bazy – oýun, güýmenje.

Muhammet Mustapa barmagyndan ýüzügini çykarany üçin Haktagala oňa «Ýa-da siziň gümanyňyzça, Biz sizi biderek ýaratdyk-da, siz Biziň huzurymyzda gaýtarylmarsyňyzmy!?»[2] diýip, ýüzlenip käýindi. Bize hem bezmiň horramlygyndan uruş meýdanyna ýöriş etmegimiz gerek. Ol hakyndaky soltanlyk kanunlaryny düzmek gerek. Pikiriňizi jahan etraplaryny eýelemek maslahaty üçin jemläň. Pikir we endişesi artyk bolan bu işi bir ýüzli edip, ony aradan aýralyň, onuň çäresi bilen jeňe ugralyň - diýdi.

Gerdişi eýýamdan tejribeler toplan, şehit Soltan Gyýaseddin Keýhysrowyň hyzmatynda sapardyr biçäreligiň, harlykdyr garyplygyň kynçylyklaryny çeken, durmuş wakalary we gije-gündiziň jebirleri bilen pugtalanan we yssyny-sowugy gören Emir Esededdin Yýas beg gadymy uly beglerden bolan, mal we genji-hazynasy örän kän bolan Mubaryzeddin Ärtoguş beg ikisi Soltanyň tagty hyzmatynda edep bilen dyza çöküp oturdylar we aýtdylar:

— Mülki Ýunan we Isgender patyşalygy Soltany äleme başdan-aýak miýesserdir.

## Beýt

Şahyň ýem[3] kenarynda bir şähri bar,
Ki gyşy olar misli horramy bahar.

Kamu deştidir läleden lagl reň,
Letafetde[4] bitirmemiş suýy seň.

---

[1] Löwläk - gysgalan söz. Manysy: «Eger sen bolmadyk bolsaň, pelekleri ýaratmazdym».
[2] Gurhanyň 23-nji süresiniň 115-nji aýaty.
[3] Ýem - deňiz.
[4] Letafet – näziklik, nepislik.

Gülüdir latyf-u kawy täze bar,
Weli ynjydar güllerin zähmi har[1].

Ýok Antalyýa kibi horram behişt,
Ki toprakdyr müşki-anbar sereşt.

Emma Kaluýurus galasy has gowudyr. Gök onuň ýanynda ýer kibi pesdir. Dag onuň eteginde (ýanynda) derýajyk kibi görünýär. Deňizden hendegi we granit daşyndan diwary bar. Gury ýer tarapyndan Sis welaýatyna hökümini ýöretse, deňiz tarapyndan Müsür häkimlerinden agyr paç alýandyr. Onuň küňresi Keýwan ýyldyzy bilen barabarlyk we asman bilen deňdeşlik edýär. Şonuň üçin patyşa ony paýtagt edinse laýykdyr we mynasypdyr. Emma ol galanyň üstüne goşun çekmek hiç bir patyşanyň göwnüne-de gelen däldir.

**Beýt**

Ne ol rahdan[2] uça biler ukap[3],
Ne hut girmäge ýol bulur[4] aftap.

Eger tutduk rahy derýa kenar,
Geçilerdi bi hedd-u addu jubar[5].

Kamu pil möwj-u kamu nilgun,
Ki möwji kylar idi pili zebun.

---

[1] Har – tiken.
[2] Rah – ýol.
[3] Ukap – bürgüt.
[4] Bulur - tapar.
[5] Jubar – ýap, salma, akar.

Örän haýbatly galadyr. Eger şahy jahan biz gullara perman berse, ýeňiji esgerliň her biri bir aždarha, her ütelgi bir humaý bolup, Soltanyň goşunynyň her bir çybyny äpet bir pile öwrüler. Bu gullaryň aý-güne we jahan şasynyň ykbalyna arzuwy oldur, ýagny patyşalykda we hökmürowanlykda bagtyýar saýawanyň bürgüdi mydama uçup ýörsün.

**Beýt**

Eger şir olursa mukabyl[1] bize,
Duraýmaz müň olursa birimize.

Eger ýol doly har-u hara[2] ola,
Biz erişejek pähn[3] sähra ola.

Beýikligi ýyldyz bilen barabarlaşýan, başy pelekler bilen deňleşýän, mertebesi aý bilen barabar, aşagy ýer astynda balyk bilen mynajat edýän ol galany Soltan döwletiniň gullarynyň kemerbentleri bilen alalyň. Ýurdy deňiz kenaryndaky beýleki ýurtlar bilen birleşdireliň. Hak buýursa ol hem beýleki welaýatlara birleşsin.

Bu pikire Soltan begenip, olary öwüp, «Aperin!» diýdi. Onuň buýrugyna görä daňdana çenli göç edip, ähli goşun bilen paýtagt Konýa ugradylar. Aksaraý topragyna ýetenlerinde örän şatlykdan we horramlykdan bezm serişdeleri düzedildi. Mejlisiniň aýşy-eşreti jennet bagy kibi joşgunlydy, aý ýüzli sakylar misli bezelen hüýr ýalydy. Döwlet emeldarlary we ýurduň ululary şahy jahanyň hyzmatynda bada noş ederdiler.

[1] Mukabyl – barabar, garşydaş
[2] Har-u hara – tiken we tikenek.
[3] Pähn – ýaýraw, giň.

Bir zaman çeň we rubap heňini diňlediler. Bir sagat Soltanyň sahawatyny we keremini wasp edenlerinden soň söweşiň we galany almagyň çärelerini edýärdiler. Göçgünli ruhlaryň başlary şady horramlygyň ýitiliginden gyzmaga başlanda, Mejlisiň söhbetdeşleriniň, şanyň egindeşleriniň her biri çadyrly-çadyryna gitdiler. Ertesi ýyldyzlar şasy we planetalar-saýýaralar patyşasy, ol älem aýlanýan güneş başyny göwher-mawy çadyryndan ýokary galdyrandan soň, asman-zeminiň gulagy naý we surnaý sesinden gapylmaga başlady. Döwlet surnaýynyň sesinden dag we dere ýaňlandy. Ýeňiş jahan penakäri şanyň öňünde gulluk ýerini öpdi. Döwlet ýüzüniň tuwagynyň we bagtyň ýaşyl başynyň özeni bolan gara saýawanyň güneşi bargäh öňünde lowurdady. Şähriýar Taňrynyň nury bilen döwlet atyna mündi. Ol agşam bethüý döwüň şöhlesinden joşa geldi. Ýer ýüzi goşundan, howa perişdelerden doldy. Yşyk we jöwşen lowurdysyndan dere we sähra demir bolup görünýärdi. Ýer ýüzi at aýagynyň tozundan garalypdy. Pelekleriň sowudyny naýzalar çäk edip, at aýagy tozundan dag peselip, jahan meselipdi. Naýzaly, sowutly atlar we batyrlar jeň we söweş üçin gaşlaryn çytyp, sowutlylar we hanjarlylaryň tolkunmasyndan sähra deňiz kibi bikarar bolýardy. Ol goşunyň köp we zyýadalygyndan gury ýeri deňizden, sährany dagdan tapawutlandyryp bolmaýardy. Şa ululyk minarasyndaky gün kibi we tendäki jan kibi merkezde ýerleşip, rowan boldular. Ol goşunyň gonjak we düşlejek her bir ýerinde guşlar uçup, uly janawerler, gaçyp goşunyň içinden çykyp bilmän, ýadap, aşaga düşerdiler. Bu görnüşde menzilme-menzil paýtagta ýetdiler. Atlynyň bir hepdede zordan göç edip biljek giň sährasynda düşläp, tanap-tanapa ulaşdyryp, çadyrlar gurdular. Jahanyň hökmürowany şähere girdi. Buýrugyna görä bezm esbaplaryny häzir etdiler.

## Beýt

Ýaraglandy salary bezm[1] ol zaman,
Demi nagty bezmi bezedi rowan.

Diýdiň meger sahny mina[2] idi,
Ki her han sahny sährady.

Tarabsaz[3] mutryblaryna[4] syla[5] -
— Edip, kyldy kamu halaýy mela[6].

Goşunyň ululary we etraplaryň begleri çäksiz şadyýanlyk bargähine tarap ugradylar. Şeýle bir mejlis düzedipdirler welin, ýyldyz oňa bahyllyk edip, ýüzigara bolýardy. Saz sesi bilen bulgur sesini goşup, şerap noş edýärdiler. Köňüllerini pany jahanyň gaýgylaryndan azat etdiler. Hoş sazlaryň owazyny diňlemeklerinden, hoşboý ysly şeraplary noş etmeklerinden garrylaryň jany gaýtadan ýigitlige gelerdi. Soltan Isgender sypat tagt üstünde Hudaýyň nury deý täjini başyna goýup oturdy.

## Beýt

Haýaty aby oldy heman jamy meý,
Ki degerdi jurgasy mülki Reý.

---

[1] Salary bezm – bezmi gutnaýjy, meýlis başy, meýlis ýolbaşçysy.
[2] Mina – mawy, mawy asman.
[3] Tarapsaz – şatlyk-şagalaň döredýän, meýlis bejerýän.
[4] Mutryp – bagşy-sazanda.
[5] Syla – sowgat, serpaý.
[6] Halaýy mela – gizlinlikde we aç-açanlykda.

Nowaýy semag-u neşaty şerap,
Rowan etdi juýy juwanlykda ab.

Söweş esgerleri ýeňşi aňmaklyk bilen joşa gelip, şatlykly otyrdylar we bada noş edýärdiler. Şeýle ýagdaý dowam edip durka Soltan:

— Goşuny häzir etmek üçin üç ok etrapyna hatlar ýazylsyn - diýip buýurdy.

Şol pursatda köşk we diwan kätipleri hoşboý ysly kagyzlara namalar ýazdylar. Gün keşpli, aý ýüzlüleriň zülpi we Zöhre sypatly dilberiň zülpüniň burumy kibi ak kagyzyň ýüzüni örüm-örüm setirler bilen bezediler. Hökmürowanyň eli bilen gol goýlup, nökerleri we gullary çapar atlaryna mündürip, üçde duran türk beglerine tarap ugratdylar. Lagl deý meý içişliginden soň, beglerde dynç almaklyk zerurlygy peýda boldy. Soltan eşret mejlisinden rahatlyk çadyryna ugrady. Ertesi säher wagtynda daňyň lebi gülküden dolanda we günüň ýüregi şahy jahanyň ýüzi deý nurlanyp, älem şasynyň mähri bilen bezelende, Soltan meýdana meýil kyldy. Top we çowgan oýnuna başlady.

### Beýt[1]

Asman edil güý ýaly boldy,
oňa çowgan bilen edep bermeli,
Ahyrzaman pitnesini başyndan atyp urar ýaly.

Goşunbaşylarynyň we begleriniň käbirini meýdana alyp gidip, özi bilen çowgan oýnamaga çagyrdy. Ýigitler ýüwrük atlary bilen meýdana girip, çowgan bilen topy başdan-başa

[1] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.

çalyp, geregi kibi oýnap, meýdan tozuny Keýwan ýyldyzyna ýetirdiler.

**Beýt**

Güneş kibi çün şahy giti newert[1],
Ki ondan muzy günbedi läjurt.

Kylyp zor äheň-u zähmi geran[2],
Urar erdi topuny tä asman.

Meýdandan dönüp, köşge gaýtdylar. Dynç alanlaryndan soňra täzeden şatlyk bezmini gurduryp, berimi bilen jahany aňkartdy. Bir hepde dowamynda top oýnamaga, jamy şerap noş etmäge we aýşy-eşrete meşgul bolup, ýalançy dünýäni lezzetler we rahatlyklar bilen geçirdi. Sekizinji gün atlarynyň aýagynyň tozundan aý-günüň ýüzüne gubar nikabyn tutduran, ýarag we esbaplar bilen bezelen bir goşun gelip ýetdi. Dokuzynjy gün daň atyp, dagyň pöwrize reňk ýüzüniň aýnasy açylanda, günüň ýüzi hökmürowan Soltanyň nurundan öçügsilendi. Jahany eýeleýji, Rüstem zarply şähriýar ýöriş Rahşyna[3] mündi. Nagara, surnaý we kernaýlar çalyndy. Diýar we ýurda zenzele düşdi.

**Beýt**

Ne tozlar ki gopardylardy ol zaman,
Ki ýer alty oldy, sekiz asman.

---

[1] Giti newert – älemi gezýän, aýlanýan.
[2] Geran – agyr.
[3] Rahş – Rüstem pälwanyň aty.

Onuň kibi piruzlyk azdy,
Ki gerdun piruzda owazdy.

Ýeňiji goşun aý we günüň kabul etmeginde topar-topar, bölek-bölek bolup, ýola düşdüler. Soltan:

— Bütin goşun üç bölek bolsun. Bir bölegi peleň kibi daglara, daşlara we gaýalara çyksynlar, bir bölegi läheň mysaly deňiz gyrasy ýolundan jeňe gitsinler, beýleki bir bölegi bolsa, sil we möwç kibi gämilere we taýmyllara münüp, gala tarapa barsynlar hem-de beýikliginden pelek haýran galyp, göriplikden gara buluda öwrülýän ol depä çyksynlar. Ol depede daşyndan Elbrus dagy melul bolýan dag ýaly manjanyklar gursunlar. Söweş we jeň wagtynda gaty daş nepis parça bolup görünýän batyrlar we alplar şol depä çyksynlar - diýip emr etdi.

Soltanyň hökümine görä manjanyklar guruldy. Beýik Soltan Keýkubat jamy Keýhysrowy noş etmäge başlady. Bir-iki bulgur aýlanyndan soňra galanyň diwaryna nazar etmäge bardy. Görse goşun söweşe we jeňe başlapdyr. Soltany görenlerinde hezreti Subhandan ýeňiş we ýardam diläp, peleň we läheň kibi dagdan we deňizden «Soltan jeňini» gurdular. Ol galanyň kifalysy (häkimi) Girfaryt «Soltan agyr goşun bilen ol suwdan geçdi we onuň iniş-çykyşyndan olara hiç zyýan ýetmedi» diýip eşidende:

— Bu habardan aňlaýyşyma görä, men gadymy ýurdumdan aýrylsam gerek. Bu bendi we düwüni men ne çäreler bilen açarkam? Ýer äleminde suw içinde bu ýerden mäkämräk bir galany hiç kim görmändi. Dagdan diwar we deňizden hendegi hiç kim gören däldir. Mundan öň güneş dagy hem bu dagyň üstüne müňlerçe ýolbeletler bilen güzer ederdi. Häzir şahy jahan Keýkubat ýel we ýyldyrym ýaly üstüne çykdy. Onuň asman bilen jeň kylmagy, pelek bilen söweşmegi Taňrytagala ýardamyndan we enaýatyndan boş däldigini

aňladýar. Bize dagy sabyr donuny geýip, sabyr gapysynda oturmakdan gaýry çäre ýokdur. Aýry çäre we derman galmady - diýdi.

Dünýä onuň gara bagty kibi gara lybasa bürendi. Içiniň odundan bagryňy ýakýan «ahlar» çekdi. Bütin gijeläp daňdana çenli çäre we alajyny pikir edip ýatmady. Läjurt gupbanyň üstünde jahany aýlanyjylaryň şasynyň baýdagy belende galanda, älem goşunynyň at aýagynyň tozundan garaldy. Bagtyýar saýawanyň depesinde şiriň şekili we zerrin gupba ýaldyraýardy. Atlary gum gemirýän atlylaryň zarbyndan we haýbatyndan gala ilatynyň endamy söwüt ýapragy kibi titreýärdi. Ýogsa ol gorkuly mekana döwür, zamana kynçylyk bilen bakardy. Eger ýagmyr ýerine ol gala ilatynyň üstüne bulutdan ok we gylyç ýagsa-da, olara zyýan we zelel ýetmeýärdi. Bu galanyň jüpbehanasy çarh oky bilen doludy. Çarh oky oňa sähelçe täsir eder.

## Beýt

Weli haşm çün eýleýe bagty şum,
Kylar seňňi harany[1] manendi[2] mum.

Soltanyň buýrugyna görä goşun belli-külli ol daga garşy ýöräp, bürgüt deý uçup, peleň kibi ýyrtyp, hemmesi dagyň üstüne çykdylar. Çykmaga hiç kimiň pikir hem edip görmedik şol dagyň üstüne çykyp, söweşe başladylar. Ol batyrlaryň we atlaryň söweşinden we jeňinden asman haýran galyp, ýerler sandyrap, lerzana geldi. Pelek diwanyndan günüň gündizligini

---

[1] Seňňi hara – granit, gaty daş.
[2] Manend – ýaly, misli.

kesip, günüň gündogardaky jürmüni magryp gizlençeginde gizlände müňlerçe zerrin çyralary bu beýik çarhyň bagynyň üstünde röwşen kyldylar we ýakdylar. Soltan goşun bilen çadyryna ugrady. Döwlet emirleri jan gaýgyrman merdanalyk edendiklerine garamazdan duşmanlaryň gaýduwsyzlygyndan we galanyň berkliginden ýaňa Soltana garşy el baglaýyp, ötünç dilediler.

Soltan olara mähremlik kylyp, olaryň her biriniň görkezen hyzmatyna laýyklykda hormat edip, mertebelerini zyýada etdi we aýtdy:

— Gerdun, hadysalar ýüze çykan wagtynda muňa pena kylmak isleýän bu mäkäm galany ne manjanyk bilen alyp bolar, ne garym bilen deşip bolar, ne ok, ne-de naýza oňa kär eder. Ujy ýyldyzlar tarapyna ulaşmyşdyr. Ähli taraplaryndan söweş ýoly baglanypdyr. Şeýle-de bolsa, Haktagalanyň kömek we ýardamy bilen ýardamlanyp, şeýle bir uruş we jeň etmek gerekdir welin, goý, ol söweşden möminleriň ruhlaryna rahatlyk we kalbyna şypa hasyl bolsun.

Begler we ulular Oguz resmine görä dyza çöküp, edep ýerin öpüp, Soltana «Aperin!» we sena kyldylar we aýtdylar:

— Şahy älem uly hümmetini oňa sarp edýär, demirem bolsa, gullaryňyzyň eli bilen mum kibi ýumşar. Ertir ýa jan berip şehit bolarys, ýa-da janan waslyna gowşarys.

## Beýt

Sähergäh ki Hysrow tamam etdi hap[1],
Ýer öpdi, gapysy öňünde aftap[2].

---

[1] Hap – uky.
[2] Aftap – gün, güneş.

Ýene joş kyldy çeri jaý-jaý,
Huruş[1] etdi kus[2]-u pygan kyldy naý.

Şol atlar ki olardy hamun newert[3],
Erişdirdiler bahrdan[4] göge gert.

Şahynşah rekap üstüne goýdy paý,
Peleki kämbagş[5]-u zafary rahnemaý[6].

Goşun galanyň daş ýüzüne alkymlap geldi. Söweş edip, şeýle bir ok atdylar welin, şäher ilatyny haýran we sergerdan etdiler. Soltanyň buýrugyna görä galanyň daş ýüzünde ýüz sany agyr manjanyk gurup, gala daş atdylar. Gyş paslydy. Howa atyr ýaly bolup, bulutlar müşk ýagdyrýardy. Gabaw we söweş Iki aýlap dowam etdi. Bir gije Soltan hemişeki endik eden adatyna görä doga-dilege meşgul boldy. Köp nala we pygan bilen Haktagaladan galany ýeňmegi diledi. Şol gije uky basmarlap uka gidende, düýşünde bir hoş suratly we perişde syratly bir şahs oňa bu sözler bilen beýan edip şuny sözledi.

**Beýt**

Ki bu hysn[7] tende dahy bar-ýok,
Muňa kimsede desti peýkary[8] ýok.

---

[1] Huruş – hyruç, joşgun, perýat.
[2] Kus – deprek, tebil.
[3] Hamun newert – çöl söküýän, düzleri söküýän.
[4] Bahr – deňiz.
[5] Peleki kämbagş – bagt beriji pelek, bagta ýetiriji pelek.
[6] Zafary rahnemaý – ýol görkeziji ýeňiş.
[7] Hysn – gala, berkitme.
[8] Peýkar – uruş, berkitme.

Weli çün Jahan Aferin[1] saňa ýar,
Olupdyr, gaýyrma hoş olar bu kär.

Sypahyň ger äheňi gerdun[2] ede,
Seri mehrden[3] magz[4] birun[5] ede.

Weger tarapy derýadan[6] olursa jeň,
Deňizden gury ýere gaça läheň.

Beli[7] oldy bu hysrowy tagtgäh,
Seniň çünki awn[8] etdi fazly Iläh.

Soltan bu hoş habaryň şatlygyndan ukudan oýandy. Syýa we galam isledi. Bu beýtleri bir bölek kagyza ýazdy.

Ertesi zulmaty kowujy esgerler ýol başlap, nur deňizi möwç kylyp, daň atanda, döwlet emirleri we ýurt emeldarlary soltanlyk dergähiniň dälizinde häzir boldular. Rugsat berlenden soň bargähe girdiler. Soltan düýşüniň hekaýatyny aýtdy we beýti beglere okap berdi. Her biriniň şadymanlyk säheri ýagty saçyp, rahatlyk gülleri kalplarynyň galyplarynda myrat sapasy bilen açyldy. Ondan soňra onuň buýrugyna görä, ol gazawatda häzir bolan pukaralara we tabynlygyndakylara ýüz baş sygyr, müň baş goýun we on müň pul paýladylar. Beglerden her birisi ol babatda mümkinçiliklerine laýyklykda, Soltana eýerdiler.

---

[1] Jahan Aferin – Ýaradan, Taňry.
[2] Äheňi gerdun – pelege ýöriş etme, pelege azm urma.
[3] Seri mehr – Günüň başy, Kuýaşyň kellesi.
[4] Magz – beýni, maňyz.
[5] Birun – daşary, daşary çykarma.
[6] Derýa – deňiz.
[7] Beli – hawa, şeýle.
[8] Awn – ýardam, kömek.

Her biri mertebesine we derejesine laýyklykda haýyr we yhsanlar etdiler.

## GIRFARYDYŇ AMAN SORAMAGYNYŇ WE KALUÝURUS GALASYNY BEÝIK SOLTAN ALAEDDINIŇ BENDELERINE TABŞYRMAGYNYŇ BEÝANY

Perişdeler äleminden Soltana yşarat bolan gijesi gala begi garşylyk görkezmegi we goranmagy terk edip, aňy gaflat we nadanlyk ukusyndan oýandy. Özüniň han-beglerini we ulularyny ýanyna çagyryp aýtdy:

— Biz Soltan bilen garşylyk babatda üstün bolup bilmeris. Ýogsa biziň bu galamyz we mekanymyz ýyldyz bile egindeş, bürgüt bilen goldaşdyr, emma kaza we takdyr höküminden onuň garşysyna hereket etmek dogry däldir. Ol Haktagalanyň nury berilmiş bir patyşadyr uruşman tersine, belki, onuň bilen bigäneligi aşnalyga öwürmek gerek. Gökden inen kuwwata we ýardama garşylyk etmek maslahat däldir. Maslahat şeýle; başymyzy Soltanyň hököm hatyna goýup, oňa boýun we tabyn bolsak, Soltanyň älemi bezeýän kuwwaty we nury bilen garry bagtymyz täzeden nowjuwan we ýaş bolar.

Bu göwne ýaramly pikir olaryň hemmesiniň aňynda ornaşdy. Bir dogruçyl we hoşzyban çapary-ilçini ygtyýarly edip, ony Antalyýa subaşysy Mubaryzeddin Ärtoguş begiň hyzmatyna gönderdiler. Sebäbi olar biri-birleri bilen owwaldan goňşulyk, gelip-gidiş we aşnalyk ederdiler. Aralarynda hat aragatnaşygy, dostluk-doganlyk esbaby mäkäm bolupdy. Şonuň üçin ilçini onuň ýanyna iberip, oňa:

— Goý, ol bize araçy bolsun we agyrysy ýürege-bagra erişýän bu gaýgy-gamymyzyň tikenini mähribanlyk müçenegi-

jübtegi we sahawatlylyk eli bilen biziň howsalaly we bagtygara durmuşymyzyň aýagyndan çykarsyn hem-de günämizi şanyň hyzmatyndan diläp bersin – diýip aýtmagy tabşyrdy.

Çapar Mubaryzeddiniň hyzmatyna geldi we oňa ýagdaýy arz etdi. Emir Mubaryzeddin derrew Soltanyň hyzmatyna baryp, gol gowşuryp garşy durdy.

**Beýt**

Şah-a aperin agzyny açdy zut[1],
Diýdi: «Eý berteri[2] asmany kebut[3].

Pelek, şugbasy[4] bagty piruzyňyň[5],
Jahan, bendesi tygy jan suzuňyň[6].

Ýaradalydan Hak özüňi seniň,
Ýanyňda goýmuş arzyňy seniň.

Seni şeýle kylmyşdyr ol Kämiýap[7],
Ki görmezdi Isgender ol resme hap[8].

Zafar[9] tygy hurhoruňyň zindesi,
Jahan bagty bidaryňyň bendesi».

---

[1] Zut – çalt, çakgan.
[2] Berner – artyk, ýokary.
[3] Kebut – mawy, gök.
[4] Şugba – bölüm, bölek.
[5] Bagty piruzyňyň – seniň ýeňişli bagtyňyň.
[6] Jan suz – jan ýakyjy, jan alyjy. Tygy jan suzuňyň – jany köýdüriji gylyjyňyň.
[7] Kämiýap – 1) maksadyna ýeten, hökmürowan; 2) Taňry, Alla.
[8] Hap – düýş.
[9] Zafar – ýeňiş.

Soňra ýene:

— Haýsy tarapa bagtyýar jylawuňy öwrüp, söweşe ýöriş etmegi buýursaň, zaman hökümleriňe tabyn we jahan emriňe boýun bolup, şalygyň berkär. Şu wagt Girfarydyň çapary bendäňiziň ýanyna geldi. Ol: «Eger patyşa bizi ot uçgunly haýbatyndan aman goýup, ynsaby etegi astynda döwrüň adalatsyzlyklaryndan halas kylsa we ant içip, biziň bilen ähdi-peýman etse, bu pelek derejeli şäher oňa miýesser eder» - diýip, habar getiripdir - diýdi.

Bu hoş habardan şatlyk alamatlary Soltanyň mübärek alnynda peýda boldy we buýurdy:

— Olaryň isleýän zatlaryna razylaşmak gerek. Ony hem beýleki tarapdarlar we ýaranlar hatarynda hasaplap, süýji dil we şirin beýan bilen hususy saçagymyza we gorag elimize almagymyz gerek.

**Beýt**

Biler sen, biler niçe halky jahan,
Ki iki ýardyr[1] tyg-u şirin zyban.

Ne zähmi ki erişdirer tygy tiz[2],
Zyban oňa melhem urar tiz-tiz.

Eger tünd[3] hem ola çarhy kebut,
Dem-u tab[4] tygyle açyla zut,

---

[1] Ýar – dost , hemdem, ýaran.
[2] Tiz – ýiti, kesgir.
[3] Tünd – 1) ýiti, kesgir, ötgür; 2) çakgan, çalasyn, çalt.
[4] Tab – 1) sabyr, takat; 2) gahar-gazap; 3) towlam, örüm, halka-halka.

Ony açan ol kimsedir bigüman,
Ki akyl olup, ura zähmi zyban.

Emir Mubaryzeddin bu ajaýyp sözleri eşidip, öz çadyryna ýöneldi we ol çapary häzir etdi. Olaryň maksatlarynyň hasyl bolandygyny oňa beýan etdi we aýtdy:

— Tiz Girfarydyň hyzmatyna bar oňa: «Köňüller seniň islegiňe laýyk boldy. Şähriýaryň mähremligi bilen gerdişi ruzgärden salamat we aman bolar sen. Mundan beýläk dostluk we wepa ýolun tut, gulluk guşagyn guşan. Galany bermek bilen gaýgylardan gutularsyň. Jahanyň akyldarlary we yssyny-sowugy dadan ulular şeýle diýip, göwün almazlary bilen hikmet dürlerin dilipdirler.

**Beýt**

Şol ähle kim etmiş hyrat[1] daýalyk[2],
Ol edermi şir ile hemsaýalyk.

Neçündir togan[3] – şahy perrendegan[4],
Ki tutmaz ukabyň[5] ýanynda aşýan[6].

Egerçi gije nurydyr misli rag[7],
Tulug etse hurşyt[8] nowlar[9] çyrag.

---

[1] Hyrat – akyl, aň.
[2] Daýa – eneke, gözegçi.
[3] Togan – algyr, laçyn.
[4] Perrende – guş.
[5] Ukap – bürgüt.
[6] Aşýan – höwürtge.
[7] Rag – sähra, çemenlik, dag etegi.
[8] Hurşyt – gün, güneş.
[9] Nowlar – ne olar, neýlär, näder.

Maslahat şeýle, köňlüni endişeden halas kylsyn. Eýýam şasynyň hökümlerine tabyn bolsun, gala söýgüsini göwnünden ýok etsin. Mundan beýläk şanyň mübärek saýasyndan pena gözlesin. Haktagalanyň saýasy bolan Soltanyň gaýgyrmaýan merhemeti seni deňiz we gury ýer melikleriniň arasynda güneş kibi meşhur eder» - diýip habar et.

Çapar galadan hoş köňül bilen yzyna dolanyp, bu hekaýaty başyndan-aýagyna çenli gürrün berdi. Girfarydyň meňzi nowbahar güli kibi açyldy. Jan we köňül bilen galany bermäge razy boldy. Onsoň bir akylly we şirin zyban ilçini Soltanyň hyzmatyna gönderdi we gulluk, birleşik, dostluk, bendelik, Soltana tabynlyk mazmunynda bir hat ýazyp iberdi. Onuň mazmuny şu goşguda getiriler:

**Beýt**

Kylyp owwal-a ýady Perwerdigär,
Ki ondan durar nik-u bet[1] äşikär.

Ferazendeýi[2] dagy pöwrize ten,
Furuzendeýi[3] şemi nili legen[4].

Hudawendi jan bagş-u ruzy resan[5],
Ki waspynda kasyr[6] durar her zyban.

---

[1] Nik-u bet – ýagşylyk we erbetlik.
[2] Ferazende – belent ediji, göteriji.
[3] Furuzende – ýakýan, ýakyjy, röwşen ediji, lowurdadyjy.
[4] Legen – şemdan, şem gap.
[5] Ruzy resan – rysk beriji, rysk ýetiriji.
[6] Kasyr – kem, kemlikli, kelte.

Kamuýa olar ondan umyd-u heras[1],
Oňa her dem olsun hezaran sepas[2].

Hem olsun guluňdan azym «aperin»,
Saňa eý şahynşahy ruýy zemin[3].

Şahynşahy agzam, uly Keýkubat,
Jahan adl-u dadyňdan abat bat[4].

Güzini jahan[5] fahry Seljugyýan[6],
Şahy Şiri Ýezdan-u Haýdar nyşan.

Eşidendirler, bu beýik daş gala Dara, Huşeň, Isgender we Kaýsar zamanyndan bäri biziň gadym ýurtlarymyz bolup, bu başy egilen bendäniň ata-babalaryndan galandyr. Hiç bir patyşa we şähriýar bu gala kast edip, jeň we söweş eden däldir. Baýlygy we esbaplary sansyz, her bir gerek-ýaragy ýerinde. Şonuň üçin beýiklikde pelek bilen barabarlyk edip, gün bilen söhbetdeşlik ederdim. Emma, nazarym ýeňiji saýawana düşende, ondan bedenime we göz nuruma gowşaklyk, kuwwatyma ejizlik peýda boldy. Soltanyň haýbatyndan bu mäkäm gala gözüme zyndan bolup göründi. Öz-özüme «Dagy ýerinden goparmak we bize ýumruk urmak [biziň üçin], başy ýele berip, elimizi zyýan halkasyna ýetirmek bolar» diýdim. Şol sebäpli şahy jahanyň älemi röwşenlendirýän güneşiniň saýasynda pena we mekan islemegi lazym bildim. Eger Soltan

[1] Heras – gorky, howp.
[2] Hezaran sepas – müňlerçe şükür.
[3] Ruýy zemin – ýer ýüzi.
[4] Abat bat – abat bolsun.
[5] Güzini jahan – älemiň saýlany.
[6] Fahry Seljugyýan – Seljuklylaryň buýsanjy.

bu biçärä mähir we merhemet edip, janyma aman, maňa bolsa, soltanlyk ýurdundan nan hasyl kylsa, bendelerine örän mähremlik we nökerlerine örän merhemet etdigi bolardy.

**Beýt**

Eger maňa bir köýi Soltan ola,
Ýeg ondan ki mülki Süleýman ola.

Meniňle eger ola ferri humaý,
Olar maňa ferri jahan kethudaý.

Eger adym olursa diwany şah -
Içinde meni hoş tutar mehr-u mah[1].

Soltan onuň sözüni halady we buýurdy:

— Bu kişi terbiýe gören alymlar we bilimliler toparyndandyr. Munuň arzuw-hajatlaryny haýyşyna laýyk ýerine ýetirmek gerek. Eger dostluk niýetiniň sütünlerini ýakynlyk esbabynyň çüýleri bilen mäkämlemäge mümkinçilik bar bolsa, onda ynamy artygrak bolup, biziň merhemet deňzimiziň şerbetinden onuň muhabbet işdäsine lezzet ýeter ýaly tizräk ýerine ýetirmek gerek.

Begler we ulular bu pikiri we raýy örän haladylar. Hemmesi bükülip we baş goýup, Soltana aperin diýdiler. Çapary bu bagtyýar hoş habary beýan etmek üçin yzyna ugratdylar. Girfaryt bu sözi eşidende, şadymanlykdan telpegini asmana atyp-tutdy we başyna geýdi. Buýsançly başyny göge ýetirdi. Çapary razylyk we tabynlyk habary bilen ýene-de ugratdy. Onuň tämiz haremhanasyndan birini Soltanyň päk

[1] Mehr-u mah – aý-gün.

haremhanasynyň düzümine girizdiler. Soltan Muhammet şerigatynyň emri bilen nika gyýyp, ony humaýun rahathanasynyň içine dahyl etdi. Girfarydyň işleri şonuň bilen düzgünleşdi. Akşäheriň begligi permany bilen birküç bölek obalary mülklüge ýazyp berip, çapar bilen Girfaryda gönderdiler.

Girfaryt mülk we emläk permanyny okap, akt we nika işleriniň tamamlanandygyny eşidip, ol gije şatlykdan we horramlykdan ýaňa şadyýanlyklar etdi. Ertesi güneşiň zerrin gämisi asmanyň gözýetim deňzinden çykyp ugranda, Girfaryt galanyň ustünden Keýwan ýyldyzynyň eýwanyna birleşip duran Soltanyň bargähiniň işigine geldi. Niçe ýerde ýer öpüp, ötünç we ýalkaw dilini saýratdy. Soltan merhemet we mähribanlyk nazary bilen oňa garady. Her pursat her dürli hormat-sylag etmekde yhlas-tagalla etdi. Girfaryt edep bilen dyzyna çöküp, tagt öňüne bardy we aýtdy:

— Eger jahan soltany älemi alyjy sanjagyny gönderip, bu täze mülki we galany görmek üçin mübärek gadamyny ursa, älem halkyna, Soltanyň bu gul hakyndaky hakyky meýli mälim bolardy.

Soltan gala girmäge niýet etmedik hem bolsa, Girfarydyň bu sözüni eşidip, şatlygy zyýada boldy. Şatlyk paýlaýjy saýawany we sanjagy bilen pelek depesine ugran güneş kibi gala tarap rowana boldy. Surnaý, kernaý, tüýdük we nagaralar çalnyp, asman-u zemin joşa geldi. Ulular we keşişler (ruhanylar) topar-topar, bölek-bölek bolup aşaga inip, elleri doly seçgiler we dilleri doly senalar bilen gelip, Soltanyň elini ogşamak hormatyna miýesser boldular.

## Beýt

Çün agdy hysara şahy dadger,
Sandyk ki aklyle jan buldy[1] ser.

Ne gala ki şäher idi araste,
Ki dili hesretindendi keý kaste[2].

Dag üstünde bir pähn[3] sähra idi,
Tomaşaýy jan-u dilara[4] idi.

Iýmişler agajy kamu saýadar,
Üzüm takyna[5] hut ýok idi şumar[6].

Doly çöwresi[7] gülşen-u murgzar[8],
Hezar[9] idi her bergle murgy zar[10].

Ol galada ekinleriň we beýleki baýlyklaryň örän köpdügini we sansyzdygyny gördi. Onuň kibi meşhur galanyň aňsatlyk bilen eline düşendigi üçin Soltan Haktagalanyň nygmatynyň şükranasyna «Bize beren wadasyna rast bolan»[11] aýatyny okap, dogalar etdi we beglere buýurdy:

---

[1] Buldy – tapdy.
[2] Kaste – kemelýän, azalýan, kemelme, azalma.
[3] Pähn – giň, ýaýrow.
[4] Dilara – kalby rahatlandyryjy, kalba rahat beriji.
[5] Tak (täk) – üzüm agajy.
[6] Şumar – san, sanama.
[7] Çöwresi – daş-töweregi.
[8] Murgzar – çemenlik, gülzar.
[9] Hezar – bilbil.
[10] Murgy zar – saýraýan guş.
[11] Gurhanyň 39-njy süresiniň 74-nji aýaty.

— Bu beýik galany basyp almak bilen Haktagala meni belent ýyldyz – bagtyýar etdi, adymyzy dünýä ýaýdy. Şonuň şükranasy üçin bu gara daşyň üstünde älem serwerleriniň arasyndaky parhyň bütin halaýyga äşgär bolary ýaly, görenden ýiti pikiri küteldýän derejede bir diwar we gala guruň. Ol biziň zamanymyzdan soňraky zamanlara ýadygär galyp, biziň tagallalarymyza we parasadymyza delil bolsun. Şeýle-de, Allatagala görkezmäwersin, eger Rum ýurduna gündogar tarapyndan uly we kuwwatly ýagy hüjüm edip, biziň öwlatlarymyz we nesillerimiz oňa garşylyk görkezip bilmän, gaçmaly bolaýsalar, käbirleri bu galany, käbirleri Sinoby pena edinerler.

Ondan soňra ol ýeri özüniň mübärek adyna we lakamlaryna degişli etmek bilen hormatlady. Şol pazylat arkaly ösüşde we berklikde çarhy çemmer we mawy gümmez bilen barabarlyk görkezdi. Soltanyň buýrugy bilen ussat binaçalary we eli çeper şekilçileri ýygnap, «Olar onuň islän zatlaryny edip (ýasap) bererler»[1] aýatyna laýyklykda işe başladylar.

### Nazm

Onuň kibi kuh etmemişdi güzin[2],
Dahy ýer ýüzünde Jahan Aferin[3].

Azajyk zaman içre oldy pedit[4],
Burujyle baru[5] sedid-u şedit[6].

---

[1] Gurhanyň 34-nji süresiniň 13-nji aýaty.
[2] Güzin – saýlama, belleme, goýma.
[3] Jahan Aferin – Ýaradan, Taňry.
[4] Pedit – görünme, ýüze çykma, döreme.
[5] Burujyle beru – küňresi bilen diwary.
[6] Sedid-u şebit – berk we mäkäm.

Ki ony wasp edimezdi kowly zyban[1],
Meger çeşm göreýdi ondan nyşan.

Bir arada, kim küfr-namysdy,
Kamu jaň üýni bangy nakusdy[2].

Bu gez kyldy towhyt[3]-u namy huda,
Munuň kibi şahdyr senaýa seza[4].

Onuň kibi ýerden ýowuz çeşm dur[5],
Hak etsin ony beýti magmury nur.

## ALARA GALASYNYŇ SOLTAN ALAEDDINIŇ BENDELERI TARAPYNDAN BASYLYP ALNYŞYNYŇ BEÝANY

Soltany älem beýik ymaratyny bir ýüzli edeninden soň, jahany alyjy uýanyny Antalyýa tarapa öwürdi. Ýolda barýarka nazary Alara galasyna düşdi. Bu gala dere içinde gara daşlaryň üstünde salnypdy. Pelek kibi gaýa üstünde berkleşipdi. Ruzgäriň gözi oňa haýrandy, ýanynda Nil kibi bir derýa rowandy. Etegini jahan lezzetlerinden çeken, atlas ýerine palas lybasy ygtyýar eden Girfarydyň gardaşy, Keýwan ýyldyzy kibi ol galanyň eýwanynda oturmyşdy. Soltan beglerinden birine:

— Bir bölek goşun bilen Alara galasyna tarap ugra. Ol galanyň häkimine «Munça parasat we batyrlyk bilen

---

[1] Kowly zyban – dil sözi.
[2] Bangy nakus – jaň sesi.
[3] Towhyt – Hudaýy bir bilmek.
[4] Senaýa seza – öwgä mynasyp.
[5] Dur – daş, uzak.

sypatlanan we meşhur bolan gardaşyň Girfaryt şonça goşunynyň bardygyna we galanyň berkligine garamazdan, Kalyýurus galasyny, bizden gorap saklap bilmedi. Sen dagy bir akylly kişi sen we jepakär eýýamdan hem ýüz öwrüpsiň. Salamatlyk ýoly saňa-da mynasypdyr. Eger gardaşynyň parasat ýoluny-ýörelgesini tutup, galany bize tabşyrsaň, öz hajatlaryňy we maksatlaryňy biziň uç-gyraksyz sahawatymyzdan hasyl edersiň. Eger biziň hökümimiziň we meýlimiziň tersine bir ädim etseň, onda ol garşylygyň tikenini öz nadanlyk we akmaklygyň gözünden daşarda görmersiň» diýip, habar ber - diýip buýurdy. Deliliň gerek bolanlygy üçin birküç keleme düzüldi.

### Beýt[1]

Biziň permanymyz bilen bu sözi ýatla,
Birden başyň ýele gidäýmesin.

Soltanyň permanyny oňa ýetirdiler. Soltanlygyň şan-şöhratynyň haýbaty onuň dil-u janyna täsir etdi. Gorkusyndan we tapsyzlygyndan sandyrap we endiräp, onda derrew sanjy keseli peýda bolup, kazaýy nägehany üstün boldy we şol haýranlykda hem janyny hak eýesine tabşyrdy. Ol galanyň ululary we ygtybarlylary ol hadysanyň howpundan gorkup, haýran we beýhuş boldular. Galany öz meýline gorky bilen Soltanyň gönderen beglerine tabşyrdylar. Soltanyň sanjaklaryny galanyň üstüne çykardylar we Şähriýaryň adyna edilýän dogalaryň owazyny ol diýaryň ilatynyň gulagyna ýetirdiler. Şeýlelikde, şonuň ýaly ajaýyp galany agzybirlik hem-de şeýle ajap wakanyň we habaryň üsti bilen söweşsiz we

---

[1] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.

gylyçsyz ýurduň beýleki galalarynyň üstüne goşdular. Şeýdip ol gala hem soltanlyk diwan depderlerinde bellige alyndy, girdejileri bolsa hasapdanlaryň hasabyna girdi.

**Beýt**

Şah-a çünki Dadar[1] ýawer[2] öwla,
Tyfly[3] onuň tagt-u efser[4] öwla.

Myradynja onuň rowan ola ap[5],
Ne dürli arzuwyýa kylarsa şetap[6].

Onuň emri ile döne bidereň[7],
Sagadatle bu çarhy pöwrüze reň.

Bu ikinji ýeňşiň habary soltany älemiň gulagyna ýeteninde, umumy bezm gurup, onda uly-kiçini we beýigi-pesi häzir etdi. Jeň söwdasyny başyndan çykaryp, söz-söhbet bilen bada noş etdi. Antalyýa ýeteninde ähli beglere, ululara sowgatlar we halatlar berip, olary patyşalara laýyk mähribanlyklara mahsus (eýe) etdi. Her birine ýerli-ýerinde gyşlamaga rugsat berdi. Özi aýratyn adamlary we ýakynlary bilen Antalyýada gyşlady we onuň mübärek barlygy bilen Antalyýa bezeldi we hormatlandy.

---

[1] Dadar – Ýaradan, Alla.
[2] Ýawer – ýardamçy, medetkär.
[3] Tyfl – çaga.
[4] Efser – täç, jyga.
[5] Ap (Ab) – suw.
[6] Şetap – gyssanma, howlukma.
[7] Bidereň – saklanmazdan, durmazdan.

## Beýt

Soňunda jahandar piruzy rezm[1],
Kylar idi her günde bir täze bezm.

Şahynşaha olar idi bidereň,
Gähi raýy jeň-u gähi naý-u çeň.

Pelek ýar soltana derýa-ýu kenar,
Her aradan ererdi buýy bahar.

Howa müşk[2] paş-u zemin sebz puş[3],
Hezar üýnler ile jahan pür huruş[4].

Lebi sebze bulutdan içmişdi şir[5],
Juwanbagt şa kibiden merdi pir[6].

Pygan çeke-ýu güle bangy[7] rubap,
Erermiş köňüle neşaty[8] şerap.

Saba zülpi şemşadady şana zen[9],
Dahany semen[10] doly müşki Hotan.

---

[1] Piruzy rezm – söweş ýeňijisi.
[2] Müşk paş – müşk seçýän, müşk pürkýän.
[3] Sebz puş – ýaşyl geýnen.
[4] Huruş – joşgun, joşma.
[5] Şir – süýt.
[6] Pir – garry, goja.
[7] Bang – ses, owaz, ýaň.
[8] Neşat – şagalaň, şatlyk.
[9] Şana zen – darakçy, saçyny darap berýän.
[10] Semen – ýasmin, gülüň ady,

Meýi nab içimiş güli huşýar,
Weli nerkesiň gözi olmuş humar.

Zemistanda mestan-u derýa kenar,
Her arada mejlisdi misli bahar.

Huruşy beläbille[1] owazy çeň,
Kylardy san rezmde[2] agazy[3] jeň.

Ýagardy idi ýagmyr-u dogardy mehr[4],
Açylardy ýazy dilefruzy[5] çehr[6].

Ruhy[7] şa ki hurşydy rahşandady[8],
Keremde kefi[9] ebri bagşandady[10].

Beraý[11] eýledi söhbet, ud-u çeň,
Içip jamy daraýy piruzy jeň.

Gähi saýd[12] kylar idi seýran gähi,
Kylar idi teýhudan[13] arzy tühi[14].

---

[1] Huruşy beläbil – bilbilleriň owazy, joşguny.
[2] Rezm – söweş, uruş.
[3] Agaz – başlama, girişme.
[4] Mehr – gün, güneş.
[5] Dilefruz – ýüregi röwşen ediji, kalby nurlandyryjy.
[6] Çehr – ýüz, keşp.
[7] Ruh – ýüz, keşp.
[8] Hurşyde rahşan – lowurdaýan gün.
[9] Kef – el, aýa.
[10] Ebri bagşanda – bagyşlaýjy bulut, sahy bulut.
[11] Beraý – pikirine görä, isleg-niýetine laýyk.
[12] Saýd – aw, şikar.
[13] Teýhu (tihu) – käkilik.
[14] Tühi – boş.

Kylmaz idi bir lahza hergiz dereň[1],
Galyň bişede[2] şir-u dag üzre reň[3].

Emma durmuşynyň zyýada wagtyny uruş we jeň pikirine sarp edip, söweş we uruş ýaragyny we taýýarlygyny, adyllygyny we gowy at gazanmaklygy jamy şerapdan we saz-söhbetden ýokarda tutardy. Ähli zatdan eý ady ýokarda goýardy we aýdardy:

— Eger-de lezzetli meý bilen ruh şatlanyp rahatlanýan bolsa-da, oýundyr güýmenje bilen durmuş zaýa bolýandyr.

**Nazm**

Egerçi hoş işdir şerap ile bezm,
Olar leýk bir gün dagy ruzy rezm[4].

Çün ola muşagşag[5] meýl hoşgüwar[6],
Tuta elde jahangir, duşman şikar.

Kefi onuň kepil amany ola,
Ruhy ferruhy[7] arguwany[8] ola.

---

[1] Dereň – haýal-ýagallyk,
[2] Bişe – jeňňel, tokaý.
[3] Reň – dag goçy, dag tekesi.
[4] Rezm – uruş, jeň.
[5] Muşagşag – 1) goýy däl kölege; 2) suw goşulan şerap; 3) lowurdawuk, şöhle saçyjy, ýaldyrawuk.
[6] Hoşgüwar – ýokumly, tagamly, lezzetli.
[7] Ferruh – 1) ýalkymly, şöhleli; 2) mübärek, bagtyýar; 3) owadan, gözel.
[8] Arguwan – 1) owadan gyzylymtyl ösümlik, gül. Şerabyň reňkini şoňa meňzedipdirler.

Kamu gullar ondan ala zib-u ferr[1],
Ola täze bir jan hem ondan meger.

Söz ähli ergire sözi tä nezdi[2] mah,
Ola ýek diliken hezaran sypah[3].

Bu görnüşde we usulda Antalyýada içgysgynçlygyny ýok edip, rahatlandy we lezzet aldy. Ondan ýagşy päl we bagtyýarlyk bilen paýtagty tarapa rowana boldy. Çar tarapdan resullar we ilçiler ol ýeňşi mübärekläp, köp sowgatlar we sansyz baýlyklar bilen Hysrow nyşanly şanyň dergähine ýöneldiler.

**Beýt**

Eşitmemişdiler hiç güwşi[4] zaman,
Bu nowgle[5] bir müjdeýi[6] kamyran.

Zehi fathy kim kyldy şahy jahan,
Ki hökümi kaza kibi oldy rowan.

Zeminden zamana ulaşdy huruş,
Onuň kibi kim bahrlar[7] kyla joş.

---

[1] Zib-u ferr – gözellik we şöhle bezeg we bagt.
[2] Nezz – ýany, golaýy, gapdaly.
[3] Ola ýek dikilen hezaran sypah – Bir dili müňlerçe goşun bolýar, bir sözi müňlerçe goşunyň deregini tutýar.
[4] Güwş – gulak.
[5] Nowg – görnüş, usul, tär.
[6] Müjde – buşluk, söýünji.
[7] Bahr – deňiz, umman.

## ALTY ÝÜZ ON SEKIZINJI ÝYLDA KONÝA WE SIWAS GALALARYNYŇ YMARAT EDILMEGINIŇ WE DÖWLET EMIRLERINE BÖLÜNIP BERILMEGINIŇ BEÝANY

Bir gün mawy asmanyň üstünde gündogar şasy şatlykly ýüzüni görkezende, Soltan köşgünden çykyp, lowurdaýan güneş ýaly bolup, ýyldyz deý hereketlenýän we ýel ýaly çalt ýöreýän atyna mündi. Ol görnüşden «Süleýman şunuň ýaly ata münüp geçdi» diýip, jahan haýbat aldy. Seýran düzgünine görä begler we ulular bilen paýtagt Konýanyň sähralarynda we ýazylarynda (düzlerinde) gezm edýärdi. Birden şäher tarapyna bakdy. Halaýyklar we baýlyklar bilen bezelen bir şäher gördi. Inine we boýuna bir günlük ýol. Baglar, miweli agaçlar we dürli sapalyklar bilen bezelen. Durmuş kynçylyklarynyň gubaryny bossanlary we sapaly agaçlary onuň ýüzünden näz we ezizlikler bilen süpüripdir.

### Beýt

Geru[1] bermiş aýyna aby haýat,
Ýylyndan ýere girmiş aby-haýat.

Uzanmyş niçe halk her ýerden,
Erip onda düzmüş buýut[2]-u watan.

Niçe şähr ki ol älemidi[3] tamam,
Bir uly deňiz idi-ýu şähr nam.

---

[1] Geri (giru) – ýene, gaýta.
[2] Buýut – öýler, jaýlar.
[3] Älemidi – bir älemdir.

Weli burj-u barusy[1] şähre görä,
Ýok idi ki öwüdi[2] her kim göre.

Heman oldy göwheri şebi furuz[3],
Şeb idi, oňa nisbet[4] ahwaly ruz[5].

Şäher (gala) diwary bezeginden ät, hülle lybasyndan ýalaňaç galypdyr. Soltan döwlet emirlerine we ýakynlaryna aýtdy:

— Diýary älemiň dürli yklymlaryndan aramlyk we dynç almak üçin müňlerçe-müň halaýyk gelýän, hanyman, nygmat we mal bilen doldurýan we asuda mekanda öý düzüp, zamananyň eýmenç hadysalaryndan aman bolýan, munuň ýaly atly we uly galany täze gelin kibi owadan, zynatly we bezegli munuň kibi şäheri diwar «hüllesinden» ýalaňaç we ät goýmak hakyky hatadyr. Eger-de biziň ýeňişli hereketimizden we ýürekleri daglaýan naýzamyzdan jahan etrapy biziň üçin gala bolsa-da bu galanyň daşyna diwar aýlamak gerekdir. Akyl we parasat eýeleri hemişe döwrany «Pelek bir görnüşde we duruşda karar etmez. Zamana hadysa döredýändir, asman aýnasy bolsa onda görünýändir» diýip, hajat mätäçlik we ýetmezçilik betbagtçylygyndan gorkýandyr.

[1] Burj-u baru – küňre we diwar.
[2] Öwüdi – Bu ýerde «sözi, berip biljek maslahaty ýokdy» diýen manyda.
[3] Şeb furuz – gijäni röwşen edýän.
[4] Nisbet – degişli, degişli bolma.
[5] Ruz – gündiz, gündizlik, gün.

## Nazm[1]

Zamana müň nagyş (hadysa) döredýär,emma bolmady –
Biri hem biziň göz öňüne getirýän aýnamyzdaky ýaly.

Biziň enaýatymyzyň beýik hümmeti, az günlerde iki ýüzli dünýäniň külüňiniň zeperi ýetmejek, döwürleriň geçmesi, durmuşyň üýtgemesi berkligini gowşatmajak bir berk diwary bu şäheriň daşyna we Siwas şäheriniň töweregine çekmek kararyna geldi.

Hemmesi bu aýgytly pikiri üçin Soltana «Aperin!» kyldylar we aýtdylar:

— Älem şasynyň pikiri bilen karar edilen her hökümiň ýerine ýetirilmegine biz gullar jan-u dil bilen gadam urarys.

Soltanyň buýrugyna görä, diwanyň çakgan hasapdanlary, mühendisleri-inženerleri, binaçylary, ymarat ussalary, ökde şekilçileri häzir boldular. Soltan atlanyp, begler, ulular, serdarlar we binagärler-ymaratçylar bilen şäheriň daş ýüzüni aýlandy. Soň Soltanyň emrine görä sütünlerini, diwarlarynyň ýerleşjek ýerlerini belli etdiler we gapylary şekillendirip, Soltana arz etdiler. Soltan doly üns, pikir we endişe bilen gördi, barlady, käbir ýerlerini üýtgetdi we düzetdi. Gapylarynyň sütünleriniň we diwarlarynyň sany belli edilenden soň, arşyn hasaby bilen uzynlygy we giňligi ölçenildi. Hasap işinde köplükde deňzi hasaplap bilýän, azlykda zerräni tozanjykdan tämizläp hasaplap bilýän, çakgan hasapdanlar salynmazdan öňürti, arşyn hasaby bilen hasaplap köpeltdiler we böldüler, şeýdip hem, näçe harç gerek boljakdygyny bilip, Soltana arz etdiler. Binaçylar, ymarat başlyklary, kätipler borçlanyp, «Gije-

[1] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.

gündiz tagalla baryny edip, tamamlap bileris diýip, boýunlaryna aldylar.

**Beýt**

Bu resm ile olardy ol wagt kär,
Syýakatle[1] inşa,[2] hutut[3]-u şumar[4].

Muhasyp[5] ki fenninde[6] mähir[7] ola,
Rukum[8]-u syýakatda kadyr ola.

Gazanmyş ola zarb-u tarhynda[9] nam,
Kyla rubg meskun[10] hasabyn tamam.

Almyýa bir puly müstäkele[11],
Alursa ola holkumna[12] äkele[13].

Kylarlardy işi tafwyz[14] oňa,
Ne oňa ki bilmiýä – gala daňa.

---

[1] Syýakat – 1) sürmek, köwmek; 2) sözlemek, beýan etmek; 3) işi ýöretmek.
[2] Inşa – düzme, söz düzme, ýazma.
[3] Hutut – 1) hatlar, ýazgylar; 2) harplar; 3) çyzyklar.
[4] Şumar – san, sanama, hasap.
[5] Muhasyp – hasapçy, hasapdan.
[6] Fen – sungat, ylym.
[7] Mähir – ökde, ussat.
[8] Rukum – sanlar, hasaplar.
[9] Tarh – ülňi, taslama.
[10] Rubg meskun – ýer ýüzi, ýer şary.
[11] Müstäkelle – biriniň zadyny zor bilen alma, zulum edip alma.
[12] Holkum – bokurdak, alkym.
[13] Akele – iýme, iýmek, iýmit.
[14] Tafwyz – tabşyrma, berme.

Kişi kim syýakatda kadyr degül,
Ulular huzurynda häzir degül.

Onuň kibiýe ynanyjak işi,
Soňunda utanar ynanan kişi.

Ýaňylar[1]-u çok mablag[2] eder talaf[3],
Kylar maly soltany kah-u alaf[4].

Tutalym ki kendusy[5] ýiýmeýe hiç,
Weli çünki bilmez kylar işi piç[6].

Beli ol ki hem ýiýe hem bilmiýä,
Hasap olajak çäresi galmyýa.

Duzaga tutulmyş kibi Ahryman[7],
Olup syna üstüne müň-müň temen.

Weli şol kim işinde kadyr durar,
Muhasyplar içinde mähir durar.

Eger ýiýerse bir akjany maldan,
Bire müň öwez berer agmaldan.

---

[1] Ýaňylar – ýalňyşlar, bulaşar.
[2] Mablag – pul, harç.
[3] Talaf – ýok etmek, zaýa etmek, ýitirmek.
[4] Kah-u alaf – saman we bede.
[5] Kendu – özi.
[6] Piç – bulam-bujar, çylşyrymly.
[7] Ahryman – Awestada Angra mainyu ýagny «pis akyl» manysynda gelýär. Otparazlaryň dininde erbetligi, ýamanlygy, hapalygy, garaňkylygy, nadanlygy we sütem döredijі zat. Ol yslam dinindäki Şeýtan we Iblis düşünjisi bilen barabardyr.

Emin eýläri ýazyjylardy,
Degül kim gapyp gazyjylardy.

Wuzaret[1] huzurynda on iki rast,
Defätir[2] ýazylardy bikem-u käst.

Emir, melikler katynda ahy,
Ýazylardy on iki depder dahy.

Bular jümle diwanda olardy,
Defätir dahy onda ýazylardy.

Ki olmazdy bir puly soltan talaf,
Bu töwr iledi adat mä salaf[3].

Çeriler muwäjiplerine[4] hasn,
Kylynardy diwany şahda kitap.

Ki bir jeftlik[5] ýer-u berterle[6] hem,
Bulunmazdy haryçda ol läjerem[7].

Kamu depder içinde mektupdy[8],
Muhasyp, newisende[9] mergupdy[10].

---

[1] Wuzaret – wezirlik, wezir.
[2] Defätir – 1) depderler; 2) edaralar, edaralaryň bölümleri.
[3] Mä salaf – öň, öňki, öňden, geçmiş, geçmişden.
[4] Müwäjip – aýlyklary, haklary.
[5] Jeft – jaýyň üçegi, jaýyň üsti, depesi.
[6] Berter – artyk, artykmaç, ýokary.
[7] Lajerem – 1) çäresiz, bialaç; 2) gürrüňsiz.
[8] Mektup – hat, nama, ýazgy.
[9] Newisende – ýazyjy.
[10] Mergup – meýilli, höwesjeň.

Asakyr[1] olunardy her ýylda arz[2],
Ki her birine olmuşdy timar[3] parz.

Görerdi müdebbirleriň akyly[4],
Ki her birisiniň nedir hasyly.

Kamusyna bu idi şadan ýasak[5],
Ki ederlerdi timara görä ýarak.

Jüpbe ile zereh,[6] at, şemşir[7] hem,
Sypahlyk alatyny[8] bi biş-u kem.

Husuly akar[9] emr-u erkanle[10],
Berilerdi permany diwanle.

Sypahy ýaragy tükelken tamam,
Alynmazdy mahsuly timary nam.

Ki zira welaýatda-ýu ilde,
Eger ýazda ola ger ýylda.

---

[1] Asakyr – esgerler, goşun.
[2] Arz – görkezilme, synlanma.
[3] Timar – 1) mülk, emläk; 2) sowgat-serpaý.
[4] Müdebbileriň akyly – akyldarlaryň akyllysy, dolandyryjylaryň akyldary.
[5] Ýasak – 1) görkezme, perman; 2) düzgün, kada, kanun.
[6] Zereh – jöwşen, sowut.
[7] Şemşir – gylyç.
[8] Alat – serişdeler, esbaplar, gurallar.
[9] Akar – ýer we suw, mülk, ýer we suw paýy.
[10] Emr-u erkan – buýruk we düzgün.

Muhasyp hünär ähli-ýu kärdan[1],
Emin – ýazyjylardy ol zaman.

Durup patyşah-u sypahyň kamu,
Ne mahsuly kim barse ol-u bu.

Kylarlardy zabt-u depderi tamam,
Kylyp arz, her bireri wessalam.

Ýaragy tamam olajak hasylyn,
Bererlerdi hüjjet, ki ala hemin.

Dahy memleket içre owkafy[2] hem,
Ne kişi ki kylmyşdurar biş-u kem.

Oňa nazyr[3]-u ýazyjy şahdan,
Kylarlardy, gorkup Allahdan.

Ne hasyl kim olardy depder kylyp,
Şaha arz ederlerdi ony gelip.

Sorarlardy şa emrile masrafa[4],
Berilmezdi her ebter-u müsrife[5].

Hasabyny her ýylda diwana hem,
Bererlerdi hepni[6] kusur[7]-u älem[1].

---

[1] Kärdan – iş bilýän, hünärli.
[2] Owkaf – wakflar, wakf berlen zatlar.
[3] Nazyr – gözegçi, serediji.
[4] Masraf – sarp etme, harç etme.
[5] Müsrif – artykmaç sarp ediji, isrip ediji.
[6] Hep – hemmesi, ählisi.
[7] Kusur – kem, az, ýetmezi.

Galamdan jahan zulmaty nur idi,
Memälik bu wejh ile magmur[2] idi.

Ki zira[3] kamusyny bilerdi şah,
Ger ola rygaýa[4] wer ola sypah.

Ne ondan, ne mundan biri olmazdy kem,
Ki bulmuşlar idi galamdan alam[5].

Ahata[6] olary münşiýi patyşah,
Kylypdy-ýu bu idi hem rast rah[7].

Dahy şol kişiýe ki ýoksul idi,
Ragyýýaty[8] şaha-ýu Haka gul idi.

Eger güýji zarg[9] etmäge ýetmiýe,
Medet kylynardy ki tä gitmiýe.

Oňa tohumle jübüt[10] hem mazraga[11],
Berilerdi tä sagy[12] ede mazraga.

---

[1] Älem – ýygnanany, jemleneni, ele düşeni.
[2] Magmur – abat, abadan.
[3] Zira – çünki.
[4] Rugaýa – raýatlar, halaýyk.
[5] Alam – 1) nyşana, ugur,yz, çelgi; 2) baýdak, sanjak.
[6] Ahata – gurşap alma.
[7] Rast rah – dogry ýol, göni ýörelge.
[8] Ragyýat – raýat, tabyn.
[9] Zarg – ekerançylyk, ekin-dikin, ekiş.
[10] Jübüt – goşa öküz, ýer sürmek üçin ulanylýan öküz.
[11] Mazraga – ekin meýdany, ekin ekilýän ýer.
[12] Sagy – yhlas, tagalla, janypkeşlik.

Soltan buýurdy:

— Hususy baýlykdan (gaznadan) şäheriň dört gapysyny, birküç sany ygtybarly sütünini (küňresini) ymarat etsinler.

Beýleki galanlaryny bolsa, her bir bege aýry-aýrylykda güýç-kuwwatyna we baýlygyna göräräk bölüp berdi. Soň olara bu babatda «gyssanmaçlyk kylyp, pursaty ganymat biliň» diýip, buýruk berdi. Bu manyda Siwas şäherine Emir Mejlise-de bir permandyr nama iberip, oňa: «Ol ýerdäki melikleriň we begleriň maslahaty we geňeşi bilen Siwasda hem bir mäkäm we dag ýaly berk diwar binýat ediň. Şeýle-de, beýleki beglere-de tabşyrylyşy ýaly şu tabşyryk we paýlanyşyk esasynda görkezilişi ýaly salyp, bejeriň we bu babatda yhlas we tagalla ediň» - diýip buýurdy.

Soltan hezretiniň han-begleri we ululary Konýa we Siwasda gala diwarlaryny gurmaga başladylar. Gije-gündiz her biri mümkin boldugyndan ol ymaraty gutarmaga yhlas edýärdiler. Üstünlik ýolbelediniň hyjuwlandyryjysy bolan bäsdeşlik we yňdarmalyk bilen jan aýaman yhlas görkezdiler. Esaslaryny mäkämläp, boýlaryny beýgeldip, sütünlerini berkidip, ak mermer bilen dürli şekiller we tymsallar bilen bezediler. Gurhan aýatlaryny, pygamberimiziň meşhur hadyslaryny, tymsal we hikmet sözlerini, «Şanamadan» beýtleri mermeriň ýüzüni oýup ýazdylar. Az döwürde Hudaýyň enaýaty we Soltanyň döwleti bilen ony ymarat edip gutardylar. Ymarat gutarandan soň Soltanyň hyzmatyna gelip aýan etdiler. Soltan atlandy we hendeginiň töwereklerinde aýlandy. Ähli diwarlara ygtybar nazary bilen seretdi we kaşaňlygy görüp begendi, öwgi sözlerini aýtdy. Soň köp ýyllar, ömürler we sansyz döwürler geçse-de, olaryň mynasyp tagallalaryndan jahanda nam we nyşan galar ýaly, hem-de özüniň adyna bejerden gapylarynyň we sütünleriniň ýüzünde özüniň mübärek lakamlaryny altyn setirler bilen ýazyşy ýaly, olaryň hem öz

atlaryna bejeren sütünleriniň ýüzünde öz atlaryna altyndan ýazgylar ýazmaklaryny tabşyrdy. Soltan hezretiniň mähribanlyklaryndan peýda bolan bu sylag we dereje üçin atdan düşüp, pyýada boldular. Egilip, tagzym etdiler we soltanlaryň soltanynyň senasyny çarhy pelegiň çür depesine ýetirdiler.

**Beýt**

Diýdiler ki: «Eý, Hysrowy rastyn[1],
Hudawendi deýhim[2]-u tagt-u negin[3].

Jahan bermiş el ähd-u peýmanyňa,
Kemer baglamyş çarh permanyňa.

Futuhaty[4] tygyňdan uş her zaman,
Zafar[5] ýagmyryn ýagdyrar asman.

Şahynşahlykda sen ol paýydar[6],
Ki döwri jahandan gala ýadygär.

We gerne şular kim kemer baglady -
Işigine şahyň ýujaldy ady».

Saraýyna döndi ýene patyşah,
Tutuban surury neşat[7] ile rah.

---

[1] Rastyn – gönümel, göni, dogry, hakykatçy.
[2] Deýhim – 1) täjiň üstünden baglanýan göwher bilen bezelen ýasy parça ; 2) täç.
[3] Negin – ýüzügiň gaşy, möhür.
[4] Futuhat – ýeňişler, basybalyşlar.
[5] Zafar – ýeňiş, üstünlik.
[6] Paýydar (paýdar) – baky, hemişe; berk, mäkäm.
[7] Surury neşat – şatlyk-şagalaň, begenç-guwanç.

Erişdi nuzul[1] eýledi tagtyna,
Kylyp şükri Hak döwlet-u bagtyna.

Buýurdy, bezendi ýene bezmgäh,
Olup kuh[2] şady-ýu gam misli kah[3].

Gurup bezmgäh misli horramy behişt,
Ki tohmy sururyledi[4] kar-u keşt[5].

Uly mejlis hub-u göwheri nigär,
Musaddarda[6] tagty jahan şähriýar.

Şonuň kibi bezendi ol bezmgäh,
Jahan pür setara[7] oldy mehr-u mah[8].

Içinde enjüm[9] sagyry pehlew[10]
Mahy enjümen[11] jamy Keýhysrow.

Şahynşah manendi[12] rahşanda mehr[13],
Kylyp täze gullar üçin mah çehr[1].

---

[1] Nuzul – inme, düşme, düşleme.
[2] Kuh – dag.
[3] Kah – saman, çöp-çalam.
[4] Tohmy surur – şatlyk tohumy, begenç tohumy.
[5] Kar-u keşt – ekmek-dikmek, ekin ekmek.
[6] Musaddar – törde, merkezde.
[7] Setara – ýyldyz.
[8] Mehr-u mah – gün we aý.
[9] Enjüm – ýyldyz.
[10] Sagyry pehlew – pehlewi bulgury.
[11] Enjümen – ýygnanan, toparlanan, üýşen, üýşmek, topar.
[12] Manendi – ýaly, misli.
[13] Mah çehr – aý ýüzli.

Gül horramy açdy etrapdan,
Suwardy gülüni meýi sapdan.

Dili pähliwanlardy pürtab[2]-u joş,
Pelekden melek diýerdi «noş-noş».

Hoş owazdan mest olardy hyrat[3],
Bagyşlardy jan sakyýy serw kat.

Meýiň täsiri şähriýaryň atly adamlarynyň aňynda oýanyp başlady. Zamana Soltanynyň şan-şöhratyndan gün şermisar bolup, başyna garga ýapynjasyny örtündi. Pelege erişýän mejlis kümüş jamlar bilen doldy. Iň ýokarky asmanyň bezeg çadyry, Soltanyň meýlis bilen bezelen çadyryna göribilmezçilik etdi. Begler we serwerleriň başlary şerabyň güýjünden serhoş boldular we söhbetdeşleriň gözleri soltanlyk döwletiniň duşmanlarynyň bagty kimin uka meýil etdi. Soltanyň lybashanasyndan her beg adaty we nepis halatlar bilen sylaglandy. El öpenlerinden soňra hemmesi synlaryny çekip, Soltanyň hyzmatyndan öz watanlaryna tarap ýola rowan boldular.

---

[1] Rahşanda mehr – lowurdaýan, parlak gün.
[2] Pürtap – dözümli.
[3] Hyrat – akyl, aň, düşünje.

## MUHYÝEDDIN IBN EL–JUZYNYŇ HEZRETI HALYPA TARAPYNDAN ILÇI BOLUP, SOLTANYŇ ÝANYNA GELMEGINIŇ WE GOŞUN KÖMEGINI SORAMAGYNYŇ, BAHAEDDIN GUTLUJANYŇ OŇA KÖMEK ÜÇIN IBERILMEGINIŇ BEÝANY

Konýa galasynyň ymaraty gutaryp, Soltanyň mübärek kalbyna rahatlyk aralaşandan soň, ýurduň beýleki zerurlyklarynyň we tertip-düzgünleriniň gözegçiligi üçin düşümli we mübärek jylawyny Kaýsaryýa tarapa öwürdi. Oňa ýetende Malatyýanyň beglerinden, serkerdelerinden çapar gelip:

– Halypa hezretiniň huzuryndan Muhyýeddin ibn el-Juzy ilçi bolup gelýär-diýip habar berdiler.

Soltan:

– Myhmanlary kabul edijiler onuň ilçi bolup gelmeginiň hormatyna laýyk hödür-kerem taýynlasynlar, Siwasa çenli öňünden gidip, olary garşy alsynlar - diýip buýruk berdi. Soňra:

– Gelýänleri hormatlamak we dabaralandyrmak ugrunda tagalla baryny ediň - diýip, Siwas häkimine ýene bir permany ýazdy. Beýik perman esasynda geregiçe hormat edip, derejesini beýgeltmekde olar dili keltelik etmediler. Soltanyň huzuruna gelýänçäler, olar ilçileriň ýanlaryndan aýrylmadylar. Lala kerwensaraýyna ýetenlerinde, Soltanyň dergähine habar etdiler. Soltan ony uly dabara we şowhun bilen garşylady welin, öten patyşalaryň ruhlary ol dabaranyň mahabatyndan utanardy.

### Beýt

Ystykbal[1] etdi nagara üýni ile efgany naý,
Sanaýdyk dünýäýe degişirdi jaý.

Sagadat rekabynda[2] olupdy rowan,
Ki reşk[3] elter idi oňa asman.

Tutupdy sözüne onuň bagt guş,
Olup pişgär[4] jenaby suruş[5].

Zaman sähraýy höküm permany onuň,
Zemin hastaýy nagly ýekrany onuň.

Ol garşy alnyşyň dabarasyndan we mahabatyndan geçmiş patyşalaryň gürrüň we hekaýatlary Ibn el-Juzynyň ýadyndan çykyp, unudylyş depderine düşdi. Görüşenlerinden we halypanyň salamyny aýdandan soňra, Soltan onuň bilen söhbet edip, hoşamaýlyk we gadyrdanlyk etdi.

Gowy dilnowazy ki oňa etdi şah,
Ki Juzy erişdirdi jowzaýa rah.

Resuly hylafat[6] bu ekramdan,
Özün sandy şahany yslamdan.

---

[1] Ystykbal – garşylama, öňünden çykma.
[2] Rekap – 1) üzeňňi; 2) jylaw.
[3] Reşk – göriplik, bahyllyk.
[4] Pişgär – hyzmatkär, hyzmatçy.
[5] Suruş – perişde.
[6] Hylafat – halypalyk.

Olup hem ynan[1] şahy Kamran,
Şah ile saraýa[2] girdi ol zaman.

Soltan her pursatda mähribanlyklar edip, olary ezizlärdi. Çaksyz hormat-sylag ederdi. Şäher derwezesine ýetenlerinde asmanyň hökümdary hormat bilen hoşlaşyp, gijäniň gara çadyryna girdi.

Ertesi takdyryň göwher çemenliginiň şiri bolan gün çykyp, aýy we ýyldyzlary planetalaryň-saýýaralaryň şasynyň mekanynyň aşagyna saldy. Bu ýaşyl tagtyň pöwrize soltany ak ýel ýaly atyna mündi. Ýene-de ýer ýüzüni almak ugrundaky gylyjyny urmaga başlady.

Bendeleriň hökümdarynyň köşgüni jennet bagy kimin bezäpdiler. Beýik Soltan beýiklik täjini beýikligiň başy üstünde goýup, jahana gözegçilik edýän tagtyna çykyp, Süleýman kibi tagtynda oturdy. Serkerdeler we uly emirler sagynda we solunda hatarlandylar. Soltan ilçiniň ýanyna getirilmegini isledi. Ymam Muhyeddin Müşteri ýyldyzy kimin dik sellesini başyna örtüp, salyhatlylyk we hormat hyrkasyny egnine geýip, halatlary göwher bilen bezelen boýunlykly, altyn nally, ýörgür gatyrlary getirip, edep-hormat bilen Soltanyň köşgüne geldi. Soltanyň köşgüniň işigine gadam goýanda, begler we ulular ony garşyladylar. Jelaleddin Kaýsar Perwana we Terjiman ogly Zahyreddin Mansur hormat bilen ilçiniň elinden tutup, sagyndan, solundan ýöredi. Ony elinden tutup, tagtyň öňüne eltip, kürsüniň üstünde oturtdylar. Halypanyň hazynaçylary getirilen halatlaryň bukjalaryny daşardaky şasypanyň eteginde hatarlap goýdular. Altyn nally, göwher bilen bezelen, sowutly gatyry şasypanyň ýanyna getirdiler. Soltanyň hyzmatkärleri

---

[1] Hem ynan – uýandaş, aty bile, ýandaş sürmek.
[2] Saraý – köşk.

sypanyň ortasyndaky perdesini aşak düşürdiler. Soltan tagtyndan düşüp, tagzym üçin halypanyň ulagynyň aýagyny öpdi. Halypanyň haladyny egnine geýdi, sellesini başyna goýdy. Muhyeddin Soltanyň elinden tutup, ony ýene-de tagta geçirdi. Hyzmatkärler ýene-de perdäni ýokary galdyrdylar. Begler we ulular altyndyr jöwherden doly tabaklary getirip, Soltanyň üstüne seçdiler. Soltan gijäniň dürdäne ýyldyzy we badagşan lagly kimin lowurdap otyrdy. Özara edim-gylymlardan soňra saçak ýazyldy. Tagam iýlip, saçak ýygnalandan soňra, Muhyeddin Soltandan ýekelikde söhbetdeş bolmagy haýyş etdi. Derrew köşgüň içi halaýykdan boşadyldy. Muhyeddin Haktagala öwgüler we Muhammet Mustapa salawat aýdandan soňra, en-Nasreddinylla halypa doga okady. Soltanyň köşgüne öwgi we salamatlyk aýtdy. Soňra:

— Halypa yslam şasyna salam iberdi. Nurly kalbyny mydama bu etraplardan üzmez, ünsüni sowmaz. Ol «tatar goşuny Muhammet Horezmşa bilen söweşip aýrylyşanlaryndan soň, mal, hazyna, at we don bilen goldaw tapdy we engamlandylar. Jansyzlar «Olar bu sebitleriň kastynda gezip ýörler» diýip habar berýärler. Eger ýoluň uzaklygy sebäpli diňe iki müň atly, bu şeýle köpem bolmasa, ýöne bir at üçin, Rum ýurdundan bize gelse, döwletiň, diniň, milletiň, mülküň abadançylygyny saklamak üçin kepil bolup bilerdi. Yslam patyşalaryna bu barada hatlar ugradyldy. Olar bu hadysany ýok etmek üçin gelip, taýyn boldular» diýdi.

Soltan:

— Eşidýärin we gulak asýaryn. Tizden düzedip ibereris - diýdi. Ilçi sözüniň kabul edilenligine şatlanyp, begendi. Öwgüli häsiýetli Soltanyň merhemetine şükranalar etdi. Köňli hoş bolup, öz dynç alýan jaýyna bardy. Soltan ýalňyzlykda oturýan otagyna girdi. Bir sagat dynç alyp, ýene tagtyna çykdy. Uly begleri çagyryp şeýle diýdi:

— Biziň halypanyň parasadyna, akylynyň kämilligine, danalygyna bolan ynamymyz mundan artykdy. Sil kibi duşmanyň we garşydaşlarynyň janyna azm edip, täze döwlet we ýaňy oýanan bagt bilen otly deňiz kimin tolkunýan we möwç urýan bir goşuny mylaýymlyk, hoşamaýlyk, hoşniýetlilik, güler ýüzlülik bilen garşy almakdan gaýry çykalgasy ýok. Meniň pikirimçe, şeýle edilenliginde dogry bolardy, ýagny her yklymdan dilewarlyk, parasat, batyrgaýlyk, danalyk bilen ýurtda, şäherlerde meşhur we tanymal bolan ýagşy gylyklylyk we gaýduwsyzlyk bilen tanalýan, syzgyr, geçirimli, ýagşyny-ýamany saýgaryp bilýän ilçileri köp halat-serpaýlar we öz iliniň gymmatbaha matadyr parçalary bilen ýollamaly. Olaryň hemmesiniň bir bellenişilen ýerde jemlenişip, agzybirlik we ynanyşmak bilen diniň, döwletiň ynanç bagynyň gülüni goramagyň ýagşy maslahaty üçin halypanyň ilçisiniň ýolbaşçylygynda hanyň huzuryna iberilmegi gerek. Özleri garşylamaga gitmän, patyşalar tarapyndan iberilen ilçiler han hyzmatyna ýetenlerinde, islegleri kabul bolar. Meniň patyşam we hojaýynym: «Eger özüm garşylamaga gitsem, meniň ýurdumda bulagaýlyk we topalaň ýüze çykar» diýip pikir edipdir. Dürli göwün awlamaklyk tabynlygyny aýan etmeli. Şeýle usul bilen meýiller belli edilse, onda ol kabul edilmäge ýakyn bolup, maksatlar hasyl bolar. Jaýdar maslahat şeýle: Pikirlerimizi we garaýyşlarymyzy biri-birimiziňkä goşup, ylalaşalyň we tertibe salyň. Ýaraşygy berkidip, düzgünleri pugtalandyralyň. Şunuň ýaly gowulyklar bilen ýaramazlyk ýarasynyň özeni ýok ediler. Ol ýagdaýyň sagdynlygy goralyp bilner.

Ähli begler, ulular, serkerdeler mülki bezeýän Soltanyň pikirine berekella aýtdylar. Ondan soň Soltan:

— Eger goşuny ugratmazdan öň bu pikiri halypanyň mübärek gulagyna ýetirseňiz, bizi ejizlän we goşun

goýbermäge bogny ysmadyk hasaplar. Iki müň atly islediler. Rum diýaryndan türk batyrlaryndan we alplaryndan bäş müň hanjar göteriji meşhur ýigitleri iberip, bir ýyllyk ýarag, galla we beýleki gerek zatlary berip goýbermegi höküm etmeli. Owadan keşpli, syratly, batyrlyk, baýlyk, parasat, ýitilik, ýarag we uruş esbaplary bilen kemsiz bezelen beglerden iki-üç sanysyny ol goşun bilen ibermek gerek. Derejesine we mertebesine laýyklykda esawan eder ýaly, her bölümi olaryň birine tabşyrmak gerek. Olar hem bu söweşde ar-namysa şek ýetirmän, ýat illerde agzybirligiň we ýoldaşlygyň zerurdygyny gaýym bilsinler - diýdi.

Şuňa laýyklykda hereket etdiler. Türkden, Deýlemden, Gazwynlylardan elli sany serkerdelere baýdak hyzmatynda gitmegi buýurdy. Bu zatlardan başga-da, barmakda-gelmekde kynçylyk çekilmez ýaly ýol harajaty üçin on müň pul we elli sany şahana atlas bilen sowutlanan saýlama ulag berdi. Ähli̇si Soltanyň beýik hümmetine, kämil aklyna, beýik danalygyna öwgüler aýtdylar.

Soňra derrew Malatyýa tarapa tizlik bilen baryp, begler begi Bahaeddin Gutlujanyň ýolbaşçylygynda Bagdat tarapa gitmäge esgerleri hyjuwlandyrmak üçin welaýatlara we ýurtlara hatlar ýazyldy. Ertesi Soltan gezelenje çykyp, ilçini ýanyna çagyrdy. Karar edilen wakany ilçä gürrüň berdi we oňa yzyna dolanmaga rugsat berdi. Muhyeddin öz bolýan ýerine bardy. Aýratyn hyzmatçylar elli sany owadan görkli rumy gullary, göwher bilen bezelen gerdenbentli, agyzdyrykly, uýanly on baş igdiş aty, bäş sany ýükçi gatyry, elli müň soltany puluny, ýüz tahýa, dürli kümüş we nepis donlary, otuz sany nepis halady we ýigrimi müň puly ilçi bilen gelen ygtybarly adamlara eltip berdiler. Olar ugrap ýola düşenlerinde, ähli goşun ýarag esbaplary bilen Malatyýa sebtine barypdylar we Soltan tugunyň görnerine garaşyp durdular. Soltan sanjagyny

Zahyreddin Terjuman, bölüm başlary, janpenalary-esgerler bilen iberipdi. Bahaeddin Gutluja beg hem ýöriş ýarag-esbabyny geregiçe tutup, taýyn bolup durdy. Zahyreddin gelip, oňa sanjagy we permany gowşurdy. Gutluja beg sag gol, sol gol, garawul we yzky topar serkerdelerini hem ellibaşlaryny belledi we tertibe saldy. Olar Malatyýadan ugradylar. Etrap we diýar melikleri, Hartpert, Amyt, Mardin we Mosulyň häkimleri ol uly ýörişe tomaşa edýärdiler. Soltanyň beýikligi we ýurdunyň kuwwatlylygy olara aýan bolýardy. Dürli sahawatlar bilen hödür-kerem edilip, peşgeşler berlip, hyzmatlar edýärdiler. Emir Bahaeddin hem ol diýaryň meliklerine we ulularyna hormat-sylag etmekde yhlas baryny edýärdi. Her bir ýere we her bir şähere ýetenlerinde, ol ýeriň meliklerini we ulularyny soltanyň halat-serpaýlary bilen begendirýärdi. Mosul diýaryna ýetenlerinde, Mosulyň meligi Melik Bedreddin Melik Bahaeddini üç gün saklap, geregiçe hezzet-hormatlady welin, hatda ony wasp etmäge söz hem tapylmaýar. Dördünji gün bolsa Bahaeddin Melik Bedreddini öz bolýan göçme köşgüne eltip, bir baýramçylyk hem meýlis gurady welin, muny gören Melik Bedreddin onuň beýik hümmetine haýranlar galdy we Soltana köp aperinler aýtmak bilen:

— Soltanyň kämil beýikligine we belent mertebesine siziň ýaly iş bilýän gullaryndan hem göz ýetirmek bolýar - diýip, doga-dilegler okady.

Zeh, eý, ki akyl kibidir ylym nikukary[1],
Tapuňa laýykmyş mansaby[2] jahandary.

---

[1] Nikukar – ýagşy iş, asylly iş.
[2] Mansap – dereje, orun.

Ezelde düýrüliban ziri sakfy[1] hümmetiňe,
Goşdy tä kyla unsury çahar[2] diwary.

Soň Melik Bedreddin Melik Muzaffereddine: «Rumdan soltanyň hyzmatyndan halypa huzuryna bir agyr goşun gelýär. Eger olar ol ýerde saklansalar, Eziziň[3] diwanyna, kän bir tapawudy bolmasa-da, köp harç etmeli bolar. Şonuň üçin olara tizräk öz mekanlaryna dolanmaga rugsat berseler, dogry we has laýyk bolar» – diýip, bir hat ýazdy. Melik Muzaffereddin hödür-keremler we peşgeşler taýýarlap, olary garşylamak üçin özi olaryň ýanyna ugrady. Olaryň ýanyna ýetip, goşuny örän tertipli we ruhubelent ýagdaýda görenine örän begendi. Melik Bedreddiniň pikirini dogry hasaplap, ýagdaýy beýan etmek we maslahat üçin bir gysgaça hat ýazyp, ony hem gögerçin ganatyna baglap, Eziziň diwanynyň hyzmatyna tarap uçurdy. Diwandan: «Myhman kabul edýänler ol ýere barýança, Melik Muzaffereddin rum goşunyny ol ýerde saklap, dürli saýlantgy we ajaýyp hezzet-hormatlar bilen hyzmat etsin» diýen jogap geldi. Melik Muzaffereddin hem Aly jomartlygy we Hatam sahylygy bilen olary hormatlamakda yhlas baryny edip, dürli hödür-keremler bilen kem-kösüni goýmady. Bu sahylyk onuň adaty we tebigy häsiýeti bolup, ol şol sebäpli-de älem içinde meşhur boldy.

Birküç günden soňra halypanyň hyzmatyndan uly beglerden bolan bir beg ulular we mertebeliler bilen Muzaffereddiniň huzuryna geldi. Soň olar Muzaffereddin bilen Bahaeddiniň ýanyna geldiler. Oňa Emirilmömininiň[4] salamyny we habaryny beýan etdiler. Emirilmöminin ady agzalan wagty

[1] Sakf – üçek.
[2] Çahar – dört.
[3] Bu ýerde halypanyň diwany göz öňünde tutulýar.
[4] Bu ýerde halypa göz öňünde tutulýar.

Emir Bahaeddin başyny ýere goýup, hatyny öpüp, başynyň üstüne goýdy we okady. Hatda: «Mundan öň «mongol goşuny Muhammet Horezmşanyň işini bitirdi. Indi dürli taraplara ýöriş etse gerek» - diýip habar we ýaň eşidilipdi. Biz hem ätiýaçlyk üçin soltandan goşun isläpdik. Häzirki wagtda olar bu tarapa gelmek pikirinden döndüler» - diýlen habary eşitdik. Biz hem ol möhüm üçin gelen beglere we meliklere görkezme berip, öz mekanlaryna ugratdyk. Bahaeddin Gutluja beg dagy hem goşunyny alyp, salamatlyk bilen yzyna dolansyn» - diýlip ýazylypdyr. Halypanyň myhman kabul edýänleri elli müň halypalyk altyn pul, ýüz baş düýe, ýüz baş at, elli baş eýerli-uýanly gatyr, on müň baş goýun, ýokary, orta we pesräk hilli üç ýüz sany halat, iki ýüz baş düýe ýüki, iýgi-içgiler we şerbetler getirdiler. Emir Bahaeddin Emirilmömininiň engamlaryna, yhsanlaryna we peşgeşlerine doga we sena etdi. Alnyny ýere goýdy. Emirilmömininiň çaparlaryna we myhman kabul edýänlerine soltanyň beren halatlaryny, at we gatyryny berdi. Çadyr gaýry adamlardan boşandan soň, getiren zatlarynyň hemmesini görüp, barlap, soň harç gözegçisini häzir edip, begleriň her biriniň derejesine we mertebesine laýyklykda atdan, altyndan, gatyrdan, düýeden, halatlardan, goýundan böldürdi we hemmesini ýazyp, her biriniň çadyryna eltdirdi. Ondan soňra:

— Ertir ähli goşun ýaraglary we ähli esbaplary bilen atlanyp, her dürli çakganlyklar, naýzabazlyk edip, oklar atyp, kementler zyňyp, esgerleriň bilýän her dürli hünärlerini ýerine ýetirip, her kim öz başarýan zadyny görkezsin - diýdi.

Ertesi goşunlar bezenip-beslenip atlandylar, begler halat baryny geýindiler. Bagdadyň we Erbiliň halypanyň hyzmatyndaky han-begler topary peýda bolanda, halat geýen

begler atdan düşüp, ugurlaryny Dar es-Salama[1] tarap edip, başlaryny ýere goýdular. Soltanyň çawuşlary belent owazlar bilen möminleriň emiri Nasreddinyllanyň Alla dogasyna we şahy-jahan Alaeddin Keýkubadyň senasyna başladylar. Bagdat goşuny we Melik Muzaffareddin ol hormaty we Soltan goşunynyň köplügini hem çapyksuwarlygyny, naýza sançmak, ok atmak oýunlaryny we beýleki türgünleşiklerini, kement zyňmak we beýleki ýarag-şaýlaryny görenlerinde, bir bölek goşunynyň munuň kibi ukyby we güýji bolan soltan öz ýolbaşçylygy bilen bir ýurda kast etse, onuň jan awlaýjy zarbyndan hiç bir janly-jandar halas bolup bilmez diýdiler. Emin Bahaeddiniň buýrugyna görä, goşunlar biri-birine hoşallyk aýdyşyp, hoşlaşyp, Rum tarapyna dolandylar. Birinji gezek bolanlygy üçin, begler we melikler ýene-de halypanyň begleriniň we serwerleriniň tagzymy üçin, dürli mähribanlyklar etdiler. Begler, ulular, ähli esgerler, beýleki çopanlar, hyzmatkärler we gullar şadyýanlyk hem göwnühoşlyk bilen menziller geçip, Malatyýa ülkesine geldiler. Emir Bahaeddin öz öýüne gelende, saparda we söweşde özüne ýoldaş we ýaran bolan beglere uly zyýapat etdi. Olaryň her birine bir hili mähribanlyklar, yhsanlar edip, engamlar berdi. Soňra olaryň ählisine mekanlaryna barmaga rugsat berdi. Soltan begleriniň birine bolsa soltan sanjagyny berdi we oňa öz kömekçisini hem goşup, olary soltan hyzmatyna gönderdi we özi gitmänligi üçin ötünç diledi. Bir aýdan soň Soltan huzuryna gelip, onuň elini öpmek mertebesine mynasyp boldy. Soltana bolup geçen ýagdaýlary, wakalary, begleriň we melikleriň beren sowgatlary, ol diýaryň halky, olaryň ýarag-esbaplary, Erbil patyşasy Melik Muzaffareddiniň sowgatlary we myhmanparazlygy barada gürrüň berdi. Bu söz Soltanyň

[1] Dar es-Salam-Bagdat (salamatlyk öýi)

göwnüne ýarap oňa öwgüler aýtdy. Ilçilere nepis halatlar, mähirli kenizler bagyş etdi. Olaryň biri-birine gowuşmagyny öz göwnüne laýyk gördi. Emir Bahaeddine dürli hormatlar etdi.

## SOLTANYŇ KAÝSARYÝA ŞÄHERINIŇ DÖWLET JAÝYNDA ULY EMIRLERI TUTMAGYNYŇ WE ÖLDÜRMEGINIŇ BEÝANY

Bir müddetlik Soltanlyk eýýamy döwlet nobatynyň hökümi bilen soltan Alaeddiniň beýik mertebesiniň eline geçdi. Zyndan we tussaglyk günleriniň kynçylyklaryny aýşy-eşret mejlisleriniň lezzeti bilen mübärek hatyrynyň-kalbynyň ýazgysyndan öçürdi. Ol tussaglyk we kynçylyk wagtlarynda, durmuşyň jebir-sütem paýlaýan sakysynyň elinden damjalap içen tagamsyz şerbetlerinden aýňaldy. Näz-nygmatly tagtynda, hormatlar derejesinde ornaşdy. Döwletiniň uly begleri bolan Seýfeddin Çaşnygir Aýbe beg, Zeýneddin Beşara Emir Ahyr, Mubaryzeddin, Bähramşa, Emir Mejlis we Bahaeddin Gutluja dagylar öňden hyzmat edip gelýänligine, örän baýlygyna, tabynlarynyň, ýakynlarynyň we ýaranlarynyň köplügine buýsanyp, tekepbirlik edip başladylar. Saçak başynda, mejlisde we seýranda Soltana sansyz hökümler etmäge başladylar. Aýaklaryny öz hetleriniň çäginden, mertebelerinden daşary uzatmaga başladylar.

Soltanyň aşhanasynda her gün aýratyn we umumy saçaklar hem-de beýleki wezipeler üçin otuz baş goýun soýmaklyk ýola goýuldy. Emir Seýfeddin Aýbegiň aşhanasynyň harjy segsen baş goýundy. Gepleşikleri bozmak, olary geňeşmek hem daraltmak, ösdürmek hem peseltmek ygtyýaryny belli-külli öz eline aldy. Ol Soltan hyzmatyndan öz menziline baranda Soltan köşgüniň töwereklerinde hiç kim galmazdy. Ähli begler we döwlet emeldarlary ony özüne ýolbaşçy, serdar hem-de

maksatlaryny bitirýän hasaplardy. Uly işlerde onuň buýruklaryny ýerine ýetirýärdi. Soltanyň emeldarlarynyň arasynda onuň yşaratyna garşylyk görkezmek mümkin däldi. Soltanyň patyşalyk tagtyna geçen wagtyndan «kyýamat gününe» çenli bu usul bilen gün geçýärdi. Bu häsiýet dowam edýärdi. Şol sebäpli Soltanyň mübärek kalbynda ar-namys öýke-kineleri köpelýärdi. Emma amatly pursata mümkinçilik bolmanlygy üçin, ol mylaýymlyk we ýumşaklyk edýärdi. Emma ýeke wagty gürlände, onuň agzynda zäherli sözler peýda bolýardy. Soltanyň ýekelik wagtynda ýanynda bolýan egindeşleri we ýakynlary gadyrbilmezlik edip, onuň ähli syrlaryny ol beglere ýetirerdiler. Olar hem Soltanyň öňünde göwni peslik şiwesini ýerine ýetirseler-de, gizlinlikde Soltanyň kastyna maslahat ederdiler. Ýagdaýa gözegçilik ederdiler. Gurt kibi biri-biri bilen dil düwüşmekden gorkardylar we ätiýaçly bolardylar. Bir gije serhoşlyk netijesinde biri-biri bilen «Soltany Emir Seýfeddiniň öýüne myhmançylyga çagyralyň we tutup, aýagyna zynjyr uralyň. Kyluhysarda bolýan Keýfireddini getirip, Soltan tagtyna geçireliň, ähli işleri we hökümeti öz elimize alalyň» diýşip karar etdiler. Mejlisde olar bilen pikirdeş bolan bir oglan özüniň örän serhoşlygy sebäpli, ol mejlisden daşary çykyp, serhoş ýagdaýda hokgabaz ogly Seýfeddin begiň öýüne baryp, begleriň pikirini, olaryň Soltana kast etmekçi bolýandyklaryny oňa aýtdy. Seýfeddin beg ol gije Soltanyň huzuryna baryp: «Eger-de, ertir Soltany myhmançylyga çagyraýsalar, ol muny kabul etmesin» diýip, ýagdaýlary mälim etdi. Ertesi Çaşnygir soltany myhmançylyga çagyranda, soltan bir bahana tapyp gitmedi. Mundan beýläk olar bilen doly ätiýaçlykda gün geçirip ugrady. Akyl yhlasyndan nesihat alardy. Gaýypdan bu gamyň aýrylmagyna we zulmatyň ýok bolmagyna garaşýardy. Bu ýagdaý uzaga çekdi. Olaryň bolsa batyrgaýlyklary we hetden aşmalary

dowam edýärdi we günsaýyn artýardy. Bir wagt Soltan Antalyýa gyşlagyndaka, Soltanyň hyzmatynda we syrlaryny ynanmakda ynamyna giren Hokgabaz ogly we Emir Gimnanusa Soltan şikaýat edip, bu ýagdaýy aýtdy. Olar jogap berdiler:

— Hakykatdan-da patyşanyň pikiri olaryň ýok edilmegini isleýän bolsa, olaryň barlyk aýnasyndaky namys posuna öwüşgin bermekden aňsadrak çäre ýokdur. Emma, ýigrimi ýyldan bäri Antalyýanyň goşunbaşysy we häkimi bolan Mubaryzeddin Ärtoguş begiň olar bilen dostluk gatnaşyklary, ylalaşyklary berk we mäkäm bolanlygy sebäpli bu iş bu ýerde aňsat başa barmaz. Eger patyşa buýursa, biz bu işi Kaýsaryýada ýerine ýetireliň we bu gamdan mübärek synasyny sap edeliň.

Soltanyň mübärek durkuna bu pikir laýyk geldi. Bahar gelip Antalyýadan göçen wagty Soltan Kaýsaryýa tarapa ugrady. Ol begleriň barlyk binaýatlaryny haraplamak üçin ilki şu başlangyjy buýurdy, ýagny köşk gapyçylarynyň başlygy bolan Şemseddin Gazwinä: «Gapyçylar hyzmat we borçlaryny kem ýerine ýetirýärler. Näme üçin meniň sözüme gulak gabartmaýarsyň?» diýen bahana bilen elli taýak urdy. Mundan beýläk köşkde gözegçiler we gapyçylar egsik bolmasyn» - diýdi. Bu düzgün yzygiderli we üznüksiz dowam etdi. Soltanyň bir çäre tapmaga mümkinçiligi peýda boldy. Şeýlelikde, Gimnanus, Seýfeddin Hokgabaz ogly we Mubaryzeddin Isa Jandar bilen: «Pylan gün begler hemişeki adatlaryna görä, döwlet jaýynda şatlyk we şerap mejlisine ýygnanyşanlarynda, Gimnanus we Mubaryzeddin öz nökerleri bilen ýarag esbaplaryny şaýlap, gizlinlik bilen, soltanyň bakjasynyň diwarynda aýlansynlar. Aýratyn gullar ýarag bilen adaty düzgün boýunça köşgüň sypasynda garawullyk düzgünine görä hyzmatda bolarlar. Perdeçiler we gapyçylar begler köşge

gireninden soňra, köşgüň gapysyny berk baglap, hiç kime girmäge mümkinçilik döretmesinler. Ondan soňra Emir Mubaryzeddin Isa Jandar we gardaşlary bile hanyň gapysyna gelip, ýarag-esbaplary bilen taýýar bolup dursunlar. Beglerden kimdir biri turup öýüne gitmäge ugrasa, ony tutsunlar we bir öý içinde baglap taşlasynlar. Ählisi tutulyp aw duzagyna duçar bolanlaryndan soňra, Soltan huzuryna aýan edip, Soltan olara näme höküm buýursa, ýerine ýetirsinler» diňip maslahat etdiler.

Ol wadalaşylan gün hem gelip ýetdi. Begler däp bolan adatlaryna görä, ikindi wagtynda patyşanyň köşgüne ugradylar. Soltanyň buýrugyna görä, döwlet jaýynda bezm guradylar. Gimnanus özüniň birküç sany yhlasyna ynamy bolan gullaryna ýarag geýdirip, Soltanyň bakjasynyň diwarynda aýlandyrýardy. Begleriň hemmesi içeri girip, her haýsy ýerli-ýerinde oturdylar. Bagşy-sazandalar saz-söhbete başladylar. Sakylar bulgurlary aýladylar, uly käseler içilmäge başlandy. Soltan Seýfeddin Aýbe bege hem bir käse içirdi. Emir Mubaryzeddin Isa gardaşlary bilen gapyda häzir bolup durdy. Gapyçylar köşgüň gapysyny ýapyp, berkitdiler. Serdarlaryň başlary doly bulgurlary içmekden sämedi. Seýfeddin Aýbe Çaşnygir Soltan hyzmatyndan daşary çykdy we öýüne ugrady. Mubaryzeddin Isa beg we gardaşlary, onuň öňünden çykyp, aýtdylar:

— Höküm şeýledir, beg bu öýe girsin.

Jogap berdi:

— Ýalňyş bolaýmasyn?!

Aýtdylar:

— Dogrudyr we berkdir.

Derrew börügini ýere urdy we aýtdy:

— Maňa ol gün Soltan bagynda seýran edýärkäm «garry agaçlary kesip, ýerlerine ýaş agaçlary oturtmak gerek» diýipdi. Onuň şonda munuň kibi haýynlyk etjekdigi belli boldy. Eger

men ol gün bu wakanyň çäresini edenligimde, bu gün ejiz bolup, ýesirlik duzagynda guma garylmazdym. Çäre gözläniň haýry ýok. Boljak bolandan soňra pikir edeniň bilen derdiňe derman bolmaz. Ýazgyda razy boldum. Hudaýyň takdyryna ynsanyň tedbir-çäresiniň peýdasy bolmaz. Ýazgydy hiç ýagdaý bilen dep etmek mümkin däldir.

**Beýt**

Dil janle hanymandan etdim näumyt,
Hursandym ölüme uşda,[1] gitdim näumyt.

Soňra Zeýneddin Beşare Emir Ahyr daşary çykdy. Ony hem tutup, bir öýe saldylar. Galan begler bu ýagdaýdan bihabardy we gapyl Soltan hezretinde aýşy-eşrete meşguldylar. Ondan soňra Bahaeddin Gutluja dagy çykyp, öýe gitmek isledi. Ony hem tutdular. Olaryň ählisinden soňra Emiri Mejlis daşary çykdy. Ony hem mejbur edip tutdular. Ähli begler tussag edilenden soň, Hokgabaz ogly Seýfeddin beg Soltan huzuryna girip şeýle diýdi:

— Patyşaha soltanlyk mübärek we gutly bolsun!

Soňra Soltanyň gullary ol begleriň daşarda sypada oturan gullaryny tutup, zyndana atdylar. Ondan soňra Soltanyň köşgüniň gapysyny açdylar. Soltanyň kömekçileri we ynamdarlary ol begleriň öýlerine bardylar. Olaryň esbaplaryny we gymmat baha zatlaryny ýazdylar. Ählisiniň öýlerini möhürläp, wekiller goýdular. Garyndaşlarynyň, degişli adamlarynyň we gullarynyň öýlerini urup taladylar. Soltan Çaşnygir tarapyndan köňlünde galan kine we kitüwi sebäpli, tizräk emir Seýfeddin Aýbegi öldürmek isleýärdi. Kaýsaryýa

[1] Uşda – şunda, şu ýerde.

goşunbaşysyny we Mejdeddin Ysmaýyly onuň ýanyna gönderdi we aýtdy:

— Bize görkezen gödeklikleriň, ulumsylyklaryň, uly gürlemeleriň sebäbi nämedi?!

Ol şeýle jogap berdi:

— Men sergezdanlyk wagtynda seni we gardaşymy egnim we çignim üstünde göterip, besläp durdum. Ataň päk jesedini Rum ilinden Dar es-Salama getirdim. Begleriň we wezirleriň pikirlerine garşy gidip, baryp seni tussaglykdan çykaryp, getirip tagta geçirdim. Ataň nökerlerinden we gullaryndan menden köp hyzmat eden we öň gelen hiç kim ýokdur. Ulumsylygy we özümden göwnühoşlygy şu zatlar üçin edýärin. Zyndandan çykan günüň eden ähdiňe we andyňa doly ynanypdym. Patyşa meniň kibi bir mähriban we sadyk gul tapmaz. Bir iş başyňa düşüp, ejizlän wagtyňda meniň gadyr-gymmatymy bilersiň. Emma, soňky puşmanyň peýdasy bolmaz.

### Beýt[1]

Arman meniň halymdan habaryň ýok,
Habar bolan badyna arman edersiň.

Onuň bu mylaýym sözleri Soltanyň gulagyna ýetirilende, soltanyň gödekligi we gatylygy hasam güýçlendi. Derrew jellatlara buýurdy. Jellatlar onuň buýrugyna görä, ony bir burça eltdiler we başyny teninden jyda düşürdiler. Zeýneddin Beşarany bir öýe salyp, gapysyny beklediler. Ol açlykdan ýaňa şol ýerde heläk boldy. Mubaryzeddin Bahramşa Emir Mejlisi Hadym Ruzbek bilen Zimentu galasyna gönderdiler.

---

[1] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.

Bahaeddin Gutlujany palanly gatyrlara mündürip, girýan we nalan edip, Tokata gönderdiler. Bu işleri birýüzli edenlerinden soň, Soltan bu işleri etmäge batyrgaýlyk görkezen begleri ýanyna çagyrdy. Gimnanus, Mubaryzeddin Jandar Isa beg we gardaşlary Soltanyň ýanyna girip, hyzmat ýerini öpdüler. Soltan olaryň ählisini şatlyk mejlisine ýaran etdi. Ol gije begler begligini Gimnanusa berdi. Daň atýança aýş we eşrete meşgul boldular.

### Beýt

Çün gerdende[1] bir howzy niluferi[2],
Säher kyldy raýy semen[3] perweri.

Özün çeşmeýi nilgunden ynan -
Kylyp çykdy, hurşydy zerrin-senan[4].

Ertesi adatlaryň tersine, tebil, surnaý, kernaý, saýawan, baýdak bilen meýdana ýöriş etdiler. Soltan mübäreklik bilen, Meşhet sährasynda seýran etdi. Ondan soňra mübärek uýanyny meýdana gönderdi. Öýle wagtyna çenli meýdanda at segredip, top we çowgan oýnady. Şol wagt seretse, orta begler bolan Kemaleddin Kamýaryň, Zahyreddin Mansuryň, Şemseddin Horasanynyň hyzmatda yhlas guşagyny guşanyp, permana garaşyp durandyklaryny gördi. Soltan olara merhemet nazary bilen bakdy. Meýdandan yzyna öwrülip, Soltan köşgüne düşende, Kemaleddin Kamýary ýanyna çagyrdy. Mähribanlyk edip, aýratyn serpaý, halat, müň fulury, bäş ýük gatyryny, bäş

---

[1] Gerdende – aýlanýan, pyrlanýan.
[2] Nilufer – gök-mawy gül, mawy reňk.
[3] Semen – dor at, sargylt reňk.
[4] Zerrin sensn – zer naýzaly.

eýerli-uýanly at, bäş sany gul berdi. Şeýle-de, Siwas sebtinde ol wagtdan ýüz müň girdejisi we elli sany hyzmatkäri bolan Gars işini oňa berip, merhemet etdi. Ol günden bäri Kemaleddin Kamýarynyň bagt ýyldyzy ykbal pelegine göterilip, Şam ilçiligine bellendi. Ol ilçilikde köp baýlyklar gazandy. Soltan Alaeddini Soltan Jelaleddin Horezmşa bilen söweş etmäge öjükdirdi. Onuň gürrüňi öz ýerinde aýdylar. Soltan meýdandan köşgüne ugranda Hokgabaz ogly Soltanyň huzuryna girip, arz etdi:

— Ol depelenen we ölen begleriň degişli adamlary, gullary we hyzmatkärleri köpdür. Men olar birden bir pitne turuzarlar diýip, alada edýärin.

Soltan:

— Pitne özeni belli-külli ýok ediler ýaly, ählisini öldüriň. Mal we esbaplaryny Soltan hazynasyna geçiriň-diýip buýruk berdi. Soltan razylygy we goly deregine gije bolanda «hemmesini ýok ediň» diýip, ýüzügini berdi. Bu çäkden çykma buýruk Gimnanusyň gulagyna ýetdi. Örän gowulygyndan we mübärekliginden bir guly we attutary bilen atlandy. Soltan hyzmatyna gelip, ondan kabul etmegini sorady. Rugsat berlensoň, içeri girdi, başyny ýere goýup aýtdy:

— Şahy älemiň müňlerçe ýyl ömri hökmürowanlykda geçsin. Bu gün bu kemine guluň bolan men, soltan köşgünden öz öýüme bardym. Köne we täze nökerler ýanymda ýörerdiler. Olardan häzir diňe bir gul we bir jylawdar galdy. Galanlary hemmesi dargadylar.

Soltan aýtdy:

— Sebäp nedir?

Jogap berdi:

— Kömekçi Seýfeddine «heläk bolan begleriň gullaryny we nökerlerini ýok etsinler» diýlip rugsat berlipdir. Şonuň üçin bu guluň ýaranlary we nökerleri hem muny eşidip, melul

bolup: «Eger ertir ýa birigün senden hem ölüme sebäp bolup biljek bir günä ýüze çyksa, bize hem bu günki edilen perman aýdylar. Şonuň üçin bir waka ýüze çykmazdan öň, öz halymyzyň çäresini etmegimiz we öz başymyzyň gaýgygamyny öňünden iýmegimiz gerek» diýdiler.

Soltan:

— Dogry aýdýarlar - diýip, öňki hökümiň güýjüni gaçyrýan, aman beriji elýaglygy berip, ýüzügi yzyna almaly etdi. Soň şeýle boldy. Begleriň ynamdar ýakynlaryny galalara eltdiler. Mal we esbaplary alnan gullara gidip, rysgallaryny başga ýerden gözlemäge ygtyýar berildi. Kündükçilige laýyk boljak gullary Jelaleddin Garataýa tabşyrdylar. Galan gullaryň işlerini düzgünleşdirmegi ordalardaky ýaşululara tabşyrdylar. Ondan soňra ýurduň ähli ülkesine «häkimler begleriň esbaplarynyň, mal-mülkleriniň, genji-hazynalarynyň we emläginiň gamyny etmekde uly tagalla etsinler» diýip, permanlar we hatlar ýazyp ugratdy. Häkimler olary ele salmakda tagallalar edip, baýlyklaryny we gymmatbaha zatlaryny çaparyň ýany bilen Soltanyň hazynasyna gönderdiler. Resminamalaryny we miras galan mülkleriniň hasabynyň ýazgylaryny diwan hyzmatyna berdiler. Soltan begleriň ölümi bilen bagly aladadan dynandan soň, onuň hazynalary we sandyklary pullar we jöwherler bilen doldy. Ol patyşalyk we hökmürowanlyk tagtynda arkaýynlyk bilen ornaşdy. Ýurdunyň serhetlerine birleşip duran şäherleri we galalary basyp almagy başlamaga buýruk berdi. Bularyň hemmesini öz ýerinde jikmejik we anyk belli ediler.

## SOLTAN ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ DÖWLETI DÖWRÜNDE KAHTA GALASYNYŇ BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Jansyzlar we habarçylar etraplardaky habarlary Soltanyň huzuryna getirip: «Amyt we Mardin patyşasy melik Mesgut nadanlykdan we akmaklykdan köşk tabynlygyndan ýüz öwürdi. Soltanyň hyzmatkärleri we tarapdarlary ýoldan çykyp, mälige goşulyp, zikge we hutbany onuň adyna öwürdi» diýip habar berdiler. Bu habary eşiden Soltan gazaba münüp, gahar bilen: «Etrabyň goşunbaşylary ähli uruş esbaplary we söweş serişdeleri bilen Malatyýa ülkesine ugrasynlar. Tabşyrylan we ynanylan her bir işi ýerine ýetirsinler» diýip buýurdy. Az wagtda ähli uly begleriň arasynda kuwwat, baýlyk, nökerleri, ýaý atyjylary we gullary babatda, artykmaç bolan Eseddin Yýas beg, baýlygynyň we adamlarynyň köplügi bilen meşhur bolan Emir Mubaryzeddin Çawly Çaşnygir dagy goşunlary bilen rowaçlygyň mekany bolan Malatyýa geldiler. Özleriniň hal-ýagdaýlaryny döwrüň Soltanyna aýan etdiler. Soltan Emir Mubaryzeddin Çawly begiň goşunyň bir bölegi bilen Amyt ýurdunda bolan Kahta baryp, ol galany basyp almagyny, Emir Eseddin Yýas begiň bolsa bir bölek goşun bilen Çemşekzak galasyna ýöriş edip, ony basyp almagyny höküm etdi. Emir Mubaryzeddin Çawly beg goşunlary we gabaw serişdeleri bilen Kahta bardy. Kahta galasy örän beýik dagyň üstünde salnypdy. Emma galanyň derwezesi gögüň etegi kimin aşaga inip durdy. Gapysynyň garşysynda bir uly manjanyk, galanyň sol we sag tarapynda bir manjanyk gurnadylar. Amyt häkimi bu ýagdaýdan habardar bolup, kömek sorap, melik Eşrebe hat ýazdy we ony köp halat-serpaýlar bilen ýollady. Ahy-nala edip, ilçiniň dilinden hem habar gönderdi:

Diýdi diý sen ki: «Eý, şahy-tazyýan[1],
Biziň  yssymyz boldy ýekser[2] zyýan.

Jahanda seni istär idim penah,
Ki wagtynda maňa kyldyň nigah[3].

Bu emelli[4] idi köňül ustuwar[5],
Bolup gapyl ahyr jümleýi-kär.

Çöwürdim[6] şahynşahdan ýüzümi,
Kylyp halka ryswa kendüzimi.

Bu gün erdi permany gerdun-şukuh,
Sypahyýy şahynşahy misli kuh.

Şonuň kibi uruldy binýady kär,
Ki alyna çoh geçmeden ruzugär.

Eger dura bir hepde onda sypah,
Seraser[7] jahan maňa bolar syýah.

Jahanda maňa ýawer[8] ol galadyr,
Kilidi dürri-keşwer ol galadyr.

---

[1] Şahy tazyýan – araplar şasy.
[2] Yssy – haýyr, peýda.
[3] Nigah – seretme, gözegçilik etme.
[4] Emel – arzuw, umyt.
[5] Ustuwar – berk, mäkäm.
[6] Çöwürdim – öwürmek.
[7] Seraser – başdan-aýak, tutuş.
[8] Ýawer – goldawçy, medetkär.

Ger olursaň maňa perýady-res[1],
Buýrgul ki wagty bu demdir-u bes».

Melik Eşrep Amyt häkiminiň ejiz, gowşak keşbini göz öňüne getirdi we kömek sorap ýazan hatyny okap, emirleriň emiri we kürtleriň baştutany Yzzeddin ibn Elbedrä arap we kürt taýpalarynyň on müň atlysy bilen Kahta tarap ugramagy we Rum goşunlaryny Kahta galasynyň ýanyndan kowmagy buýurdy. Kahta ýakyn baranlarynda, Mubaryzeddin Çawly bege «Şamlylar rumlylary ýok etmäge bil baglap, söweşe gelýärler» diýen habar gelip gowuşdy. Goşun beglerinden bir bölegini manjanyklaryň ýanynda goýup, özi galan begler hem sypaýylar bilen söweşe we urşa taýýar bolup, abaý-syýasat bilen duşmanyň garşysyna çykdy. Ertesi iki goşun biri-birine bilen garşylaşyp durdular. Şol halatda alty müň atly hem Amyt häkiminden şamlylara kömege ýetişdi.

**Beýt**

Sedasy ile tazylaryň misli ebr,
Oldardy rowan akl-u huşy hüzebr[2].

Gyryldy iki leşgeri namy-juýy,
Olup bir-birine bihuda guýy.

Biri diýer: «Çeri eger ola sed-hezar,
Meniň kibi bolunmyýa on suwar.

[1] Perýady-res – dadyňa ýetişýän.
[2] Hüzebr – ýolbars, şir.

Eger şir peýda ola ýa peleň,
Ne degilu bizimle kyla bile jeň.

Kylarmyz segu ile çün biz setiz[1],
Pelekden kyla Nagş[2]-u Perwiş güriz[3].

Eger uramyz daga gürzi-geran[4],
Kaza erişe başyna nägehan».

Rumlylara haýbat atylyp, lap edilip aýdylan sözler we samahyllamalar Mubaryzeddin Çawly begiň gulagyna degende, ol gülüp begleriň we serdarlaryň ýüzüne bakdy we tymsal getirip, şeýle diýdi.

**Beýt**

Çü olmuş ola kişi ömrüne sir[5],
Kynara[6] görejek bes olar delir.

Güneş ýakynynda ne durar peren,
Mülkle ne kuşeş kyla Ahryman.

«Goşunlaryň hemmesi gije ýaraglaryny we söweş geýimlerini geýip, taýyn bolmaly. Ertesi irgözünden söweşe girsinler» diýip buýruk geldi.

---

[1] Setiz – uruş, jeň.
[2] Nagyş – Ýedigen ýyldyzy.
[3] Güriz – gaçmak.
[4] Geran – agyr, saldamly.
[5] Sir – dok.
[6] Kynara – dar agajy.

**Beýt**

Aduwdan[1] maňa her şeb[2] olardy joş,
Kylarlardy işlerinde huruş.

Şebi-tire haly ki olardy nim[3],
Geýer erdi çeri söw[4] umyd-ýu bim[5].

Çün etdi güneşden aýan tygy-kuh,
Jahan oldy tyg sipehden sutuh.

Emir Mubaryzeddin olaryň ýagdaýlaryna seredip gördi. Esgerleriň ýarag-esbaplaryny, söweşjeňlik hal-ýagdaýlaryny ýiti nazary bilen başdan-aýaga gözden geçirdi. Goşunyň batyrlykda ady çykanlaryna: «Soltanyň döwlet daragtynyň güli säher wagty ýeňiş bilen açylar. Bu uruşdan we söweşden köp esbaplar, oljalar peýda bolar» diýdi.

**Beýt**

Eger erişe bişeýi[6]-şire gur[7],
Kyla öz aýagy ile azmy-gör.

Begleriň birnäçesine: «Siz esgerleriňiz bilen galanyň ýoluny saklaň! - diýip buýurdy. Özi uruş ýaraglaryny geýnip, at we abraý üçin bäş dogany we agyr goşun bilen ýöriş etdi.

---

[1] Aduw – duşman.
[2] Şeb – agşam, gije.
[3] Nim – ýarym, ýarysy.
[4] Söw – eşik, lybas.
[5] Bim – gorky, howp.
[6] Bişe – jeňňel, tokaý.
[7] Gur - gulam

Şamlylaryň öňüne baryp, alplary we batyrlary bilen berk durdular. Şam leşgerleri hüjüm edýänçäler garaşyp durdular. Soltanyň ýeňiji esgerleri suw ýaly gylyçlaryny gynyndan çykaryp, ýalyn kibi naýzalaryny duşmanyň göwsüne gezäp, çomaklaryny pälwan eginlerine goýup durdular. Nagara çalyndy, deprekler uruldy. Emir Mubaryzeddin saplary we hatarlary tertibe saldy. Şamlylar tarapda goşunlaryň goh-galmagallary Aýa ýetýärdi. Söweş we uruş ärleriniň gowgasyndan pelegiň başy agyrýardy. Ilki bilen şamlylar garpyşdylar. Emir Mubaryzeddin Çawly we doganlary hem-de ýakynda Leşgeriniň ilinden Soltanyň hyzmatyna gelip, ýagşy merhemetler gören Ferdhalanyň oglanlary ol hüjümi piňine alman berk durdular. Şamlylary yzyna serpikdirdiler. Üç gezek şular ýaly hüjüm etdiler.

**Beýt**

Ýene dönderip ýüz biri-birine,
Köňül tutdular jeň tedbirine[1].

Huruş eýledi kus-u her pälwan,
Alyp ellerine amudy-geran[2].

Ýagar idi tirkeşlere tyg-u gürz,
Uşadyp biri-biriniň ýal-u bürz[3].

Howa-ýu zemin doly gerdile mert,
Erişmişdi hurşyda joşy-nebert[4].

---

[1] Tedbir – çäre, alaç.
[2] Amudy-geran – agyr gürzi.
[3] Bürz – 1) beýik, depe; 2) yzy, ardy.
[4] Nebert – söweş, uruş.

Köňülden çykyp jümle sud-u zyýan,
Kamy kişi şemşire bermiş zyban.

Sügüler[1] köňüllerde diýerdi suhan[2],
Ki galmazdy dillerde razy-köhen[3].

Ol işlerle surh[4] idi hep ruýy-tyg[5],
Leba-lebdi[6] hundap kamu juýy-tyg.

Köňüller içinde suw imiş emel,
Ki bigana bermiş niýabet[7] ajal.

Şunuň kibi şamlylary sökedir,
Ki çadyrlary üstüne dökedir.

Niçe atly beglerini tutdular,
Niçelerden ol günde oýun utdular.

Oläýe şumar-u keran[8] ýokdy,
Garynjalar ol hetde kem çogdy.

Jepa jafy[9] tir-u tereňi keman,
Heman hasma[1] baglardy rah-y aman.

---

[1] Sügü – naýza.
[2] Suhan – söz, gürrüň.
[3] Köhen – köne, gadymy.
[4] Surh –gyzyl, gyrmyz.
[5] Ruýy tyg – gylyjyň ýüzi.
[6] Leba-leb – agzy-burny bilen doly, dop-doly.
[7] Niýatet – oruntutarlyk, orunbasarlyk.
[8] Şumar-u keran – san we çäk.
[9] Jaf – betgylyk aýal, gabha dünýä.

Düşüpdi kamu haýmalar sernegun[2],
Üzülmiş tanap-u uşanmyş sütün.

Ol wagtda araplaryň, kürtleriň we beýleki esgerleriň ýolbaşçysy Yzzeddin ibn Bedri tussag etdiler. Galan goşun uruş we söweşiň soňlananyny görüp, gaçmaga ýüz goýdular. Çöp-çalamyň ýelden gorkuşlary ýaly haýran we serasyma bolup, her biri bir tarapa pytradylar.

Gelerken kamu tünd[3]-u joşandy,
Çü ragdy[4] bahary huruşandy.

Gider wagtda ebri derýa kenar,
Syýah ru-ýu lerzende-ýu eşkbar[5].

Soltanyň leşgeri duşmanyň harmanyndan ýetdik paý alyp, olaryň ýaraglary we esbap-şaýlary bilen öz ýaraglarynyň üstüni ýetirdi. Çadyrlaryna dolandylar. Yzzeddin ibn el-Bedri hormat bilen Mubaryzeddiniň çadyryna eltdiler. Dürli hezzetler we mähribanlyklar bilen ony hormatladylar, ezizlediler. Ondan soňra ýuwaşlyk bilen gala tarapa, atlaryny segredip ýene-de täze jeňe başladylar. Gala halkynyň hem hiç-hili umydy galmady. Bagry girýan bolup, jahandan umydyny üzdüler. Söwüt kibi titremäge başladylar. Ýel kibi haýbatly manjanygyň zarbasyndan jigerleri kebap boldy. Bialaç we çäresiz söweşi goýup «El-aman, el-aman» diýip, nalamaga başladylar. Agşam

---

[1] Hasm – duşman, ýagy.
[2] Sernegun – başaşak, ýykylan.
[3] Tünd – çakgan, çalasyn.
[4] Ragb – ýyldyrym, gök gümmürdisi.
[5] Eşkbar – gözýaş döküän, ganýaş aglaýan.

düşüp, dagyň pöwrüze reňk diwarynda atlaryň we goşunyň şekilleri peýda boldy. Galanyň batyrlaryndan birküç atly aşaga indiler. Aňtawçylar topary olara garşy at segretdiler. Olaryň ýakynyna ýetdiler. Olar «Biz galadan aman isläp, pälwanyň ýanyna barýarys» diýip gygyryşdylar. Aňtawçylaryň begi olary bir bölek atly bilen begler beginiň ýanyna iberdi. Begler begi olaryň gelendigini eşidip, goşunyň beglerini we serkerdelerini häzir etdi. Ondan soňra olara içeri girmäge rugsat berdi. Içeri girip oturanlaryndan soň Mubaryzeddin olara mylaýymlyk edip, göwünlerini awlady. Gabawyň we kynçylygyň azap-jebirleri barada sorady.

Seraser öňünde öpüban zemin,
Dileglediler çoh kylyp aperin.

Ki piruz olsun jahan şähriýar,
Bu piruza Gün dagda gamkär.

Kim ola saňa misl-u hemta[1] bu gün,
Eger ola kany hüweýda[2] bu gün.

Güman eder idik ki heňňamy-jeň,
Eger ola hep gerdi gala peleň.

Gatylykda bu seňňi piç-u tap[3],
Ne çeňgal goýa dürst-u ne tap.

Weli çün ere haýbaty-pähliwan,
Halallu[1] ola ba ruýy-asman.

---

[1] Hemta – meňzeş, taý.
[2] Hüweýda – äşgär, aýan, görnüp duran.
[3] Piç-u tap – towlam-towlam, egrem-bugram.

Kylyp jähd-u kuşeş[2] ne tükelu ki bar,
Beşarymadyk,[3] meskenetden,[4] ne ar.

Çün oldy bize bagly rahy-umyt,
Şah işigi olsun penahy umyt.

Huruş ile ol şir peýker[5] sypah,
Ki kuşeşde her biridi ebri-syýah.

Bular kylmamyşlardy bu rezme azm,
Ki artyk kylarlardy efkary[6]-rezm.

Weli çäreýi-kär, lutfy-huda,
Dahy halky perman permany rowa.

Tapuň hem her umydadyr rahnemaý[7],
Ne ederseň et imdi bähri Hudaý[8].

Emir Mubaryzeddin olara hoşamaýlyk etdi. Mähnet posuny olaryň umyt aýnasyndan sylyp, muhabbet we mylaýymlyk öwüşgini bilen lowurdatdy. Belent asmany gudrat eli bilen belent kylan Perwerdigäre we jahany eýelän Soltanyň döwletine şeýle diýip ant içdi:

---

[1] Halal – 1) deşik, yş; 2) zyýan, zelel.
[2] Jähd-u kuşeş – yhlas we tagalla.
[3] Beşarymadyk – begenmedik, guwanmadyk, bagtyýar bolmadyk.
[4] Meskenet – eli ýukalyk, garyplyk, zatsyzlyk.
[5] Şir peýker – şir sypat, şir keşpli.
[6] Efkar – pikirler, oýlar.
[7] Rahnemaý – ýol belet.
[8] Bähri Hudaý – Hudaý üçin.

— Men Çawlydyryn. Soltanyň goşunlary we beýleki begler, eger galanyň halaýygy boýun we tabyn bolmak ýoluny öňe tutup, galany soltanyň gullaryna tabşyrsalar, olara azda-köpde ezýet ýetirilmez. Soltan hezretinden näme arzuw-islegleri bar bolsa haýyş ederin. Hiç haýsyňyzy engamdan, yhsandan, sowgatdan we serpaýdan mahrum etmeris. Her kimiň göçüp gitmäge höwesi bolsa, aýal, oglan-uşagy we mal-esbaby bilen nirä gidesi gelse päsgel bermeris. Soltanyň islegi diňe şol galadyr.

Galanyň han-begleri bu sözleri emir Mubaryzeddinden eşidenlerinde, hoş köňül bilen gala geldiler. Aýal, oglan-uşaklaryny we doganlaryny galadan çykaryp, galany boşatdylar. Ertesi daň bilen planetalaryň-saýýaralaryň baýdagy galanyň çür depesinde pelek kimin öwrülip, peýda bolanda Haktagalanyň nury we ýardamy bilen begler begi, begler, serkerdeler we goşun, şanyň baýdaklaryny şan-şöhrat we dabara bilen Kahta galasynyň üstüne çykaryp parlatdylar. Haktagala öwgi we sena, Resula salawat aýdanlaryndan soňra, ol galada patyşa hezretine doga okadylar. Ondan soňra şalara laýyk saçak ýazyp, bagtyýarlyk bezmini gurdular. Ýeňiş dabarasy bilen galada ol gije daňa çenli oturdylar. Ondan soňra Soltanyň huzuryna şamlylaryň söweşi, ýeňlişi, Yzzeddin ibn Bedr we beýleki begler hakynda galanyň basylyp alnyşy, gala halaýygyna edilen hoşamaýlyklar we beýleki ähli hadysalar barada beýan edip, bir hat ýazyp, Yzzeddin ibn Bedri ýüz sany esger bilen soltan hyzmatyna ugratdylar.

**Beýt**

Şahynşah hut öňinden eşitmişdi,
Sana sen ki işi kendu etmişdi.

Buýurdy ki tä tiz dana-debir,
Ki erere semaýa[1] galamdan saryr[2].

Ýaňy täze perman-u keşwersetan[3],
Ýazyla ki tä bileler serweran[4].

Ki maglum oldy kylynan nebert[5],
Göründi kamu göwher merdi mert.

Goý aperin diýende her birine,
Bularyň, kawy[6] raýy-ýu tedbirine.

Ene-ataýa hep bendeýi-mährriban,
Perestary[7] täj-u negini şahan.

Bular şimdi kyldylar kärizar[8],
Aduwa hemişe etdiler kärizar.

Ne geldise külli pesendidedir[9],
Kamu käri-merdan begözidedir[10].

Bulara hezaran hezar[11] aperin,
Şahynşalardan ilä ýöwmiddin[1].

---

[1] Sema – asman, pelek.
[2] Saryr – owaz, perýat.
[3] Keşwersetan – ýurt eýeleýän, ýurt basyp alýan.
[4] Serweran – serkerdeler, öňbaşçylar.
[5] Nebert – uruş, jeň, söweş.
[6] Kawy – berk, kuwwatly.
[7] Perestar – aladasyny edýän, öndürip ösdürýän.
[8] Kärizar – uruş, jeş, söweş.
[9] Pesendide – pisindi oturýan, syny oturýan.
[10] Begözide – saýlanan, saýlama.
[11] Hezaran hezar – müňlerçe müň.

Ondan soň galanyň häkimligini içi-daşy soltan döwletine tabyn bolmak  yhlasy bilen bezelen we zynatlanan saýlantgy gullardan birine tabşyrdy. Begler beginiň hatyna jogap ýazylan ýygnanyşykda, soltan beglere we serdarlara agyr halatlar, gala halkyna berilýän emläkleriň beýanlaryny hem-de islegini we maksatlaryny ýazyp iberdi we buýurdy:

— Darkürt galasyna ýetenlerinde dag üstüne çyksynlar. Nirede söweş edip boljak ýerler bar bolsa, eger dereksiz dag bolsa, hiç kim astynda gizlenip galmaz ýaly, ony goparyp düzlesinler. Goşuna ätiýaçly-howply ýerleri gözden geçirip, işi gutaranlaryndan soňra, yzyna dolansynlar.

Uly hezretiň beýik emri esasanda, galanyň ähli gorag-esbabyny we welaýatyň abadançylygyny düzedip, taýýarlap, ýeňiş, şadyýanlyk we bagtyýarlyk bilen soltanat huzuryna bardylar.

## ÇEŞMEKZAK GALASYNYŇ SOLTAN ALAEDDINIŇ SOLTANLYGY DÖWRÜNDE BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Malatyýa etraplarynyň begi Emir Esededdin Yýas beg tabyn edijiniň emri esasynda ýeňiji esgerleriň meşhurlaryndan we alplaryndan bäş müň atly batyra baştutanlyk etdi. Uruş we gabaw esbaplary bilen Çeşmekzak galasyna rowan boldular.

Ki onuň bile dil-amedi[2] şatdy,
Demirden ki oňa byh[3]-u binýatdy.

---

[1] Ilä  ýöwmiddin – kyýamat gününe çenli.
[2] Dil-amedi – köňle geleni, köňül küýsegi.
[3] Byh – kök, damar.

Ýujalmyş[1] bir daş tä asman,
Ki erişmez oňa kemendi-güman.

Ýaradylmyş içinde bir uly gar[2],
Ki düýşde ony görmemiş ruzygär.

Rowan yrmag[3] öňündedir misli Nil,
Ki onuň gorkusyndan gaçar jany-pil.

Suwdan ýaňa[4] bir şäher mäkäm bina,
Mugalla buruj[5]-u muşerref howa[6].

Sowady hoş-u gerdi horramy bahar,
Doly nygmat içinde misli enar.

Yýas beg ol gala nazar aýlap, beglere we serkerdelere aýtdy:

— Bu gala şeýle bir belent ýer bolup, onuň üstünde towşançylyň perwaz etmäge gurbaty çatmaz. Nagymçynyň gazyp bir deşik açmaga mejaly ýetmez. Bu ýerde söweş gurmak ýerlikli däl. Wadalar we haýbat atmalar bilen gorkuzyp we howatyrlandyryp olary duzaga düşürmek gerek. Eger Hudaýyň merhemeti we Soltanyň yrylmaz döwleti saýasynda goşun kynçylyksyz we horluksyz ýeňiş gazansa, ol has gowy. Eger basylyp alynmasy kyn we müşgül bolsa, «Iň soňky derman ot basmak» diýişleri ýaly, soňky tüýkülik sakgal ezmez

---

[1] Ýujalmyş – beýgelen, belende göterilen.
[2] Gar – gowak, köw, köwek.
[3] Yrmag – ýap, derýa, akar.
[4] Ýaňa – tarapynda, ýanynda.
[5] Mugalla buruj – diňleri beýik.
[6] Müşerref howa – howasy mübärek.

- diýip, şäher halkyna manjanyk dili we sapan dili bilen düşündirmek gerek.

Ähli beglere, serkerdelere, gojalara we ýigitlere bu pikir dogry göründi. Üýşüp we agzybirlik bilen bir süýji dilli we dilewar kişini tapyp, oňa şeýle diýip aýtdylar:

— Şäher häkiminiň ýanyna baryp: «Kahta galasynyň neneňsi basylyp alnandygyny siz eşidensiňiz. Ol galanyň halkynyň gabaw azaplaryny çekenleri öz garynlaryna galdy. Ahyry şäheriň alynjakdygyny görenlerinden soň, bialaç bolup şäheri berdiler. Melik Eşrebiň Şam goşunlaryna ýardam diýip iberen esgerleri neneňsi biabraýlyga duçar boldular?! Ýeňilip, gyrlyp dargadylar, gitdiler. Melik Mesgudyň hem bagty ýatyp, özüniň akylsyzlygyndan sergezdan galjagy ikuçsyzdyr» diýip aýt - diýdiler.

**Beýt**

Kişiden ki ondan ala raht[1]-u tagt,
Gaçyjy olar merdumy-nik bagt.

Ger olmuşsa saňa hyrat[2] rahnemaý[3],
Edip şah işigini sekene[4] we jaý.

Gelip hyzmaty Hysrow pişe kyl,
Ne iş hupse[5] ony endişe kyl.

---

[1] Raht – goş-golam, baýlyk.
[2] Hyrat – akyl, aň, bilim.
[3] Rahnema – ýol belet, ýola salyjy.
[4] Sekene – mesgen tutma, ýaşama.
[5] Hupse – gowy bolsa, oňat bolsa.

Ki şahdan bula sen besi arzuw,
Saňa göstere bagty ferhunde[1] ruw[2].

Eger bu sözi sana sen misli bat,
Soňundan eger kyla sen meni ýat.

Onuň gönderen kişileri gala golaý bardy. Keşkenjir[3] we top oky ýagmyr kibi döküldi. Galkanyny başyna göterip:

— Men şanyň ilçisidirin. Siziň salamatlygyňyza sebäpkär boljak ilçi bolup geldim. Mümkin bolsa, golaý baryp ilçiligimi ýerine ýetireýin. Eger örän samsyklykdan gulagyňyza gaflat pagtasy dykylyp, ýagşylaryň nesihatyny kabul etmeseňiz, Hudaýyň goldawy we Soltanyň yrylmaz döwleti bilen jeza we temmiňizi alarsyňyz. Goşunyňyz dargandan soň, puşman etmek peýda bermez - diýdi.

Bu söz şäher häkiminiň gulagyna ýetende:

— Bu gaýduwsyz kişä aýdyň. Eger janyndan doýmadyk bolsa, yzyna gaýtsyn. Biziň olar bilen ilçiligimiz ok sykylygyndan özge zat bolup bilmez - diýip, jogap berdi. Çapar dönüp, ýagdaýy habar berdi.

Yýas beg şeýle diýdi:

— Bu sözi we ylalaşygy kabul etmediler. Bize söweş etmek zerur boldy.

Soňra ol:

— Daş atýan gurallaryň gurujy ussalar söweş hereketi üçin daş atyjy ýaraglary gurnamaga başlasynlar. Söweş esbaplaryny, serişdelerini we ýaraglaryny goşunyň batyrlaryna we edermenlerine paýlaň - diýip buýurdy. Soň ýene-de:

---

[1] Ferhunde – bagtyýar, mübärek.
[2] Ruw (ru) – ýüz-keşp.
[3] Keşkenjir-daş atýan gural, manjanyk.

— Ertir Inşalla at we abraý üçin bu berk daşa şeýle bir jeň görkezeliň welin, kyýamat güni gopan ýaly bolsun» diýip aýtdy. Ertesi planetalaryň-saýýaralaryň şasy asmanyň pöwrize tagtynda peýda bolup, ýeriň tümlügini älemi bezeýji nury bilen görklendirdi.

**Beýt**

Demir dag kibi ýöridi sypah,
Pelegi kärsaz-u zafary bagthah[1].

Goşun gapyda we derwezede şeýle bir çaknyşyp söweş etdiler welin, onuň owazy asmanyň gümmezine ýetdi. Bir uly manjanyk hem gurdular. El we zemburek oky bilen gala ýaşaýjylaryň umyt güllerini tiken bilen doldurdlar.

**Beýt**

Heman dem ki tawusy-zerrine per,
Bu nili pelekden aýan etdi ser.

Goýmady çeri rahat olmaga rezm[2],
Sanaýdyň ki ol rezmdi olara bezm.

Ahyry ejizlik edip mejbury ýagdaýda dönüp, çadyrlaryna bardylar. Yýas begiň buýrugna görä, nahardan soňra meýlis serişdelerini taýýarladylar. Lagl şeraplary hrustal jamlara guýdular. Gala ýaşaýjylarynyň gany üçin bada noş etmäge başladylar. Şol wagtda Yýas beg goşunyň serdaryna:

---

[1] Zafary bagthah – bagta ýetirýän ýeňiş, bagty isleýän ýeňiş.
[2] Rezm – söweş, jeň.

— Jeň isläp, at we abraý gözläp, deňizden, dagdan we daşdan gazançlarynyň we maksatlarynyň hasyl bolmagyny agtarýan pälwanlara we batyrlara «Hudaýyň goldawy bilen at we abraý üçin bu gaty daşa çykyň» we «etiňizi gataldyň. Işiň ahyry haýyr bolup, Şähriýaryň hyzmatynda ýüzügara bolmarys» – diýip, umyt edýärin - diýdi. Ählisi agzybirlik bilen bu hökümi ýerine ýetirmäge borçlandylar.

**Beýt**

Olup talyby neň-u namys-u nam,
Uýmadylar[1] subh olynça tamam.

Huruş etdi kuhdyr pähliwan,
Sanaýdyň, ki dag içre şiri-žiýan[2].

Ýöridi çeri misli kuhy-syýah,
Ki doldy çeriden ýene rezimgäh[3].

Bir hepde gije-gündiz söweş etdiler. Jeň babatdan şowsuzlyga uçrap, umytsyzlyga düşdüler. Ahyry bir hile gurup, her birinde on sany esger ýerleşýän on demir sandyk gurnap, ondan ok atyljak gözleri açdylar. Sandyklaryň içine esgerleri ýerleşdirip, gowagyň içi bilen gala tarap aşak salladylar.

Gowagyň gapysyna indiler. Bulutdan dolynyň dökülişi kimin gala halkynyň üstüne ok ýagdyrdylar.

Yýas beg biçärelikden ýaňa gaty tolgunyjy haldady. Ol derde hiç bir dermanyň bolmagyny göz öňüne getirip bilmeýärdi.

---

[1] Uýmadylar – ýatmadylar, uklamadylar.
[2] Şiri žiýan – ýyrtyjylar.
[3] Rezmgäh – söweş meýdany.

## Beýt

Çün erişdi magryp deňzine mah,
Açyban nahany deri[1] barydäh.

Wuzuw[2] aldy-ýu ýuwdy älemden el,
Kylyp rast Allaha çeşmi-emel[3].

Bu arada kyldy iki rekat namaz,
Iki gözi pür eşk-u dil pür nyýaz.

Kylyp jandan ol Halyka aperin,
Kim oldur Hudaý asman-u zemin.

Pes ondan dogaýa zybanyn rowan,
Kylyp diýdi «Eý, Kärsazy-Jahan,

Kamu eýlegi Sen kylar Sen pedit,
Kamu bagly işlere emriň kilit.

Sen, eý, Rahnemaýende-ýu karsäz,
Bu gün bize kyl kasr[4] renji deraz[5].

Zülaly-agydan faýz üçin daşdan,
Kemala eren akyl üçin başdan,

---

[1] Der – gapy, işik.
[2] Wuzyw – täret kylma, ýuwunma.
[3] Emel – arzuw, umyt.
[4] Kasr – gysga, kem, az.
[5] Deraz – uzyn, uzak, köp.

Çün oldy furubeste[1] bu işde raý,
Sen ol bize täýidle[2] rahnemaý[3].

Bu gün mähri-lutfuňdan, eý, Kerdigär,
Rowa görmegil kim galam şermisar?»

Bu nowg ile tä subhy-zerrin tyraz[4],
Aýagyn turup kyldy heýli[5] namaz.

Sähergah çün çekdi hurşyt tyg,
Huruş etdi kus-u nagara çu myg[6].

Oluban çeri misli ýekbara kuh,
Jahany tutupdy çeriden şukuh.

Birden hoş şekilli, owadan ýüzli, perişde suratly beşer häsiýetli bir ýigit Esededdin Yýas begiň ýanyna geldi we aýtdy:

**Beýt**

Ki eý, bed segalyndadyr[7] damy tu[8],
Sypah serbeser mest, engamy tu.

---

[1] Furubeste – ýapyk.
[2] Täýid – berk, mäkäm.
[3] Rahnema – ýol belet, ýola ugrukdyryjy.
[4] Pyraz – bezeg, nagyş.
[5] Heýli – örän köp.
[6] Myg – ümür, duman.
[7] Segal – pikir, endişe.
[8] Tu – 1) sen; 2) içinde.

— Geçen gije abdal we derwüş kişiler sypatynda dag ýodalaryny seýran ederdim. Gala girelgesiniň ýanynda bir ýaryk ýer tapdym. Eger pälwan nagymçylara «ol ýarygy gazyp açyň» diýlip buýruk berilse, az wagtda galany basyp almak aladasyndan köňüller ynjalar diýip umyt edýärin - diýdi.

Emir Esededdin ondan bu hoş habary eşidenden soň, örän begenip:

— Goşun hemişeki görnüş we usuly boýunça gabawa meşgul bolsunlar - diýip, özi köňli hoş we horramlyk bilen atlanyp, «bu işiň çäresi nedir we näme etmek gerek» diýip, gaýanyň we dagyň üstüne çykdy. Ol deşigi görende şadyman bolup, Ýezdan adyny diline getirdi. Ondan soň onuň buýrugyna görä, elli sany şir dek gaýratly nagymçylary getirdiler. Kuwwat, parasat we goşar güýji bilen külüňleri ellerine aldylar. Sähel wagtda bir deşik deşdiler. Ol Hysrow sypatly begiň şirin zybany we datly sözi bilen her nagymçy bir Perhat boldy. Az wagtda ol berk galada uly bir deşik emele getirdiler. Misli bir inli guýy gazdylar. Agşam guýy tamam bolanda, Esededdine aýan etdiler. Ol begleri ýygnap aýtdy:

— Hudaýyň ýardamy we soltanyň derejesiniň ykbaly bilen guýy gazyldy. Söweş we edermenlik ýoly biziň üçin giňden açyldy, gala halaýygyna bolsa dar boldy. Ertir goşunyň käbirleri öňki adat boýunça galany oka tutarlar. Batyrlaryň we edermenleriň bir topary peleň kibi daga ugrarlar. Her biri Rüstem we Bižen kibi ol guýa inerler we isleg-myratlaryna laýyklykda, gala ilatynyň durmuşyna heläkçilik salarlar.

Aýan etdi hurşydy çün asman,
Degip, sanjagy zerdi[1] zerrin senan[2].

---

[1] Zert – sary, sargylt.
[2] Senan – naýza.

Heman ýördiler suýy tygy kuh,
Ki çomaklary tygy kylar sutuh[1].

Hysara[2] ok kibi halk peýwestedi[3],
Ki ondan pelek tiri hem hassady.

Hysar üzerine çykyp niçe mert,
Kylyp rast, jümle sylahy nebert[4].

Erip guýy içine doldular,
Niçe şerh[5] edem kim näler kyldylar.

Kamu jeňe meşgul eken galaly,
Hysar içre gopdy seda-ýu gulu[6].

Görüp urdylar jümle şemşire dest[7],
Serasyma-ýu şeýifte[8] misli mest.

Bar idi onda bir merdi päkize raý,
Hünärmend-u dana-ýu müşgil güşaý[9].

---

[1] Sutuh – sus, hassa, ýadaw, haly harap.
[2] Hysar – gala, berkitme.
[3] Peýweste – birleşen, baglaşan, goşulan.
[4] Sylahy nebert – söweş ýaragy.
[5] Şerh – beýan.
[6] Seda-ýu gulu – gykylyk-gowga, galmagal.
[7] Dest – el.
[8] Serasyma-ýu şeýifte – haýran we aňkaran, aldanan.
[9] Müşgil gümaý – kynçylyklary çözüji.

Ýazyklaryna oluban hastar[1] -
Eken, ýalbaryp diýdiler zynhar.

Jahan pähliwan serweri dad-u din,
Bagyşlady, bulary berip negin[2].

Garyw[3] etdi ol dem ýene buk-u kus[4],
Howa gözden oldy misli abnus.

Uruş we jeň ýagdaýy göwündeşlige we hoşamaýlyga öwrüldi. Gala ilatynyň ählisi öý goşlaryny we esbaplaryny ýygnap, galany boş goýdular. Galanyň häkimi ganaty gyrlyp we haly perişan bolup, begler begi Esededdiniň ýanyna çykdy. Eden gödekligi we biedepligi üçin ötünç diledi. Begler begi oňa we ähli gala ilatyna hoşamaýlyklar edip, göwünlikler berip, göwünlerini awlady.

### Beýt

Pes[5] ol dem gapyda çalypdy nefir[6],
Huraman olup, sanjagy meliki kebir[7].

Segu[8] ile her ýerde gurran[9] olup,
Bu şadyle dil daşary burran[1] bolup.

---

[1] Hastar – isleme, küýseme, dileme.
[2] Negin – ýüzügiň gaşy, möhür.
[3] Garyw – gykylyk, gowga.
[4] Buk-u kus – tüýdük we deprek.
[5] Pes – soň, onsoň.
[6] Nefir – kernaý, surnaý.
[7] Meliki kebir – beýik şa.
[8] Segu (Sügü) – naýza.
[9] Gurran – arlama, gygyrmak.

Çykyp gördi ol pälwany delir[2],
Onuň kibi bir galaýy dilpezir[3].

Gazylmyş, düzelmiş ferawandy[4] gar[5],
Gerekliden içindedi bişumar[6].

Diýdi:»Eý, Jahan Dawери rastyn,
Saňa-ýu çeri emriňe aperin.

Eger lutfuň olmaý idi destgir,
Bu gala üzre endişe olardy pir».

Kylyp owwal-a şükri Perwerdigär,
Pes etdi şaha gullugy äşgär.

Ediban şaha çok doga-ýu sena,
Diýdi:»Eý, Jahan Daweri patyşa.

Pelek bendesi tygy, hurşydynyň,
Jahan arusy mülki jawydyňyň.

Çekilmiş keman zafary azmyňa,
Açylmyş kemini ajal rezmiňe.

---

[1] Burran – kesgir, ötgür.
[2] Delir – pälwan, batyr.
[3] Dilpezir – ýürege ýakymly.
[4] Ferawan – köp, bol.
[5] Gar – gowak, köwek, köw.
[6] Bişumar – sansyz, çaksyz.

Ýüze çykan ähli hekaýaty bir hatda beýan etdi we bir çapar bilen Soltan huzuryna ýollady. Hat Soltany äleme ýeteninde, ony okap, örän şatlandy. Köşgüň ygtybarly adamlaryndan batyrlygy we ynamdarlygy bilen ýakynlarynyň we egindeşleriniň arasynda taýsyz bolan bir kişini ol galanyň häkimligine belledi. Ol galanyň söweş we ýarag esbaplary bilen şaýy tutulan bolsa-da, Soltan onuň ýarag-esbaplaryny iki esse artdyrdy. Ussat binaçylary we ökde hünärmenleri gabaw wagtynda peýda bolan ol galanyň deşilen ýerleriniň bejergisi üçin ýygnadylar. Ol guýyny şahy-jahanyň permany bilen şeýle bir doldurdylar welin, öňdengörüjiler hem hiç bir zamanda bu ýerde bir deşik ýa köwek bolupdyr diýip güman hem etmez. Bularyň üstesine-de ätiýaçlyk üçin bir topar esgeri onuň goragyna bellediler. Gorag we  möhüm işler bir ýüzli edilenden soň, begler begi Esededdin begler, serdarlar we goşunlar bilen Soltanyň dergähine ugrady. Onuň dolanan gününde Mubaryzeddin Çawly beg dagy Kahta tarapyndan gaýdyp geldi. Ikisi ylalaşyp we birleşip, Soltanyň dergähine ýöneldiler. Ol ýere ýetenlerinde salamlaşyp, elini öpmek hormatyna mynasyp boldular. Bolan wakalary beýan etdiler. Soltan ähli hekaýaty üns bilen diňledi. Olaryň öwgüli tagallalaryna we ýagşy hyzmatlaryna köp minnetdarlyklar bildirdi. Olary has gowy hormatlady we sylady. Mülkleriniň üstüne mülkler goşdy.

Şanyň buýrugyna görä, bir uly dabara we zyýapat gurnadylar. Olara we galan beglere köp mähribanlyklar we mylaýymlyklar etdi. Ertesi goşunlara watanlaryna gitmäge rugsat berdi. Özi aýratyn urugynyň nökerleri we gullary bilen Kaýsaryýa ugrady.

## MELIK MESGUDYŇ SOLTANA TABYN BOLMAGYNYŇ WE ILÇI IBERMEGINIŇ BEÝANY

Melik Mesgut döwletiniň peýmanasynyň dolup, ýurdunyň boş galyp, döwlet güneşiniň nurunyň öçüp, älem soltanynyň bagtyýarlyk nuruna golaýlaşandygyny, bagt we ykbal ganatperlerine meňzeýän ol galalary ýeňiji soltanyň sanjaklary we baýdaklary bilen bezelendigini, beýik diwanyň emeldarlarynyň we kätipleriniň ol diýarda adalat we merhemet saçagyny ýazyp, girdejilerini galam hasaby bilen ýazanlaryny bileninde, özüniň keç bagtyna girýan bolup, Soltan hezretiniň hyzmatyny laýyk görmän, gapyllyk we keltelik edendigine puşman boldy. Soň: «Haçanda olaryň ellerine kakylanda, özleriniň azaşandyklaryna göz ýetirdiler we «Eger-de biziň Eýämiz bize rehim etmese we bizi bagyşlamasa, onda biz, elbetde, zyýan görüjilerden bolarys»[1] diýen aýaty okamaga meşgul boldy.

**Beýt**

Bu resme diýdi özüne çün Kerdigär,
Jahanda kimi-kim kyla şähriýar.

Gerek towgy[2] onuň emr-u permanyna,
Dil-u jan berip, ähd-u peýmanyna.

Soňra:

– Patyşanyň belent bagty ýokary galan döwletlerden ýokarydyr we beýikdir. Şonuň üçin her kim boýnundaky tabynlyk ýüpüni onuň tabyn ediji we ideg halkasyndan çykarsa,

---

[1] Gurhanyň 7-nji süresiniň 149-njy aýaty.
[2] Towg – meýletin tabyn bolma, boýun egme.

mydama bagtynyň we mertebesiniň baýdagynyň başaşak synandygyny görer. Umyt we höwes guşuny keç ykbalyň bürgüdiniň penjesinde haly harap halda görer. Işiň döwletli maslahaty we durmuş zerurlyklarynyň dogry çykalgasy şoldur, ýagny ýurduň ýarysy elden gitmezden öň bagtyýarlyk ulagy belli-külli aýakdan galmanka, betbagtlyk eli şu ýagdaýymyzyň ýakasyndan ýapyşmanka, men elimi patyşanyň hemaýat we kerem etegine uraýyn. Onuň çäksiz haýyr-yhsany ýörelgesine eýereýin. Onuň nökerligini we hyzmatkärligini kabul edeýin - diýdi.

Soň öz nebereleriniň iň ulularyndan süýji dilli, sahypjemal, şirin sözli, durmuşyň ajysyny-süýjüsini dadan, döwrüň yssysyny we sowugyny gören, zamananyň peýda-zyýanyna belet bolan pelek öwrüminde köne çarhyň sähralarynyň içlerini telim gezek söken bir kişini saýlap, ötünç we zarynlyk bilen doldurylan şu manydan ybarat bolan bir hat ýazdylar.

**Beýt**

Ki eý, älem asudasy dadyňyň,
Pelek bendesi raýy[1] azadyňyň.

Bu gün hyzmatyňdan çeken kişi baş,
Olar syry älemde ryswa-ýu paş.

Kylar haýbatyň betleri guşmal[2],
Eder döwletiň ýene niku hysal[3].

---

[1] Raý – pikir, garaýyş.
[2] Guşmal – temmi berme, jeza berme.
[3] Niku hysal – han häsiýetli.

Gel eý saýaýy Kerdigäri jahan,
Kowma, gussadan ki öleler bendegan.

Çün etdi bizi saly jürmi-günäh,
Bagyşla çün olduk kawy uzurhah.

Kylyp kalby serdile[1] ruhsary germ[2],
Dileg dilini açmyşam nermi-nerm[3].

Günä menden-u şahdan afu bezl[4],
Hata menden-u şahdan lutf-u pazl[5].

Meniň kibiler näme kylsa syýah,
Saňa ýaraşar afu kylmak günäh.

Ondan soňra hazyna we genç gapylaryny açdy. Soltanyň huzuryna laýyk bolan lagly, pöwrizedir ýaldyrawuk dürleri, dürli parçalary, etrabynyň matalaryny, hindi we ýemeni gylyçlary, araby atlary, çynly gullary we parsy müşki-anbarlary, kafurlary tertipläp, soltanyň hyzmatyna ugratdy. Öz günä we ýazyklaryndan ötünç diläp, her ýyl mal we ýükleri taýýarlap, soltanyň hazynasyna ibermäge, soltanyň huzuryndan buýrulan her bir hyzmaty ýüz öwürmän, ony ýerine ýetirmek üçin tabynlyk guşagyny jan biline baglamaga borçlandy. Ilçiler soltanyň huzuryna ýetip, duşuşmak bagtyna miýesser boldular.

---

[1] Kalby sert – sowuk göwün, göwni sowuk.
[2] Germ – gyzgyn, yssy.
[3] Nerm – ýumşak, şakymly, näzik.
[4] Afu bezl – ýalkawy peşgeş bermek.
[5] Lutf-u pazl – mähremlik we mähribanlyk.

## Beýt

Şahynşah öňünde açyban zyban,
Eda kyldy söz misli syhr[1] beýan.

Diýdi: «Eý serweri hysrowany jahan[2],
Myrady geçedir gerdişi asman.

Olar sen gazap kylajak jan setan[3],
Soňundan ýene olajak mähriban.

Teni murdaýa[4] rehmetiň jan berer,
Sözüň janlara aby haýwan[5] berer.

Egerçe menem sust-u peýman şiken[6],
Weli gördüm enwagy let[7] gahardan.

Tewejjüh[8] kylyp suýy dergähi-şah,
Ýazyklaryma olmuşam uzurhah[9].

Bu ýagdaý bilen luwluw we merjen kibi jana ýaramly, göwünden turýan sözleri Soltan tagtynyň hyzmatynda gürrüň etdi. Soltanyň ryzalygyny gazanmak üçin akyldarlardan we bilimdarlardan ýüze çykyp biljek tagallany etdi. Getiren

---

[1] Syhr – jady, jadylyk.
[2] Serweri hysrowany jahan – jahan şalarynyň baştutany.
[3] Jan setan – jan alyjy.
[4] Murda – ölen, öli, jansyz.
[5] Aby haýwan – dirilik suwy, aby-haýat suwy.
[6] Peýman şiken – peýmany bozan, ähdi-peýmany syndyran.
[7] Let – gürzi, çakmak.
[8] Tewejjüh – 1) ýüzlenme, ugrama; 2) üns berme, dykgat berme.
[9] Uzurhah – ötünç dileýän, ötünç dileýji.

sowgat-serpaýyny Soltana arz edenden soňra hazynadara tabşyrdy. Umytly bolup, döwrüň şasynyň hyzmatyndan öz otagyna bardy. Birküç günden soňra Soltan myhmandarlyk edip, ol ilçini myhmançylyga çagyrdy. Nahar iýlip, içgiler içilenden soňra göwher seçýän sözi bilen ilçiniň gulagyna şeýle diýdi:

— Meniň dury mähir çeşmämde siz hakda peýda bolan bulançaklygyň esasy sebäbi melik Mesgudyň akmaklygyndan we nadanlygyndandyr. Ol köşgümiziň tabynlygyndan ýüz öwrüp, gaýry adamlaryň dostlugyna bil baglady. Indi ötünç we ýalkaw diläp, bagtyýar älem şalarynyň kyblasy we döwran topalaňçylarynyň käbesi bolan köşgümiziň enaýat gapysynyň halkasyny kakdy. Onuň günälerini we ýazyklaryny geçdik. Gümralygyny we erbetliklerini ýalkadyk. Erbetlik etmese, biziň gullugymyzda sustlyk görkezmese, gaýry meliklerden kömek islemese, galan ýurduny özüne tabşyrdyk. Mundan soň onuň maksatlaryny we isleglerini köşk huzuryndan hasyl ederis.

**Beýt**

Bu akwala[1] Dadar[2] olsun güwäh,
Hudawenda Keýwan-u hurşyd-u mah.

Eger ýene-de boýun egmezlik edip, başyny galdyrsa, iman ýerine küpürlik etse, häzirki gören jezasyndan beterräk jeza görer.

Ondan soňra ilçini dürli engamlar bilen sylaglady we yzyna dolanmaga rugsat berdi. Birnäçe wagtdan soň, pelek

---

[1] Akwal – sözler, gürrüňler.
[2] Dadar – Kazy, Taňry.

älemiň sergezdan aşygy kibi aýlanyp, howa sowap başlanda, Soltan maksatlaryna ýetmek bilen kenarýaka ýerleriň behişt ýaly giňişligine we mawy çemenzarlygyna meýil etdi we ol tarapa ugrady.

**Beýt**

Pes Antalyýa şäherine rahtyny[1] -
Çekip gördi ferhunda[2] dür bagtyny.

Onuň kibi bir şäher pür gülüstan,
Pelek görmedi, görmemişdir anan[3].

Açylmyş bahar idi ol ýerde now[4].
Howa müşki Çyndan eltmiş girew.

Semen dagy olmuş seri şahsar[5],
Olup reşki Firdöws[6] her juýbar[7].

Düzüp güne-gün hysrowy perniýan,
Eýletmiş zemin rownagy asman,

Kamu sahny hamun[8] çu mina[9] idi.
Zemin sebezden[1] misli derýa idi.

---

[1] Raht – goş-golam, ýol azygy we goşy.
[2] Ferhunda – mübärek, bagtyýar.
[3] Anan – olar.
[4] Now – täze, ter.
[5] Şahsar – şahaly, şahadan doly, şahalar.
[6] Reşki Firdöws – Firdöws.
[7] Juýbar – akar, ýap, salma.
[8] Sahny hamun – düz meýdan, sähra giňişligi.
[9] Mina – mawy, gök.

Olup münber gumry serwi sehi[2],
Pür olardy hutba ile bagy şahy.

Çemen rast pür genji Karundy,
Ruhy hary läle[3] ile gülgündi.

Ferehden[4] kamu köşede düşedi,
Daragt taraby[5] bikeran hoşady.

Kylyp samg şah sazy çeň-u rubap,
Ferehnäk[6] tutardy jamy şerap.

Gähi lagby[7] top idi, gähi şikär,
Gähi aýş-u bezmi lebi juýbar[8].

Bir aý onda bezm eýledi patyşah,
Tanaggum[9] kylyp hysrowy täj-u kulah.

Çün erişdi bady-bahar ýene,
Ki now[10] kyla her köne käri ýene.

---

[1] Sebze – çemen, gök otlar, çemenlik.
[2] Serwi sehi – gös-göni serwi, dik serwi.
[3] Hary läle – gülüň tikeni.
[4] Fereh – şadyýanlyk, kalby açyklyk.
[5] Tarap – şatlyk, şagalaň.
[6] Ferehnäk – şadyýan, hoşhal, bagtyýar.
[7] Lagb – oýun, güýmenje.
[8] Lebi juýbar – derýa ýakasy.
[9] Tanaggum – lezzetlerden peýdalanma, nygmatlardan peýdalanmak.
[10] Now – täze, ter, ýaňadan.

Nesimi sähergäh olup tizrow[1],
Ererdi şaha müjdeýi[2] mülki now.

## SOLTANYŇ MELIK ADYLYŇ ÖWLATLARY BILEN GUDAÇYLYK WE GARYNDAŞLYK GATNAŞYGYNYŇ BEÝANY

Hökümi ýöreýän Soltan beglerine we serdarlaryna:

— Bahar möwsümi gelende goşunlary dürli we elwan serişdeler we ýaraglar bilen bezärler. Ýerli-ýerinde häzir bolup, hyzmaty ýerine ýetirmäge we söweş dabarasyna girmäge taýýar bolarlar. Begler ýeke-ýekelikde köşge gelip, köşk işiginiň hyzmatyny yhlas bilen täzeden gaýtalarlar - diýip, buýruk berdi.

Ondan soňra Soltan güýçli ýagyşly bulut kibi deňiz kenaryndan bagtyýarlyk bilen myrat tygyny isleg gynyndan çykaryp, Kaýsaryýa tarap ugrady. Begler we ulular her tarapdan köşk hyzmatyna gelip ýetdiler. Begler we ilçileriň toplumyndan köşgüň meýdançasy magşar güni kibi adamdan doldy. Soltanyň oýa danalygyndan pitne ýatyp, adyl we adalatynyň haýryndan jahan abadan bolupdy.

Kahta söweşinde tussag bolan, Kaýsaryýa galasynda zyndanda galan Yzzeddin ibn Bedri degişli adamlary we nökerleri bilen tussaglykdan çykaryp goýberdi. Nepis halatlar, şalara laýyk sowgatlar berdi. Köşk huzurynda elini öpmek hormatyna rugsat berdi. Mähribanlyklara we mähremliklere eýe etdi. Hezzet-hormat bilen Şam tarapa ugratdy. Bir gün

[1] Tizrow – çalt gidýän, ýörgür, gitgir.
[2] Müjde – buşluk, söýünji.

meýlis we keýpi-sapa wagtyndaky maslahatda Soltan kömekçisi (naýyby) Seýfeddine:

— Biziň garaýşymyza görä, hökmürowanlyk sütüniniň berkemegi we şähriýarlyk ähdimiziň mäkämlenmegi üçin, şeýle-de şonuň üsti bilen Soltanlygymyzyň namysy we patyşalygymyzyň röwşenligi zyýada bolar ýaly we abraýymyzyň artmagy üçin Melik Adylyň oglanlary bilen garyndaşlyk açmak we birleşik etmek gerek - diýdi. Seýfeddin jogap berdi:

— Bu dogry pikiri ýerine ýetirmek üçin howlukmak gerek. Garyndaşlyk şertlerini berjaý etmekde haýallyk etmeli däl. Bu maslahaty gowy işlerden hem artyk bilmek gerek. Bu pikiriň haýryndan hökmürowanlyk nurlary lowurdap, şadymanlyk delilleri aýdyň görünýändir. Eger Soltan hezretinden rugsat bolsa, men ol hyzmaty ýerine ýetirmekde yhlas kemerini jan biline baglaýyn.

Soltan buýurdy:

— Onda hazyna bar. Ol maslahatyňa gerek bolan göwher bilen bezelen gymmatbaha zatlary, parçalary taýýarla. Tizräk ugra. Garyndaşlyk esasyny taýýar kyl.

Hökümdaryň buýrugy bilen hazyna, lybashana we athana bardylar. Gymmatlylygynda iň soňky derejelere ýetýän bezegli täçler, göwher bilen bezelen bilezikler, halkalar, gymmat baha parçalar, gözel kenizler, türki atlar, ýükçi gatyrlar, iki örküçli düýeler we beýleki gerek bolan serişdeleri we esbaplary taýýarladylar. Onsoň birküç sany ynamdar adamlar we ýaşulular bilen ugradylar. Malatyýa baranlarynda onda hassalyk we gowşaklyk peýda boldy. Onuň hassalygy uzaga çekdi. Ol keselden onuň bedeni jöwher ruhundan boşap galdy. Bu habar Soltana ýetende, Emir Şemseddin Çaşnygir Altyn Beg atly özüni terbiýelän guluny onuň ornuna bu möhüm işi ýerine ýetirmek üçin belledi. Soň:

— Hazyna we athana kätibiniň jikme-jik ýazgysy esasynda jöwherleri, pullary, gymmat baha zatlary we baýlyklary eliňe al we eglenmän Şam tarapyna ugra — diýip buýurdy.

Emir Şemseddin Altyn Beg Malatyýa gelip ýetdi. Esbaplary we hazynany eline alyp, öz eýeçiligine geçirdi. Ätiýaçlylyk bilen barlandan soňra, tabşyrylan hyzmaty ýerine ýetirmäge girişdi. Şam meliklerine Yzzeddin ibn Bedr habar ýetiripdi. Soltanyň ol barada eden ýagşylyklaryny we yhsanyny beýan etdi. Melik Adylyň oglanlarynyň kalbyndaky Soltanyň begleri we nökerleri tarapyndan peýda bolýan her bir ýigrenç we kine gudaçylygyň şatlyk we begenç suwy bilen ýuwlup, ýok boldy. Emir Şemseddin Şam ýurdunyň çägine girende, ony tagzym we uly hormat bilen garşyladylar. Dürli zyýapatlar we nygmatlar menzilme-menzil häzir etdiler. Ertesi Şam etraplarynyň, Ermeni we Diýarbekriň patyşalary bolan Melik Adylyň oglanlary Melik Mugazzamy, Melik Eşrebi, Melik Kazyny, Melik Fahreddini we Dymyşkyň beýleki beglerini we ululary paýtagta toplap, kazyny häzir etdiler. Şemseddin Altyn Begi çagyrdylar. Emir Şemseddin getiren sowgatlaryny we esbaplaryny öwüp we tertipläp, göwherleri altyn-kümüş tabaklaryň içinde goýdy. Gullary, kenizleri, atlary, gatyrdyr düýeleri tertipleşdirdiler we düzgüne saldylar. Ählisi Soltanyň uly hümmetine, kämil sahawatyna aperin aýtdylar. Akt we nika gyýmak tamam boldy. Ol gün şeýle bir şeker seçişlik boldy welin, adam döränden ol zamana çenli hiç kim ol derejedäki beýiklik we dabaralylyk bilen bezelen bir üýşmeleň we ýygnanyşyk görmändi. Eger Ýahýa ibn Halyt Barmaky diri bolup, ol mejlisi kylan bolsa, ol babatda utanardy. Akt baglanyşygy ýerine ýetirilip, ýatlyk garyndaşlyga öwrüldi. Melikler Şemseddinden:

— Kejebe ýola taýýar edilýänçä, munda galyň - diýip, haýyş etdiler.

Olaryň isleglerine görä, garaşmagy wajyp bildi. Ol barada Soltan hyzmatyna bir hat ýazyp, mübärek möhüminiň tamamlanandygyny, işleriň islege laýyk bolandygyny beýan edip:

— Eger bagtyýar jylawyň Malatyýa ülkesine hereket etse, meliklere hormat-sylag edildigi bolar hem-de älemdäkileriň göwünleriniň açylmagynyň, şatlanmagynyň we rahatlanmagynyň esasy bolar. Aý-günüň birleşmegi mydamalyk bagt ýyldyzy we bagtyýarlyk keramat menzili bolan Malatyýada miýesser bolaýsa - diýip ýazdy. Soltan ol habary eşidende, ýüzünde şatlyk we begenç alamatlary peýda boldy. Ýurduň beglerine we ulularyna:

— Bagtyýar çadyrymyz Malatyýa tarap ýöriş kylar. Hemmäňiziň saklanmazdan ol tarapa ugramagyňyz zerurdyr — diýip emr etdi.

Özi mübärek we bagtyýar halda ýola düşdi. Ýolda mübärek boýnunda bir gara uly çyban peýda boldy. Onuň jebir we azabyndan ezýetdir kösençler çekdi. Şeýlelikde, sabyry, karary we rahatlygy mübärek barlygydan belli-külli daşlaşdy. Malatyýa ýetdiler. Ondan birküç gün öň kejebesi ol ýere gelipdi. Şamyň uly begleri ol kejebäniň hyzmatynda boldular. Emir Esededdin, Emir Şemseddin Altyn beg Soltan çadyryny garşylamaga ugrapdylar. Bolan ýagdaýy we hekaýany gürrüň beripdiler. Soltan onuň kämil iş başarjaňlygyna, dogruçyllygyna, akyl we sahawatyna sena etdi. Ol wagtda dert we agyry Soltanyň päk durkuna örän täsir etdi. Dünýä ýüzünde meşhur bolan ökde tebipler Sadry Ferideddin, Muhammet Jajermi, «Külliýaty kanuny» goşgy bilen ýazan Bedreddin Jeriri we Yzzeddin ibn Hubeli Mosuly, Takyýeddin Tebip, Waspeddöwle Nasrany barlamaga we bejermäge meşgul boldular. Bularyň her biri tebipçilik sungatynda asyryň ýeke-tägi we döwrüň akyllysydylar. Olar:

— Eger neşter ujy bu ýara ýetse howpludyr. Bu sargy we daňy bilen ýara ujy buldurap deşiler we agyrysy egsiler diýip umyt edýäris — diýdiler.

Emma her pursat derdi we elemi zyýada bolýardy. Ol ýaranyň üsti bilen çenden aşa dert Soltanyň tebigatyna eýe bolýardy. Rumuň we Şamyň uly-kiçileri we begleri bu wakadan melul bolup närahatlanýardylar. Soltan bir gün örän ejizliginden we biçäreliginden şerapbegi Fahreddin Yýasa buýurdy:

— Jerrah[1] Fasyly çagyr, täzeden derman çalyp sarasyn.

Fasyl häzir boldy. Ýara özenininiň ýagşy bişendigini görüp, başyny howp ýerine goýdy. Assyrynlyk bilen neşteri gizläp çykaryp, çybanyň ýumşaklygyny ýa gatylygyny görmek bahanasy bilen neşteri sançdy. Şobada iriň gatyşykly sary suw çeşme kibi akdy. Emir Jelaleddin Garataýy legen häzir etdi. Iriň akdygyça Soltan rahatlanýardy, iriň we sary suwuň hemmesi akdy. Soltan rahatlanandan, agyry wagtynda uklamanlygyndan uka gitdi. Bir gije-gündiz rahat bolup ýatdy. Älem halky ol ýagdaýdan gorkup, bir betbagtçylyk peýda boldy diýip pikir etdiler. Şähriýar oýanyp jerrahy pagta bilen ol ýaranyň özenini aýyrmak üçin çagyrdy. Ondan soň Soltanyň kalbyndaky rahatlyk zyýada boldy we aýtdy:

— Meniň salamatlygyma rahatlanýan her bir adam jerrah Fasyla zat bermegi özüne wajyp bilsin.

Şol gadar derhem, dinar, at, gatyr, kemha we don berdiler weli Fasyl daň atan wagty bir pahyr jerrahdy, ol gün neşter ujundan şeýle bir baý boldy welin, baýlyk bilen zamanyň meşhurlarynyň meşhury boldy.

---

[1] Jerrah — hirurg.

Bir hepdeden soňra Soltan gün-günden gowulaşmaga başlady. Doly gowulaşandan soň Soltan gezelenje ugrady we buýurdy:

— Meýlis we bezim esbabyny taýýarlamaga meşgul boluň.

Begler we kömekçiler şäheri bezetdiler. Şam serdarlary öz resmi we düzgünleri esasynda kämil tebigy mähribanlyklaryndan ýaňa kejebäni altyn-kümüş, dürli göwher we nepis zatlar bilen bezediler. Olary düýeleriň üstünde ýerleşdirip, tertipleşdirdiler. Şirin we ýeňil hereketli oýunçylar, sazçylar, bagşylar Müsür, Şam, Rum we Mosul diýaryndan ol ýygnanyşyga we toýa geldiler. Hartpert meligi Soltanyň sagduçlygyn (?) haýyş etdi. Soltan bagyşlady. Ol hem ol zyýapatda dürli sahylyklar görkezip, peşgeşler, dinar we derhem raýata bagyşlady. Bir hepde üznüksiz aýşy-eşrete we oýna meşgul boldular. Soltan sekizinji gün umumy bezm gurduryp, Şam beglerini çagyrdy. Şatlyk mejlisinde olar bilen oturyp, eşretler edip, söhbetler gurdy. Mübärek durkunda ýara peýda bolup, garaşdyran günleri üçin ötünçler diledi. Ählisi doga we sena edip, ýer öpdüler. Soltan hezretiniň salamatlygy üçin Hudaýtagala şükür edip: «Hudaýa şükür! Allatagala eýämiz Soltany keselden we belalardan saplap, bagtyýar saglyk bilen sylaglady» diýen sözleri gaýtalap aýtdylar. Ondan soň goşgular we kasydalar diňlemäge başladylar. Haýyr we şatlyk käselerini elden-ele geçirdiler.

Jahanyň eýesi mawy çadyryna girdi. Ýyldyzlar mawy köşgünden ýer ýüzüne nazar etdiler. Gudrat halyçylary «Aşakdaky asmany çyralar bilen zynatlap»[1] diýen aýat esasynda, lajurt çadyryny pelek gelinleriniň öňüne tutdular.

---

[1] Gurhanyň 41-nji süresiniň 12-nji aýaty.

## Kytga

Hamyda[1] mah keman suratynda zerrin toz,
Gaçardy rejimi şeýatyn,[2] mysaly tiri şetap[3].

Garaňky gije içinde hyýaly nury nujum[4],
Mysaly perri howasyl[5] miýany baly gurap[6].

Kebudy natyg[7] miýanynda sana sen Perwin,
Tutar kadahlary bulurdan kefi laggap[8].

Benaty nagş[9] dogulmyş pelek, kenarynda,
Mysaly tohmy şütür murgdy[10] miýany serap.

Mejerreh[11] bahrda[12] ýol kibi görüner sana sen,
Asasile[13] gülümiň taryky[14] olmuş ap.

[Ine asman şu] sypaty bilen sypatlandy. Egindeşler doly käseler içmek bilen serhoş boldular. Soltan turup, gelniniň wysalyna we mertebeli otagyna bardy. Horram düşegine we

---

[1] Hamyda – egri, gyşyk, epilen, bükük.
[2] Şeýatyn – şeýtanlar.
[3] Tiri şetap – batly barýan peýkam.
[4] Nujum – ýyldyzlar.
[5] Howasyl – durna, suw guşy.
[6] Baly gurap – garganyň ganaty.
[7] Kebudy natyg – ýaşyl göni, mawy derisi.
[8] Kefi laggap – oýunçy eli, oýun oýnaýan aýasy.
[9] Benaty nagş – Ýedigen.
[10] Şütür murg – düýeguş.
[11] Mejerreh – Akmaýanyň ýoly.
[12] Bahr – deýiz, umman.
[13] Asa – hasa.
[14] Taryky – ýoly, ýörelgesi

sapa ýorganyna girip, Melike birle aýşy-eşrete, gujaklaşma we posa almaga girişdi. Şol wagt mähri galaba gelip, möhrün göterdi. Ol şadymanlykdan gelin enekelerine, uly kejebe bilen gelen hyzmatkärlerine mynasyp gençler seçip, engam we yhsan etdi. Karun kenizleriniň eýesiniň melikesi edip, Efreýdun (Peridun) mülküniň häkimi edip, oňa köwüş baha resmi üçin il we welaýat berdi. Ertesi Şam beglerini görnüş sypasyna çagyryp, dürli mähribanlyklar we gymmat bahaly sowgatlar berip sylaglady. Nahar iýlip, şerbetler içilenden soňra şatlyk getiriji bulgurlar aýlanyp başlady. Biraz aýşy-eşrete meşgul bolanlaryndan soňra turup, ýerli ýerine bardylar. Soltan ýene haremhanasyna girip, dynç almaga meşgul boldy. Ertesi dürli nygmatlary we sahawatlary ähli emirlere we etrap beglerine döküp, ýedi gün yzygiderli göwün açyjy mejlis gurnady. Sekizinji gün Şam beglerine mährem ýoldaş boldy we olary Şam ýurduna gitmäge rugsat berip, ugratdy. Huzuryndaky begleriň birnäçesini ýola salmak däbine görä, olar bilen ýurt serhedine çenli ugratmagy buýrup, Şam ýurduna girýänçä her menzillerde zyýapatlar häzir etdirdi.

Begler Soltanyň huzuryndan gaýdanlaryndan soň, ol mübäreklik we bagtyýarlyk bilen Kaýsaryýa ugrady. Hökmürowanlyk, şadyýanlyk we islegine ýetmeklik bilen Kaýsaryýa ýetdi. Şähriýar her şähere gadam basanda şäheri bezärdiler. Altyn, pul we niçe ýyllaryň gazançlaryny patyşanyň üzeňňisine seçerdiler. Bir müddet Kaýsaryýada ýaşady. Güýz pasly ahyrlaşyp, gyş möwsümi gelip ýetende, Antalyýa ugrady. Oňa ýetende bir aýlap hemişeki adaty we resmi esasynda ýurduň ýagdaýlaryna gözegçilik etmäge, ezilenleriň arkasyny almaga, zalymlary ýok etmäge meşgul bolup, çeň, naý, rubap owazyny diňläp, bada sunup, lagla meňzeş şerap bilbili bilen durmuş geçirdi. Ondan Alaýyýa bardy. Bir aý ýaz ýaýlasynda

seýr edip, sapaly ýerlerde dynç alyp, parahatlykda wagtyny geçirdi.

Bahar şemaly demirgazyk tarapdan öwsüp başlady. Daglar ýakasyndaky garlar eremäge, ýerleriň doňy çözülmäge başlady. Soltan ýurduň etraplaryndaky beglere we goşunbaşlara permanlar iberip:

— Ähli esgerler Kaýsaryýa gelsinler - diýip buýurdy. Birküç günden soňra bagtyýar çadyryny öz boýy, nökerleri we haremhanasy bilen paýtagt Konýa ugratdylar. Soltan entek Konýa barmazdan öň ähli begler we ulular jeňdir söweş esbaplary bilen birlikde Kaýsaryýada, Meşhet sährasynda tanap-tanaba kaklyşdyryp, çadyrlar tutup gondylar. Soltan geljek tarapyna göz we gulak bolup: «Ne emr etse, dil we jan bilen ýerine ýetireliň» diýşip, garaşyp durdular.

## SOLTANYŇ GYPJAK SÄHRASYNA ÝÖRIŞ ETMEGINIŇ SEBÄBINIŇ WE SAGDAGY BEGLER BEGI HUSAMEDDIN EMIRIŇ ÜSTI BILEN ALMAGYNYŇ BEÝANY

Heman Konyýadan çetri[1] zylly-Iläh[2],
Huraman olup misli rahşendeýi mah[3].

Jahana bereýdi çoh müjde[4] mehr,
Ki dönmez dagy tüntlikle[5] sipehr[6].

[1] Çetr – saýawan, şa çadyry.
[2] Zylly-Iläh – Taňrynyň saýasy.
[3] Rahşendeýi mah – lowurdawuk aý.
[4] Müjde – buşluk, söýünji.
[5] Tüntlikle – çaltlyk bilen, çakganlyk bilen.
[6] Sipehr – pelek, asman.

Dagy dökmiýe eşki-gam, çeşmi-myg[1],
Pelek kylmyýa şatlyklar daryg[2].

Ne tozlar ki goparar idi sypah,
Bolardy onuňle sana çeşmi-mah.

Huraman piruzyýy-Kerdigär,
Olup erdi Kaýsaryýa şähryýap.

Ýüzünden şegufta[3] idi älem ruhy,
Jahan pür nesimi güli ferruhy[4].

Huruşy nagar[5] ile owazy naý,
Dahy joşaşy[6] merdum[7] haý-haý.

Ki tä sakfy[8] pöwrüzeýi dür nigär,
Ererdiler owazaýy şähriýar.

Heman dem jahangiri gerdun mahal,
Görüp kyldy teşrifi burjy hamal.

Ferehden zemin gülleri täzedi,
Howa doly bilbilden owazady.

---

[1] Myg – ümür.
[2] Daryg – haýp, arman.
[3] Şegufta – haýran, geň galma.
[4] Ferruh – mübärek, bagtyýar.
[5] Nagar – nagara, deprek.
[6] Joşaş – joşgun.
[7] Merdum – adamlar.
[8] Sakf – 1) üçek; 2) asman.

Hadywy jahan şähryýara zemin,
Ki ferru idi ebri dür aperin[1].

Pelek syhrasy hökmi çowganynyň,
Jahan bendesi mähr-u permanynyň.

Oturdy serir[2] üstüne açdy rah[3],
Ki görüne her ýaňadan dadyhah.

Birden onuň adalat gapysyndan peýda-zyýan umydy bilen jahanda top kibi sergezdan bolup gezýän, mydama peýda umydy bilen deňizlerde nilufer[4] kibi suw ýüzünde seýran edýän bir bezirgen ahy-nala bilen elini göterip, Soltana doga we sena kyldy.

Bu resm ile diýdi «Şah-a terjiman,
Ki paýende[5] olsun hadywy-jahan.

Ki oýanyklygyndan galar pitne-hap,
Gylyjy odundan neýýiri aftap[6].

— Bu derwüş gol ryskynyň talaby bilen kynçylyklar we agyr zähmetler görüpdi, gije-gündiz gury ýerde we deňizde ýel kibi gezende bolup, ýüz dürli jebir, azap we ezýet çekip, birküç dinar we derhem gazanypdy. Gypjak, rus we bulgar deňizi kenarynda bu köşgüň adyl we namysy owazasyny

---

[1] Aperin – ýaradyjy, dörediji.
[2] Serir – tagt.
[3] Rah – ýol, ugur, ýörelge.
[4] Nilufer — gülli, mawy ösümlik bolup, ýapraklary giň, suw gyralarynda ösýär.
[5] Paýende – baky, hemişe.
[6] Neýýiri aftap – nurly gün, gün nury.

eşidip, horramlykdan bu tarapa ugradym. Gämä münüp, deňizden bäri geçip, bu döwletiň kölegesiniň saýasynda asudalyk we rahatlyk bilen durmuş sürmek isledim. Gämä münmäge gelenimde gazanmak üçin eziz ömrümi sarp edip munça muşakgatlar bilen ýygnan bar malymyň ählisini elimden aldylar, mal gitdi. Başymy hem munça zähetler bilen gutaryp geldim.

**Beýt**

Heman men gula dat göster Hudaý,
Şah işigine oldy uş rahnemaý.

Ki oldur jahan işine çäre bes,
Myrat onda bolar her awara, bes.

Heniz ol sözüni soňlamanka, ýene bir kişi:

— Men Halapdan Şam we Bagdat parçalaryny baglap, bu ýurda ugrapdym. Haçanda Lifunyň höküm edýän ýeri bolan Ermenistana gelenimde, mal we dowarymy tamam elimden aldylar. Başymy müň hile bilen gutardym. Örän üflis binowalykdan gündizim garaňky gije kibi boldy. Günüm garaňky, bagtym şor boldy. Kapyryň bu köşkden gorkusy bolmasa bu derdiň dermanyny, bu zulumyň aryny haýsy adyl Soltandan talap ederis - diýip, şikaýat edip, hekaýatyna başlady. Ol bu sözüni tamamlanda ýene bir kişi nalap:

— Men Antalyýa halkyndandyryn. Gazanmak üçin muşakgat oduna ýanyp, bütin ömrüme gazanan zadymy gämä ýükläp, Müsüre geçip bu uly iş bilen peýda görüp, ol sermaýadan köp haýyrlanaýyn diýip, deňiz ýolagçylygyny ygtyýar etdim - diýip, bir ah çekdi we aýtdy:

## Beýt

Eýa, şahy dünýä-ýu din dat,
Ki ömrüni turabyny eýletdi bat.

Çün etdim bina bat üzre nuhust[1],
Pes işimi saht[2] eýledi raýy sust.

Dil ol batdan hiç olmady şat,
Onuň kibi bat eý Ilähi mebat.

Garaňkyda bir möwç erdi heman,
Ki diýdim ýaryldy meger asman.

Bir araýa nägäh erişdik zebun,
Ne ara ki ol ara idi möwji hun.

Galyp gündiz umytla ol gije,
Ne diýem ki ol gije idi nije.

Pes ol dem ki subh oldy, ýaýyldy gün,
Jahandan hemin napedit[3] oldy dun.

Ne gün kim sypaty kamu tab-tep,
Onuň kibi hiç olmasyn ruzy şep.

---

[1] Nuhust – ilki, ilkibaşda.
[2] Saht – agyr, gaty.
[3] Napedit – gözden ýitme, ýok bolma.

Sawahyldan[1] efreňi[2] ataş nehat,
Rowan kyldy bize gämi misli bat.

Tutuban bizi, eýlediler ýesir,
Ne bar destires[3] onda ne destgir[4].

Çekip zähmet-u harjy ömri deraz[5],
Gazanmyş rysk az-u nyýaz.

Kamusyny fil-jümle[6] hep[7] aldylar,
Bizi damy-endişäýe saldylar.

Niçe musulman bent-u zyndandadyr,
Guluň gaçdym-u galany ondadyr.

Men ol bentden gaçyban çäresaz,
Erişdim, çekip gahar ze ahy-deraz[8].

Bu gün şadan özge kim ola kim,
Ki dep ede bu resme zulmy azym.

Bu zalymlyklar Soltanyň gulagyna ýetende, bagtyýar ýüzi we mübärek meňzi gül kibi gyzardy. Namysynyň joşmagy, halas etmek islegi we kämil mähribanlygy bilen olara hemaýat

---

[1] Sawahyl – kenarlar, kenar ýaka ýerler.
[2] Efeňi – ýewropaly.
[3] Destires – dadyňa ýetişýan.
[4] Destgir – goldawçy, eliňden tutýan.
[5] Ömri deraz – uzak ömür.
[6] Fil-jümle – şol sanda.
[7] Hep – hemmesi, bary.
[8] Ze ahy-deraz – uzak ahy-naladan.

etmek üçin arslan kibi arlamaga, güneş kibi gyzmaga başlap, gozgalaňa düşdi we buýurdy:

— Derrew täjirleriň mallaryny hazynadan bersinler. Çünki gadym yslam patyşalarynyň adaty şeýle bolup, hökümi ýöreýän ýerlerinde ogry we haramy halkyň malyny elinden alsa, ilki bilen ony tapyp berýärdiler. Soňra haramyny tapyp, öldürerdiler we malyny hazyna tabşyrardylar. Şäherlerde, welaýatlarda halkyň maly elinden alynsa, ol şäheriň we iliň goşunbaşysy hem-de häkimi olaryň mallaryny egsiksiz tapyp bererdiler. Ondan soňra ogry we haramyny gözläp tapardylar. Çünki bu iş şerigata görä edilýändir, ýagny halkyň malyna we janyna begler we häkimler kepil bolmalydyr. Heniz ol kada Şamda bardyr. Ol ýerde häkime «zamän»[1] diýýärler.

Ondan soňra Soltan beglere bakyp aýtdy:

— Bu tymsal jahanda meşhurdyr. Mejlislerde we oturyşyklarda köp ýatlanylýandyr. Haçanda, barsa (şire) aw awlamaga bir zat päsgel berse, keýik çaýyrlarda we çemenzarlyklarda çekinmän gorkusyz otlamaga başlar. Biz ol taýpalara çäksiz merhemet we soňsuz mähremligimiz bilen öz watanlarynda ýaşamaga erkin goýupdyk. Betbagtçylyk ýyldyrymyndan, horluk hüjüminden närahat kylypdyk. Örän akmaklygyndan we samsyklygyndan, ol nygmatyň gadyryny bilmän, rahatlyk we asudalyga razy bolman, tersine ýurduň bezirgenlerine kynçylyk we zyýan ýetirýärler. Eger biz ol gümralaryň we zalymlaryň temmisini bermek üçin goşuny, batyrgaý adamlary we gahrymanlary ugratsak, «Bir sagatlyk adalat altmyş ýyllyk ybadatdan haýyrlydyr», sünnetiniň hökmi bilen amal kylsak, bütin halk ýanynda diňe bir günämiziň geçilmegini gazanmak däl-de, belki öwülen we minnetdarlyk bildirilen bolarys.

---

[1] Zamän — kepillik, kepil bolmak.

### Beýt

Eger ola permany Perwerdigär,
Kylam olara kary kine güzar[1].

Sag gol begler begisi Husameddin Çopan beg bolup, gaýy boýunda ondan uly boý we köp nökerli beg ýokdy. Ol Soltan dergähiniň gadym-gadym ulularyndandy we beglerindendi. Ol sahawat, batyrlyk, kämil danalyk, merdanalyk bilen galan beglerden tapawutlanýardy we artykdy. Dünýä ýurtlarynda we şäherlerinde güneş kibi her rahatlyga sebäp bolup, Myrryh kibi her gorky we betbagtçylygy dep etmäge Hakyň ýardamy bilen onda çäre tapylardy. Älemiň yklymlaryndan we ülkelerinden onuň sahawatyna we engamyna mynasyp bolmak umydy bilen, görnükli adamlar we batyr ýigitler her ýyl gapysyna gelerdiler. Onuň beýikdir-pes engamlaryna we sahawatyna mynasyp bolardylar. Gaýy (Gaýa) we baýat boýundan kuwwatly ýigitleri ýygnap, Gypjak gullaryny alyp, uruş we söweş tälimlerini bererdi. Öz islegi we hudaýyň isleginiň ryzalygy üçin jeňe ibererdi. Özi elmydama üç tarapyna gala ederdi. Uruş meýdanyndan getiren bar zadyny ýylda seýitlere, sopylara, Mekgä, Medinä we mukaddes ýerleriň müjewirlerine bagyşlardy. Tä şu ýakyn günlere çenli Kastamonyýa begligi hem onuň oglanlaryna degişlidi. Olar hem atalarynyň ýolunda, ol ýoluň horramlygyna goşuldylar. Her dürli ýagdaýlarda hem bilim, ybadat, ylym we amal eýelerinden wezipeleri, haklary we ýagşy yhsanlaryny kesmezdi.

Soltan oňa:

---

[1] Kary kine güzar – kineli iş.

— Husameddin Sagdak tarapyna goşun çekip, ol möhüm işe başla-diýip, höküm etdi.

**Beýt**

Enaýaty-Izetle gire ýola,
Kamu kasyt merzi Sagdak ola.

Ki şäher idi pür zin[1] misli arus[2],
Kenarynda urar möwj-i derýaýy-Rus.

Barabardy Sagdaga merzi-Hazar,
Weliken deňizden gerekdi güzer.

Ki gire ol aradan gämiýe sypah,
Ýörer kibi gökde buruj üzre mah.

Suýy sogd-u Sersun-u Gypjak-u Rus,
Sürüp kyla ajyn[3] günüň abnus.

Emir Mubaryzeddin Çawly Çaşnygir hem bu sahawatly neberäniň gadym bagtyýar gullaryndandy. Pelek onuň kibi bir ýigidi gaýyp äleminiň ýigitleriniň hatarynda-da görmändi. Kämil başarnygy, güýçli bilegi, baýlygynyň we adamlarynyň köplügi bilen bezelendi.

Emir Gimnanus we Muferzirum Rumuň şäherleriniň we obalarynyň hökmürowan şasydy. Galalaryň we tabynlaryň eýesidi. Mundan öň beýan edilen şehit Soltan Gyýaseddin Keýhysrow onuň bikelerinden bir gözeli nikalap alypdy.

---

[1] Pür zin – örän bezegli, bezemen.
[2] Arus - gelin
[3] Aj – piliň gyýagy.

Şeýlelikde, olar Soltanyň garyndaşlygyna we gudaçylygyna eýe bolupdy. Soltan Gyýaseddin şehit bolanyndan soňra, Soltan Yzzeddin Keýkowusyň we Soltan Alaeddin Keýkubadyň nazarynda hem eglenip, hormat-sylaga eýe boldular. Bular köp ýarag şaýlara we esbaplara eýedi. Soltan bulary sansyz leşger bilen  Ermenistan tarapyna ugratdy we buýurdy:

— Derbent içinde bar bolan ähli gapylary ýykyp, bet pikiriň bagty kimin harap edip, goşuny düze çykaryp, din duşmanlaryna şeýle bir zyýan we betbagtçylyk ýetiriň welin, Kyýamata çenli onuň yzy kapyrlaryň janynda bakylansyn.

Soň Soltan döwletiniň gadym uly beglerinden, ýurduň goşunbaşylarynyň ulularyndan, Antalyýanyň goşunbaşylygy tabşyrylan we ol töweregiň serhet we möhüm işleri bilen mydama meşgul bolan baý, dabaraly, atly kowumlaryň pälwany, söweşde batyrgaýlyk bilen şöhratlanan, ähli igdir begleriniň we türkleriň goşunbaşysy bolan Mubaryzeddin Ärtoguş bege buýurdy:

— Köp sanly goşun bilen kenarýaka tarapyna bar. Köňli Pereň kineliginden arassalap, deňiz kenarynyň möhüm işlerini bile barýan begler bilen düzediň.

Begler we ulular zamana şasynyň tagtynyň öňünde ýüzüni ýere goýdular we aýtdylar:

**Beýt**

Ki peýweste[1] olsun jahangir şah,  
Erer sen aduw göwsüne tiri şah.

---

[1] Peýweste – 1) bagly, goşugly; 2) baky, hemişe.

Pelek bendesi möhr-u permanyňyň,
Zamana talapkäri peýmanyňyň.

Ger ergüresen huta[1] permandehi[2],
Näheňinden ol kyla nili-tühi[3].

Weger kebik senden bola zur-u tap,
Bola teň sahn[4] howaýy-ukap[5].

Eger diýe permandehi ruzygär,
Kylamyz aduw ile bir kärzar.

Ki ger çarh ola hemawerdimiz[6],
Yrakdan ki peýda bolar gerdimiz.

Kyla çoh tezwirden ol zaman,
Ola zorle tapsyz natuwan.

Eger jem ola halky ruýy-zemin,
Begi birimize aýtmaz raýy kin,

Diýip, bu sözi daşary çykdylar,
Tawejjühle[7] küffar öýün ýykdylar.

Huruş etdi her ýandan surnaý,
Ki deprendi dag-u kemer, jaýy-jaý.

---

[1] Hut – balyk.
[2] Permandehi – buýruk berseň, höküm etseň.
[3] Tühi – boş.
[4] Sahn – giňişlik, meýdança.
[5] Ukap – bürgüt.
[6] Hemawert – garşydaş, jeňdeş.
[7] Tawejjüh – hereket etme, ýüzlenme.

Şu görnüşde gaýduwsyzlyk, batyrlyk we edermenlik bilen Soltan döwletiniň bähbidi üçin galalary basyp almakda, duşmanlary ýeňmekde janlaryny gaýgyrmadylar. Allanyň ýardamy, beýik patyşanyň bagtynyň goldawy bilen ol möhüm işleri ýerine ýetirmekde jan-u dil bilen berk durdular.

## SOLTANYŇ EMIRLERIŇ ÝOK WAGTYNDA KEÝKUBADIÝA DIÝEN ÝERDE ÝAŞAMAGYNYŇ BEÝANY

Begler we goşunbaşylar ol gulluga bellenen esgerler ýarag esbaplaryny şaýlap taýýarlanyp, Hudaýyň ýardamy we bagtyýarlyk bilen atlandylar. Soltan özüniň aýratyn janpenalary bilen, goşunyň ululygyny barlamak üçin bir depä çykdy. Olaryň ýagdaýlaryna kesgin we anyk göz gezdirende, Allatagallanyň adyny dile getirdi. Begleri ýanyna çagyryp, dürli göwün göteriji sözler bilen mähremlik etdi. Isleglerini we matlaplaryny ýerine ýetirip, tagallalaryna minnetdarlyk bildirmek bilen goldaw berdi. Ählisi doga we sena edip başyny ýere goýdular. Älemi ýaradyjynyň saýasyna «aperin» diýşip, ýola rowana boldular.

### Beýt

Bular çün göneldi-ýu şahy-jahan -
Ýene döndi bile niçe bendegan,

Bir araýa kim diýdiň Kerdigär:
«Behişt ýetmiş ol arada äşgär».

Egerçe ol arada ygtydal[1] howa,
Olardy ýere müşk desti-saba.

Çemende eýleý idi lebi juýbar,
Ki now hatdan ruýi zybaýy ýar.

Semen dürji kafur açmyş ýene,
Gülabyn gülüstana saçmyş ýene.

Kylyp anbaryn bady-zülpi çemen,
Gül ile garyşdyrdy müşki-hotan.

Onuň kibi mejlisde bir hoş nepes,
Kany mejberi läleweş,[2] destres[3].

Bir arada gonmuş idi şähriýar,
Ki şadyýan idi bahary-bahar.

Seranyň ki sahypasyndady mehr-u mah,
Kylarlardy çok jäht-le oňa nigah.

Gaty hyýrady onda haýwan gözi,
Içindedi hem aby-haýwan gözi.

Ki ol çeşmiden çeşmi-älem seni,
Seraser[4] zemini jenan[5] gülşeni.

---

[1] Ygtydal – aram.
[2] Läleweş – läle ýaly.
[3] Destres –elýeterli.
[4] Seraser – başdan-aýak.
[5] Jenan – jennetler.

Hem öňünde bir sebz derýa-rowan,
Ki biebr kibi ruhy asman.

Ýörerlerdi mahylary[1] misli mah,
Çu seýranda Soltany döwlet penah.

Gulagynda her biriniň halka zer,
Doly-jöwşen idi kamu simi-per.

Çyrag idi güllerden ataş neşan,
Ki röwşendi olarle çeşmi jahan.

Agaçlaryna olmuşdy ykbal bar,
Nowaýy zapar okar idi hezar[2].

Kamu miwesi nuşdaruý[3] jan,
Kamu saýasy asaýyşy yns-u jan[4].

Jahan mähri ykbal berweý[5] nehat[6],
Benamy hadywy jahan Keýkubat.

Soltany-älem Keýkubat jennet bagynyň onuň aram howasyna görübilmezçilik edýän [gözel bagy] Horramabatda birnäçe wagt jandaky akyl kibi, gökdäki güneş kibi ornaşdy. Ýeňiş habarlaryna garaşýardy. Hudaýyň dinini kuwwatlandyrýardy, jahana gözegçilik etmek işlerini

[1] Mahy – balyk.
[2] Hezar – 1) bilbil; 2) müň.
[3] Nuşdaru – dirilik dermany.
[4] Jan – jynlar.
[5] Berweý – oňa.
[6] Nehat – goýdy.

ýöredýärdi. Hökümdarlygyň we bagtyýarlygyň möhüm işlerini has-da giňeldýärdi.

**Beýt**

Sähergah hurşydy zerrin-senan[1],
Pelekde oldy misli dogaýy-kamran[2].

Çygyrardy çawuş pürtab-u joş,
Göge erişerdi garyw-u huruş[3].

Çykardy gähi hysrow-i bargäh -
Ondan, bulutdan çykan kibi mah.

Pyýada sywarany gerdun tywan,
Rekabynda döwlet kibi olup rowan.

Şah ol deşti minunehati içre şat -
Olardy berip ömre aýş ile dat.

Her yklymdan erişerdi habar,
Ki kim oturar-u, kim eder sapar.

Ýene ererdi eýwanyna kämju[4],
Jahan oňa tutmuş idi jümle ru.

---

[1] Senan – naýza.
[2] Dogaýy kämran – hökmürowan doga, maksada ýetirýän doga.
[3] Garyw-u huruş – gykylyk, gowga.
[4] Kämju – islegini agtarýan.

Eli kibi açylmyş deri bargäh[1],
Uludan-kiçiden kim istärse rah.

Erer erdi şah katyna miri bar,
Ki adlyndan olardy rastkar.

Dökerdi gelip hany bir han-feraz,
Ki olar idi seýranda çeşmi nyýaz.

Oturanlar öri turarlardy zut[2],
Oturardy turan kişi bikuýud[3].

Iýerdi, götererdi her bir kişi,
Heman halkyň ol idi onda işi.

Hem ol aradan şahy giti setan[4],
Bir eýwana dahy olardy rowan.

Kamu iş biliji-ýu danyş fezaý[5],
Kamu sahyp din-u tedbir-u raý.

Gulamany namawerany sypah,
Bulurlardy hylwatda bir jaýgäh.

Kylarlardy her bapdan meşweret[6],
Zyýada etmäge şöhrat-u mankabat[7].

---

[1] Deri bargäh – bargähiň gapysy.
[2] Zut – çalt.
[3] Bikuýut – biygtyýar, erksiz.
[4] Giti setan – älemi alýan.
[5] Feza – artdyrma.
[6] Meşweret – geňeş, maslahat.
[7] Mankabat – dereje, orun, hormat.

Tedäbir genji-ile käri sypah,
Ke, nije gerek pikir, her jaýygäh.

Kyýas et nedi merdümi zirdest[1],
Ki uzatmazdy ahulara[2] şir dest.

Heraýyndan[3] ol mähir olaýa kin,
Jogaby ferestadeýi[4] heremin.

Kylarlardy raýyny jümle tamam,
Dökülerdi meshany Daryssalam[5].

Şahynşah öňünde ýene miri-han,
Dökerdi nygamy han[6] jennet nyşan.

Kylyp hyzmaty Çaşnygir hem,
Olar idi gullukda sabyt gadam[7].

Nowala[8] berip erdi ol zaman.
Dilawerler[9] üçin döküldikde han[10].

---

[1] Merdümi zirdest – golastyndaky adamlar.
[2] Ahu – keýik.
[3] Heraýyn – gürrüňsiz, hökman.
[4] Ferestedeýi – iberen, goýberilen.
[5] Daryssalam – Salamatlyk öýi.
[6] Han – saçak, supra.
[7] Sabyt gadam – berk gadamly, tutanýerli.
[8] Nowala – iýmit, lukma.
[9] Dilawer – batyr, pälwan.
[10] Han – saçak, supra.

Çykarlardy han iýendiginde kanu,
Katyndan jahan daweriň ol-u bu.

Kylyp hyzmaty şähriýary-jahan,
Kulahyny kej goýardy asman.

Olup ýene jemgyýeti namdar,
Bezener idi dergähi-şähriýar.

Düýrülerdi jümle haryfany[1] bezm,
Kamu namdaran[2]-u şirany rezm.

Düzüp dürli sazandalar saz-u rut,
Edip naý üýni nowaýy surut.

Bulardan ki her dem gelerdi huruş,
Dili seňňi haradan[3] gopardy joş.

Ýene bezm täze olup sahte[4] -
Olardy alaty lutf perdahte[5].

Ne gerdun gözi görmüş onuň ýüzün,
Ne güwşi zaman diňlemişdi sözün.

Şeb-u ruz şahynşaha kamgär,
Bu nowg[6] ile sürerdi hoş ruzygär.

---

[1] Haryf – ülpet, meslekdeş.
[2] Namdar – atly, tanymal.
[3] Seňňi hara – gaty daş, granit.
[4] Sahte – ýasalan, düzelen.
[5] Perdahte – başlama, girişme.
[6] Nowg – görnüş, usul, tär.

Ger olaýdy bir hepdede arzuwy,
Kylar idi bir gez tomaşaýy güý.

Kylar idi gähi arzuwy şikar,
Gähi ki olmaýdy dahy dürli kär.

## SOLTANYŇ LEŞGERINIŇ EMIRLER EMIRI HUSAMEDDIN EMIR ÇOPANYŇ TAGALLASY BILEN HAZAR DEŇZINDEN GEÇMEGINIŇ BEÝANY

Şa goşuny Hazary almak üçin deňizden geçdi, Eflak ilinden gury ýerden deňiz kenaryny tutup gitdiler. Sagdak şäherine bardylar. Hemişe şowsuzlyk baýguşy we bagtyýatanlyk küňresi durmuş köşgüniň diňiniň üstünde oturan we gelýän-gidýänleri hem-de bezirgenleri ynjytmak bilen gün görmäge bil baglan, Sagdak kapyrlary deňiz ýüzündäki gämi ýelkenleriniň howada uçýan ak gögerçin ýaly deňiziň ýüzüni gabap gelýändigini gördüler. Deňziň ýüzi doly gämi we ýelken bolup, gury ýerden hem bir goşunyň gelýändigine gözleri düşdi. Olaryň atynyň aýagynyň sesinden surnaý we kernaý owazyndan dagdyr sähra sarsýardy. Gorky we howp endamlaryny gaplap alyp, howsala düşdüler. Onsoň şäher gapylaryny ýapyp, diňleri we diwarlary berkidip mäkämleşdirdiler. Begleri we ululary bir ýere üýşüp maslahat etdiler we durmuş söwdalaryndan doly tejribe toplan, çarhy-pelegiň ejirini we rahatlygyny köp gören bir ylymly we bilimli garryny ilçilige ibermek kararyna geldiler. Ajy we süýji, gaty we ýumşak sözleri biri-birine garyşdyryp, ony begler-begi Husameddin begiň ýanyna iberip, oňa:

— Biz jahanyň şasynyň guludyrys we oňa tabyndyrys. Munça goşuny bäri ibermekligiň sebäbiniň nämeligi mälim däl. Meger paçdyr hyrajy ýerine ýetirmekde bizde günä we nogsanlyk peýda bolan bolsa, onuň jerimesini töläliň. Permanyň bilen kyn işi aňsat edeliň. Eger Rus welaýatyna ýöriş etseňiz serwi kibi ýigitleri hyzmata iberip, ol hyzmatda başlaryny humara goýup, Soltanyň duşmanlaryna gylyç urar ýaly, janlaryny gaýgyrman söweş ederleri ýaly, ýaraglary bilen bereliň – diýip, aýtmagy sargadylar.

Başga bir ilçini hem gyssanmaçlyk bilen «Soltanyň goşunlary gämilerdir we atlar bilen bu ýerlere geldiler. Deňiz tolkuny goşunyň joşgunyndan lowurdawuk polat kibi görünýär. Bu peleň ýörişli goşun deňizde läheňden batyrrak, gury ýerde gaplaň-arslandan ýürekliräkdirler» diýip, Gypjak hanyna iberdiler.

## Beýt

Bular görmeden bahr[1]-u kişti-ýu ap[2],
Eger kylalar jeňe bir dem şetap[3].

Bize işledip, hanjary abgun[4],
Ki bizden ere[5] bahra deň juýy hun[6].

Biliň kim bu suw başdan aşdy rowan,
Deňizden çeri deşte erise heman.

---

[1] Bahr – deňiz, umman.
[2] Ap – suw.
[3] Şetap – gyssanma, howlukma.
[4] Abgun – suw ýaly, ýalaw ýaly.
[5] Ere – ermek, ýetmek.
[6] Juýy hun – gan akary, gan salmasy.

Bir ataş durar, buldugyn ýandyrar,
Suw kibi akar, bogdugyn gandyrar.

Düýşünde muny görmedi şyh-u şap[1],
Ki ýelden çykar ot-u tutaşa ap.

Dökülerse daşary bu möwç eger,
Ne Gypjak galar, ne Rus-u Hazar.

Gypjak hany bu habardan ägä bolup, umyt kilimini maksat hasylyndan boş gördi. Onsoň rus meligine habar gönderip şeýle habar berdi:

– Şahynşanyň huzuryndan sansyz esger bu sebitlere ugrapdyr.

**Beýt**

Gämiden durar, şeýle derýaýy-ap,
Ki düşmez deňiz ýüzüne aftap[2].

Biz esmerledik[3] jan, çün erişdi merg[4],
Şekufe[5] nowlar[6] erse zahmy tegerg[7].

Bu hadysanyň depine, bu inen belanyň ýok edilmegine bir çäre kylmagyňyz gerek.

---

[1] Şyh-u şap – garry-ýaş.
[2] Aftap – gün, kuýaş.
[3] Esmerlemek – saklamak, goramak.
[4] Merg – kesel, hassalyk.
[5] Şekufe – gül, gülleme, açylma.
[6] Nowlar – ne olar, näder, neneňsi bolar.
[7] Tegerg – jöwenek.

Olar hem ähli illerine we kabylalaryna habar gönderip, bir hepdede Rus batyrlaryndan we gypjak merdanalaryndan on müň atly-ýaragly esger ýygnandy. Olar Sagdaga ýakyn gelip, garaşyp durdular. Sagdaklylaryň iberen adamy begler beginiň hyzmatyna bardy. Garry goja düşdüşiň öýi kibi birki sany sus söz sözledi. Ol özüne tabşyrylan habarlaryň ýigrimiden onusyny hem gürrüň edip bilmedi. Ol diňe: «Begler beginiň mähribanlygyndan towakga şudur: Ol goşuny dönderip, yzyna gaýtsyn. Bizem hyzmatda kemlik we keltelik edendigimiziň ötünjini mümkin bolan derejede soraýarys. Gulluk resmini täzeläp, iman we berk peýman-äht bilen berkideris. Şu wagt nalbaha düzgünine görä elli müň perpere[1] bereliň» - diýip bildi.

Begler begi Husameddin Çopan beg gaharlanyp, gazaba mündi we aýtdy:

— Täç we tagt eýesiniň hökümi bilen men bu goşuny bu ýerlere söweş muşakgatlaryndan ýüz döndereýin we bir bozuk çaparyň sözi bilen işime zyýan ýetireýin diýen niýet bilen getirmedim.

Ki permany şahy jahan bulmuşam,
Dili bahry rahy rowan bulmuşam.

Onuň çün ki kylam şebistan bum[2],
Dahy olmaýa abat bu merz-bum[3].

Soltanyň permanyndan baş göteren her bir taýpa betbagtlyk towkysy bilen zor edilip daňylyp, Hysrowy-älemiň huzuryna eltiler. Onda jezalary näme bolsa görerler, galan asy we betbagtlara-da ybrat we sapak bolarlar. Her kim gadamyny

[1] Perpere – 1) ownuk; 2) dinar.
[2] Bum – baýguş, hüwi.
[3] Merz-bum – ülke, ýurt.

tabynlyk çyzygyndan çykarman, permana boýun bolsa, men tarapdan manna we selwe[1] lezzetinden gaýry zat durmuşda onuň agzyna degmez.

Ol şeýle diýip:

– «Emma, zalym bolan kimsä, elbetde azap bereris. Soňra Perwerdigärine dolandyrylandan soň, Ol (Alla) ony ýene elhenç azap bilen azaplar. Indi iman getirip, ýagşy amallar edene gelsek, onuň üçin ýagşy akybet – jennet sylag bolar. Biz hem oňa ýeňil işler buýrarys»[2] diýen aýaty okady.

### Beýt

Bu sözlerden ilçi olup näumyt,
Gözüne syýah[3] oldy ruzy sepit[4].

Sinehdar[5] çekdi çerini-rowan,
Deňizden guryýa çu şiri žiýan[6],

Doly terkdi[7] ruýy sähra kamu,
Lowa[8] ile olmuş oba dop doly.

Çün erişdi etraka[9] gerdi-sypah,
Derefşinde[10] jöwşen çu ebr[1] içre mah.

---

[1] Manna we selwe – Beni Ysraýyl Pyrgundan gaçyp, Tih çölünde azaşyp ýörkä Allatagala tarapyndan olara rysk hökmünde iberilip duran tagam; bal.
[2] Gurhanyň 18-nji süresiniň 87-88-nji aýatlary.
[3] Syýah – gara, garaňky.
[4] Ruzy sepit – ýagty gün.
[5] Sipehdar (sypahdar) – goşunbaşy serkerde, serdar.
[6] Žiýan – ýyrtyjy.
[7] Terk – tuwulga, demir papak.
[8] Lowa – baýdak, sanjak.
[9] Etrak – türkiler.
[10] Derefş – baýdak, sanjak.

Jahan jümle pür jöwşen-u tygdy,
Sanaýdyň ki älem garamygdy.

Sunjy içmeden[2], gorkudan jümle mest -
Olup, gan-le jandan kamu ýuwdy dest.

Ähli esger salamatlyk hökmürowanlyk we şadyýanlyk bilen deňzi geçip we gury ýerden gelip, Sagdak obasyna gondy. Begler begi Husameddin Çopan beg şadymanlykdan we horramlykdan bezm serişdesini düşedip, goşun beglerini we serkerdelerini çagyrdy. Olar bilen doly düzgün-nyzama eýerip şadyýanlyk mejlisinde we horramlyk mekanynda oturdy.

**Beýt**

Tutup ýelde owwal penahy-sypah,
Doly bada rahşanda[3] manendi mah[4].

Egildi şahy egibän öpdi ýer,
Meý içen haçan jeňden guss iýer.

Çekiban meýi bir nepesde tamam,
Okydy çeri başlaryna salam.

Çeri başlary hep ör turdular,
Doga okaýyn üstüne urdular.

---

[1] Ebr – bulut.
[2] Içmeden – içmezden, içmänkä, içmese-de.
[3] Rahşanda – lowurdaýan, şöhle saçýan.
[4] Manendi mah – aý ýaly.

Diýrler Jahan Dawer[1] oldy şaha ýar,
Olup çok ýaşasyn jahan şähriýar.

Pes ondan kamu içdiler jümle meý,
Beýady[2] jahandar-u piruz peý[3].

Ýary gijä çenli şatlyk, aýşy-eşret kylyp jamy bada ol begleriň arasynda elden ele geçdi. Doly badalar dostganylar[4] içilmeginden serhoş boldular. Her haýsy çadyrly-çadyryna we ýerli-ýerine gitdiler. Säher wagty ýasmin gülüniň pudaklary mawy çemeniň gülşeniniň üstünde peýda bolanda, aňtawçylardan bir atly begler beginiň hyzmatyna gelip, doga we sena bilen aýtdy:

– Türkden sansyz goşun gelip ýetdi.

Goşunbaşy we begler ol sözi eşitdiler. Onuň buýrugyna görä goşun joşa gelip, deprek owazyny perişdeleriň gulagyna ýetirdiler. Ondan soňra ol beglere we serkerdelere buýurdy:

— Bize eger ot bolanlygynda hem ormasy mümkin bolmadyk bir goşun göründi. Erenler kibi ýerimizde gaýym durmagymyz gerek. Geregi kibi tagalla edip depede berk durup, berklik nagşyny jan depderimiziň ýüzüne ýazmagymyz gerek. Yzymyzda deňiz suwy möwç urýar. Öňümizde söweş ody çabyraýar. Gaçmak ýolumyz ähli tarapdan baglanandyr. Şonuň üçin Rus we Saksyn[5] goşunlaryndan olara medet we

---

[1] Jahan Dawer – Taňry, jahan kazysy; Allatagala.
[2] Beýady – ýatlap.
[3] Piruz peý – ýeňiş yzly, ýeňiş gadamly.
[4] Dostgany – 1) dost-ýar bilen meý içmek; 2) oturylyşykda dostlaryňy ýatlap şerap içmek. Şeraply bulguryňy hormat ýüzünden özgä bermek, dostluk üçin şerap içmek.
[5] Saksyn – Hazar deňziniň gündogar kenarynda ýerleşen bir şäher bolup, Ýakut Hamawynyň sözüne görä Müňgyşlak Horezm bilen şu şäheriň arasynda ýerleşipdir.

goşun kömegi gelmezinden öň, sowudy tenimize kepen deregine geýeliň we olar bilen mümkin boldugyça jan-u tenimiz bilen döwüşeliň. Emma şu şert bilen, ýagny goşun biri-birine garşylaşyp, ruhlar tenlerden aýrylyp, aýralykdan nala edenlerinde [söweşi] goýalyň. Goý türkler bir-iki gezek hüjüm edip, burunlarynyň ýelini çykaryp, şonuň bilen haýbatlary we güýçleri ýatyşsyn. Şonda olaryň işleriniň düzgünini, söweşleriniň usulyny öwreneris.

Kylalym segredimle jeňi peleň,
Çykaralym ärlik ile nam-u neň.

Jahan içre galmaz kişi jawydan,
Meger gala merdumdan[1] ady nyşan.

Ol tarapdan türk goşuny jeň endişelerinden bihuş bolup, mawy deňiz deý joşa geldiler we aýtdylar:

– Biziň üstümize deňizden we gury ýer tarapdan munuň kibi agyr we köp goşun geldi. Biziň işimiz harap bolup, çar tarapdan üstümize bela hüjüm etdi.»

Çü tawusy zerrin peri maşryky,
Ýüzünden goýdy perdeýi fustuky[2].

Huruş etdi kus-u nagara-ýu naý,
Her aradan awazaýy haý-u haý.

Iki leşger atlandylar jeň üçin,
Çep-u rasdan jeňe äheň üçin.

---

[1] Merdum – adamlar, halaýyk, ilat.
[2] Fustuk – pisse, pisse reňk.

Howa tire gundi, zemin lagl reň,
Çykardy göge ataşa nal-u seň[1].

Salyp tygy burrany[2] desti hüzebir[3],
Eder kibi barky[4] aýan tire ebr[5].

Ýagar tir-u peýkamy çün bidi berg[6],
Aduwa peýamy nedir derdi merg[7].

Zyban zähmi-ýu naýzaýy tapdar[8],
Bet endiş[9] syryny ederdi äşgär.

Köňül ataşy kipeden efruhta[10],
Kylardy aduw harmanyny suhta[11].

Makamy kazady kemany kemin[12],
Hem olmuşdy mähir juýaýy kin.

Ki juýy dilden hanjary abgun,
Akdyrdy her lahza derýaýy hun.

---

[1] Seň – daş.
[2] Burran – kesgir, ýiti.
[3] Hüzebr – ýolbars, şir.
[4] Bark – ýyldyrym, lowurdy.
[5] Ebr – bulut.
[6] Bidi berg – söwüt ýapragy.
[7] Merg – ölüm, ölmek.
[8] Tabdar – taplanan, ýiti.
[9] Bet endiş – erbet pikirli, ýaman niýetli.
[10] Efruhty – ýanan, ýanýan, köýen.
[11] Suhta – ýanan, köýen, ýanmak.
[12] Kemin – buky ýer, buky.

Şebangähde bu gümmezi Lajwert[1],
Aýan etdi garby güli surh-u zert[2].

Niýama[3] girip tyg-u hanjar ýene,
Giru döndi ol iki leşger ýene.

Sypahdary, şahynşahy kamkär,
Olup täze ruh kyldy çok kärzar.

Ki hurşydy[4] rahşany[5] zerrine[6] tyg,
Odundan ýüzüne siper[7] tutdy myg[8].

Atyndan inip, täze gusul eýledi,
Mynajat edip hezrete söýledi.

Emir Husameddin Çopan beg säher bilen täzeden gusul edip, yhlas bilen dileg we nala edip iki rekagat namaz okady. Ondan soň harlyk ýüzüni zarlyk topragyna sürtüp Haktagala hezretine mynajat etdi:

— Eý, adalatyň we diniň daweri[9] her zada nazar salsam ähli zatlaryň seniň hiç zada mätäç däldigiňe we seniň ýeke-täkligiňe hakyky delil bolýandygyna anyk şaýat bolýaryn. Köňül aýnasy seniň jahany tutujy mähriň bilen röwşen bolar. Kapyrlaryň köňlüne oklanan gorky seniň haýbatyňy bildirer.

---

[1] Lajwert – lajurt, mawy reňk.
[2] Surh-u zert – gyzyl we sary.
[3] Nyýam – gyn, gylyjyň gyny.
[4] Hurşyt – gün, kyýaş.
[5] Rahşan - lowurdawuk, şöhleli.
[6] Zerrine – zerli, altynsow.
[7] Siper – pelek, asman.
[8] Myg – 1) ümür, duman; 2) bulut.
[9] Dawer - Kazy, haýyr bilen şeriň arasyny açyp, höküm ediji.

Inderilen kitaby-kerimiňde «Eger-de siz Allany goldasaňyz, Alla hem sizi goldar we siziň gadamlaryňyzy berk eder»[1] diýip eden buýrugyň seniň mähriň saýasydyr. Sen çäksiz merhemetiň bilen biz gullara Gypjak goşunlarynyň oljalaryndan umyt üzüp, gorkup, maksadymyz hasyl bolmazdan yza dolanmagy rowa görme.

**Beýt**

Budur dilegim senden eý Kärsaz,
Bu çoh duşmany kyl sen bize az.

Seri-serkeşi[2] ziri-seň eýleýim,
Jahany bu etraga teň[3] eýleýem.

Ondan soňra çadyryna baryp, begleri, we serkerdeleri çagyrdy. Wajyp bolan her bir ýere aňtawçylary gönderdi. Nahardan soňra hoşboý ysly meý talap etdi. Şol sebäpli şatlygy we şadyýanlygy zyýada bolup, gaýgysy egsildi. Söhbetdeşlik we içişlik wagtynda goşun beglerine we serkerdelerine aýtdy:

— Siziň her biriňiz hyzmat bilen soltan huzurunda menden ezizräksiňiz. Emma başa iş düşüp, ýardam we ýoldaşlyk gerek boldy. Bu gün munuň ýaly yhlas we tagalla bilen söweş boldy. Bizden we olardan örän köp adamyň heläk bolandygyna garamazdan, ertir ýene munuň ýaly yhlas edip söweşseňiz, garşydaşlardan, jahanda nam we nyşan goýmarys diýip, umyt edýärin.

Begler we serkerdeler oňa aperin diýip aýtdylar:

---

[1] Gurhanyň 47-nji süresiniň 7-nji aýaty.
[2] Seri-serkeş – başbozaryň başy.
[3] Teň – dar, gysby.

— Eý bagtyýarlyk döwletiniň dür seçiji göwheri we patyşalyk ýüzüginiň nagyş we nyşany! Hemişe ýaşyl reňkli hanjaryň ýüzi kuwatly goluň nurundan gülgün bolsun. Biz şahy-jahanyň gullarydyrys. Emma buýursaň hökümiň tabynlyk bedewini boýun egmezek peleklerden geçireliň. Soltanyň hyzmatynda abraý alyp, umydymyz hasyl bolar ýaly her bir gullukda seniň buýruguňa tabyn bolmagy we eýermegi özümize wajyp bileliň.

Ol tarapda rum goşunlaryndan ajal tygyny we ýarasyny gören, köpüsi ýaraly bolup, gana gark bolan türkler aýtdylar:

— Sagdak halkynyň günäsi üçin olaryň jerimesini tölemäge bize hereket etmek gerekdi. Emma iş bu derejä ýetdi. Indi akmaklyk we harlyk bilen başymyzy ýele bermek bolmaz.

Gije daňdana çenli bu pikirler bilen haýran we serasyma bolup, belli bir pikire gelmeýärdiler. Howsala deňzinde gark bolup ot alawynda ýanyp-köýüp galypdylar.

**Beýt**

Sähergäh çün ruýy nili şimer[1],
Güneşden pedim etdi zerrin siper[2].

Doguldy-ýu doldy seri kuhysar,
Doly tiri altyn siperden hezar.

Supehdar öri turdy kylyp şetap,
Gylyç elde bürrende misli aftap.

---

[1] Nili şimer – mawy howuz, gök howdan.
[2] Siper – galkan.

Buýurdy ki atlandy jümle çeri,
Ki onda bileler bahadur - äri.

Garyw[1] etdi kus-u pygan kyldy naý,
Ki doldy jahan gulguly, haýy-haý.

Ýere indi ýaryýa gökden suruş[2],
Zemin kyldy derýa kimin jümle joş.

Iki leşger oldy barabar çu kuh,
Birinde sutuh-u[3] biri bişukuh[4].

Sipehdar aýtdy ki: «Eýa serweran,
Bu gün arzuw ad-u jan reýgan.

Çün olmaz teni jawydany pedit,
Gerek nam-u neň üçin ölmek şehit.

Dilärem ki bir hemle  kylam bu dem,
Ki duşman wujudyny[5] edem adem[6].

Söwenler şasy bize ýary kyla,
Aduw jeňine bürdbary[7] kyla.

Ola kim medet kyla, ol binyýaz,
Ola kasr[1] bu kärhaýy[2] deraz[3]«.

---

[1] Garyw – gykylyk, gowga.
[2] Suruş – perişde.
[3] Sutuh – hassa, ýadaw, lüti çykan.
[4] Şukuh – dabara, şan-şöwket.
[5] Wujut – barlyk.
[6] Adem – ýokluk, ýok etmek.
[7] Bürdbar – sabyrly, çydamly.

Muny diýdi derýa kibi kyldy kef[4],
Gereft[5] segu[6] ýerine urdy kef.

Gopardy at aýagyle häk[7]-u gert,
Ki biminden[8] oldy güneş ýüzi zert[9].

Çeri oldy ser tä ser[10] engihte[11],
Olup ganile toprak amihte[12].

Gopup türkden çoh garywy[13] garaň[14],
Matar[15] kibi döküldi tiri hadaň[16].

Segule niçe tenleri dildiler,
Niçe janlary ok ile aldylar.

Gylyçdan niçe baş perran idi,
Çaka-çaky çokmak ferawan[17] idi.

---

[1] Kasr – kem, az, nogsanly.
[2] Kärha – işler, amallar.
[3] Deraz – uzyn, uzak.
[4] Kef – 1) köpük; 2) el, eliň aýasy.
[5] Gereft – aldy, tutdy.
[6] Segu – naýza.
[7] Häk – toprak, çaň, gum.
[8] Bim – gorky, howp.
[9] Zert – sary.
[10] Ser tä ser – başdanaýak, tutuş.
[11] Engihte – hyjuwlanan, joşan, möwç uran.
[12] Amihte – garylan, garym-gatym bolan.
[13] Garyw – gykylyk, gowga, ahy-nala.
[14] Garaň – ahy-nala, hork-hork edip aglama.
[15] Matar – ýagyş, ýagmyr
[16] Hadaň – peýkam.
[17] Ferowan – köp, bol, zyýada.

Onuň kibidi  küşteden deşti kin[1],
Ki göze görünmezdi ruýy zemin.

Çün etrak gördi bu resme setiz[2],
Tutup çar-u naçar rahy göriz[3].

Şonuň kibi gaçardy türki sypah,
Ki sarsar ýeli sürer ebri syýah[4].

Ki heýli gyryp, etdiler çoh ýesir,
Bu resm iledir adaty çarhy pir.

Begler begi Husameddin Çopan begiň şol bir merdana hemlesi bilen hemmeler köňül höwürtgesini gaýgy-gam bimarlygyndan arassaladylar we şadymanlyk sanjagyny ýokarky pelege  ýetirdiler.

Bagtyýarlyk maksatlaryna we umytlaryna ýetmek bilen çadyrlaryna döndüler.

## ORS PATYŞASYNYŇ ÝALBARMAGYNYŇ WE BEGLER  BEGI HUSAMEDDINIŇ HUZURYNDAN YLALAŞYK GÖZLEMEGINIŇ BEÝANY

Ors meligi gypjak goşunynyň synandygyny eşitdi. Olaryň hallarynyň harapdygyny we ahwallarynyň ýaramazdygyny eşidende wezirlerini we beglerini çagyryp:

---

[1] Kin – kine, göwün galma, duşmançylyk etme.
[2] Setiz – jeň, söweş, uruş.
[3] Göriz – gaçma, gaçmak.
[4] Ebri syýah – gara bulut.

— Bize bu böwsüji leşger bilen, şeýle-de bu söweşjeň, gaýduwsyz batyrlar bilen jeň we söweş etmek aňlylyk we bilimlilik ýodasyndan uzak, parasatlylyk we danalyk ýolundan daş görünýär. Belany özümize çekmeklik akyl we parasatdan däldir. Şeýle-de bize Soltan tarapyndan munça wagtlardan bäri bir zyýan ýetmedi. Asla gubar kinesinden bir toz biziň durmuşymyzyň ýüzüne gonmady. Eger iş mal bermek we süýji söz bilen miýesser bolmasa ol wagt söweş gylyjyny gynyndan çykarmak maslahatdyr – diýip, işiň aladasyny etdi.

Bir dana, aňly, çakgan kişini ilçilige ygtyýar etdiler. Onsoň onuň buýrugyna görä nalyş we dilegden doly bir haty ýazyp, begler begi Çopan begiň ýanyna ugratdylar. Ol aşakda şygyr görnüşinde berildi.

**Nazm**

Diýdi: «Bagdy[1] hamdy Jahany Kerdigär,
Hudawendi jan bagşy amurzgär[2].

Negarendeýi[3] çenberi nilgun[4],
Ferazendeýi[5] gümmezi busütün.

Belent eýlesin efser[6]-u tagty şah,
Pena olmasyn döwlet-u bagty şah.

---

[1] Bagd – soň, yz, soňundan, soňy.
[2] Amurzgär – ýalkaýjy, günäňi geçiji.
[3] Ne garende – bezeýji, düzeýji.
[4] Çenberi nilgun – mawy asman.
[5] Ferazende – ýaldyradyjy, röwşen ediji, lowurdajy.
[6] Efser – täç, jyga.

Bil imdi eý serefraz[1] hysrowparast,
Ki ýokdur tapuň[2] misli ferhunde[3] dest.

Sypaha ýaraşyk sen-u pähliwan,
Ki senden durar şahy döwlet juwan.

Güneş kibi röwşen husamy[4] heret[5],
Tapuňda mutyg emriňe dam-u det[6].

Dil aýnasyn kyldyň ol resme päk,
Ki ýokdurar dahy zeňden oňa bäk[7].

Kamu suraty nusraty paýydar,
Görüner zamyryňda hep äşigär.

Eşitdim ki munda getirdiň sypah,
Weli bilmedim nijedir hökmi şah».

Gypjak kowumy meniň sözümi we pikirimi eşitseler-de nesihatyma uýmadylar. Onuň üçin ybadatdan gümralyga düşüp, maslahat ýolundan azdylar. Oky we gylyjy biri-birlerine garyşdyryp, munça näzeninleriň ganyny ýere dökdürdiler. Men iş ahyryna halkyň agzybirligi, şepagat nazary we parasatlylyk bilen seretdim. Bagt aýnasynyň ýüzünde şeýle pikiri gördüm, ýagny Soltana yhlasdyr, jan-u dil bilen bende bolaýyn. Eger bu diýar jahangiriň tygy birle basylyp alynsa onda, barybir, bu

[1] Serearaz – başy dik, başy belent.
[2] Tapu – dergähiň, işigiň.
[3] Ferhunda – mübärek, bagtly.
[4] Husam – gylyç, ýiti gylyç.
[5] Heret – aň, parasat, bilim.
[6] Dam-u det – eldeki we wagşy.
[7] Bäk – gorky, howp.

ýurdy ymarat etmek, dolandyrmak we möhüm işlerini bitirmek bir serkerdesiz we gahrymansyz mümkin däldir. Eger bu kemine guluny öz bellän gullaryndan saýsa, bu mülki we janymy maňa bagyşlasa, onda begler beginden bu babatda araçy bolup, Soltan huzuryna habar edip, bu kömege mätäç bendäniň tabyn we boýun bolandygyny arz etmegi towakga edýän sözüm kabul edilip, ýagdaýlarymyz gowulaşar diýip umyt edýän.

**Beýt**

Gapysynda şul resme gulluk kylam,
Ki mülkünde bir melik perwer olam.

Bu äht içre tä kim olam surh ruý[1],
Hylaf[2] olmyýa wada mukdary muý[3].

Soň her diýaryň parçalaryndan sowgatlar taýýarlamaga meşgul bolup, engeri (?) we daýaw atlar, rusy keteniler, samyr, senjap, garsak derileri, Badahşan göwheri we ýigrimi müň fulury bir mährem we mähriban ilçiniň eline berip, begler beginiň hyzmatyna ugratdy. Ilçi goşunyň arasyna baryp, begler beginiň çadyryny, beýiklik zynatyny we belentlik haşamatyny göreninde dodagy tirpildäp, eýeleriň eýesi Allatagala mynajat edip aýtdy:

---

[1] Surh ruý – gyzyl ýäzli, abraýly.
[2] Hylaf – ters, garşy.
[3] Muý – saç, gyl.

## Beýt

Ki eý müjid[1]-u halyky[2] mehr-u-mah[3],
Meni kylma bu kowum elinde tebah[4].

Bu iş içre men bendäňe ýar ol,
Hatam apatyndan negehdar[5] ol.

Begler begine Rus meliginiň ilçisiniň gelendigini habar berenlerinde, onuň buýrugyna görä, myhman kabul edijiler olary garşylap, çadyrlar gurup ornaşdyrdylar. Tagam we şerap häzir edip hezzetlediler. Ol gije ony saz we şagalaň bilen sakladylar.

## Beýt

Aýan etdi hurşydy çün asyman,
Bekerdary[6] rahşanda[7] meh pähliwan.

Oturdy çü enjüm[8] ýanynda sypah,
Buýurdy ki tä açdylar bab-u rah[9].

Ondan soňra myhmandarlardan birini ilçini çagyrmak üçin gönderdiler. Onuň öňden beren buýrugyna görä

---

[1] Müjim – bar ediji, ýaradan.
[2] Halyk – ýaradan, bar eden.
[3] Mehr- u mah – gün we aý.
[4] Tebah – haly harap.
[5] Negehdar – gözegçi, serediji, habardar bolma.
[6] Bekerdar – amaly, hereketi.
[7] Rahşanda – nurly, röwşen.
[8] Enjüm – ýyldyzlar.
[9] Bab-u rah – gapy we ýol.

görnüşhanasyny we huzury dergähini bezegler bilen owadanlapdylar. Ýaragly ýigitler sap çekip durdular. Göwher bilen bezegli eýerli we uýanly atlar, şalara laýyk gerdenbentler we jylawlar bilen bezelen atlary tutup durdular. Galan goşunlar topar-topar altynly we zerli jüpbeler bilen demir ýapynjaly atlaryň üstünde başdan-aýaga demire çümüp, her tarapda elleri naýzaly, ýel deý atlaryň üstünde sap çekip durdular.

Ondan soň ilçini alyp gelip iki hataryň arasyndan geçirdiler. Saplaryň başy-aýagy örän uzyndy. Ondan soňra begler beginiň hyzmatyna girdi hem-de harlyk we misginlik bilen ýüzüni ýere goýdy.

**Beýt**

Nowazyşlar etdi jahan pähliwan,
Ki ilçini kyldy kawy şadyman.

Erişdirdi peýgam-u sundy kitap,
Kylyp arz çoh tuhfalar bihijap.

Begler begi ählisini kabul etdi we derrew goşun halaýygyna üleşdirdi. Ilçini üç gün onda şatlyga ýaran we eşrete ýoldaş edip saklady. Dördünji gün çarhy pelegiň mawy gümmezinde zer seçýän çeşme peýda bolanda begler begi begleri we serkerdeleri çagyrdy. Olar bilen mejlis edip oturdy we aýtdy:

Ruslar şirin dillilik ýoluny öňe tutup, paç we hyraja boýun bolýarlar. Biziň jahan penamyzyň gullugyna bil baglap, tabynlyk we boýun sunujylyk ýoluny tämizleýärler. Biz hem onuň namys goragyny ileri tutup, haýyşlaryny kabul etsek gowy bolar. Ýagdaýy Soltan hezretiniň hyzmatyna arz edeliň. Siz bu babatda nämäni dogry görýärsiňiz?

## Beýt

Gerek kyla siz dürli tedbir[1]-u raý,
Ki tenha kylan raý, bolmady jaý.

Kamu syna genjinesidir Hakyň,
Bu genjinäniň göwherine bakyň.

Ki bar bir-birinden tapawutle parh,
Göwherlerde şol resme kem paý-u park[2].

Goşunyň ululary begler beginden bu sözleri eşidenlerinde aýtdylar:

— Patyşalyk namysynyň goragynda hiç bir pikir we nazar mundan beýik bolmaz. Hiç kim müşgillik we kynçylyk düwnüni mundan gowy açа bilmez.

## Beýt[3]

Seniň pikiriň wakalardan doly garaňky gijelerde,
Edil säher dogan günüň şöhlesi ýalydyr.

Ondan soňra ilçini çagyrdylar we aýtdylar:

— Soltan günäsiz hiç kimi harlyk dowzahyna we şowsuzlyk hüjresine atmaz. Emma pitneçileriň temmisini, garşydaşlaryň jezasyny bermegi ahmal etmez we pursat bermegi mynasyp görmez.

[1] Tedbir – çäre, alaç, pikir.
[2] Paý-u park – aýak we baş.
[3] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.

## Beýt

Gul olsaň şaha ola sen şähriýar,
Ony isteseň ola sen kämkar.

Jahandar dagyna ram et jebin,
Ki möhrüň rowan ola ender zemin[1].

Umydym bu durar ol Alladan,
Dahy ferr-u dady şahynşadan.

Ol elden ki ondan muzyýy aftap[2],
Ol eltafdan[3] kim güler wejhi ap[4].

Onuň kibi lutfile[5] ede seni şat,
Ki hiç etmiýe sen geçen güni ýat.

Ondan soňra ilçä halat-engam berdi. Beýik hümmetli adamlara berilýän, patyşa laýyk sowgatlar berip, diňe onuň kibi sahy meligiň mübärek sahawatynda bolup biljek arap atlaryny, altyn saply hindi gylyçlaryny, zerli halatlar, göwher bilen bezelen börük berdi. Mazmuny mähremlikden we mähribanlykdan ybarat bolan bir haty hem onuň eline berip ugratdy. Ondan soňra dünýäniň meşhury, aşyk köňülleriň belasy bolan gypjak gözellerini, olja alnan kenizleri, gullary, ulaglary, baýlyklary we bu sansyz oljalary gatyrlar bilen Sinop

[1] Ender zemin – ýerde, ýer ýüzünde.
[2] Muzyýy aftap – gün nury, güneş şöhlesi.
[3] Eltaf – mähremlikler, mähribanlyklar.
[4] Wejhi ap – suwuň ýüzi.
[5] Lutf – mähremlik, mähribanlyk.

we Kastomonyýa ugratdy. Soňra Sagdak söweşiniň ýörişine başlady.

## SAGDAGYŇ SOLTAN ALAEDDINIŇ PATYŞALYK DÖWRÜNDE BEGLER BEGI HUSAMEDDIN EMIR ÇOPANYŇ ÜSTI BILEN BASYLYP ALNYŞYNYŇ BEÝANY

Sagdak halky gypjak goşunynyň ýeňlendigini, namyslarynyň synandygyny we Rus meliginiň ýaraşyk kylandygyny eşidenlerinde belli-külli göwnüçökgün bolup, kömek tamalary üzülip, umyt sütünleri döwüldi. Çäre tapmak we janlaryny humara goýmak niýeti bilen şäheriň diwaryny we gowşak ýerlerini bejerdiler. Söweş ýarag esbaplaryny, peýkamlary çarh oklaryny we toplary tertip edip durdular. Tejribeli ýaşulular, yssyny-sowugy, peýdany-zyýany köp dadan kişiler bilen ýygnanyşyp, maslahat etdiler we aýtdylar:

— Hiç bir şek-şübhesiz biziň şäherimiz dürli azyklar, ýaraglar, baýlyklar, ruhubelent merdana söweşijiler bilen bezelendir. Emma döwlet eýeleri bilen güýç synanyşmak, mylaýymlylykdan gazaplylyga we ylalaşykdan söweşmeklige meýil etmek, güneşiň ýüzüni palçyk bilen suwamaklyk akyllylaryň we danalaryň işi däldir. Dogrusy şudur, ýagny genç we hazyna bezegine we zynatyna ýaraýan gymmatly zatlary tertip edeliň. Goşun şäher derwezesine gelende özümizi zynhar we zarlyk bilen goşunbaşysyna tabşyralyň. Altyn-kümüş bilen öz başymyzy we janymyzy heläkçilikden dep edeliň.

Ol kowumuň nadanlary we akmaklary dil açyp:

— Biz diwarlary mäkäm etdik, işleriň ätiýajyny geregi kibi tamam etdik. Azykdyr ýaraglaryň mundan artyk gerekligi ýok. Janymyzy belli-külli biçärelige bermek we akmaklykda soňky derejä barmak, aklap bolmajak masgaraçylykdyr we hemme

taraplaýyn erbetdir. Maslahat şudur; haçanda duşman goşuny bu ýere gelende ilki atly we pyýada goşun bilen şäherden daşary çykmak gerek. Onsoň köňli özli-özümize bolan kineden boşatmak gerek, gubary aýyrmak üçin ýüze suw urmak gerek. Batyrlarça we şirlerçe hemle etmek gerek.

**Beýt**

Çün olmaz jahan içre kes paýydar,
Neçün gorka-ýu kylmyýa kärizar[1].

Eger bar ise arada bir namu-neň,
Neçün bary hasm ile kylmyýa jeň.

Şeýle güman edýäris. Olaryň bir bölegi ýadaw we ýaraly bolarlar. Onsoň bu ýerde saklanmazlar we eglenmezler. Eger biziň döwletimiziň bagty garalyp, bizden üstün bolup, bizi ýeňseler, gaçyp şähere gireris - diýdiler.

Bu söz esasynda işi şeýle etmekligi karar kyldylar.

Bir hepdeden soňra böwsüji goşun şäher gapysynda düşledi. Nahar iýenlerinden soňra mejlis esbaplaryny häzir etdiler. Mejlisi dürli kümüş we altyn gap-gaçlar bilen Çynyň bezeg öýi kibi bezediler. Şäher halky diwaryň üstünde durup seretdiler. Bu goşunyň aýşy-eşretini we şagalaňyny gördüler. Ol şatlykdan olaryň ahwallarynda betbagtçylyk we heläkçilik alamatlary peýda boldy.

Begler begi garaňky gijede «röwşen» jam guýup, şadyýan söhbetdeşleri bilen gezekli-gezegine bulgur göterýärdiler we iýýärdiler. Ajaýyp, göwnüňi göterýän sazlar, pelegiň beýnisini hiňlenmeden dolduryp, müň dürli sazlar diňleýärdiler. Ertesi

[1] ärizar – uruş, jeň.

gara reňkli saýawanýň çetinden planetalaryň-saýýaralaryň şalarynyň garaňky gije ýüzi gyzmaga başlady. Güneşe asman diwanyndan jahana gözegçilik etmek permany zer bilen ýazylyp bezeldi.

**Beýt**

Çeri jümlesi geýdiler jöwşeni,
Sanaýdyň ki suwardylar gülşeni.

Rowana oldy bir dag kibi çeri,
Gopuban sedaýy dühülden[1] gyry[2].

Güneş çünki gösterdi nury jebin[3],
Howa oldy pür zerreýi ahenin[4].

Iki baru oldy barabar çü myg[5],
Biri daş olmyş idi-ýu biri tyg.

Söweşiji ýigitler urup dürli lap,
Çykyp daşaryýa oldular sap-sap.

Rowan etdiler tiri misli tegerk[6],
Ki jandandy jümle hyrydary merk.

---

[1] Dühül – deprek, dep.
[2] Gyry – gykylyk, nala.
[3] Jebin – alym, maňlaý.
[4] Ahenin – demir, demirden edilen.
[5] Myg – ümür, duman, bulut.
[6] Tegerek – jöwenek.

Ki serwerlig-u ärlikle bolunar.
Äriň ärligi kandysa biliner.

Söweşerken niçe sogdyýy nežat[1],
Eýletdi heman ömri häkini bat.

Gylyç zahmy ile teni serweran[2],
Çu bark üzre şegref[3] ederdi rowan.

Ki tä saklady haýmaýy nilfam[4],
Ýer astynda soltany hurşyd nam.

Pes oldular asuda iki çeri,
Ölen öldi anlar ki galdy diri.

Ýeňiji esgerlerden köp kişi ýaraly bolup, ganlary jeň hatarynda dökülip galsalar-da, jan alyjy gylyjy bilen Sagdaklaryň barlyk nagyşlaryny ýaradylyş depderinden ýok etdiler. Olardan nyşan galmady.

Gündogaryň zer külçesi günbataryň gara hüjresinde gizlenende begler begi bagtyýarlyk uýanyny çadyryna garşy öwürdi. Bir saçagy we suprany dürli nygmatlar bilen bezedi. Begleri we güýmenje eýelerini häzir etdiler. Şahynşa Hezretiniň ýeňişleri mynasybetli jan beriji bagşylar şirin sözler bilen bagşyçylyk we göýendelik etdiler. Ýeňiji esgerleriň bu günde eden alplyklaryny we gaýduwsyzlyklaryny ozanlar we gopuzçylar belent owaz bilen yzygiderli hekaýat etdiler. Emma şähere ahy-nala düşüp, Sagdak ähliniň perýady asmana ýetdi.

[1] Nejat – jyns, tohum, urug.
[2] Teni serweran – serkerdeler bedeni, serdarlaryň göwresi.
[3] Şegref – belent, haşamatly, gözel.
[4] Nilfam – mawy reňk.

Begler begi ol gijäni şatlyk berýän bulgurlaryň eşreti bilen mübärekledi.

Asmanyň pöwrize kejebesi gün şöhlesiniň zerli monjuklaryna meňzäp, nur şöhlesinden zulmat garaňkylygy ýok bolanda yslam leşgeri demir dag kibi herekete geldi. Begler beginiň gapysynda nagaralar çalnyp, tebiller uruldy. Sagdak şäherinden pyýadalar çykyp, galkanlaryny öňlerine tutdular. Atlylary hem çykyp, olaryň daşynda durup zemburek, ok we daş bilen söweşe çykdylar. Yslam goşunlary sagdaklylary hile bilen daşrak çekmäge synanyşyp, gepleşişlerine görä gaçmaga ýüz tutdular. Bir gezden arka döndüler. Sagdaklylaryň atlysy we pyýadasy goşunyň gaçanlygyny görüp, artlaryndan ýeliň tozany sürüşi kimin kowdular. Galanyň üstünde gykylyk-gowga gopdy. Söweş gyzdy. Biraz şäherden daşlaşdylar. Onsoň yslam goşuny dönüp, bulary ele aldylar. Sagdaklylaryň baly zähere öwrüldi. Goýunyň içine gurt giren kibi biçäre boldular. Yslam goşuny batyrgaýlanyp, merdana bolup, gaýgyrman gylyç urdular. Ol melgunlary hyýar kibi dograp, hapa ganlaryny ol sähra we çöle akdyrdylar. Agşam düşüp, zerrin soltan aşakdaky tagtynda ýüpek örtgüsine dolananda Hudaýyň goldawy we patyşa döwletiniň nury bilen begler begi dönüp, çadyryna gaýtdy. Tagam iýenden soňra, şeraba meýil etdi we aýtdy:

— Ýer ýüzi betniýetleriň ganyndan lälezar boldy. Şonuň üçin aýdym we sazlar püre-pür bolup, aby-zülal bilen garylmak gerek.

Aýşy-eşret, keýpi-sapa başlandy. Sagdagyň garry kişileri we gojalary dünýäň badasyndan özleriniň aýş jamlarynyň zäher bilen doldurylandygyny görüp, çeşmi girýan we bagry birýan bolup, bir ýerde ýygnanyşyp maslahat etdiler we aýtdylar:

— Niçeme batyr ýigitleriň ganlary haýbat ýelinden çöp-çör kibi bu goşunyň almaz suwy berlen tyglaryndan ýokluk

ýurduna gitdiler. Bularyň bir hüjümine garşylyk ede bilmedi. Mundan beýläk biz zalym eýýamyň öwrüminde ne bolarys?

Ne hoş diýmiş ol merdi danaýy kär,
Ki efläke her kişi bolmady ýar.

Eger mundan öň akyldyr we parasat bilen, ýaraşykdyr maslahat bilen amal edilen bolsady, bu waka eýýäm çözülerdi. Tilkiniň arslan bilen jeň etmek göwnüne gelmez. Garynjanyň ýylana garşylyk görkezmäge kuwwaty ýetmez. Eger kast etse onda oňa bize duçar bolan ýagdaý duçar bolar.

**Beýt**

Giden nesnäýe imdi ne tedbir ola,
Ne işdir ki biemri takdyr ola.

Daryg[1] ol suwarany pür zib-u fer[2],
Kim anlardy zybaýy zin-u kemer[3].

Daryg ol juwanany per-bal-u zur[4],
Ki suratlaryndandy şermende hur[5].

Daryg ol tarawatly[6] didarlar,
Sehi[7] kamat-u läle ruhsarlar[8].

---

[1] Daryg – haýp, arman.
[2] Zib-u fer – bezegli we nurly.
[3] Zin-u kemer – eýer we bil.
[4] Per-bal-u zur – ganat perli we kuwwatly, ýetişen we güýçli ýüňi ýeten we daýaw.
[5] Hur – gün, kuýaş.
[6] Tarawat – ter, täze, nepis, näzik.
[7] Sehi – serwi.
[8] Ruhsar – ýüz, keşp.

Ýere düşdüler misli bergi[1] hazan,
Gyryldy-ýu garyldy topraga gan.

Bize bu betbagt günleriň peýda bolmagy munuň kibi bet we ýalňyş pikirden boldy. Indi puşman peýda etmez. Indi bu derdiň dermanyna çäre tapmak gerek — diýip, aralaryndan birküç sany iş başarýan, gep urup bilýän kişileri saýladylar. Haýran bolup, ygtyýary olaryň eline berdiler. Gijäniň üçden biri geçende, şäher derwezesini açyp daşary çykdylar. Aňtawçy begler olary görenlerinden ýanlaryna baryp, ýagdaýy soradylar. Olar hem özüniň gussalarynyň kyssalaryny aýdyp berdiler. Aňtawçy esgerleriň birisi bilen olary begler beginiň ýanyna ugratdylar. Onuň buýrugyna görä ýanyna girdiler. Ýer öpüp, misginlik we nalyş bilen doga we sena etdiler.

Ki olsun pelek jaýy jöwlany[2] şah,
Mehi çardäh[3] güýi[4] çowgany şah.

Seniň hem myradyňja dönsün sipehr[5],
Eý dogsun üstüňe her mah-u mehr.

Güneş kibi ol [sen] daýymy namdar,
Bir saýaýy saýaýy Kerdigär.

– Eger biziň günämiz we gümralygymyz soňky çägine ýetip, hetdimiziň çäginden geçip, begler beginiň hyzmatynda

---

[1] Berg – ýaprak, warak.
[2] Jöwlan – aýlanma, gezme.
[3] Mehi çardäh – on dördi gijäniň aýy.
[4] Güý – top, çowgan (çöwgen) oýnunda oýnalýan top.
[5] Sipehr – pelek, gerdiş.

perişan we gorkuda bolsak-da, begler beginiň merhemet we yhsanyny özümize gerekli hasaplap, ony özümize şepagatçy etsek, işimiz we sözümiz aňsat bolar. Öz günämizi boýun alyp, bu babatda ötünç dilini şeýda kylarys. Begler begi bize üstün bolanlygynyň şükranasy üçin, biziň günämizi ötsün diýip towakga edýäris.

Bizi ärlik ile çün etdiň ýesir,
Ýene bol [sen] bize ärlikle destgir.

Eger bizden almaýy sen nagty-jan,
Halaly bola mülki şahy-jahan.

Eliňde ser-u zer-u perman seniň,
Kamu hanyman, owrat, oglan seniň.

Kow gahry, bize lutf et, eý namdar,
Ki eýlikdir ärden galan ýadygär.

Ýylda neneňsi paç we hyraç buýrulsa, bereliň. Bu ýerde bezirgenleriň alnan mallaryny tapalyň we olary kemsiz-köstsüz edip ödäliň. Goşunbaşylaryndan kimi bu ýeriň başlyklygyna belleseler, sydky-yhlas bilen hyzmat edeliň. Ogullarymyzy patyşa huzuryna gulluga göndereliň. Esger ýygnalýan wagtynda tejribeli goşuny ýaraglary bilen söweşe häzir edeliň. Eger bu ähdimize garşy gitsek, öz ganymyzyň, malymyzyň, oglumyzyň, gyzymyzyň we hany-manymyzyň ýok edilmegine rugsat berdigimiz bolsun diýdiler. Begler begi olaryň nala we misginlik bilen aýdan sözlerini eşidende, rehim, merhemet we şepagat mübärek kalbynda gozgalaňa geldi we aýtdy:

— Bu wakanyň ýüze çykmagynyň sebäbi, siziň ähliňiziň kütek pikirliligiňizden we ýigitleriňiziň nadanlygyndan we biedepliliginden boldy.

**Beýt**

Bu nowg ile çün dilediler dileg,
Günäleri uzrun nije kim gerek.

Sipehdar bulara kylyp hytap[1],
Diýdi: «Şadan olar size fathy-bap.

Köňül mähri-genjineden päk ediň,
Şaha hyzmaty durmaň idrak[2] ediň».

— Şu ýagdaý-halda sabyr ediň. Men meşhurlardan birini soltanyň huzuryna göndereýin. Bu babatda siziň üçin soltan hezretiniň gaýgyrmaýan merhemetinden meniň dilegimiň üsti bilen siziň günäňizi bagyşlar ýaly şepagat isläýin. Soltany älem size mähribanlyk nazary bilen nazar salandan soň, hat-da size gyňyr pelekden bir kynçylygam ýetmez. Oňa hiç hili güman bolmaz.

Bir çäre tapmak üçin gelen ilçiler begler beginden bu göwündeşligi gördüler:

**Beýt**

Köňül hoşlugyle rowan oldular,
Öli göwdeler[3] san ki jan buldular[1].

---

[1] Hytap – ýüzlenme, ýüz tutma.
[2] Idrak – ýetişme, gowuşma, barma.
[3] Göwde – göwre.

Bulara sanaýdyň ki nafhy haýat[2],
Öwrüldi we döndi haýata memat[3].

Näheň we aždarha agzyndan aman we şadyýan bolup, şähere bardylar. Halk baryny jemläp, köňüllerini gaýgy-gamdan saplap, begler beginiň hyzmatyndan gören we eşiden hoşamaýlyklaryny we göwün göteriji sözlerini habar berdiler. Bu sözleri eşidip, ynamly kalplar bilen aman-esen bolup, hoş köňül bilen horram we şadyýan oturdylar. Geçenden geçdiler. Ol gije ertire çenli kimde derhem, dinar, ýüň serişdeleri, rusy keteni, gypjaky gullar, engeri atlar, jöwherler, lagl, pöwrize, hünjidir ýakutlardan, nämeleri bar bolsa getirip bir ýere jem etdiler. Ertesi mawy çadyr üstüne zerrin gylyçly kümüş şanyň çyralary şöhle saçyp, gündogardan nuruň peýda bolmagy bilen asman bagynyň çyrasy hasda lowurdady.

Serdaryň buýrugyna görä ähli goşun jüpbe geýip ýaraglandylar. Bargähiň töwereginde halka bolup durdular. Dag kibi her ýerde bölek-bölek eşik, sowut we tuwulga bilen pynhan boldular. Begler begi goşunyň serdarlary bilen oturdy. Şäherden uly-kiçi daşary çykyp, çozup geldiler. Begler beginiň adyl we merhemetinden gurt goýun bilen dostlaşan ýaly boldular. Owal aýratyn peşgeşleri arz etdiler. Olary soltana ibermek üçin hazynadara tabşyrdylar. Ondan soňra begler begi üçin peşgeşler tertip etdiler. Begleriň ähli getiren zatlary kabul edildi. Ondan soňra begler beginiň buýrugyna görä çawuşlar esgerlere: «Şu günden başlap goşunyň ählisi, ulusy-kiçisi jebir we zulum elini şäher halkynyň, beýigininiň-pesininiň ýakasyndan çeksinler. Her kim zulum bilen şäher halkyndan bir zerre ýa bir

[1] Buldular – tapdylar.
[2] Nafhy haýat – dirilik demi.
[3] Memat – ölüm, ölmek.

däne zat alsa, öwezine başyny we janyny berer. Her näme alsalar, satyn alsynlar» diýip jar çekdiler.

Ondan soňra halk her hili kynçylyklardan, bela-beterlerden dyndylar. Patyşanyň dogasyna we dergähiniň senasyna meşgul bolup, rahatlyk we asudalyk bilen dynç aldylar.

Ondan soňra begler beginiň buýrugyna görä deňizde ýüzmekde aýdan öwj alýan bir gämi ýasadylar. Ol şäherden ýygnalan baýlyklary gäminiň içine salyp, wakalaryň beýanyny we ýagdaýlaryny hem bir hata ýazyp, soltanlara hyzmat ediş edepleri bilen bezelen bir çapar bilen iberdi. Çapar deňzi geçip, Soltanyň dergähine ýetişdi. Ol uly ýeňşiň buşlugyny gypjak goşunlarynyň ýeňlendigini, rus meliginiň aman diländigini beýik Soltana habar berdi. Şahy älemiň şatlyk ýüzi bagy Eremiň gülüstany kibi horram boldy. Buýrugyna görä derrew buşluk tebillerini urdular. Çawy äleme ýaýylan mukaddes çadyryndaky oturanlaryň ruhlaryny şatlyk bilen täzelän, musulmanlaryň ýüzlerini ýagtyldan, kapyrlaryň ýüzlerini göm-gök edep munuň ýaly ýeňşiň şükranasyna zyndandakylary azat etdiler. Mätäçlere, garyp-gasarlara sadakalar berdiler. Ertesi onuň buýrugyna görä bir bezm gurdular welin, päk Zöhre görebilmezçilikden ýaňa ýakasyny çäk ederdi. Şadymanlykdan Müşteri lybaslaryny zyňardy. Bargähdir dergähiň we diwanyň hyzmatynda ýören ähli meliklere, beglere we ululara agyr gymmatly sowgatlary, her biriniň mertebesine görä paýlady. Ondan soňra, onuň şükranasy üçin «Eý Perwerdigär, sen maňa mülk berdiň we maňa barça düýşleriň tagbyryny-ýorgudyny öwretdiň. Eý asmanlary we ýeri Ýaradan, bu dünýäde we ahyretde özüň eýämizsiň. Menden amanadyňy musulmanlykda al we (meni) ýagşy bendeleriň hataryna goşgun[1]« aýatyny okady.

---

[1] Gurhanyň 12-nji süresiniň 101-nji aýaty.

Diýdi beýle pes[1] hysrowy kämýap[2] -
Ki: «Eý nur bagşandaýy aftap.

Rowalyk işimize senden durar,
Kawy kuşeşimize[3] senden durar.

Biler sen ki bu leşgeri namdar,
Ki tazandy[4] jümle miýany behar[5].

Köňülde ne genç oldydy haste[6],
Ne melik üçin etdikdi araste[7].

Seniň emriňle oldy bu enjümen[8],
Sen etdiň meni saýaýy hişten[9].

Ki her dadhahy jiger haraýe[10],
Peýi haste ýelmiş awaraýe.

Çün erişdi sagdaklardan zyýan,
Bu resme gerekdi intikamy heman.

---

[1] Pes – soň, onsoň.
[2] Kämýap – hökmürowan, aýdany bolýan.
[3] Kuşeş – tagalla, yhlas.
[4] Tazan – çozan, çapawullar.
[5] Miýany behar – deňizler arasy.
[6] Haste – 1) isleme, küýseme; 2) baýlyk.
[7] Araste – bezenen, düzenen.
[8] Enjümen – öz, özüň, ýakynyň, garyndaşyň.
[9] Dadhah – adalat isleýän, adalat gözleýän.
[10] Jiger hara – kalby ýaraly, jigeri paraly.

Ondan soň, mundan öň şikaýat we arz edip adalat isläp gelenleri talap etdi. Derrew häzir etdiler. Olary söz bilen tabşyryp ol çapara berdi we çapara geregi kibi wesýet kylyp, «ýagşy gözegçilik edip, ýitiren ähli zatlaryny tapyp, olaryň ellerine beriň. Olar dagy mallaryna barabar bolan her bir zady, mallarynyň ýitgisini gazanmak üçin alsynlar, hiç ýitgi çekmesinler» diýip tabşyrdy. Ondan soňra begler begine, goşun ululаryna olaryň ol mübärek söweşde ýüze çykaran tagallalary üçin Hudaýyň ýardamy bilen soltanyň bagtyýar baýdagyny şatlyk peleginiň üstünde parladandyklary üçin öwgülerden doly bir minnetdarlyk permanyny iberdi. Ähli emirleri aýratyn halatlar, gymmat bahaly sowgatlar bilen älem halaýyklarynyň arasynda buýsançly we guwançly etdi. Ondan soňra buýurdy:

— Begler begi Husameddin begiň olaryň nadanlyklaryny bagyşlamak üçin aýdan pikiri we şepagaty esasynda sagdaklylaryň günäsini bagyşladyk. Onuň aýdan sözi we karary biziň emrimizdir. Emma jaň we jaňhana ýerine mährap we münber gurup, Pygamberimiz Muhammet Mustapanyň päk şerigaty lowurdasyn. Biziň hemlämiziň penjesinden, dagymyzyň üstündäki bürgüdimiziň ýiti dyrnaklaryndan gutular ýaly, ýurduň täjirlerinden alan zatlaryňyzy tamam we dolulygyna garşylyksyz we gaýra goýmasyz bersinler. Bu möhüm işleri ýerine ýetirip, Soltanyň buýruklaryna doly tabyn bolandyklaryny göreniňden soň, goşuny alyp, saglyk bilen yzyňa dolan.

Soltanyň permany begler begine ýetişdi. Derrew begleri we goşun serkerdelerini ýanyna çagyryp, soltanyň permanyny olaryň arasynda okady. Hemmesi başyny ýere goýdular. Soltanyň adalatlylyk we dini hyzmatlaryny bilenlerinden soň, aferin diýşip, asmany, zemini buýsanç bilen doldurdylar we şatlandylar. Begler begi Sagdak halkyna aýtdy:

— Soltan öz bargähine baryp arz eden bezirgenlerden siziň zulumlaryňyzy eşidip gaty gaharlanypdyr. Ol size bir erbet iş edip, ol temminiň we kötegiň gürrüňi we hekaýaty jahan halkynyň dilinde hekaýat bolup, baky galar ýaly etmek isläpdir. Emma meniň dilegim Soltan dergähinde kabul boldy. Siziň sansyz günäleriňizi geçdi.

Kamu goýdular baş öpüp ruýi häk,
Diýdiler ki eý Hak Dadary Päk[1].

Şahynşahy döwrany piruz[2] kyl,
Şeb-u ruzyny[3] aýdy nowruz kyl.

Pelek emrine her dem olsun mutyg[4],
Pelek kibi gadryny kylgyl rafyg[5].

Ýarar ger goýa at oňa ruzygär,
Jahandary jan bagş-u yhsan güzar[6].

Ondan soňra begler begi we goşun begleri jüpbe we ýaraglaryny geýip atlandylar. Nagara, surnaý owazy ýyldyzlara ýetdi. Bir münber düzedip, ony dürli gymmat bahaly parçalar bilen nowbahar kibi bezediler. Begler begi beýik we päk Hudaýyň ýagşy ýamany parhlandyryp iberen Gurhanyny bir altyn tabak içine salyp, başynyň üstünde goýup göterdi we

---

[1] Dadary päk – Päk kazy, Taňry, Allatagala.
[2] Piruz – ýeňiş, üstünlik.
[3] Şeb-u ruz – gije-gündiz.
[4] Mutyg – tabyn.
[5] Rafyg – beýik, belent.
[6] Yhsan güzar – yhsan ediji, haýyr goýujy.

Soltanyň sanjagyny eline alyp dabara we haşamat bilen şähere ugrady.

Zemin oldy tekbirden pür huruş[1],
Howany tutup bürri röwşen suruş[2].

Galyp şäherden erkany[3] din gösteri,
Ýaňylandy aýyny pygamberi.

Bir arada kim kimse bermez nyşan,
Ki imanymdyr namy çugrat[4]-u nan.

Kamu sowty[5] tesbyh-u tekbirdi,
Aduw göwsüne hanjar-u tirdi.

Olup dili Gurhan-u zikre rowan,
Rowan şähere girdi jahan pälwan.

Azançy bir beýik ýere çykyp, azan okamaga başlady. Kapyrlaryň namyslaryny we jaňlaryny syndyrdylar. Iki hepde müddetinde gije-gündiz işläp, bir uly metjit gurdular we bina etdiler. Kazy, hutbaçy, azançy we wagyzçy bellediler. Sagdagyň han begleriniň we ulularynyň oglanlaryndan ýene birküç oglan aldylar.[6] Goşun serkerdelerinden birini bir bölek goşun bilen ol şäheriň goragyna bellediler. Möhüm işler gutarandan soň, gämiler taýýarladylar. Goşunyň bir bölegi

---

[1] Huruş – 1) gykylyk, gowga; 2) joşgun, möwç.
[2] Suruş – perişde, melek.
[3] Erkan – sütünler, diňler.
[4] Çugrat – gatyk, ýogurt.
[5] Sowt – ses, seda, owaz.
[6] Bu ýerde gürrüň girew almak barada gidýän bolmagy mümkin.

gämä girip, gönüläp gitdiler. Bir bölegi bolsa, gury ýerden Stambula gelip, Stambul geçidinden geçdiler. Begler beginiň hyzmatynda ählisi Soltanyň dergähine ýetdiler. Mähribanlyk bereketinden, kämil merhemetinden we sahawatyndan haýyrlandylar.

## EMIR MUBARYZEDDIN ÇAWLY ÇAŞYNGIR BEGIŇ WE GIMNANUS MUFERZUMYŇ ERMENI WELAÝATYNDAKY EDEN TAGALLALARYNYŇ WE OL ÝERDÄKI ŞÄHERLERIŇ BASYLYP ALNYŞYNYŇ BEÝANY

Emir Mubaryzeddin Çawly Çaşnygir we Gimnanus ikisi Soltanyň beýik emri esasynda goşun bilen Ermenistana ýöriş etdiler. Ermenistanyň ýoly jeňňellik, tokaýlyk, daşly we gaýaly ýoldy. Örän dar we kynçylyklydy. Her ýerde – her ýerde hemmäniň oňa güzer kylmaga mejaly ýetmejek meşhur we berk galalary bardy. Ahrymonyň ýüregini hemişe gorka salýan gylyç urujy adamlar köp azyklar bilen garşylyk görkezmek üçin Derbende geldiler.

### Beýt

Sipehbet çün ererdi Derbende rah,
Melul oldy endişeden diýdi «Ah».

Bu bir ýerdir kim [munda] uçmaz ukap,
Güzer kylymaz üzerinden sahap[1].

[1] Sahap – bulut.

Eger bu arada ýörise peleň,
Daş-u gaýasyndan heman döke çeň[1].

Sümi esb[2] kaçan olar karger,
Meger fazly Ized[3] ola rahber[4].

Patyşanyň mübärek nury bilen bu ýerde üstünlik we ýeňiş bize ýaran we ýol görkeziji bolar. Şähriýary älemiň döwleti bilen çäresazlyk we jeňbazlyk görkezeliň, janymyzy humara goýup, başymyzy belende götereliň.

Bu galalary Soltan hezretiniň gullarynyň gol astyna geçireliň we ýaşaýjylaryny har edeliň. Ine şol wagt goşuny dagdan düze indirip, Soltan döwletiniň bereketi bilen betpäl kapyrlardan dadymyzy alarys we kalbymyz şypa tapar.

## JENJIN GALASYNYŇ BASYLYP ALNYŞYŇ BEÝANY

Ýuja[5] bir Hysar, oňa Jenjindi nam,
Ki Symrug tutardy onda makam[6].

Ferazy[7] erşimişdi tä öwji mah[8],
Erişmezdi göz kylsalardy negah[9].

---

[1] Çeň – çaňňal, penje.
[2] Sümi esb – at toýnagy.
[3] Ized – Taňry, Allatagala.
[4] Rahber – ýol belet, serkerde.
[5] Ýuja – uja, beýik, belent.
[6] Makam – mekan, ýer, orun.
[7] Ferazy – belentligi, beýikligi.
[8] Öwji mah – aýyň çür depesi.
[9] Negah – seretme, nazar salma.

Kamu har[1]-u haralary zeňdi,
Oňa ýoly endişäniň teňdi.

Öňünde ýedi hazra[2] çemen misli zeň,
Ki olmaz pelekde ondaky lutf-u reň.

Arasynda bir ap[3] misli zülal,
Sanaýdyň meger bada idi jelal.

Düzetmiş saba turra-ýu[4] arguwan,
Kylar raks ortada serwi juwan.

Çemen içre kylmyşdy läle dereň[5],
Elinde tutup mejmeri lagl reň.

Hem aýdardy gumry ki eý nik peý[6],
Bu dem wagty çeň erdi-ýu şurby meý[7].

Kim olasydyr munda bir rezmi jan,
Ki doýasydyr öz-özünden rowan.

Kyla sen niçe kuşeşi bidaryg[8],
Kim açyla müň-müň gülu zahmy tyg.

---

[1] Har – tiken.
[2] Hazra – ýaşyl, gök.
[3] Ap – suw.
[4] Turra – zülp, zülpüň burumy.
[5] Dereň – saklanma, durma, eglenme.
[6] Nik peý – ýagşy yzly.
[7] Şurby meý – meý içmek.
[8] Bidaryg – gaýgyrman, haýy etmän.

Sipehdar buýurdy tä bargäh,
Tutup çöwresine düýrüldi sypah.

Diýdi: «Gurdular onda bezmi şahy,
Kim ola jümläniň rezimden agähi.

Onuň kibidi hatmy-ýu nesterin[1],
Sanaýdyň ýere indi gökden pern.

Okatdyrdy çengiýi hoş sazy hem,
Ki naýa muwapyk, düze owazy hem.

Düzüp mejlisi çünki oturdylar,
Seraperdäni[2] ýuja göterdiler.

Düýrülmişdi miran-u namaweran[3],
Sypah-u sipehdar-u her pähliwan.

Birer bada pür çünki noş etdiler.
Süýji kibi fil jümle joş etdiler.

Ýörimekde bat idi, kerdary bat,
Ki kylmazdylar jamy Jemşidi ýat.

Ýiýinildi ýuwuldy tagam ile dest,
Kamu ygtyýar etdi jaýy neşest[4].

---

[1] Nesterin – gülüň ady.
[2] Seraperde – çadyr.
[3] Miran-u namaweran – emirler we tanymallar.
[4] Neşest – oturma, çökme.

Ýene sakyýy simi sak[1] ileri —
Gelip sundy zerrin kadahle[2] doly.

Ýer öpdi sipehdar misli sipher,
Diýdi yşgyňa eý şahy hup çehr[3].

Alyp doluny kyldy bir demde noş,
Ererdi melik samgyna[4] owaz noş.

Kamu ulular dostgäni geran[5],
Şahy aňyban içdilerdi ýegan.

Gije tutdy çün haýmaýy nilgun,
Kanadili enjüm[6] olup sernegun[7].

Jahan aýnyny kyldy kehla[8] pelek,
Zemin kalbyna saldy söwda pelek.

Sypah-u sipehbed içibän şerap,
Kamu ygtyýar etdiler huft-u hap[9].

Çün erişdi soltany zerrine puş[10],
Tutup duşy üstünde altyn suruş.

---

[1] Simi sak – kümüş butly, baldyrly.
[2] Kadah – bulgur, jam.
[3] Hup çehr – gözel ýüzli, owadan keşpli.
[4] Samg – gulak.
[5] Geran – agyr.
[6] Kanadyly enjüm – ýyldyz çyralary.
[7] Sernegun – başaşak bolan, ýykylan, agdarylan.
[8] Kehla – sürme.
[9] Huft-u hap – uklama we ýatlama.
[10] Zerrine puş – zerli lybas geýnen, zer örtünen.

Ufukdan[1] tulug etdi piste miýan,
Elinde tutup tygy şahy jahan.

Zemin-u sema[2] çini-ýu zert puş[3],
Istemezdi owaz ahzany güwş[4].

Dogar kibi harçeň[5] burçundan[6] aý,
Rowan çykdy çadyrdan ol nik raý[7].

Çekildi öňüne ebri ataş nehat[8],
Rowan oldy leşger ile misli bat.

Göneldiler-u haýmalar galdy dur[9],
Çeri jemgy ýanyndady misli sur[10].

Diýdi leşgere kim burud-u şerap,
Kamu ýerde olmak degüldir sogap.

Geliň imdi bir raý çeň edelim,
Bu dag üzre kasdy peleň edelim.

---

[1] Ufuk (afak) – gözýetim, dünýä, älem.
[2] Sema – asman.
[3] Zert puş – sary geýnen, sary lybasly.
[4] Güwş – gulak.
[5] Harçeň – leňňeş.
[6] Burç – 1) küňre, diň, sütün; 2) ýyldyzlar toplumy.
[7] Nik raý – ýagşy päl.
[8] Nehat – häsiýet, özen, boluş, keşp.
[9] Dur – daş, uzak.
[10] Sur – tüýdük.

Muny diýdi buýurdy tä sazy jeň,
Erişdire leşger kamu bidereň.

Geýip jöwşen äheňi[1] kuh edeler,
Olup kuhweş[2] jeňi kuh edeler.

Dag-u daş olup toz içinde nehan[3],
Ýöridiler-u tire[4] oldy jahan.

Sypahy şahynşahy gerdun şukun[5],
Şukuhy ile hamundy[6] ol tünt kuh.

Çekiban daga leşgeri ol sagyt[7],
Sügüdendi tygy dagyň napedit[8].

Buýurdy dag üzre tutdular haýýam[9],
Ki tä bagty küffar ola bet nyzam.

Goşun emiriniň hökmi esasynda goşun bölek-bölek daga çykdylar. Dagyň üstünde galanyň howlusynyň töweregini alyp oturdylar. Ertesi urşa we jeňe başlap, şeýle bir ok atdylar welin gala halkynyň diwarlardan daşary barmaklaryny çykarmaga-da mejallary ýokdy. Onsoň ejiz we biçäre bolup, Leýfun tekura bir hat ýazdylar we özleriniň ejizdiklerini we biçärediklerini ol

---

[1] Äheň – 1) heň, owaz; 2) demir; 3) niýet, kast, maksat.
[2] Kuhweş – dag ýaly, daga meňzet.
[3] Nehan – gizlin, örtüçli.
[4] Tire – gara, garaňky.
[5] Şukuh – haýbat, şöwket, dabara.
[6] Hamun – düz, tekizler.
[7] Sagyt – bagtly, bagtyýar.
[8] Napedit – görünmeýan, göze ilmeýän.
[9] Haýam – çadyr.

hatda beýan etdiler. Leýfun ol habary eşidende, durmuşynyň şatlygy matama we eýýamynyň baly zähere öwrüldi. Onsoň ýüreginiň derdinden we alawlaryndan kenarýaka pereňlilere bir hat ýazyp ugratdy:

— Eger birküç günüň içinde sizden goşun kömegi gelip bu ýerde häzir bolmasa, Mesih dininden hiç ýerde nam-nyşan galmaz.

Namys we özüniňkilere tarapdarlyk jähtinden ählisi ýygnanyşyp, tamam ýarag esbaplary bilen gelip, ermeni tekuryna birleşdiler. Agzybirlik we toparlanyşyk bilen yslam goşunlaryna (Alla olary goldasyn) garşy söweşe ugradylar. Soltanyň goşuny dagdan inip, garşydaşlaryň we kapyr goşunynyň garşysyna düze düşdüler. Agşam bolup jahan egninden zer bilen bezelen kaftanyny çykaryp, gara eşigini mawy pelegiň üstüne oklandan soň, Emir Mubaryzeddin bezm serişdelerini taýýarlap, söweş batyrlaryny çagyrdy. Oguz alplary sag we sol gol batyrlary bilen mugan[1] şerabyny içmäge we barbut[2] we çegany[3] owazyny diňlemäge meşgul boldular. Söhbetdeşlik we içişlik wagtynda emir Mubaryzeddin beglere we serkerdelere aýtdy:

— Leýfun tekuryň her ýerden ýygnap getiren bu goşuny meniň nazarymda Tugan ülkesindäki käkilikler kibi görner. Durmuşyň bu goşuna gahar etjekdigi anykdyr. Sebäbi hiç bir görnüşde döwlet eýelerinde hasyl bolýan dabaralylyk we şadyýanlyk bularda ýok.

Dagyň üstüne goşundan bir bölek antawçy gönderdi. Özi begler we serkerdeler bilen ruhuňy joşdurýan şerap we

---

[1] Mugan-taýpasyndan bir urugyň ady bolup, otparaz ruhanylary, esasan, şolardan bolupdyr. Ol ruhanylaryň içýän aýratyn şeraby bolup, oňa «mugan» diýipdirler.
[2] Barbut-dutara meňzeş gadymy meşhur saz guraly.
[3] Çegany-gadymy saz guraly.

gaýgyňy dep edýän çakyr içmäge meşgul boldular. Soň buýurdy:

— Ertir Keýhysrowyň jahany görkeziji jamy-güneşi Afrasiýap mülküniň humundan uzyn şöhlesini bada kylyp, «Size zeminde belli bir wagta çenli karar tutar ýaly we gyzyklanar ýaly zat bardyr»[1] aýatynda getirilişi ýaly, mejlisde oturanlara, soltanlar bezminiň sakylary kibi bulguryny aýlanda, ähli batyrlar we alplar bilen jüpbe geýip, ýarag dakynyp, ýel kibi kapyrlara topulalyň. Mümkin bolan her bir zady tagalla edip gaýgyrmalyň. Hakyň dinimiziň ýeňşine goldaw bermek we müşrikler toparyny syndyrmak baradaky wadasy bu söweşde ýerine ýeter diýip umyt edýän.

**Beýt**

Sähergäh çün perniýany[2] benefş,
Aýan etdi bir kafluýany derefş[3].

Goşun kagan arslany we babyrbeýan[4] kibi joşa we huruja geldi. Naýyň, surnaýyň sesinden zemin zenzelä gelip, simaba döndi. Howada elwan baýdaklardan bir gülzar peýda boldy. Goşunyň ýaraglaryndan, bezeginden we akgynlygyndan jan ruhy täzelenýärdi.

Zemin hal-hal-u howa reň-reň,
Güli arguwany bitirmişdi seň.

---

[1] Gurhanyň 2-nji süresiniň 36-njy aýaty.
[2] Pernyýan – nagyşly ýüpek hülle.
[3] Derefş – baýdak, sanjak.
[4] Babyrbeýan - «Şanamanyň» dessanlaryna görä, Rüstemiň jeň wagtynda egnine geýýän bir eşigi bolup, ol peleň ýa-da gaplaň derisinden bolupdyr. Bu ýerde Rüstem göz öňünde tutulýar.

Iki ýandan rezme äheň üçin,
Iki leşger atlandylar jeň üçin.

Iki ýandan germ olup[1] nebert[2],
Garyşdy biri-birine hun-u gert.

Sypahy hadiwi[3] jahan şähriýar,
Kylyp hemle şeýle etdiler kärzar[4].

Ki çok-çok rowan dowzaha südedi,
Dili mälik ol işden asudady.

Kapyrlar tarapyndan «Bu kowumuň tenleri-bedenleri ýokmuka, naýzadan, okdan we gylyçdan hiç hili ätiýaç we howp etmeýärler» diýip perýat gopdy. Ondan soňra hüjüm etdiler. Goşunbaşy buýurdy:

— Ähli goşun uýanlaryny mäkäm tutup, älemleriň eýesiniň goldamagy bilen ýer kibi, berklik görkeziňler.

Pälwanyň dogry garaýşy esasynda, ýerli daglar kibi karar tutdular. Gurşundan guýlan binalar kibi hatarlaryny mäkämlediler. Leýfunyň goşunynyň ählisi hüjüm edip, diýseň gaýduwsyzlyk görkezseler-de berkligi gördüler. Leýfunyň goşuny peýdasyz zähmetleriniň biderek bolandygyny görenlerinde, çäresiz we haýran bolup yza döndüler we gaçdylar.

---

[1] Germ olup – gyzyp, gyzyşyp.
[2] Nebert – uruş, söweş.
[3] Hadiw – 1) hojaýyn, şa, patyşa; 2) Taňry.
[4] Kärzar – uruş, söweş, jeň.

## Beýt

Pes erip sipehdar, talab-u alam,
Tutady, gylyç bile kyldy galam.

Ondan soňra yzygiderli hüjüm bilen olaryň ýerini dowzah oduna öwürdiler. Durmaga we berkleşmäge çäreleri we takaty galman, ýeňlip gaçdylar. Goşunbaşynyň buýrugyna görä, goşun buthana jadygöýlerine we şeýtana garşy daş bolup süýnen ýyldyz kibi olaryň yzyndan kowalap gitdiler. Gürzi zarbyndan we ok ýagmyryndan ol giň sährany olara dar etdiler. Goşun kimiň yzyndan ýetse ýykylardy. Leýfun tekur öz hyzmatyndakylardan birküç adam bilen başyny alyp, dagdan-daga ýüz urdy. Ýeňiji goşun pereňlileri şeýle bir depeläp ýeňdiler welin, olardan hasapsyz gazanç we olja ellerine düşdi. Gözel pereň oglanlary, tazy atlary, kise doly fulurlary, mallary we Dawudy sowutlary, altyn gupbaly galkanlary ele saldylar. Köp pereňleri ýesir etdiler we galanyň öňünde başlaryny kesdiler. Gala ilaty ol haly görüp, haýran we sergezdan bolup, biçärelikden başlary aýlandy. Begler begi Mubaryzeddin şatlanyp we begenip, begler we serkerdeler bilen çadyrlaryna ugrady. Şalara laýyk tagam iýenlerinden soňra, bezm şeraby orta geldi. Nagma kakýan we gamyňy aýyrýan sazandalar kapyrlar döwletiniň we nobatynyň gutarandygy üçin göwne ýaramly we şatlandyryjy aýdymlar aýdyp, bäsleşdiler. Şahyrlar bagtyýarlyk kasydalaryny umyt sahypalarynyň üstüne nagyş etdiler, sazandalar batyrlaryň gahrymançylyklary, duşmany syndyrandyklary we pälwanlaryň söweşleri barada ajaýyp heňleri we sazlary dogry sözler bilen oturanlarynyň gulaklarynda ýaňlandyrdylar. Hoşboý ysly şerapdan başlary sämäp başlanda, her biri ikiden-ýekeden çadyrlaryna bardylar.

Hindi tygyny ulanmak bilen, umyt ýüzüni gyrmyzy edip, rahatlyk düşeginde dynç aldylar.

**Beýt**

Sähergäh çu tawusy zerrin selep[1],
Sydy[2] gaýnagyle sandygy şep[3].

Galadan bir keşiş[4] gözi ýaşly, lebi teşne bolup daşary çykdy we zaman şähriýarynyň goşunbaşysynyň öňünde ýer öpdi hem-de aýtdy:

— Biziň ählimiz işimizde ejiz gelip, ömrümizi bu gabaw kynçylyklarynda namartlyk howasyna - ýele berdik. Başymy elime alyp begler beginiň hyzmatyna geldim. Bize ne buýursa goşunbaşy hökmirowandyr.

Emir Mubaryzeddin olara göwünlik berdi we aýtdy:

— Siziň bu arada bir günäňizem ýok. Ol sebäpden hyjalat çekmäň. Eger öz maslahatyňyza doly göwün berip, dogry tarapa meýliňiz bar bolsa, galanyň ýaraglaryny, esbaplaryny we ammarlarynyň ählisini el degirmän ýerinde goý. Diňe özüňize degişli näme zat bar bolsa alyp, nirä göwnüňiz meýil etse göçüp gidip bilersiňiz. Goşunyň talaňçylygyndan ätiýaç etmäň.

Keşiş aýtdy:

— Goşunbaşyň sözi neneňsi uly delilli bolsa-da, eger amanlyk haty bolsa, galanyň ýaşaýjylarynyň asudalygyna we göwünleriniň şatlygyna sebäp bolardy.

Derrew kätip ähtnama ýazyp başlady.

---

[1] Selep – 1) parça, lybas; 2) ýasda geýilýän lybas, eşik.
[2] Sydy – sypdyrdy.
[3] Sandygy şep – agşamyň sandygyny, gijäniň sandygyny.
[4] Keşiş - hristian popy.

## Beýt

Behakky berarendeýi asman[1],
Ki olar täze perman ile rowan.

Muhammet haky üçin ki berip idi Hak,
Ki din wejhi sydkyndan[2] oldy şapak.

Beferri[3] şahynşah-u tagt-u kulah,
Ki döwlet ony edinipdir penah.

Bu leşgerden erişmiýe mekr-u fen[4],
Ki zähmet göre hergiz ol enjümen.

– diýip ýazdylar hem-de:

– Ähli mal, aýal, mal-garalary, çagalary bilen meniň zyýanymdan aman bolarlar» diýdi.

Keşiş yzyna dolandy. Begler beginiň mähribanlygyndan, mylaýymlygyndan gürrüň edende hemmesi gorkudan aman boldular. Goş-golamyny, mallaryny galmagal bilen daşary daşadylar. Galany ermenilerden we öý goşlaryndan boşadyp, begler bege mälim etdiler.

Huruş etdi kusdur[5] bargäh,
Heman galaýa girdi ýekser[6] sypah.

---

[1] Behakky berarendeýi asman – asmany ýaradanyň haky üçin.
[2] Sydk – dogrulyk, yhlas.
[3] Fer – şöhle, ýalkym, bagtyýarlyk.
[4] Mekr-u fen – mekirlik we hilegärlik.
[5] Kus – nagara, deprek.
[6] Ýekser – birden, tutuş.

Sipehdar tutup sanjagy şähriýar,
Ýanynda delirany hanjar güzar[1].

Üç gün üstünlik we bagtyýarlyk bilen soltan baýdagy galanyň küňresinde dikildi. Onsoň «Duşmanlaryň synanlygyny, beýleki esgerleriň gowy ýaşaýandygyny, şatlyk baýdagynyň asmana galandygyny» ýazyp, ýeňiş hatyny patyşa köşgüne garşy gönderdi we arz etdi:

— Bu töwereklerde we etraplarda köp galalar bar. Olaryň ählisini basyp almak miýesser bolar we ýakyn wagtda parahatçylyk hasyl bolar – diýip umyt edýän. Emma jüpbehana serişdelerini we ýarag göndermek zerurdyr.

Begler beginiň çapary Soltan huzuryna ugradylanda, Leýfun tekuryň adamlary gelip ýetdiler. Müňlerçe harlyk we nalalar bilen ýalbaryp:

— Eger patyşa günämize görä jeza berjek bolsa, bu sansyz leşgerler tarapyndan bu günäkär bendä edilen temmiler ýeterlikdir. Eger bu ýurdy belli-külli bu bendäniň golastyndan we eýeçilik elinden alsalar Keýwan ýyldyzy ýaly beýik hümmetli soltan gürrüňsiz bir gaýry kişini bu welaýatyň goragy üçin bellär. Biz biçäräni we binowany şol saýlan guly hasaplasyn. Çünki begler begi biziň durmuşymyzy jahanyň jan alyjy goşuny bilen gara kyldy. Ýagdaýymyzy düzetmekleri hem özleriniň gaýgyrmaýan mähribanlyklaryna we tükeniksiz mähremligine borç edinmegi wajyp görüner. Gepiň gysgasy, her ýyl müň atly esger, bäş ýüz sany zenbürekçini harjylary bilen soltanyň bagtyýar köşgüniň hyzmatyna ibereýin. Zikgäni patyşa ady bilen hormatly edeýin. Hyrajy hem iki esse artdyryp, gijikdirmezden göndereýin — diýdi.

[1] Hanjar güzar – hanjar urujy.

Begler begi çapary we haty öz çaparlarynyň gözegçiliginde, soltan hyzmatyna ugratdy. Çaparlar dolanyp gelýänçä otuz sany ygtybarly galany basyp aldy. Şäher häkimlerini, gala goragçylaryny belledi. Azyklary, ammarlary, ýaraglary, jüpbehana gurallaryny hasaba aldy we Soltan huzuryna «Welaýat biri-birine goşulyşdy. Arada ýat gapy galmady. Bendäň hyzmat kemerini jan bilen baglap, soltan huzuryndan ne höküm ýetişse, ol esasda amal kylmaga garaşyp durandyr» diýip, bir hat ýazyp gönderdi. Leýfunyň çapary begler begiň çaparlarynyň söhbetdeşliginde soltan hyzmatyna ýetenlerinde, özleriniň ejizliklerini we misginliklerini arz etdiler. Soltan sansyz yhsany olara joşdy. Leýfunyň günäsini bagyşlady, ýazyklaryny geçdi. Haýyşyny kabul etdi. Beýik diwan hyzmatyndan Leýfunyň ýerine ýetirmek islän şertlerine laýyklykda bir ähtnama ýazdyrdy. Begler begine, Gimnanusa we beýleki beglere jan gaýgyrmanlygy, wepalylygy, soltan döwletiniň günbe-gün artýan nygmatyny artdyrmakda eden tagallalary üçin minnetdarlyk hökümini mynasyp halatlar we saýlama atlar bilen iberdi we buýruk berdi:

— Galalary basyp almakdan boşanyňyzdan soň, bezirgenleriň mallaryny kemsiz-köstsiz, hiç zat ýitirmän olara beriň. Basylyp alnan galalary we welaýatlary Kamareddin Lala tabşyryň. Goşunlara watanly-watanyna dolanmaga rugsat beriň. Begler begi we Gimnanus diňe özleri bähbitli işleri we wakalaryň beýanyny dili bilen gürrüň bererleri ýaly, soltanyň huzuryna gelsinler. Soltanyň mübärek duşuşygyndan kämil haýyr gazanmak olaryň nesibi bolsun.

Perman ýetişende oňa eýermegi we ýerine ýetirmegi zerur hasaplap, akyl we parasat esasynda galalaryň we welaýatyň ähli işlerini tertibe salyp, Kamareddin bege tabşyrdylar. Köp wagtlap ol welaýatlary Kamareddin ili diýip atlandyrdylar. Soňra Garamanlylaryň eline düşende Iç il diýip at berdiler.

Ähli leşgerlere rugsat berip, begler soltan dergähine ugradylar. Soltanyň elini öpmek hormatyna mynasyp bolanlaryndan soňra ýagdaýlary we wakalary beýan etdiler. Dürli şalara laýyk mähribanlyklar bilen göwünlerini hoşladylar.

## KENARÝAKA GALALARYNYŇ MUBARYZEDDIN ÄRTOGUŞ TARAPYNDAN BASYLYP ALNYŞYNYŇ BEÝANY

Begler begi Çopan we begler begi Çawly beg Sagdaga we Ermenistana ýöriş edip, ol iki yklymy basyp alnyşlary we üstünlik habaryny beýan edişleri barada öň ýazypdyk. Şol günlerde Antalyýa tarapynyň goşunbaşysy Mubaryzeddin Ärtoguş beg hem kenarýaka tarapyna ýola düşüpdi hem-de kyrk sany meşhur galany basyp alypdy. Olaryň hemmesiniň atlary doly beýan edilse, kitabyň möçberi ummadan çykyp, ulularyň ýüregini gysdyrar. Olar Mafga, Eýdu, Şenj, Senkendu, Enamur, Enikbe ýaly galalardyr. Ilkibaşda pereňliler näheňler kibi uruş dişlerini ýiteldip, jeňe kast eden bolsalar-da, ýeňiji esgerler olara yzygider we köp zarbalar uranlarynda, uýanlaryna erk edip bilmän, gaçmaga başladylar. Galalary we berkitmeleri boşatdylar. Gije garaňkysynda gämilere münüp, pereň şäherlerine tarap ýola düşdüler. Galalaryň ýerli ermenileri we rumlylary öz galalaryny we ýerlerini goragçylardan we hemaýatçylardan boş görenlerinde naçar bolup, zynhar we aman dilediler. Ähli galalary daňdandan öýle wagtyna çenli Soltanyň nökerlerine we gullaryna tabşyrdylar. Mubaryzeddin Ärtoguş beg şäher häkimlerini we kömekçilerini, baýlyklary goramak üçin her ýerde adamlar belledi. Zulum we duşmançylyk kadalaryny belli-külli ýok etdi. Soltanyň hyzmatyna nama ýazyp, «Kenarýaka etraplaryň

işleri Soltan hezretiniň pikirine we islegine görä ýerine ýetirildi. Eger hezretden rugsat bolsa, pereň atalaryna[1] ýöriş edip, Taňrynyň ýardamy bilen ol ýerleri hem kapyr keşişleriň[2] nejis göwrelerinden päkläýin we tämizläýin» diýip habar etdi. Ýeňiş habary patyşanyň gulagyna ýeteninde örän şatlandy we buýurdy:

— Bezirgenleriň mallaryny mümkin bolan her bir zat bilen hasyl edip, olara bersinler. Her näme bilen bolsa-da olaryň razylygyny gazansynlar. Esgerlere öýli-öýüne gitmäge rugsat bersinler. Mubaryzeddin Ärtoguş beg ähli möhüm işleri gözegçilik we takyk edip, özi tizlik bilen dergähe ugrasyn. Ol Soltanyň hökümi esasynda, ol ýerdäki ýagdaýlaryň gerekli we parz işlerini düzedip we taýýarlap, Soltan hyzmatyna ugrap, Kaýsaryýa sebtinde älemiň şasynyň elini öpmek bilen baky bagtyýarlygy gazansyn.

Ähli emirler söweş işleriniň möhümliklerinden azat bolandan soň, Soltanyň huzuryna geldiler. Gyşlak[3] möwsümi ýetip gelip, Soltan hem Kaýsaryýadan gyşlak tarapyna ugrapdy. Agaçlar kümüş seçgi seçmekden altyn seçgi seçmäge başladylar. Ýaşyl we gyzyl hüllelerini güýzüň sary dony bilen çalşypdylar.

**Beýt**

Hazany rahty zerbap çün düşdi,
Zemin sünbüli-de heman meňzedi.

---

[1] Poplar göz öňünde tutulýan bolsa gerek.
[2] Keşiş - hristian ruhanylary.
[3] Gyşlak - gyş pasly göz öňünde tutulýar.

Howa hem kefi şah zerbagy olup,
Zemin bergi[1] rizan[2] üçin pagş olup.

Seri kuh tä damen[3] juýbar[4],
Doly nerkes idi-ýu hep äşkär.

Howa müşkriz[5]-u zemin udsaý[6],
Köňüllerdi ol demde ramyş[7] saraý.

Çemenzardan dur idi andalyp[8],
Heman zagdy serwi üzre hatyp[9].

Saba zülpi şemşadady şana zen[10],
Säher ýelidi müşksaýy semen.

Soltan Antalyýa ugrady. Tä bahar möwsümi ýetýänçä güýz we gyş paslyny aýşy-eşret bilen geçirdi.

Baky soltan we beýiklerden beýik patyşa bolan päk we belent Taňry nowbahar gudratly, gülzar ýeňişli, ymmatlaryň dadyna ýetişýän beýik patyşa, Allanyň älemlerdäki saýasy, ýerlerde adyllygy we haýyp-yhsanlary ýaýradyjy, yslamyň we musulmanlaryň ýardamçysy bolan Soltan Myrat han ibn Muhammet han ibn Baýezit hany bakylyk nygmatynyň şemaly

---

[1] Berg – ýaprak.
[2] Riz – dökme.
[3] Damen – etek, düýp.
[4] Juýbar – akar, ýap, salma.
[5] Müşkriz – müşk seçýän, müşk dökýän.
[6] Udsaý – ud ösümligi deýin hoşboý.
[7] Ramyş – asuda, rahat.
[8] Andalyp – bilbil.
[9] Hatyp – hutbaçy.
[10] Şana zen – darakçy, saçyny darap berýän.

bilen arzuwlaryna we maksatlaryna ýetirsin. Saba şemaly bilen hemişe gülläp duran, ter we şöhratly etsin. Döwletiniň duşmanynyň we hususy ýagysynyň üstünden ömür hazanynyň ýiti gahar ýelini öwüsdirsin. Olaryň näumytlyk ýapragyny dökdürip, olary biçärelik bilen pukaralara ýar we ejizlere garaşly etsin.

## ARZYNJANYŇ EÝESI MELIK ALAEDDIN DAWUTŞANYŇ SOLTANYŇ HYZMATYNA HABAR BILEN GELMEGINIŇ WE ARZYNJAN ÜLKESINIŇ, ONUŇ SEBITLERINIŇ WASPYNYŇ BEÝANY

Serhetdi ermen ki keşwer durar,
Ki burji şerefde, bir ahtar[1] durar.

Uly şäher pür maýaýi namdar[2],
Bezenmişdi hep, misli horramy bahar.

Dolaýysy[3] bir uly sähra durar,
Fyrat onda manendi[4] derýa durar.

Guşamyş onuň çöwresin kuhsar[5],
Mysaly haýaty buruj-u kenar.

Rowan idi her ýerde juýbar,
Her yrmakda[6] bir köýdi[7] namdar.

---

[1] Ahtar – ýyldyz.
[2] Namdar – atly, tanymal.
[3] Dolaýysy – töweregi.
[4] Manendi – misli, ýaly.
[5] Kuhsar – daglyk.
[6] Yrmak – akar, ýap.
[7] Köý – oba, şäherçe.

Kamu bag-u bossan misli behişt,
Howa gül maşam[1] arzy anbar sereşt[2].

Olardy gün ondan teri merz Jan[3],
Goýmuş bir zaryf[4] ady Arzynjan.

Melik Alaeddin Dawutşa atasy Melik Fahreddin Bährамşadan soňra ol welaýatyň patyşalyk tagtynda oturdy. Ol bilimdar patyşa bolup, dürli ylymlardan kämil baş çykarýar. Emma nälaýyk işler edip, biderek oýunlara güýmenmek bilen tekepbirlenip, ata-babalaryň ýolundan dönüpdi. Nadanlyk we akmaklyk meýdanyndan we samsyklyk sährasyndan tekepbirlik we ulumsylyk hasyl edip, mährеmler nesihatlaryndan we ýurduň gadym akyldarlarynyň, ýaşulularynyň we atasynyň hyzmatkärleriniň akyllaryndan we dogry pikirlerinden ýüz öwrüpdi.

Kişi kim onuň raýyna ýardy,
Oňa jan-u dilden hyrydardy.

Ulular ki olardy kär azmaý[5],
Jahan dide[6] akyllar-u päk raý.

Furumande[7] olmuşlar idi kamu,
Onuň ýaňlyş[1] işinde kiçi-ulu.

---

[1] Gül maşam – gül ysly.
[2] Anbar sereşt – anbar ýaly, müşk ýaly.
[3] Merz – serhet, çäk.
[4] Zaryf – nepis, näzik.
[5] Kär azmaý – işde synalan, durmuşda synalan.
[6] Jahan dide – älemi gören, tejribeli, yssy-sowugy dadan.
[7] Furumande – ejiz galan, pese çöken, haly harap.

Niçe kim ulular kylarlar idi pent,
Ki köňlünden ola, ki göterile bent.

Gurur[2] eýledi çün demagy[3] doly,
Oňa kär kylmazdy pendi eý - uly.

Begleri öldürmäge we olara kast etmäge başlady. Käbirlerini öldürdi, käbirlerini tussag etdi. Bir topary ondan gutulyp, hanymanlaryny terk edip, watanlaryndan aýrylyp, Soltan dergähine geldiler. Olar onuň tekepbirligini we ýaramaz pygyllaryny Soltana arz etdiler. Soltan ol beglere hezzet-hormat edip sylaglady. Soň Melik Alaeddin Dawutşa «hökümimiz barandan ol tutup tussag eden begleriňi goýber. Olardan alan altyndyr mallaryňy, derhemdir dinarlaryňy, ýerdir mülkleriňi gaýtaryp ber. Olary boşadyp, hoş tutanyňdan soň, açyk göwün bilen bu tarapa iber» diýip, bir nama ýazdy. Soňra turup, ol haty akmaklygyň öýi we samsyklygyň köki bolan iki sany guluň eline berip ugratdy. Olar Melik Alaeddiniň ýanyna ýetip, Soltanyň habaryny aýtdylar. Melik «Olar maňa jepa edip, ähtleriniň tersine maňa we hanymanyma kast etdiler. Garşydaşlar bilen ylalaşyk etdiler. olaryň hal-ýagdaýyny takyklanymyzdan soň jeza we temmilerini ýetirdim» diýip aýtdy. Ol gullar oňa «Soltan dergähiniň buýrugyna tabyn bolup, ol halaýygy salamatlyk bilen bize berseň saňa gowy bolar. Eger olaryň mülklerine, mallaryna we oguldyr gyzlaryna bir zyýan we zelel ýetirjek bolsaň, onda ol sebäpli puşman edersiň» diýip igendiler. Melik Alaeddin ol iki guldan bu gorkuzyjy we wehimlendiriji sözleri eşidip, iş ahyryndan

---

[1] Ýaňlyş – ýalňyş, galat.
[2] Gurur – men-menlik, tekepbirlik, boýnyýogynlyk.
[3] Demag – 1) aň, beýni; 2) burun, temek.

howatyr edip, endişe kyldy. Dogalar okap, bu işden gaýtmyşym etdi. Soň tussag eden beglerini boşadyp, ellerinden alan mallaryny, emläklerini we esbaplaryny dolulygyna gaýtaryp berdi. Ol ilçi bolup gelen iki guly hoş köňül bilen begleri hem ýanyna goşup, Soltanyň huzuryna iberdi. Soltanyň huzuryna gelenlerinde Soltan olaryň her birine şalara laýyk sowgat-serpaýlar berdi. Soltan köşgünde bezm gurap, olary çagyrdy. Görnüş sypasynda hormat we sylag bilen oturmaklaryny buýurdy.

**Beýt**

Bahar ösdürip bady anbar sereşt,
Ýene açdy bossana baby[1] behişt.

Çemen içre gül-i mejlis ara[2] olup,
Hezar[3] onda sermest-u şeýda olup.

Doly müjmer lälede suwda müşk,
Teri[4] oldy neşw[5] ile her şahy[6] höşk[7].

Ferazy[8] sehi serwide fahta[9],
Senaýy şah etmişdi perdahta[10].

---

[1] Bap – gapy.
[2] Mejlis ara – mejlisi bezeýän, düzeýän.
[3] Hezar – bilbil.
[4] Teri – ter, täze.
[5] Neşw – ösüş, ösme.
[6] Şah – şaha.
[7] Höşk – gury, guran.
[8] Feraz – belent, beýik.
[9] Fahta – guş, bilbile meňzeş guş.
[10] Perdahta – başlamak, girişmek.

Çeçekden zemin wejhi[1] jöwher olup,
Kubadyýa minewi[2] diger olup.

Bahar-u ruh horramy şähriýar,
Çyragy jahan idi-ýu murgzar[3].

Ol eýwan horramyna zylly Iläh[4],
Oturdy  sana sen ki çarh üzere mah.

Öňünde akar çeşme misli gülap,
Ki Köwser ýüzünden suwy elter ap[5].

Aýagynda bir sebzeý-i murgzar[6],
Ki bir gülden iňlärdi[7] müň murgyzar.

Kokusyndan[8] olup howa anbaryn[9],
Tawazyg[10] kylardy oňa çarhy berin[11].

Ol gün hemmelere çäksiz mähribanlyklar we ýagşylyklar etdi. Ertesi Kemaleddin Kamýara «Arzynjan beglerinden her birine  emirlik we gowy mülk bermekleri üçin diwana perman ýazdyr» diýip buýurdy.

---

[1] Wejh – ýüz, keşp.
[2] Minewi – 1) behişt, jennet; 2) mawy, al-ýaşyl.
[3] Murgzar – çemenlik.
[4] Zylly Iläh – Allanyň saýasy.
[5] Ap – suw.
[6] Sebzeýi murgzar – al-ýaşyl çemenlik.
[7] Iňlärdi –saýrardy, owazlanardy.
[8] Koky – ys, hoşboý ys, kükeme, kokama.
[9] Anbaryn-müşki – anbar ysly.
[10] Tawazyg – pes göwünlik, tabynlyk.
[11] Çarhy berin – iň ýokary asman, arş.

Melik Alaeddin «Öz ýurdunyň ululary Soltan döwletiniň gullarynyň şiwesinde nyzamlaşdy we jemlenişdi» diýip eşideninden soň hem-de şol begleriň degişli adamlarynyň Arzynjanyň häkimine dil ýetirýändikleri sebäpli sapar şaýyny tutdy. Soltanlara, şalara laýyk sowgat-serpaýlar taýýar etdi we Soltanyň bargähine ugrady. Kaýsaryýa sebitine ýetende, Soltana onuň gelýändigini habar etdiler. Soltan aýratyn myhman kabul edýän kişileri ony garşylamaga ugradyp, iýip-içgiler we dürli nygmatlar ýollady. Ertesi Soltanyň özi ony garşylamaga çykdy. Meligiň nazary Soltanyň saýawanyna düşende, atyndan düşüp, pyýada ýöredi. Begler Soltanyň rugsady bilen öňe gidip, ony ýene-de atyna mündürdiler. Soltanyň huzuryna ýakynrak gelende, ýene-de atyndan düşmek isledi. Soltan garşy boldy. At üstünde Soltanyň elini öpmek hormatyna mynasyp boldy. Soltan onuň bilen gujaklaşyp görüşdi we ýol kynçylyklaryndan hal-ahwal soraşdy.

Melik Alaeddin ýene-de:

**Beýt**

Rowan öpdi desti göwherbagşy[1] şah,
Ki ol deste her kim ki epgure rah.

Kamu tikeni läle-ýu gül ola,
Kamu şorysy şahy[2] sünbül ola.

Kyla totyýa çeşmi jan häkini[3],
Göre anbaryn bady çalakyny[1].

---

[1] Göwherbagş – göwher bagyş ediji, sahawatly.
[2] Şah – şaha.
[3] Häk – toprak, toz, gum.

Soltan Melik Dawutşa bilen hekaýat sözleşip, hadysalardan soraşyp gelýärdiler. Şähere ýakyn ýetenlerinde Soltan uýany Keýkubat köşgüne öwürdi. Birnäçe begler we myhmandarlar Soltanyň permany bilen Melik hyzmatynda belli edilen öýe we myhmanjaýa çenli gitdiler. Özi atlasdan, tanaplary ýüpekden bolan Meligiň çadyrynyň gurlandygyny gördüler. Melik çadyryna girenden soň begler dönüp gitdiler. Şanyň ýörite aşhanasyndan bezelen saçak we yslaryndan beýniňi rahatlandyrýan, işdäňi açýan tagamlar getirdiler. Üç gün bu görnüşde myhmanlyk etdiler. Dördünji gün Melikiz-Zagma Nejmeddin Weledi Tusy Soltanyň hökümi bilen on müň altyn, telpek, göwher bilen bezelen guşak, jöwher çyzyklary bilen doldurylan nowruzy telpek, şalara laýyk zer bilen tikilen jüpbe, aýratyn atlardan alyn gürlükli eýer, uýan, gerdenbent we jylawy bilen bir arap at we beýleki zatlary Melige eltdi we «Hoş geldiň!» diýdi. Ondan soňra aýratyn myhmandarlar geldiler we ýokary diwandan esbaplaryny tertiplemek we aşhana zerurlyklary üçin ýaňky zatlaryň üstesine şu hatdaky ýazylan zatlary getirdiler: Iki müň baş goýun, iki müň ýük bugdaý, bäş müň ýük arpa, iki ýüz ýük şerap, mum, şeker we beýleki zatlaryň bahasy üçin ýigrimi müň pul. Bulary Meligiň harçlaýjy wekillerine tabşyrdylar. Melik patyşanyň sansyz hyzmatlary üçin senalar etdi. Öz begleri we ululary bilen ol güni gijä çenli aýşy-eşret bilen geçirdi:

[1] Çalak – çakgan, çalasyn.

**Beýt**

Sepide dem[1] ki jahana nowyt[2] berdi ruz[3],
Tyllaýa säher ile bu çarhy minafam[4].

Ertesi Melik Soltanyň haladyny we Keýkubat telpegini başyna geýdi.

**Beýt**

Feraz[5] merkebi tazyýa[6] şeýle mündi-suwar,
Ki aýyrmaz idi nazar oňa kylajak jöwlan.

Göwünleri göteriji zynat bilen Soltanyň mübärek huzuryna ýetende, gaýtadan el öpüp, Soltanyň elini öpmek hormatyna mynasyp boldy. Soltan aýtdy:

— Melik belki, ýol azabyndan biraz dynç we rahat alandyr?!

Melik Alaeddin akylly beýan we şirin zyban bilen aýtdy.

**Beýt**

Okydy senaýy hadiwy jahan,
Diýdi ki «Eý jahanbagş-u keşwer setan»[7].

---

[1] Sepide dem – ala daňdan, ir daň agaran wagty.
[2] Nowit – hoş habar.
[3] Ruz – gündiz, gündizlik.
[4] Minafam – mawy reňk, mawy, gök.
[5] Feraz – beýik, belent.
[6] Merkebi tazy – arap aty.
[7] Keşwer setan – ýurt alyjy, ülke eýeleji.

Hemişe jahan zindesi[1] dadyňyň,
Pelek bendesi tygy poladyňyň.

Ony kim ýaka ataşy ruzygär,
Düşe üstüne çün saýaýy Kerdigär.

Neçün olmyýa horram-u kamran,
Teniňde neden gala [renji] jahan.

Bir zaman Meşhet sährasynda seýran etdiler. Melik Soltan hezretinden dürli hoşamaýlyk sözlerini eşitdi. Soltan uýanyny öz köşgüne öwrende, Melik ýene adat bolan ýerde, at üstünde durup, hyzmat düzgünini berjaý etdi. Soň dönüp, çadyryna gitdi. Günüň ýary ötüp, öýle wagty bolanda Melikiz-Zagma Nejmeddin Welet Tusy ýene-de Soltanyň hyzmatyndan öňküden hem gymmatly bir halat getirdi. Athana emiri zer çaýylan jylawly we gerdenbentli bir arap atyny getirdi we Soltanyň «Melik kyn görmän bir zaman nazary huzuryma gelsin» diýen habaryny we salamyny getirdiler.

**Beýt**

Seniňle bu gün bada noş edelim,
Ganaýny[2]-ýu çengi güwş edelim.

Melik halady geýip, aýratyn ulagyna mündi. Bargähe ýakyn baryp, begleri göreninde atdan düşdi. Begler onuň öňünden çykyp garşyladylar. Dürli mähribanlyklar bilen hal-ýagdaýyny soradylar. Hyzmatynda bilelikde şahyjahanyň

---

[1] Zinde – diri, janly.
[2] Ganaý – bagşy, aýdym, hiňlenme.

bargähine ugradylar. Perdeçi perdäni göterenden soň, Melik Soltany göreninde derrew başyny ýere goýdy. Soltan ony aýak üstüne galdyrdy. Mähir etmeklik soltanlaryň ýagşy häsiýetlerinden we söýgüli adatlaryndan bolandygy üçin Soltan hem Melige mynasyp sylag-hormat etmekde yhlas baryny etdi. Bu bagtyýarlykdan Meligiň derejeleri we mertebeleri pelege ýetdi.

**Beýt**

Ýene düzdüler mejlisi Hysrowy,
Ki Firdöwsi agladady[1] pertowy[2].

Iki sapdy serwerany[3] sypah,
Ki her biri, bir ýerdedi patyşah.

Zemin pür zer-u lagl-u ýakutdy,
Ki her biri müň kişi-ýe kutdy[4].

Sanaýdyň ki magşardy ol bezmgäh,
Ki her jyns ynsanady jaýgäh.

Horezmi-ýu, Rumy-ýu, Gürji-arap,
Hem Abhaz-u Efrenji - ahen salap[5].

Jahan mejlis kyldy göwheri nigär,
Semagy[1] hoş-u badaýy hoşguwar[2].

---

[1] Firdöwsi agla – iň ýokary behişt, Firdöws jenneti.
[2] Pertow – şöhle, ýalkym.
[3] Serweran – serkerdeler, serdarlar, öňbaşçylar.
[4] Kut – obkat, azyk, iýmit.
[5] Ahen salap – demir eşik, jöwşen, sowut.

Sarahy[3] elinde tutup her haryf[4],
Olup jümle şerin makal[5]-u zaryf[6].

Peri çehre sakylar owazy noş,
Kylyp ker ederlerdi efläge güwş.

Melik meýler içip, şalara laýyk saz-söhbet diňländen soň, durkunda akmaklyk we juwanlyk tekepbirligi peýda bolup, diýmejek sözleri we etmejek hereketleri ondan ýüze çykdy. Soltan mähribanlygyndan we sahawatlylygyndan onuň günäsini geçdi. On gün bu görnüşde şahynşaň jahany joşduryjy bezminde boldy. On birinji gün soltanlar hazynasyna laýyk we mynasyp bir genjinäni Melikiz-Zagma Nejmeddin Welet Tusy Soltanyň hyzmatyndan onuň gaşyna eltdi we ötünçler diledi.

**Beýt**

Mutallas[7] zeri Rumy, Çyny gulam,
Bile esbi tazy[8] murassag legam[9].

Iki ostori[10] geran bar[11]-u ýükleri zer,
Iki ýüz hylag[1] bile zerrin kemer.

---

[1] Semag – diňleme, eşitme, aşdym, zikir.
[2] Hoşguwar – tagamly, ýokumly, lezzetli.
[3] Sarah – bulgur.
[4] Haryf – 1) oturdaş, egindeş; 2) garşydaş.
[5] Makal – söz, gürrüň.
[6] Zaryf – nepis, näzik, eziz, ýumşak.
[7] Mutallas – atlasdan, atlas.
[8] Esbi tazy – arap aty.
[9] Murassag legam – göwher bezegli uýan.
[10] Ostor – gatyr.
[11] Geran bar – agyr ýük, agyr ýukli.

Ertesi bir ähtnama ýazyp, Soltanyň göwher seçýän we anbar kokadýan goly bilen berkidip, Sagdeddin Köpek Terjimandan Melige iberdiler. Mazmuny şeýledi: «Dawutşa ibn Bähramşa jan-u dil bilen biziň ähtimizi saklamaly. Duşmanlarymyz we bet pikirlilerimiz bilen dostluk etmeli däl. Hiç bir ýere gizlin habary bar bolan hatlary ibermeli däl. Göripleriň we ýalançylaryň sözlerine aldanmaly däl. Içiňidaşyňy bize bolan tarapdarlyk şygary we lybasy bilen bezemeli. Şonda bizden medet, goldaw, dereje, hökmürowanlyk we mertebe görer. Biziň ýurdumyzyň leşgerbaşylarynyň we serdarlarynyň onuň ýurdunyň baýlyklaryna bolan tamalary üzüler. Ondan towakga edilen, bu ýazylanlaryň tersine amal etse, özüne gerek bolan jezasyny we temmisini alar». Soň bu usulda äht edildi. Köňül myrady bilen şady-horram bolup, öz mülküne we öýüne ugramaga rugsat berildi. Ertesi Soltan hoşlaşyk hyzmatyny berjaý etdi.

## Beýt

Çün ol aradan hoş dil-u kämiýap,
Sürülerdi zowk, eýleýiban şetap[2].

Eser kylmaýyp janyna jöwri dehr[3],
Bulup şadan dürli ykbal-y behr[4].

Başynda sagadat elindedi jam,
Giderdi olup talyby nam-u käm[1].

---

[1] Hylag – halatlar, serpaýlar.
[2] Şetap – gyssanma, howlukma.
[3] Jöwri dehr – pelek jebri, takdyr ezýeti.
[4] Behr – peýda, nesip, haýyr.

Soltan Melik gidenden soňra bir zaman Kaýsaryýada mesgen tutdy. Ýurduň möhüm işlerini düzedenden soň, gyşlag üçin kenarýaka tarapa ugramagy karar etdi. Ýolda her menzilde aýşy-eşrete we awa meşgul bolup, çadyryny we bargähini horram ýerlerde, suw we çeşmeleriň kenarynda gurardy. Horramlyk we bagtyýarlyk bilen gyşy ýaza öwürerdi.

Beýik Taňry sahawatly we päk Hudaý adam oglunyň şasy, Allatagalanyň ýerlerdäki saýasy, gazawatçylaryň we din urşujylarynyň ýardamçysy, yslamy we musulmanlary beýgeldiji soltan Myrat ibn Muhammet ibn Baýezit hany mydamalyk durmuş zalymlaryny gamçylaýjy we zaman talaňçylaryny yzyna gaýtaryjy kylyp, möhüm işleri we hajatlary ýerine ýetirijileriň maksatlary we arzuwlary jahan penakäriniň bargähinden hasyl we miýesser bolsun.

## KUBATABADYŇ TÄMIZLIGINIŇ WE SOLTANYŇ OL ÝERDE YMARAT ESASLANDYRMAGA BUÝRUK BERMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Kaýsaryýadan çykyp uçar atynyň üstünde Süleýman dek menzilleri we mekanlary bagtyýarlyk we şadyýanlyk bilen geçip gelýärdi. Paýtagt Konýadan geçdi. Egrinas sapagähine ýetdi. Ol ýerde şeýle bir sapaly ýeri gördi welin eger, jennet bagy ol çemenligi-bagy görse-di, ol ýerden aýrylmaga razylyk bermezdi, onuň miweli agaçlarynyň çybygyndan bolsa baky behiştiň agaçlarynyň iýmitlenmegi üçin elterdi-äkiderdi.

[1] Käm – isleg, höwes, myrat.

## Beýt

Ki bir dameni kuh[1] horramy behişt,
Howa müşk, häkidi anbar sereşt.

Zemin idi pür sebz[2], pöwrize gun[3],
Içindedi läle nokathaýi hun[4].

Onuň kibidi sowsan-u nesterin[5],
Ki olupdy sipehr[6] ol, ne horramy çemen.

Her arada bir çeşme misli gülap,
Sanydyň haýaty abydy[7], ne ap.

Howa müşkboý-u zemin pür nigär[8],
Kamu ýerlerinde gurizan[9] şikär.

Ýaşyl bir deňiz, datly manendi şir[10],
Ýüzi möwçden misli Çyny haryr[11].

---

[1] Dameni kuh – dag etegi.
[2] Sebz – al-ýaşyl.
[3] Gun – ýaly, meňzeş.
[4] Nokayhaýy hun – gan nokatlary, gan tegmilleri.
[5] Nesterin – gülüň ady.
[6] Sipehr – pelek, asman.
[7] Haýaty aby – dirilik suwy.
[8] Nigär – gözel, owadan.
[9] Gürizan – gaçýar, gaçgalaklaýar.
[10] Manendi şir – süýt ýaly.
[11] Haryr – ýüpek.

Jeziredi[1] içi iýmiş bişumar[2],
Hem agaçlar idi kamu miwedar.

Hem olmuşdy bir çeşme bahra  rowan[3],
Ki pir ony görse olaýdy juwan.

Sowuk-ýahlyn[4] meý kibi müşkboý,
Lebi, roýy gulman kibi täze roý.

Soltan ol döwürde ussat ymaratçy-binagär bolan Sagdeddin Köpege «Onda horramlykda Erem bagyny utandyrjak, sapalylykda we beýiklikde Isgender diwaryna pitjiň atyp biljek bir ymarat bina etmegi» buýurdy. Soltan özüniň nurly kalbynyň mynasybetine laýyklykda ol ymaratyň suratyny şekillendirdi we ülňüsini çyzdy. Her bir ýerde onda Zöhre saz çalmak arzuwyny etjek, Keýwan onuň üstünde garawullyk arzuwyny etjek bir saraýyň şekillerini çekdi. Sagdeddin Köpek zyba gözeghanalar, howuzlar, çardaglar, nagyşly oýmaklar bilen bezelen diwarlary dürli reňkler bilen bezäp aýlar-ýyllar şemal onuň mawy meýdanyndan mydamalyk öwsüp duran eýwanlaryny ýasap, Erem bagy kimin hoş-horram ymaraty az wagtda bina etdi.

---

[1] Jezire – ada.
[2] Bişumar – sansyz , hetsiz-hasapsyz.
[3] Bahra rowan – deňze akýan, deňze guýulýan.
[4] Ýahlyn – doňan, doňan ýaly.

### Beýt

Saraýlardy aly[1] ki tabende mehr[2] -
Ony görse, kylaýdy terki sipehr[3].

Kamu jaýy juý idi misli zülal,
Ki waspynda ýedi hyrat[4] dili lal.

Öňündedi bir bag misli behişt,
Ki onuň kibi göz görmemişdi sereşt[5].

Soltan örän begenip, içinde birküç gezek aýşy-eşret etdi. Ondan soňra mübärek uýanyny hemişeki endik bolan adata görä Antalyýa we Alaýyýa tarapyna öwürdi.

### Beýt

Ýene täze kyldy tarap[6] sazyny,
Ýene eşitdi janbahşaş[7] owazyny.

Hem owalky ýaň üzre güý[8]-ü şikär,
Heman[9] bezm şahanaýy lälezar.

---

[1] Aly – beýik, belent, uly.
[2] Tabende mehr – şöhle saçýan gün, lowurdaşan gün.
[3] Terki sipehr – pelegi terk etmeklik, asmany goýup, gaýtmaklyk.
[4] Hyrat – 1) akyl, aň, bilim; 2) akyldar.
[5] Sereşt – 1) häsiýet, sypat; 2) barlyk.
[6] Tarap – şatlyk, şagalaň.
[7] Janbagşaş – jan beriji, jan bagyş ediji.
[8] Güý – top, pökgi.
[9] Heman – şol, hut şol.

# SOLTANYŇ ARZYNJANY MELIK ALAEDDIN DAWUTŞA IBN BÄHRAMŞANYŇ GOLASTYNDAN ALMAK ISLEGINIŇ SEBÄPLERINIŇ BEÝANY

Arzynjan Meligi Soltanyň hyzmatyndan öz ýurduna dolanandan soň ýigitlik tekepbirligi ony ýolundan sowdy, ýagny Arzurum patyşasy, Soltanyň agasynyň (kakasynyň dogany) ogly Melik Rukneddin Jahanşaha «Bu gezek Soltan bargähinden zere, hoş söze we köp serpaýlara eýe bolduk. Emma, biziň neberelerimiziň begleri we ululary Soltan dergähiniň begleriniň arasynda ornaşdylar. Bizden bolsa, göwni galyp, ynjap, meniň syrlarymy ondan ýaşyrýan däldirler. Aldaw we hile bilen üstüni gömýändirler. Olaryň meni bu ýurtdan çykartmaklary mümkindir. Sen onuň doganoglanynyň ogly bolsaňda, saňa hem tarapdarlyk edesi ýok. Men gizlinlikde hazynamy goşun jemlemek üçin harç etsem diýýän. Bu gyş bar güýjümi şoňa sarp ederin. Eger saňa hem başyň we mülküň gerek bolsa, bu hadysada meniň bilen pikirdeş bol» diýip bir nama ýollady. Ýene bir haty bolsa Şam patyşasy Melik Emire ýazyp, ony gözellikde, owadanlykda, saz çalmakda, hiňlenmekde, hoş owazlykda, düşbülikde Zöhräni utandyrýan bir sazçy kenizi, köp sowgat-serpaýlar, zerli parçalar, çapuw atlar, gatyrlar, awçy guşlar bilen ugratdy. Habarynyň gysgaça beýany şeýledi.

**Beýt**

Ki bar bir ýerim dop-doly misli nar,
Kamu bag-u bossan gül-u juýbar.

Kimiň bar bir gala misli Kamah[1],
Ki ermişdir uja, içi doly kah[2].

Erermiş ýujalykda Keýwana ser,
Demir dag durar ferazy[3] kemer.

Behişt olmuş etrapy arasta[4],
Erişmiş juwanany now hasta[5].

Içinde niçe merdumy[6] namdar,
Saraýlar ýapylmyş olada hezar.

Rowan çeşmeýi ab-u hammam hem,
Içi doly bir nesne ýok onda kem.

Jyda bir ýeri bar içinde tamam,
Ki bulurlar espahlar[7] onda käm.

Müň, artyk suwar ola jeňňi kamu,
Ol arada gylyç kibi tündhu[8].

Dahy birniçe galaýy serefraz[9],
Ki soltanlar oňa kylarlar nyýaz.

---

[1] Kamah – Gündogar Rumda (Türkiýede) gadymy bir şäher, onuň Arzynjan bilen arasy bir günlük ýol bolupdyr.
[2] Kah – saman, bede.
[3] Feraz – beýik, belent.
[4] Arasta – bezelen, düzelen.
[5] Now hasta – täze dörän, täze ýüze çykan.
[6] Merdum – ilat, halk.
[7] Espah – goşunlar, esgerler.
[8] Tündhu – gödek, gazaply.
[9] Serefraz – başy belent.

Ki her biri ser kylmyş efrahta[1],
Ýarag tamamile perdahta[2].

Biziňle eger äht-u peýman ola,
Berem oňa ki emriňe perman ola.

Onuň öwezine Melik Eşrebiň diwanynyň eýeçiligindäki, ýurduň içinde bolan bir ýerde aman we salamatlyk bilen ýaşap, hasylyny durmuşym üçin sarp edip, galan ömrümi ol mukaddes ýerde geçirerim ýaly, menden soňra nesillerime degişli bolup galar ýaly maňa bir ýeri belli edip beriň» diýip ýazdy. Şu mazmunda ýene bir haty sansyz sowgat we serpaýlar bilen Ajam ýurdunyň patyşasy bolan soltany gazy Jelaleddin Horezm şaha iberdi. Ýene bir haty Alaeddin Nowmusulmana «Eger Soltana hüjüm etjek bolsalar Kamah galasyny ähli serişdeleri, baýlyklary we ýaragy bilen sizlere berip, Arzynjanda gadym ata-babalarynyň, döwlethanasyny size çakylyk öýi kylaýyn» diýen mazmun bilen ýollady.

Bu habarlar Soltanyň gulagyna ýeteninde güldi we aýtdy:

— Bu biçäräniň işi we durmuşy azypdyr. Aňy erbetlik ýoluna düşüpdir. Döwleti gaýdypdyr. Ähli Ermen we Rum yklymynda hiç kimiň haky we mülki ýokdur. Hemmesi gazylaryň hakydyr. Kimiň zadyny berer?!

### Beýt

Çün ileri barmady zer ile iş,
Gerek gösterem oňa zor ile riş[3].

---

[1] Efrahta – belent, beýik.
[2] Perdahta – üpjün edilen, düzedilen.
[3] Riş – ýara.

Oňa gösterem göwheri tygdan,
Ki gan ile reňňin[1] ola mygdan[2].

Gaýyp gelniniň bezegçileri nowbaharyň jübülerini we üstlerini gül müşki bilen doldurdylar. Bulut anbar kokudyp, ebr luwluw saçdy. Bulaklardan we çemenzarlyklardan tämiz anbarlaryň, tatar müşkleriniň ysy gelmäge başlady. Soltan kenarýakadan Kubatabat ülkesine ugrady. Ol ýerlerde beýik edip gurup tamam eden ymaratlaryna guwandy. Bir aý onda aw-şikar we saz-söhbet diňlemek bilen geçirdi. Ondan Kaýsaryýa ugrady. Biz indi Melik Eşrep hekaýatyna dolanalyň.

Ol sazçy aýalyň hile we owsuny bilen aldanyp, Hajyp Alyny Alaeddine kömek üçin iberdi. Ol gelip, bir müddet Arzynjanda ýaşady. Ondan soňra näumyt bolup yza döndi. Meligiň uly begleri Salaheddin, Şerefeddin we gaýrylary oňa igenç bilen aýtdylar:

— Şeýtsek dogry bolar, ýagny Meligiň ogullaryny Soltanyň huzuryna eltip, eden günälerimiz üçin ötünç soralyň. Käbir zatlary inkär etmek bilen ret edeliň. Mähribanlyk suwy bilen ýekelikde gowy pursat tapyp, gazap gubaryny şahynşahyň nurly kalbyndan ýuwup aýrar ýaly, Soltanyň Melik hakyndaky enaýatyny owwalky kaddyna getirer ýaly, mal bilen Soltanyň ýakynlarynyň göwünlerini awlalyň.

Melik olaryň pikirlerini halady we ogullaryny olar bilen Soltan hyzmatyna ugratdy. Begler Meligiň ogullary bilen Soltanyň huzuryna ýetdiler. Olaryň ýagdaýlaryny habarçylar Soltanyň gulagyna ýetiripdiler. Soltan buýurdy:

[1] Reňňin – reňkli, elwan.
[2] Myg – ümür, duman.

— Soltan döwletiniň begleri her biri öz goşuny bilen bir-bir Arzynjan, Kamah sebitlerine barsynlar. Özleri hem birden ol sebitlerde ýeňiji esgerlerden uly bir goşun peýda bolar ýaly, gizlinlikde jemlenişsinler. Birden Melik Alaeddin özüni galanyň içine salyp, işi uzaltmaz ýaly galalaryň ýollaryny gorasynlar.

Uly buýruk esasynda her galanyň derwezesinde Soltan esgerlerinden bir ýeňiji goşun jemlendi. Melik ähli eden tagallalaryndan näumyt galdy. Gala ýollarynyň beklenendigini gördi. Çäresiz Soltanyň huzuryna baryp, günäsini soramak kararyna geldi. Birden «Soltanyň bagtyýar çadyry sansyz esger bilen Arzynjan sebtine girdi» diýip, habar berdiler. Bialaç we çäresiz bolup, serpaýlar tertip etmezden ýakynlaryndan we beglerinden birküç adam bilen Soltanyň garşylamaga ugrady. Ýolda uly beglere sataşdy. Begler ony daşdan görenlerinde, ýortup ýanyna geldiler. Melik bilen gujaklaşyp görüşdiler. Hoşamaýlyklar edip göwnüni hoşladylar. Ähli begleriň ylalaşygy we dogry hasaplamagy bilen Meligi Sahyp Zyýaeddiniň ýanyna goşup, Soltanyň hyzmatyna ugratdylar. Soltanyň ýanyna gelenlerinde Soltan Melik barada eşiden gürrüňlerini hiç hili ýüzüne çykarmady. Tersine, hoşamaýlyklar edip, Konýanyň Akşäher galasyny we Gyzgynsuwy oňa mülk edip berdi. Aýratyn gullaryň, janpenalaryň we köne esgerleriň gözegçiligi bilen Akşähere ugratdylar. Melik Alaeddin Dawutşa dürli ylymlar bilen bezelendi. Ylymlaryň sungat-ukyplaryny ele alypdy. Aýratyn hem, astranomiýa ylmyny öwrenip, onuň düzgünlerinden doly baş çykarýardy. Tebipçilik, logika, pelsepe, tebigat, Ilähi we matematika ylymlaryndan habarlydy. Nepis, çeper we şirin şygyr hem düzerdi. Öz ýagdaýy barada ýazyp, Soltanyň hyzmatyna ugradan goşgularyndan biri şudur.

## Beýt[1]

Eý, şa, duşmanlaryň senden ýaňa kalby ýaralydyr,
Duşmanyň ýüzi senden gorkusyna sarydyr.

Ynsap etdim, ýüz gussa-ynjanyňa garamazdan maňa,
Sen mülküňden elime nandyr suw berýäň.

Ýaramaz oturdaşlarynyň, söhbetdeşleriniň, erbetleriň, nadanlaryň we samsyk egindeşleriniň şumlugyndan onuň kibi gadymy ýurdy elinden giderdi we biçärelik we närowalyk topragynda oturdy. Ýenede sözümiziň dowamyna dolanalyň.

## Beýt

Sähergäh çün dag nili[2] çemen,
Jahan üstüne saçdy bergi[3] semen.

Çün etdi aýan subhy röwşen, derefş[4],
Güneşden kemi zerd[5]-u geými benefş.

Bulup pursat-u nusrat[6]-u destgäh,
Rowan girdi şähere seraser[7] sypah.

Pes ondan jahandar pür fer-u käm,
Girip şähere efläge[1] ererdi nam.

---

[1] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.
[2] Nil – gök, mawy, al-ýaşyl.
[3] Berg – ýaprak.
[4] Derefş – baýdak, sanjak.
[5] Zert – sary, sargylt.
[6] Nusrat – ýeňiş, ýardam.
[7] Seraser – tutuş, doly, başdan-aýak.

Melik mülküniň gadryny bilmedi,
Oň üçin gözide[2] amal kylmady.

Kişiýe ki ýagşylyk etmeýe kar,
Ýamanlygy haçan kylysar şumar[3].

Eger bagty sergeşde[4] olmyýady,
Onuň kibi bet pikir kylmyýady.

Guşanaýdy şa hyzmaty üçin kemer,
Ki yhlasle olmaýyban kem är.

Weliken bu gerdende[5] çarhy köhen[6],
Degül ber karar, gazar bih-u bün[7].

Çün äre erer nikbeti[8] ruzygär,
Ne iş kim tuta olmyýa  asyl kär.

Arzynjan ülkesi Soltana tabyn bolanyndan soň, ony Melik Gyýaseddin Keýhysrowa berip, Mubaryzeddin Ärtoguş begi oňa atabeg edip belledi. Olara köp hazyna bilen birlikde goşun hem berdi. Sebäbi Melik Kämiliň we Adylyň oglanlary tarapyndan onuň mübärek kalbynyň hormat sahypasyna gubar ornaşypdy. Mydama bar hümmetini we hyjuwyny Şam,

---

[1] Efläk – pelekler.
[2] Güzide – saýlantgy, saýlanan.
[3] Şumar – san, hasap.
[4] Sergeşde – başy aýlanan, bagty ýatan.
[5] Gerdende – aýlanýan, pyrlanýan.
[6] Çarhy köhen  - köne pelek, gadymy pelek.
[7] Bih-u bün – kök we damar.
[8] Nikbet – betbagtçylyk, bagtyýatanlyk.

Salaheddin we Adyl oglanlarynyň kasdyna sarp edipdi. Arzynjany Melik Gyýaseddine bereninden soň, Melik Adylyň neberesi bolan Melik Yzzeddin bilen welaýat ähdini täzeden kyldy. Şam welaýatyny Melikeýi Adyldan dünýä inen Melik Rukneddine berdi.

Mundan öň ylym we mertebeleri barada gürrüň berlen Nyzameddin Ahmet Tugraýy ol döwürde, Soltanyň hyzmatynda, bu iki beýdi düzdi.

### Beýt[1]

Isgenderiň düzgünini aýan etdiň,
Şalar şasy ýörelgesini kanun etdiň.

Güne şalyk sanjagyny berdiň,
Daňy Şam üçin sen röwşen etdiň.

Soltan Arzynjanyň möhüm işlerini we onuň galalaryndaky, şäherlerindäki we etraplaryndaky geçirilmeli çäreleri tamamlady. Ondan soň goşunyna:

— Arzurum we Konýa tarapa ugraň. Emma, raýata düýbünden hüjüm etmäň we azar bermäň, Melik Rukneddin Jahanşa bilen Melik Muzaffareddin Muhammediň biziň bilen neneňsi usulda gatnaşyk edýändiklerini we neneňsi ýörelge hereketler edýändiklerini göreliň diýip buýurdy.

Melik Rukneddin Soltanyň goşunynyň öz ýurdunyň çäklerine gelip ýetendiginden habardar boldy. «Birküç welaýaty Soltanyň diwany golastyna geçirildi» diýip eşitdi. Onsoň harlyk we peslik gadamy bilen öňlerinden çykmaga ugrady. Sowgatlary, serpaýlary we köp pullary goşun

[1] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.

begleriniň hyzmatyna ugratdy. Öz beglerinden bir ynamdar begi her dürli altynlar, jöwherler, gymmatbaha parçalar, gypjak, hytaýy, keşmiri gullar we hyzmatkärler, görkli atlar, gatyrlar, dürli hoşboý ysly zatlar, müşkler, udlar[1] anbarlar bilen Soltanyň hyzmatyna iberdi we habar etdi:

— Men bir biçäre bendedirin. Eger-de Arzynjan jenaýatkärleri dogry ýoldan we maslahat ýodasyndan azyp, şeýtan sözi bilen Soltanyň tabynlygyndan boýun towlasalar-da men dirikäm, siziň bendäňizdirin. Bu kemine bendäniň az-u köp günäsi bar bolsa, ötüp, Dawutşanyň günäsi üçin bu bendä käýinç we igenç etmezler diýip, umyt edýärin. Indi täze elimden alnan welaýaty ýene berseler, her ýylda maldyr we ýükleri hazyna ugradaryn. Uruş wagtynda islegiňize laýyk goşun iberiler. Hut özüm hem her wagt Soltanyň mübärek dergähine hyzmat edip, tabynlyk usulyny ýerine ýetirerin.

Ilçi Soltan hyzmatyna ýetdi. Dil bilen aýdylanlary we namany beýan etdi. Getiren sowgatlaryny we serpaýlaryny arzhanasyna ýetirdi.

Soltan kämil sahawat we merhemet enaýatyny oňa bagyşlady. Haýyşy esasynda Arzurum ýurduny oňa bagyşlady, hem-de «Şu günden başlap, goşun onuň welaýatyna girmeli däl» diýip höküm etdi. Goşunlar Soltanyň hökmi bilen talaňçylykdan we çapawulçylykdan el çekdiler. Melik Rukneddiniň şol sebäpli gorkudyr we howsalasy ýok boldy.

---

[1] Hoşboý ysly tütedilýän ösümlik.

# KUGUNIÝA GALASYNYŇ BASYLYP ALNYŞYNYŇ WE MELIK MUZAFFAREDDIN MUHAMMEDIŇ ORNUNDAN DÜŞÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Alaeddin:

– Mubaryzeddin Ärtoguş Atabeg sansyz leşger bilen Kuguniýa galasyny gabamaga we eýelemäge ugrasyn. Galany mümkinçiligine görä, parahatçylyk ýoly bilen, ýa-da bolmasa uruş bilen eýelesin – diýip emr etdi.

Soltanyň hökümi bilen goşunlar uruş we söweş ýarag-esbaplary bilen ýola düşdüler. Ilkinji gün uly söweş we güýçli jeň etdiler. Içerden we daşardan köp halaýyk gyryldy. Soltanyň goşunynda bu ýagdaý kän bir bildirmese-de, galadakylar ezizleriniň aýralygyndan dady-perýat etdiler. Melik joşup duran deňiz kibi uly howuzlaryň suwdan, çensiz-çaksyz anbarlarynyň - kyrk öýüň her dürli däneden, dokuz öýüň bal, ýag, badam we duzdan doly bolmagyna, dag kibi ýygylgy odunyň bardygyna garamazdan gorkdy.

### Beýt

Kamu nesneden ki oňa diýinile nam,
Ol arada bar idi jümle tamam.

Eý tazy atlar-u sazy nebert[1],
Ki wasp edimezdi dille ony mert.

---

[1] Sazy nebert – urum ýarag-şaýlary.

Bulynardy[1] onda kamu berg-u saz[2],
Ki daşara kylmazdy kimse nyýaz.

Ki eger ola ýüz ýyl bulardan hezar[3],
Onuň kibi bir gala üzre suwar.

Geýejek don-u düşenejek düşek,
Içejek suw ile iýejek ýemek.

Emma şeýle-de bolsa, garşylyk görkezmäge gorkup, pikir etdi we Atabegiň hyzmatyna ýalbaryş nala bilen çapar goýberdi. Aýtdy:

– Soltana bendedigimi we nökerdigimi araçy bolup aýtsyn. Ýaraşygyň we maksatlarymyzyň hasyl bolmagy üçin şepagatçy bolsun. Eger şähriýary älem mähir we merhemet ýüzünden bize nazar salyp, galamyzyň öwezine bu guluň degişli adamlarynyň, tabynlarynyň we ýaranlarynyň ýaşaýyşlary üpjün bolar ýaly bir mülki berse, ygtyýarlyk we biçärelik bilen bu gala Soltan gullaryna tabşyrylar we galan ömrüm jahangiriň saýawanynyň saýasynda sarp bolar.

Atabeg bu babatda Soltan huzuryna çapar ugratdy. Çapar on günlik ýoly iki gije-gündizde geçdi. Soltan huzuryna ýetip, ýagdaýlary beýan etdi. Soltan bu hoş habara şatlandy we begendi. Ol pikir we häýyş Melik Muzaffareddiniň parasadyna, kämil danalygyna we aklyna delil boldy. Şonuň üçin Soltan oňa Kugunyýanyň we onuň töwerekleriniň öwezi üçin Şam sebtinde ýerleşen, Dakýanusyň şäheri hem-de «Eshabyl Kähfiň» mekany we önüp ösen ýeri bolan Bährgalyny we Zamantuny mülklüge berdi. Şeýle-de Kyr şäherini hem oňa

---

[1] Bulynardy – tapylýardy.
[2] Berg-u saz – ýarag-şaýlar, gerekli serişdeler.
[3] Hezar – müň.

bagyşlady. Sözlerini berkidip, perman we ähtnama ýazdylar. Nepis halatlar we agyr serpaýlary Melige we üç ogly Melik Fahreddin Süleýmana, Melik Yzzeddin Siýawuşa, Melik Nasyreddin Bähramşaha çaparlar bilen goýberdi. Melik Muzaffareddin permanlary we ähtnamany okap, şatlandy we begendi. Galany özüniň esbaplaryndan, parçalaryndan, tabynlaryndan, ýaranlaryndan, anbarlaryndan, ýarag we gaýry zatlaryndan boşatdy. Degişli adamlary, haremhanasy, ogly we gyzlary bilen Soltanyň hyzmatyna bardy. Eli öpmek we didaryny görmek hormatyndan soňra, hezzet-hormata eýe boldy. Göwünhoşlugy we köňül asudalygy bilen Kyr şäherine ugrady. Ömrüniň ahyryna çenli durmuşyny asudalykda we parahatlykda geçirdi. Soltan Gyýaseddin Keýhysrow onuň maşgalalaryndan bir gözeliň nikasyna meýl etdi. Ol boýun towlap aýtdy:

Soltan Gyýaseddin öz durmuşyny mekirlik şiwesi bolan ryswalyk we pyssy-pujurlyk bilen geçirendir. Biziň neberämiziň şewiligine laýyk däldir.

Soltanyň mähremligi sebäpli ol babatda oňa käýinç etmediler. Tersine ötünç dilediler. Şonuň üçin onuň päk gözel gyzy Soltan Hezretleriniň bagtyýar haremhanasyna geçdi.

Ol wepat bolandan soňra hem ogullary Rum patyşalarynyň nazarlarynda hormatly we derejeli garaýyş bilen garalypdy. Döwrüniň ahyryna çenli juwanlyk esbaplary we şadymanlyklar bilen durmuş geçirip, ýagşy at bilen döwran sürüpdir. Halaýygyň islegleri we arzuwlary olaryň sahawatyndan we yhsanyndan miýesser we hasyl bolýardy.

# SOLTAN ALAEDDINIŇ MELIK GYÝASEDDINI EMIR MUBARYZEDDIN ATABEG ÄRTOGUŞUŇ ÝARANLYGYNDA ARZYNJAN ÝURDUNYŇ PATYŞALYGYNA IBERMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Arzynjan we Kuguniýa şäherlerini hem-de beýleki galalary basyp alandan soň jahan tutujy uýanyny Siwas ülkesine öwürdi. Onsoň Soltan öz döwletiniň beglerinden ulularynyň biri bolup, hemişe uly we möhüm işlere we serhet berkitmelerine bellenilýän Emir Mubaryzeddin Ärtoguşa Soltan Gyýaseddin Keýhysrowyň patyşalyk esbaplarynyň işlerini düzetmäge buýruk berdi. Soň hazyna baryp Melikez-Zagma Nejmeddin Abulkasym et-Tusy bilen şeýle bir esbap taýýarladylar we tertiplediler welin, eger Bähmene we Şapura toprak älemine gaýdyp gelmek miýesser bolsady, utançdan haýran galyp, barmaklaryny dişlärdiler. Köşgüniň nazary eglenýänlerinden we dergähiniň meşhurlaryndan akyly, parasady we hikmeti bilen häsiýetlenen we sypatlanan her bir kişini mübärek baýdagynyň hyzmatynda ugratdy. Maslahatyň serişdeleri taýýarlanyp, düzedilip, tertiplenenden soň mübäreklik, şatlyk we bagtyýarlyk hem-de sansyz we hasapsyz goşun bilen ol sebitlere ugrady. Ol ýere ýetip, Melik bagtyýarlyk we şähriýarlyk tagtynyň üstünde oturdy. Adyllyk we merhemetlik halysyn düşäp, duşmanlaryň we pitneçileriň tumaryn döwdi. Ululary we han-begleri merhemetläp, syýasat bilen adyllyk halwalaryny ol diýaryň we şäheriň ýaşaýjylarynyň agzyna ýetirdi. Beýikleriň-pesleriň, güýçlüleriň we ejizleriň, ýagny raýatyň aladasyny edýändigi, mähriban we mährem häsiýetlidigi baradaky habary Soltanyň huzuryna ýetirdi. Soltanyň guwanç özeni mübärek durkunda iki esse artyp, şatlyk duýgulary zyýada bolýardy.

Soltan Gyýaseddin Arzynjana baryp ornaşandan soň, sowgatlar we serpaýlar bilen bu ýeňşi mübäreklemek üçin gelen halypanyň, Azerbaýjanyň, Müsüriň we Şamyň ilçilerine jogap berip, yzyna ugratmak üçin az wagt onda galdy. Olara köp sowgatlar bilen owadan zatlar berdi we yzlaryna ugratdy. Özi ýeňiş öýi Kaýsaryýa rowana boldy. Goşunlara watanlaryna gitmäge rugsat berdi. Hemmesi köp oljalar bilen hoşbagt bolup, ýerli-ýerine, ýurtly-ýurduna gaýtdylar.

Pes etdi Kubadyýa azm şah,
Ýanynda niçe merdumy nikhah[1].

Düzülmişdi bir şähri horram watan,
Ki görmezdi düýşünde mah-u peren[2].

Iner dagdan suwy misli gülap,
Guwarende[3] manendi[4] şir[5]-u şerap.

Rowan idi suw tä deri bargäh[6],
Pes ondandy faýzy[7] her jaýgäh.

Ýujalmyş kawy[8] jowsagy[9] namdar,
Görüner deňiz ýüzi pür kuhsar[10].

---

[1] Merdumy nikhah – ýagşylyk isleýan adamlar.
[2] Peren – Perwin, Süreýýa (ýyldyz).
[3] Guwarendi – tagamly, lezzetli.
[4] Manendi – ýaly, misli.
[5] Şir – süýt.
[6] Deri bargäh – köşk gapysy.
[7] Faýz – bereket, joşgun.
[8] Kawy – güýçli, kuwwatly.
[9] Jowsak – köşk.
[10] Kuhsar – daglyk.

Getirmiş iýmiş bagy minusereşt[1],
Kamu hub-u ýok onda bir namy zeşt[2].

Bolup häki jan perwer-u dilefruz[3],
Şah etdi onda aram birnäçe ruz[4].

Pes ol aradan hysrowy kamran,
Tutup rah Antalyýa boldy rowan.

Howa müşkpaş[5]-u çemen laglpuş[6],
Hem olmuş zemin misli berri[7] suruş[8].

Hazaýynydy pür reň-u buýy nigar,
Ki hiç olmamyşdy ançalaýyn bahar.

Dolu idi narynç agaçlary ber[9],
Ki pöwrize şah üzre manendi zer.

Bitipdi arguwan misli röwşen çyrag,
Diýidiň ki «Gülreň olmuşdy bag».

---

[1] Minusereşt – jennet häsiýetli.
[2] Zeşt – erbet, bozuk.
[3] Dlefruz – kalby joşduryjy.
[4] Ruz – gün, gündiz.
[5] Müşkpaş – müşk seçýän, müşk pürkýän.
[6] Laglpuş – lagyl geýnen, lagyl-gyzyl örtünen.
[7] Berr – ýer, gury ýer, zemin.
[8] Suruş – perişde, melek.
[9] Ber – hasyl, miwe.

Rowan idi jöwden[1] suwlar misli jeň,
Ki simap pür juýy pöwrize ýeň.

Jahandar gäh güý-u gähi imkar,
Kylyp hoş sürerdi demir uzgär.

Her aradan edip sefine[2] şitap[3],
Olardy rah ilçilere ruýy ap[4].

Her yklymdan tuhfaýy namdar[5],
Gylyç kibi-ýu jamaýy zernigär[6].

Gözide[7] pereňi sylahy nebert[8],
Ki göwherden idi semin[9] pişi mert[10].

Niçe hyştlar[11] zer ile nukradan[12],
Ki oňa çoh baha diýrdi bilen semen[13].

Kylardy teslim şahy diýar,
Kamu gullugyna olup hastar.

---

[1] Jöw – ýap, salma, akar.
[2] Sefine – gämi, taýmyl.
[3] Şitap – gyssanma, howlukma.
[4] Ruýy ap – suw ýüzi.
[5] Tuhfaýy namdar – atly sowgatlar.
[6] Jamaýy zernigär – zerli eşikler.
[7] Güzide – saýlantgy, saýlanan.
[8] Sylahy nebert – uruş ýaragy.
[9] Semin – gymmat baha, gymmat.
[10] Pişi mert – merdiň gaşynda.
[11] Hyşt – kerpiç.
[12] Nukra – kümüş.
[13] Semen – baha, gymmat.

Soltan bu görnüşde bir aýlap ol ýerde eşrete we şadyýanlyga meşgul boldy. Ondan soňra jahany alyjy uýanyny Alaýyýa tarapa öwürdi. Horram we şadyýanlykda gyşlaga ugrady.

Kamu rah pür bagdy-ýu çemen,
Howany ededi müşkbu[1] ýasmen.

Furugy şejerdi[2] eýle pür piç-u tap[3],
Ki görmezdi ýer ýüzüni aftap[4].

Jahany ededi läle puşt peleň[5],
Zemini atlas olmuşdy heft reň[6].

Diýidik ki hazra[7] ile juýy ap,
Rowan idi ter anbar üzre gülap.

Kamu şah pür nagmaýy fahta[8],
Ki köňülleri suhta[9] sahta[10].

---

[1] Müşkbu – müşk ysly.
[2] Furugy şejer – agaç şahasy, agaç pudagy.
[3] Piç-u tap – towlam-towlam, örüm-örüm.
[4] Aftap – gün, güneş.
[5] Puşt peleň – peleňiň arkasy, peleňiň derisi ýaly gözel.
[6] Heft reň – ýedi reňk, al-elwan.
[7] Hazra – al-ýaşyl, çemenlik.
[8] Fahta – bilbil.
[9] Suhta – ýanan, köýen.
[10] Sahta – eden, ýasan, bejeren.

Hoş-a nerkes täze-ýu asy[1] ter,
Hoş-a jala uftade[2] ber[3] läle ber.

Hoş-a der mehi deý[4] furuzany bahar[5],
Hoşa badaýy lagl-u derýa kenar.

Soltan bahar eýýamy bolyança şadymanlyk we eşret sazyny we bulguryň owazyny diňlemek, owadan ýüzleriň we kümüş endamlaryň lezzetin görmek bilen keýpi-sapa meşgul bolýardy. Aýş bulgurlary we humarlandyryjy badalar şatlykdan dolandan soň, paýtagty Konýa ugrady. Birnäçe wagtdan Kaýsaryýa bardy. Begler, serdar we serhet goragçylary älem halaýygynyň kyblagähi we ykbalyň sejde jaýy bolan şa huzuryna ugrady. Şanyň şatlyk täleýini görmek bilen şatlyk we juwanlyk, berklik we hökmürowanlyk dadyny bererdiler we adalatynyň görerdiler hem-de şaha doga-sena wezipesini ýerine ýetirerdiler.

---

[1] As – gülli we miwesi turşy gyrymsy agaç.
[2] Uftada – ýykylan, düşen, gaçan.
[3] Ber – 1) üsti, depesi; 2) bedeni, endamy.
[4] Der mehi deý – Deý (Türkmenbaşy) aýynda.
[5] furuzany bahar – baharyň joşguny.

## MAZMUNY

ÇARWA TÜRKI KOWUMLARYŇ ATLARYNYŇ GYSGAÇA SANAWY ........................................................ 10

OGUZ KOWUMLARYNYŇ TARYHY WE HEKAÝATLARY ........................................................ 16

ÜÇÜSI BOZUK WE ÜÇÜSI ÜÇ OK ATLANDYRYLAN OGUZYŇ ALTY PERZENDININŇ, ATLARY WE LAKAMLARY HEM-DE OLARYŇ TAGMA WE OŇAN EDILEN JANAWERLERI, BELLI EDILEN ET SÜÝEKLERI WE ENDAMLARY ........................................................ 27

OGUZYŇ WESÝET EDIP, TÖRE GURDUGY, AHLAGY WE HÄSIÝETI, MÜBÄREK DILINDEN ÇYKAN HEM-DE ONUŇ
AÝDAN TYMSALLARY WE HIKMETLI SÖZLERI.......... 32

SELJUK NEBERESININŇ SOLTANLARYNYŇ BEÝANY .. 43

BEÝIK SOLTAN ABUTALYP TOGRUL BEGIŇ BEÝANY51

BELENT SOLTAN, AZUDEDDÖWLE, ABUŞUJAG ALP ARSLAN MUHAMMET IBN DAWUT IBN MIKAÝYL IBN SELJUGYŇ BEÝANY ........................................................ 65

SOLTAN MUGYZEDDÜNÝÄ WEDDIN MÄLIK ŞA IBN MUHAMMET KASYMYŇ BEÝANY ................................. 70

SOLTAN SÜLEÝMANŞANYŇ RUMDAKY PATYŞALYGYNYŇ BEÝANY ............ 72

SOLTAN GYÝASEDDIN KEÝHYSROWYŇ SOLTANLYGYNYŇ BEÝANY ............ 73

GYLYÇ ARSLANYŇ PERZENTLERINIŇ RUKNEDDIN SÜLEÝMANŞANYŇ HYZMATYNA JEMLENIŞMEGI WE ONY SOLTAN GYÝASEDDINIŇ KASTYNA ÖJÜKDIRMEKLERINIŇ BEÝANY. ÝÜREGE DÜŞGÜNÇ WE UZAKLYK HOWPUNDAN GAÇYP, GYSGA GÖRNÜŞDE HER BIRINIŇ KÄBIR MERTEBELERINIŇ WE DEREJELERINIŇ BEÝAN EDILIŞI ............ 80

SOLTAN RUKNEDDINIŇ KAKASYNYŇ ÖLÜMINI EŞITMEGINIŇ WE MÜLKI DOGANYNYŇ ELINDEN ZORLAP ALMAGA TAGALLA EDIŞINIŇ WE ONUŇ SOLTANLYK TAGTYNDA OTURYŞYNYŇ BEÝANY ... 88

SOLTAN GYÝASEDDINIŇ WATANDAN AÝRA DÜŞMEGI WE BU SAPARDA ONUŇ BAŞYNDAN GEÇIREN

WAKALARYNYŇ GYSGAÇA BEÝANY ............ 93

SOLTAN GYÝASEDDINIŇ ERMENISTANA GIRMEGINIŇ BEÝANY ............ 95

SOLTANYŇ EBELISTAN SEBITINE GELMEGINIŇ BEÝANY ............ 96

SOLTANYŇ MALATYÝA SEBTINE ÝETMEGINIŇ BEÝANY ............ 97

SOLTANYŇ ŞAM HÄKIMINIŇ ÝANYNA BARMAGYNYŇ BEÝANY ............ 99

SOLTANYŇ AMYT ÜLKESINE GELŞINIŇ BEÝANY ... 100
SOLTANYŇ AHLAT ÜLKESINE GELŞINIŇ BEÝANY. 102
SOLTANYŇ JANYÝAT TARAPYNA UGRAMAGY WE ONDAKY HADYSALARYŇ BEÝANY ... 104
SOLTANYŇ MAGRYP TARAPYNDAN STAMBULA GELMEGINIŇ BEÝANY ... 106
SOLTANYŇ RUM MEÝDANYNDA PEREŇLI BILEN SÖWEŞMEGI WE SOLTANYŇ ONY ÝEŇMEGINIŇ BEÝANY ... 106
SOLTAN RUKNEDDIN SÜLEÝMANŞANYŇ PATYŞALYK DÖWRÜNIŇ WE KÄBIR SAHYLYK DEREJELERINIŇ BEÝANY ... 112
SOLTAN RUKNEDDIN SÜLEÝMANŞANYŇ GÜRJÜSTAN GAZAWATYNA ÝÖRIŞINIŇ WE ONUŇ ISLEGINIŇ TERSINE OL ÝERDEN DOLANYŞYNYŇ BEÝANY WE MELIK FAHREDDIN BÄHRAMŞANYŇ KÄBIR GOWY HÄSIÝETLERINIŇ BEÝANY ... 124
SOLTAN RUKNEDDIN SÜLEÝMANŞANYŇ OGLY YZZEDDIN GYLYÇ ARSLANYŇ PATYŞALYK DÖWRÜNIŇ BEÝANY ... 128
SOLTAN GYÝASEDDIN KEÝHYSROWYŇ GÖZLEGINDE EMIRLER EMIRI MUZAFFAREDDIN MAHMYT IBN ÝAGYBASANYŇ ZEKERÝA HAJYBY IBERMEGINIŇ BEÝANY ... 129
SOLTAN GYÝASEDDIN KEÝHYSROW IBN GYLYÇ ARSLANYŇ KONÝANY GABAMAGYNYŇ BEÝANY.. 137

SOLTAN GYÝASEDDIN KEÝHYSROW IBN GYLYÇ ARSLANYŇ KONÝA ŞÄHERINE GIRMEGINIŇ WE SOLTANLYK TAGTYNA OTURMAGYNYŇ BEÝANY . 140

SOLTAN GYÝASEDDIN KEÝHYSROWYŇ ANTALYÝA ÝÖRÜŞININ BEÝANY ........................................................ 149

SOLTAN GYÝASEDDINIŇ ANTALYÝA

ÝEŇŞINDEN DOLANYP GELMEGINIŇ BEÝANY ......... 157

SOLTAN YZZEDDIN KEÝKOWUS IBN KEÝHYSROWYŇ PATYŞALYGYNYŇ WE ONUŇ DÖWLETINIŇ EÝÝAMYNDAKY ÝÜZE ÇYKAN ÝEŇIŞLERIŇ BEÝANY169

GYÝASEDDIN KEÝHYSROWYŇ WEPAT BOLANYNYŇ HABARYNYŇ ALAEDDINE ÝETMEGINIŇ BEÝANY .. 171

SOLTAN YZZEDDIN KEÝKOWUSYŇ AHLAK BEÝIKLIGINIŇ, ÝAGŞY HÜÝ-HÄSIETINIŇ BEÝANY . 179

SOLTAN YZZEDDIN KEÝKOWUSYŇ ENGURIÝA TARAPA ÝÖRIŞINIŇ WE DOGANY MELIK ALAEDDIN KEÝKUBADY GABAMAGYNYŇ BEÝANY ................... 184

ANTALYÝADAKY ÝAŞAÝJYLARYŇ BAŞ GÖTERMEGI WE OL ÝERIŇ GAÝTADAN DÖWLET EMELDARLARY TARAPYNDAN BASYLYP ALYNMAGY ........................ 193

SOLTANYŇ SINOP TARAPYNA ÝÖRIŞINIŇ WE ONUŇ BASYLYP ALNYŞYNYŇ BEÝANY .................................. 198

SOLTANYŇ ŞYH REBBANY MEJDEDDIN YSHAGY BAGDADA HALYPANYŇ GAŞYNA SINOPDAKY ÝEŇŞINI HABAR BERMEK ÜÇIN IBERENINIŇ BEÝANY207

ÝEŇIJI SOLTAN YZZEDDIN KEÝKOWUSYŇ TARSUSA TARAP EDEN ÝÖRIŞINIŇ BEÝANY ................................ 209

LEÝFUNYŇ ILÇILERINIŇ ÝALBARYP WE ÖTÜNÇ SORAP GELMEGINIŇ WE SALGYDYNY ARTDYRMAGYNYŇ BEÝANY ........................................................................ 216

ÝEŇIJI SOLTAN YZZEDDIN KEÝKOWUSYŇ ARZYNJANYŇ PATYŞASY MELIK FAHREDDIN BÄHRAMŞA IBN DAWUT ŞANYŇ GYZYNA ÖÝLENMEGINIŇ BEÝANY ................................................ 219

ÝEŇIJI SOLTAN YZZEDDIN KEÝKOWUSYŇ ŞAM WELAÝATYNA ÝÖRIŞINIŇ BEÝANY ............................ 229

MELIK EZIZIŇ EJESINIŇ SOLTAN YZZEDDINIŇ ŞAM ÝURDUNA ÝÖRIŞ EDENINI EŞITMEGINIŇ WE ONY DEP ETMÄGE GIRIŞMEGINIŇ BEÝANY ........................ 237

DÖWLET EMIRLERINIŇ WE ÝURT EMELDARLARYNYŇ HÖKMÜROWANLYK WE SOLTANLYK UÝANYNY PARASATLY ELE TABŞYRMAK ÜÇIN ŞAZADALARDAN BIR MELIGI YGTYÝÝAR ETMEK BARADAKY EDEN MASLAHATLARYNYŇ BEÝANY ..................................... 249

BEÝIK SOLTAN ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ SIWASDAN KONÝA UGRAMAGYNYŇ BEÝANY ............................... 262

BEÝIK SOLTAN ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ PAÝTAGT KONÝA BARMAGYNYŇ WE ONUŇ SOLTANLYK TAGTYNDA ORNAŞMAGYNYŇ BEÝANY ..................... 267

BEÝIK SOLTAN ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ KÄBIR BILIMLERINIŇ WE JOMART AHLAGYNYŇ BEÝANY 277

ŞYHLARYŇ ŞYHY, ŞEHABYL MILLE WEDDIN, HÄDIÝIL MURSALYN OMAR IBN MUHAMMET ES SEHRWERDINIŇ HALYPA TARAPYNDAN SOLTAN

ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ ÝANYNA ILÇI BOLUP GELMEGINIŇ BEÝANY ........................................ 289

BEÝIK SOLTAN ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ JAHANY EÝELEMEKLIGE BAŞLAÝŞYNYŇ WE KALUÝURUS GALASYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY ......................... 294

GIRFARYDYŇ AMAN SORAMAGYNYŇ WE KALUÝURUS GALASYNY BEÝIK SOLTAN ALAEDDINIŇ BENDELERINE TABŞYRMAGYNYŇ BEÝANY .......................................................... 308

ALARA GALASYNYŇ SOLTAN ALAEDDINIŇ BENDELERI TARAPYNDAN BASYLYP ALNYŞYNYŇ BEÝANY .......................................................... 318

ALTY ÝÜZ ON SEKIZINJI ÝYLDA KONÝA WE SIWAS GALALARYNYŇ YMARAT EDILMEGINIŇ WE DÖWLET EMIRLERINE BÖLÜNIP BERILMEGINIŇ BEÝANY ..... 325

MUHYÝEDDIN IBN EL–JUZYNYŇ HEZRETI HALYPA TARAPYNDAN ILÇI BOLUP, SOLTANYŇ ÝANYNA GELMEGINIŇ WE GOŞUN KÖMEGINI SORAMAGYNYŇ, BAHAEDDIN GUTLUJANYŇ OŇA KÖMEK ÜÇIN IBERILMEGINIŇ BEÝANY ............................................ 338

SOLTANYŇ KAÝSARYÝA ŞÄHERINIŇ DÖWLET JAÝYNDA ULY EMIRLERI TUTMAGYNYŇ WE ÖLDÜRMEGINIŇ BEÝANY ............................................ 348

SOLTAN ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ DÖWLETI DÖWRÜNDE KAHTA GALASYNYŇ BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY ............................................ 357

ÇEŞMEKZAK GALASYNYŇ SOLTAN ALAEDDINIŇ SOLTANLYGY DÖWRÜNDE BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY ............................................ 369

MELIK MESGUDYŇ SOLTANA TABYN BOLMAGYNYŇ WE ILÇI IBERMEGINIŇ BEÝANY .................................. 382
SOLTANYŇ MELIK ADYLYŇ ÖWLATLARY BILEN GUDAÇYLYK WE GARYNDAŞLYK GATNAŞYGYNYŇ BEÝANY ............................................................................ 389
SOLTANYŇ GYPJAK SÄHRASYNA ÝÖRIŞ ETMEGINIŇ SEBÄBINIŇ WE SAGDAGY BEGLER BEGI HUSAMEDDIN EMIRIŇ ÜSTI BILEN ALMAGYNYŇ BEÝANY ............................................................................ 397
SOLTANYŇ LEŞGERINIŇ EMIRLER EMIRI HUSAMEDDIN EMIR ÇOPANYŇ TAGALLASY BILEN HAZAR DEŇZINDEN GEÇMEGINIŇ BEÝANY.............. 408
ORS PATYŞASYNYŇ ÝALBARMAGYNYŇ WE BEGLER BEGI HUSAMEDDINIŇ HUZURYNDAN YLALAŞYK GÖZLEMEGINIŇ BEÝANY ............................................. 415
SAGDAGYŇ SOLTAN ALAEDDINIŇ PATYŞALYK DÖWRÜNDE BEGLER BEGI HUSAMEDDIN EMIR ÇOPANYŇ ÜSTI BILEN BASYLYP ALNYŞYNYŇ BEÝANY ............................................................................ 429
EMIR MUBARYZEDDIN ÇAWLY ÇAŞYNGIR BEGIŇ WE GIMNANUS MUFERZUMYŇ ERMENI WELAÝATYNDAKY EDEN TAGALLALARYNYŇ WE OL ÝERDÄKI ŞÄHERLERIŇ BASYLYP ALNYŞYNYŇ BEÝANY ............................................................................ 437
JENJIN GALASYNYŇ BASYLYP ALNYŞYŇ BEÝANY 452
KENARÝAKA GALALARYNYŇ MUBARYZEDDIN ÄRTOGUŞ TARAPYNDAN BASYLYP ALNYŞYNYŇ BEÝANY ............................................................................ 453

ARZYNJANYŇ EÝESI MELIK ALAEDDIN DAWUTŞANYŇ SOLTANYŇ HYZMATYNA HABAR BILEN GELMEGINIŇ WE ARZYNJAN ÜLKESINIŇ, ONUŇ SEBITLERINIŇ WASPYNYŇ BEÝANY ............... 467

KUBATABADYŇ TÄMIZLIGINIŇ WE SOLTANYŇ OL ÝERDE YMARAT ESASLANDYRMAGA BUÝRUK BERMEGINIŇ
BEÝANY ............................................................ 470

SOLTANYŇ ARZYNJANY MELIK ALAEDDIN DAWUTŞA IBN BÄHRAMŞANYŇ GOLASTYNDAN ALMAK ISLEGINIŇ SEBÄPLERINIŇ BEÝANY ............. 482

SOLTANYŇ ARZYNJANY MELIK ALAEDDIN DAWUTŞA IBN BÄHRAMŞANYŇ GOLASTYNDAN ALMAK ISLEGINIŇ SEBÄPLERINIŇ BEÝANY ............. 486

KUGUNIÝA GALASYNYŇ BASYLYP ALNYŞYNYŇ WE MELIK MUZAFFAREDDIN MUHAMMEDIŇ ORNUNDAN DÜŞÜRILMEGINIŇ BEÝANY ............................ 495

SOLTAN ALAEDDINIŇ MELIK GYÝASEDDINI EMIR MUBARYZEDDIN ATABEG ÄRTOGUŞUŇ ÝARANLYGYNDA ARZYNJAN ÝURDUNYŇ PATYŞALYGYNA IBERMEGINIŇ BEÝANY ................. 498

# Ýazyjy ogly Aly

# Seljuk türkmenleriniň taryhy

## I jilt

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory D. Mämejikow**
**Korrektor Z. Abdyllaýewa**

Çap etmäge rugsat edildi 29.03.2004 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap listi 32.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 20 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №828.
A-14524

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmen döwlet neşirýät gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.